150.0 x 225.0 mm

**G. Kakalyýewa**

# HARYTLARA BOLAN ISLEGI ÖWRENMEK WE ÇAKLAMAK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2018

150.0 x 225.0 mm

UOK 378 : 620.2
K 20

**Kakalyýewa G.**
K 20 **Harytlara bolan islegi öwrenmek we çaklamak.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

*Bazar gatnaşyklary şertlerinde durmuş-ykdysady hadysalary çaklamak zerurlygy has ýiti duýulýar. Okuw kitabynyň maksady geljekki hünärmenleriň dünýä tejribesini nazara almak bilen, bazar şertlerinde ykdysadyýeti çaklamak we meýilnamalaşdyrmak pudagynda takyk meseleleri çözmek başarnyklaryny ele almaklary üçin nazary bilimleri we amaly endikleri özleşdirmeklerine gönükdirlendir.*

*«Harytlara bolan islegi öwrenmek we çaklamak» dersinden umumy we amaly sapaklar boýunça şu okuw kitaby «Marketing» hünärinde okaýan hem-de «Marketing» dersini öwrenýän talyplara niýetlenip, ondan işewürlik mekdepleriniň diňleýjileri, mugallymlar, şeýle-de ykdysadyýeti çaklama we meýilnamalaşdyrma meseleleri bilen meşgullanýan hünärmenler peýdalanyp bilerler. Bu okuw kitaby «Harytlara bolan islegi öwrenmek we çaklamak» dersiniň okuw maksatnamasyna laýyklykda taýýarlanyldy. Şeýle-de, kitap taýýarlananda bu pudaga degişli daşary ýurtly awtorlaryň işlerinden hem peýdalanyldy.*

*Okuw kitabynda ykdysadyýeti çaklamak we meýilnamalaşdyrmak boýunça meseleler, şeýle hem ulanylan ykdysady adalgalaryň düşündirişli sözlügi berildi.*

TDKP № 258, 2018 KBK 30.3 ýa 73

© G. Kakalyýewa, 2018

150.0 x 225.0 mm



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

150.0 x 225.0 mm

150.0 x 225.0 mm



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

150.0 x 225.0 mm

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

150.0 x 225.0 mm

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiziň: «Biz häzir Türkmenistanda milli bilim ulgamynda düýpli özgertmeleri geçirmäge girişdik. Şol özgertmeleriň baş maksady türkmen ýaşlaryna dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän bilim ulgamyny elýeterli etmekden ybaratdyr» diýip, bellemegi bilim ulgamynda zähmet çekýän mugallymlaryň öňünde uly wezipeleri goýýar.

Milli ykdysadyýetiň pudaklarynyň netijeli ösmeginde marketingiň ähmiýeti hem bazar gatnaşyklary şertlerinde has-da ýokarlanýar. Bu bolsa mugallymlara, bilim alýan ýaşlara döwrebap bilim bermek babatynda hünär ussatlygyny talap edýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly filosofik işinde täze taryhy eýýamda Türkmenistanyň jemgyýetçilik – syýasy, ykdysady, medeni ösüşiniň taglymaty aýdyň beýan edilýär.

Daşoguz welaýatynda geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda ýurdumyzda geçirilýän demokratik we innowasion özgertmeler barada giňden durlup geçildi. Ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda amala aşyrylýan innowasion özgertmeler halkymyzyň agzybirliginiň, onuň yhlasly zähmet çekmeginiň hem-de belent sepgitlere üstünlikli ýetmeginiň esaslary bolup durýandygy bellenildi. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda hödürlenen «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin» milli Maksatnamasy uzak möhletleri öz içine alýan geljekki işlerimize görkezme bolup durýar.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde durmuş-ykdysady hadysalary çaklamak zerurlygy has ýiti duýulýar. Netijeli dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin, ýurduň, pudaklaryň, sebitleriň, edaralaryň we kärhanalaryň ykdysadyýetini ösdürmekde köp görnüşli çaklama ha-

150.0 x 225.0 mm

saplamalary geçirmek we çaklamalaryň hilini ýokarlandyrmaklyga ymtylmak zerurdyr. Munuň özi, bazar gatnaşyklary bilen kesgitlenen täze ugurlary hasaba alyp, çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň nazary, usulyýet we guramaçylyk esaslaryny çuňňur öwrenmekligi talap edýär.

Zerurlygy kanagatlandyryp biljek ähli zatlara haryt (hyzmat) diýilýär. Ol ünsi çekmek, satyn almak, ulanmak ýa-da sarp etmek üçin bazara hödürlenýär. Hyzmatlar – bu aýratyn toparyň harytlary bolup. Olar islendik iş, peýda ýa-da zerurlygy kanagatlandyrmagyň usulydyr, muny bir tarap başga tarapa hödürleýär. Şeýlelikde, okuw kitabynda çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň nazary esaslary we ösüşi, çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýet we guramaçylyk esaslary, ykdysady ösüşi, ykdysadyýetiň gurluşyny, nyrhlary, hümmetsizlenmäni we maliýäni çaklamak we maliýeleşdirmek, zähmet resurslary, durmuş taýdan ösüşi we sarp ediş bazary çaklamak we meýilnamalaşdyrmak, maddy-tehniki üpjünçiligi, maýa goýumlary, innowasiýa işini, daşary-ykdysady gatnaşyklary we önümçilik pudaklaryň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak, önümçilik infrastrukturasynyň we ilata hyzmat ediş ulgamynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak, sebitleriň, tebigaty goramak we telekeçilik işiniň ösüşini meýilnamalaşdyrmak we monopoliýa garşy syýasaty esaslandyrmak ýaly meselelere seredilýär.

150.0 x 225.0 mm

# I BAP ÇAKLAMAGYŇ WE MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ NAZARY ESASLARY WE ÖSÜŞI

## 1.1. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň manysy

Çaklama «öňünden görmek» diýen has giň düşünje bilen baglanyşyklydyr. Öňünden görmek hakykatyň beýanyny öňürtileýär we tebigatyň, jemgyýetiň hem-de pikirlenmegiň kanunlaryny öwrenmäge esaslanýar. Anyklygyň derejesine we derňelýän hadysalara täsir ediş häsiýetine baglylykda, onuň gipoteza, çaklama we meýilnama görnüşleri tapawutlandyrylýar.

*Gipoteza* ylmy taýdan öňünden görmegi häsiýetlendirip, umumy nazaryýetden gelip çykýar, ýagny gipotezanyň gurluş binýadyny nazaryýet we onuň esasynda derňelýän obýektleriň ösüşiniň we hereketde bolmagynyň kanunalaýyklyklaryny we sebäp-netije baglanyşyklaryny açmaklyk düzýär. Gipotezanyň derejesinde olaryň hil häsiýetnamasy berilýär, ol özüňi alyp barmagyň umumy kanunalaýyklygyny görkezýär.

*Çaklama* diýip geljekde obýektiň bolup biläýjek ýagdaýlaryny, onuň ösüşiniň alternatiw ýollary barada ylmy taýdan esaslandyrylan ulgama düşünilýär. Gipoteza bilen deňeşdirilende, çaklama has kesgitli bolýar, sebäbi ol diňe bir hil görkezijilerine däl-de, eýsem, mukdar görkezijilerine hem esaslanýar, şonuň üçin obýektiň geljekki ýagdaýyny mukdar taýdan häsiýetlendirmäge hem mümkinçilik berýär. Çaklama öňünden görşi anyk – amaly nazaryýet derejesinde görkezýär, şonuň üçin gipoteza bilen deňeşdirilende has anyk hasaplanylýar. Çaklamany işläp taýýarlamak hadysasyna çaklama işi diýilýär.

*Meýilnamalaşdyrmak* maksatlary, ileri tutmalary ylmy taýdan esaslandyrmagy, olara ýetmegiň ýollaryny we serişdelerini kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Tejribede ol meýilnamalary düzmek arkaly amala aşyrylýar. Onuň tapawutlanýan tarapy bolup, görkezijileriň anyklygy, olaryň wagt we mukdar taýdan kesgitlidigi çykyş edýär.

*Meýilnama* – durmuş-ykdysady wezipeleri çözmek boýunça görkezijileriň we dürli çäreleriň toplumyny özünde saklaýan resminamadyr. Onda maksatlar, ileri tutmalar, serişdeler, olary üpjün etmegiň çeşmeleri, tertibi we ýerine ýetirmegiň möhletleri görkezilýär.

Öňünden görmegiň görnüşleri öz arasynda baglanyşykly bolup, geljekde obýektiň özüni alyp barşyny yzygider öwrenmegiň anyk basgançaklaryny görkezýär. Bu hadysanyň başy – obýektiň ýagdaýlaryny umumy ylmy taýdan öňünden görmek, jemleýji tapgyry – obýekti onuň üçin täze kesgitlenen ýagdaýa geçirmek usullaryny işläp taýýarlamakdyr. Munuň üçin wajyp serişde bolup çaklama hyzmat edýär, ol umumy ylmy taýdan öňünden görmegiň we meýilnamanyň arasyndaky baglaşdyrýan bölek bolup durýar.

Çaklama we meýilnama biri-biriniň üstüni ýetirýär. Çaklamanyň we meýilnamanyň sazlaşykly görnüşleri dürli bolup bilýär: meýilnama işlenip taýýarlanmazdan öň çaklama düzülip bilinýär (köplenç ýagdaýlarda); çaklama meýilnamadan soňra düzülip bilinýär (meýilnamada kabul edilen çözgütleriň netijelerini çaklamak); çaklama meýilnama işläp taýýarlananda geçirilip bilinýär; görkezijileriň anyk kesgitlenilişini üpjün etmäge mümkinçilik bolmasa, has hem iri möçberli ykdysady ulgamlarda (sebit, döwlet) çaklama meýilnamanyň ornuny özbaşdak ýerine ýetirip bilýär, ýagny meýilnama ähtimallyk häsiýetine eýe bolup, çaklama öwrülýär.

*Meýilnamalaşdyryş* – dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň we amala aşyrmagyň esaslandyrylmagyna gönükdirilendir. Çaklamanyň maksady – ozaly bilen, olary amala aşyrmak üçin ylmy şertleri döretmek bolup durýar. Bu şertler şu aşakdakylary öz içine alýar:

– ykdysadyýetiň ösüş meýillerini ylmy taýdan seljermek;

– onuň geljekki ösüşini dürli görnüşlerde öňünden görmek, şonuň bilen birlikde, ol hem bar bolan meýilleri, goýlan maksatlary hasaba almak;

– kabul edilýän çözgütleriň esasynda bolup biläýjek netijelere baha bermek.

Çaklamagyň durmuş-ykdysady ugurlarynyň esaslandyrylmagy – bu bir tarapdan, hakyky ykdysady hadysalardan ugur alyp, derňelýän pudakda ýakyn ýa-da has uzak geljekdäki mümkinçilikleri ýüze çy-

150.0 x 225.0 mm

karmak, ösüşiň maksatlaryny kesgitlemek, beýleki tarapdan, çaklanylýan döwürde düzülen çaklama we kabul edilen çözgütleriň netijelerine berilýän baha esaslanyp, amatly meýilnamalaryň düzülişine ýardam bermekdir.

Ykdysady hadysalaryň çaklamasy çaklamanyň beýleki görnüşleri, ýagny durmuş, syýasy, demografik, ylmy-tehniki, tebigy resurslaryň binýadynyň ösüşi we beýlekiler bilen bilelikde amala aşyrylýar.

Meýilnama işlenip taýýarlanylanda şu aşakdaky birnäçe wajyp talaplary berjaý etmek zerurdyr:

1. *Amatlylyk* – meýilnamanyň şeýle görnüşinde resurslara bolan zerurlyk az bolýar, emma maliýe hem beýleki görkezijiler boýunça soňky netije iň gowy we düzgün bolşy ýaly, wakany amala aşyrmagyň möhletleri minimal bolýar.

2. *Kesgitlilik* – ondaky görkezijiler we beýleki şertler ululygy we ýerine ýetirilmeli möhleti boýunça takyk, esaslandyrylan hem amala aşyryp bolýan bolmaly.

3. *Meýilnamada maksatlar we wezipeler* anyk kesgitlenen bolmaly. Meýilnama ýörite resminama görnüşinde resmileşdirilýär. Degişli dolandyryş edarasy tarapyndan kabul edilenden soňra, meýilnamanyň durmuşa geçirilişi boýunça guramaçylyk işi başlanýar. Onda hadysanyň ähli gatnaşyjylarynyň göz öňünde tutulan hereketleriniň doly we sazlaşykly ýerine ýetirilişini üpjün etmek wajyp bolup durýar, sebäbi tehnologik zynjyryň haýsydyr bir böleginde islendik üýtgeme soňky netijä täsir edip bilýär, ýagny netijede, öňde goýlan wezipe amala aşyrylmaýar.

Meýilnamalaşdyryş hadysasy başlanmazdan öň, düzgün bolşy ýaly, seredilýän obýektiň ösüş meýilleriniň deslapky seljerilişi geçirilýär, bellibir çäklerde içerki we daşarky ýagdaýlar üýtgände hadysanyň hereketiniň bolup biljek görnüşleri işlenip taýýarlanýar, sebäbi soň bir ýa-da birnäçe has esaslandyrylan görnüşleri saýlamaga hödürlenme zerurlygy ýüze çykýar. Şu wezipeler, adatça, çaklama arkaly amala aşyrylýar.

«Çaklama» we «meýilnama» düşünjeleri bilen bilelikde çäre, maksatnama, konsepsiýa ýaly düşünjeler hem giňden ýaýrandyr. Bularyň ykdysady tebigaty umumy bolup, olaryň her haýsysy şol bir

150.0 x 225.0 mm

wagtda özbaşdaklygyny saklap, çaklamanyň ýa-da meýilnamanyň düzüm bölegi bolup durýar.

*Çäre* – bu goýlan wezipäni çözmek üçin amala aşyrmaga bellenen anyk täsir ediş ölçegdir. Düzgün bolşy ýaly, çäre ýerli häsiýetli bolup, çaklamanyň, meýilnamanyň ýa-da şolara meňzeş ykdysady düşünjeleriň düzüm bölegi hökmünde çykyş edýär. Şol bir wagtda hem ol has giň özbaşdak manyda (kärhananyň möçberinde täze hojalyk guralynyň pudagyny girizmek we beýlekiler) ulanylýar.

*Maksatnama* – bu resminama bolup, bellibir meseläni çözmäge gönükdirilen durmuş-ykdysady we beýleki tabşyryklaryň, çäreleriň toplumyny özünde jemleýär, olar öz arasynda serişdeler, ýerine ýetirijiler we amala aşyrylmaly möhletler boýunça baglanyşyklydyr. Köplenç, maksatnamalar çaklamanyň ýa-da meýilnamanyň düzüm bölegi bolup, halk hojalygynyň ösüşiniň wajyp meselelerini ýüze çykarmaga gönükdirilendir (ilaty esasy önümler bilen üpjün etmek, ulagyň, senagat önümçiliginiň aýry-aýry görnüşlerini ösdürmek we beýlekiler). Käwagt maksatnamalar özbaşdak ähmiýetli hem bolýar, meselem, aýratyn wajyp umumymilli meseleleriň çözülmegi (energiýa tygşytlylygynyň üpjünçiligi, ykdysadyýetiň düzüm böleklerini kämilleşdirmek, önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we beýlekiler) zerur. Şular ýaly maksatnamalar mazmuny boýunça çaklamalara ýa-da meýilnamalara meňzeş bolýar.

*Konsepsiýa* – bu umumy hyýal, ýagny çaklamada, meýilnamada ýa-da maksatnamada goýlan maksada ýetmek üçin esasy ýoldur.

Çäreler, maksatnamalar, konsepsiýalar, çaklamalar, meýilnamalar dolandyryşyň ähli köp basgançakly derejelerinde, ýagny hojalygyň aýry-aýry subýektlerine (kiçi we uly kärhanalara, guramalara), pudaklara, sebitlere, döwletlere ýa-da döwletleriň toparlaryna degişlilikde hereket edýär. Olaryň arasyndaky işiň möçberindäki we häsiýetindäki bar bolan düýpli tapawutlyklar hasaba alnyp, olar makro, mezo we mikroderejelere bölünýär. Düzgün bolşy ýaly, umumylykda ykdysadyýeti – makroderejä, pudaklary we sebitleri – mezoderejä, kärhanalary, guramalary, birleşikleri – mikroderejä degişli edýärler.

Hojalygyň häzirki zaman şertleri çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usullarynyň geriminiň aňryçäk giňeldilmegini we

150.0 x 225.0 mm

kämilleşdirilmegini talap edýär. Çaklamalaryň we meýilnamalaryň hili näçe ýokary bolsa, şonça-da olaryň jemgyýetçilik ösüşine goşandy uly bolar.

Çaklamaga we meýilnamalaşdyrmaga degişli konsepsiýa, maksatnama, çäre işlenip taýýarlananda, adatça, ýerine ýetirijileriň öňünde goýulýan wajyp wezipeler, ykdysadyýetiň ýokary netijeli gurluşyny saklamakdan we ösdürmekden, önümleri öndürmegiň ösüş depginini, bazarda olaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokary derejesini esaslandyrmakdan we kadalaşdyrmakdan, maddy, energiýa, zähmet we maliýe resurslarynyň netijeli ulanylmagyny, ilatyň girdejileriniň ýeterlik derejesini we durmuş goraglylygyny üpjün etmekden, sebit, döwlet möçberinde we daşky dünýä bilen bar bolan ykdysady gatnaşyklary saklamakdan we dürli ugurlarda täze ykdysady gatnaşyklary ýola goýmakdan ybarat bolup durýar.

## 1.2. Meýilnamalaşdyrmagyň görnüşleri, olaryň ösüşi we ulanylyşy

Meýilnamalaşdyrmagyň ylmy we tejribe taýdan dürli görnüşleri işlenip taýýarlandy, olaryň arasynda direktiw, indikatiw we strategik meýilnamalaşdyryş has giňden ýaýrandyr. Meýilnamalaşdyrmagyň bu görnüşleri dürli toparlara bölüniş alamatlary boýunça tapawutlandyrylýar: direktiw we indikatiw – ýokarky meýilnamalaşdyryş edaralarynyň meýilnamalary işläp taýýarlamaga gatnaşyk derejesi boýunça, strategik (geljekki) – daşky ýagdaýlaryň hasaba alnyş derejesi boýunça.

*Direktiw meýilnamalaşdyryş*, ýagny hökmany, berk ýerine ýetirmegi aňladyp, ozaly bilen, goýlan maksatlary we wezipeleri hökmany suratda durmuşa geçirmek üçin ýolbaşçylyk – administratiw usullary ulanmagy göz öňünde tutýar. Hökmanylyk şerti degişli administratiw – görkezme resminamalarynyň – kanunlaryň, kararlaryň, buýruklaryň, görkezmeleriň çykarylyşy arkaly amala aşyrylýar, şondan soňra görkezilen tabşyryklar iş ýüzüne geçirilýär, ýerine ýetirijilere administratiw we beýleki täsir ediş çärelerini ulanmak bilen, ýerine ýetirilişiň häzirki we soňky gözegçiligi amala aşyrylýar.

150.0 x 225.0 mm

Direktiw meýilnamalaşdyrmagyň maksatlary we wezipeleri, kada bolşy ýaly, ýurduň ýokary ýolbaşçylarynyň syýasy erkiniň iş ýüzünde amala aşyrylmagyndan ybarat bolup durýar. Şular ýaly meýilnamalaşdyrmagyň düzümi we derejesi anyk emele gelýän ýagdaýa baglydyr hem-de wagtyň geçmegi bilen üýtgäp bilýär. Direktiw meýilnamalaşdyrmagyň wajyp halk hojalyk meseleleriniň çözülmegine gönükdirilmegi, uly möçberde resurslary jemlemek we başarnykly peýdalanmak mümkinçiligi, degişli usulyýet binýadynyň, guramaçylyk – hukuk esasynyň bolmagy onuň dünýäniň käbir döwletlerinde, has hem durmuş ugurly döwletlerde, giňden ulanylmagyny şertlendirdi. Ösüşiň aýratyn ugurlarynyň direktiw meýilnamalaşdyrylmagy bazar ykdysadyýetine esaslanýan ýurtlarda hem ulanylýar. Meselem, aýratyn strategik maksatnamalar amala aşyrylanda, ýagny *ABŞ*-da kosmos tehnikasyny tizleşdirip döretmekde, Günbatar Ýewropa ýurtlarynda häzirki zaman raýatlyk howa gämilerini taslamalaşdyrmakda hem-de öndürmekde we beýlekilerde.

Meýilnamalaşdyrmagyň bu görnüşiniň bellibir oňyn netijeleri birnäçe ykdysatçylara ony halk hojalygyny dolandyrmagyň wajyp we has netijeli guraly diýip hasaplamaga mümkinçilik berýär. Şol bir wagtda hem, direktiw meýilnamalaşdyrmagyň ulanylyş möçberiniň çäklidigini we käbir ýetmezçiliklerini bellemek zerur. Ilki bilen, döwlet dolandyryş edaralary obýektiw we subýektiw häsiýetli köp sebäpler boýunça ykdysadyýetiň netijeli ösmegini üpjün edip bilmeýärler. Obýektiw sebäplere adatdan daşary ýagdaýlar, dürli daşky täsirler (çig mal, material, energiýa, toplaýjy önümler we beýlekiler üpjün edilende möhletleriň we başga şertleriň bozulmagy), býujet – karz ulgamynyň işleýşinde üýtgetmeler we beýlekiler degişlidir. Subýektiw sebäplere «dartgynly» meýilnamalary kabul etmäge zähmetkeşler toparlarynyň we dolandyryş edaralarynyň höwesleriniň duýdansyz pese gaçmagy degişlidir, sebäbi olaryň işine goýlan wezipäniň ýerine ýetirilişine baglylykda baha berilýär.

Görkezilen sebäpleriň bellibir oňyn taraplary bolsa-da, olar bazar ykdysadyýetli ýurtlarda direktiw meýilnamalaşdyrmagyň köpçülikleýin ulanylmagyndan boýun gaçyrylmagyny şertlendirdi.

150.0 x 225.0 mm

Indikatiw we strategik meýilnamalaşdyryş giňden ýaýrandyr.

*Strategik meýilnamalaşdyryş* – ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy, has wajyp ugurlary (pudak, birleşikler, kärhanalar we beýlekiler) boýunça ykdysady görkezijileriň maksatlaryny we ähmiýetlerini kesgitlemegiň, düzgün bolşy ýaly, orta möhletleýin we uzak geljege gönükdirilen, şeýle-de olary amala aşyrmagyň guralyny emele getirmegiň hadysasydyr. Ol daşky gurşawyň ýagdaýlaryny hasaba almagy göz öňünde tutýar.

Strategik meýilnamalaşdyrmakda ykdysady özgertmeleriň häsiýetini, ykdysadyýetiň durnuklylygyny, ilatyň ýaşaýyş derejesini, ýurduň goranmaga bolan ukyplylygyny we beýleki ýagdaýlary kesgitleýän meseleler çözülýär. Onda soňky netije berk bellenen däl-de, eýsem, ululygy we wagty boýunça anyk kesgitlenilen çäkler bilen bellibir zolakda ýerleşendir.

Meseleleriň häsiýeti dolandyryş edarasy tarapyndan goýlan ösüşiň strategik maksatlaryna baglydyr, olar meýilnamalaşdyrdyrmagyň ugruny we düzümini kesgitleýär. Mysal üçin, bu meseleler *JIÖ*-niň maddy we energiýa sygymynyň duýdansyz peselmegi, ýangyç serişdeleri bilen üpjün etmekde ýokary durnuklylyga ýetilmegi, ykdysadyýetiň gurluş düzüminiň täzelenmeginiň geçirilmegi, ilatyň ýaşaýyş derejesini dünýäniň has ösen döwletleriniňkä deňleşdirilmegi we ş.m. bolup bilýär. Ahyrsoňy, strategik meýilnamalaşdyrmagyň maksady döwletiň ýa-da beýleki obýektiň geljekki ösüşiniň modelini gurmakdan ybaratdyr. Köp ýagdaýlarda birnäçe alternatiw modeller işlenip taýýarlanylýar, soňra olardan has kämil bir model saýlanyp alynýar.

Strategik meýilnamalaşdyryş uýgunlaşdyryş (adaptiw) hadysa bolup, onuň netijesinde çözgütleriň wagtly-wagtynda (her ýyllyk) düzedilişi geçirilýär, olar maksatnamalar, çaklamalar, meýilnamalar, goşmaçalar we olary ýerine ýetirmek boýunça çäreler ulgamynyň üýtgemeleri görnüşinde resmileşdirilýär hem-de döwletiň, hyzmatdaş döwletleriň we dünýä jemgyýetçiliginiň ykdysady ösüşinde geçýän üýtgemelere baha bermek we üznüksiz gözegçiligiň esasynda geçiril-

150.0 x 225.0 mm

ýär. Onuň niýetlenilişi – dessine we häzirki dolandyryş çözgütlerini diňe bir bar bolan konýukturanyň nukdaýnazaryndan däl-de, eýsem, ilki bilen, ertirki günüň nukdaýnazaryndan esaslandyrmakdyr.

Seredilýän obýektiň wagty boýunça uzak döwürliligini, çylşyrymlylygyny we şonuň bilen baglylykda, köp görkezijileriň kesgitsizdigini hasaba alyp, strategik meýilnamalaşdyryş, esasan, ony işläp taýýarlamakda degişli çaklama usullaryny ulanmak bilen, işjeň çaklamanyň wezipelerini ýerine ýetirýär. Uzak möhletleýin çaklamalar üçin hem strategik meýilnamalaryň wagty boýunça öňünden bilip bolýan döwür 5 - 10 we ondan köp ýyl hasaplanylýar.

Indikatiw meýilnamalaşdyryş anyk emele gelen ykdysady ýagdaýy hasaba alyp, ösüşiň strategik meýilnamasynda goýlan maksatlary amala aşyrmak üçin esasy iş guraly bolup çykyş edýär. Indikatiw meýilnama – çaklama strategik meýilnamanyň üstüni ýetirip, gysga we orta möhletleýin döwürler üçin ykdysadyýetiň ösüşinde gural hökmünde çykyş edýär.

Indikatiw meýilnama *konseptual* (durmuş-ykdysady ösüşiň çaklamasy), çaklama (durmuş-ykdysady ösüş çaklamasy), *meýilnama-kadalaşdyryş* (ykdysady kadalaşdyryş ulgamy we döwlet maksatlaýyn, toplumlaýyn maksatnamalar) ýaly bölümleri öz içine alýar.

Soňky wagtlarda indikatiw meýilnamalaşdyryş dünýäniň ähli döwletlerinde ykrar edilýär we ulanylýar. Bu görnüş berk direktiw meýilnamalaşdyrmakdan boýun gaçyrmagy göz öňünde tutýar we makroykdysady görkezijiler görnüşinde indikatorlaryň toplumynyň esasynda ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşyny nazara alýar. Onuň, esasan, maslahat beriş häsiýeti bolýar, emma döwletiň öňünde goýlan maksatlara ýetmek üçin ýeňillikler, ygtyýarnamalar, kwotalar, býujet subsidiýalary, dotasiýalar görnüşinde göni we gytaklaýyn kadalaşdyryjylaryň ulgamy bar. Makroykdysady indikatorlar hökmünde jemi içerki önim (*JIÖ*) maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlar, bölek söwda haryt dolanyşygy, işçileriň we gullukçylaryň hakyky zähmet haky, halk hojalygynda ilatyň iş bilen üpjünçiligi we beýleki görkezijiler çykyş edýär.

Emma indikatiw meýilnamalaşdyryş öz-özünden ähli durmuş-ykdysady meseleleri çözmeýär. Onuň amala aşyrylyşynyň şowlulygy, dünýä tejribesinden görnüşi ýaly, köp ýagdaýlar bilen kesgitlenilýär. Olaryň arasynda möhüm hasaplanýany aşakdakylardyr:

– ykdysady ösüşiň kanun taýdan üpjün edilişi;

– ýurduň ýolbaşçylarynyň geçirýän ykdysady syýasatynyň meýilnamalaryň düzümine gabat gelmegi;

– goýlan maksatlara ýetmäge hojalyk subýektleriniň höweslendirilişi;

– hojalyk hukugynyň pudagynda hökümet edaralarynyň we hojalyk subýektleriniň kanunçylygy berjaý edişi degişlidir.

Şeýlelikde, tejribede strategik, direktiw, indikatiw meýilnamalaşdyrmagyň üç görnüşi hem ulanylýar. Strategik meýilnamalaşdyryşy ykdysadyýeti dolandyrmagyň hemme derejelerinde ulanmak maksadalaýykdyr. Direktiw görnüşi dürli halk hojalyk meselelerini çözmekde ýurduň býujeti ýa-da ýerli býujet meýilnamalaşdyrylanda, şeýle-de adatdan daşary ýagdaýlarda kanun tarapyndan görkezilen (howply tebigy betbagtçylygyň netijeleri ýok edilende, ykdysady howpsuzlyga ýetmek üçin has wajyp döwlet tabşyryklary ýerine ýetirilende) ýagdaýlarda ulanylyp bilner. Hakykatdan-da, hökümet bellibir maksatlara döwlet serişdelerini goýberende, olaryň niýetlenişini, özleşdirmegiň möçberini we möhletlerini kesgitlemäge, bellenen tabşyryklaryň ýerine ýetirilişiniň yzygiderliligine gözegçilik etmäge hukugy bar. Eger-de ýurt çylşyrymly ýagdaýa düşüp, durnuksyz täsirleri ýok etmek üçin bütin jemgyýetiň maksada gönükdirilen tagallalaryny kabul etmäge zerurlygy ýüze çykanda, berk administratiw çäreler ulanylar.

Ähli beýleki ýagdaýlarda meýilnamalaşdyryş indikatiw görnüşde bolýar. Döwlet durmuş-ykdysady ulgamlaryň işlemeginiň esasy görkezijilerini onuň ygtyýarynda bar bolan, ýagny hem göni, hem gytaklaýyn kadalaşdyryjylar bilen kesgitleýär we olara ýetilmegine ymtylýar.

150.0 x 225.0 mm

## 1.3. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň ösüş taryhy

### *Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň döreýşi*

Taryhy maglumatlara görä, çaklama öz gözbaşyny orta asyrlardan alyp gaýdýar. Çaklama we meýilnamalaşdyrylyş döwlet ykdysadyýetiniň özboluşly nyşany däldir. Orta asyrlarda feodallar hojalygyň ösüşini çaklama eden bolsalar, buržuaz döwründe meýilnamanyň esasynda önümçiligi meýilnamalaşdyryş we dolandyryş döredi we kämilleşdi.

Ykdysady çaklama çygryndaky ylmy-barlag işleri daşary ýurt döwletlerinde, esasan, bazar ykdysadyýetine esaslanýan döwletlerde, XIX asyryň soňky çärýeginde ýüze çykdy. Olar ellerinde bar bolan statistik maglumatlaryň «özüni alyp barşyny» seljermegiň esasynda esasy önümleriň önümçiliginiň geljekki meýillerini ýüze çykarmak babatda barlaglary alyp baryjylaryň senenamasy bilen baglanyşyklydy. Şol wagt bilermenleriň baha bermek we ýönekeý ekstrapolýasiýa (öňki meýilleri geljege geçirmek) usullary çaklamagyň esasy usullary bolup çykyş edýärdi.

XX asyryň başynda ykdysady indikatorlary ýüze çykarmak boýunça ilkinji ädimler ädildi. Hususan-da, Brukmaýer 1911-nji ýylda çaklama üçin bank karzlarynyň indeksi, paýnamalaryň nyrhlarynyň indeksi we umumy ykdysady işjeňligiň indeksi ýaly görkezijileriň üç senenama hataryny ulanmaga synanyşdy. Bu ugruň ösüşi soňra 20-nji ýyllarda Garward uniwersitetiniň derňewlerinde dowam etdirildi, şonda «*A*, *B*, *C garward egrileri*» ulanylýardy. *A* egrisi – biržada gymmatly kagyzlaryň gymmatynyň indeksi, *B* egrisi – banklardaky depozitleriň ulanylyşyny, *C* egrisi bolsa göterimiň kadasyny aňladýardy. Indikatorlar hökmünde hut şu görkezijileriň saýlanmagynyň esasynda döwrüň öwrüm nokatlarynyň daş-töwereklerinde bu görkezijileriň, ilkinji nobatda, görkezilen yzygiderlilikde ykdysady konýukturanyň üýtgeýşini hasaba alýandygy babatdaky garaýyş durýar.

150.0 x 225.0 mm

Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň ösüşinde 1929 – 1933-nji ýyllarda çökgünlik çykyş etdi, ol şondan çykmagyň ýollaryny gözlemäge mejbur etdi.

30-njy ýyllarda ilkinji gezek makroderejede meýilnamalaşdyrmak ýüze çykdy. Çaklamalar we meýilnamalar ykdysadyýeti kadalaşdyrmak ulgamynyň zerur elementi boldy. Çaklamalar ulgamlaýyn seljerme modelleriniň we bilermen bahalarynyň esasynda düzülipdir.

Makroderejedäki ilkinji meýilnamalar maliýe – býujet we pul-karz syýasatyny gurşap alýardy we milli býujetleri düzmekde giňden ulanylýardy. Olar döwlet býujetlerinden tapawutlylykda, diňe bir döwletiň girdejilerini hasaba alman, eýsem, bütin ýurt boýunça girdejileri hasaba alýardy.

1944-nji ýylda K.Landauer «Milli ykdysady meýilnamalaşdyryşyň nazaryýeti» atly kitabynda «indikatiw meýilnamalaşdyryş» ýaly belli ulgama meňzeş meýilnamalaşdyryş ulgamyny hödürledi, onuň çäklerinde hökümet çözgütleri kabul edip, görkezme bermek arkaly däl-de, maglumatlary jemläp, utgaşdyrmak we üpjün etmek ýoly bilen ykdysady ösüşe täsir edýärdi.

Ikinji Jahan urşundan soňky ýyllarda makroderejedäki meýilnamalaşdyryş giň çekişmeleriň predmeti boldy, olaryň maksady diňe bir çökgünlikden gaça durmak däl-de, eýsem, harytlaryň ýerleşdirilişini kadalaşdyrmak meselelerini gurşap aldy. Käbir pudaklaryň millileşdirilmegi, ykdysadyýetde döwlet pudagynyň paýynyň ösüşi hökümetlere daşarky söwda, nyrhlara, maliýe işlerine gönüden-göni gözegçiligi amala aşyrmaga mümkinçilik döretdi.

50-nji ýyllarda köp ýurtlarda býujet görnüşindäki milli meýilnamalary düzmekden uzaklaşylyp başlandy. Iki sany täze ugur emele geldi. Birinji ugur meýilnamalary işläp taýýarlamak üçin ulanylýan administratiw diwanynyň çylşyrymlaşmagy bilen baglanyşykly bolsa, ikinji ugur meýilnamalaşdyrmak gurşawynyň giňeldilmegini göz öňünde tutýardy. Birinji tapgyrda milli ykdysady meýilnamalar Maliýe ministrliginde düzülen bolsa, 60-njy ýyllaryň başynda ýörite meýilnama edaralary: Fransiýada – Meýilnamalaşdyryş boýunça Baş komissariat, Ýaponiýada – Ykdysady maslahat beriş geňeşi, Ykdy-

150.0 x 225.0 mm

sady meýilnamalaşdyryş müdirligi, Niderlandlarda – Merkezi meýilnama býurosy, Kanadada – Ykdysady geňeş döredildi.

Makroykdysady meýilnamalaşdyrmagyň zerurlygy şu aşakdakylar bilen şertlendirildi:

– makroykdysady durnuksyzlyk;

– dürli hojalyk birlikleriniň we ykdysadyýetiň pudaklarynyň goşulyşmak derejesiniň güýçlenmegi;

– jemi milli önümi ulanmakda hökümetiň paýynyň ösüşi;

– daşky gurşawyň hapalanmagy.

70-nji ýyllara çenli ýurtlar çaklamany çaklamagyň milli modelleri arkaly amala aşyrýardylar. 70-nji ýyllaryň ortalarynda makroykdysady modeller döredilip başlanýar, olaryň kömegi bilen birnäçe ýurtlaryň, sebitleriň we bütin dünýäniň ykdysadyýetiniň ösüşi çaklanýar. Ilkinji bolup olar *ABŞ*-da işlenip düzüldi. Meselem, *LINK* modeli 10 sany (9 sany Ýewropa ýurtlarynyň we Ýaponiýanyň) milli modelini öz içine alýar. *BMG* dünýä ykdysadyýetiniň geljegini işläp taýýarlamak üçin W.Leontýewiň makroykdysady modelini ulandy, ol 15 sany özara baglanyşykly sebit modellerinden ybaratdyr.

Her bir ýurt milli ykdysadyýetiň özboluşlylygyny nazara alyp, ykdysady we durmuş hadysalaryny çaklamakda we meýilnamalaşdyrmakda bellibir ugurlary ulanýar we üýtgeýän şertlere laýyklykda olary hemişe kämilleşdirýär.

Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň aýratynlyklaryny dünýäde emele gelen meýilnamalaşdyrmagyň we kadalaşdyrmagyň 3 ulgamynyň wekillerinde, ýagny demirgazyk-amerikan (*ABŞ* we Kanada), Aziýa (Ýaponiýa we Günorta Koreýa) we Ýewropa (Fransiýa we Şwesiýa) ýurtlarynda seretmek maksadalaýykdyr. Dünýäniň günbatar böleginde çaklamada öňdebaryjy ýurtlaryň biri bolup *ABŞ* çykyş edýär.

150.0 x 225.0 mm

# II BAP ÇAKLAMAGYŇ WE MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ USULYÝET WE GURAMAÇYLYK ESASLARY. YKDYSADY ÇAKLAMALARYŇ MANYSY, ZERURLYGY WE TOPARLARA BÖLÜNIŞI

## 2.1. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýeti we ylmy esaslary

Dünýä tejribesinde ykdysady we durmuş ösüşini çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň iki sany usulyýeti emele geldi. Onuň *birinjisi* giňeldilen önümçiligiň marksistik nazaryýetine, *ikinjisi* bolsa keýnsiançylyk, monetarçylyk we beýleki nazaryýetlerine esaslanýar. Birinji usulyýet buýruk beriji-administratiw ulgamyň şertlerinde meýilnamalaşdyrmaga (direktiw meýilnamalaşdyryşa) esaslanýar. Ikinji usulyýet bazar ykdysadyýetli ýurtlarda çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň esasy bolup durýar. Öňki sosialistik ýurtlaryň bazar gatnaşyklaryna geçmegi bilen baglylykda ýeke-täk usulyýet emele gelýär.

Ykdysadyýetiň ösüşini çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýeti çaklama we meýilnama hasaplaşyklaryny geçirmegiň esasy ýörelgelerini, çemeleşmelerini we usullaryny kesgitleýär. Şeýle hem çaklamalaryň, meýilnamalaryň emele gelmeginiň, olary amala aşyrmagyň logikasyny aýdyňlaşdyrýar we häsiýetlendirýär.

*Ýörelgeler* – çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň esas goýujy düzgünleri, ýagny olaryň maksada ugrukdyrylandygy, ulgamlylygy, gurluşy, işlenip taýýarlanylyşynyň logikasy we guramaçylygy nukdaýnazaryndan çaklamalary emele getirmegiň we meýilnamalary esaslandyrmagyň başlangyç ýagdaýydyr. Başgaça aýdylanda, ýörelgeler – bu çaklamalar we meýilnamalar işlenip taýýarlanylanda ýerine ýetirilmeli esasy talaplardyr.

*Usullar* – bu çaklamalar, meýilnamalar, maksatnamalar işlenip taýýarlanylanda ulanylýan tärlerdir. Olar gural hökmünde çykyş edip,

çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýet ýörelgelerini amala aşyrmaga mümkinçilik berýärler.

*Logika* – bu çaklama hasaplamalary geçirilende we meýilnama çözgütleri esaslandyrylanda hereketleriň tertipleşdirilen yzygiderliligidir.

Usulyýetiň düzüm bölegi bolup usul çykyş edýär. Ol hususy häsiýetli bolup, usulyýetiň garamagynda durýar.

*Usul* – bu takyk tärleriň jemi bolup, takyk çaklama ýa-da meýilnama hasaplamalaryny geçirmek üçin ulanylýar. Muňa mysal hökmünde makroykdysady görkezijileri çaklamak boýunça Halkara walýuta gaznasynyň ýa-da ylmy-tehniki çäreleri girizmegiň netijeliligini kesgitlemegiň, mikroderejede görkezijileri hasaplamagyň usullaryny görkezip bolar.

Durmuş-ykdysady hadysalary derňemekde umumy-usulyýet çemeleşmesini *dialektik usuly* kesgitleýär, ol öwrenilýän wakalaryň we derňelýän obýektlere degişli faktlaryň özenine aralaşmaga, wakalaryň arasyndaky baglanyşyklary kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ol barlagyň umumy, şeýle hem ylmy çemeleşmelerinde we usullaryndan peýdalanmagyň esasynda amala aşyrylýar.

Umumy çemeleşmeleriň arasynda şu aşakdakylary tapawutlandyryp bolar:

– *taryhy çemeleşme* – munuň manysy her bir waka onuň taryhy jähtleri bilen arabaglanyşykda seretmekde jemlenýär;

– *toplumlaýyn çemeleşme* – dürli wakalara beýleki hadysalar we wakalar bilen arabaglanyşykda hem-de garaşlylykda seretmegi öz içine alýar;

– *ulgamlaýyn – gurluş çemeleşme* – bir tarapdan, ykdysady ulgama batly ösýän bitewülik hökmünde seretmegi, beýleki tarapdan, ulgamy düzüm böleklere olaryň özara hereketlerine laýyklykda bölmegi göz öňünde tutýar.

Toplumlaýyn çemeleşmäniň çäklerinde genetik we maksatlaýyn çemeleşmeler tapawutlandyrylýar. Genetik çemeleşmäniň düýp manysy häzirki ýagdaýyň başlangyç derejesine we derňewler arkaly ýüze çykarylan ösüşiň kanunalaýyklygyna baha berlişine esaslanyp, geljekki ösüşiň mümkin bolan ugurlaryny we tapgyrlaryny yzarlamak-

dan ybaratdyr. Bu çemeleşme doly derejede ozal we häzirki wagtda ýüze çykan, geljege täsir edýän inersiýa pursatlary hasaba alýar. Bu çemeleşmede wakalaryň baglanyşygyna, yzygiderliligine geçen we häzirki wagtdan geljege tarap seredilýär. Genetik çemeleşme obýekte täsir etmezden, bu obýektiň ösüş meýillerini we bolup biljek netijelerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

*Maksatlaýyn çemeleşmede* maksat we oňa ýetmegiň mümkin bolan ýollary kesgitlenilýär, ýagny geljekde gazanylmaly bellibir netijeden ugur alynýar. Bu çemeleşmede wakalaryň baglanyşygy geljekden häzirki wagta tarap seredilýär. Bu iki çemeleşme arabaglanyşykda ulanylýar, sebäbi obýekte täsir etmezden, onuň ösüşi barada maglumatlary almak we maksady öňde goýup, oňa ýetmegiň ýollaryny kesgitlemek wajypdyr.

Ykdysadyýeti çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýetiniň ylmy esaslary hökmünde, jemgyýetiň ösüş kanunlary we ykdysady nazaryýet çykyş edýär. Çaklamanyň wezipesi dialektikanyň kanunlaryny ýerine ýetirýär: gapma-garşylyklaryň birliginiň we göreşiniň kanuny, mukdar we hil üýtgetmeleriň özara geçiş kanuny, inkär etmegi inkär etmek kanuny. Ykdysadyýetiň ösüşiniň geljegi barada ylmy pikirleri işläp taýýarlamagyň nazaryýet esasy bolup, ykdysady nazaryýet çykyş edýär. Ykdysady we durmuş hadysalary çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýetini binýat tutan keýnsiançylyk, monetarizm we marksistik nazaryýetleriň wajyp düzgünlerine seredeliň.

*Keýnsiançylyk nazaryýeti* jemi çykdajylara (jemi islege) we olaryň düzüm böleklerine ýykgyn edýär. Esas goýujy keýnsiançylyk deňlemesi:

$$C + G + I + (E - M) = Y, \qquad (1)$$

bu ýerde: $C$ – hususy pudakdaky içerki sarp ediş; $G$ – döwlet çykdajylary; $I$ – maýa goýumlar; $E$ – harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty; $M$ – harytlaryň importy; $Y$ – aralykdaky sarp ediş aýrylandan soňra harytlaryň we hyzmatlaryň möçberi.

Deňagramlylyk ýagdaýynda deňlemäniň çep tarapy (jemi çykdajylar) sag tarapyna (ýurtda önümçiligiň möçberine) deňdir. Ykdy-

sady ösüşiň keýnsiançylyk nusgasy islegiň ornuna esaslanýar, sebäbi isleg deňleşdirilen ösüşi üpjün edýär. Bu nusga *JIÖ*-ni, mümkin bolan maýa goýum akymlaryny, harytlaryň, hyzmatlaryň eksportyny we importyny hasaplamagyň usulyýetine esaslanýar.

*Monetarizm nazaryýetiniň* wekili bolup M.Fridmen çykyş edýär. Şu nazaryýete laýyklykda, durnukly syýasatyň baş ölçegi bolup, puluň möçberi hasaplanýar, ýagny monetarizm esasy ünsi pula berýär. Esas goýujy bolup alyş-çalyş deňlemesi çykyş edýär:

$$MV = PQ, \qquad (2)$$

bu ýerde: $M$ – pul hödürlenmesi; $V$ – pul dolanyşygynyň tizligi; $P$ – nyrhlaryň derejesi; $Q$ – öndürilen harytlaryň (hyzmatlaryň) fiziki möçberi.

Monetar syýasat esasy makroykdysady gurallaryň biri bolup, ol pul-karz ulgamynyň puluň möçberine we göterim derejesine täsir etmäge ukyplylygyna daýanýar.

Marksistik nazaryýetiniň wajyp düzgünleriniň arasynda şu aşakdakylary tapawutlandyrmak zerurdyr:

– jemgyýetçilik önümçiliginiň iki ugra bölünişi – maddy önümçilik ugry, onda maddy önümler öndürilýär we önümçilik görnüşli däl ugur, ol dürli maddy däl hyzmatlary ýerine ýetirýär;

– önümçilik ugry ikä bölünýär: önümçilik serişdeleriniň öndürilişi, sarp edilýän harytlaryň öndürilişi;

– jemi jemgyýetçilik önümi we islendik görnüşli önüm (haryt) gymmaty boýunça ikä bölünýär: sarp edilen önümçilik serişdeleriniň gymmaty we gaýtadan döredilen gymmat:

$$(v + m), \qquad (3)$$

bu ýerde $v$ – zerur önümiň gymmaty; $m$ – goşmaça önümiň gymmaty.

– toplaýşyň çeşmesi hökmünde goşmaça önüm we giňeldilen üznüksiz önümçiligiň çeşmesi hökmünde toplaýyş barada düzgünnama. Çaklanylýan (meýilnamalaşdyrylýan) döwürde umumy ykdysady deňölçeglilikler emele getirilende (kesgitlenilende) bu düzgünnamalaryň wajyp ähmiýeti bardyr. Bularyň esasynda ileri tu-

tulýan ugurlar ýüze çykarylýar, sarp ediş we toplaýyş gaznalarynyň, önümçiligiň, sarp edişiň arasyndaky gatnaşyk we ş.m. deňölçeglilikler esaslandyrylýar.

### *Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýet ýörelgeleri*

Çaklamalar we meýilnamalar işlenip taýýarlanylanda usulyýet ýörelgelerine esaslanylmalydyr.

Çaklamagyň esas goýujy ýörelgesi bolup *alternatiw ýörelge* çykyş edip, ol köp görnüşli çaklama işläp taýýarlamalarynyň (alternatiwleriň) amala aşyrylmagyny talap edýär. Bu ýörelgä laýyklykda, iki ýa-da birnäçe bolup biljek görnüşlerden iň gowy görnüş esas edilip alynmalydyr. Bu ýörelge çaklamanyň esasy häsiýetlerinden gelip çykýar we ykdysadyýetiň hem-de onuň dürli ugurlar boýunça bölekleriniň ösüş mümkinçilikleri bilen baglanyşyklydyr.

Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň wajyp usulyýet ýörelgelerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar:

– ulgamlylyk;
– üznüksizlik;
– toplumlylyk;
– meňzeşlik (adekwatlyk);
– maksada ugrukdyrylanlyk we artykmaçlyk;
– amatlylyk;
– deňagramlylyk we deňölçeglilik;
– durmuş ýörelgesi;
– meýilnamalaşdyrmagyň pudaklaýyn we sebitleýin jähetleriniň utgaşdyrylmagy.

*Ulgamlylyk ýörelgesi* ykdysady ulgamlarda mukdar we hil taýdan kanunalaýyklyklaryny derňemegi islendik çözgüdiň işlenip taýýarlanylyşynyň we esaslandyrylyşynyň ulgamyň umumy maksadyny kesgitlemekden ugur almalydygy we ähli kiçi ulgamlaryň işini şu maksada eýermelidigi babatdaky barlaglaryň logiki zynjyryny düzmegi göz öňünde tutýar. Bu ýörelge islendik ulgamy köp kiçi ulgamlara bölmäge mümkinçilik berýär (ykdysadyýet toplumlara bölünýär,

150.0 x 225.0 mm

soňkular – kiçi toplumlara we ş.m.). Bu ýörelge görkezijileriň, usullaryň, nusgalaryň ulgamyny döretmegi göz öňünde tutýar, olar her bir obýektiň düzümine laýyk gelip, onuň ösüşiniň şekilini gurmaga mümkinçilik berýär.

Ykdysady ösüşiň üznüksizligi, ylmyň we tehnikanyň ösüş binýadynda önümçiligiň kämilleşdirilmegi bilen baglanyşykda meýilnamalaşdyrmagyň üznüksizlik ýörelgesi, ýagny çaklamalaryň, meýilnamalaryň yzygiderliligi berjaý edilmelidir. Şu ýörelgä laýyklykda, dürli wagt üçin niýetlenen çaklamalar we meýilnamalar düzülmeli, şeýle hem olar özara sazlaşmalydyr. Meselem, orta möhletleýin meýilnamalar uzak möhletleýin meýilnamalarda görkezilen geljekki ugurlaryň esasynda, gysga möhletleýin meýilnamalar - orta möhletleýin meýilnamalaryň görkezijileriniň esasynda işlenip taýýarlanylmalydyr. Uzak möhletleýin meýilnamalar düzedilmeli we degişli döwre çenli uzaldylmalydyr. Munuň özi jemgyýetde täze zerurlyklaryň ýüze çykmagy, tehnikada uly üýtgeşmeleriň we beýleki sebäpleriň orta çykmagy bilen şertlenendir.

*Maksada ugrukdyrylmak we artykmaçlyk ýörelgesi* her bir meýilnama anyk maksada gönükdirilen bolmagyny talap edýär, ýagny bellibir maksatlara ýetmäge ugrugan bolmaly, artykmaçlyk hökmünde bolsa ykdysadyýetiň pudaklary we durmuş-ykdysady meseleler tapawutlandyrylmaly, olaryň ösüşine we çözgütlerine bütin ykdysadyýetiň ösüşi bagly bolup bilýär. Bu ýörelge ykdysadyýetiň ösüşiniň esasy ugurlaryna we umumy döwlet ähmiýetli meseleleriň çözülmegine serişdeleri jemlemäge mümkinçilik berýär. *Artykmaçlyk ýörelgesi toplumlylyk* ýörelgesi bilen berk baglanyşykda amala aşyrylýar, ol beýleki prosesler we wakalar bilen baglylykda, garaşlylykda derňelýän obýekte hemmetaraplaýyn seretmegi göz öňünde tutýar. Wajyp pudaklaryň ösüşinde artykmaçlyklaryň üpjün edilmeginde beýleki pudaklaryň hem degişli ösüşi göz öňünde tutulmalydyr. Bu ýörelgeler bilen berk baglanyşykda *durmuş ýörelgesi* hem amala aşyrylmalydyr, ol durmuş meselelerini çözmegi talap edýär.

Ykdysadyýetiň has netijeli işlemegini üpjün etmek üçin *amatlylyk ýörelgesi* berjaý edilmelidir. «Amatly» adalgasy iň gowy diýmegi

aňladýar, ýagny ähli bolup biljek görnüşlerden iň gowusyny, iň netijelisini saýlamalydygyny göz öňünde tutýar. Amatlylyk önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak bilen gös-göni baglanyşyklydyr, amatlylyk – bar bolan serişdeleri tygşytly peýdalanmagy nazara alyp, halk hojalygynyň we ilatyň zerurlyklarynyň aňryçäk kanagatlandyrylmagyny göz öňünde tutýan ykdysadyýeti ösdürmegiň görnüşi. Bu ýörelge amatly meýilnamalaşdyryşy ösdürmegiň ýoly bilen amala aşyrylýar, ol *KDAU*-nyň (kärhanalary dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlary), *YDTKMU*-nyň (ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň maglumat ulgamlary) we *DPAU*-nyň (dolandyrmagyň pudaklaýyn awtomatlaşdyrylan ulgamlary) çäklerinde *EHM*-iň (elektron hasaplaýjy maşynlaryň) ulanylmagyna, ykdysady – matematiki modelirlemä we amatly hyzmat ediş wezipelerini çözmäge esaslanýar.

*Meňzeşlik* (*adekwatlyk*) *ýörelgesine* durmuş-ykdysady hadysalary modelirlemek bilen baglylykda seretmek maksadalaýykdyr. Ykdysadyýetiň ösüşini çaklamakda we amatly meýilnamalaşdyrmakda ulanylýan ykdysady-matematiki modeller ýerlikli bolmalydyr, ýagny hakyky hadysalary görkezmelidir. Köp ýagdaýlarda çaklama we meýilnama hasaplamalarynyň netijeleri şoňa bagly bolýar.

Ykdysadyýetiň deňagramly we deňölçegli ösüşi çaklamalar we meýilnamalar işlenip taýýarlanylanda *deňagramlylyk we deňölçeglilik ýörelgesi* hasaba alnanda mümkindir. Bu ýörelgäniň düýp manysy görkezijileriň deňagramly baglanyşygyndan, deňölçeglilikleri kesgitlemekden we olaryň berjaý edilişini üpjün etmekden ybaratdyr.

Ähli deňölçeglilikler häsiýeti we ähmiýeti boýunça umumy ykdysady, pudagara we pudagyň içindäki, çäk, daşary-ykdysady ýaly birnäçe toparlara bölünýär.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde umumy ykdysady deňölçegliliklериň emele gelmegine we olaryň berjaý edilişiniň üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet berilmeli. *Umumy ykdysady deňölçegliliklere* şu aşakdakylar degişlidir:

– isleg we teklibiň arasyndaky gatnaşyklar;

– sarp edişiň we toplaýşyň arasyndaky gatnaşyklar;

150.0 x 225.0 mm

– döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň arasyndaky gatnaşyklar;

– puluň möçberiniň we haryt resurslarynyň arasyndaky gatnaşyklar;

– önümçilik serişdeleriniň we sarp ediş harytlarynyň öndürilişiniň arasyndaky gatnaşyklar;

– zähmet öndürijiliginiň we zähmet haklarynyň ösüşiniň arasyndaky we beýleki gatnaşyklar.

Görkezilen deňölçeglilikleriň bozulmagy ykdysadyýetde ýaramaz ýagdaýlary (hümmetsizlenme, önümçiligiň pese gaçmagy we beýlekiler) döredýär.

Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň arasyndaky gatnaşygy häsiýetlendirýän *pudagara deňölçeglilikler* hem wajyp. Olar pudagara deňagramlylygyň kömegi bilen kesgitlenilýär.

*Pudagyň içindäki deňölçeglilikler* biri-biri bilen baglanyşykly önümçilikleriň aýratyn görnüşleriniň arasyndaky gatnaşykdyr. Meselem, ýeňil senagatda ýüplügiň, matalaryň öndürilişiniň we olaryň bezelişiniň arasyndaky gatnaşyga salgylanyp bileris.

*Çäk deňölçeglilikler* sebitleriň arasyndaky gatnaşygy häsiýetlendirýär we ýurduň çäginde önümçiligiň ýerleşişini görkezýär.

*Daşary ykdysady deňölçeglilikler* – ýurduň içindäki önümleriň öndürilişiniň we harytlaryň eksportynyň hem-de importynyň möçberleriniň arasyndaky gatnaşykdyr.

*Meýilnamalaşdyrmagyň pudaklaýyn we sebitleýin jähetleriniň utgaşdyrylma ýörelgesi* pudaklaýyn meýilnamalaryň şol çägiň bähbitlerini we ýerli serişdelerini tygşytly peýdalanmagy nazara alyp düzülmegini talap edýär. Pudaklaýyn meýilnamalaşdyryş her bir pudakda ýeke-täk tehniki syýasaty amala aşyrmaga, pudagyň önümlerine bolan islegi ýüze çykarmaga, zerur deňölçeglilikleri (pudagyň içindäki, pudagara) saklamaga, öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmaga we beýleki meseleleri çözmäge mümkinçilik berýär. Sebitleýin meýilnamalaşdyryş sebitleriň hojalygynyň toplumlaýyn ösüşini üpjün etmäge, önümçilikleri tygşytly ýerleşdirmäge, durmuş we ekologiýa meselelerini çözmäge mümkinçilik berýär. Bu ýörelgäniň berjaý

150.0 x 225.0 mm

edilmegi jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliligini artdyrmaga, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga we daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam berýär.

### *Çaklamalaryň-meýilnamalaryň görkezijiler ulgamy*

Ykdysadyýetiň ösüşini görkezijiler ulgamy häsiýetlendirýär, olaryň düzümi we sanawy bolsa çaklamalaryň we meýilnamalaryň mazmuny bilen kesgitlenilýär. *Görkeziji* – munuň özi ykdysady dere-jäni, hadysany ýa-da wakany mukdar taýdan görkezmegiň görnüşidir. Görkezijiler ulgamyna kadalar we çäkler hem degişlidir. *Kadalar* – otnositel görkezijiler bolup durýar. *Çäkler* – bu serişde görkezijileri bolup, kesgitlenen ahyrky netijeleri gazanmak üçin serişdeleriň sarp edilişiniň çäkli goýberilýän ululygydyr.

*Görkezijiler ulgamy* birnäçe bölümlerden ybarat bolup, olar giňeldilen önümçiligiň dürli jähetlerine laýyk gelýär. Ykdysady we durmuş hadysalary çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň görkezijileriniň esasy bölümleri bolup, önümçiligiň, zähmet resurslarynyň, esasy we dolanyşyk gaznalarynyň, maýa goýumlaryň, tebigy baýlyklaryň, ylmy-tehniki ösüşiň, maliýäniň we pul dolanyşygynyň, durmuş taýdan ösüşiň we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň, daşary ykdysady gatnaşyklaryň görkezijileri çykyş edýär.

Ykdysadyýeti dolandyrmagyň derejesine görä makroykdysady, pudaklaýyn we sebitleýin görkezijiler tapawutlandyrylýar. Käbir gör-kezijiler möwsümleýin häsiýetli bolup, ähli derejelerde ulanylýar, meselem, jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliliginiň görkezijileri (material talap edijilik, gaznanyň önüm berijiligi, zähmet öndüriji-liligi). Beýleki görkezijiler pudaklaýyn we sebitleýin aýratynlyklary görkezýärler.

Çaklamanyň we meýilnamalaşdyrmagyň görkezijileri hasaba alşyň we statistikanyň görkezijileri bilen berk baglanyşyklydyr we olar usulyýet bitewüligine eýe bolmalydyr. Görkezijiler ulgamy toplum-laýyn bolmalydyr, ýagny hem ykdysady, hem durmuş hadysalarynyň ösüşini görkezmelidir.

150.0 x 225.0 mm

Ähli görkezijiler natural hem gymmat, absolýut we otnositel, mukdar hem hil, tassyklaýyş, indikatiw we hasaplaşyk görnüşlerine bölünýär.

Görkezijileriň natural we gymmat görnüşlere bölünmegi zähmetiň ikileýin häsiýetinden gelip çykýar, özem haryt – pul gatnaşyklary bilen baglanyşyklydyr. *Natural görkezijiler* önümçiligiň maddy jähetini häsiýetlendirýär. Olar fiziki we şertli ölçeg birliklerinde: tonnada, metrde, sanda, müň şertli gaplarda, şertli ýangyjyň tonnasynda we başga görnüşlerde kesgitlenilýär. *Gymmat görkezijiler* pulda görkezilýär. Olaryň kömegi bilen önümi öndürmegiň umumy möçberi, önümçilik çykdajylary, döwletiň hem kärhanalaryň girdejileri we çykdajylary we ş.m. hasaplanylýar.

Görkezijileriň *mukdar* we *hil* görnüşlere bölünmegi önümçiligiň möçberini, onuň ýygylygyny häsiýetlendirmek zerurlygy bilen baglanyşyklydyr.

Görkezijiler hem *absolýut*, hem *otnositel* görnüşlerde hasaplanylýar. Birinjisi – görkezijileriň jemi absolýut ululyklaryny, ikinjisi – ösüşiň hem artyşyň depginlerini häsiýetlendirýär, şeýle hem wagta degişli ululyklaryň ösüşi barada umumylaşdyrylan düşünje berýär.

Ykdysadyýetiň aşaky düzüm bölekleriniň ýokarky dereje bilen gatnaşygy tassyklaýyş, indikatiw we hasaplaşyk görkezijileriniň ulgamynda öz ornuny tapýar.

*Tassyklaýyş görkezijilerine* ýokarda duran edaralar tarapyndan tassyklanylyp, aşakda duran edaralara önümler bilen üpjün etmek ýa-da tebigy baýlyklary ulanmak boýunça çäklendirmeleri girizmek babatyndaky tabşyryklar hökmünde berilýär. Bulara ykdysadyýeti kadalaşdyryjylar hökmünde ulanylýan ykdysady kadalary hem degişli edip bolýar.

Tassyklaýyş görkezijileri:

– döwlet sargydyny;

– tebigy baýlyklary gazyp almagyň we döwlet tarapyndan merkezleşdirilen maýa goýumlaryny ulanmagyň çäklerini;

150.0 x 225.0 mm

– ykdysady kadalary (monopolist – kärhanalar üçin düşewüntlilik kadalaryny, salgyt derejelerini, iň az sarp edijilik býujetini, iň az zähmet hakyny we beýlekileri) öz içine alýar.

*Döwlet sargydy* ykdysadyýeti kadalaşdyrmak wezipesini ýerine ýetirýär. Ol daşary ýurtlarda (*ABŞ*, Ýaponiýa, Fransiýa we ş.m.) we *GDA* ýurtlarynda giňden ýaýrandyr. Ol daşary ýurtlarda irki döwürlerden bäri ulanylýar. Meselem, *ABŞ*-da döwlet sargydy 1993-nji ýylda ulanylyp başlandy. Öňki *SSSR*-de ol ykdysady we durmuş taýdan ösüşiň döwlet meýilnamasynyň düzüminde 1988-nji ýylda peýda boldy.

Döwlet sargydy emele getirilende şu aşakdaky ýörelgeler berjaý edilmelidir:

– sargydyň bäsdeşlik esasynda ýerleşdirilmegi;

– sargydyň ýerine ýetirilişiniň höweslendirilmegi;

– taraplaryň ýerine ýetirijiniň we sargytçynyň özara jogapkärçiligi.

Döwlet sargydynyň düzümine döwletiň zerurlyklary üçin önümleriň esasy görnüşlerini, önümçilik kuwwatlyklaryny we umumy döwlet ähmiýetli obýektleri işe girizmek, wajyp meseleleri çözmek boýunça ylmy-tehniki maksatnamalary işläp taýýarlamak hem-de amala aşyrmak, önümçilige ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny ornaşdyrmak degişli bolup durýar, sebäbi olar ýakyn wagtda garaşylýan netijäni hem berip biler.

Döwlet sargydyny ýerine ýetirmegiň höweslendiriş çäreleri hökmünde:

– ýeňillikli şertlerde berilýän karzlar;

– býujete salgytlar we beýleki tölegler boýunça ýeňillikler;

– merkezleşdirip ýaýradylýan maddy serişdeler bilen üpjün etmek;

– maksatly dotasiýalar, subsidiýalar we beýleki ýeňillikler ulanylyp bilner.

*Indikatiw görkezijiler* maglumat beriji häsiýete eýedir. Olaryň kömegi bilen döwlet hojalygy alyp barmagyň subýektlerini ileri tutulýan ykdysady syýasat barada habarly edýär. Olar işewür-meýilnamalar düzülende esas bolup hyzmat edip biler.

150.0 x 225.0 mm

*Hasaplaşyk görkezijileri* kömekçi häsiýete eýedir.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde ykdysadyýetiň aşaky düzüm bölekleriniň özbaşdak işleýşiniň giňelmegi bilen baglanyşykda tassyklaýyş görkezijileri azaldylyp, indikatiw görkezijileriň ulgamy giňeldilýär.

***Çaklamalar we meýilnamalar ulgamy. Olaryň baglanyşygynyň usulyýet esaslary***

Çaklamalar we meýilnamalar ulgamy 1-nji tablisada görkezilendir.

*Çaklamalar ulgamy.* Ykdysadyýeti ösdürmegiň strategiýasyny we taktikasyny düzmek üçin çaklamalar ulgamy işlenip taýýarlanylýar, onuň düzümine wagt we dolandyryş derejeleri boýunça çaklamalar, şeýle-de ýurduň we sebitleriň ykdysady hem durmuş taýdan ösüşiniň hususy, toplumlaýyn çaklamalary girýär. Çaklama hasaplamalarynyň netijeleri esasynda durmuş-ykdysady ösüşiniň wajyp ugurlary kesgitlenilýär, indikatiw meýilnamalar düzülýär, ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň guraly emele gelýär we esasy kadalaşdyryjylaryň ölçegleri (döwlet sargydy, nyrhlar, salgytlar we ýeňillikler, döwlet maýa goýumlary we ssudalar, ätiýaçlandyryş ätiýaçlyklary we beýlekiler) kesgitlenilýär.

*Çaklamanyň möçberi* boýunça: makroykdysady çaklamalar, pudagara we sebitara çaklamalar, halk hojalyk toplumlarynyň ösüş çaklamalary, pudaklaýyn we sebitleýin çaklamalar, ykdysadyýetiň bölekleriniň (kärhanalaryň, birleşikleriň, aýratyn önümçilikleriň we önümleriň) çaklamalary tapawutlandyrylýar.

Wagt jähetinde çaklamalar uzak (bäş we ondan köp ýyl), orta (üç ýyldan bäş ýyla çenli), gysga möhletleýin (bir aýdan bir ýyla çenli), dessine (her gün, hepde, dekada – on gün) görnüşlere bölünýär.

Hususy çaklamalar ulgamy – demografik çaklamalary, tebigy baýlyklaryň çaklamalaryny, olaryň özleşdirilmegini we ekologik çaklamalary, ylmyň we tehnikanyň ösüş çaklamalaryny, durmuş hem ykdysady çaklamalary öz içine alýar.

1-nji tablisa

**Çaklamalar we meýilnamalar ulgamy**

| Çaklamanyň, meýilnamanyň görnüşleri | Dolandyryş derejesi | Wagt jähetinde |
|---|---|---|
| 1. Demografik çaklamalar | Ykdysadyýet, sebit | Uzak, orta we gysga möhletleýin |
| 2. Tebigy baýlyklaryň, olary özleşdirmegiň çaklamalary, ekologik çaklamalar | Ykdysadyýet, sebit, pudak, hojalygy alyp barmagyň subýekti | |
| 3. Ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň çaklamalary | | |
| 4. Durmuş çaklamalary | Ykdysadyýet, sebit, hojalygy alyp barmagyň subýekti | |
| 5. Ykdysady çaklamalar | Ykdysadyýet, sebit, pudak, hojalygy alyp barmagyň subýekti | Uzak, orta we gysga möhletleýin, operatiw (hojalygy alyp barmagyň subýektiniň derejesinde) |
| Toplumlaýyn çaklama (hususy çaklamalaryň esasynda) | | |
| ↓ Durmuş-ykdysady ösüşiň meýilnamalary | | |
| ↓ Maksatlaýyn, toplumlaýyn maksatnamalar | | Uzak, orta we gysga möhletleýin |

*Demografik çaklamalar* ýurduň ilatynyň ösüşini, geljekde ilatyň sanyny, jyns-ýaş düzümini, zähmet mümkinçiliklerini, ýurt boýunça onuň ýerleşişini, migrasiýa hadysalaryny häsiýetlendirýär. Olar bolup biljek zähmet resurslaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu çaklamalaryň esasynda demografik syýasat (doglușy höweslendirmek, ölümi azaltmak we beýlekiler) emele gelýär, azyk we azyk däl harytlara bolan zerurlyklar kesgitlenilýär, durmuş ulgamynyň ösüşi, jaý gurluşygy çaklanylýar.

3. Sargyt № 1985

*Tebigy baýlyklaryň, olary özleşdirmegiň çaklamalary we ekologik çaklamalar* geljekdäki tebigy baýlyklaryň mümkinçiligini kesgitlemek üçin işlenip taýýarlanylýar. Olar daşky gurşawyň ýagdaýy barada maglumatlary, hojalyk işiniň daşky tebigy gurşawa ýaramaz täsiriniň öňüni almak ýa-da täsiriň netijesini has azaltmak boýunça çäreleriň toplumyny özünde saklaýar.

*Ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň çaklamalary* çak edilýän ylmy we tehniki netijeleriň hem-de gazanylanlaryň önümçilikde we halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda mümkin boldugyça ulanylyşyny, ylmy-tehniki ösüşiň (*YTÖ*) ykdysady, durmuş, ekologik täsirleri barada esaslandyrylan pikirleri berýär. Çaklamanyň bu ugry çaklamalaryň aşakdaky görnüşlerini öz içine alýar:

– binýatlyk ylymlaryň ösüş çaklamalaryny;

– çak edilýän ylmy açyşlaryň çaklamalaryny;

– *YTÖ*-niň toplumlaýyn ugurlary (önümçiligi toplumlaýyn awtomatlaşdyrmak, ulanmak we ş.m.) boýunça ylmy-tehniki çaklamalary;

– halk hojalyk pudaklarynyň amaly ugurlary boýunça ylmy-tehniki çaklamalary;

– önümleriň we tehnologik hadysalaryň aýry-aýry görnüşleriniň ösüş çaklamalaryny.

Ylmy-tehniki ösüşiň çaklamalarynyň esasynda *YTÖ*-niň ileri tutulýan ugurlary saýlanylýar. *YTÖ*-niň göz öňünde tutulýan ugurlarynyň çäklerinde ylmy-tehniki maksatnamalar işlenip taýýarlanylýar.

*Durmuş çaklamalary* durmuş taýdan ösüş derejesini, durmuş ýörelgesini kämilleşdirmegiň ugurlaryny, adamlaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak meseleleriniň çözgütlerini häsiýetlendirýär.

*Ykdysady çaklamalar* ykdysadyýetiň ösüşini, gurluş üýtgemeleri, daşary ykdysady gatnaşyklary, öndüriji güýçleri ýerleşdirmekde çäk üýtgemeleri, esasy gaznalaryň täzeden öndürilişini we onuň üçin zerur bolan maýa goýumlaryny kesgitleýär.

150.0 x 225.0 mm

Öndürmegiň dürli taraplaryny häsiýetlendirýän hususy çaklamalaryň esasynda ýurduň, sebitleriň ykdysady we durmuş taýdan ösüşiniň toplumlaýyn çaklamalary işlenip taýýarlanylýar.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde durmuş we ykdysady ösüşiň toplumlaýyn çaklamalaryny işläp taýýarlamagyň logikasy şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– durmuş-ykdysady ösüşiň meýillerine, ykdysady ösüşiň şertlerine baha bermegi;

– geljekde ösüşiň bolup biljek alternatiwleri we ösüşiň ol ýa-da beýleki görnüşlerinde ýüze çykyp biljek meseleleri kesgitlemegi;

– ylmy-tehniki, gurluş, durmuş we sebitleýin syýasatyň esasy ugurlaryny;

– ykdysadyýetde institusional özgertmeleri;

– durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň guralyny emele getirmegi;

– serişde üpjünçiligine baha bermegi.

*Meýilnamalaryň ulgamy. «Typýan»* meýilnamalaşdyryşy we makro hem-de mikroderejeleriň özara gatnaşygyny üpjün etmek maksady bilen, meýilnamalaryň ulgamy işlenip taýýarlanylmaly, oňa ykdysadyýeti dolandyrmagyň derejeleri we wagt boýunça meýilnamalar girýär.

*Makroderejede* ýurduň durmuş we ykdysady ösüşiniň meýilnamalary, maksatnamalary *sebitleýin derejede* – sebitleriň (welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň) ösüşiniň meýilnamalary işlenip taýýarlanylmalydyr. Aýry-aýry pudaklaryň ösüşi pudaklaýyn meýilnamalarda öz beýanyny tapmalydyr. *Mikroderejede* kärhananyň ösüşiniň meýilnamalary işlenip taýýarlanylýar.

*Möhleti* boýunça meýilnamalaryň ulgamy uzak möhletleýin (5-10 ýyl we ondan köp), orta (3-5 ýyl), gysga möhletleýin (1-3 ýyla çenli) we dessine (gije-gündiz, hepde, dekada) meýilnamalary öz içine alýar.

*Uzak möhletleýin meýilnama* – uzak döwre niýetlenen durmuş-ykdysady ösüşiň strategiýasyny, esasy maksatlary, ileri tutulýan ugurlary, olara ýetmegiň ýollaryny we serişdelerini görkezmelidir.

150.0 x 225.0 mm

*Orta möhletleýin meýilnamalarda* strategiýanyň esasy ugurlary anyk görkezilmelidir. Olary 3-5 ýyl möhletli işläp taýýarlamak maksadalaýykdyr. Iň amatlysy bolup bäşýyllyk döwür hasaplanylýar, sebäbi bäş ýylyň dowamynda iri möçberli desgalary gurup, işe girizip, kärhanalaryň tehniki taýdan durkuny täzeläp, hünärmenleri taýýarlap bolýar. Görkezijiler bäşýyllygyň her bir ýyly boýunça kesgitlenilmelidir. Meýilnamalaryň ahyrky maksatlaryna ýetmek boýunça çäreler meýilnamalaşdyrylýan döwürde üýtgeýän şertleri hasaba alyp anyklanylýar. Bäşýyllygyň dowamynda bolup geçýän üýtgemeleri uzak möhletleýin meýilnamada görkezmek zerur, ýagny uzak möhletleýin meýilnama düzülip, bäş ýyl geçenden soňra hem indiki bäşýyllyk döwre uzaldylmalydyr (düzülmelidir).

*Birýyllyk meýilnamalar* bäşýyllyk meýilnamalaryň esasynda düzülýär. Şol bir wagtyň özünde degişli ýylda şertleriň üýtgemegi hasaba alnyp, düzedişler girizilýär. Şeýle hem bäşýyllyk meýilnamasyna düzedişler girizilýär.

Meýilnamalaryň düzüm bölekleri *maksatlaýyn, toplumlaýyn maksatnamalar* çykyş edýärler, olar wajyp durmuş-ykdysady, ylmy-tehniki we ekologik meseleleriň çözülmegine gönükdirilendir.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ýurdumyzda kabul edilen wajyp resminamalar aşakdakylardan ybarat:

– Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy;

– Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2018–2024-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasy;

– Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy;

– Türkmenistanyň ilatly ýerlerini arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça baş Maksatnama;

– Türkmenistanda nebit-gaz pudagyny ösdürmek boýunça 2030-njy ýyla çenli milli Maksatnama we ş.m.

### *Makroykdysady çaklamanyň we meýilnamalaşdyrmagyň obýektleri*

Durnuksyz ykdysadyýetiň şertlerinde makroykdysady çaklama we meýilnamalaşdyryşa aýratyn ähmiýet berilmelidir. «Makro» – munuň özi çaklamany we meýilnamalaşdyryşy dolandyrmagyň döwlet gurluşynyň ýokarky derejesine degişlidigini görkezýär, onuň obýekti hökmünde bütin ykdysady ulgam, milli ykdysadyýet ulanylýar. Kempbell R.Makkonell we Stenli L.Brýu «Ekonomiks» atly kitabynda: «Makroykdysadyýet baglary däl-de, tokaýy öwrenýär, mikroykdysadyýet bolsa tokaýy däl-de, baglary öwrenýär» diýip belleýärler. Makroykdysady çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň subýektleri bolup merkezi meýilnamalaşdyryş edaralary çykyş edýär.

Makroykdysady meýilnamalaşdyryş ykdysady ulgamyň we bitewülik hökmünde onuň aýry-aýry bölekleriniň ösüş maksatlaryny kesgitlemegi, ilerlemeleri tapawutlandyrmagy, merkez üçin çözgütleri taýýarlamagy we dolandyryş ulgamynyň aşaky bölekleriniň özara we merkez bilen gatnaşmagynda maksatlara ýetmek üçin çäreleri işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, makroderejede çaklama hasaplamalary geçirilmeli we ykdysadyýetiň ösüşiniň has netijeli görnüşleri kesgitlenilmeli, şeýle-de gurluş, innowasiýa, maliýe-býujet, pul-karz, nyrh, durmuş, sebit we daşary ykdysady syýasatyň emele gelşini öz içine alýan çäreler ulgamy işlenip taýýarlanylmalydyr.

Çaklama hasaplamalar ulgamy makroykdysady görkezijileriň çaklamalaryny, ilki bilen, jemi milli önümi, netijeliligiň görkezijileriniň çaklamalaryny öz içine alýar, olar ykdysady ösüşiň hilini (material talap edijilik, gaznanyň önüm berijiligi, zähmet öndürijiligi), ykdysadyýetiň gurluşynyň çaklamalaryny häsiýetlendirýärler.

Şeýle-de makroderejede ykdysady mümkinçiligiň, iş bilen üpjünçiligiň, önümlere bolan islegiň çaklama hasaplamalaryny amala aşyrmak, maýa goýumlaryň, eksportyň we importyň, töleg balansynyň, nyrhlaryň, walýuta kurslarynyň, hümmetsizlenmegiň, döwlet býujeti emele getirilende döwlet amallarynyň, durmuş taýdan ösüşiniň ilatyň hakyky girdejileriniň, haryt serişdeleriniň we ş.m. çaklamalaryny işläp taýýarlamak zerur.

Köp görnüşli çaklama hasaplamalarynyň esasynda netijeli meýilnama çözgütleri kabul edilmeli, ykdysady kadalaşdyryjylaryň ölçegleri kesgitlenilmeli. Makroderejede döwlet sargydy emele getirilýär, salgytlaryň derejeleri, döwlet maýa goýumlarynyň, dotasiýalaryň ululyklary kesgitlenilýär, hökümetara ylalaşyklar baglaşylýar, monopolist kärhanalaryň we binýatlyk pudaklaryň önümleriniň nyrhlary kadalaşdyrylýar we ş.m. wezipeler çözülýär.

Makroykdysady hasaplamalary geçirmek üçin, hususan-da, makroykdysady modelleri (pudagara deňagramlylygyň, amatly meýilnamalaşdyrmagyň modelleri, ekonometrik modeller), ykdysady-matematiki usullar, bilermenleriň bahalandyrmasynyň, ekstrapolýasiýa, kadalar, deňagramlylyk we maksatnama-maksatlaýyn usullary utgaşdyryp, dürli usullary ulanmak maksadalaýykdyr.

Makroderejede çaklama we meýilnama çözgütleriniň direktiw meýilnamalaşdyrmagyň döwründe hem amala aşyrylýandygyny bellemek zerur. Geçirilýän hasaplamalaryň çägi has giň, sebäbi makroykdysady görkezijileri, ykdysady ösüşiň depginlerini kesgitlemekden başga-da, halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň ösüşiniň, şeýle-de daşky gurşawy goramagyň hasaplamalary geçirilýärdi. Durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet meýilnamalaryny işläp taýýarlamak boýunça usuly görkezmeler wagtal-wagtal döredilýärdi, olarda ol ýa-da beýleki görkezijileriň hasaplamalarynyň anyk usulyýetleri geçirilýärdi. Ykdysatçy alymlar bu babatda degerli netijeleri gazandylar. Pudagara deňagramlylyk resminamasy, amatly meýilnamalaşdyrmagyň ykdysady-matematiki modelleri we ykdysady-matematiki usullar boýunça nazary işläp taýýarlamalar daşary ýurtlarda ýokary baha eýe boldy we amaly barlaglary, tejribe hasaplamalary üçin esas bolup çykyş etdi.

Bazar ykdysadyýetinde indikatiw meýilnamalaşdyrmagyň ösüşiniň we strategiýanyň işlenip taýýarlanylmagynyň şertlerinde birnäçe görnüşlerden ykdysadyýeti ösdürmegiň has amatly, netijeli görnüşini saýlamaga mümkinçilik bolar ýaly, köp görnüşli hasaplamalary geçirmek zerurlygy ýüze çykdy. Çaklamalara olaryň ylmy derejesiniň we çaklama bahalarynyň anyklygynyň nukdaýnazaryndan has ýokary talaplar edilip başlandy. Munuň ählisi ösen usullary çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň tejribä ornaşdyrylmagynyň zerurlygyny

150.0 x 225.0 mm

şertlendirýär. Hünärmenler, meýilnama boýunça işgärler aýry-aýry anyk usullara däl-de, eýsem, çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň ähli usullaryna eýe bolmaly, şeýle hem her bir anyk ýagdaýda geljegi öňünden has takyk görmäge, netijeli meýilnamalaýyn çözgütleri kabul etmäge kömek edip biljek usullary ulanmaly.

### *Mikroderejede çaklamak we meýilnamalaşdyrmak. Işewürlik meýilnamalaryny işläp taýýarlamagyň usulyýeti*

Mikroderejede – kärhananyň, guramanyň (kärhananyň) derejesinde çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň obýektleri bolup isleg, önümleriň öndürilişi (hyzmatlaryň ýerine ýetirilişi), satuwyň möçberi, maddy we zähmet serişdelerine zerurlyk, önümçiligiň we satuwyň harajatlary, nyrhlar, kärhananyň girdejileri, onuň tehniki ösüşi çykyş edýär.

Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň subýektleri bolup kärhananyň meýilnama-maliýe düzüm birlikleri, marketing we tehniki bölümleri çykyş edýär.

Meýilnama-çaklamalar umumylykda alnanda kärhana boýunça, onuň gurluş bölümleri, ýagny sehleri, gulluklary we ş.m. boýunça işlenip taýýarlanylýar.

Meýilnamalar geljege, gysga möhletleýin (ýyl, çärýek, aý) we dessine (gije-gündiz, dekada – 10 gün) düzülýär.

Bazar gatnaşyklaryna geçilende işewürlik meýilnamalara aýratyn ähmiýet berlip başlandy. Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, işewürlik meýilnamalary kärhananyň strategiýasyny işläp taýýarlamak, onuň maliýe ýagdaýyna baha bermek, maýa goýumlara bolan zerurlygy kesgitlemek, maliýe serişdelerini we bolup biljek hyzmatdaşlary çekmek üçin işewürlik meýilnamalaryň işlenip taýýarlanýandygyny tassyklaýar. Işewürlik meýilnama hemmelere, ýagny bank işgärlerine, taslamanyň maýadarlaryna, kärhananyň ýolbaşçylaryna we işgärlerine gerek.

Bank işgärlerine, mümkin bolan maýadarlara we hyzmatdaşlara işewürlik meýilnama kärhananyň göz öňünde tutýan çärelerini maliýe we ykdysady netijeliligine, islendik peýdany almagyň hakykylygyna

150.0 x 225.0 mm

we şol taslama goýlan serişdeleriň karz berijilere gaýtarylmagyna gözegçilik etmek üçin zerurdyr.

Kärhananyň ýolbaşçysyna işewürlik meýilnamasy öz işewürliginiň geljegine düşünmäge, geljekde bolup biljek üýtgeşmeleri we meseleleri öňünden görmäge, häzirki amallara gözegçilik etmäge kömek edýär.

Işewürlik meýilnama - islendik bir anyk ýagdaýda işewürligi başlamagyň ýa-da giňeltmegiň mümkinçilikleri seljerilýän we şol kärhananyň menejmenti şu mümkinçilikleri nähili ulanjakdygy barada anyk düşünje berýän resminama bolup durýar.

Täze önüm, hyzmat, tehnologiýa hyzmaty has gowy ýerine ýetirmäge ýa-da başga sarp ediş häsiýetleri gowulandyrmaga mümkinçilik berýän çäreleri girizmek, erkin bazar nişasy, bellibir hyzmat hödürlenilmeýän ýa-da isleg doly kanagatlandyrylmaýan etrap, işiň beýleki görnüşlerini özleşdirmek, täze kärhanany döretmek ýa-da bar bolan kärhanany giňeltmek üçin itergi bolup biler.

Sanap geçilen islendik ýagdaýda işewürlik meýilnamasyny düzmek zerurdyr. Ol maýa goýum taslamasynyň geljegine bütinleý ulgamlaýyn baha bermäge gönükdirilendir.

Işewürlik meýilnamasyny düzmekden öň kärhananyň maliýe işini, bazary, kärhanany ösdürmegiň dürli alternatiwleriniň tehniki-ykdysady barlaglaryny seljermeli we olardan gowularyny saýlamaly.

Geçirilen seljerişiň we barlaglaryň esasynda önümleri öndürmegiň we ýerlemegiň strategiýasy emele gelýär. Çözgüdi kabul etmek üçin hakyky we ýeterlik derejede maglumatlar zerur. Şonuň bilen baglylykda, çaklamalaryň orny ýokarlanýar, çaklamagyň usullaryny kämilleşdirmek we ulgamyny giňeltmek talap edilýär, olar çaklama hasaplamalarynyň anyklygyny we taslamanyň hakykylygyny gazanmak maksady bilen tejribede ulanylýar.

Kärhananyň geljekki ösüşiniň çaklamasy – işewürlik meýilnamasyny taýýarlamagyň iň ähmiýetli we çylşyrymly tapgyrydyr, sebäbi bazaryň, harajatlaryň, nyrhlaryň, peýdanyň geljekde üýtgemeginiň çaklama hasaplamalarynyň esasynda taslamanyň çäkleri we talap edilýän serişdeleri kesgitlenilýär.

150.0 x 225.0 mm

Işewürlik meýilnamasynyň görkezijileri çaklananda bilermen bahalary, faktor modelleri, amatlylaşdyrmagyň usullary, kadalar usullaryň ulgamyny ulanmak maksadalaýykdyr.

Önümlere (hyzmatlara) islegi, önümçilik harajatlary, nyrhlary we girdejini çaklamaga aýratyn ähmiýet berilmeli. Içerki we dünýä bazarlaryny derňemek, islegiň çeýelegini seljermek zerurdyr.

Işewürlik meýilnamalaryny işläp taýýarlamak üçin maksatnamalaryň birnäçesini ulanmak maslahat berilýär. Dünýä tejribesinde *BMG*-niň ýanyndaky Senagat ösüşi boýunça guramanyň hünärmenleri tarapyndan işlenip taýýarlanylan tehniki-ykdysady derňewler we maýa goýum taslamalaryny esaslandyrmak boýunça usulyýet has giňden ýaýrandyr. *COMFAR* (Computer Model for Feasibility Analysis and Reporting – maýa goýum seljerişiň maksatnamasy), *PROJEKT EXPERT* (işewürlik meýilnamalaryny işläp taýýarlamagyň we maýa goýum taslamalaryna baha bermegiň maksatnamasy) we beýleki maksatnama önümleri giňden ulanylýar. Bu maksatnamalar taslamanyň netijeliliginiň doly hasaplamasyny geçirmäge mümkinçilik berýär. Olaryň usulyýeti nagt pullaryň hereketini hasaplamagyň ýörelgelerine esaslanýar.

Işewürlik meýilnamasy birnäçe bölümden ybarat. Işewürlik meýilnamasynyň takmynan düzümi şu aşakdakylardan ybarat:

*Gysgaça maglumat.*

1. *Kärhananyň häsiýetnamasy*

1.1.Kärhananyň rekwizitleri, pudaklaýyn degişliligi, eýeçiliginiň görnüşi, hukuk derejesi, kärhananyň ýolbaşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady;

1.2. Kärhananyň işiniň esasy ugurlary we maksatlary;

1.3. Kärhananyň döredilişiniň, ösüşiniň taryhy we häzirki ýagdaýy;

1.4. Kärhananyň üstünlikleri we şowsuzlyklary.

2. *Önümler we hyzmatlar*

2.1. Önümleriň häsiýetnamasy, onuň ulanylyşy, tapawutly häsiýetleri ýa-da önümiň özboluşlylygy;

150.0 x 225.0 mm

2.2. Ygtyýarnamalar, patent hukuklary.

3. *Marketing meýilnamasy*

3.1. Mümkin bolan alyjylara we sarp edijilere baha bermek;

3.2. Bäsdeşlere we bäsdeşlik gurşawa baha bermek;

3.3. Bazaryň toplumlaýyn barlagy (bazaryň bölekleri, bazaryň ululygy we onuň ösüşi, bazarda kärhananyň önümleriniň paýy, bazaryň aýratyn häsiýetleri);

3.4. Marketing strategiýasy.

4. *Ylmy-barlag we taslama-konstruktorçylyk işleri*

5. *Önümçilik meýilnamasy*

5.1. Ykdysady mümkinçilik;

5.2. Tehnologik mümkinçilik;

5.3. Maddy-tehniki üpjünçilik;

5.4. Zähmet mümkinçiligi;

5.5. Taslamanyň hukuk taýdan goralyşy.

6. *Kärhanany dolandyrmagyň guramaçylyk meýilnamasy*

7. *Taslamanyň amala aşyrylyşy*

8. *Maliýe meýilnamasy*

8.1. Maliýe-hojalyk işiniň seljerilişi we çaklamasy;

8.2. Umumy maýa goýum bölünişigi;

8.3. Taslamanyň maliýeleşdirilişi;

8.4. Önümçilik harajatlary;

8.5. Täjirçilik girdejisi;

8.6. Töwekgelçilik we ony peseltmegi üpjün edýän çäreler.

9. *Hukuk jähetleri.*

**Goşundy**. Önüm boýunça tehniki maglumatlar (öndürilýän (özleşdirilýän) önümiň tehniki derejesiniň kartalary, patent, sertifikat we beýleki resminamalar, önümler ýa-da bazarlar boýunça bilermeniň netijenamalary).

150.0 x 225.0 mm

### Işewürlik meýilnamasynyň bölümleriniň gysgaça häsiýetnamasy

*Gysgaça maglumat*. Bu bölümde taslamanyň düýp manysy anyk we gysga beýan edilýär (önümleriň öndürilişi, hyzmatlaryň ýerine ýetirilişi). Täze önümiň bäsdeşleriň önümlerinden tapawudy, şeýle-de alyjylaryň hut şu täze önümi satyn aljakdyklarynyň sebäpleri görkezilýär. Gysgaça maglumatyň ahyrynda taslamanyň esasy maliýe netijeleri görkezilmeli, ýagny satuwyň çaklanylýan möçberi baradaky maglumatlar, girdeji, peýdanyň derejesi, çykdajylar we taslamany meýilnamalaşdyrmagyň çeşmeleri, çykdajylary ödemegiň we bankdan alnan karzyň gaýtarylmagynyň möhletleri, karz boýunça kepiliň bolup biljek görnüşi (girew, bar bolan çözgütleriň görkezilmegi bilen döwlet kepillendirmeleri, ýerli edaralaryň, banklaryň kepillendirmeleri we ş.m.). Gysgaça maglumatda taslamanyň maýa goýum taýdan özüne çekijiligini, ygtybarlylygyny, öz wagtyna laýyklygyny we tehniki taýdan täzeçilligini görkezmeli. Işewürlik meýilnamasynyň esasy bölümleri babatdaky iş tamamlanandan soňra gysgaça maglumat taýýarlanylýar.

*Kärhananyň häsiýetnamasy.* Bu bölümde pudaklaýyn degişliligi, işewürlik meýilnamasynyň maksady, önümiň görnüşi we nomenklaturasy (haryt öndürijiniň alyjylara hödürleýän ähli haryt birlikleriniň toplumy), kärhananyň kuwwaty we onuň ýerleşýän ýeri, taslamanyň gönükdirilen ugry, ony amala aşyrmagyň tertibi, taslamany işläp taýýarlamak boýunça esasy çäreler görkezilýär.

*Önümler we hyzmatlar.* Bu bölümde önüm baradaky maglumatlar (onuň aýratynlyklary, kanagatlandyryp biljek zerurlyklary), tehniki, tehnologik, sarp ediş we beýleki meseleleriň çözülişiniň täzeçilligi görkezilýär. Onda bäsdeşleriň önümleriniň deňeşdirme seljerilişi, hödürlenilýän önümlerden hem öndürijiniň, hem sarp edijiniň alyp biljek artykmaçlyklary, önümiň esasy hil görkezijileri, hyzmat etmegiň gurnalyşy, onuň aýratynlyklarynyň ýa-da öndüriş tehnologiýalarynyň patentler ýa-da awtorlyk şahadatnamalary bilen goralyşy, önümiň nyrhy we önümçilik çykdajylary, harydyň her bir birliginiň getirip biljek girdejisiniň takmynan mukdary görkezilýär.

150.0 x 225.0 mm

*Marketing meýilnamasy.* Bu bölümde bazaryň seljerişini görkezmeli, sebäbi ol maýa goýum we önümçilik maksatnamasynyň, önümçilik kuwwatynyň, talap edilýän tehnologiýanyň, taslamany amala aşyrmak üçin ýeri saýlamagyň esasy bölegi bolup durýar. Bazary öwrenmegiň derejesi we önümi ýerlemegiň ýörelgeleri görkezilýär. Bazar baradaky iki görnüşli maglumatlar, ýagny umumy bazar maglumaty we bazaryň bellibir bölegi (sarp edijileriň topary) barada anyk maglumatlar bolýar. Bazaryň seljerilişi tapgyrlaýyn geçirilýär. Birinji tapgyrda taslama üçin maksatlaýyn bazar kesgitlenilýär, şol bazaryň gurluşynyň teswirlenmesi we seljerilmesi berilýär, ikinji tapgyrda sarp edijiler we bazaryň böleklere bölünişi (kim, näçe we haçan satyn alýar, satyn almagyň sebäpleri, mukdary, ýygylygy, nireden satyn alynýar we beýlekiler) seljerilýär. Önümi öndürmegiň we ýerlemegiň has netijeli görnüşini tapawutlandyrmak, satuwy amala aşyrmagyň esasy ýörelgelerini görkezmek gerek.

Saýlanan ýörelgäni esaslandyrmak üçin kärhananyň daşky gurşawyna, zähmet bazaryna, hümmetsizlenmä, tehnologiýalara, harytlaryň, bäsdeşleriň bazaryna, bäsdeş harytlar bilen bazaryň üpjünçiligine, alyjylyk ukybyna, nyrh çäklendirmelere, isleg we onuň emele gelşine (jemi islegiň we aýry-aýry bazar boýunça möçberi we gurluşy), harydyň sarp edijilik häsiýetleriniň üýtgeme mümkinçiliklerine, medeni milli aýratynlyklara, salgyt kanunçylygyna we beýlekilere baha bermek zerur.

Bolup biljek bäsdeşler, olaryň harytlary, hili we önümiň esasy häsiýetleri, nyrhlaryň derejesi, satuwyň möçberi, şertleri, peýda, täze modelleriň ornaşdyrylmagy, tehnologik hyzmat edilişi barada maglumatlary ýygnamak hem-de meňzeş önümiň köp öndürijisini kesgitlemek zerurdyr.

Marketing strategiýasyna aýratyn ähmiýet berilmeli. Şunda şu meseleleri çözmek zerur:

– önümi nädip ýaýratmaly – hususy kärhana dükanlary arkalymy ýa-da lomaý söwda guramalar arkaly?

150.0 x 225.0 mm

– önümleriň nyrhlary nähili kesgitlener we girdejililigiň çak edilýän derejesi nähili bolar?
– mahabaty nähili gurnamaly we oňa serişdeleri nähili almaly?
– satuwyň möçberiniň hemişelik ösüşini nähili gazanmaly?
– satuwyň ýeriniň giňeldilmeginiň ýa-da alyjylary çekmegiň görnüşlerini gözlemegiň hasabyna (satuwy höweslendirmek);
– hyzmat ediş gullugy nähili gurnalar we oňa näçe serişde gerek bolar?

Marketing derňewleriniň esasynda önümlere bolan islegiň, nyrhlaryň, harajatlaryň, girdejileriň, serişdeleriň çaklamalary amala aşyrylýar. Amatly çözgüdi kabul etmek üçin önümi öndürmek boýunça köp görnüşli hasaplamalar geçirilýär.

*Ylmy-barlag we taslama-konstruktorçylyk işleri*. Bu bölümde ähli daşky we içki sebäpleri seljermegiň we hasaba almagyň esasynda taslamanyň amatly çäkleri teswirlenýär, onuň saýlanylyşy esaslandyrylýar, bölekleriň (ylmy-barlag we tejribe konstruktorçylyk işleri) sanawy görkezilýär, ulanyljak degişli tehnologiýalar, tehnologik hadysalar, talap edilýän enjamlaryň we ulaglaryň görnüşleri we hili, satyn almagyň çeşmeleri we ýollary (lizing, satyn alyş, hususy önümçilik) kesgitlenilýär. Enjamlar önümçilik, kömekçi, goşmaça, şaýlar we gurallar ýaly toparlara bölünýär.

*Önümçilik meýilnamasy.* Bu bölümde kärhananyň önümçilik mümkinçiliginiň önümçilik maksatnamasyny üpjün etmäge ukyplydygy görkezilmeli. Ykdysady mümkinçiligiň derejesine we taslama ýerine ýetirilende onuň hil taýdan üýtgeýşine adalatly baha bermek zerurdyr. Onda kärhananyň tehnologik mümkinçiliginiň derejesine baha berilýär, önümçilikde ulanyljak tehnologik enjamlaryň häsiýetnamasy görkezilýär. Taslamanyň maddy-tehniki üpjünçilik meselelerine aýratyn üns bermeli. Maddy serişdeleri, enjamlary üpjün etmegiň bäsdeşlik görnüşlerini hödürlemek maksadalaýykdyr. Şu bölümde zähmet mümkinçilikleriniň häsiýetnamasy hem berilýär. Kärhanany işgärler bilen üpjün etmek boýunça, şol sanda işe kabul etmek, okatmak we gaýtadan taýýarlamak ýaly wezipeler boýunça maglumatlar

hödürlenýär. Dolandyryjy işgärleriň, maslahatçylaryň ygtyýarlylyk derejesine üns berilýär. Önümçiligiň, sertifikatlaşdyrmagyň, patentleri ýöretmegiň, ygtyýarlandyrmagyň, söwda markasyny goramagyň we ş.m. hukuk taýdan goramagyň meseleleri wajyp ähmiýetli bolup durýar.

*Kärhanany dolandyrmagyň guramaçylyk meýilnamasy.* Bu bölümde kärhananyň guramaçylyk gurluşyny, hünär talaplary, işi üstünlikli alyp barmak üçin zerur hünärmenler, olaryň hünärleri, bilim tejribesi we zähmet haklary görkezilýär, hünärmenleri (hemişelik işe ýa-da utgaşdyryjy hökmünde) işe çekmegiň zerurlygy esaslandyrylýar, ýagny önümçilik menejmentiniň meselesi gysgaça görkezilýär.

*Taslamanyň amala aşyrylyşy.* Bu bölüm maýa goýum çözgüdini kabul etmekden başlap, önümçiligiň başlangyjyna, hyzmatlaryň ýerine ýetirilişine çenli taslamany durmuşa geçirmegiň tapgyrlaryny görkezýär, şol sanda şertnamalary baglaşmak, taslamanyň resminamalaryny döretmek, desgalary gurmak we önümçiligi işe girizmek ýaly döwürleri öz içine alýar. Önümçiligiň başlangyjy we ondan soňra taslamany ýeterlik serişdeler bilen üpjün etmek maksady bilen, ony amala aşyrmak tapgyrlarynyň maliýe netijeleri kesgitlenilýär. Maliýeleşdirmegiň görnüşleri (hususy serişdeler, paýdarlaryň maýa goýumlary, karz) saýlanylýar. Taslamany durmuşa geçirmegiň hökmany şerti kärhananyň öz maýa goýumynyň gatnaşmagydyr. Maýa goýmak boýunça amallara baha bermek üçin amatly maksatnamany, taslamany amala aşyrmagyň tertibini taýýarlamak, haçan goýlan serişdeleriň doly yzyna gaýtarylmagyna we olardan peýdanyň alynmagyna garaşyp bolýandygyny görkezmek zerurdyr.

*Maliýe meýilnamasy.* Bu bölüm işewürlik meýilnamasynyň wajyp bölümleriniň biridir. Onda hem maýa goýum, hem önümçilik harajatlary (doly we önüm birliginde) görkezilýär. Ol birnäçe böleklerden ybarat:

– girdeji boýunça meýilnama;

150.0 x 225.0 mm

– pul akymlarynyň hereketi;

– çykdajysyzlygyň, girdejililigiň seljerilişi;

– önümleriň aýry-aýry görnüşleriniň, taslamanyň dürli üýtgeşmelere duýgurlygynyň maliýe seljermesi (önümiň satuwyna nyrhlaryň üýtgemeginiň, taslamanyň görkezijilerine hemişelik we üýtgeýän harajatlaryň we maýa goýum çykdajylarynyň täsiri);

– Töwekgelçilik we ony peseltmek boýunça görülýän çäreler (töwekgelçiligiň sebäplerini we olaryň ýüze çykmagynyň ähtimallygyny görkezmek zerur). Şeýle-de taslama haýsy derejede garaşylmaýan ýagdaýlaryň täsirine duçar bolýandygy, oňa ygtybarly maýa goýum hökmünde garap bolýandygy barada maglumatlar görkezilýär. Nagt pullaryň çaklanýan hereketiniň tablisalary, çak edilýän girdejiler we çykdajylar hakynda maglumatlaryň hem-de taslamany ulanmagyň bütin döwründe umumy balanslaryň esasynda harajatlaryň özüni ödeýiş möhletini, sap peýdany, düşewüntliligiň içerki kadasyny hasaplamak zerurdyr.

Taslama şu aşakdakylaryň esasynda maliýe taýdan baha berilýär: girdejililigiň görkezijileri, maýanyň gurluşy, maliýe garaşsyzlygy, maýanyň dolanyşygy, häzirki wagtda gymmata öwrülip bilijilik ukyby we ş.m.

Daşary ýurt karz serişdeleriniň hasabyna taslamanyň maliýeleşdirilmegi baradaky haýyşnamalara seretmek üçin karz alyjylaryň hödürleýän resminamalarynyň sanawyna taslamanyň tehniki-ykdysady we maliýe esaslandyrylyşy, karzy amala aşyrmagyň bütin döwrüne karz alyjynyň işiniň maliýe çaklamasy girýär. Onda önümleriň, hyzmatlaryň satuwynyň möçberiniň ösüşi boýunça baha beriş maglumatlar, nyrhlar, girdeji, beýleki maliýe görkezijileri we olaryň esaslandyrylyşy görkezilmelidir. Bu resminamalar karz alyjynyň hakykatdan hem taslamany amala aşyrjakdygyny we bellenen möhletde öz bergisini üzüp biljekdigini görkezmelidir. Paýdarlara maýa goýumlarynyň gelmegini üpjün etmekde bilelikdäki kärhanalar boýunça hyzmatdaşlary özüne çekmek üçin edil şular ýaly resminamalar zerur bolar.

Maliýe meýilnamasy işlenip taýýarlanylanda satuwyň çak edilýän möçberi, önümiň özüne düşýän gymmaty, çig maly satyn almagyň we önümleri ýerlemegiň bolup biljek görnüşleri, hümmetsizlenme hadysalary hasaba alynýar. Hümmetsizlenme («Экономикс» kitabynda Кэмпбелл Р.Макконнелл, Стенли Л.Брю awtorlaryň bellemegine görä *hümmetsizlenme* ykdysadyýetde nyrhlaryň umumy (ortaça) derejesiniň ýokarlanmagyny aňladýar) maýa goýumlara, dolanyşyk maýa goýumlaryna, önümçilik harajatlaryna, satuwyň möçberine täsir edýär. Onuň bu böleklere täsiri birmeňzeş bolmaýar, sebäbi satuwyň möçberi, zähmet haklaryň derejesi, enjamlaryň hyzmatlarynyň nyrhlary dürli depginlerde artýar. Hümmetsizlenmegiň has güýçli täsiri taslama birnäçe ýyl durmuşa geçirilende ýüze çykýar, şonuň üçin maýa goýum hem önümçilik harajatlaryna hümmetsizlenmäniň täsirine görä düzedişler girizilmelidir.

*Hukuk jähtleri.* Bu bölümde işi alyp barmagyň tertibi görkezilýär, ýagny guramanyň görnüşi we hukuk derejesi barada gürrüň gidýär: hususy eýeçilik, kooperatiw, döwlet kärhanasy, bilelikdäki kärhana, paýdarlar jemgyýeti we beýlekiler.

*Maýa goýum taslamalarynyň seljerilmesi.* Seljerme geçirilende taslamanyň ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň maksatlaryna we ileri tutulýan ugurlaryna laýyk gelýändigi ýüze çykarylýar. Döwlet ykdysadyýetiň dürli ulgamlarynyň gaýragoýulmasyz zerurlyklaryny maliýeleşdirmek borjuny öz üstüne alýar. Döwlet serişdelerini has netijeli ulanmak maksady bilen, eksporta, importyň ornuny çalyşmaga, ýerli çig malyň ulanylmagyna gönükdirilen taslamalar, şeýle-de dürli görnüşli hojalyk toparlaryny döretmek bilen amala aşyrylýan taslamalar ileri tutulýar.

Seljermede bazary öwrenmek boýunça marketing barlaglarynyň çuňlugyna, önümlere (hyzmatlara) islegiň, önümçilik harajatlarynyň we girdejiniň çaklamalarynyň hakykylygyna, satuwyň möçberiniň esaslandyrylmagyna aýratyn üns berilýär, taslamanyň hakykylygy barlanylýar.

Maýa goýum taslamalarynyň seljerilmesi geçirilende maliýe seljerişi merkezi orny eýeleýär. Maliýe ýagdaýyna baha bermegiň

umumy görkezijileri, ýagny gymmata öwrülip bilijilik ukyby, hususy we karz serişdeleriniň gatnaşygy, maýanyň dolanyşygy, düşewüntlilik seljerilýär. Ýerli görkezijileriň takyk toplumy pudagyň özboluşlylygyna, taslamanyň maksatlaryna we beýleki sebäplere baglylykda üýtgäp bilýär.

*ÝUNIDO*-nyň (*BMG*-niň söwda boýunça bölümi) maslahatlaryna görä, maýa goýum taslamalary taýýarlanylanda maliýe seljerişini geçirmek üçin şu binýatlyk görnüşler, ýagny taslama-balans maglumatlary, maliýe netijeleri baradaky hasabat, pul serişdeleriniň hereketiniň tablisalary zerur bolýar. Başga görnüşler hem, ýagny umumy maýa goýumlar, dolanyşykdaky maýa goýumlara bolan zerurlyk, umumy önümçilik harajatlary, maliýeleşdirmegiň çeşmeleri hem ulanylyp bilner.

Dürli maýa goýum taslamalarynyň (ýa-da taslamalaryň görnüşleriniň) deňeşdirilmegi we olardan gowusynyň saýlanylmagy dürli görkezijileri: sap diskontirlenen girdejini (*SDG*), düşewüntlilik indeksini (*DI*), düşewüntliligiň içerki kadasyny (*DIK*), harajatlary ödeýiş möhletini (*HÖM*) ulanmak arkaly geçirmek maslahat berilýär.

## 2.2. Çaklama we meýilnamalaşdyrma usullary

Ykdysadyýeti çaklama we meýilnamalaşdyrma – çylşyrymly, köp basgançakly we iteratiw hadysadyr, onuň dowamynda köp dürli durmuş-ykdysady we ylmy-tehniki meseleler çözülmelidir, onuň üçin dürli-dürli usullary utgaşdyryp ulanmak zerur. Geçen ýyllarda meýilnamalaşdyryş işiniň nazaryýetinde we tejribesinde çaklamalary we meýilnamalary işläp taýýarlamagyň dürli usullarynyň uly toplumy ýygnaldy. Alymlaryň baha bermegine görä, çaklamanyň 150-den gowrak dürli usullary bar, tejribede bolsa olaryň, esasan, diňe 15–20-si ulanylýar *(2-nji tablisa)*. Informatikanyň we hasaplaýyş tehnikasynyň serişdeleriniň ösüşi çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň ulanylýan usullarynyň çägini giňeltmäge we olary kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

4. Sargyt № 1985

*2-nji tablisa*

**Ykdysadyýetiň ösüşini çaklama we meýilnamalaşdyryş usullarynyň toparlara bölünişi**

<table>
<tr><td colspan="7">Çaklama we meýilnamalaşdyryş usullarynyň ulgamy</td></tr>
<tr><td colspan="7"></td></tr>
<tr><td colspan="3">Intuitiw</td><td colspan="2">Formal</td><td colspan="2"></td></tr>
<tr><td colspan="2">Bilermenleriň baha beriş usullary</td><td rowspan="2">Taryhy meňzeşligiň we nusga boýunça çaklamagyň usullary</td><td rowspan="2">Çaklama ekstrapolýasiýanyň usullary</td><td rowspan="2">Modelirleme usullary</td><td rowspan="2">Ykdysady-matematiki usullar</td><td rowspan="2">1. Ykdysady seljeriş usuly</td></tr>
<tr><td>Şahsy</td><td>Toparlaýyn</td></tr>
<tr><td>1. Söhbetdeşlik usuly</td><td>1. Pikirleri toparlaýyn toplama usuly</td><td rowspan="6"></td><td>1. Funksiýalary saýlama usuly</td><td>1. Matrisa modelleri</td><td>1. Çyzykly programmirleme</td><td>2. Balans usuly</td></tr>
<tr><td>2. Seljeriş usuly</td><td>2. «635» usuly</td><td>2. Eksponensial düzleme usuly</td><td>2. Amatly meýilnamalaşdyrmagyň modelleri</td><td>2. Bütin sanlary programmirleme</td><td>3. Kadalar usuly</td></tr>
<tr><td rowspan="4">3. Ssenariý ýazmak usuly</td><td>3. Delfi usuly</td><td>3.Süýşýän orta baha usuly</td><td>3. Ykdysady statistiki modeller</td><td>3. Pudagara balans usuly</td><td rowspan="4">4. Maksatnama-maksatlaýyn usuly</td></tr>
<tr><td>4. Komissiýalar usuly</td><td rowspan="3">4. Adaptiw düzleme usuly</td><td>4. Çözgütleri kabul etmegiň modelleri</td><td rowspan="3">4. Korrelýasiýa-regressiýa usuly</td></tr>
<tr><td rowspan="2">5. Morfologik seljeriş usuly</td><td>5. Imitasiýa modelleri</td></tr>
<tr><td>6. Tor modelleri</td></tr>
</table>

150.0 x 225.0 mm

Formalizasiýanyň (formalizm) derejesi boýunça ykdysady çaklamanyň usullary intuitiw we formallaşdyrylan (resmileşdirilen) görnüşlere bölünýär.

*Intuitiw usullar* intuitiw-logiki pikir ýöretmäge esaslanýar. Haçan-da çaklamanyň obýektiniň çylşyrymlylygy sebäpli köp ýagdaýlary hasaba almaga mümkinçilik bolmasa ýa-da obýekt örän ýönekeý bolup, zähmeti talap edýän hasaplary geçirmek zerurlygy bolmasa, onda bu usullardan peýdalanylýar. Şular ýaly usullary başga ýagdaýlarda çaklamanyň takyklygyny ýokarlandyrmak üçin formallaşdyrylan usullar bilen utgaşdyryp ulanmak maksadalaýykdyr.

Intuitiw usullaryň arasynda bilermenleriň baha beriş usullary giňden ýaýrandyr. Olar önümçiligiň ösüşiniň, ylmy-tehniki ösüşiň, serişdeleri peýdalanmagyň netijeliliginiň we ş.m. çaklama bahalaryny almak üçin ulanylýar.

Şeýle-de taryhy meňzeşlik we nusga boýunça çaklama usullary ulanylýar. Onda özboluşly ekstrapolýasiýanyň orny bar. Çaklamanyň tehnikasy ýokary derejede ösen ulgamyň, takmynan, şol bir derejeli (ýurduň, sebitiň, pudagyň) seljerişden ybarat we ol pes derejede ösen ulgamda bolup, ýokary derejede ösen ulgamda öwrenilýän hadysanyň ösüş taryhynyň esasynda pes derejede ösen ulgam üçin çaklama düzülýär. Tejribeden görnüşi ýaly, şular ýaly meňzeşlikleri täze pudaklaryň we tehnikanyň görnüşleriniň (EHM, telewizorlaryň we beýleki önümçilikleriň), önümçiligiň, sarp edişiň gurluşynyň we ş.m. ösüşiniň ýollaryny kesgitlemek üçin ulanyp bolýar. Elbetde, şu ýol bilen alnan «nusga» çaklamanyň ilkinji nokady bolup durýar. Diňe ösüşiň içerki şertlerini we kanunalaýyklaryny derňemek arkaly soňky netijä gelip bolýar.

*Formallaşdyrylan usullara* ekstrapolýasiýa we modelirleme usullary degişlidir. Olar matematiki nazaryýete esaslanýar.

*Ekstrapolýasiýa usullarynyň* arasynda *funksiýalary* saýlamak usuly giňden ýaýrandyr, ol *iň kiçi kwadratlar usulyna (KKU)* esaslanýar. Häzirki zaman şertlerinde *KKU*-nyň modifikasiýalaryna: *kadalaşdyrylýan trendli eksponensial düzlemegiň usulyna we adaptiw düzlemegiň usulyna* uly ähmiýet berlip başlandy.

150.0 x 225.0 mm

*Modelirleme usullary* çaklama we meýilnamalaşdyrma hadysasynda dürli görnüşli ykdysady-matematiki modelleri ulanmagy göz öňünde tutýar, olar derňelýän ykdysady hadysany (obýekti) matematiki baglanyşyklar ýa-da gatnaşyklar görnüşinde formallaşdyrylan teswirleme bolup durýar. Modelleriň görnüşleri:

– matrisa;
– amatly meýilnamalaşdyryş;
– ykdysady-statistiki (trend, sebäp, ekonometriki);
– imitasiýa;
– çözgütleri kabul ediş modeli.

Ykdysady-matematiki modelleri amala aşyrmak üçin ykdysady-matematiki usullar ulanylýar.

Çaklamanyň we meýilnamalaşdyrmanyň tejribesinde *ykdysady (ulgamlaýyn) seljeriş, kadalar we deňagramlylyk usullary* giňden ulanylýar. Maksatlaýyn, toplumlaýyn maksatnamalary işläp taýýarlamak üçin *maksatnama-maksatlaýyn usuly* (*MMU*) beýleki usullar bilen utgaşdyrylyp ulanylýar.

Görkezilen usullaryň we olaryň toparlarynyň sanawynyň doly däldigini bellemek zerurdyr. Dünýä tejribesinde giňden ýaýran usullara seredip geçeliň.

### ***Bilermenleriň baha beriş usullary***

Bilermenleriň berýän bahalarynyň esasynda çaklamagyň esasy manysy şundan ybarat: adamyň intuitiw-logiki pikirini bahalaryň mukdar taýdan usullary we alnan netijeleriň işlenilişi bilen utgaşdyryp, oýlanyşykly (rejeli) proseduranı gurmak.

Bilermenleriň berýän bahalarynyň usuly manysy çaklamanyň esasynda hünär, ylmy we amaly tejribä esaslanan hünärmeniň ýa-da hünärmenleriň toparynyň pikiriniň ýatandygynda jemlenýär. Bilermenleriň bahalary şahsy we toparlaýyn görnüşlerde bolýar.

*Şahsy bilermen bahalary* degişli ugurdan hünärmenleriň-bilermenleriň berýän pikirlerini ulanmaga esaslanýar. Şahsy bilermenleriň berýän bahalarynyň arasynda söhbetdeşlik, seljeriş, ssenariý ýazmak usullary has giňden ýaýrandyr.

150.0 x 225.0 mm

*Söhbetdeşlik usuly* «sorag-jogap» tertibi boýunça sorag geçirýän adamyň (çaklama boýunça hünärmeniň) bilermen bilen söhbetdeşligini göz öňünde tutýar, onuň dowamynda çaklama boýunça hünärmen öňünden işlenip taýýarlanylan maksatnama laýyklykda çaklanylýan obýektiň geljekki ösüşine degişli bilermeniň öňünde soraglary goýýar, şular ýaly baha bermegiň netijesi köp babatda dürli soraglar boýunça bilermeniň netije çykarmaga bolan ukybyna baglydyr.

*Seljeriş usuly* boýunça meýilleriň seljerişiniň, çaklama edilýän obýektiň ösüş ýagdaýyna we ýollaryna baha bermek babatda bilermen özbaşdak işi geçirýär. Çaklamanyň obýekti barada bilermen ähli zerur maglumatlary ulanyp bilýär. Ol öz netijelerini nutuk beýannamasynda resmileşdirýär. Bu usulyň esasy artykmaçlygy – bilermeniň şahsy ukyplaryny iň ýokary derejede ulanmaga bolan mümkinçilikde jemlenýär. Emma bilimleriň gatyşyk pudaklarynda bir hünärmen-bilermeniň bilimleriniň çäklidigi sebäpli, çylşyrymly ulgamlary çaklamakda we strategiýalary işläp taýýarlamakda onuň peýdasy azdyr.

*Ssenariý ýazmak usulyny* hem şahsy, hem toparlaýyn bilermen bahalaryna degişli edip bolýar. Onuň manysy we esasy häsiýetleri aşakda görkezilendir.

Toparlaýyn bilermen bahalary has ygtybarly hasaplanylýar. Toparlaýyn bilermen bahalary aýry-aýry hünärmenleriň görkezen çaklanylýan obýektiň geljekki ösüşiniň ugurlary boýunça bilermenleriň pikirleriniň ylalaşyk derejesini kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Häzirki zaman şertlerinde bilermenlerden alnan sorag-jogaplaryň netijelerini gaýtadan işlemek üçin matematiki-statistiki gurallar ulanylýar. Meselem, islendik meseläni çözmek boýunça bilermenleriň pikirleriniň ylalaşyk derejesine baha bermek üçin bahalaryň dispersiýasy, bahalaryň orta-kwadratik üýtgemegi we şonuň esasynda bahalaryň wariasiýa koeffisiýenti hasaplanylýar. Şu koeffisiýentiň ähmiýeti näçe pes bolsa, şonça-da bilermenleriň pikirleriniň ylalaşyklygy ýokarydyr.

150.0 x 225.0 mm

Bilermen bahalaryny geçirmegi gurnamak üçin işçi toparlar döredilýär, olaryň wezipelerine sorag-jogap geçirmek, maglumatlary işlemek we toparlaýyn bilermen bahalarynyň netijelerini seljermek girýär. Işçi topar görkezilen obýektiň ösüşiniň geljegine degişli soraglara jogap berjek bilermenleri belleýär. Çaklamany işläp taýýarlamak bilermenleriň sanyna, obýektiň çylşyrymlylygyna baglylykda, 10-150 adam bolup bilýär. Çaklamanyň maksady kesgitlenilip, bilermenler üçin soraglar işlenip taýýarlanylýar. Sorag-jogap geçirilende aýry-aýry soraglara düşünmegiň birmeňzeşligini we bilermenleriň pikirleriniň garaşsyzlygyny üpjün etmek zerurdyr. Sorag-jogapdan soňra toparlaýyn bilermen bahalarynyň netijesinde alnan maglumatlar işlenilýär. Jemleýji baha ähli bilermenleriň bahalarynyň ortaça pikiri ýa-da orta arifmetiki manysy hökmünde kesgitlenilýär.

Şeýle-de başga ugurlar hem ulanylyp bilner. Ylmy-tehniki çaklamalar işlenip taýýarlananda maglumatlary statistiki taýdan işlemegiň usulyýetinde otnositel wajyplylygyň bahalarynyň jemini ulanmak göz öňünde tutulýar, ylmy-barlaglaryň her birine baha berilýär. Wajyplygyň bahalary ballarda görkezilip, 0-dan 1-e çenli, 0-dan 10-a çenli, 0-dan 100-e çenli bolup bilýär.

Dünýä tejribesinde toparlaýyn bilermen bahalarynyň usullarynyň pikirleri toparlaýyn toplamak usuly, «635» usuly, «Delfi» usuly, «Komissiýalar» usuly, ssenariý ýazmak usuly ýaly görnüşleri giňden ulanylýar.

*Pikirleri toparlaýyn toplamak* («beýni hüjümi» – iňl. *storm brain*) usulynyň manysy mesele döredýän ýagdaýyň «beýni hüjüminde» hünärmenleriň döredijilik mümkinçiliklerini ulanmakdan ybarat bolup, ol, ilki bilen, pikirleri toplaýar, soňra garşylykly pikirleri hödürläp, ylalaşylan nukdaýnazary işläp, taýýarlap, olary tankyt edýär. Bu usul amerikan alymy A.Osborn tarapyndan işlenip düzüldi, ýagny ol ýüze çykýan pikirler arkaly meseleleri çözmäge ymtylýardy. Şuňa meňzeş usuly 400 ýyl mundan ozal «Hindu» hindi ussatlary öz ýygnaklarynda ulanýardy, ýagny tankydy we çekeleşmeleri gadagan edip, her kim öz pikirlerini erkin beýan etmegini ýola goýýardy, soňra olara baha berilýärdi.

150.0 x 225.0 mm

Pikirleri toparlaýyn toplamak usuly şu tapgyrlary amala aşyrmagy göz öňünde tutýar. *Birinji tapgyr* degişli meseläniň çözgüdi boýunça «beýni hüjümine» gatnaşyjylarynyň toparyny emele getirmek bilen baglydyr. Topardaky hünärmenleriň amatly sany tejribe (empiriki) ýoly bilen tapylýar. 10–15 adamdan ybarat toparlar netijeli hasaplanylýar. *Ikinji tapgyrda* seljeriş topary meseleli haty taýýarlaýar, ýagny onda mesele döredýän ýagdaý görkezilýär we degişli usul bilen meseleli ýagdaý teswirlenýär. *Üçünji tapgyr* – pikirleriň toplanýan tapgyry. Her bir gatnaşyjynyň birnäçe gezek çykyş etmäge hukugy bar. Öňündäki çykyşlaryň tankydy we şübheli bellikleri goýberilmeýär. Alypbaryjy hadysany düzedýär, pikirleriň kämilleşdirilişini ýa-da utgaşdyrylyşyny goldaýar, şeýlelikde, bar bolan gatnaşyjylara erkinlik döredýär. «Beýni hüjüminiň» dowamlylygy gatnaşyjylaryň işjeňliligine baglylykda 20 minutdan 1 sagada çenli ýetýär. *Dördünji tapgyr* – pikirleri toplama tapgyry aýdylan pikirleri ulgamlaşdyrmak bilen baglanyşyklydyr. Pikirleriň sanawy emele gelýär, pikirleri birleşdirip boljak alamatlar görkezilýär, görkezilen alamatlara laýyklykda, pikirler toparlara bölünýär. *Bäşinji tapgyrda* ulgamlaşdyrylan pikirler dargadylýar. Her bir pikir ýokary hünärli hünärmenleriň topary tarapyndan hemmetaraplaýyn tankytlanýar. Topar 20–25 adamdan ybarat bolup durýar. *Altynjy tapgyrda* tankydy belliklere baha berlip, amaly taýdan amala aşyryp boljak pikirleriň sanawy düzülýär. Bu usul çaklama obýektiniň ösüşiniň görnüşlerine ýokary hilli we tiz baha bermäge mümkinçilik berýär.

*«635» usuly* – «beýni hüjümi» görnüşiniň biridir. 6, 3, 5 sanlar – 6 sany gatnaşyjyny görkezip, olaryň her haýsysy 3 sany pikiri 5 minutyň dowamynda ýazmaly. Kagyz sahypasy elden-ele geçýär. Şeýlelikde, her gatnaşyjy özüne ýarym sagatda 18 sany, jemi 108 sany pikiri ýazýar. Pikirleriň gurluşy anyk kesgitlenilýär. Usulyň modifikasiýasy hem bolup bilýär. Bu usul başga ýurtlarda (hususan-da, Ýaponiýada) pikirleriň köplüginden bellibir meseleleri çözmek boýunça has çynlakaý we ösen pikirleri saýlamak üçin giňden ulanylýar.

*Delfi usuly* – bilermen çaklamasynda has esaslandyrylan we berk proseduranyişläp taýýarlamagyň ilkinji synanyşyklarynyň biri bolup, ol *ABŞ*-nyň korporasiýalarynyň biriniň işgärleri T.Gordon we

O.Helmer tarapyndan geçirildi. Olar 1964-nji ýylda ylmyň käbir pudaklarynda ösüşiň geljegine degişlilikde hünärmenleriň pikirlerini umumylaşdyrmagyň we statistiki taýdan gaýtadan işlemegiň netijelerini çap etdiler. Bu usul ylmyň we tehnikanyň ösüşini, maýa goýumlary we beýleki jähetleri çaklamakda ulanylýar.

Delfi usulynyň maksady yzygiderli, köp basgançakly şahsy sorag-jogaplary geçirmegiň maksatnamasyny işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Bilermenlerden şahsy sorag-jogaplar anketalar görnüşinde geçirilýär. Soňra kompýuterde olar statistiki taýdan gaýtadan işlenilip, toparyň umumy pikiri emele getirilýär, dürli pikirleriň bähbidine deliller ýüze çykarylýar we umumylaşdyrylýar. Kompýuterde işlenilen maglumat bilermenlere ýetirilýär. Olar bahalary düzedip bilýärler we şol wagt toparlaýyn pikir bilen ylalaşmazlygyň sebäplerini düşündirýärler. Bu iş 3–4 gezek gaýtalanyp bilýär. Netijede, bahalaryň mukdary azalýar we obýektiň geljekki ösüşine degişlilikde ylalaşylan pikir emele gelýär.

*Delfi usulynyň aýratynlyklary*:

a) bilermenleriň näbellidigi (bilermen toparlaryna gatnaşyjylary biri-biri bilen nämälim anketalar doldurylanda toparyň agzalarynyň arasynda gatnaşyk bolmaýar);

b) öňki tapgyrdaky sorag-jogabyň netijelerini ulanmak mümkinçiligi;

ç) toparyň pikiriniň statistiki häsiýetnamasy meseleli ýagdaýlaryň ösüşini öňünden kesgitlemäge kömek edýär.

*Komissiýalar usuly* – bilermenleriň berýän bahalarynyň biri ýörite toparlaryň işine esaslanýar. Bilermenler topary «tegelek stoluň» başynda garaýyşlary ylalaşmak we ýeke-täk pikiri işläp taýýarlamak maksady bilen, haýsam bolsa bir meseläni ara alyp maslahatlaşýar. Bilermenler topary, esasan, ylalaşygyň logikasyny göz öňünde tutmagy bu usulyň ýetmezçiligini emele getirýär.

*Ssenariý ýazmak usuly* – dürli şertlerde wagt taýdan prosesiň ýa-da hadysanyň logikasyny kesgitlemäge esaslanýar. Ol obýektiň häzirki ýagdaýyndan geljekki ýagdaýyna geçende ösýän hadysalaryň yzygiderliliginiň kesgitlenilmegini göz öňünde tutýar. Ýurtlaryň hojalyklarynyň halkara goşulyşma yzygiderliligini we şertlerini tes-

150.0 x 225.0 mm

wirlemek özboluşly ssenariý bolup durýar, ol şeýle soraglary öz içine alýar:

– bu hadysa haýsy ýönekeý görnüşlerden has çylşyrymly görnüşlere geçmeli?

– ol ýurtlaryň milli hojalyklaryna we ykdysady gatnaşyklaryna nähili täsir eder?

– hojalyklaryň halkara gatnaşyklarynyň dowamynda nähili maliýe, guramaçylyk, durmuş we hukuk meseleleri ýüze çykyp biler?

Çaklama-ssenariý çaklanylýan obýektiň ösüş strategiýasyny kesgitleýär. Ssenaride meseläniň yzygiderli çözülişi, bolup biljek päsgelçilikler görkezilýär. Onda çaklanylýan obýektiň ösüşi boýunça zerur maglumatlar ulanylýar.

Ssenariý ýazylandan we okalandan soňra çaklanylýan döwre durmuş-ykdysady meseleler nukdaýnazaryndan geçirilýän işiň baş maksady aýdyň görünmelidir. Ol köp görnüşli häsiýete eýedir:

– optimistik – has amatly ýagdaýda ulgamyň ösüşi;

– pessimistik – amatlylygy pes ýagdaýda ulgamyň ösüşi;

– işçi – ýüze çykma ähtimallygy has uly, oňyn bolmadyk ýagdaýlara garşy hereket etmegiň hasabyna ulgamyň ösüşi. Çaklama-ssenariniň çäklerinde garaşylmadyk ýagdaýlar ýüze çyksa, goşmaça strategiýany işläp taýýarlamak maksadalaýyk hasaplanylýar.

Taýýar görnüşdäki ssenariý seljerilmelidir. Geljekki çaklama üçin peýdaly diýip hasap edilen maglumatlaryň seljerilişiniň esasynda maksatlary emele getirýän görkezijiler kesgitlenilýär, çalşyp boljak çözgütlere seredilýär.

Ulgamlar seljerilende we çaklananda *çaklama grafy* we *«Maksatlar agajy»* giňden ulanylýar. *Graf* diýip şekile aýdylýar, ol depe nokatlaryndan ybarat bolup, olar öz arasynda kesim – gapyrgalar bilen birleşýärler. *«Maksatlar agajy»* – *graf* – agaç bolup, *depeler* – tapgyrlar ýa-da maksatlara ýetmegiň meseleleriniň arasyndaky gatnaşygy görkezýär. Her bir depe ondan gaýdýan ähli şahalar üçin maksat bolup durýar.

«Maksatlar agajy» birnäçe gurluş derejeleriniň ýa-da köp basgançakly derejeleriň tapawutlandyrylmagyny göz öňünde tutýar.

150.0 x 225.0 mm

Ýokary derejedäki her bir maksat indiki derejäniň kiçi maksatlary görnüşinde görkezilmeli, ýagny kiçi maksatlaryň düşünjeleriniň birleşmesi başlangyç maksadyň düşünjesini doly kesgitlemeli.

«Maksatlar agajynyň» gurluşy köpsanly çaklama meseleleriniň çözgüdini talap edýär: umumylykda alnanda obýektiň ösüşiniň çaklamasy, çaklanylýan maksadyň, derejeleriň we «Maksatlar agajynyň» depeleriniň ssenarisiniň kemala getirilişi, depeleri tertipleşdirmäni görkezijilerden ybarat. Bu meseleler zerur ýagdaýda bilermenleriň baha beriş usullary bilen çözülip bilner. Çaklamanyň obýektine degişli maksada köp dürli ssenariler laýyk bolup biler.

*Morfologik seljerişiň usuly* bolup biljek çözgütleriň içinden meseläniň has amatly çözgüdini saýlamagy aňladýar. Ony düýpli barlaglar çaklanylanda ulanmak maksadalaýyk hasaplanylýar. Morfologik seljerişiň usulyna birnäçe tärler degişli bolup, olar obýektiň häsiýetlerine ulgamlaýyn seredýärler. Barlaglar «morfologik guty» usuly boýunça geçirilýär, ol maksatlar agajy ýa-da matrisa görnüşinde gurlup, onuň öýjüklerine degişli görkezijiler girizilýär. Birinji derejäniň görkezijisiniň indiki derejelerdäki görkezijileriň biri bilen yzygider birleşmeginde meseläniň mümkin bolan çözgüdi emele gelýär. Bolup biljek çözgütleriň umumy sany «gutuda» görkezilen setirler boýunça alnan ähli görkezijileriň köpeldilmegine deňdir. Görkezijileriň ýerlerini çalşyp we dürli görnüşde utgaşdyryp, obýektiň bolup biljek häsiýetlerini işläp taýýarlamak mümkin.

### *Ekstrapolýasiýa usullary*

Usulyýet meýilnamasynda islendik çaklamanyň esasy guraly bolup ekstrapolýasiýa çyzgysy çykyş edýär. *Ekstrapolýasiýanyň* manysy çaklama obýektiniň ösüşiniň öňki we häzirki wagtdaky durnukly meýillerini öwrenmekden we olary geljege geçirmekden ybaratdyr.

Ekstrapolýasiýanyň resmi we çaklama görnüşleri bolýar. *Resmi ekstrapolýasiýa* çaklama obýektiniň ösüşiniň öňki we häzirki meýillerini geljekde saklamaga esaslanan, *çaklama ekstrapolýasiýasynda* obýektiň hakyky ösüşi derňelýän hadysanyň ösüşiniň barşy bara-

daky gipotezalar bilen baglanyşdyrylýar, geljekdäki dürli wakalaryň täsiriniň üýtgemegi hasaba alynýar.

Ekstrapolýasiýa usullary giň ýaýran we düýpli işlenilen diýlip hasaplanylýar. Çaklamagyň ekstrapolýasiýa usullarynyň esasyny empiriki hatarlary öwrenmek bolup durýar. *Empiriki* hatar – wagt taýdan yzygiderli alnan köpsanly synlamalardyr.

Ykdysady çaklamada *matematik ekstrapolýasiýanyň usuly* giňden ulanylýar, matematik manyda funksiýanyň synlama ýaýlasyndan synlama kesiminiň daşynda ýerleşýän ýaýla tarap üýtgemeginiň kanuny taýdan ýaýramagyna düşünilýär. Funksiýa – munuň özi ýönekeý matematik-statistik model bolup, çaklama obýektiniň (ykdysady görkezijiniň) oňa täsir edýän faktorlara baglylygyny görkezýär.

Faktorlar hökmünde dürli görkezijiler, şeýle-de wagt (döwrüň wagty) bolup bilýär. Ikinji ýagdaýda baglanyşyk *trend* diýlip atlandyrylýar.

Baglanyşyklar bir faktorly ($y = f(x)$) we köp faktorly ($y = f(x_1, x_2, \ldots, x_n)$), dürli görnüşli, çyzykly we çyzykly däl görnüşlerde bolup bilýär.

Ykdysadyýetiň üýtgeýän şertlerinde, ýagny bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe, ulanmagy maksadalaýyk bolan ekstrapolýasiýa usullaryna seredip geçeliň.

*Funksiýalary saýlamak usuly* – ekstrapolýasiýanyň has giň ýaýran usuly. Trendiň ekstrapolýasiýasynyň baş tapgyry empiriki hatary teswirleýän funksiýanyň amatly görnüşini saýlamakdan ybarat. Munuň üçin baglanyşygyň görnüşini saýlamagy aňsatlaşdyrmak maksady bilen, ilkinji maglumatlar deslapdan işlenilýär we özgerdilýär, ol bolsa wagtlaýyn hatary düzlemek we deňleşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

Funksiýalary saýlamagyň usuly ykdysady hadysalaryň we şertleriň hereketsizliginden gelip çykyp, bu usuly geçen döwrüň ösüşini kesgitleýän umumy şertleriň geljekde üýtgemeýändigi üçin gysga möhletleýin çaklamalar düzülende hökmany suratda bilermenleriň baha beriş usullary bilen utgaşdyryp ulanmak maksadalaýyk hasaplanylýar.

150.0 x 225.0 mm

Funksiýalary saýlamagyň usuly bilen geçirilen ekstrapolýasiýa birmeňzeş «agramly» ilkinji hataryň ähli maglumatlaryny hasaba alýar. Iň kiçi bölekleriň nusgawy usuly modelde ilkinji maglumatlaryň deň gymmatlylygyny göz öňünde tutýar. Emma tejribeden görnüşi ýaly, ykdysady görkezijileriň «könelme» meýli bolup bilýär. Geljekde hadysanyň ösüşine has giçki synlamalaryň täsiri, has irki synlamalara garanyňda uludyr. Dinamiki hatarlaryň maglumatlarynyň «könelme» meselesini *kadalaşdyrylýan trendli eksponensial sazlamagyň usuly* çözýär. Ol hadysanyň teswirlemesini şeýle gurmaga mümkinçilik berýär: has irki synlamalara görä, has giçki synlamalara uly «agram» berilýär, synlamalaryň «agramy» bolsa eksponent boýunça kemelýär. Netijede, baglanyşygyň ölçegleriniň bahalaryny almaga mümkinçilik döredilýär, olar hadysanyň orta derejesini däl-de, soňky synlama pursadynda emele gelen meýli häsiýetlendirýärler.

Maglumatlaryň könelme tizligi $a$ düzleme ölçegi häsiýetlendirýär. Ol $0 < a < 1$ çäklerde üýtgeýär.

Ölçegiň ululygyna baglylykda, çaklama bahalary synlamalaryň ilkinji hatarynyň täsirini dürli-dürli hasaba alýarlar: $a$ näçe uly bolsa, şonça-da baglanyşygyň emele gelmegine soňky synlamalaryň goşundysy uly bolýar, ilkinji şertleriň täsiri bolsa tiz kemelýär. $a$ kiçi bolanda çaklama bahalary ähli synlamalary hasaba alýar, munda has «köne» maglumatyň täsiriniň azalmagy haýal geçýär, ýagny $a$ näçe kiçi bolsa, şonça-da maglumatlar has durnukly bolýar we tersine, $a$ näçe uly bolsa, şonça-da maglumatlar durnukly bolmaýar.

Ykdysady çaklama babatda $0{,}05 < a < 0{,}3$ çäkler has köp ulanylýar. $a$-nyň ähmiýeti umumy ýagdaýda çaklamanyň möhletine bagly bolmalydyr: möhlet näçe az bolsa, şonça-da ölçegiň ähmiýeti uly bolmalydyr.

Bu usul *EHM*-de ýörite işlenip taýýarlanylan maksatnamalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar.

### *Modelirleme usullary we ykdysady-matematik usullar*

*Modelirleme* obýekti ýa-da hadysany deslapdan öwrenmegiň, onuň wajyp häsiýetlerini ýa-da alamatlaryny ýüze çykarmagyň esasynda modeli emele getirmegi göz öňünde tutýar. Modelleri ulanyp, ykdysady we durmuş hadysalary çaklamak şu aşakdakylary öz içine alýar:

– modeli işläp düzmek;

– ony eksperimental taýdan seljermek;

– obýektiň ýa-da hadysanyň ýagdaýynyň hakyky maglumatlary bilen modeliň esasynda çaklanan hasaplamalaryň netijelerini deňeşdirmek;

– modeli düzetmek we anyklamak.

Ykdysady we durmuş hadysalaryny dolandyrmagyň derejesine baglylykda, makroykdysady, pudagara, etrabara, pudaklaýyn, sebitleýin we mikroderejäniň modelleri (kärhananyň ösüşiniň modelleri) tapawutlandyrylýar.

Ykdysadyýeti ösdürmegiň jähetleri boýunça esasy gaznalary döretmegiň, zähmet resurslaryny, nyrhlary çaklamagyň modelleri tapawutlandyrylýar. Modelleri toparlara bölmegiň başga-da, ýagny wagt, faktorly, ulag, önümçilik alamatlary bolýar.

*Matrisa modellerine pudagara balansyň modelleri* (*PBM*) tapawutlandyrylýar, ýagny muňa statiki we dinamiki modeller degişlidir. Statiki modeller gysga möhletleýin döwre çaklanylýan makroykdysady hasaplamalary geçirmek üçin niýetlenilýär, dinamiki modeller – geljekki döwür üçin ýurduň ykdysadyýetini ösdürmegiň hasaplamalaryny geçirmäge niýetlenilýär. Olar üznüksiz önümçilik hadysasynyň ösüşini görkezýärler we önümleri (hyzmatlary) öndürmegiň çaklamasynyň maýa goýumlar bilen baglanyşygyny üpjün edýärler.

Modelleriň esasynda emele getirilen pudagara balansy köp meseleleri çözmek üçin, ýagny makroykdysady görkezijileri, pudagara gatnaşyklary we akymlary (üpjün edilişi), ykdysadyýetiň gurluşyny, pudaklaýyn harajatlary, nyrhlaryň ösüşini, önümçiligiň netijeliliginiň görkezijilerini (material, energiýa, metal, himiýa we gazna talap edijiligi) çaklamakda ulanylyp bilner.

150.0 x 225.0 mm

*Amatly meýilnamalaşdyrmagyň modelleri* tutuş ykdysadyýetiň we onuň aýratyn bölekleriniň işleýşiniň amatly görnüşini kesgitlemek üçin ulanylýar. *Ykdysady-matematik model* ykdysady hadysanyň resmileşdirilen teswirlemesi bolup, maksatly funksiýadan we çäklendirmeler ulgamyndan ybarat. *Maksatly funksiýa* amatlylaşdyrmagyň maksadyny teswirläp, amatlylygyň alnyp barylýan görkezijisiniň garaşsyz üýtgeýän görkezijilere baglylygyny görkezýär. Maksatly funksiýanyň ululygyna her bir üýtgeýän görkezijileriň täsiri, koeffisiýent – ekstremumy amatlylyk ölçegi hökmünde ulanylýan görkezijiniň ähmiýeti bilen görkezilýär. *Çäklendirmeleriň ulgamy* obýektiw ykdysady gatnaşyklary we baglanyşyklary görkezip, deňlikleriň we deňsizlikleriň ulgamy bolup durýar. Makroderejede amatlylyk ölçegi bolup jemi milli önümiň (*JMÖ*) maksimumy çykyş edýär. Mikroderejede amatlylyk ölçegi hökmünde görkezijileriň: girdejiniň maksimumy, çykdajylaryň minimumy, önümleri öndürmegiň (hyzmatlary etmegiň) maksimumy we beýleki ekstremumlar ulanylyp bilner.

Makroderejede hasaplar jemlenen görnüşde geçirilýär. Çäklendirmeleriň ulgamy käbir üýtgeşmelere sezewar bolýar. Hususan-da, enjamyň iş wagtynyň gaznasy boýunça çäklendirmeleriň ýerine gazna talap edijilik ýa-da önümçilik kuwwaty boýunça çäklendirmeler girizilýär (pudak derejede), giňişleýin assortimenti toparlaýyn assortiment bilen çalşylýar.

*Ykdysady-statistiki modeller* ykdysady görkezijileriň aragatnaşygynyň, baglanyşygynyň we özara şertleşiginiň mukdar taýdan häsiýetnamasyny kesgitlemek üçin ulanylýar. Şular ýaly modelleriň ulgamy bir, köp faktorly we ekonometriki modelleri öz içine alýar.

*Köp faktorly modeller* çaklanylýan görkezijiniň derejesine birnäçe faktorlaryň täsirini bir wagtda hasaba almaga mümkinçilik berýär.

Köp faktorly modeller makroykdysady görkezijiler, önümlere bolan islegi, önümiň özüne düşýän gymmaty, nyrhlar, girdeji we beýleki görkezijiler çaklanylanda ulanylýar.

*Ekonometrik model* diýip regressiýa deňlemeleriň we toždestwolaryň ulgamyna aýdylýar, ol ykdysadyýetiň ösüşiniň esasy görkezijileriniň özara gatnaşygyny we baglanyşygyny aýdyňlaşdyrýar.

150.0 x 225.0 mm

Ekonometrik görnüşli ykdysady-matematik modelleriň ulgamy çylşyrymly durmuş-ykdysady hadysalary teswirlemäge hyzmat edýär. Ekonometrik modeliň faktorlary ekzogen (daşky) we endogen (içki) görnüşlere bölünýär. *Ekzogen faktorlar* modelirlenýän ulgama täsir edip, onuň täsirine duçar bolmaz ýaly saýlanylýar. Olar bilermen bahalarynyň esasynda modele girizilip bilner. *Endogen faktorlar* stohastiki we toždestwo deňlemelerini çözmek arkaly kesgitlenilýär. Her bir endogen faktor üçin *IKKU* arkaly regressiýa deňlemeleriň birnäçe görnüşine baha berilýär we modele goşmak üçin iň gowusy saýlanylýar. Meselem, önümçilik maksatly maýa goýumlar girdejiniň jemine (endogen faktor) we maýa goýulýan harytlaryň nyrhlaryna (ekzogen faktor) baglydyr. Ekonometrik modeliň organiki bölegi pudagara balans hem bolup bilýär. Adaty bolşy ýaly, modeliň deňlemeleriniň mukdary endogen faktorlaryň sanyna deň.

Ekonometrik modeller köp görkezijileri (*JMÖ*, ilatyň girdejileri, harytlaryň we hyzmatlaryň sarp edilişi we beýlekiler) çaklamaga mümkinçilik berýärler. Hasaplaryň awtomatlaşdyryş şertlerinde daşky we içki faktorlaryň üýtgemelerini hasaba alyp, ykdysadyýeti ösdürmegiň alternatiw görnüşlerini işläp taýýarlamaga mümkinçilik döredilýär. Ekonometrik modelleriň ulanylyşynyň bu modelleri işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça maglumatlaryň banklaryny döretmegi we ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamagy talap edýändigini bellemek zerur.

*Imitasiýa (öýkünme) modelirlemegiň* maksady – onuň bölekleriniň arasynda has wajyp özara gatnaşyklary seljermegiň netijeleri esasynda derňelýän ulgamyň özüni alyp barşyny gaýtadan döretmekden ybaratdyr. Imitasion modeller hakyky hadysalary gaýtadan döretmäge we dürli hereketleriň netijelerini öňünden görmäge mümkinçilik berýär. Meselem, amatlylyk hadysasynyň imitasiýa modelini çaklamagyň netijelerini almak we olary seljermek bilen dolandyrylýan faktorlaryň ähmiýetiniň ulgamlaýyn üýtgemegi hökmünde görkezip bolar.

*Çözgütleri kabul etmegiň modelleri* oýunlaryň nazaryýetine esaslanýar we kesgitläp bolmaýan şertlerde ýa-da taraplaryň bähbitleri gabat gelmedik ýagdaýynda ulanylýar. Her bir tarap şeýle çözgüt-

leri kabul edýär, ýagny olaryň nukdaýnazaryndan iň uly utuşy ýa-da iň kiçi utulyşy üpjün edýän hereketleriň strategiýasyny saýlaýar. Üstesine-de, taraplaryň her birine gazanyljak netijäniň diňe bir öz hereketlerine däl-de, eýsem, beýleki tarapyň hem hereketlerine baglydygy mälimdir, muňa önümiň kesgitli görnüşiniň ýerlenilýän bazary ugrunda bäsdeşleriň göreşi mysal bolup biler.

*Tor görnüşli meýilnamalaşdyryş modelleri* çylşyrymly taslamalary we beýleki işleri hem-de onuň üçin niýetlenilen serişdeleri netijeli peýdalanmagyň ýerine ýetiriliş möhletlerini gysgaltmak maksady bilen ulanylýar.

Çyzgy görnüşinde özara baglanyşykly işleriň toplumyny görkezmek tor görnüşli meýilnamalaşdyryşyň esasy bolup hyzmat edýär, adatça, ol tor görnüşli çyzgy, peýkam görnüşli diagramma, logiki tor ýa-da tor modeli diýlip atlandyrylýar. Tor görnüşli çyzgyda öňde goýlan maksada ýetmek üçin zerur bolan meýilnamalaşdyryş tapgyrlarynyň yzygiderliligi görkezilýär.

Meýilnamalaşdyryşyň tor görnüşli usullarynyň mysaly *PERT*-wagt ýa-da *PERT*-çykdajylar usuly bolup durýar (*PERT – Project Evaluation and Reviev Technique* – taslamalar boýunça işleri dolandyrmagyň ulgamy).

Ykdysady-matematik modeller *ykdysady-matematik usullaryň* (*YMU*) kömegi bilen amala aşyrylyp bilner. *YMU* amaly matematikanyň we matematiki statistikanyň usullaryny ulanyp, ykdysady görkezijileri hasaplamagyň tärleri bolup durýar. *YMU*-nyň kömegi bilen ykdysady görkezijileriň üýtgedilmeginiň hemmetaraplaýyn esaslandyrylma mümkinçiligi ýüze çykýar. Olar çaklamalaryň hilini ýokarlandyrmaga, köp görnüşli amatly hasaplamalary amala aşyrmaga mümkinçilik berýärler.

Wajyp *YMU*-nyň arasynda pudagara deňagramlylyk, amatlylyk usullaryny (simpleks-usulyny we beýlekileri), korrelýasiýa-regressiýa usulyny görkezip bolýar.

Pudagara deňagramlylyk modeliniň esasynda pudagara deňagramlylyk usulynyň ulanylyşy ahyrky zerurlyklardan (*JMÖ*-niň ahyrky ulanylyşyndan) ugur alnyp, ykdysadyýetiň we onuň pudaklaýyn gurluşynyň ösüşini çaklamaga mümkinçilik berýär.

150.0 x 225.0 mm

Pudagara deňagramlylyk birnäçe yzygiderli tapgyrlaryň esasynda işlenip taýýarlanylýar:

1) çaklanylýan döwürde önümleriň (hyzmatlaryň) ahyrky ulanylyşynyň möçberini we pudaklaýyn gurluşyny kesgitlemek;

2) çaklanylýan döwre her bir pudak boýunça göni maddy harajatlaryň koeffisiýentlerini işläp taýýarlamak;

3) önümleriň (hyzmatlaryň) ahyrky ulanylyşynyň birligini öndürmek üçin doly harajatlaryň koeffisiýentlerini hasaplamak;

4) doly harajatlaryň koeffisiýentlerinden we önümiň ahyrky ulanylyşynyň meýilnamalaşdyrylýan möçberlerinden ugur alyp, her bir pudak boýunça önümleriň (hyzmatlaryň) öndürilişiniň çaklanylýan möçberini kesgitlemek;

5) her bir pudak boýunça aralyk sarp edişi we ahyrky ulanylyşy görkezip, önümleriň (hyzmatlaryň) öndürilişiniň gurluşyny emele getirmek.

*Amatlylyk usullaryna* çyzykly (simpleks-usuly) we bitin sanly programmirleme degişlidir. Amatlylyk usullarynyň kömegi bilen serişdeleri peýdalanmagyň amatly görnüşini saýlamaga we zerurlyklary kanagatlandyrmaga, öndüriji güýçleri ýerleşdirmäge, sarp edijilere üpjün edijileri oýlanyşykly berkitmäge we beýleki meseleleri çözmäge mümkinçilik döredilýär.

*Amatlylyk hasaplamalary* işlenip taýýarlanylan ykdysady-matematik modelleriň we ilkinji maglumatlaryň esasynda ýörite programma bukjalaryny we *EHM*-i ulanmak bilen amala aşyrylýar. Programma arkaly matrisa emele getirilýär, onda çykdajylaryň koeffisiýentleri, çäklendirmeleriň görnüşleri we wektory, şeýle-de maksatly funksiýanyň koeffisiýentleri görkezilýär. Amatlylyk usullarynyň kömegi bilen hasaplamalar geçirilýär, onuň dowamynda goýlan çäklendirmeleriň çäklerinde maksatly funksiýa laýyklykda amatly görnüşi saýlanylýar.

Amatlylyk hasaplamalarynyň netijeleri maslahat beriji häsiýetli bolýar. Üýtgeýän şertler bilen baglylykda serişdelere, önümlere bolan islegler boýunça çäklendirmeleri üýtgedip, köpsanly hasaplamalary geçirip bolýar. Gepleşikleriň tertibinde *PEHM* (personal *EHM*) bilen işlemek arkaly islenilýän netijelere ýetip bolýar.

5. Sargyt № 1985

150.0 x 225.0 mm

Korrellýasiýa-regressiýa usulynyň manysy görkezijiniň dürli ýagdaýlara garaşlylygyny kesgitlemekden ybaratdyr. Bu usul çaklanylýan görkezijileriň we oňa täsir edýän şertleriň arasynda korrelýasiýa baglanyşygynyň barlygyny, baglanyşyň görnüşini kesgitlemegi, deňlemäni düzmegi we onuň esasynda çaklamany amala aşyrmagy göz öňünde tutýar. Baglanyşygyň görnüşi bir alamatyň ähmiýetleriniň beýlekiniň üýtgemelerine baglylykda üýtgemegini häsiýetlendirýär. Ol çyzykly we çyzykly däl görnüşlerde bolup, ýokarda görkezilen deňlemeler bilen aňladylyp bilner. Baglanyşygyň görnüşini kesgitlemek bilen bilelikde, baglanyşygyň darlygy kesgitlenilýär, ony *R* korrelýasiýa koeffisiýentini häsiýetlendirýär.

### *Ykdysady seljeriş usuly*

Ykdysady seljeriş çaklamanyň we meýilnamalaşdyrmanyň logikasynyň esasy we aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ol makro, mezo hem mikroderejede amala aşyrylmalydyr.

Ykdysady seljeriş geçirilende ulgamlaýyn çemeleşmeden peýdalanmak gerek. Umumylykda halk hojalygyna (ykdysadyýete) we onuň düzüm böleklerine, ýagny pudaklara, sebitlere, birleşiklere, kärhanalara ulgam hökmünde garalýar. Seljerme toplumlaýyn, ýagny hemmetaraplaýyn bolmalydyr.

*Ykdysady seljeriş usulynyň* manysy – ykdysady hadysanyň ýa-da wakanyň düzüm böleklere bölünip, bu bölekleriň gatnaşygyny ýüze çykarmakdan we biri-birine hem-de bütin hadysanyň ösüşine edýän täsirini kesgitlemekden ybaratdyr. Seljeriş şunuň ýaly prosesiň manysyny ýüze çykarmaga, çaklanylýan (meýilnamalaşdyrylýan) döwürde onuň üýtgeýşiniň kanunalaýyklygyny kesgitlemegiň, goýlan maksatlara ýetmegiň ýolunda mümkinçiliklere hemmetaraplaýyn baha bermäge ýardam edýär.

Ykdysady seljeriş birnäçe tapgyrlara bölünýär:

1) meseläni goýmak, baha bermegiň maksatlaryny we ölçeglerini kesgitlemek;

2) seljeriş üçin maglumatlary taýýarlamak;

150.0 x 225.0 mm

3) maglumatlary öwrenmek we seljerip gaýtadan işlemek;

4) meseläni çözmegiň we maksatlara ýetmegiň mümkin bolan görnüşleri barada maslahatlary işläp taýýarlamak;

5) seljerişiň netijelerini resmileşdirmek.

*Makroderejedäki ykdysady seljeriş* ykdysadyýetiň ösüş depginlerini, emele gelen halk hojalygynyň deň ölçegliliklerini, jemgyýetçilik önümçiliginiň gurluşyny toplumlaýyn öwrenmegi göz öňünde tutýar. Zähmet, tebigy-resurs mümkinçiliginiň ulanylyşyna, ylmy-tehniki ösüşine baha berilmelidir. Önümçiligiň netijeliliginiň wajyp görkezijileriniň üýtgeme meýillerini ýüze çykarmaga aýratyn ähmiýet bermek zerur, olar ykdysady ösüşiň hilini, ýagny material we energiýa talap edijiligini, gaznalaryň netijeliligini, zähmet öndürijiligini häsiýetlendirýärler. Geljekki döwürde ýurduň ykdysadyýetiniň ýagdaýynyň toplumlaýyn seljerilişi ykdysady ösüşiň derejesiniň we halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ykdysadyýetde ösen döwletleriň meňzeş görkezijilerini deňeşdirip, umumy baha bilen we netijeli ýollar bilen, maksatlara ýetmek boýunça meseleleri çözmek babatda maslahatlary işläp taýýarlamak gerek.

Mikroderejede ykdysady seljerişde önümçilik harajatlaryny azaltmagyň ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmaga, önümçilik kuwwatlyklaryny, maliýe we zähmet resurslaryny ulanmagyň netijeliligini kesgitlemäge üns bermelidir. Eksport mümkinçilikleriniň ösüş derejesini bökdeýän ýagdaýlary ýüze çykarmak, öndürilýän önümleriň oňa bolan islege laýyklygyny seljermek zerurdyr.

Ykdysady seljerişiň dowamynda deňeşdirme, toparlama, indeks usullary ulanylýar, balans hasaplamalary geçirilýär, kadalar we ykdysady-matematiki usullar (korrelýasiýa-regressiýa seljeriş usuly we beýlekiler) ulanylýar. Toparlama usuly ykdysady seljerişiň obýektlerini hil taýdan birmeňzeş toparlara birleşdirmegi göz öňünde tutýar, munuň özi olaryň ösüş kanunalaýyklygyny derňemäge, olaryň ösüş depginini, özara gatnaşygyň häsiýetini kesgitleýän aýry-aýry ýagdaýlary öwrenmäge, şeýle-de ykdysady hadysalaryň birmeňzeş toparynyň ösüş meýillerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Umumylaşdyryjy görkezijiniň üýtgemegini kesgitlemek üçin *eliminirleme usulyny* ulanmak maksadalaýykdyr. Ýagdaýlaryň täsiri

bellenilen yzygiderlikde kesgitlenilýär. Bir ýagdaýyň täsiri kesgitlenilende beýleki ýagdaýlaryň görkezijileriniň san taýdan ähmiýetleri üýtgemän galýar. Ykdysady seljerişiň tejribesinde eliminirleme – zynjyr görnüşde goýmagyň usuly hökmünde bellidir.

*Indeks usuly* makroykdysady görkezijileri, nyrhlary we ş.m. ulanmagyň esasynda ykdysadyýetiň ösüş depginlerini we deň ölçegliligini seljermekde peýdalanylýar. Görkezijileriň indeksleri olaryň üýtgeýşiniň hakyky ýa-da çaklanylýan depginlerini görkezip bilýär. Olar ykdysady we durmuş taýdan ösüşiniň hakyky tarapyny görmäge mümkinçilik berýär.

### *Balans usuly*

*Balans usulynyň* kömegi bilen deň agramlylyk we deň ölçeglilik ýörelgesi amala aşyrylýar. Ol çaklamalar, meýilnamalar we maksatnamalar işlenip taýýarlanylanda ulanylýar. Onuň manysy ýurduň önümleriň dürli görnüşleri, maddy, zähmet we maliýe resurslary babatda zerurlyklaryny öndürmegiň mümkinçilikleri we resurslaryň çeşmeleri bilen baglanyşydyrmakdan ybarat bolup durýar.

Balans usuly balanslary işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýar, ol görkezijiler ulgamy bolup, onda gelýän çeşmeler boýunça resurslary häsiýetlendirýän bölüm olaryň harçlanylyşynyň ähli ugurlary boýunça ýaýradylyşyny (ulanylyşyny) görkezýän bölüme deňdir.

Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe makroderejede işlenip taýýarlanylýan töleg balanslarynyň, ýurduň girdejileriniň we çykdajylarynyň balansy, ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansy, zähmet resurslarynyň jemleýji balansy, isleg we teklibiň balanslary ýaly çaklama balanslarynyň orny güýçlenýär. Balans hasaplamalarynyň netijeleri durmuş, maliýe-býujet, pul-karz, gurluş syýasatyny, iş bilen üpjünçilik syýasatyny we daşary-ykdysady işi emele getirmekde esas bolup hyzmat edýär. Şeýle-de balanslar häzirki döwürde deň ölçegsizlikleri ýüze çykarmak, ulanylmadyk ätiýaçlyklaryň üstüni açmak we täze deň ölçeglilikleri esaslandyrmak üçin ulanylýar.

150.0 x 225.0 mm

Çaklamada we meýilnamalaşdyrmada ulanylýan balanslar ulgamy maddy, zähmet we maliýe balanslaryny öz içine alýar. Görkezilen toparlaryň her haýsysyna birnäçe balanslar degişlidir.

Çaklama we meýilnama balanslarynyň ulgamynda maddy balanslar merkezi orny eýeleýär. Olaryň kömegi bilen önümleriň bellibir görnüşleriniň öndürilişi we sarp edilişi baglanyşdyrylýar, kärhanalaryň önümçilik maksatnamasy esaslandyrylýar. Olar pudagara deň ölçegliliklerini kesgitlemek üçin giňden ulanylýar. Bu mesele ozal garalan modelleriň we usullaryň esasynda pudagara balanslaryny işläp taýýarlamak arkaly çözülýär.

Maddy balanslar hem degişli tebigy, hem şertli tebigy ölçeg birliklerinde ýa-da pulda aňladylyp taýýarlanylýar. Meselem, ýangyjyň jemleýji balansy natural görnüşde we şertli ýangyçda (şertli ýangyjyň tonnasynda – ş.ý.t.) işlenip taýýarlanylýar.

Düzgün bolşy ýaly, ähli maddy balanslar iki bölekden, ýagny resurslardan we paýlamakdan ybarat. Resurs böleginde esasy gelýän çeşmeler, paýlamak böleginde bolsa sarp edişiň esasy ugurlary görkezilýär. Adatça, olar bellibir tertipde düzülýär. Önümçilik serişdeleriniň balansynyň mysalynda maddy balansyň işlenip taýýarlanylyşynyň usulyýetine seredip geçeliň.

*3-nji tablisa*

**Senagat önüminiň maddy balansynyň çyzgysy**

| Resurslar | Paýlamak |
|---|---|
| 1. Önümçilik<br>2. Import<br>3. Beýleki gelip gowuşmalar<br>4.Çaklanylýan (meýilnamalaşdyrylýan) döwrüň başyndaky galyndylar | 1. Önümçilik – ulanylyş zerurlyklary<br>2. Düýpli gurluşyk<br>3. Eksport<br>4. Bazar gaznasy<br>5. Beýleki çykdajylar (döwlet ätiýaçlyklarynyň doldurylyşy we beýlekiler)<br>6. Çaklanylýan (meýilnamalaşdyrylýan) döwrüň soňundaky galyndylar |
| Jemi | Jemi |

150.0 x 225.0 mm

*Balansyň işlenip taýýarlanylyşy* önümçilik-ulanylyş zerurlyklaryna we düýpli gurluşyga bolan resurslara bolan zerurlyklary kesgitlemekden başlanýar. Munuň üçin birnäçe usullar ulanylyp bilner. Onuň giňden ýaýran görnüşleriniň biri-de kadalar usuly bolup, oňa laýyklykda, kadalaryň we önümleri öndürme (işleri ýerine ýetirmegiň) möçberleriniň kömegi bilen bellibir resursa, meselem, gara metallary öndürip almaga bolan zerurlyklar kesgitlenilýär. Çaklama balanslary işlenip taýýarlanylanda iri (toparlaýyn) kadalar ulanylýar. Düzgün bolşy ýaly, makroderejede önümiň 1 *mln (mlrd)* manadyna resurslaryň çykarylyşynyň ýa-da gurluşyk-gurnama işleriniň 1 *mln (mlrd)* manadyna iri kadalar ulanylýar. Çig mala, materiallara, ýangyç-energetika resurslaryna we şeýle-de önümlere nyrhlaryň ýokarlanmagyna baglylykda, bu kadalar hemişe anyklanylmalydyr. Eksporta bolan zerurlyklar başga ýurtlar bilen şertnamalaýyn ylalaşyklaryň esasynda kesgitlenilýär, bu ylalaşyklar önümlere bolan isleg, olaryň nyrhlary, önümçilik mümkinçilikleri hasaba alnyp baglaşylýar. Düzgün bolşy ýaly, bazar gaznasy geljek üçin işlenip taýýarlanylan çäreleri hasaba alyp, öňki döwürleriň maglumatlarynyň esasynda kesgitlenilýär. Halkyň sarp ediş harytlaryna degişlilikde, bazar gaznasy haryt dolanyşygy baradaky çaklama maglumatlaryndan ugur alnyp hasaplanylmalydyr, olary kesgitlemekde bolsa, ilatyň jan başyna düşýän sarp ediş kadalary we ilatyň sany esas edip alynýar. Şeýle-de, geljekki döwürde ilatyň girdejileri, nyrhlar we sarp ediş baradaky maglumatlar hasaba alynmaly. Galan çykdajylary ekstrapolýasiýa bilen bilelikde bilermenleriň baha beriş usuly bilen kesgitläp bolýar. Resurslaryň galyndylary kesgitlenilen kadalaryň esasynda hasaplanylýar.

Balansyň *resurs bölegi* zerurlyklar kesgitlenilenden soňra emele gelýär. Resurslar ähli gelýän çeşmeler boýunça hasaplanylýar. Resurslaryň esasy çeşmesi bolup önümçilik çykyş edýär. Eger-de ýurt öz önümçiliginiň hasabyna resurslara bolan zerurlygyny üpjün etmese, onda resurslar bilen üpjünçilik meselesi import arkaly çözülýär. Şonda gurluş syýasaty we daşary ykdysady iş boýunça syýasat nazara alynýar.

Balansy işläp taýýarlamagyň *jemleýji tapgyry* – bu zerurlyklaryň resurslar bilen baglanyşygydyr. Ol önüm birligine resursyň harçlanylyşynyň kadasyny azaltmak, resursyň önümçiligini artdyrmak we beýlekiler boýunça çäreleri işläp taýýarlamak arkaly amala aşyrylýar.

Balans usulynyň kämilleşdirilişi şu ugurlar boýunça amala aşyrylýar: balanslary, aýratyn hem pudagara balanslaryny işläp taýýarlamagyň usulyýetini kämilleşdirmek, *EMM*-ni we *EHM*-i balans hasaplaşyklaryny amala aşyrmak üçin ulanmak, çaklama we meýilnama balanslary işlenip taýýarlanylanda degişli kadalardan peýdalanmak.

### *Kadalar usuly*

*Kadalar usuly* çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň esasy usullarynyň biri hasaplanylýar. Häzirki zaman şertlerinde ykdysadyýetiň kadalaşdyryjylary hökmünde birnäçe kadalaryň ulanylmagy bilen baglylykda, bu usula aýratyn ähmiýet berilýär. Kadalar usulyň manysy kadalary ulanmak bilen, çaklamalary, meýilnamalary, maksatnamalary tehniki-ykdysady taýdan esaslandyrmakdan ybaratdyr. Kadalar resurslara bolan zerurlyklary we olary ulanmagyň görkezijilerini hasaplamak üçin ulanylýar. Kadalaryň kömegi bilen wajyp deňölçeglilikler, maddy önümçiligiň we önümçilik däl ulgamyň ösüşi esaslandyrylýar, ykdysadyýet kadalaşdyrylýar.

*Kada* önüm (iş) birligine serişdeleri harçlamagyň ylmy taýdan esaslandyrylan, kabul edilen ölçeg birliklerindäki ölçegini häsiýetlendirýär, meselem, tassyklanan reseptura laýyklykda, 1 *t* çörek-bulka önümlerine unuň sarp edilişi. Kada görnüşinde ylmy taýdan esaslandyrylan iýmit rasionyna laýyklykda, ilatyň jan başyna düşýän islendik önümiň sarp edilişi çykyş edýär. Meselem, et we et önümlerini bir ýylda bir adamyň sarp etmegi üçin berilýäni 82 kilograma deň. Önümçilik däl ulgamda bir ýaşaýja umumy we ýaşaýyş meýdanyň zerur ululygy, bir adamyň suwy sarp edijiligi we beýleki kadalar ulanylýar.

150.0 x 225.0 mm

Düzgün bolşy ýaly, kadalar otnositel görnüşde işlenip taýýarlanylýar. Olar resurslary ulanmagyň derejesini (meselem, metaldan guýup almagyň ýyllyk çykyşynyň %-ni), önümiň 1 *mln* manadyna serişdeleriň sarp edilişini, karz üçin tölegiň ululygyny (göterim derejelere) we beýlekileri häsiýetlendirýär.

Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň tejribesinde kadalar ulgamy ulanylýar, ol ulgam şu aşakdakylary öz içine alýar:

– çig mal we ýangyç-energetika serişdelerini sarp etmegiň kadalaryny;

– zähmet çykdajylarynyň kadalaryny;

– esasy önümçilik gaznalaryny ulanmagyň kadalaryny;

– maýa goýumlaryň we düýpli gurluşygyň kadalaryny;

– jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliligini häsiýetlendirýän kadalary;

– maliýe (amortizasiýa kadalary, girdejililigiň kadalary, salgyt derejeleri we beýlekiler);

– durmuş (iň pes sarp ediş býujeti, iň pes zähmet haky, ilatyň jan başyna düşýän azyk we azyk däl harytlaryň sarp ediliş kadalary, şäher we oba ýerlerinde ýaşaýyş meýdanynyň kadalary);

– ekologik (daşky gurşawa zyýanly maddalaryň zyňylyş kadalary, suwda zyýanly maddalaryň möçberiniň kadalary we beýlekiler) kadalary. Maliýe, durmuş we ekologik kadalar ykdysadyýetiň wajyp kadalaşdyryjylary bolup çykyş edýär. Meselem, girdejililigiň kadalarynyň kömegi bilen monopolist kärhanalaryň önümleriniň nyrhlary kadalaşdyrylýar, umumy durmuş kadasy bolan iň pes sarp ediş býujetiniň binýadynda iň pes zähmet haky, pensiýalar, talyp haklary kesgitlenilmelidir. Ekologik kadalar ekologik salgydyň ululygy kesgitlenilende esas bolup hyzmat edýär. Mundan başga-da, olar täze tehnika we tehnologiýa döredilende, täze gurluşyklar taslamalaşdyrylanda we bar bolan kärhanalaryň durky täzelenilende, daşky gurşawy goramak boýunça çäreler amala aşyrylanda hasaba alynýar.

Ähli kadalar *häzirki* we *geljekki* görnüşlerde bolýar. Häzirki kadalar häzirki döwür (ýyl, aý), geljekki kadalar geljek üçin çaklama-meýilnamalar işlenip taýýarlanylanda ulanylýar.

*Makroderejede*, esasan, iri kada, *mikroderejede* bölekleýin, bölek-ýöriteleşdirilen we şahsy kadalar ulanylýar. Kärhananyň geljegi üçin çaklamalar we meýilnamalar işlenip taýýarlanylanda toparlaýyn kadalar ulanylýar, meselem, bir traktora metalyň kadasynyň sarp edilişi (traktoryň modeli hasaba alynmaýar), 1 *t* süýji-köke önümlerine şekeriň sarp ediliş kadasy. Toparlaýyn kadalar assortiment öndürilişine laýyklykda, önümiň möçberini ölçemek arkaly bellibir önüm birligi boýunça çykdajylaryň bölekleýin ýa-da şahsy kadalaryň esasynda kesgitlenilýär.

*Kadalar* ýaýraýyş häsiýeti boýunça *ýerli*, *pudaklaýyn* we *pudagara* görnüşlerde bolýar.

Tejribede kadalar dürli usullar bilen kesgitlenilýär. Olaryň iň kämili *hasap-seljeriş usulydyr*, ol tehniki-ykdysady hasaplamalaryň esasynda kadalary kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Munuň üçin ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny, usulyýetleri we görkezmeleri hasaba alyp, tehniki resminamalar ulanylýar. Şu usul bilen hasaplanylan kadalar tehniki taýdan esaslandyrylan diýlip kabul edilýär. Haçan-da hasaplama-seljeriş usulyny ulanmaga mümkinçilik bolmasa, kadalar geçen ýylyň hasabat-statistiki maglumatlarynyň esasynda ýa-da tejribe arkaly seljerişiň netijesinde ýüze çykarylan önümçilik ätiýaçlyklaryny hasaba alyp, tejribeleriň we eksperimental maglumatlaryň esasynda kesgitlenilýär. Hasabat-statistiki kadalar wagtlaýyn bolmaly, sebäbi geçen döwrüň maglumatlarynyň esasynda hasaplanylýar we şol maglumatlara mahsus bolan ýetmezçilikleri hem bolýar. Käwagt olara könelişen kadalar diýilýär, sebäbi olar çaklanylýan döwürde *YTÖ*-niň gazananlaryny we önümçilik ätiýaçlyklarynyň ulanylyşyny görkezmeýärler, şonda olara täzeden garamaly bolýar. Kadalary emele getirmek üçin seredilen usullar bilen bilelikde faktor usuly hem ulanylyp bilner, ol çaklanylýan (meýilnamalaşdyrylýan) döwürde ýagdaýlaryň üýtgeýşine täsir edýän şertleri hasaba almagy göz öňünde tutýar.

Kadalary işläp taýýarlamagyň ylmy derejesini we hilini ýokarlandyrmak üçin kadalaşdyrma, guramaçylygy we kadalary taýýarlamagyň tehnologiýasyny kämilleşdirmek zerur.

Hümmetsizlenme hadysalary bilen baglylykda, iri (orta pudaklaýyn) kadalaryň hemişe düzedilmegi talap edilýär, olar önümleriň (işleriň) 1 *mln* manadyna serişdeleriň harçlanylyşyny ýa-da önümleriň (işleriň) 1 *mln* manadyna (tonnada) ýükleri daşamagyň möçberini häsiýetlendirýär.

Kadalar ulgamynyň giňelmegi, olaryň emele gelmegine ýokarlandyrylan talaplar we *YDTKMU*-nyň (ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň maglumat ulgamyny) ösüşi *KAU*-ny (kadalary ýygnamagyň, toplamagyň we täzelemegiň awtomatlaşdyrylan ulgamyny) döretmegiň zerurlygyny şertlendirdi. *KAU* şulary öz içine alýar: ylmy taýdan esaslandyrylan zähmet, maddy, maliýe, durmuş we beýleki kadalar toplumyny, olary emele getirmegiň, täzeleme, çaklama hem-de meýilnama hasaplamalar geçirilende ulanmagyň usullary, *EHM*-i ulanmak bilen, kadalary taýýarlamagyň, olara gözegçilik etmegiň guramaçylygyny öz içine alýar.

Ähli kadalar kiçi ulgamlar boýunça toparlara birleşdirilendir, kiçi ulgamlaryň içinde bolsa *KAU* bilen çözülýän meseleler boýunça toparlara birleşdirilendir.

### *Maksatnama-maksatlaýyn usul*

Beýleki usullar bilen deňeşdirilende, maksatnama-maksatlaýyn usul otnositel täze we doly işlenip taýýarlanylmadykdyr. Ol soňky ýyllarda giňden ýaýrady.

Maksatnama-maksatlaýyn usul kadalar, deň agramlylyk we ykdysady-matematik usullar bilen berk baglanyşykly we ahyrky zerurlyklara baha bermekden başlap, netijeli ýollary hem-de olara ýetmegiň ýollaryny we serişde üpjünçiligini mundan beýläk-de gözlemekde hem-de kesgitlemekde ykdysadyýeti ösdürmegiň maksatlaryndan ugur alnyp, meýilnamany işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýar. Bu usulyň kömegi bilen meýilnamalaşdyrmagyň artykmaçlylyk ýörelgesi amala aşyrylýar.

Maksatnama-maksatlaýyn usulyň manysy durmuş, ykdysady we ylmy-tehniki ösüş esasy maksatlaryny saýlamakdan, serişdeleri deňagramly üpjün etmekden we olaryň netijeli ulanylmagyny

150.0 x 225.0 mm

hasaba alyp, bellenen möhletlerde şol maksatlara ýetmek boýunça özara baglanyşykly çäreleri işläp taýýarlamakdan ybaratdyr.

Maksatnama-maksatlaýyn usuly maksatlaýyn, toplumlaýyn maksatnamalar işlenip taýýarlanylanda ulanylýar, bu resminamada ylmy-barlag, önümçilik, guramaçylyk-hojalyk, durmuş we beýleki tabşyryklaryň, çäreleriň toplumy hem-de maksady görkezilýär, olar serişdeleri, ýerine ýetirijileri we amala aşyrylyş möhletleri boýunça baglanyşyklydyr.

Maksatlaýyn, toplumlaýyn maksatnamalaryň işlenip taýýarlanylyşy tapgyrlar boýunça amala aşyrylýar. *Birinji tapgyrda* wajyp meseleleriň sanawy emele getirilýär, soňra olardan, ilkinji nobatdaky çözgüdi talap edýän meseleler saýlanylýar. *Ilkinji tapgyrda* belli-bir meseläni çözmek üçin maksatnamany işläp taýýarlamak babatda tabşyryk berilýär. Onda maksatnamanyň maksatlary, serişdeleriň çäkleri, gatnaşyjylar we ýerine ýetirilmeli möhletler görkezilýär. Bu tapgyrda maksatnamanyň maksatlaryny häsiýetlendirýän görkezijiler aýdyňlaşdyrylýar we aýratyn döwürler boýunça ony amala aşyrmagyň meseleleri kesgitlenilýär. Baş maksat kiçi maksatlara bölünýär. *Üçünji tapgyrda* maksatnamanyň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin zerur tabşyryklar we çäreler işlenip taýýarlanylýar. Maksatnamanyň esasy tabşyryklarynyň düzümi maksatlaryň köp basgançaklylygy bilen kesgitlenilýär. Her tabşyryk boýunça ony ýerine ýetirmegiň tapgyrlary işlenip taýýarlanylýar. *Dördünji tapgyr* maksatnamanyň esasy görkezijileriniň we serişde üpjünçiliginiň hasaplanylyşyny göz öňünde tutýar. Ony amala aşyrmak üçin zerur maddy, zähmet, maliýe resurslarynyň çykdajylary kesgitlenilýär, üpjün edijiler we kabul edijiler görkezilip, maddy resurslaryň sanawy emele getirilýär. Bu tapgyrda maksatnamany amala aşyrmagyň netijeliligi hasaplanylýar. *Bäşinji* – jemleýji tapgyr. Ol maksatnama resminamalarynyň emele gelmegi we zerur ýagdaýda maksatnamanyň tassyklanmagy bilen baglanyşyklydyr.

Düzümi boýunça maksatlaýyn, toplumlaýyn maksatnamalar şu aşakdaky görnüşlerde bolýar: durmuş-ykdysady, ylmy-barlag, önümçilik-ykdysady, çäk, guramaçylyk-hojalyk we ekologik. *Durmuş-ykdysady maksatnamalar* durmuş häsiýetli meseleleriň

150.0 x 225.0 mm

çözülmegini we halkyň hal-ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyny göz öňünde tutýar. Şular ýaly maksatnamalara «Däne» maksatnamasyny degişli etmek bolar, ýagny bu maksatnama ýurtda ilatyň dänä bolan zerurlyklaryny üpjün etmek meselesini çözmek üçin işlenip taýýarlanyldy. *Ylmy-tehniki maksatnamalar* ylmy we tehniki meseleleri çözmäge, önümçilige ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny ornaşdyrmagyň tizleşdirilmegine gönükdirilip, olar ýakyn döwürde uly netijäni (ykdysady, durmuş we ekologik) üpjün etmäge mümkinçilik berýärler. Ylmy-tehniki maksatnamalaryň sanawy ykdysadyýeti ösdürmegiň bellibir artykmaçlyklaryndan kemala gelýär. *Önümçilik-ykdysady maksatnamalar* önümçilik pudagynda iri pudagara meseleleri çözmäge niýetlenip, onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga we täze önümçilikleri ösdürmäge ýardam berýär. *Çäk maksatnamalary* sebitleri özgertmäge, täze ýerleri toplumlaýyn özleşdirmäge we beýleki meseleleri çözmäge gönükdirilendir. *Ekologik maksatnamalar* tebigaty goramak we tebigaty özgertmek häsiýetli çäreleriň toplumy bolup durýar. Şular ýaly maksatnama mysal edip howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli Strategiýasyny (15.06.2012 ý.) we Türkmenistanyň milli tokaý Maksatnamasyny (11.01.2013 ý.) görkezmek bolar. *Guramaçylyk-hojalyk maksatnamalary* ykdysadyýeti dolandyrmak boýunça guramaçylygy kämilleşdirmäge gönükdirilendir. Bütin ýurt boýunça, aýratyn pudaklarda, sebitlerde, kärhanalarda meseleleri çözmek üçin taýýarlanylýan maksatnamalar bilen bilelikde, halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň maksatnamalary hem işlenip taýýarlanylýar.

Maksatlaýyn, toplumlaýyn maksatnamalar uzak möhletleýin (3 – 5, 10 – 15 ýyl) we gysga möhletleýin döwürlerde işlenip taýýarlanyp bilner.

Maksatnamalar, serişdeler, ýerine ýetirijiler wagt boýunça özara baglanyşmalydyr. Düzgün bolşy ýaly, olar maslahat beriş häsiýetli bolýar. Wajyp ylmy-tehniki meseleleri çözmek boýunça aýratyn maksatnamalar tassyklanyp bilner.

150.0 x 225.0 mm

## 2.3. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň guralyşy

Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň guramaçylygy halk hojalygyny dolandyrmagyň ähli pudaklarynda meýilnamalaşdyryş düzümleriň ulgamyny, olaryň wezipeleriniň kesgitlenilişini, çaklamalary we meýilnamalary işläp taýýarlamagyň tertibiniň bellenilmegini, ýerine ýetirijilere wajyp görkezijileriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi öz içine alýar.

Ýörelgeler, ýagny talaplar, esas goýujy düzgünleri çaklamagy we meýilnamalaşdyrmagy guramagyň ylmy esaslary bolup durýar.

Demokratik merkezleşdiriş ýörelgesi direktiw meýilnamalaşdyrmagyň şertlerinde esasy ýörelge bolup çykyş edýär. Merkezleşdirilen tertipde bütin ýurduň, onuň pudaklarynyň we sebitleriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary kesgitlenilýär. Wajyp görkezijiler tabşyryklar görnüşinde kesgitlenilýär. Öndüriji güýçleri ýerleşdirmek, zähmet hakyny tölemek, nyrhlar, maliýe we beýlekiler babatda ýeke-täk döwlet syýasaty amala aşyrylýar.

Kärhanalaryň durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamalary ýokarda görkezilen gözegçilik görkezijileriniň esasynda işlenip taýýarlanylýardy.

Bazar gatnaşyklaryna geçilende hem meýilnamalaşdyryş ulgamy, hem ony guramagyň ýörelgeleri düýpli üýtgeýär. Häzirki zaman şertlerinde meýilnamalaşdyrmagy guramagyň wajyp ýörelgeleri bolup şu aşakdakylar çykyş edýär:

– merkezleşdirmäni gowşatmak we demokratiýalaşdyrmak;

– demonopolizasiýa;

– ýurt üçin ykdysady taýdan bähbitli integrasiýa hadysalara gatnaşmak;

– durmuş we ekologik meseleleri ileri tutmak.

Görkezilen ýörelgeleriň amaly taýdan durmuşa geçirilişi şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– kärhanalaryň we guramalaryň derejesinde hojalyk taýdan dolandyrylyşynyň ähli wezipelerini jemlemek, şol sanda ugurlary saýlamak we olaryň işini meýilnamalaşdyrmak;

150.0 x 225.0 mm

– döwlet we ýerli dolandyryş edaralarynyň wezipelerini, ýurduň dolandyryş-çäk bölekleriniň öz-özüňi dolandyrmak we öz-özüňi maliýeleşdirmek üçin has amatly şertleri üpjün etmek babatda hukuklaryny we iş ugurlarynyň açyk çäklerini görkezmek;

– çaklama we meýilnama hasaplamalarynda makro we mikroderejeleriň özara gatnaşygynyň guralyny emele getirmek;

– daşary ykdysady gatnaşyklaryň alternatiw görnüşlerini emele getirmek we olardan has netijelilerini saýlamak;

– bäsdeşligiň we telekeçiligiň ösüşini meýilnamalaşdyrmak.

Döwlet meýilnamalaşdyryş we dolandyryş edaralary eýeçilik görnüşine bagly bolman, ähli kärhanalaryň we guramalaryň netijeli işlemegi üçin şertleri döretmeli, eksport edijilere we ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklarynyň beýleki kärhanalaryna goldaw bermeli. Kärhanalaryň we guramalaryň hojalyk işine hiç bir edaranyň goşulmaga haky ýokdur.

Hojalyk subýektleri bilen ýerli dolandyryş edaralarynyň arasynda ykdysady-hukuk meseleleri boýunça tebigatdan peýdalanmak boýunça şertnama bolmaly, onda sebitdäki serişdeleri ulanmagyň, olaryň üstüni ýetirmäge edilýän çykdajylaryň öwezini dolmagyň tertibi, şeýle-de daşky gurşawa we ilata hojalyk işi tarapyndan ýetirilýän zyýanlaryň we ýitgileriň öwezini doldurmagyň şertleri berkidilýär. Şertnamada ýerli bazar we beýleki sebitleýin zerurlyklar üçin önümleri üpjün etmek we hyzmatlary hödürlemek boýunça infrastrukturany döretmekde we saklamakda kärhananyň orny ara alnyp maslahatlaşylmalydyr.

Dolandyryşyň we meýilnamalaşdyryşyň ähli derejelerinde durmuş-ykdysady ösüşe täsir edýän meýilleri, şertleri we ýagdaýlary ýüze çykarmak maksady bilen, seljeriş işine aýratyn üns bermelidir. Çaklama we meýilnamalaşdyryş edaralarynyň gurluşy, olaryň wezipeleri durmuş-ykdysady ösüşiň bar bolan şertlerine barabar bolmalydyr.

*Makroderejede* meýilnamalaşdyrmagyň döwlet edaralary häzirki ykdysady ýagdaýy seljermeli, ykdysadyýeti ösdürmegiň wajyp deň ölçeglilikleri we depginlerini çaklamaly, artykmaçlyklary esaslandyrmaly, ykdysadyýetiň gurluşyny emele getirmeli, maddy we maliýe deň agramlylygyny üpjün etmeli.

*Mezoderejede* çaklama we meýilnamalaşdyryş edaralary bazary toplumlaýyn barlamalydyr, islegi we teklibi çaklamagy amala aşyrmalydyr, pudaklaryň we sebitleriň wagt jähetinde ösüşi boýunça çaklamalary we meýilnamalary, wajyp meseleleri çözmek boýunça maksatlaýyn maksatnamalary, pudaklaýyn kärhanalar üçin usuly maslahatlary işläp taýýarlamalydyr, ykdysady kadalaşdyryjylaryň ölçeglerini emele getirmäge gatnaşmalydyr we ş.m. meseleleri çözmelidir.

*Mikroderejede* meýilnamalaşdyryş edaralary dolandyryşyň beýleki edaralary bilen bilelikde maksatlary kesgitlemelidir, olara ýetmek üçin çaklamalary we meýilnamalary (işewürlik-meýilnamalaryny) işläp taýýarlamalydyr, olaryň ýerine ýetirilmegini gurnamalydyr.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe ýurduň ykdysady ulgamynyň esasynda özbaşdak döwlet, toparlaýyn bilelikdäki kärhanalar, guramalar, şeýle-de hususy öndürijiler we täjirler ýaly hojalyk subýektleri durýar. Olar öz-özüňi dolandyrmak, öz-özüňi ödemek, öz-özüňi maliýeleşdirmek we durmuş-ykdysady maksadalaýyklyk ýörelgelerinde hereket edýärler.

Kärhanalaryň we guramalaryň eksport-import amallaryny gös-göni amala aşyrmaga hukugy bar. Olaryň işi walýutada öz-özüňi ödeýiş ýörelgelerinde alnyp barylýar. Kärhanalar eksport we import meýilnamalaryny düzýärler, önümleri üpjün etmek babatda şertnamalary baglaşýarlar we söwda amallaryny amala aşyrýarlar. Döwlet dolandyryş edaralary daşary ykdysady işiň kanun çykaryjy binýadyny üpjün etmelidirler, dünýä bazarynda kärhanalaryň bähbitleriniň üpjün edilişine ýardam bermelidirler we dürli tarapdan, ilki bilen, eksport işinde goldaw bermelidirler. Mundan başga-da, olar halkara ylalaşyklaryny baglaşyp, ýurtda daşary ykdysady gatnaşyklaryň guramaçylyk gurluşlaryny emele getirip, ýerli, daşary ykdysady edaralary döredip, halkara ylalaşyklarynyň amala aşyrylyşyna gözegçilik edip bilýärler.

150.0 x 225.0 mm

### *Çaklama we meýilnamalaşdyrma edaralary, olaryň wezipeleri we borçlary*

Türkmenistanyň Mejlisi kanun çykaryjy edara bolup, döwletiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny pugtalandyrýar, döwlet býujetini tassyklaýar.

Durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet meýilnama-çaklamalaryny işläp taýýarlamagy guramak boýunça ýolbaşçylygy we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti amala aşyrýar.

Makroderejede, pudaklaryň, sebitleriň, kärhanalaryň we guramalaryň derejesinde gös-göni çaklamak we meýilnamalaşdyrmak merkezi dolandyryş edaralarynyň düzümindäki ýöriteleşdirilen edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn edaralaryň, ýerine ýetiriji komitetleriň, kärhanalaryň we guramalaryň dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň ykdysady toplumyna Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň salgyt gullugy, «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy, Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy degişlidir. Şeýle-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine Türkmenistanyň Strategiki we durnukly ösüş instituty, Türkmenistanyň patent gullugy we Türkmenistanyň türkmengelçilik agentligi degişlidir.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi meýilnamalaşdyrýan we sazlaşdyrýan merkez bolup çykyş edýär. Häzirki zaman şertlerinde halk hojalygyny dolandyrma ulgamynda çaklamanyň ähmiýetiniň ýokarlanmagy bilen baglylykda bu ministrligiň orny has-da artýar.

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi* öz işinde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Düzgünnamasyndan, ýurduň kanunlaryndan we kadalaşdyryjy-hukuk namalaryndan ugur alýar, olarda ministrligiň meseleleri we wezipeleri kesgitlenendir.

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň meseleleri*:

– ykdysady çökgünligi ýeňip geçmek, öz resurs mümkinçiliklerini rejeli ulanmagy we halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagy üpjün edýän döwlet ykdysady syýasatyny işläp taýýarlamak;

– umumydöwlet meselelerini çözmegiň bähbidine maliýe-býujet, salgyt, pul-karz, maýa goýum, nyrh we durmuş syýasatynda işi sazlaşdyrmak;

– hojalyk subýektleriniň innowasiýa we maýa goýum işini işjeňleşdirmäge önümleriň we hyzmatlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny we daşarky söwdanyň netijeliligini, haryt öndürijileriň we üpjün edijileriň bähbitlerini goraýan guraly ýokarlandyrmaga ýardam berýän ykdysady gurşawy kemala getirmek üçin şertleri döretmek.

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň wajyp wezipeleri*:

– ýurduň durmuş-ykdysady ýagdaýyny seljermek we oňa baha bermek;

– durmuş-ykdysady ösüşiň strategiýasyny işläp taýýarlamak we amala aşyrmak;

– çaklama hasaplamalary geçirmek we meýilnama-çaklamalary işläp düzmek boýunça usuly maslahatlary taýýarlamak;

– durmuş-ykdysady ösüşiň konsepsiýalaryny, esasy ugurlaryny, meýilnama-çaklamalary, maksatlaýyn maksatnamalary işläp taýýarlamak;

– ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň guralyny döretmek we dolandyryjy görkezijileriň (döwlet sargydy we kwotalar, maliýe, durmuş we ekologik kadalar, kadalaşdyrylýan nyrhlar, döwlet maýa goýumlary we ş.m.) mukdar taýdan ähmiýetlilerini kesgitlemek;

– ykdysady özgertmeleri geçirmegiň usulyny ylmy taýdan üpjün etmek;

– çözgütleriň, ylalaşyklaryň taslamalarynyň, maýa goýum taslamalarynyň, göz öňünde tutulýan daşary ýurt karzlaryň, döwletara maliýe-senagat toparlaryny döretmegiň taslamalarynyň we ş.m. ykdysady seljermelerini geçirmek;

– maýa goýum syýasatyny kemala getirmek;

– döwlete dahylsyz pudagyň işine gözegçilik etmek.

Daşary ýurtlaryň aglabasynda merkezi meýilnamalaşdyryş we sazlaşdyryş edaralary bolup Ykdysadyýet ministrlikleri çykyş edýärler. Meselem, Germaniýada Ykdysadyýet ministrligi şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

– öz ýurdunyň we başga ýurtlaryň ykdysady ösüşine baha berýär we şonuň esasynda ykdysady syýasaty işläp taýýarlaýar;

– dünýä bazarynda Germaniýanyň ornuny berkitmek boýunça çäreleri işläp taýýarlaýar;

– haryt bazarlarynda bolup geçýän has wajyp wakalara syn edýär;

– döwlet çärelerinden hojalyga degişli meseleleriň baglylyk derejesini kesgitleýär;

– öndüriji güýçleri ýerleşdirmek, agrar syýasatyny, işçi güýjüniň bazaryny guramak, döwlet edaralarynyň telekeçiler we kärdeşler arkalaşyklary bilen gatnaşyklary ýola goýmak boýunça anyk çäreleri we konsepsiýalary işläp taýýarlaýar.

*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi* wajyp merkezi maliýe edarasy bolup durýar. Pul serişdelerini toplamak we olary netijeli ulanmagyň ugurlaryny meýilnamalaşdyrmak onuň esasy wezipesi bolup durýar. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi döwlet býujetiniň taslamasyny işläp taýýarlaýar, maliýe meýilnamalarynyň taslamalaryna, ministrlikleriň, döwlet komitetleriniň we pudak edaralarynyň smetalaryna seredýär, buhgalter hasabatlylygy alyp barmagyň düzgünini kesgitleýär, döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi boýunça hasabatlylygyň tertibini kesgitleýär, maliýe görkezijilerini hasaplamak boýunça usuly maslahatlary işläp taýýarlaýar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň döwlet býujetiniň we bankyň öňünde öz borçlaryny ýerine ýetirmeýän girdejisiz kärhanalary ýapmak ýa-da täzeden döretmek barada degişli ygtyýarly edaralara teklipleri bermäge hukugy bar. Ministrlik maliýe düzgüniň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýar, döwlet tarapyndan ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň guralyny işläp taýýarlamaga gatnaşýar. Salgytlary we maksatly ýygymlary kemala getirmek, maliýe bazaryny guramak onuň wezipelerine girýär. Şeýle-de soň açylan maliýe gözegçilik müdirligi maliýe monitoringini geçirýär.

150.0 x 225.0 mm

*Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi* tarif ulgamyny kemala getirýär (tarif-kwalifikasiýa maglumatnamalary, tarif tory), ilatyň dürli durmuş-demografik toparlary üçin iň pes sarp ediş býujetini işläp taýýarlaýar, işgärleriň hünär taýýarlygyny hasaba alyp, zähmete ukyply ilatyň netijeli iş bilen üpjünçiligini ýola goýmagyň meselelerini çözýär, ýeke-täk tarif toruny ulanmak boýunça maslahatlary işläp taýýarlaýar, zähmet haklaryny, zähmet bazarlaryny çaklaýar we kadalaşdyrýar, beýleki birnäçe wezipeleri ýerine ýetirýär.

*Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti* dolandyryşyň meýilnamalaşdyryşy we beýleki edaralary zerur statistiki maglumatlary bilen üpjün edýär, seljerişi geçirýär, durmuş-ykdysady hadysalaryň ösüşine, bazaryň konýukturasyna, ilatyň ýaşaýyş derejesine we ş.m. baha berýär. Maglumatlaryň hakykylyk derejesiniň ýokarlanmagy, toplumlylygy we ony hödürlemegiň tizligi onuň esasy wezipesi bolup durýar. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti harytlara we hyzmatlara ortaça bazar-bölek satuw söwda nyrhlary boýunça statistiki maglumatlaryň ähli ulanyjylaryna özüniň *web*-sahypasynda (www.stat.gov.tm) «Durmuş-ykdysady görkezijiler», «Nyrhlar barada maglumatlar» bölüminde «Türkmenistan we welaýatlar boýunça harytlara we hyzmatlara ortaça bazar-bölek satuw söwda nyrhlary», her aý boýunça maglumatlary ýurdumyzyň «Нейтральный Туркменистан» gazetinde ýerleşdirýär.

Dolandyryş we meýilnamalaşdyryş edaralarynyň ulgamynda *Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine* wajyp orun berilýär. Ol eksportyň we importyň çaklama hasaplamalaryny geçirýär, söwda balansyny işläp taýýarlaýar, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen bilelikde töleg balansynyň çaklamasyny amala aşyrýar, ol bolsa daşary ykdysady gatnaşyklaryň netijeliligini häsiýetlendirýär, salgyt salma, ygtyýarlandyrma we walýuta kadalaşdyrylyşynyň meselelerini çözýär, daşary ýurt guramalary we kärhanalary bilen göni önümçilik we ylmy-tehniki gatnaşyklaryň ösüşine ýardam berýär.

Pudaklaýyn çaklama we meýilnamalaşdyryşa degişli ministrlikler we pudak edaralary bilen üpjün edilýär. Olara Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi, Türkmenistanyň Oba we suw hojalygy ministrligi, Türkmenistanyň Ulag we aragatnaşyk ministrligi, Türkmenistanyň Energetika ministrligi, Türkmenistanyň Senagat ministrligi, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi we beýlekiler degişli. Her bir ministrligiň düzüminde meýilnama-ykdysady dolandyryş bölümleri hereket edýär, meselem, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginde – Ykdysady seljeriş we baha beriş bölümi we ş.m.

Häzirki zaman şertlerinde ministrlikleriň wezipeleri üýtgedi. Direktiw meýilnamalaşdyrmagyň şertlerinde olara degişli hojalygyň ösüşiniň geljekki we häzirki meýilnamalaryny düzýärler, kärhanalarda meýilnamalaryň düzülişini gurnaýarlar, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi üpjün edýärler.

Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe olaryň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:

– bazary toplumlaýyn derňemek;

– pudaklaryň ösüşiniň meýilnama-çaklamalaryny düzmek, olary amala aşyrmak boýunça ileri tutulýan ugurlary we çäreleri kesgitlemek;

– önümçiligi kadalaşdyrmak;

– usuly görkezmeleri, maksatlaýyn maksatnamalary düzmek;

– döwlet zerurlyklary üçin önümçilik-tehniki niýetli we sarp ediş harytlaryň üpjün edilişine sargytlary düzmek, kärhanalara ýerlemek we sargytlaryň ýerine ýetirilişini üpjün etmek;

– önümçiligiň demonopolizasiýasy, bäsdeşligiň ösüşi, eýeçiligiň döwletiň ygtyýarlygyndan aýrylyp, hususylaşdyrylmagy, telekeçiligiň ösdürilmegi boýunça çäreleri işläp taýýarlamak;

– önümleriň hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, sarp ediş harytlarynyň nomenklaturasyny giňeltmäge, önümçiligiň resurs we energiýa talap edijiligini peseltmäge gönükdirilen maýa goýum we ylmy-tehniki syýasaty amala aşyrmak.

Ylmyň we tehnikanyň ösüşini çaklamak, innowasiýa işiniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemegi, olaryň amala aşyrylyşy boýun-

ça ylmy-tehniki maksatnamalary we çäreleri işläp taýýarlamagy *Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy* amala aşyrýar.

Tebigy resurslardan rejeli peýdalanmak we zyýanly maddalaryň daşky gurşawa zyňylyşyny azaltmak maksady bilen, *Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi* tebigaty goramak boýunça çäreleri işläp taýýarlaýar we amala aşyrýar, ekologiýa taýdan arassa we galyndysyz tehnologiýalaryň girizilmeginiň üstünde işleýär, daşky gurşawa zyýanly maddalaryň çykarylyşynyň kadalaryny kesgitleýär, tebigatdan peýdalanmak we daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça kanunlaryň berjaý edilişine döwlet gözegçiliginiň taslamalarynyň seljermesini amala aşyrýar, resurslary rejeli ulanmak we daşky gurşawy goramak boýunça maksatnamalary işläp taýýarlaýar.

Meýilnamalaşdyrmagyň we dolandyrmagyň sebitleýin edaralary sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň meselelerini çözýärler. Welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň meýilnamalaşdyryş edaralary sebitleriň aýratynlyklaryny hasaba alyp, olaryň ösüşiniň meýilnama-çaklamalaryny düzýärler, munuň özi sebitleriň mümkinçiliklerinden has netijeli peýdalanmaga we ilatyň ýaşaýşynyň amatly şertlerini döretmäge mümkinçilik berýär.

Olaryň esasy wezipeleri şulardan ybarat:

– her bir sebitiň içerki mümkinçiliklerinden iň ýokary derejede peýdalanmak;

– iri şäherlerde durmuş taýdan howpsuz çäklerde işsizligiň öňüni almak;

– durmuş üpjünçiliginiň esasy ulgamlarynyň işi üçin şertleri döretmek.

Sebitleýin dolandyryş we meýilnamalaşdyryş edaralarynyň wajyp wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:

– sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň dürli wagt aralygy üçin niýetlenen çaklamalaryny we meýilnamalaryny düzmek;

– azyk we ýaşaýyş jaýy bilen üpjünçilik meselelerini we eksport mümkinçilikleriniň ösüşini üpjün edýän pudagara sebitleýin toplumlary döretmek;

– eýeçiligiň we hojalygyň dürli görnüşlerini ösdürmek;

– sebitleriň ykdysadyýetiniň amatly gurluşyny kemala getirmek;

– sebitlerde telekeçilik işi üçin we bazar infrastrukturasyny ösdürmek boýunça amatly şertleri döretmegiň çärelerini işläp taýýarlamak.

*Hojalyk subýektleriniň meýilnamalaşdyryş edaralary* strategiýany kesgitleýärler, özleriniň önümçilik-hojalyk işiniň çaklamalaryny we meýilnamalaryny düzýärler. Häzirki zaman şertlerinde kärhanalar bazary öwrenmäge hem-de önümlere we hyzmatlara islegi çaklamaga aýratyn ähmiýet bermelidirler. Önümlere bolan islegi we döwlet zerurlyklary üçin olaryň üpjün edilişine degişli sargydy hasaba alyp, kärhanalaryň azyk maksatnamasy düzülýär. Kärhananyň işiniň has netijeli ugurlaryny kesgitlemek, önümleriň bäsdeşlige bolan ukyplylygyny ýokarlandyrmak we ýokary derejede ahyrky netijeleri gazanmak meýilnamalaşdyrmagyň baş wezipeleri bolup durýar.

### *Durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet meýilnama-çaklamalaryny işläp taýýarlamagyň tertibi*

Meýilnama-çaklamalary işläp taýýarlamak çylşyrymly iş bolup durýar, onda ol ýa-da beýleki ykdysady hadysalaryň ylmy taýdan öňden görüjiligini we meýilnama çözgütlerini kabul etmegiň düzüm bölekleri özara baglanyşykly bolup durýar.

Durmuş-ykdysady ösüşiň meýilnama-çaklamalaryny işläp taýýarlamagyň tertibi we möhletleri hökümet tarapyndan kesgitlenilýär.

Meýilnama-çaklamany düzmek boýunça işiň dowamynda dört sany tapgyry tapawutlandyryp bolar.

*Birinji tapgyrda* seljeriş işi amala aşyrylýar. Ol durmuş-ykdysady hadysalaryň toplumlaýyn seljerilişiniň geçirilmegini, emele gelen durmuş-ykdysady ýagdaýa baha bermegi, ösüşiň derejesini we ykdysadyýeti özgertmegiň netijelerini kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Ylmy-barlag we guramaçylyk-usulyýet işi geçirilip, ol çaklamagyň ösen usullarynyň gözlegine, makroykdysady çaklamagyň derňew görnüşleriniň işlenip taýýarlanylmagyna, milli ykdysadyýetiň wajyp görkezijilerini we deň ölçegliligini çaklamak boýunça usuly ugurlaryň

150.0 x 225.0 mm

we görkezmeleriň döremegine, kadalarynyň we maketleriniň işlenip taýýarlanylmagyna getirýär.

*Ikinji tapgyrda* Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi beýleki dolandyryş edaralary bilen bilelikde durmuş-ykdysady ösüşi çaklamagyň maksatnamasyny işläp taýýarlaýar. Onda durmuş-ykdysady ýagdaýa baha berilýär, esasy maksatlar kesgitlenilýär, ykdysadyýetiň ösüşiniň dürli ssenarileri hödürlenilýär we ykdysady syýasaty hem-de döwlet kadalaşdyryjylary düzetmek boýunça teklipler berilýär. Konsepsiýanyň çaklamasy hasaplamalar ugruny kesgitleýji bolup, wajyp makroykdysady görkezijiler boýunça birnäçe görnüşde amala aşyrylýar. Hasaplamalar geçirilende özara baglanyşykly görkezijileriň birnäçe bölümleri – nyrhlar we alyş-çalyş kurslary, jemi islegiň we teklibiň görkezijileri, maliýe we pul-karz görkezijileri ýüze çykarylýar.

*Üçünji tapgyr* bellenen ýyla meýilnama-çaklamanyň taslamasyny işläp taýýarlamak bilen baglanyşykly. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi çaklamanyň konsepsiýasynyň esasy düzgünlerinden, kadalaryndan, tabşyryk beriji we ugur kesgitleýji görkezijilerden şeýle-de ministrlikleriň hem-de dolandyryşyň sebitleýin edaralaryndan ugur alyp, meýilnama-çaklamany işläp taýýarlaýar. Bu tapgyrda görkezijileriň deňagramlylygyna esasy üns berilýär. Meýilnama-çaklamanyň bölümleriniň we işlenilýän görkezijileriniň sany artýar. Ilkinji nobatda, nyrhlaryň çaklama indeksleriniň hasaplamalary (jemleýji we harytlaryň esasy toparlary boýunça) geçirilýär, alyş-çalyş kursy, makroykdysady görkezijiler hem-de wajyp deň ölçeglilikler hasaplanylýar, durmuş we ekologik kadalar anyklanylýar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi *JIÖ*-ni we onuň gurluşyny, nyrhlaryň çaklama indekslerini we beýleki birnäçe görkezijilerini tabşyryk beriji görkezijiler hökmünde kesgitleýär.

Ykdysady görkezijilere baha bermek we olary esaslandyrmak üçin iki çemeleşme bolup biler. *Birinji çemeleşmede* çaklama-seljeriş hasaplamalary ulanylýar, görkezijileriň düzedilişi bolsa hojalyk subýektleriniň pikirleri hasaba alnyp amala aşyrylýar. Şular ýaly çemeleşme öndürijilere öňünden kesgitlenen ykdysady şertleri hasa-

ba alyp, durmuş-ykdysady ösüşi kesgitlemäge mümkinçilik berýär, milli ykdysadyýetiň ösüşini has çuňňur seljermegi we çaklamanyň hakykylygyny talap edýär. *Ikinji çemeleşme* hojalyk subýektleriniň pikirleriniň görkezijilerine esaslanýar. Birinji çemeleşme ýyllyk çaklamanyň konsepsiýasyny taýýarlaýyş tapgyrynda, ikinji meýilnama-çaklamanyň giň görnüşi düzülende ulanylýar.

Meýilnama-çaklamalary işläp taýýarlamagyň hukuk esasy bolup kanunlar we kadalaşdyryjy resminamalar çykyş edýär. Olarda döwlet çaklamalaryny hem-de ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň maksatnamalaryny işläp taýýarlamagyň tertibi görkezilýär.

*Dördünji tapgyrda* Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan durmuş-ykdysady ösüşiň meýilnama-çaklamasy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine seredilmäge hödürlenilýär, soňra aýratyn görkezijiler ara alnyp maslahatlaşylandan we anyklanandan soňra Türkmenistanyň Prezidentine seredilmäge iberilýär. Şol bir wagtda maýa goýum syýasatynyň esasy ugurlaryna seredilýär. Zerur ýagdaýda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi resminamalar bilen goşmaça işleýär.

Aýratyn görkezijiler anyklanandan soňra Döwlet býujeti tassyklanylýar (kabul edilýär), geljekki ýyla ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnama-çaklamasy makullanylýar, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ykdysadyýeti ösdürmegiň wajyp görkezijileri tassyklanylýar, durmuş-ykdysady ösüşiň maksatlaýyn çelgileri (bellikler), döwlet zerurlyklar üçin önümleri üpjün etmegiň sargytlary, resurslaryň we kadalaryň çäkleri ýerine ýetirijilere ýetirilýär.

Meýilnama-çaklamanyň we býujetiň ýerine ýetirilişini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we beýleki dolandyryş edaralary gözegçiligi amala aşyrýarlar hem degişli çäreleri görýärler.

Häzirki wagtda ýurdumyz täze tassyklanylan Türkmenistanyň Býujet kodeksiniň esasynda orta möhletleýin býujeti düzmegi göz öňünde tutýar.

# III BAP YKDYSADY ÖSÜŞI, YKDYSADYÝETIŇ GURLUŞYNY, NYRHLARYNY, HÜMMETSIZLENMÄNI, MALIÝÄNI ÇAKLAMAK WE MEÝILNAMALAŞDYRMAK

## 3.1. Ykdysady ösüşiň we ykdysadyýetiň gurluşyny, hilini çaklamak hem-de meýilnamalaşdyrmak

### *Ykdysady ösüş. Ykdysady ösüş depginleriniň sebäpleri we meseleleri*

*Ykdysady ösüş* diýlip serişdeler ulananylanda olaryň netijeleriniň üýtgemegine düşünilýär. Sarp edişiň we halkyň hal-ýagdaýynyň ösüşi ykdysady ösüşiň ahyrky maksady bolup durýar. Bütin jemgyýetçilik önümçiligiň möçberinde ol harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilişiniň möçberiniň artmagyny häsiýetlendirýär, özem absolýut hem-de otnositel ululyklarda ölçenilýär.

Ykdysady ösüş dürli-dürli bolup biler. Onuň üýtgeýşini häsiýetlendirmek üçin jemgyýetçilik önümçiliginiň ösüşi ulanylýar, onuň görkezijileri bolup ösüş we artyş depginleri çykyş edýär.

Ykdysadyýetiň ösüşini çaklamagyň we meýilnamalaşdyryşyň tejribesinde birýyllyk we ortaça ösüş we artyş depginleri tapawutlandyrylýar we ulanylýar.

Birýyllyk ösüş depginleri kesgitli iki ýylyň ykdysady ösüşini häsiýetlendirýän görkezijiniň fiziki göwrüminiň gatnaşygy hökmünde hasaplanylýar:

$$J_t = \frac{G_t}{G_b} * 100, \qquad (4)$$

bu ýerde: $J_t$ – birýyllyk ösüş depgini, %; $G_t$ we $G_b$ – $t$-nji çaklanylýan we binýatlyk ýyllarynda görkezijiniň aňladylyşy.

Ýyllyk artyş depginleri ösüş depginleriniň we 100% aratapawudy hökmünde kesgitlenilip bilner:

150.0 x 225.0 mm

$$\Delta J_t(\%) = J_t(\%) - 100. \qquad (5)$$

Ortaça ösüş (artyş) depginleri çaklanylýan döwrüň ýyllary boýunça görkezijiniň ösüş (artyş) depginlerinden ugur alnyp hasaplanylýar.

Ykdysady ösüşiň depginleri we hili milli hojalygyň mümkinçiliklerine we ony ulanmagyň netijeliligine şeýle-de daşary ykdysady we daşary syýasy sebäplere bagly bolup durýar.

Ykdysady ösüşiň iki, ýagny *ekstensiw* we *intensiw* görnüşleri tapawutlandyrylýar. Ekstensiw ösüşiň manysy maddy eşretleriň we hyzmatlaryň önümçilik möçberiniň artmagynyň, önümçilik serişdeleri, ýagny zähmetiň, ýangyç – energetikanyň, çig malyň, esasy maýa goýumlaryň ulanylyşynyň artmagynyň hasabyna gazanylýandygyndan ybaratdyr. Ykdysady ösüşiň intensiw görnüşi önümçiligiň artyşynyň has kämil tehnikanyň, ösen tehnologiýalaryň ulanylmagynyň, ýagny ol serişdeler udel çykdajylarynyň azalmagyna, zähmet öndürijiliginiň ösüşine, önümiň bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam berýän *YTÖ*-niň hasabyna üpjün edilýändigi bilen häsiýetlendirilýär. Ykdysady ösüşiň arassa görnüşde ekstensiw ýa-da intensiw görnüşleriniň bolmaýandygyny bellemek gerek. Düzgün bolşy ýaly, intensiw ýa-da ekstensiw görnüşiň artykmaçlykly orny bar.

Ösüşiň häzirki zaman nazaryýetinde ykdysady ösüşiň dört görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Öňdebaryjy ýurtlaryň deň ölçegli ösüşi (ABŞ, Ýewropa);
2. Ösüşiň gudraty (Ýaponiýa, Günorta Koreýa, Gonkong);
3. Ösüşiň has pesligi (Merkezi Afrikanyň käbir ýurtlary);
4. Ykdysady ösüş ýok (Zimbabwe).

Ykdysady ösüşe, onuň depginlerine we hiline şu aşakdaky sebäpler düýpli täsir edýär:

– tebigy we zähmet serişdeleriň mukdary we hili;
– esasy maýalaryň ululygy;
– *YTÖ* we jemgyýetiň jemi hyrydarlygy. Bu sebäpleriň ählisi özara baglanyşyklydyr.

Ykdysady ösüşiň hereketli depginleri önümçilik serişdeleriniň we *YTÖ*-niň gazananlarynyň barlygynda we netijeli ulanylan ýag-

daýynda mümkindir. Serişdeleriň ýetmezçiligi ykdysady ösüşi saklaýar. Şunuň bilen birlikde ýurduň baý tebigy baýlyklary bolup, olary özleşdirmäge serişdeleriniň bolmazlygy hem mümkin. Bu mesele halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi bilen çözülip bilner.

Ykdysady ösüş – bellibir wagtyň dowamynda (aýda, çärýekde, ýarym ýylda, ýylda) milli ykdysadyýetde hakyky önümçiligiň artmagydyr. Hakyky önümçilik diýip hakyky (hümmetsizlenmäniň ýagdaýlaryndan arassa) jemi içerki önüme (*JIÖ*), seýrek – hakyky jemi milli önüme (*JMÖ*), sap milli önüme (*SMÖ*) ýa-da milli girdejä (*MG*) aýdylýar.




**1-nji diagramma. 2016-njy ýylyň ýanwar-awgust aýlary aralygynda Türkmenistanyň JIÖ-niň gurluşy, %.**
(«Нейтральный Туркменистан» gazeti, 24.10.2016 ý.)

Ykdysady ösüşiň şertlerine döwletiň ykdysady syýasaty hem degişlidir.

Ykdysady ösüşiň wajyp çeşmesi bolup maýa goýumlar çykyş edýär. Ykdysatçylaryň barlaglarynyň görkezişi ýaly, bazar ulgamynda harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiliginiň artmagyna maýalaryň goýulmagy girdejini köpeldýän netijäni berýär. Bu netijäni «multiplikasiýa», şeýle köpeltmegiň derejesini häsiýetlendirýän san görkezijisini bolsa multiplikator diýip atlandyrýarlar. Meselem, eger-de 1 *mln* manat möçberdäki serişdeler 2,5 *mln* manat girdejini berse, onda multiplikator 2,5-e deňdir (2,5 *mln* manat / 1 *mln* manat).

150.0 x 225.0 mm

### *Makroykdysady maksatlar, görkezijiler we hasaplar*

*Makroykdysady maksatlar.* Ykdysadyýeti netijeli dolandyrmak üçin makroykdysady maksatlardan ugur almak zerur, ykdysady nazaryýete laýyklykda, olaryň esasylary bolup milli önümçiligiň göwrüminiň durnukly ösüşi, nyrhlaryň durnukly derejesi, iş bilen üpjünçiligiň ýokary derejesi, deňagramly daşary söwda balansynyň saklanylyşy degişlidir. Bu maksatlar özara baglanyşyklydyr we özara garaşlydyr.

Önümçiligiň durnukly ösüşi ýiti haýallamalar we üýtgemeler harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilişiniň artdyrylmagyny aňladýar. Ol iş bilen üpjünçiligiň ýokary derejesini üpjün edýär.

Deňagramly daşary söwda balansyny saklamak eksportyň we importyň arasyndaky deňagramlylygy we milli walýutanyň beýleki ýurtlaryň walýutalaryna alyş-çalyş kursunyň durnuklylygyny üpjün etmegi göz öňünde tutýar.

Haçan-da nyrhlaryň durnukly derejesi barada gürrüň gidende, isleg bilen teklibiň, bazar bäsleşigiň esasynda goýulýan durnukly bäsleşik, nyrhlar göz öňünde tutulýar.

Ykdysadyýetiň netijeliliginiň esasy ölçegi ilatyň jan başyna düşýän önümiň iň ýokary möçberi bolup ykdysadyýetiň ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkeziji bolsa önümçiligiň milli möçberidir.

Milli önümçiligiň möçberini ölçemegiň iki sany esasy usulyýeti bar: *birinjisi*, giňeldilen önümçiligiň marksistik nazaryýetine esaslanýan, *ikinjisi* bolsa *BMG* tarapyndan kabul edilen milli hasaplamalar ulgamydyr. Soňky döwürde ähli döwletler *BMG* tarapyndan kabul edilen ýeke-täk usulyýete geçýär.

*Makroykdysady görkezijiler.* Makroykdysady görkezijileriň ulgamy önümçiligi, iş bilen üpjünçiligi, nyrhlaryň we zähmet haklarynyň ortaça derejesini, daşary söwda akymlaryny, salgyt girdejilerini we döwlet çykdajylaryny, puluň agramyny we beýlekileri häsiýetlendirýän görkezijileri öz içine alýar. Makroykdysady görkezijiler ykdysadyýetiň ösüşini öňünden kesgitlemek, meýilleri we olaryň üýtgeýşini ýüze çykarmak, öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin ykdysady syýasaty işläp taýýarlamak üçin hyzmat edýär. Makroykdysady görkezijileriň ulgamynda önümleriň we hyzmatlaryň öndürilişiniň ösüşini häsiýetlendirýän görkezijilere esasy orun berilýär.

150.0 x 225.0 mm

Giňeldilen önümçiligiň marksistik nazaryýetine esaslanýan merkezleşdirilen – meýilnamalaşdyryş ulgamynda ykdysadyýetiň ösüşini jemi jemgyýet önümi (*JJÖ*), milli girdeji (*MG*) we ahyrky önüm ýaly makroykdysady görkezijiler häsiýetlendirýärdi. Üns merkezinde maddy önümçilik durýardy, önümçilik däl pudagyň işiniň netijelerine kän bir üns berilmeýärdi.

1988-nji ýylda halkara deňeşdirmeleri üpjün etmek, ykdysady işiň netijelerini has anyk ölçemek maksady bilen, milli hasaplar ulgamyna geçmekde jemi milli önüm ulanylýan makroykdysady görkezijileriň ulgamyna girizildi.

*Jemi milli önüm* – ykdysadyýetiň işlemeginiň ahyrky netijeleriniň jemleýji görkezijisidir. Jemi milli önüm görkezijisiniň esasy tapawutlandyryjy aýratynlygy onuň ykdysady işiň hem maddy önümçiliginiň, hem maddy däl ulgamyň netijelerini häsiýetlendirýändiginde we gaýtalanýan hasaplary saklamaýandygyndadyr.

Ykdysady işiň netijeleri aralyk sarp ediş görnüşinde hasaba alynmazdan, maddy eşretler we hyzmatlar (maddy we maddy däl) çykyş edýär. Şonuň üçin jemi milli önüm maddy eşretleri öndürmegiň we hyzmatlary etmegiň ykdysady hadysasynyň özara baglanyşykly jähetlerini, girdejileriň paýlanyşyny, maddy eşretleriň we hyzmatlaryň ahyrky ulanylyşyny häsiýetlendirmek üçin niýetlenendir.

Jemi milli önümiň üýtgedilen görnüşi jemi içerki önüm (*JIÖ*) bolup durýar. Eger-de jemi milli önüm ýerleşýän ýerine bagly bolmadyk milli ykdysadyýetiň bölekleriniň işleýşiniň netijelerini häsiýetlendirýän bolsa, jemi içerki önüm şu ýurduň çäginde maddy eşretleriň öndürilişini hem-de maddy we maddy däl hyzmatlaryň edilişini öz içine alýar. Jemi milli önümiň we jemi içerki önümiň arasyndaky tapawut «daşary ýurtdan gelen sap girdeji» diýip atlandyrylýar.

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| *Jemi milli önüm* | = | *Jemi içerki önüm* | + | Ýurduň daşynda önümleri öndürýän ýa-da hyzmatlary edýän dahyllylaryň (rezidentleriň) daşary ýurt tölegleri | – | Ýurduň içinde ýerleşýän daşary ýurt dahyllylaryna (rezidentlerine) olara degişli önümçilik faktorlarynyň hyzmatlary üçin tölegler |

Jemi milli önümi we jemi içerki önümi beýleki görkezijiler bilen baglanyşdyrmak üçin häzirki nyrhlarda, şeýle-de önümçiligiň fiziki möçberiniň ösüşini öwrenmek üçin deňeşdirme nyrhlarda hasaplanýar. Şonuň üçin çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň tejribesinde *nominal* (bellenen, takyklanan) *JMÖ* (*JIÖ*) häzirki nyrhlarda we *hakyky* – deňeşdirme nyrhlarda (bellibir ýylyň nyrhlarynda) hasaplanylýar. Nominal *JMÖ*-niň hakyky *JMÖ*-e gatnaşygy nyrhlaryň ösüşiniň hasabyna *JMÖ*-niň näçe esse ýokarlanandygyny görkezýär, ýagny nyrhlaryň umumy indeksiniň üýtgeýşini häsiýetlendirýär. Ol *JMÖ*-niň *deflýatory* diýip atlandyrylýar. Eger-de *JMÖ*-den ulanylyş tutumy aýrylsa, onda sap milli önüm (*SMÖ*) alynýar. Şeýle-de mümkin bolan *JMÖ* we *lag JMÖ* ýaly derejeler hem ulanylýar. *Mümkin bolan JMÖ* bar bolan serişdelerde we işçi güýji bilen alyp bolýan önümçiligiň möçberini häsiýetlendirýär, *lag JMÖ* – bu mümkin bolan we hakyky *JMÖ*-niň arasyndaky tapawutdyr.

Çaklanylýan döwre makroykdysady görkezijiler milli hasaplaryň ulgamyna laýyklykda hasaplanmalydyr. Makroykdysady görkezijileriň özara baglanyşygyny kesgitlemek we umumy ykdysady, pudagara deň ölçegliligi emele getirmek üçin hasaplaryň manysyny bilmek zerurdyr.

*Makroykdysady hasaplar.* Milli hasaplaryň ulgamynda şu aşakdakylary tapawutlandyrýarlar:

– girdeji almak maksady bilen, bazarda hödürlemek üçin niýetlenen harytlaryň we hyzmatlaryň bazar görnüşli önümçiligi;

– şahsy, ahyrky sarp etmek üçin harytlaryň we hyzmatlaryň bazar görnüşli däl önümçiligi (daýhan we şahsy hojalyklar);

– beýleki institusional birliklere, tölegsiz ýa-da ykdysady ähmiýeti bolmadyk nyrhlar boýunça harytlaryň we hyzmatlaryň hödürlenilişi, şol sanda döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän köpçülikleýin hyzmatlar (döwlet dolandyryşy, goranyş we beýlekiler).

Statistiki taýdan belli bolşy ýaly, hasaplaryň dört esasy görnüşi bar:

1. Içerki önümiň hasaby (önümçilik);
2. Girdejileriň hasaby;

150.0 x 225.0 mm

3. Maýa goýum bilen amallaryň hasaby (toplaýyş hasaby);

4. Töleg balansy – daşky dünýä bilen aragatnaşyk boýunça amallaryň hasaby. Dört hasabyň her biri boýunça ol ýa-da beýleki ýurtda jikme-jik seretmek mümkin.

*Önümçilik hasaby* gös-göni önümçilik hadysasyna degişli amallary görkezýär. Umuman, ykdysadyýetiň derejesinde önümçilik hasabynyň deňagramlylyk görkezijisi bolup *JIÖ* çykyş edýär.

*Girdejileriň hasaby* – girdejileriň emele gelmegini, paýlamagyň we ulanmagyň hasaplaryny öz içine alýar.

*Maýa goýum* bilen amallaryň hasaby esasy maýa goýumlaryň jemi toplanylyşynyň maliýeleşdirilişini görkezmek we maddy dolanyşyk serişdeleriň gorlaryny üýtgetmek, şol sanda maýa goýum aktiwleriň ykdysady pudaklary hem-de «galan dünýä» bilen maýa goýum geçirimleri görnüşinde ýaýratmak üçin hyzmat edýär.

*Daşarky dünýä bilen aragatnaşyk boýunça amallaryň hasaby* (töleg balansy) önümleriň eksportyndan häzirki girdejini, daşary ýurtdaky eýeçilikden gelýän girdejileri, daşary ýurtdan geçirimleri we beýlekileri, şeýle-de harytlaryň hem-de hyzmatlaryň importy bilen baglanyşykly çykdajylary häsiýetlendirýär.

## *Makroykdysady görkezijileri çaklamagyň usullary*

Giňeldilen önümçiligiň marksistik nazaryýetine esaslanýan usulyýet boýunça ykdysady ösüş çaklananda we meýilnamalaşdyrylanda makroykdysady görkezijileri hasaplamak üçin halk hojalygynyň balansy işlenip taýýarlanylýar, onuň içine bolsa birnäçe bölümler (wajyp jemleýji balanslar) hem girýär.

Soňky döwürde *JIÖ* we *MÖ* öňki usulyýet bilen hasaplanylyp, öz ähmiýetini ýitirýär, şonuň üçin hem bazar gatnaşyklary şertlerinde ykdysadyýetiň görkezijileri – *JMÖ* (*JIÖ*)-niň möçberini we depginini çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usullaryna seretmek bilen çäklenip bolýar.

Daşary ýurt tejribesinde *JMÖ* (*JIÖ*) çaklanylanda ekstrapolýasiýa, deflýasiýa usullary, ykdysady-matematik modeller (faktor, pu-

150.0 x 225.0 mm

dagara «çykdajy – goýberiliş», ekonometrik), önümçilik, paýlaşdyryş usullary we *JIÖ*-ni ahyrky ulanmagyň usullary giňden ulanylýar. Bu usullar *GDA* ýurtlarynda giňden ulanylyp başlandy. Bu usullaryň esasy düzgünlerine seredip geçeliň.

*Ekstrapolýasiýa usullary* görkezijileriň (*JIÖ* we beýlekiler) üýgeme meýillerini derňemekligi göz öňünde tutýar, onuň netijesi sebäplerden görkezijiniň empiriki baglylygyny kesgitlemek we onuň esasynda çaklamak (ekstrapolirlemek) bolup durýar.

*Ykdysady ösüşiň faktor modelleriniň* manysy *JIÖ*-niň möçberiniň we önümçiliginiň ösüşiniň hem-de önümçilik serişdeleriniň möçberiniň we ösüşiniň arasyndaky mukdar gatnaşyklaryny kesgitlemekden ybarat.

*JIÖ*-ni maýa goýumyň möçberine baglylykda bir faktorly model boýunça çaklamak bolar.

*Deflýasiýa usuly* nyrhlaryň indeksleri we önümçilik gurluşy arkaly amala aşyrylýar. Sarp ediş we lomaý (goýberilýän) nyrhlaryň, importyň nyrhlarynyň indeksleri we önümçiligiň çaklanylýan möçberleri ulanylýar. Halkara Walýuta Gaznasynyň usulyýetinden peýdalanylýar, onuň binýadynda *JIÖ*-niň möçberleriniň we onuň düzüm birlikleriniň hümmetsizlenme taýdan üýtgemegine baha bermegiň esasynda *JIÖ*-ni çaklamagyň makromodeli durýar.

Bu usulyň manysy aşakdakylardan ybarat. Hasap tapgyrlar boýunça geçirilýär. Birinji tapgyrda hakyky *JIÖ* hasaplanylýar. Halk hojalygynyň ähli pudaklary iki topara, ýagny oba hojalyk we oba hojalyga degişli däl pudaklara bölünýär. Şular ýaly bölünişik oba hojalyk önümçiliginiň möwsümliligi we çärýekler boýunça önümçiligiň düýpli üýtgemeleri bilen baglanyşyklydyr. Soňra her çärýekde oba hojalyk we beýleki pudaklar boýunça önümçiligiň möçberiniň üýtgeme depginleri kesgitlenilýär. Onda ministrlikleriň çaklama hasaplamalary ulanylýar. Meselem, iki düzüm bölegiň gatnaşygy: 20% oba hojalyk, 80% beýleki pudaklaryň önümleriniň udel agramy. Şu gatnaşyga hem-de çärýekler boýunça önümçilik möçberiniň üýtgemeginiň depginlerine görä önümçilik möçberiniň üýtgemeginiň

150.0 x 225.0 mm

ýyllyk depginleri kesgitlenilýär. Şondan soňra çaklanylýan döwürde hakyky *JIÖ* aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$JI\ddot{O}_{\text{hç}} = JI\ddot{O}_b \cdot J_m, \tag{6}$$

bu ýerde: $JI\ddot{O}_{\text{hç}}$ – çaklanylýan döwürde hakyky *JIÖ*-niň möçberi; $JI\ddot{O}_b$ – binýatlyk döwürde *JIÖ*-niň möçberi; $J_m$ – çaklanylýan döwürde binýatlyk döwür bilen deňeşdirilende *JIÖ*-niň möçberiniň üýtgeme depginleri.

Ikinji tapgyrda *JIÖ*-niň ($J_{n\,(d)\,JI\ddot{O}}$) nyrhlarynyň indeksleri (deflýatory) şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$J_{n\,(d)\,JI\ddot{O}} = J_{sn} \cdot dAS + J_{ln} \cdot dM + J_{en\,(i)} \cdot d\,(E - I), \tag{7}$$

bu ýerde: $J_{sn}$, $J_{ln}$, $J_{en\,(i)}$ – degişlilikde sarp ediş, lomaý we eksport (import) nyrhlarynyň üýtgemeginiň çaklama indeksi; *dAS*, *dM*, $d\,(E - I)$ – degişlilikde çaklanylýan döwürde *JIÖ*-de ahyrky sarp ediş, maýa goýumlaryň, eksport-importyň galyndysynyň (tapawudynyň) paýy.

Üçünji tapgyr nominal *JIÖ* bolsa şu formula boýunça kesgitlenilýär:

$$JI\ddot{O}_{\text{nç}} = JI\ddot{O}_{\text{çh}} \cdot J_{n\,(d)\,JI\ddot{O}}, \tag{8}$$

bu ýerde: $JI\ddot{O}_{\text{nç}}$ – çaklanylýan döwürde nominal *JIÖ*-niň möçberi; $J_{n\,(d)\,JI\ddot{O}}$ – *JIÖ*-niň nyrhlarynyň indeksleri (deflýatory).

Önümçiligi paýlaýyş usullarynyň we *JIÖ*-niň ahyrky ulanylyş usulynyň manysy aşakda görkezilýär.

*Önümçilik usulynda* *JIÖ*-ni çaklanylýan jemi önümçilikde aralyk sarp edilişi aýryp, goşulan gymmatyň jemi hökmünde hasaplanylýar.

*Jemi önümçilik* öndürilen harytlaryň we hyzmatlaryň gymmaty bolup durýar.

*Aralyk sarp ediliş* düzümine – önümçilik hadysasynda ulanylýan önümler we maddy hyzmatlar (satyn alynýan we özi öndürýän); maddy däl hyzmatlaryň tölegi; goşmaça çykdajylar (iş saparlary, ýörite egin-eşikler, ýörite iýmit, şahsy gorag serişdeleri, işgärleriň gurallary satyn almak üçin çykdajylaryň öwezini doldurmak, işgärleri hünär taýdan taýýarlamak üçin çykdajylar); myhmanhanalar, resto-

7. Sargyt № 1985

150.0 x 225.0 mm

ranlar, kafeler, lukmançylyk we okuw edaralary tarapyndan iýmit önümleriniň we içgileriň satyn alynmagy, deslapky bejeriş işlerini geçirmek üçin çykdajylar; harby gullukçylaryny iýmitlendirmek we olara hyzmat etmek; harby tehnikasyny satyn almak üçin çykdajylar; maliýe dellallarynyň hyzmatlaryna tölegler.

*Paýlaýyş usulynda JIÖ* ähli kärhanalaryň, guramalaryň we maddy eşretleriň önümçiligi bilen meşgullanýan hem-de hyzmatlary ýerine ýetirýän ilatyň girdejileriniň jemi görnüşinde hasaplanylýar: ilkinji girdejileriň jemi (zähmet haky, peýda we beýleki girdejiler), gaýtadan paýlanan girdejiler (girew boýunça göterimler, obligasiýalardan gelýän girdejiler, diwidentler, durmuşy ätiýaçlandyrma boýunça gelýän pullar we beýlekiler) hem-de esasy önümçilik we önümçilik däl gaznalaryň ulanylyş tutumlary.

*JIÖ*-iň *ahyrky ulanylyş* usuly çaklanylýan döwre *JIÖ*-ni ulanylyş düzüm birlikleri boýunça hasaplamaga mümkiçilik berýär: ahyrky sarp ediş, jemi toplanan serişdeler we eksport-import galyndysy (eksport bilen importyň arasyndaky tapawut). Hasaplamalar Keýnsiň esas goýujy deňlemesine (1) esaslanýar:

$$Y = C + G + I + (E - M).$$

Ahyrky sarp ediş ($C + G$) öý hojalyklarynyň ahyrky sarp edilişine, öý hojalyklara hyzmat edýän döwlet dolandyryşyň we täjirçilik däl guramalarynyň çykdajylarynyň jemi bolup durýar.

*Jemi toplanan serişdeler* birinji esasy maýanyň jemi toplanylyşy we maddy dolanyşyk serişdeleriniň gorlarynyň üýtgemegini öz içine alýar.

### *Önümçiligiň netijeliliginiň ölçegleri we görkezijileri, olary çaklamagyň, meýilnamalaşdyrmagyň usullary*

Ykdysady nazaryýete laýyklykda, önümçiligiň netijeliligi onuň netijesiniň we çykdajylarynyň gatnaşygyny aňladýar.

Ykdysady ösüşiň hilini ykdysady netijelilik häsiýetlendirýär. Ol halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny, şahsyýetiň sazlaşykly ösüşi üçin mümkinçilikleriň giňeldilmegini häsiýetlendir-

ýän durmuş netijeliligi bilen baglanyşyklydyr. Netijelilik jemgyýetçilik önümçiligini dolandyrmagyň ähli derejelerinde kesgitlenilýär we oňa dürli ölçegler boýunça baha berilýär.

Netijeliligiň ölçegi jemgyýetçilik önümçiliginiň maksadyny, şeýle hem oňa ýetmegiň serişdelerini görkezmelidir. Ykdysadyýetiň hereketiniň netijeliliginiň ölçegi bolup jemgyýetçilik önümçiliginde zähmet çykdajylaryna bolan gatnaşykda *JMÖ*-niň (*JIÖ*-niň) ýokary derejesi çykyş edýär. Kärhananyň işiniň netijeliligini peýda häsiýetlendirýär.

Ykdysady ösüşiň hilini häsiýetlendirýän netijeliligiň wajyp görkezijileriniň arasynda maddy we energiýa talap edijiligini, gaznalaryň önüm berijiligini, zähmet öndürijiligini tapawutlandyrmak gerek. Halkara derejesinde ykdysady ösüşi deňeşdirmek üçin *JMÖ*-niň ilatyň jan başyna düşýän önüm görkezijisiniň ösüş depginleri ulanylýar.

Makroderejede önümçiligiň netijeliliginiň görkezijilerini hasaplamak üçin *JIÖ*, mikroderejede – nyrhlarda görkezilen önümleriň öndürilişi esas bolup çykyş edýär.

Maddy we energiýa talap edijiligi çig mal we ýangyç-energetika serişdelerini ulanmagyň netijeliligini häsiýetlendirýär. Olar, degişlilikde, önümiň öndürilişine maddy we energiýa çykdajylarynyň gatnaşygy görnüşinde hasaplanylýar. Görkezijileriň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy, düzgün bolşy ýaly, göterimde görkezilýär.

Esasy gaznalary ulanmagyň netijeliligini gaznalaryň önüm berijiligi häsiýetlendirýär. Ol önümleriň öndürilişi esasy önümçilik gaznalarynyň orta – ýyllyk gymmatyna gatnaşygy bilen hasaplanýar. Onuň ters görkezijisi bolup gaznalary talap edijiligi çykyş edýär.

*Umuman, halk hojalygy boýunça zähmet öndürijiligi JIÖ*-ni halk hojalygynda işleýän adamlaryň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär. *Mikroderejede zähmet öndürijiligi* önümleriň öndürilişini işgärleriň ortaça sanaw boýunça sanyna bolan gatnaşygy görnüşinde hasaplanylýar.

Meýilnama – çaklamalar işlenip taýýarlanylanda zähmet öndürijiliginiň derejesi we onuň ösüş (peseliş) depginleri kesgitlenilýär. Bu görkezijiniň esasynda maddy önümçiligiň pudaklarynyň işçi güýje bolan zerurlygynyň çaklama hasaplamalary geçirilýär.

Önümçiligiň netijelilik görkezijileriniň çaklamasy olaryň her biriniň çaklama hasaplamasyny geçirmekligi göz öňünde tutýar. Görkezijileriň dürli görnüşdäki meseleleri çözmek üçin ulanylýandygy hem-de her bir görkezijiniň bellibir mana eýedigi bilen baglylykda çaklama usullarynyň bütin ulgamyndan diňe çaklamanyň has ýokary anyklygyna ýetip boljak usullaryny ulanmak zerurdyr. Iň giňden ýaýran usullara ekstrapolýasiýa usullary bilen bilelikde bilermenleriň baha beriş usuly modelleri we amatlaşdyryş usullary degişli bolup durýar.

Çaklamagyň ilkinji tapgyrynda geljekde görkezijileriň üýtgeme meýillerini ýüze çykarmak we funksiýalary saýlamak, kadalaşdyrylýan trendli eksponensial düzlemek, ýaly usullary ulanyp, bellibir döwre görkezijileri çaklamak maksadalaýykdyr.

Indiki tapgyrlarda köp görkezijili modelleri ulanmak maksadalaýykdyr.

Amatlylaşdyrmak usulyny we ykdysady-matematik modelleri ulanmak bilen çig maly, ýangyç-energetika we beýleki önümçilik serişdeleri rejeli peýdalanylmagyny hasaba alyp, önümleri öndürmegiň gurluşyny kemala getirmek maslahat berilýär.

Netijeliligiň görkezijileriniň çaklamasyny indeks usuly bilen hem amala aşyryp bolýar.

Çaklama hasaplamalaryň netijeleri serişdelere bolan zerurlyk kesgitlenilende ulanylýar. Onuň esasynda ýurtda öndürmek we import etmek barada çözgütler kabul edilýär.

Önümçiligiň we serişdeleriň importynyň möçberi çaklama (meýilnama) balanslaryny işläp düzmek arkaly kesgitlenilýär. Meselem, ýangyç-energetika serişdeleriniň önümçiligi barada jemleýji balans düzülende hasaplanylýar.

Önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň meýilnamalaşdyrylmagy serişdäni we energiýany tygşytlamak boýunça maksatnamalary işläp taýýarlamaklygy, serişdeleri ulanmagyň çäklerini kesgitlemekligi we olary hojalyk subýektlerine çenli ýetirmekligi öz içine alýar.

### *Ykdysadyýetiň ösüşi çaklanylanda pudagara balansyň düzülişi*

Pudaklaryň düzümi we olaryň arabaglanyşygynyň häsiýeti jemgyýetçilik zähmetiniň bölünmeginiň we birleşmeginiň üznüksiz ösýän we çuňlaşýan hadysalarynyň täsiri bilen hemişe üýtgäp durýar.

Dünýä tejribesinde pudagara gatnaşyklaryny ýüze çykarmak, çaklanylýan döwre ykdysadyýetiň gurluşyny seljermek we emele getirmek üçin pudagara balanslar giňden ulanylýar.

Olar «çykdajylar – önümçilik» matrisa (tablisa) görnüşinde düzülýär, onuň awtory Nobel baýragynyň laureaty belli alym W. Leontýewdir.

Pudagara balansyň esasynda makroykdysady görkezijiler, aralyk sarp ediş, serişdeleriň çykdajylary hasaplanylýar, ykdysadyýete umumylykda we aýratyn pudaklara islegiň, nyrhlaryň, zähmet haklarda üýtgemeleriň täsiriniň seljermesi amala aşyrylýar.

Pudagara balansyň görkezijileri şeýle hem önümçilik gurluşlary we netijeleri halkara derejesinde deňeşdirmek üçin ulanylyp bilner.

Bazar gatnaşyklaryna geçilende *GDA* ýurtlarynda we beýleki öňki sosialistik ýurtlarda *milli hasaplar ulgamynda pudagara balans* düzülip başlandy.

Milli hasaplar ulgamynyň konsepsiýasy ykdysadyýete bir bitewülik ýaly seredýär, ýagny maddy eşretleri öndürmegiň we hyzmatlary etmegiň arasynda tapawut goýmaýar. Esasy makroykdysady görkeziji jemi milli önüm hasaplanylýar.

Milli hasaplar ulgamynda pudagara balansyň çyzgysy *(4-nji tablisa)* üç sany doldurylan bölümler bilen görkezilendir.

150.0 x 225.0 mm

*4-nji tablisa*

**Pudagara balansyň we milli hasaplar ulgamynyň çyzgysy**

| Önümçilik / Çykdajylar | Aralyk isleg | | Ahyrky ulanyş (isleg) | | | | | | jemi önümçilik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Sarp ediji pudaklar (*j*) 1, 2, ..., *n* | Jemi | Öý hojalyklaryň sarp edişi | Döwletiň sarp edişi | Maýa goýumlar | Eks-port | Jemi | Import (–) | |
| Öndüriji pudagyň (*i*) aralyk maddy çykdajylary | I | | II | | | | | | |
| 1 | $q_{11}\ q_{12} \dots q_{1n}$ | $q_1$ | $S_1$ | $G_1$ | $I_1$ | $E_1$ | $F_1$ | $M_1$ | $X_1$ |
| 2 | $q_{21}\ q_{22} \dots q_{2n}$ | $q_2$ | $S_2$ | $G_2$ | $I_2$ | $E_2$ | $F_2$ | $M_2$ | $X_2$ |
| . | . . . | . | . | . | . | . | . | . | . |
| . | . . . | . | . | . | . | . | . | . | . |
| . | . . . | . | . | . | . | . | . | . | . |
| n | $q_{n1}\ q_{n2} \dots q_{nn}$ | $q_n$ | $S_n$ | $G_n$ | $I_n$ | $E_n$ | $F_n$ | $M_n$ | $X_n$ |
| Jemi | $q_1\ q_2 \dots q_n$ | $q$ | | | | | | | |
| Goşulan gymmat | III | | IV | | | | | | |
| Zähmet haky | $zh_1\ zh_2 \dots zh_n$ | $ZH$ | | | | | | | |
| Amortizasiýa | $a_1\ a_2 \dots a_n$ | $A$ | | | | | | | |
| Girdeji | $g_1\ g_2 \dots g_n$ | $G$ | | | | | | | |
| Salgytlar | $s_1\ s_2 \dots s_n$ | $S$ | | | | | | | |
| Subsidiýalar (pul kömegi) | $pk_1\ pk_2 \dots pk_n$ | $PK$ | | | | | | | |
| Jemi | $gg_1\ gg_2 \dots gg_n$ | $GG$ | | | | | | | |
| Jemi çykdajylar | $j_1 j_2 \dots j_n$ | | $S$ | $G$ | $I$ | $E$ | $F$ | $M$ | X |

$q_1, q_2, \dots q_n$ – degişli pudaklar boýunça maddy çykdajylar;
$q$ – ykdysadyýet boýunça umumy maddy çykdajylar.

150.0 x 225.0 mm

I bölümde öndüriji pudaklaryň (satyjylaryň) we sarp ediji pudaklaryň (alyjylaryň) arasyndaky aralyk geleşikler baradaky maglumatlar görkezilýär, olar aralyk islegi (sarp edişi) häsiýetlendirýärler.

II bölümde ilatyň şahsy sarp edişine, döwlet sarp edişine, maýa goýumlara, eksporta we importa pudaklaryň önümleriniň paýlanylyşy görkezilendir. Olar ahyrky ulanyş (ahyrky isleg) diýen umumy düşünjä birleşýär. Onda ahyrky isleg *JMÖ* görnüşinde bolýar, ol ahyrky ulanyşyň tapgyrynda Keýnsiň esas goýujy deňlemesi bilen görkezilip bilner.

III bölümde *JMÖ*-niň önümçiligine *Y* pudaklar we tutuş ykdysadyýet boýunça çykdajylaryň nyrh gurluşy (goşulan gymmat) görkezilýär, ýagny kömek pullary (*KP*) aýrylyp, zähmet haky (*Z*), girdeji (*G*), amortizasiýa (*A*) we salgytlaryň (*S*) jemidir:

$$gg_j = z_j + a_j + g_j + s_j - kp_j, \tag{9}$$

$$GG = Z + A + G + S - KP. \tag{10}$$

*i*-nji setir boýunça aralyk we ahyrky sarp edilişiniň jemi, *i*-nji pudagyň önümleriniň (hyzmatlarynyň) jemi öndürilişiniň möçberini häsiýetlendirýär. 4-nji tablisadan şertli belgileri ulanyp, *i*-nji pudagyň jemi öndürilişini şu formula boýunça kesgitläp bolar:

$$\sum_{j=1}^{n} q_{ij} + S_i + G_i + I_i + (E_i - M_i) = X_i. \tag{11}$$

Pudagara balansyň modeli boýunça iki görnüşli hasaplamalary ýerine ýetirip bolar: *birinji* ahyrky sarp edişiň bellenen derejesi boýunça jemgyýetçilik önümçiliginiň möçberi we ykdysadyýetiň gurluşy kesgitlenilýär; *ikinji* bir pudak (önüm) boýunça bellenen önümçiligiň möçberi babatda we beýleki pudaklarda bellenen ahyrky sarp ediş babatda önümleri öndürmegiň we sarp etmegiň balansy emele gelýär.

Birinji görnüşi, esasan, çaklama hasaplamalar geçirilende, ikinji görnüşi – meýilnamalary döretmegiň tapgyrynda, olar düzedilende (ol ýa-da beýleki önümleriň öndürilişiniň möçberi boýunça düzedişler girizilende) ulanylýar.

Pudagara balansy işläp taýýarlamak üçin göni $a_{ij}$ we doly $b_{ij}$ çykdajylaryň koeffisiýentleri ulanylýar.

*Göni çykdajylaryň koeffisiýentleri* – bu bellibir görnüşli önümleriň (hyzmatlaryň) birligini öndürmäge maddy serişdeleriň sarp edilmeginiň ortaça pudaklaýyn kadalarydyr. Pudagara balansyň düzülýän görnüşine baglylykda, olar natural we pul görnüşinde bolýar. Olaryň kömegi bilen $a_{ij}\,x_j$ pudagara akymlar hasaplanylýar we ykdysadyýetiň pudaklary boýunça maddy çykdajylar kesgitlenilýär:

$$\sum_{i=1}^{n} a_{ij} * x_j = q_j . \qquad (12)$$

*Doly çykdajylaryň koeffisiýentleri* biri-birine bagly pudaklaryň bütin zynjyry boýunça önümleriň (hyzmatlaryň) ahyrky ulanylyş birliginiň önümçilik çykdajylaryny häsiýetlendirýär. Olar göni çykdajylaryň koeffisiýentleriniň esasynda kesgitlenilýär we soňkulardan gytaklaýyn çykdajylaryň ululygy bilen tapawutlanýar. Doly çykdajylaryň koeffisiýentleri her bir pudak boýunça jemi önümi hasaplamak üçin ulanylýar, ýagny olary önümleriň (hyzmatlaryň) ahyrky ulanylyşynyň möçberine köpeldip alynýar.

## 3.2. Nyrhlary çaklama we döwlet tarapyndan kadalaşdyrma

### *Nyrhlaryň manysy we görnüşleri. Nyrh syýasaty*

*Nyrh* – taryhy häsiýetli ykdysady düşünje bolup, ol müňlerçe ýyl mundan öň harytlar alyş-çalyş edilende gymmatyň ölçegi we dolanyşyk serişdesi hökmünde, pul ulanyp başlanda ýüze çykdy. Nyrh haryt önümçiliginiň düşünjesi bolup, haryt önümçiliginiň häsiýetiniň üýtgemegi bilen birlikde öz durmuş-ykdysady mazmunyny üýtgedýär. Nyrh – bu harydyň gymmatynyň pul görnüşinde aňladylmagydyr. Şonuň bilen birlikde, islendik haryt önümçiliginde nyrh gymmata görä üýtgeýändir.

Direktiw meýilnamalaşdyrmakda üýtgemeler meýilnama tertibinde bellenilýärdi özem önümçilige, satuwa we önümleriň ulany-

150.0 x 225.0 mm

lyşyna meýilnama laýyk täsir etmegiň ykdysady guraly hökmünde döwlet tarapyndan ulanylýardy.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe nyrh bazaryň we döwletiň täsirinde emele gelýär. Bu şertlerde nyrhlara täsir edýän sebäplere önümçilik we dolanyşyk harajatlary; isleg we teklibiň gatnaşygy; bäsdeşlik; önümiň hili we ýaramlylygy; daşary ykdysady sebäpler (başga ýurtlar bilen uzak möhletleýin ykdysady ylalaşyklar, gümrük syýasaty, nyrhlar, tarifler we ş.m. boýunça ylalaşyklar); pul dolanyşygynyň ýagdaýy (puluň agramynyň köpelmegi nyrhlaryň ýokarlanmagyna getirýär); nyrhlaryň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy degişlidir.

Nyrhlaryň aşaky çägini, düzgün bolşy ýaly, önümçilik harajatlary emele getirýär. Her bir telekeçi, ilkinji nobatda, önümçilige we önümleriň satuwyna şahsy harajatlarynyň öwezini doldurmaga ymtylýar.

Nyrh ykdysadyýetde wajyp orny eýeleýär. Mikroderejede ol kärhananyň önümçilik-hojalyk we täjirçilik işiniň kadalaşdyryjysy bolup durýar, makroderejede ykdysadyýetiň gurluşyny kemala getirýär we ýüze çykyp biljek deňölçegsizlik barada habar berýär.

Nyrh birnäçe wezipeleri ýerine ýetirýär. Olaryň iň wajyplarynyň arasynda meýilnama bolup hasaplaşyk, kadalaşdyryjy, paýlaýyş we täzeden paýlaýyş meseleleri tapawutlandyrmak bolar.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde nyrhlar islegiň we teklibiň deňagramlylygyny üpjün etmäge ýardam berýär. Bu hadysa nyrhyň hereketi (peselmegi ýa-da ýokarlanmagy) bilen bolup geçýär. Nyrhlaryň üýtgemegi, bazaryň konýukturasy, çak edilýän hümmetsizlenme hadysalary barada maglumatlar ykdysadyýetiň we ilatyň ähli ýerlerine ýetirilmelidir. Maglumat çözgütleri kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Önümleriň ykdysady aýratynlyklaryny we onuň dolanyşyk häsiýetini hasaba alyp, nyrhlary – lomaý, satyn alyş, gurluşyk önümlerine bellenilýän nyrhlar, bölek-satuw söwda nyrhlaryna we hyzmatlara belleniýän tariflere bölmek bolar.

Kesgitleniş usuly boýunça nyrhlar erkin (şertnamalaýyn) we kadalaşdyrylýan görnüşlerde bolýar.

Köp ýurtlarda nyrhlar bellenen sanawa laýyklykda, energiýa göterijilerine, ýaşaýyş – jemagat hojalyk hyzmatlaryna, ulaga, aragatnaşyga, lukmançylyk niýetli we beýleki önümlere kadalaşdyrylýar.

Kadalaşdyrylýan nyrhlaryň sanawyna goşulmadyk görnüşleri boýunça erkin nyrhlar hereket edýär.

Nyrhlar olaryň düzümine girýän gurluş bölekler hem-de nyrhlar boýunça tapawutlanýarlar. Nyrhyň esasy bölekleri: önümçilik harajatlary, girdeji, salgytlar, lomaý, söwda goýumlary we ýeňillikler. Bölekleriň toplumy nyrhlaryň görnüşlerine baglydyr.

Nyrh iň çylşyrymly ykdysady düzgünlere degişlidir. Onda kärhanalaryň işgärleriniň we umuman, jemgyýetiň ykdysady bähbitleri, aragatnaşyklary ýüze çykýar. Şunuň bilen baglylykda, nyrhy emele getirmek hadysalaryny dolandyrmakda pudakda bellibir syýasaty işläp taýýarlamak we amala aşyrmak wajyp orny eýeleýär. Nyrh syýasaty durmuş-ykdysady syýasatyň düzüm bölegi bolup durýar.

Direktiw meýilnamalaşdyrmagyň şertlerinde nyrh syýasatynyň häsiýetli aýratynlyklary aşakdakylardan ybarat:

– umumy ýörelgelerden ugur alyp, nyrhlary kesgitlemek (zähmetiň jemgyýet taýdan zerur çykdajylaryna nyrhlary ýakynlaşdyrmak, dürli görnüşli önümlere ykdysady taýdan esaslandyrylan nyrhlaryň özara gatnaşyklaryny bellemek, önümleriň aýratyn görnüşlerine nyrhlaryň durnukly ulgamyny utgaşdyrmak, her bir kadaly işleýän kärhana üçin önümçilik harajatlarynyň öwezini dolmak we zerur girdejini üpjün etmek);

– bütin ýurt ýa-da zolaklar boýunça önümçilik serişdeleriniň we sarp ediş harytlarynyň wajyp görnüşlerine berk nyrhlary bellemek;

– hökümetiň ýa-da nyrhy emele getiriji edaralaryň çözgütleri boýunça emele gelen lomaý, satyn alyş we bölek-satuw söwda nyrhlaryň derejelerini üýtgetmek.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwri üçin erkin (liberal) nyrh syýasaty häsiýetlidir. Onuň maksady bazar ölçegleriň esasynda önümçilik we ykdysadyýetiň gurluş görnüşini üýtgetmegini üpjün etmek üçin höwes döretmekdir. Ýöne munuň üçin pul-karz, walýuta we salgyt ulgamynda zerur şertler öňünden döredilmeli, institusional üýtgemeler geçirilmeli. Ýogsam nyrhlaryň erkinligi hümmetsizlenme, önümçilik

we maýa goýum işiniň peselmegine hem-de beýleki ýaramaz ýagdaýlara getirýär. Geçiş döwründe nyrhlar aşa ýokarlanmaz ýaly, olary döwletiň gözegçiliginden tapgyrma-tapgyr düşürmek zerurdyr, ony bäsdeşligiň ösmegi hem-de monopoliýa garşy kanunçylygyň güýje girmegine görä, haryt toparlary boýunça bazardaky emele gelýän hakyky ýagdaýy hasaba alyp amala aşyrmaly.

Şeýlelikde, nyrh syýasaty erkin nyrhlaryň emele gelmeginiň döwlet tarapyndan bölekleýin kadalaşdyrylmagynyň çeýe utgaşdyrmasyna esaslanmalydyr.

Nyrh babatda döwlet syýasaty içerki we daşarky bazarlarda harytlaryň bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmek maksady bilen, sarp edijileriň we ýerli öndürijileriň bähbitlerini goramaga gönükdirilen bolmalydyr.

### *Nyrhlary çaklamagyň usullary*

Ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna geçmegi, nyrhlaryň emele gelmeginiň täze guralyny döretmegi talap edýär. Bazar ykdysadyýeti üçin, esasan, şereketleriň kesgitleýän, bazaryň konýukturasynyň täsirinde adalatly emele gelýän, erkin nyrhlaryň bolmagy häsiýetlidir. Şonuň bilen birlikde, nyrh meseleleri durmuş-ykdysady ösüşiň beýleki birnäçe meseleleri bilen özara baglydyr, şonuň üçin olary emele getirmegiň meselelerine makro we mikroderejeleriň baglanyşygynyň esasynda seretmek zerurdyr.

Makroderejede ykdysadyýetiň pudaklary boýunça nyrhlaryň, sarp ediş nyrhlarynyň, eksport (import) nyrhlarynyň, nyrhlaryň jemleýji indeksiniň üýtgemeginiň çaklama hasaplamalary geçirilmelidir we döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmalydyr.

Mikroderejede nyrhlar emele getirilende olaryň çaklamasyna aýratyn ähmiýet bermelidir. Onda harytlaryň (hyzmatlaryň) isleginiň çeýeliginiň, daşarky we içerki sebäpleriň täsirinde harajatlaryň üýtgemeginiň barlaglaryny geçirmeli, öz harydyň hil derejesiniň we özboluşlylyk derejesini, bäsdeşleriň nyrhlaryny we beýleki meseleleri öwenmek zerurdyr.

150.0 x 225.0 mm

*Bilermenleriň baha beriş usullary.* Nyrhy emele getirmek babatda şahsy bilermenleriň berýän bahalarynyň arasynda «söhbetdeşlik» usuly we anketirleme has giňden ýaýrandyr. Nyrhlar çaklanylanda toparlaýyn bilermenleriň bahalarynda «komissiýalar», «beýni hüjümi» we «Delfi» usullary degişlidir.

Bilermenleriň berýän bahalary dürli usullar bilen işleýär. Korrelýasiýa usuly iň giňden ýaýran usuldyr. Onuň manysy şundan ybarat – hünärmenler oňa dereje belgisini bermek arkaly her bir sebäbe baha berýärler. Anketalar boýunça sorag-jogabyň maglumatlarynyň esasynda derejeleriň matrisasy emele gelýär, onda hünärmenleriň sany $m$, sebäpleriň sany $n$, $i$ hünärmeniň $j$ sebäbiniň derejesi $x_{ij}$ diýip görkezilýär. Bellibir özgertmeleriň kömegi bilen bilermenleriň ylalaşykly pikiri emele gelýär.

Haryda bolan nyrh barada mesele çözülende şereketler, köplenç, hünärmenlerden (meselem, harytşynaslardan) we alyjylardan sorag-jogaba ýüzlenýärler. Nyrh baradaky ahyrky çözgüt hünärmenlerden we alyjylardan sorag-jogabyň netijeleriniň, bazaryň şertleriniň we önümçilik harajatlarynyň esasynda kabul edilýär.

*Çaklamagyň parametrik modelleri we usullary.* Çykdajylary we harajatlary çaklamagyň parametrik usullarynyň esasyny nyrhlaryň (çykdajylaryň) we harytlaryň esasy sarp ediş häsiýetleriniň ýa-da parametrik setiriň çäklerinde harytlaryň hil derejesiniň mukdar baglanyşygyny düzýär. Parametrik setir – bu önümler topary bolup, ol gurluşy we öndürmegiň tehnologiýasy boýunça birmeňzeş, bir niýetli we sarp edijilik häsiýetleriniň derejesi bilen tapawutlanýar.

Statistiki maglumatlaryň seljerilişiniň esasynda ýüze çykarylan nyrhlaryň we önümleriň ölçegleriniň arasyndaky mukdar taýdan baglylyk, täze önümleri taslama etmegiň we taýýarlamagyň (tehniki ýumuş, tehniki taslama) irki tapgyrlarynda nyrhlary we nyrhlaryň taslamalaryny kesgitlemek üçin ulanylýar.

Dünýä tejribesinde bu usullar önümiň bäsleşige ukyplylygy, onuň hili wajyp nyrh emele getiriji sebäp bolan ýagdaýynda ulanylýar.

150.0 x 225.0 mm

Çaklamagyň iň giňden ýaýran parametrik usullaryna – udel nyrhyň; gurluş taýdan meňzeşligiň; agregat; ballar boýunça, korrelýasiýa–regressiýa seljerişiň usullary degişli edilýär.

*Udel nyrh usuly* harytlaryň çykdajylaryny we nyrhlaryny hasaplamak hem-de seljermek üçin ulanylýar, olary hiliň esasy ölçegleri bilen doly derejede ýeterlik häsiýetlendirýär. Şular ýaly ölçeglere – öndürijilik, kuwwatlylyk, peýdaly bölekleriň düzümi, göwrümi we beýlekiler degişlidir. Olar sarp edijilik gymmatyny, önümiň ýaramlylygyny we nyrhynyň umumy derejesini kesgitleýärler. Bu usul, köplenç, maşyn gurluşykda nyrhlary kesgitlemek üçin ulanylýar.

*Gurluş taýdan meňzeşlik usuly.* Statistiki maglumatlaryň esasynda birmeňzeş önümler boýunça çykdajylaryň bölekleri babatda önümiň özüne düşýän gymmatynyň gurluşy kesgitlenilýär, ýagny önümiň doly özüne düşýän gymmatynda maddy çykdajylaryň, zähmet hakynyň we çykdajylaryň beýleki görnüşleriniň udel agramy tapylýar. Soňra kadalar ýa-da beýleki usul bilen täze önüm boýunça maddy çykdajylaryň, zähmet hakynyň absolýut ululygy kesgitlenilýär. Bu görnüşler şu usul bilen nyrh hasaplanylanda önümiň özüne düşýän gymmatynyň esasy hökmünde tapawutlandyrylýar. Esasy önüm boýunça dürli çykdajylaryň absolýut ululygy we önümiň meňzeş topary boýunça özüne düşýän gymmatynyň gurluşynda onuň udel agramyny bilip, täze önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplap bolar.

Bu usul tehniki ýumşuň tapgyrynda nyrhlar kesgitlenilende ulanylýar. Mundan başga-da, dünýä söwdasynda bu usul boýunça önümçilik maksatly çylşyrymly abzallara «typyp peselýän» nyrhlar kesgitlenilýär (turbogeneratorlar, gämiler). Ahyrky nyrhyň ululygy şertnama düzülýän pursadynda materiallaryň nyrhlarynyň we zähmet haklarynyň derejeleriniň üýtgeýşine baglydyr.

*Agregat usuly* boýunça täze önümiň nyrhy (özüne düşýän gymmaty) önümiň aýratyn gurluş bölekleriniň ýa-da düwünleriniň nyrhlary (özüne düşýän gymmatyny) goşmak arkaly, oňa asyl düwünleriň we bölekleriň özüne düşýän gymmaty goşulyp kesgitlenilýär. Bu usul täze önümiň esasy gurluş bölekleriniň dürli utgaşmalaryndan ybarat

150.0 x 225.0 mm

bolup, olaryň nyrhlary we özüne düşýän gymmaty belli bolanda ulanylýar. Önümiň jemi nyrhy (özüne düşýän gymmaty) aýratyn gurluş bölekleriň nyrhlarynyň (özüne düşýän gymmatynyň) jemi görnüşinde hasaplanýar ýa-da goşulan (çalşyp bolýan) bölekleriň (düwünleriň, toplaýjy önümleriň) nyrhlaryny (özüne düşýän gymmatyny) goşmak (aýyrmak) arkaly kesgitlenilýär. Düzgün bolşy ýaly, bu usul önümleriň bir nusga getirilişiniň (unifikasiýasynyň) ýokary derejeli önümçiliklerde ulanylýar we tehnikanyň çylşyrymly görnüşleriniň nyrhlary kesgitlenilende peýdalanylýar.

Nyrhy emele getirmegiň ýokarda görkezilen usullary çykdajyly usullara degişli we önümlere bolan islegi hem-de bäsdeşleriň nyrhlarynyň derejesini hasaba almaýar, ýagny şonuň üçin olar nyrhyň aşaky çägini kesgitlemek üçin ulanylyp bilner. Onuň soňky derejesini, ýagny galan nyrhy emele getiriji ýagdaýlaryň ählisini hasaba alyp, emele getirmek zerurdyr.

*Ballar usuly* boýunça nyrhlar sarp edijiler üçin önümleriň hil görkezijileriniň wajyplylygy bilermenleriň berýän bahalarynyň esasynda emele gelýär. Haçan-da nyrh önümiň hilini häsiýetlendirýän köp görkezijilere bagly bolup, ol görkezijileri mukdar taýdan kesgitläp bolmasa, bu usuly ulanmak maksadalaýykdyr. Bu görkezijilere – önümiň amatlylygy, bezegi, tygşytlylygy, estetiki häsiýetleri, ýangyna garşy häsiýeti, ysy, tagamy, reňki, ýörgünliligi we beýlekiler degişlidir.

Her bir görkezijä ballaryň bellibir sany berilýär, olaryň jemi bolsa önümiň tehniki-ykdysady derejesiniň integral bahasyny berýär. Täze önüm boýunça ballaryň jemini etalon önümiň bir balynyň gymmatlylyk bahasyna köpeldip, täze önümiň takmynan nyrhy kesgitlenilýär.

Bir balyň orta gymmatlylyk bahasy binýatlyk etalon önümiň nyrhyny onuň ballarynyň jemine bölüp hasaplanylýar.

Haçan-da önümiň ähli görkezijilerine ballar boýunça baha berilse, udel agramy boýunça deň ähmiýetli hasaplanylýar, parametrik setiriň her önüminiň hil derejesi ballary ýönekeý goşmak arkaly kesgitlenilýär. Eger-de sarp edijiler üçin saýlanan görkezijiler ähmiýetli bolmasa, aýratyn görkezijileriň ähmiýetlilik koeffisiýentleri kesgitlenilýär.

Meselem, atyrlar – ysy, durnuklylygy, doýgunlygy, dykyzlygy, reňki, köptaraplaýynlylygy (uniwersallylygy) we beýleki hil görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Elbetde, beýleki hil görkezijilerine garanyňda sarp edijiler üçin atyrlaryň ysy we durnuklylygy uly ähmiýete eýe bolar. Şeýlelikde, şol görkezijiler boýunça ähmiýetlilik koeffisiýentleri ýokary bolmaly. Her bir hil görkezijisi boýunça goýulýan bal bahalary degişli ähmiýetlilik koeffisiýentine düzedilýär.

Ballar usuly dünýäniň köp ýurtlarynda ulanylýar. Onuň kömegi bilen sagat, radiotehnika, iýmit, parfýumeriýa senagatlarynyň önümlerine nyrhlar kesilýär, ol bazaryň konýukturasy öwrenilende we önümiň bäsleşige ukyplylygyna baha berlende giňden ulanylýar.

*Korrelýasiýa-regressiýa seljeriş usuly* parametrik çaklamanyň has kämil usuly hasaplanylýar. Onuň manysy regressiýa deňlemelerini düzmekden we nyrha täsir edýän ýagdaýlarda nyrhyň baglanyşygyny kesgitlemekden ybarat. Bu usuly ulanmagyň zerur şerti, parametrik setiri döretmek, sebäpleri kesgitlemek boýunça (ol şol ýagdaýlaryň esasynda gurulýar) jikme-jik seljeriş işi bolup durýar. Nyrhlara uly derejede täsir edýän sebäpler saýlanmalydyr. Meselem, burawyň nyrhyny onuň uzynlygyna we diametrine baglylykda kesgitlemek maksadalaýykdyr.

*Nyrhlaryň indekslerini çaklamagyň modelleri.* Bazar emele gelýän täze ykdysady gurşawda esasy kadalaşdyryjy bolup, onda nyrhlaryň indekslerini çaklamak aýratyn ähmiýete eýedir.

*Nyrhlaryň indeksi* – olaryň hereketini görkezýän görkezijidir. Sarp ediş, lomaý nyrhlaryň indeksi hem-de *JIÖ*-niň nyrhlarynyň indeksi (deflýatory) hasaplanylýar. Nyrhlaryň indeksi göterimde görkezilýär.

*Sarp ediş nyrhlaryň indeksi* ilatyň sarp edýän harytlarynyň we hyzmatlar toplumynyň bellibir gymmatynyň wagt aralykda üýtgeýşini kesgitleýär.

*Lomaý nyrhlaryň indeksi* lomaý bazarda çig malyň, materiallaryň, ýarymfabrikatlaryň, ýangyç-energetika serişdeleriň, önümleriň ahyrky görnüşleriniň nyrhlarynyň üýtgeşini görkezýär.

150.0 x 225.0 mm

*JIÖ*-niň nyrhlarynyň indeksi (deflýatory) nyrhlaryň umumy derejesiniň üýtgeýşini häsiýetlendirýär.

Nyrhlaryň indeksleriniň esasynda hümmetsizlenmäniň depginleri kesgitlenilýär, çykdajylaryň netijeleri bilen ölçenilýär, önümçilik we söwda işi seljerilýär hem-de çaklanylýar. Olar durmuş-ykdysady çaklamalar işlenip taýýarlanylanda ulanylýar. Şunuň bilen baglylykda, ykdysadyýetiň pudaklarynda çaklanylýan döwre nyrhlaryň indekslerini has anyk kesgitlemek, diýseň, derwaýys mesele bolup durýar.

Önümleriň nyrhlary energiýa serişdeleriniň, çig malyň nyrhlarynyň üýtgemegi, hümmetsizlenmäniň we beýleki sebäpleriň täsirinde üýtgeýär.

Pudagara balansyň tapawutlandyryjy aýratynlygy onda pudagara gatnaşyklar barada maglumatlaryň ýygnanýandygyndan ybaratdyr. Munuň özi ykdysady görkezijileriň bir pudakdan beýleki pudaklara üýtgeýşiniň täsirine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Nyrhlary çaklama meselesini çözmek üçin milli hasaplaryň ulgamynda işlenip taýýarlanylan pudagara balansynyň birinji we üçünji bölümleri ulanylýar.

Sarp edijiniň jemgyýetçilik çykdajylary pudagyň aralyk çykdajylarynyň (maddy çykdajylaryň) we jemi goşulan gymmatynyň bölekleriniň jemi görnüşinde kesgitlenilýär.

Pudagara balansyň modeli boýunça hasaplanylan täze nyrhlarda pudagyň çykdajylarynyň möçberi binýatlyk (deňeşdirme) nyrhlarda çykdajylar bilen deňeşdirilip, her bir pudakda nyrhlaryň derejeleriniň üýtgeýşi (nyrhlaryň indeksleri) kesgitlenilýär.

*Regressiýa modelleri.* Bu modeller täsir edýän faktorlara baglylykda nyrhlaryň indekslerini hasaplamaga mümkinçilik berýär, ýagny köp faktorly model emele gelýär, onda nyrhlaryň indeksi faktorlardan bolan funksiýa bolup çykyş edýär:

$$J_p = f(x_1, x_2, \dots x_n), \tag{13}$$

bu ýerde: $J_p$ – nyrhlaryň indeksi; $x_1, x_2, \dots x_n$ – nyrhlaryň üýtgemegine täsir edýän faktorlar.

Nyrhlaryň indeksleri çaklanylanda wajyp faktorlar hökmünde hümmetsizlenme hadysalaryň, salgytlaryň derejeleriniň, karz üçin göterim derejeleriniň täsirinde import edilýän energiýa göterijileriň nyrhlarynyň, walýuta kursunyň, zähmet haklaryň we ulanyş tutumlarynyň üýtgeýşini hasaba almak maksadalaýykdyr.

*Önümçilik harajatlarynyň esasynda nyrhlary kesgitlemek usuly.* Bu usul dünýä tejribesinde giňden ulanylýar. Bu usulyň manysy harydyň nyrhyny önümçilik harajatlardan we girdejiden ugur alyp kesgitlemekden ybaratdyr. Onuň kömegi bilen pudagyň önümlerine nyrhlar kesgitlenip bilner (önümiň orta pudaklaýyn özüne düşýän gymmatynyň we girdejililiginiň esasynda). Şeýle-de harytlaryň nyrhlary gös-göni kärhanalar tarapyndan emele getirilip bilner. Önümiň özüne düşýän gymmaty çykdajylaryň bölekleri we görnüşleri boýunça hasaplanylýar, üýtgeýän we hemişelik harajatlar kesgitlenilýär. Nyrh boýunça girdeji kärhanada döredilen önümiň ortaça girdejililigi ýa-da girdejililigiň bellenen kadasy boýunça kesgitlenilýär.

Bu usul nyrhyň çägini kesgitlemäge mümkinçilik berýär, ondan aşakda nyrh diňe seýrek ýagdaýlarda, meselem, haçan-da kärhana bazara ornaşmaklygyň strategiýasyny ulansa ýa-da bazaryň uly bölegini saklajak bolsa bellibir möhlete bellenip bilner.

Bu usulyň meşhurlygyny şeýle düşündirmek bolar: *birinjiden*, isleg barada maglumata garanyňda önümçilik harajatlary baradaky maglumat has kesgitlenen we belli bolýar, *ikinjiden*, eger-de pudagyň kärhanalary nyrhy kesgitlemegiň bu usulyna ýüzlense, onda olaryň nyrhlary birmeňzeş bolar we bu ýagdaýda nyrh bäsdeşligi pese düşýär, *üçünjiden*, «önümçiligiň ortaça harajatlary + girdeji» nyrhy hasaplamagyň usulyny alyjylar we satyjylar babatda has adalatly hasaplanylýar.

Önümçilik harajatlarynyň esasynda nyrhy emele getirmek usulyna *ýitgisizligi seljermegiň we maksatly girdejini üpjün etmegiň esasynda* nyrhlary hasaplamaklyk degişli. Kärhana girdejiniň islenilýän ululygyny almaga mümkinçilik berýän derejede harydyna nyrh bellemäge ymtylýar. Girdejini almagy üpjün edýän nyrhlary hasaplaýyş usulyýeti *ýitgisizlik çyzgysyna* (amerikan korporasiýalarynyň my-

150.0 x 225.0 mm

salynda) esaslanýar. Onda jemi girdejiler, maksatly girdeji, jemi we hemişelik harajatlar görkezilýär. Soňky görkezijiler önümiň satuwynyň möçberine bagly bolmaýar. Jemi harajatlar bolsa satuwyň möçberiniň artmagy bilen bir wagtda köpelýär. Jemi girdejileriň çyzygy 0-dan başlap, satylan haryt birlikleriniň mukdarynyň artmagy bilen ýokary galýar. Jemi girdejiler harydyň nyrhyna baglydyr. Ýitgisizligi üpjün etmek üçin, ýagny jemi harajatlary jemi girdejiler bilen ýapmak üçin, kärhana bellibir möçberde (bellibir minimum) harydy satmalydyr.

Ýöne ýitgisizlik islegiň we bäsdeşligiň ýagdaýlaryny hasaba almaýar. Bu ugurda nyrhlary hasaplamak üçin satuwyň möçberiniň (jemi girdejileriň) baha beriş kadasy ulanylýar, onuň özi nyrha bagly bolýar. Haryt birligi üçin kabul edilen nyrh örän ýokary bolup bilýär hem-de bellenen möçberde önümleriň mukdaryny satmaga mümkinçilik döretmeýär, şonuň üçin uly ygtybarlylyk üçin islegiň nyrhyň derejesine baglydygyny goşmaça kesgitlemek zerurdyr.

Önümçilik harajatlarynyň esasynda nyrhy emele getirmegiň usulyny ulanmagyň esasy şerti wagt aralykda önümiň özüne düşýän gymmatynyň durnuklylygy ýa-da onuň biraz üýtgemegidir.

*Indeks usuly.* Häzirki zaman şertlerinde energiýa göterijilerine, çig mal serişdelerine nyrhlaryň hemişe ýokarlanmagy, hümmetsizlenme we beýleki hadysalar bilen baglylykda harajatlaryň üýtgemegine getirýändigini nazara alyp, önümleriň (hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyny indeks usuly bilen çaklamak maksadalaýyk hasaplanylýar.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlaryň täsiri bilen çaklanylýan döwürde nyrhlaryň üýtgeýşini kesgitläp bolar.

*Islegden ugur alyp, nyrhlary kemala getirmegiň usuly.* Harydyň nyrhy oňa bolan islegiň esasynda kesgitlenilýär, ýagny alyjynyň hödürleýän harydynyň nyrhyny tölemek mümkinçiligine we islegiň barlygyna baglydyr. Harydyň nyrhynyň derejesi oňa islegiň üýtgeýşine baglylykda bellenilýär.

Islegiň esasynda nyrhlar kesgitlenilende önümçilik harajatlaryna çäkli ýagdaýda seredilýär, ýagny harydyň bellenilen nyrh boýunça

meýilnamalaşdyrylan girdeji bilen satylyp bilinýändigini ýa-da satylyp bilinmeýändigini görkezýär.

Bu usulyň binýadynda haryda ýa-da hyzmata alyjynyň berýän subýektiw bahasy durýar. Bu baha köp sebäplere – harydyň ulanylmagynyň netijesinde sarp edijiniň alýan peýdasyna (meselem, kaloriýalarda, witaminlerde), ýüze çykýan goşmaça psihologik artykmaçlyklara (rahatlylyk, reňkler), satuwdan soňky hyzmatlaryň derejesine we beýlekilere bagly bolup durýar.

Şu usul bilen haryda nyrh kesgitlenilende öndüriji şundan ugur alýar – alyjy harydyň sarp edijilik gymmatyna beren bahasynyň onuň nyrhyna bolan gatnaşygyny kesgitläp, başga kärhanalaryň öndürýän şoňa meňzeş harytlarynyň şol görkezijileri bilen deňeşdirýär.

Sarp ediji üçin harydyň ýa-da hyzmatyň sarp edijilik gymmatynyň ölçegi satyja sarp ediji üçin elýeterli nyrh bellemäge mümkinçilik berýär.

Bu usul sarp edijilik häsiýetleri, dizaýn (bezelişi) we gaplanylyşy boýunça harytlaryň hem-de alyjynyň häsiýetnamasynyň esasynda bazaryň tapawutlanýandygyny göz öňünde tutýar. Bu usul bazarda özara çalşyp bolýan harytlar bar bolan şertlerinde nyrhy kesgitlemek üçin ulanylyp bilner.

Nyrhlary kesgitlemegiň görkezilen usuly kärhana uly sarp edijilik gymmaty bolan harytlara isleg bildirýän alyjylaryň «gaýmagy syrmak» strategiýasynyň üsti bilen ýokary girdejini almak maksadynda bazara ilkinji gezek çykarylan täze haryt üçin «ýokary nyrhlar» strategiýasyny amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Islegi hasaba alyp nyrhy kesgitlemek üçin hemişe bazary öwrenmek, nyrh boýunça islegiň funksiýasy görnüşinde nyrhlaryň we islegiň hem-de nyrh boýunça islegiň çeýeliginiň koeffisiýentleriniň arasyndaky baglanyşygy derňemek zerurdyr.

*Bäsdeşlerden ugur alyp, nyrhlary kesgitlemegiň usuly.* Bu çemeleşmäniň manysy öndürijileriň harytlaryna nyrh bellänlerinde bäsdeşlikden ugur alyp, öz harytlaryna iň ýakyn ýa-da iň iri bäsdeşiniň harytlarynyň nyrhlaryndan biraz ýokary ýa-da biraz aşak nyrhlary bellemekden ybarat bolup durýar. Bu usul birmeňzeş harytlaryň satylýan bazarlarynda ulanylýar. Nyrhlaryň derejesi baradaky çözgütleriň ka-

bul edilişine bäsdeşligiň sebäpleriniň täsiri bazaryň gurluşyna, ýagny bazarda işleýän kompaniýalaryň sanyna we görnüşine baglydyr.

Şeýle çemeleşmede öndürijiler nyrhlaryň, çykdajylaryň ýa-da nyrhlaryň we islegiň derejesiniň arasyndaky hemişelik baglanyşygy saklamaga ymtylmaýarlar.

Bir önüm birligine düşýän önümçilik harajatlaryny kesgitlemekde kynçylyk çekýän hem-de pudakda emele gelen ortaça nyrhlary öz harytlaryna bolan nyrhlary kesgitlemek üçin gowy binýat diýip hasaplaýan şereketler bu usula ýüzlenýärler.

Şereket bu usula daýanyp, bazaryň kabul etjek bolýan nyrhyny bellemek bilen baglanyşykly töwekgelçilikden saplanýar. Mundan başga-da, güýçli bäsleşik şertlerinde kärhananyň bazaryň nyrhlaryna täsir etmäge uly mümkinçiligi bolýar. Kärhananyň bäsdeş tarapyndan nyrhlaryň üýtgemegine jogap berijiligi çalt tizlikde bolmaly. Şunuň bilen baglylykda, kärhanalarda, düzgün bolşy ýaly, öňünden taýýarlanylan çözgütleriň maksatnamasy bolmaly.

*Önümçilik harajatlarynyň we bazar arasyndaky deňagramlylygy tapmaga gönükdirilen nyrhlary emele getirmek.* Bu usul ýokarda görkezilen harajatlardan, islegden we bäsdeşlikden ugur alýan nyrhlary kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Nyrhlar tapgyrlar boýunça emele getirilýär.

*Birinji tapgyrda* kabul edilen ölçegiň esasynda kärhana satuwyň bolup biljek möçberini, önümçilik harajatlaryny, girdejiniň möçberini kesgitleýär we haryt birliginiň nyrhyny hasaplaýar.

*Ikinji tapgyrda* bar bolan nyrh boýunça islegiň funksiýasynyň esasynda «nyrh – satuwyň möçberi» görnüşli dürli utgaşdyrmalary seljermek arkaly kärhana satuwyň dürli ýollaryny işläp düzýär we girdejiniň iň köp möçberini üpjün edýän nyrhy saýlap alýar.

*Üçünji tapgyrda* kärhana bäsdeşleriň harytlary bilen deňeşdirmegiň esasynda tehniki-ykdysady ölçegler boýunça öz harydynyň artykmaçlygyny we ýetmezçiligini ýüze çykarmak arkaly onuň bazardaky ýagdaýynyň durnuklylygyna baha berýär. Önümiň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermek parametrik (ölçegli) usullar bilen amala aşyrylýar.

*Dördünji tapgyrda* kärhana bäsdeşlik sebäpleri hasaba alyp, «nyrh – satuwyň möçberi» görnüşli dürli utgaşmalaryna gaýtadan seredip geçýär. Iň köp girdejini üpjün edýän we bazar nyrhlarynyň ulgamyna gelýän utgaşma saýlanylýar.

*Oýunlaryň statistiki nazaryýeti we onuň nyrhlar boýunça çözgütler kabul edilende ulanylyşy.* Oýunlaryň statistiki nazaryýeti bäsdeşlik ýagdaýlarda nyrhlar boýunça amatly çözgütleri esaslandyrmagy göz öňünde tutýar. Meselem, kärhana haryt öndürip, onuň modanyň tiz üýtgemegine sezewar bolýandygyny bilýär. Eger-de harydy öz wagtynda satyp bolmasa, geljekde onuň satuwy kyn bolar. Şunuň bilen baglylykda, kärhana şol haryda goşmaça isleg döretmek üçin nyrhlary peseltmek baradaky çözgüdi kabul edip bilýär. Harytlaryň möwsümleýin satuwynda nyrhlary peseltmegiň möçberi baradaky çözgüt gowy pikirlenilen bolmaly we kärhana üçin iň az ýitgileri döretmeli.

Bellibir haryda nyrhy peseltmegiň birnäçe görnüşi (20, 30, 40, 50%-e) bar. Onda nyrhlaryň möwsümleýin peselmegine alyjylaryň çak edýän täsiri hasaba alynmalydyr, ol bolsa nyrhdan emele gelýän islegiň çeýeligi bilen ölçenilýär. Çeýelik koeffisiýentleriniň esasynda harydyň nyrhy peseldilende, islegiň artyş derejesi barada netije çykaryp bolýar.

Bu ýagdaýda alyjylar bilen sorag-jogap geçirmek maksadalaýykdyr. Ol nyrhlar nähili möçberde peseldilende, alyjylaryň harydy satyn alyp biljekdigini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

### *Nyrhlary çaklamagyň we döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň daşary ýurt tejribesi*

Bazar ykdysadyýeti ösen döwletlerde nyrhlary emele getirmegiň umumy ýörelgeleri we usullary işlenip taýýarlanylan. Döwlet edaralary milli ykdysadyýet üçin köp ähmiýetli bolan harytlara we hyzmatlara bellibir nyrhlary bellemegi, kadalaşdyrmagy we olara gözegçilik etmegi öz üstüne alýar. Dürli ýurtlarda önümleriň we hyzmatlaryň gözegçilik edilýän nyrhlarynyň paýy 10–30% aralykda bolýar.

Döwlet tarapyndan nyrhlary kadalaşdyrmak öndürijileriň ýeke-täkligine, çig mal we ýangyç-energetika serişdelerine, her günki

150.0 x 225.0 mm

isleg bolan harytlara nyrhlaryň çalt ösüşine ýol bermezlik, ylmy-tehniki ösüşe ýardam berýän kadaly bäsdeşlik üçin şertleri döretmäge ýardam bermek üçin amala aşyrylýar.

Döwlet tarapyndan öndürijilere täsir etmegiň göni (nyrhy emele getirmegiň kesgitli düzgünlerini anyklamak arkaly) we gytaklaýyn (maliýe – karz guraly, zähmet haky, salgyt salmak we beýleki ykdysady täsir ediş çäreler) çäreleri ulanylýar.

Ösen döwletleriň köpüsinde nyrhlary döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak üçin kanunlar, kararlar, permanlar görnüşinde hukuk esaslary döredilendir. Nyrhlar, olaryň derejesi we ösüşi barada statistiki maglumatlaryň ulgamlaýyn, elýeterli çap edilmegi ýola goýlandyr. Bu maglumatlar girdejileriň derejesi kadalaşdyrylanda we olar rejelenende ulanylýar. Ähli ýurtlarda oba hojalyk önümleriniň nyrhlary, şoňa görä-de, esasy iýmit önümlerine bölek-satuw söwda nyrhlary döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýar. Nyrhlaryň hökümet tarapyndan kadalaşdyrylyşy giňeldilen önümçilik hadysasyny üpjün etmek üçin oba hojalygynda girdejini we toplanan pullary üpjün edýän derejede fermerleriň goýýan nyrhlaryny goldamak görnüşinde geçirilýär.

Goldawyň derejesi milli nyrhlary dünýä nyrhlaryndan artýan göterim görnüşinde görkeziýär. Meselem, tutuş Ýewropa Bileleşigi boýunça 23–28%, Şweýsariýada – 50%, Şwesiýada – 30–35%, *ABŞ*-da – 10%, Ýaponiýada – 40%-dir.

Köp ýurtlar içki ykdysadyýeti daşarky bazaryň täsirinden goramak babatdaky syýasaty durmuşa geçirýärler, hususan-da, içerki we daşary ýurt nyrhlarynyň derejeleriniň laýyklygyna we gatnaşygyna syn edýärler hem-de içerki bazara gelýän harytlaryň möçberini kadalaşdyrýarlar.

Aýratyn durmuş ähmiýetli pudaklardaky nyrhlar döwletiň gözegçiliginde bolýar. Bu ýerde ýangyç-energetika toplumyndaky, derman serişdelere, esasy azyk harytlara degişli nyrhlar, demir ýol, poçta-telegraf we beýleki tarifler barada gürrüň gidýär. Iýmit önümlerine goýulýan nyrhlaryň erkin bellenilmegi diňe ýokarky we aşaky çäkleriň arasynda ýol berilýär.

Nyrhlary döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň usullaryna milli aýratynlyklar, çig mal resurslaryň barlygy, syýasy ýagdaýlar, dünýä zähmet bölünişiginde ýurduň tutýan orny täsir edýär.

*ABŞ*-da 1970-nji ýyllaryň başynda hümmetsizlenmäni peseltmek bilen nyrhlary göni kadalaşdyrmagyň usullary ulanylýardy, olara merkezleşdirilen gözegçilik amala aşyrylýardy. Emma nyrhlaryň we zähmet haklaryň saklanylmagy maýanyň pudagara geçişini çäklendirýärdi, maýa goýum işjeňligini saklaýardy we işewürlik işjeňligine ters täsir edýärdi, girdejileriň ösüşini togtadýardy. Şunuň bilen baglylykda 1970-nji ýyllarda nyrhlara göni gözegçilik ýatyryldy. Esasan, energiýa göterijilerine (nebit, gaz) nyrhlar kadalaşdyrylýardy. 1980-nji ýyllaryň başynda nebit we nebit önümleriniň içerki nyrhlaryna gözegçilik ýatyryldy.

Soňky wagtlarda *ABŞ*-da ykdysady ýagdaýy umumy sagdynlaşdyrmaga ýardam berýän bazar täsiriniň we gytaklaýyn kadalaşdyrmagyň usullarynyň işjeň ulanylmagyna ýykgyn edilýär. Diňe ýokary derejede monopolizasiýalaşdyrylan pudaklarda nyrhlaryň döwlet tarapyndan göni kadalaşdyrylyşy ulanylýardy.

Oba hojalyk toplumynyň önümlerine nyrhlaryň kadalaşdyrylyşyna aýratyn üns berilmelidir. Däne ýetişdirýän fermer hojalyklary goldanylýar. Oba hojalyk ministrligi önümçiligi maliýeleşdirmek üçin dürli karzlary hödürleýär. Olar ýygnalan hasyly bazar nyrhlary boýunça satyp bilýärler we alnan peýdanyň üsti bilen karzy töläp bilýärler. Eger-de bazar nyrhlary Mejlisiň kesgitlän gözegçilik nyrhlarynyň derejesinden pese düşse, onda fermer hasylyny gözegçilik nyrhlary boýunça döwlete tabşyryp bilýär. Karzy töläp, girdeji alyp bilýär.

Edil şolar ýaly süýt önümçiliginde nyrhlar kadalaşdyrylýar. Mejlis süýde, mesgä, peýnire gözegçilik nyrhlarynyň «adalatly» derejesini kesgitleýär. Eger-de bazar nyrhlary şol derejeden pese düşse, onda hökümet süýt önümlerini satyn alýar.

Döwlet oba hojalyk önümlerine bellenilen nyrhlaryň we fermerleriň satyn alýan harytlarynyň arasyndaky gatnaşygy saklamaga ymtylýar.

*ABŞ*-da döwlet tarapyndan nyrhlaryň 10%-i kadalaşdyrylýar. Olar emele getirilende amerikan ykdysatçylary oýunlaryň statistiki

150.0 x 225.0 mm

nazaryýetini, bilermenleriň berýän bahalarynyň usullaryny, balans usullaryny we matematiki programmirlemäni ulanýarlar.

Fransiýa ösen senagatly döwletleriň biri bolup, 1947–1986-njy ýyllar aralygynda nyrhlary döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň berk düzgünini saklaýardy.

Soňky wagtlarda ýurtda nyrhlary erkin kesgitlemegiň ýörelgesi hereket edýär. Şol wagtda hem oba hojalyk önümlerine, gaza, elektrik energiýasyna, ulag hyzmatlaryna nyrhlary göni kadalaşdyrmagyň usullaryny ulanýar ýa-da bäsdeşlik şertlerinde olara gözegçiligi amala aşyrýar.

Fransiýada nyrhlaryň 20%-i döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýar, 80%-i bolsa erkin bazar nyrhlaryny emele getirmegiň düzgüninden ugur alýar.

Şweýsariýada nyrhlara syn edýän we gözegçiligi amala aşyrýan nyrhlary we bäsdeşligi döwlet tarapyndan kadalaşdyrýan ýörite edara bar. Ol nyrhlaryň indekslerini seljermek we çaklamak boýunça ulgamlaýyn maglumaty üpjün edýär, olary saklamak boýunça çäreleri işläp taýýarlaýar.

Döwlet kärhanalaryň önümlerine (arak-çakyr we beýlekiler) nyrhlary, poçta hyzmatlaryna, oba hojalyk önümleriniň wajyp görnüşlerine (galla, süýt, et, ýumurtga we beýlekiler) fermerleriň bähbitlerini hasaba alyp, satyn alyş nyrhlary kadalaşdyrýar. Her ýyl hökümetiň oba hojalyk önümlerini öndürijiler birleşiginiň sarp edijileriň gatnaşmagynda geçirilýän gepleşiklerde azyk harytlaryna bolan nyrhlaryň derejesi kesgitlenilýär.

Şwesiýada nyrhlaryň artyşyny hasaba alyp, ýylda bir gezek ilatyň girdejileriniň indeksasiýasy geçirilýär. Onda iň az sarp ediş sebedine girýän harytlaryň nyrhlarynyň indeksi hasaba alynýar. Nyrhlaryň üýtgemeginiň sebäpleri baradaky maglumatlar ilatyň we telekeçileriň dykgatyna ýetirilýär.

Nyrhlar çaklanylanda bilermenleriň berýän bahalarynyň usullary giňden ulanylýar.

Germaniýada döwlet öndürijileri goldaýar. Nyrhlar harajatlaryň öwezini doldurmagyň derejesine gönükdirilen. Nyrhlar boýunça çözgütler kabul edilende oýunlaryň statistiki nazaryýeti ulanylýar. Oýunlaryň statistiki nazaryýetini bilermenleriň berýän bahalarynyň

usullary bilen utgaşdyrmak nyrhlary çaklamagyň iň netijeli usuly hasaplanylýar.

*Ýaponiýada* nyrhlary emele getirmek meseleleri bilen Ykdysady meýilnamalaşdyrmagyň dolandyryş edarasynyň nyrh departamenti meşgullanýar. Onda islegiň we teklibiň meýillerini öwrenmek, monopoliýa garşy kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek, harytlara bellenýän nyrhlaryň derejesine we ösüşine syn etmek, degişli maliýe syýasatyny geçirmek arkaly zerur derejede islegi saklamak ýaly wezipeleri bar.

Döwlet şala, bugdaýa, et-süýt önümlerine, demir ýol tariflerine, suw we ýylylyk bilen üpjün edilişine, elektrik energiýa we gaza, bilime we lukmançylyk hyzmatlaryna nyrhlary kadalaşdyrýar. Kadalaşdyrylýan sarp ediş nyrhlaryň paýy 20% tutýar.

*Ispaniýada* nyrhlary kadalaşdyrmakda we gözegçilik etmekde 1977-nji ýylda döredilen Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň ýanyndaky Nyrhlar boýunça Ýokary Geňeş amala aşyrýar. Ilkinji islegli harytlaryň hem-de monopoliýalaşdyrylan önümçiligiň harytlarynyň nyrhlary kadalaşdyrylýar. Mejbury nyrhy emele getirmäge degişli harytlaryň we hyzmatlaryň sanawy täjirçilik maglumatlaryň býulletenlerinde yzygiderli çap edilýär.

Ýokary Geňeş döwlet we hususy kompaniýalaryň bellibir harytlaryna we hyzmatlaryna nyrhlaryň üýtgedilmegi baradaky haýyşnamalara seredýär, maslahatlary işläp taýýarlaýar we Ykdysady meseleler boýunça Hökümet toparyna nyrhlaryň üýtgedilmegi boýunça esaslandyrylan teklipleri hödürleýär.

Kadalaşdyrylýan nyrhlaryň görnüşleri:

– *rugsat berilýän nyrhlar* – bu topara bellibir harydyň ýa-da hyzmatyň nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagyny göz öňünde tutýan döwlet ýa-da hususy kompaniýanyň haýyşnamasy bilen Hökümet toparyndan rugsatnama alnandan soňra harytlara ýa-da hyzmatlara ýokarlandyrylýan nyrhlary bellemäge rugsat berilýär. Rugsat berilýän nyrhlar soýa ýagyna, elektrik energiýasyna, gaza, benzine, dizel ýangyjyna, nebite, lukmançylyk (farmasewtika) harytlaryna, ýük we

ýolagçylary daşamak tariflerine hem-de harytlaryň we hyzmatlaryň beýleki görnüşlerine degişlidir;

– *habar beriji nyrhlar* – zyýansyzlandyrylan süýt, ösümlik ýagy, iým üçin galla, mineral dökünlerine nyrhlaryň ýokarlandyrylmagy bir aý öňünden nyrhlary ýokarlandyrmak barada Ýokary Geňeş habar berenden soňra amala aşyrylýar,

– *ýerli nyrhlar* – ilatyň zerurlyklary üçin suw üpjünçiligine, şäher ýolagçy we demir ýol gatnawlaryna, keselhanalaryň, şypahanalaryň hyzmatlary nyrhlaryň ýokarlandyrylmagy nyrhlar boýunça welaýat toparlarynyň ygtyýarlygyna degişli bolup durýar.

Soňky wagtlarda döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýan sarp ediş nyrhlarynyň udel agramy 10% tutýar.

Meňzeş harytlara isleg bildirýän ýurduň içindäki nyrhlar dünýä nyrhlaryndan biraz tapawutlanýandygy hakyndaky kanunalaýyklygy bellemek gerek.

*Finlýandiýanyň* ykdysadyýeti, esasan, hususy eýeçilige we erkin telekeçilige daýanýar. Şonuň bilen birlikde, hökümet ykdysadyýete täsir edýär we nyrh syýasatyny işläp düzýär. Söwda ministrligi iýmit önümlerine, galla, energiýa göterijilerine, arak-çakyr senagatynyň önümlerine nyrhlary meýilnamalaşdyrýar we olara gözegçilik edýär. Hökümet ilatyň orta we aşaky gatlaklaryna elýeter nyrhlar boýunça harytlaryň we hyzmatlaryň satuwyna gönükdirilen telekeçiligi goldaýar. Pes nyrhlar boýunça harytlary hödürleýän kärhanalar döwletden uzak möhletleýin ýeňillikli karzlary alýar.

Finlýandiýanyň nyrhy emele getiriş ulgamy sarp edişi, hususan-da, harytlaryň we hyzmatlaryň bölek-satuw söwda nyrhlarynyň pudagynda çeýeligi we höweslendirijiligi bilen tapawutlanýar. Meselem, kafede, restoranda nygmatyň nyrhy bölek söwdadaky nyrh bilen deňeşdirilende 25–30% ýokary. Şeýlelikde, sarp edişe gyzyklanma döreýär.

Myhmanhana hyzmatlaryna goýulýan nyrhlar ýaşaýyş möhletine bagly bolýar. Meselem, myhmanyň birinji gelen gününde olar 50–60% ýokary.

150.0 x 225.0 mm

Alyjylaryň derejeleri boýunça dükanlarda nyrhlar biri-birinden tapawutlanýar – dükany esaslandyryjy – paýdarlar jemgyýetiniň agzalarynyň satyn alýan harytlarynyň nyrhlary iki esse pes.

Finlýandiýanyň durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetinde nyrhlar arkaly halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreler geçirilýär. Meselem, bu demirgazyk ýurtlarda gök önümleriň, miweleriň, sitrus önümleriniň söwdasy ýylyň dowamynda amala aşyrylýar. Hökümet witaminleşdirilen önümleriň ýurda getirilmegine salgyt salman, olaryň söwdasyny höweslendirýär, käbir demirgazyk etraplarda bolsa olaryň söwdasy boýunça ýeňillikler göz öňünde tutulýar.

Finlýandiýanyň ykdysadyýetiniň wajyp pudaklary boýunça ähli milli maksatnamalar meýilnama-hasaplaşykda nyrhy emele getirmeklige esaslanan, sebäbi bazar şertlerinde nyrhy emele getiriş jemgyýetiň diňe häzirki zerurlyklaryna täsir edýär. Nyrhlaryň kömegi bilen hökümet senagatyň öňdebaryjy gurluşlarynyň ösüşini höweslendirýär.

Şeýlelikde, ösen döwletlerde hökümet her bir ýurtda bazar ykdysadyýetiniň ösüşiniň aýratynlyklaryny hasaba alyp, dürli usullar bilen nyrhlary kadalaşdyrýar.

## 3.3. Hümmetsizlenmäni çaklama we hümmetsizlenme hadysalaryny dolandyrma

### *Hümmetsizlenme, onuň görnüşleri we ölçegleri*

Hümmetsizlenme adalgasy (lat. *inflatio* – çişirmek) ilkinji gezek Demirgazyk Amerikada 1861–1865-nji ýyllaryň Raýatlyk urşy döwründe ulanylyp başlandy we kagyz pullaryň dolanyşygynyň artmak hadysasyny aňladýardy.

Hümmetsizlenme – kagyz pullaryň gymmatynyň peselmegini, ýagny haryt bilen üpjün edilmedik kagyz pullaryň dolanyşyk ulgamynyň gereginden artyk dolmagyny aňladýar. Ýöne hümmetsizlenmäniň şu kesgitlemesini doly hasap edip bolmaýar. Hüm-

150.0 x 225.0 mm

metsizlenme – bu önümçiligiň deňölçegsizlik bilen döredilen çylşyrymly durmuş-ykdysady ýagdaýydyr.

Hümmetsizlenme diýip islegiň we teklibiň deňagramsyzlygy, şeýle-de milli hojalygyň başga deňölçeglikleriniň bozulmagy bilen dörän nyrhlaryň ösüşine düşünilýär.

Hümmetsizlenmäniň görnüşini kesgitleýän ölçegleriniň biri nyrhlaryň ösüş depginleri hasaplanylýar. Hümmetsizlenmäniň üç görnüşi tapawutlandyrylýar – *aram* (ýuwaş depginde ösýän hümmetsizlenme), *galopirlenen* (endigansyz ösýän hümmetsizlenme), *giper*- (güýçli derejede ösýän hümmetsizlenme) we *superhümmetsizlenme* (gaty güýçli hümmetsizlenme).

*Aram hümmetsizlenmede* nyrhlaryň ösüş depginleri ýylda 10%-den geçmeýär. Şeýle hümmetsizlenme nyrhlary kadalaşdyrýar we bäsdeşlik şertlerinde ykdysady ösüş üçin haryt görnüşinde seredilýär, sebäbi ol zerur harytlaryň önümçiligini höweslendirýär.

*Galopirlenen hümmetsizlenmede* nyrhlaryň ösüş depginleri ýokarlanýan görnüşde bolup, ýylda 10 – 200% aralygynda bolýar, munuň özi ykdysadyýet üçin berk dartgynlylygy döredýär. Bu şertlerde şertnamalar nyrhlaryň ösüşine ýa-da daşary ýurt walýutasyna, meselem, *ABŞ*-nyň dollaryna «uýgunlaşýarlar».

*Giper we superhümmetsizlenmede* nyrhlar güýçli depginler bilen ösýär. Hümmetsizlenmäniň güýçlenmeginde hümmetsizlenmeden garaşylýan hadysalaryň tutýan ornuny bellemek gerek. Giper we superhümmetsizlenmäniň şertlerinde pul dolanyşygyndan çykarylyp, haryt-pul dolanyşygyň ýerine barter gelýär. Pullaryň we zähmet hakynyň ösüşiniň deň gelmezligi adatdan daşary derejä eýe bolup, ilatyň has gurply gatlaklarynyň hal ýagdaýynyň derejesine hem täsir edip başlaýar.

Ýokarda görkezilen hümmetsizlenmäniň ähli görnüşleri *açyk hümmetsizlenmäniň* görnüşleridir. *Gizlin* (bady basylan) *hümmetsizlenme* döwlet tarapyndan nyrhlara gözegçilik edilýän we kanagatlandyrylmadyk islegiň şertlerinde harytlaryň we hyzmatlaryň elmydama ýetmezçilik etmeginde geçýär.

*Hümmetsizlenme balansirlenen (deňagramlaşdyrylan)*, ýagny harytlaryň we hyzmatlaryň köpüsiniň nyrhlarynyň aram ösüşi we *balansirlenmedik* (*deňagramlaşdyrylmadyk*), ýagny dürli harytlaryň nyrhlarynyň ösüşi dürli depginler bilen geçýän görnüşlerde bolýar.

*Garaşylýan hümmetsizlenme* öňünden kesgitlenilýär we çaklanylýar, *garaşylmadyk hümmetsizlenme* nyrhlaryň birden galmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Ykdysady edebiýatlarda milli hojalygyň we hümmetsizlenmäniň deňagramlylygynyň bozulmagyna getirýän üç esasy sebäp tapawutlandyrylýar:

– pul kagyzlaryň dolanyşyga goýberilmegi, daşarky söwdanyň, önümçilik däl (harby we beýleki) çykdajylara emissiýasyna bolan döwlet monopoliýasynyň bolmagy;

– kärdeşler arkalyşygynyň monopoliýasy, zähmet hakynyň ol ýa-da beýleki derejesiniň ululygyny we dowamlylygyny kesgitleýär;

– harajatlaryň we nyrhlaryň kesgitlenilmegine iri kärhanalaryň monopoliýasynyň bolup bilmegi.

Bu sebäpleriň ählisi özara baglanyşykly we olar her haýsysy özüçe islegiň we teklibiň, olaryň deňagramlylygyny bozup, ösmegine ýa-da peselmegine getirip bilýär.

Ykdysatçylar hümmetsizlenmäniň esasy görnüşleri hökmünde islegiň hümmetsizlenmesini we teklibiň (harajatlaryň) hümmetsizlenmesini tapawutlandyrýarlar.

*Islegiň hümmetsizlenmegi* isleg tarapyndan jemi islegiň we jemi teklibiň arasyndaky deňagramlylygyň bozulmagydyr. Ol harytlaryň we hyzmatlaryň hakyky möçberine görä ilatyň we kärhanalaryň pul girdejileri çalt ösen ýagdaýynda bolup geçýär. Isleg hökümet tarapyndan (harby we durmuş salgytlaryň artmagy), telekeçiler tarapyndan (harytlara bolan islegiň ýokarlanmagy), şeýle-de ilatyň satyn alyjylyk ukybynyň ösüşiniň netijesinde ýokarlanyp biler. Dolanyşykda haryt bilen üpjün edilmedik puluň möçberi ýüze çykýar, netijede, nyrhlar ösýär. Şular ýaly hümmetsizlenme *nusgawy hümmetsizlenme* diýip hasaplanylýar. Ol dünýä ýurtlarynyň köpüsi üçin häsiýetlidir.

150.0 x 225.0 mm

*Teklibiň hümmetsizlenmesi* önümçilik harajatlarynyň artmagy bilen döredilen nyrhlaryň ösüşini aňladýar. Harajatlaryň ösüşi önümçiligiň peselmeginiň, çig mala, harytlara, energiýa serişdelerine nyrhlaryň ösüşiniň, zähmet haklaryň ýokarlanmagynyň, walýuta kursunyň, salgytlaryň derejeleriniň üýtgemeginiň we beýleki ýagdaýlaryň täsir etmeginiň netijesinde bolup bilýär.

Tejribede ýygy-ýygydan islegiň hümmetsizlenmegi we teklibiň hümmetsizlenmegi bir wagtda bolup bilýär. Pul kagyzlaryň emissiýasynda döwlet býujetiniň ýetmezçiligi artanda, kärhanalaryň tölege ukyplylygy peselende hümmetsizlenme hadysalary güýçlenýär.

Hümmetsizlenmäniň depgini onuň üýtgeýşiniň tizligini ýa-da häzirki (çaklanylýan) döwürde öňki döwre bolan gatnaşykda üýtgeýşini görkezýär. Hümmetsizlenme sarp ediş nyrhlarynyň indeksleriniň $J_{sn}$ kömegi bilen ölçenilýär. Hümmetsizlenmäniň depgininiň $D_i$ hasaplanylyşy şeýle amala aşyrylýar:

$$D_{i,\%} = \frac{J_{sn,h} - J_{sn,b}}{J_{sn,b}} * 100, \qquad (14)$$

bu ýerde $J_{sn,h}$, $J_{sn,b}$ – häzirki we binýatlyk döwürlerde sarp ediş nyrhlarynyň indeksleri.

*Sarp ediş nyrhlarynyň indeksi* ilatyň sarp edýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň bellenilen toplumynyň wagt taýdan gymmatynyň üýtgeýşini kesgitleýär:

$$J_{sn,\%} = \frac{G_{bs,h}}{G_{bs,b}} * 100, \qquad (15)$$

bu ýerde $G_{bs,h}$, $G_{bs,b}$ – häzirki we binýatllyk döwürlerde «bazar sebediniň» gymmaty (nyrhy).

$J_{sn}$ hasaplanylyşy Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan ýörite kompýuter maksatnamasy boýunça amala aşyrylýar.

Sarp ediş nyrhlarynyň jemleýji indeksini hasaplamak üçin statistiki maglumatyň iki toplumy ulanylýar:

– sarp ediş harytlaryna we hyzmatlaryna ortaça nyrhlaryň indeksleri;

– geçen döwürde ilatyň hakyky emele gelen sarp ediş çykdajylarynyň gurluşy, ol sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlarynyň bellenilen toplumy boýunça kesgitlenilýär.

Hümmetsizlenme meselesi çylşyrymly we köpugurlydyr. Hümmetsizlenme hadysalary ýaramaz netijelere getirýär.

Hümmetsizlenmäniň durmuş-ykdysady netijeleri – girdejileriň gymmatynyň pese düşmegi we täzeden paýlanylmagy, pul serişdeleriniň maddylaşmagy, uzakmöhletleýin maksatlara gyzyklanmanyň azalmagy, ýygnalan pul serişdeleriniň gymmatynyň pese düşmegi, hakyky göterim derejeleriniň peselmegi, pul serişdeleriniň gizlin görnüşde muzdsuz alynmagy.

Hümmetsizlenmäniň ýokary depginleri önümçilige dargadyjy täsir edýär – önümçilik we maýa goýum işi bilen meşgullanmaga bolan höwesi basýar, milli pul birliginiň durnuklylygyny bozýar, döwletiň maliýe ulgamynyň düzgünini bozýar. Hümmetsizlenmä sezewar bolan ykdysadyýet, has hem galopirlenen görnüşine ýa-da giperhümmetsizlenme geçse, ol uzak we çuň ykdysady çökgünlige düşýär.

Hümmetsizlenmäniň peselmegine ýardam berýän has netijeli çäreleri işläp taýýarlamak üçin onuň sebäplerini ýüze çykarmak, hümmetsizlenmäni çaklamak we hümmetsizlenme hadysalaryna dürli çäreleriň täsir ediş derejesini seljermek zerurdyr.

### *Hümmetsizlenmäni çaklama*

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe *GDA* ýurtlarynda hümmetsizlenmäniň çaklamasyna aýratyn ähmiýet berlip başlandy. Hökümet, hojalyk subýektleri we ilat çaklama hasaplamalary bilen gyzyklanýar. Çaklamalaryň netijeleri dolandyryş çözgütlerini kabul etmek we çäreleri işläp taýýarlamak üçin esas bolup hyzmat edýär. Munuň özi çaklamalarda düýpli ýalňyşlardan gaça durmaga mümkinçilik berýän çaklama usullaryny ulanmagyň zerurlygyny şertlendirýär.

Hümmetsizlenmäniň çaklamasyny sarp ediş nyrhlarynyň indekleriniň esasynda amala aşyryp bolýar:

$$T_{i.ç\%} = \frac{J_{sn,ç} - J_{sn,b}}{J_{sn,b}} * 100, \qquad (16)$$

bu ýerde $J_{sn,ç}$, $J_{sn,b}$ – çaklanylýan we binýatlyk döwürlerde sarp ediş nyrhlarynyň indeksleri.

Deňagramly bolmadyk ykdysadyýetiň şertlerinde hümmetsizlenmäni häsiýetlendirmek üçin diňe bir sarp ediş nyrhlarynyň indeksi ýeterlik däl. Gizlin hümmetsizlenmäni ýa-da kanagatlandyrylmadyk islegi hasaba almak zerurdyr. Bu şertlerde hümmetsizlenmäniň indeksini $J_h$ formula boýunça hasaplap bolýar:

$$J_h = J_{sn} \cdot K_g, \qquad (17)$$

bu ýerde $J_{sn}$ – sarp ediş nyrhlarynyň indeksi; $K_{gi}$ – gizlin hümmetsizlenmäniň ýa-da kanagatlandyrylmadyk islegiň koeffisiýenti.

Öz nobatynda gizlin hümmetsizlenmäniň koeffisiýenti şeýle kesgitlenilip bilner:

$$K_{gi} = 1 + \frac{\Delta I_k}{J_{h,d}} \text{ ýa-da } K_{gi} = \frac{J_p}{J_{hd}}, \qquad (18)$$

bu ýerde $\Delta I_k$ – kanagatlandyrylmadyk islegiň ýa-da mejbury ýygnalan pullaryň artyşy; $J_p$ – ilatyň pul girdejileriniň indeksi; $J_{h.d}$ – haryt dolanyşygynyň we hyzmatlaryň indeksi.

Hümmetsizlenmäniň indeksini kesgitlemegiň alternatiw (birnäçe mümkinçiliklerden birini saýlap almak) usuly çykdajylaryň, girdejileriň we nyrhlaryň indekslerini ulanmaga esaslanan usul bolup durýar:

$$J_i = \frac{J_p}{J_ç} * J_p, \qquad (19)$$

bu ýerde $J_ç$ – çykdajylaryň indeksi.

Eger-de $J_ç = J_p$ bolsa, onda $J_i = J_{sn}$, eger-de çykdajylar girdejilere laýyklykda artsa, onda hümmetsizlenme nyrhlaryň ösüş depgini bilen kesgitlener.

Eger-de $J_ç < J_p$ bolsa, onda hümmetsizlenme nyrhlardan başga artykmaç (ulanylmaýan) girdejileriň emele gelmegi täsir edýär. Eger-de $J_ç > J_p$ bolsa, onda hümmetsizlenme nyrhlaryň ösüşinden pes bolar.

Bu usul takmyny ýagdaýda bolup durýar. Onuň esasy artykmaçlygy – meýilnamalaşdyryş edaralarynda maglumatlaryň, ýagny ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansynyň we başga maglumalaryň barlygyndadyr.

Hümmetsizlenmäniň derejesini pul massasynyň üýtgemegine esaslanyp hem çaklamak bolar. Pul alyş-çalşygynyň deňlemesinden ($MV = PQ$) ugur alyp, nyrhlaryň derejesi şeýle kesgitlenilýär:

$$P = \frac{M * V}{Q}, \tag{20}$$

bu ýerde $P$ – nyrhlaryň derejesi; $M$ – puluň agramy; $V$ – pul aýlanyşygynyň tizligi; $Q$ – hakyky harytlaryň we hyzmatlaryň mukdary.

Şeýlelikde, nyrhlaryň ösüşiniň indeksini $J_p$, pul agramynyň $J_m$, pul aýlanyşygynyň tizligini $J_v$ we hakyky *JIÖ*-iň $J_Q$ indeksleriniň gatnaşygy görnüşinde görkezip bolar:

$$J_p = \frac{J_m * J_v}{J_ö}. \tag{21}$$

Hümmetsizlenmäniň köp ýagdaýlaryň täsiri netijesinde geçýändigini nazara alyp, çaklama hasaplamalaryna *köp faktorly modelleriň* esasynda korrelýasiýa–regressiýa usulyny ulanyp amala aşyrmak maksadalaýyk hasaplanylýar, ol usul çaklanylýan hümmetsizlenmäniň we oňa täsir edýän sebäpleriň arasyndaky korrelýasiýa gatnaşygynyň barlygyny, gatnaşygyň görnüşini kesgitlemäge, deňlemäni emele getirmäge we onuň esasynda hümmetsizlenmäniň çaklamasyny amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Köp faktorly modeliň umumy görnüşi aşakdaky formulada aňladylýar:

$$J_i = f(x_1, x_2, \dots x_n). \tag{22}$$

Hümmetsizlenme sebäpleriniň arasynda walýutanyň bahasynyň üýtgemegi, pul massasynyň artmagy, milli bankyň täzeden maliýeleşdiriş derejesiniň üýtgemegi wajyp hasaplanylýar. Onda her

9. Sargyt № 1985

150.0 x 225.0 mm

bir sebäp boýunça wagt aratapawudyny hasaba almak zerurdyr. Ýagdaý üýtgände wagt aratapawudy üýtgeýär. Wagt aratapawudynyň üýtgemegi düýpli makroykdysady ýagdaýlaryň biri bolup durýar. Hümmetsizlenmäniň we onuň sebäpleriniň arasyndaky wagt gatnaşygy belli bolsa, hümmetsizlenme hadysalaryny has anyk çaklamaga we olary oýlanyşykly dolandyrmaga mümkinçilik berýär.

Dünýä tejribesinde *JIÖ*-niň deflýatorynyň esasynda onuň derejesini hasaplamak hümmetsizlenmäni çaklamagyň giňden ýaýran usuly bolup durýar. Şeýle ýagdaýlar, ýagny pul girdejileriniň, subsidiýalaryň, daşary ýurt eksport we import nyrhlarynyň, karzlar we depozitler boýunça derejeleriniň üýtgeýşi we beýlekiler tapawutlandyrylýar. Hümmetsizlenmäniň derejesini hasaplamagyň usulyýeti 5-nji tablisada görkezilendir.

Her bir sebäp boýunça onuň çaklanylýan ululygy we göterimde üýtgeýşi kesgitlenilýär. Soňra çaklanylýan döwrüň öň ýanyndaky döwürde degişli sebäp boýunça absolýut görnüşde görkezilen maglumatlar şol döwürdäki *JIÖ* paýlanýar we şol netije öňdäki döwür bilen deňeşdirilende çaklanylýan döwürde sebäbiň göterimde üýtgeýşine köpeldilýär.

*5-nji tablisa*

**Hümmetsizlenmäniň derejesiniň hasaplanylyşy**

| № | Görkezijiler (ýagdaýlar) | Belgilenilişi | Hümmetsizlenmäniň üýtgeýşi |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| 1 | Öňki döwürdäki hümmetsizlenme | $J^t$ | Hasaplaşyk formulasy |
| 2 | Pul girdejileriniň üýtgeýşi | $\Delta PG$ | $\frac{PG^t}{JI\ddot{O}^t} * (PG^{t+1}, \% - PG^t, \%)$ |
| 3 | Subsidiýalaryň üýtgeýşi | $\Delta SB$ | $\frac{SB^t}{JI\ddot{O}^t} * (SB^{t+1}, \% - SB^t, \%)$ |
| 4 | Import nyrhlarynyň üýtgeýşi | $\Delta IN$ | $\frac{I^t}{JI\ddot{O}^t} * (IN^{t+1}, \% - IN^t, \%)$ |

*5-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 5 | Eksport nyrhlarynyň üýtgeýşi | $\Delta EN$ | $\frac{E^{t}}{JIÖ^{t}} * (EN^{t+1}, \% - EN^{t}, \%)$ |
| 6 | Göterim derejeleriniň üýtgeýşi | $\Delta GS$ | $\frac{SGÖ^{t}}{JIÖ^{t}} * (GS^{t+1}, \% - GS^{t}, \%)$ |
| 7 | Çaklanylýan döwründäki hümmetsizlenme | $J^{t+1}$ | 1 + 2 + 3 + 4 + 5 + 6 |

**Bellik.** $t$ – öňdäki döwür, $(t + 1)$ – çaklanylýan döwür, $I$ – import, $E$ – eksport, *SGÖ* – galan sap önüm.

Her bir sebäp boýunça netijeler jemlenýär we öňdäki döwrüň hümmetsizlenmäniň derejesinden hem-de sebäpleriň täsirinden ugur alnyp, çaklanylýan döwründäki hümmetsizlenme hasaplanylýar.

Hümmetsizlenme hadysalary nyrhlaryň ýokarlanmagy bilen ýüze çykýar, şonuň üçin hümmetsizlenmäniň çaklamasy nyrhlaryň üýtgeme görkezijisini çaklama bilen utgaşykly amala aşyrylmalydyr.

Günbatar ykdysatçylary hümmetsizlenme hadysalarynyň ösüş meýillerini seljerenlerinde, köplenç, harytlaryň aýratyn görnüşleriniň nyrh hereketini çaklamak bilen, şol çaklamalaryň kömegi bilen hümmetsizlenmäniň bolup biljek depginlerini kesgitlemäge çalyşýarlar.

### *Hümmetsizlenme hadysalaryny dolandyrma*

Daşary ýurt tejribesiniň görkezişi ýaly, bazar ykdysadyýetinde hümmetsizlenmeden saplanyp bolmaýar, emma ony aram görnüşde saklap ýa-da dolandyryp bolýar.

Hümmetsizlenmä garşy göreşmek üçin hökümet hümmetsizlenmä garşy syýasat alyp barmaly, ýagny hümmetsizlenmäniň peselmegine ýardam berýän özara baglanyşykly çäreleriň toplumyny işläp taýýarlamaly. Hümmetsizlenmä garşy syýasat makroykdysady kadalaşdyrmagyň wajyp bölegi bolup durýar.

Hümmetsizlenmä garşy göreş çäreleri boýunça geçiriljek ulgamyny aşakdaky toparlara bölüp bolar – köp möhletli maksatlary we ulgamlary birleşdirýän uzakmöhletleýin (strategiki) hümmetsizlenmä garşy çäreler we onuň ulanmagy bilen tiz netijeleri berýän gysga möhletleýin çäreler.

Uzakmöhletleýin hümmetsizlenmäniň ugurlarynyň biri – *hümmetsizlenmeden garaşylýan hadysalary* ilki bilen, nyrh hadysalaryny gowşatmak. Onuň wezipesi, ykdysady ulgamyň subýektleriniň psihologiýasyny ýeňmekden, toplanan pullaryň gymmaty gaçar diýen gorkudan saplanmakdan, harytlaryň we hyzmatlaryň gymmatlamagy bilen ýüze çykan häzirki islegiň artmagynyň öňüni almakdan ybarat.

Tejribeden görnüşi ýaly, hümmetsizlenmeden garaşylýan hadysalary bazar ykdysadyýetiniň gurallaryny hemmetaraplaýyn berkitmek, ýagny import önümleriniň getirilmegine gümrük we beýleki çäklendirmeleri gowşatmak, kiçi işewürligi höweslendirmek, önümçiligiň we satuwyň diwersifikasiýasyny höweslendirmek, bazaryň ýagdaýyna we monopolistik özüni alyp baryş hereketleriniň öz wagtynda bes edilmegine ulgamlaýyn gözegçilik etmek, sagdyn bäsdeşligiň we nyrhlaryň erkinliginiň (liberalizasiýasynyň) gurşawyny döretmek arkaly ýeňip geçip bolar.

Eger-de hökümet öz wadalaryny berjaý edýän bolsa, onda oňa ynam bildirilýär we öndürijiler hem-de sarp edijiler öňünden çaklanylýan ýagdaýda nyrhlar teklip, isleg, toplanan pullar barada öz çözgütlerini utgaşdyrýarlar. Bu ýagdaýda hümmetsizlenmeden garaşylýan hadysalary peseltmäge ukyply ykdysadyýetiň özüni alyp barşyna täsir edýän hakyky güýç ynamlylyk çägi bolup durýar. Şular ýaly ugur soňky ýyllarda ABŞ-da, Angliýada, Germaniýada we beýleki ýurtlarda ulanyldy.

Hümmetsizlenmä garşy uzakmöhletleýin çäre pul massasynyň her ýyllyk artyşyna berk çäkleri girizmek, býujet ýetmezçiligini azaltmak bolup durýar. Munuň üçin kärhanalaryň iş ýörelgelerini üýtgetmek boýunça, döwlet dotasiýalarynyň we döwlet býujetiniň beýleki çykdajylaryny peseltmek, maliýe-karz ulgamyny özgertmegi, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, ykdysadyýeti demonopolizasiýalaşdyrmak, ykdysadyýetiň dolandyryş ulgamyny kämil-

150.0 x 225.0 mm

leşdirmek we üpjün etmek üçin çykdajylary peseltmek boýunça çäreleriň ulgamy zerurdyr.

Ilatyň artykmaç pul serişdelerini olary dolanyşykdan aýyrmagyň dürli usullarynyň kömegi bilen kadalaşdyryp bolýar. Bu usullara şulary degişli etmek bolar: döwlet karzlary; banklara goýulýan maksatly goýumlar; jaýlary, ýerleri, kärhanalaryň esasy we dolanyşyk serişdelerini giňeltmek we hususylaşdyrmak; gymmat bahaly kagyzlary çykarmak we satmak, eksport önümçiligini giňeltmek we döwrebaplaşdyrmak; sarp ediş harytlarynyň önümçiligini ileri tutýan, kiçi we orta kärhanalaryň ösüşine pul serişdelerini gönükdirmek.

Hümmetsizlenmä garşy netijeli gysgamöhletleýin çäre geçirmek, karz üçin salgytlary geçirmek we göterim derejelerini peselmek bolup durýar. Ýöne salgytlaryň peseldilmegi diňe maýa goýumlaryň ösüşine, sarp ediş harytlarynyň önümçiliginiň möçberiniň artmagyna itergi bolup hyzmat eden ýagdaýynda delillendirilýär. Umumy haryt möçberi artanynda we onuň teklibi ýokarlananda salgytlaryň derejeleriniň peselmeginden döwletiň girdejileriniň ýitgisiniň öwezini dolduryp bolýar. Karzyň göterimi peseldilende, eger-de ýeňillikli göterim derejesi bilen zerur harytlaryň önümçiligi höweslendirilende, önümçiligiň tehniki derejesi ýokarlandyrylanda, ylmy talap edýän tehniki taýdan kämil we ýokary hilli harytlaryň we hyzmatlaryň satuwy giňeldilende, täze bazarlar emele getirilende şolar ýaly netijäni alyp bolýar.

Hümmetsizlenmä garşy gysgamöhletleýin usullaryň hümmetsizlenmäniň sebäplerini aradan aýyrmaga gönükdirilmeýändigini bellemek zerur. Olar adatdan daşary häsiýetli bolup, ykdysadyýetde hümmetsizlenme dartgynlygyny wagtlaýyn peseltmäge gönükdirilendir.

Hümmetsizlenme şertlerinde döwlet bazara täsir ediş syýasatyny, girdejiler syýasatyny, teklibe gönükdirilen syýasaty göz öňünde tutmalydyr.

*Bazara täsir ediş syýasaty* iş bilen üpjünçilik we täze hünäre geçiş syýasatyny öz içine alýar, ol, bir tarapdan, zähmet bazarynda deňagramsyzlygy azaltmaga ýa-da doly aýyrmaga gönükdirilen, beýleki tarapdan, bäsdeşligiň ýardamyny göz öňünde tutmak we monopoliýa garşy kadalaşdyrmagyň hem-de ykdysadyýetiň amatly

150.0 x 225.0 mm

gurluşyny kemala getirmegiň çärelerini öz içine alýar. Import edýän hümmetsizlenmäni harytlara bolan gümrük paçlaryny ýokarlandyrmak, gowşak haryt öndürijilere kömek etmek we beýleki usullary ulanmak arkaly peseldip bolýar.

*Girdejiler syýasaty* zähmet haklarynyň we nyrhlaryň «doňdurylmagyna» ýa-da olaryň gözegçiligine gönükdirilendir. Ähli pudaklarda zähmet haklarynyň derejeleri zähmet öndürijiliginiň derejesiniň ösüşine laýyklykda ýokarlanyp biler.

Salgytlaryň ýokary derejelerinde kärhanalaryň bellibir bölegi işjeňlik ýagdaýyndan çykyp ýapylýar, beýleki bir bölegi bolsa ýaşryn ykdysadyýet ulgamyna geçýär.

Şeýlelikde, salgytlar babatda döwletiň syýasaty çeýe bolmalydyr we olaryň derejeleri jemi teklibiň azalmagyna däl-de, artmagyna ýardam bermelidir.

Teklibiň hümmetsizlenmeginde ýeňillikli salgyt salmak arkaly harajatlary azaltmagy höweslendirmek ykdysady taýdan maksadalaýyk bolup durýar, ýagny salgyt salynýan girdejiden energiýa we materiallary tygşytlaýjy täzelik girizilen gününden ýylyň dowamynda materiallara energiýa çykdajylaryny peseltmekden tygşytlanan puluň jemini aýyrmaly. Bu puluň jemi kärhananyň ygtyýarynda galan girdejiniň düzüminde tizden-tiz hasaba alynmalydyr.

Daşary ýurtlarda hümmetsizlenmä garşy göreşmek üçin dürli usullar ulanyldy. Meselem, ABŞ-da 1970-nji ýyllarda keýnsiançylyk nazaryýetine esaslanyp, hümmetsizlenmä garşy döwlet syýasatynyň esasy iki görnüşi ulanylypdyr. *Birinjisi*, deflýasiýa (ýa-da islegi kadalaşdyrmak) diýip atlandyrylýar, ol pul-karz we salgyt gural arkaly pul islegini çäklendirmegi öz içine alypdyr (göterim we salgyt derejesiniň ýokarlandyrylmagy, pul massasynyň we döwlet çykdajylarynyň azaldylmagy), *ikinjisi*, girdejiler syýasaty diýip atandyrylýar, ol nyrhlara we zähmet haklaryna gözegçiligi göz öňünde tutupdyr (olaryň ösüşini doly doňdurmak ýa-da kesgitli bellenen çäklerde olary ýokarlandyrmagyň mümkinçiligi). Emma hümmetsizlenmä garşy göreşiň bu usullarynyň pes netijelidigini tejribe görkezdi.

Üznüksiz galopirlenýän hümmetsizlenmäniň ýagdaýy ilatyň dürli gatlaklarynyň närazyçylygyny döredipdir. Şonuň üçin 1980-nji ýyl-

larda galopirleýän hümmetsizlenmäniň döwründe hümmetsizlenmä garşy göreşmegiň konserwatiw usullary ilkinji ýüze çykaryldy. Olar diňe bir ABŞ-da däl-de, eýsem, Angliýada, Fransiýada we beýleki ýurtlarda hem ulanylyp başlandy.

Bu usullaryň nazary binýady bolup monetar nazaryýeti we täze ykdysady usullaryň toplumy hyzmat etdi, olar *teklibiň ykdysadyýeti* adalgasy bilen birleşdirildi. Olaryň esasy telekeçiligiň ähli görnüşlerini goldamakdan we bazar bäsdeşligini höweslendirmekden, ykdysady syýasatyň ileri tutulýan ugurlaryny we maksatlaryny düýpli üýtgetmekden ybarat. Iş bilen doly üpjünçiligiň ilkinji çäreleri bolup hümmetsizlenmä garşy göreş, netijeliligi höweslendirmek we hususy maýalary toplamak üçin şertleri gowulandyrmak çykyş etdi. Maýalary toplamagyň kadalaryny ýokarlandyrmak we pul dolanyşygyny durnuklylaşdyrmak kadalaşdyrmagyň baş ölçegleri boldy.

## 3.4. Maliýäni çaklama we meýilnamalaşdyrma

### *Maliýäniň häsiýetnamasy, olary çaklamanyň we meýilnamalaşdyrmanyň usullary*

Haryt-pul gatnaşyklarynyň şertlerinde maddy we maddy däl serişdeleriň ulanylyşy pul serişdeleriň hereketi bilen utgaşykly bolup, onuň dowamynda ykdysady gatnaşyklaryň subýektleriniň arasynda ykdysady amallar amala aşyrylýar.

Bellibir wagtda ykdysady amallaryň jemi akym ýaly belgilenýär. Şeýle-de gor (resurs) adalgasy ulanylýar, ol wagtyň bellibir pursadyna islendik görkezijiniň galyndy ululygyny görkezýär. Akymlara maliýe däl (hakyky) we maliýe akymlary ýaly seredilýär.

*Maliýe däl akymlar* önümçilik harytlaryny ýa-da hyzmatlary satyn almak hadysasynda amala aşyrylýan amallara degişli. *Maliýe akymlary* maliýe işjeňlerde we işjeň dällerde üýtgemeleri öz içine alýarlar.

Administratiw–buýruk beriji ulgamyň işleýiş şertlerinde haryt we pul akymlarynyň hereketi önümçilik hadysasynyň berk meýilnamalaşdyryş guramaçylygynda seredilýärdi. Bazar gatnaşyklaryna

150.0 x 225.0 mm

harytlaryň, hyzmatlaryň, maýalaryň, işçi güýjüniň has erkin hereketi mahsusdyr. Pudakdan-pudaga serişdeleriň täzeden paýlanylyşy maliýe serişdeleriň bazary arkaly amala aşyrylýar.

Maliýe serişdeleriniň bazary köp dürli wezipeleri ýerine ýetirýär. Olaryň esasylary bir pudakdan beýleki pudaga maliýe serişdelerini geçirmekden we gurluş deňölçegliligi we deňagramlylygy hem-de olaryň hereketini ulanylyşyň has netijeli ulgamlaryny üpjün etmekden ybaratdyr.

Maliýe (frans. *finances* – pul serişdeleri) hojalygyň ähli subýektleri (ykdysady birlikler) tarapyndan pul serişdelerini emele getirmek, paýlamak we ulanmak boýunça ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy ýa-da pul serişdeleriň işjeňlerinde we işjeň dällerinde üýtgemeler bilen baglanyşykly ykdysady amallaryň jemidir.

Maliýe serişdeleri ykdysadyýetiň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýär we bir wagtda onuň ösüş çeşmesi bolup durýar. Maliýe serişdeler merkezleşdirilen (döwletiň derejesinde) we merkezleşdirilmedik (kärhanalaryň, guramalaryň, birleşmeleriň derejesinde) görnüşlerde bolýar.

Maliýe serişdeleriniň netijeli dolandyrylyşy olaryň çaklanylmagyny we meýilnamalaşdyrmagyny talap edýär. Dünýä tejribesinde maliýäni çaklamada bilermenleriň baha beriş, ekstrapolýasiýa we modelirleme usullary giňden ýaýran. Modellerde iki, ýagny ekzogen we endogen görnüşli üýtgeýän görkezijiler ulanylýar.

Işlenip taýýarlanylýan maliýe meýilnama-çaklamalar (maksatnamalar) bellenen makroykdysady maksatnama ýetmäge gönükdirilen çäreleriň toplumy bolup durýar.

Maliýe meýilnamanyň kemala getirilişi ykdysadyýetiň esasy pudaklary boýunça döwrüň ahyryna jemleýji görkezijileriň hasaplanylyşyny öz içine alýar. Maliýe meýilnamasyny kemala getirmegiň birinji tapgyrynda binýatlyk maksatnamasy işlenip taýýarlanylýar, ol ýurduň ykdysady syýasatynyň üýtgemejekdigi hakyndaky çaklama esaslanýar. Binýatlyk maksatnamanyň maksady bar bolan meseleler özbaşyna çözülýärmi, öňki ýagdaýynda galýarmy ýa-da beterleşýärmi diýen soraglara jogap bermekden ybaratdyr.

Ikinji tapgyrda döwletiň syýasatyna baglylykda islendik döwrüň özboluşlylygyny hasaba alyp, ykdysady syýasatyň üýtgeýşine seredilýär. Bu iş kadalaşdyryjy maksatnamany taýýarlamak üçin esas bolup durýar, ol talap edilýän maksatlara ýetmek üçin işlenip taýýarlanylan çäreleriň bellibir toplumynyň ulanylmagyna esaslanmalydyr. Binýatlyk we kadalaşdyryjy maksatnamalar deňeşdirilende çäreleriň toplumy amala aşyrylyp, garaşylýan netijeler barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Maliýe ulgamy sarp ediş üçin serişdeler $C$ görnüşinde jemi içerki (milli) önümiň $Y$ öndürilişine, maýa goýumlara $I$, döwlet satyn alyşlara $G$, daşarky dünýä bilen söwda üçin çykdajylary (sap eksport $E - M$) üpjün etmeli, ýagny

$$Y = C + I + G + (E - M).$$

Bellenen maksatlaryň we çäreleriň binýadynda seredilýän döwürde makroykdysady ölçegleriň çaklamasyny amala aşyryp bolýar.

Görkezijileriň ösüşini öwrenmek, çäreleri we maksatlary kesgitlemek, ykdysadyýetiň içki ýagdaýyny we daşary ykdysady geljegini hasaba alyp, meýilnamalary işläp taýýarlamak, aýratyn pudaklaryň meýilnamalaryny we olaryň özara baglanyşygyna seretmek, pul çäklendirmeleriň çäk ähmiýetlerini kesgitlemek – bularyň ählisi ykdysadyýetde täze önümçilik hadysalaryny üpjün etmek maksady bilen, maliýe meýilnamasynyň amatly görnüşini işläp taýýarlamak boýunça gaýtalanýan hereketi görkezýän hümmetsizlenmäniň üznüksiz zynjyrydyr.

### ***Döwlet býujeti, onuň çaklanylyşy we meýilnamalaşdyrylyşy. Býujet ýetmezçiligi we ony ýapmagyň usullary***

Maliýe balanslarynyň ulgamynda döwlet býujeti merkezi orny eýeleýär. Ol jemleýji maliýe balansyndan tapawutlylykda, kanun görnüşinde her ýyl tassyklanylýar we döwletiň pul serişdeleriniň merkezleşdirilen gaznasyny meýilnama arkaly döretmek we ulanmak boýunça ykdysady gatnaşyklarynyň ulgamy bolup durýar. Döwlet býujeti merkezleşdirilen we ýerli býujetlerden ybarat bolup, olara welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň, şäherçeleriň býujet-

leri girýär. Merkezleşdirilen döwlet gaznalaryna býujetden daşary merkezleşdirilen gaznalar degişli, olary döretmegiň sanawy we şertleri täzeden seredilip bilner.

Görnüşi ýaly, döwlet býujeti balans bolup durýar, onuň girdeji bölegi bolup salgytlar, salgyt görnüşli däl goýumlar, çykdajy bölegi bolup durmuş hyzmatlaryna, hojalyk zerurlyklaryna (kärhanalara dotasiýalar, subsidiýalar, döwlet maksatnamalaryny amala aşyrmaga edilýän çykdajylar), döwlet häkimýetiň we dolandyryş edaralaryny saklamak üçin çykdajylar, döwlet bergisi boýunça tölegler we beýlekiler bolup durýar.

Döwlet salgyt salmagyň (salgyt derejeler we salgytlaryň görnüşleri) şertlerini kesgitleme mümkinçiligine eýe bolup, jemgyýet islegiň we teklibiň möçberine işjeň täsir edip biler.

Döwlet balansynyň konsepsiýasy ähli döwlet çykdajylarynyň we girdejileriniň jeminiň deňligini göz öňünde tutýar. Olaryň arasynda uly tapawut goýberilmeli däl we ol ýüze çykan ýagdaýynda ony aradan aýyrmak göz öňünde tutulmalydyr. Adatça, ýetmezçiligi ýapmagyň çeşmeleri *içki* we *daşky* karzlara bölünýär. Daşky karzlaryň hasabyna aýrylýan jemi ýetmezçilige şol serişdeleri nähili ulanmagyň meýilleşdirilýändigine baglylykda baha berilýär. Ýurduň içinde çykdajylaryň artmagyna getirýän daşky karz ýurduň ykdysadyýetine höweslendiriji täsir eder. Eger-de daşky karz daşary ýurtlardaky çykdajylaryň artmagyna getirse, ol içerki islege gönüden-göni täsir etmez.

Maliýeleşdirmegiň *içki çeşmelerine* Merkezi bankdan, täjirçilik banklaryndan we bank görnüşli däl pudakdan karzlar degişli bolup durýar.

Döwlet býujeti jemi öndürilişe we girdejä täsir edýän ykdysady sebäpleri kesgitlemekde esasy orny eýeleýär. Şeýlelikde, girdejileriň, çykdajylaryň we býujeti emele getirýän aýratyn maliýe bölümleriň çaklamalary zerur bolup durýar. Girdejiler çaklanylanda ekstrapolýasiýa usullaryny ulanyp bolýar, ýöne şular ýaly hasaplamalaryň netijeleri anyk bolmaýar, sebäbi olar salgyt binýadynyň ösüşini hasaba alman, öňki ösüşe esaslanýarlar. Has anyk çaklama funksional baglanyşyklary gurmak arkaly ýetilýär. Şular ýaly gurluşlar jemlen-

150.0 x 225.0 mm

medik dereje barada çözgüdi kabul etmegi hem-de degişli hasaplaýyş salgyt binýadyny saýlamagy talap edýär. Eger-de salgytlar binýady tapawutlanýan bolsa, esasy salgyt derejeleriň arasyndaky tapawutlary seljermek, salgytlaryň toparyny bölmek zerur.

Goşulan gymmata salynýan salgyt üçin salgyt binýady bolup goşulan gymmatyň ululygy, girdejä salynýan salgyt üçin salgyt salynýan girdejiniň jemi, aksizler üçin aksiz goýulýan harytlaryň satuwynyň jemi we ş.m. durýar.

Salgytlaryň jeminiň artyşy, salgyt binýadynyň ösüşi, şeýle-de salgyt salmagyň (meselem, salgytlaryň derejeleriniň ýokarlanmagy) ösüşi bilen baglanyşykly. Üýtgemeleriň birinji görnüşi *awtomatik netije*, ikinjisi – *diskresiýa üýtgeme* diýip atlandyrylýar.

Awtomatik netije çeýelik koeffisiýentiniň kömegi bilen ölçenilýär. Meselem, salgyt girdejileriň artyşynyň depginleriniň *JIÖ*-niň artyşynyň depginleri bilen gatnaşygy kesgitlenilýär. Şunda deňeşdirilýän döwrüň dowamynda salgyt ulgamyň üýtgemedik şerti kabul edilýär.

Diskresiýa täsirini hasaba almak üçin salgyt ulgamlaryň haýsy ýylda üýtgedilendigi barada maglumatlar bolmaly, şeýle-de şu üýtgemeleriň salgyt girdejileriniň jemine edýän täsiriniň absolýut ululygyny kesgitlemeli. Bu maksatlar üçin deňölçegli ugrukdyrmalar usuly ulanylýar, ol hakyky gelen salgytlar hem-de diskresiýa çäreleriniň täsir ediş hasaplaşyk derejesi baradaky maglumatlara esaslanýar. Salgyt görnüşli däl düşewüntler: emlägi ulanmakdan gelýän girdejileri, paçlary we tutumlary, maksatly býujet gaznalaryna tutumlary, erkin ykdysady zolaklary öz içine alýar. Ululyklara bolan çaklama hem şu usul bilen, şeýle-de maliýeleşdiriş edaralaryň maglumatlarynyň esasynda amala aşyrylýar.

Dünýä tejribesinde býujete salgyt we salgyt görnüşli däl düşewüntler çaklanylanda *JIÖ* bilen olaryň gatnaşyk usuly giňden ýaýrandyr.

Hökümet çykdajylary çaklananda döwletiň girdejilerinden tapawutlylykda diňe adaty ykdysady gatnaşyklaryna esaslanyp, olaryň derejesini kesgitlemäge mümkinçilikler az bolýar. Munuň özi döwlet

çykdajylary boýunça çözgütleri kabul etmek hadysasynyň syýasy tebigatynyň netijesi bolup durýar. Ýöne çykdajylaryň ykdysady toparlara bölünişiniň çäklerinde käbir esasy görkezijileriň içki (endogen) kesgitlenilişine seredip bolýar.

Meselem, karzlar boýunça göterim tölegleri olaryň ululygy we döwlet bergisiniň möçberi bilen kesgitleniler. Pulsuz tutumlar (transfertler) ykdysady işiň derejesi bilen kesgitlenilýär. Işçileriň we gullukçylaryň zähmet haklary ilatyň girdejileri babatdaky döwlet syýasaty, zähmet bazarynda nyrhlaryň we basyşyň täsirine duçar bolýar. Haryt teklipleriň we hakyky netijeleriň arasyndaky öňki gatnaşyklaryň seljerilişi şular ýaly çaklamalarda ýalňyşlaryň ululygyny görkezýär we geçirilýän hasaplamalara bellibir düzedişleri girizmäge mümkinçilik berýär.

Ýetmezçiligi maliýeleşdirmegiň çaklamalary üç esasy ugur bilen: daşky maliýeleşdiriş, içki bank görnüşli däl pul alnyş, bank ulgamyndan içki pul alnyş boýunça geçirilýär.

Býujetiň girdejilerini we çykdajylaryny deňeşdirmek arkaly çaklanylýan döwürde onuň deňagramlylyk derejesi kesgitlenilýär. Çykdajylar girdejilerden ýokary bolsa, ol býujetiň ýetmezçiligini aňladýar. Býujetiň ýetmezçilik derejesi çaklanylýan döwürde *JIÖ* býujetiň çykdajylarynyň we girdejileriniň arasyndaky aratapawudynyň gatnaşygy ýaly hasaplanylýar.

### ***Pul-karz gatnaşyklaryny çaklama***

Pul we karz ykdysady gatnaşyklarda döräp, ykdysady hadysalar bilen kesgitlenilýän möçberlerde ösýär. Pul-karz dolanyşykdaky üýtgemeler täze önümçiligiň hadysalary bilen şertlenip, ösüp barýan bazar gatnaşyklarynyň düzüm birligi bolup durýar. Toplanan görnüşinde bu gatnaşyklar bank (maliýe) ulgamynyň ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň öňde tutulan borçlary görnüşinde çykyş edýär.

Milli önümiň ýerlenilişi we onuň bilen baglanyşykly harytlaryň we hyzmatlaryň akymlarynyň hereketi dolanyşykda aýlanýan pullaryň massasynyň barlygynyň zerurlygyny ýüze çykarýar, dolanyşykdaky pullar – harytlaryň we hyzmatlaryň alyş-çalşygynyň kömegi arkaly

alynýan pul serişdeleridir. Bu ýagdaýda haryt satyjydan alyja geçýär, haryt üçin töleg amala aşyrylýar we pullar alyjydan satyja geçýär.

Şol bir wagtda haryt geleşiklere gatnaşmaýan, ýöne kanunalaýyk töleg we alyjylyk serişdesi bolup durýan pul massasy dolanyşykda bar (hojalyk subýektleriniň, jemgyýetçilik guramalaryň we ş.m. hasaplaşyk, häzirki we beýleki hasaplarynda pul serişdeler, olar tölegiň ätiýaçlyk gaznasyny wagtlaýyn düzýärler, şeýle-de ilatyň ýygnanan we tygşytlanan pullarynyň gaznasy görnüşinde ýüze çykýar). Görkezilen gaznalar maddy şertleriň döredilmegine görä hemişe işjeň pul dolanyşygyna çekilýär (gös-göni maliýe dellallardan ýa-da döwlet guramalaryndan).

Dolanyşykdaky pul massasy pul serişdeleriniň nagt we nagt däl hereket görnüşinde dolanyşykda hemişe bolýar (karz amallary bilen baglanyşykly serişdeleriň geçirilmegi hem muňa degişli). Hasaplaryň we tölegleriň esasy bölegi nagt pullar ulanylmazdan amala aşyrylýar, diňe kiçi bölegi nagt pullar ulanlyp amala aşyrylýar.

Ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň öňünde bank ulgamynyň borçlary pul agregatlary diýlip atlandyrylýar. Olar wajyp sebäp bolup nyrhlaryň, önümçiligiň möçberiniň, töleg balansynyň derejesine täsir edýär, şonuň bilen baglylykda, olaryň çaklanylmagy aýratyn ähmiýetlidir. Bu maksatlar üçin pul balansy ulanylýar, ol 6-njy tablisada görkezilen tertip boýunça işlenip taýýarlanylýar.

Pul agregatlary deň dereje (ekwiwalent) bolup, kesgitlenilişi boýunça daşarky netto-aktiwleriň we sap içerki karzyň jemine deň bolmaly.

*6-njy tablisa*

**Pul balansynyň çyzgysy**

| Işjeňler | Işjeň däller |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Daşarky netto-işjeňler | Pul agregatlary |
| Karz: | Pul massasynyň umumy möçberi: |
| – hökümete | – aýlanyşykdaky pullar |
| – ilata | – talap edilýänçä goýumlar |

| 1 | 2 |
|---|---|
| – kärhanalara | – tiz wagtynda we saklap berýän goýumlar |
| – beýlekiler | |
| Başga bölümler (netto) | Başga (pes gymmata öwrülýän) maliýe işjeňleri |

Pul-karz çaklamalary ýa-da maksatnamalar işlenip taýýarlanylanda wajyp mesele bolup, hümmetsizlenmäniň gözegçilik sanyna we onuň ösüş depginlerine baha berilmegine laýyklykda teklip edilýän pullaryň olara bolan islegiň baglanyşygyndan ybarat. Pula bolan islegiň hem-de pullary teklip ediliş çaklamalarynyň deňeşdirilişi pul dolanyşygynyň deňagramlylyk derejesi barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Pula bolan islegiň çaklanylyşy statistiki usullar bilen ýerine ýetirilip bilner, ýagny geljek döwürleriň degişli maglumatlary saýlanylýar. Pullaryň dolanyş tizligine baha bermek wajypdyr.

Pullara bolan islegi çaklamak üçin regressiýa deňlemesini ulanyp bolýar:

$$Y_t = a_o + a_1 x_t + a_2 z_t, \tag{23}$$

bu ýerde $Y_t$ – kassada galýan hakyky pullar; $a_o$, $a_1$, $a_2$ – koeffisiýentler; $x_t$ – hökmany üýtgeýänler (pullaryň möçberini we *JIÖ*-niň gatnaşygyny hasaba alýar); $z_t$ – «hasap edilen harajatlaryň» üýtgeýänleri (başga işjeňlere nagt pullaryň ileri tutulýan derejesini görkezýär).

Kassa dolanyşyklarynyň çaklamasy hem wajypdyr, ol nagt pullaryň hereketini häsiýetlendirýär we dolanyşyk ulgamyndan bank edaralarynyň kassalaryna pul massasynyň geçişini we kärhanalara, guramalara, ilata nagt pullaryň berlişini görkezýär.

Pul teklipleri çaklananda başlangyç pursat pul binýadyny kesgitlemekden ybarat, ol nagt pullary, depozitleri öz içine alýar we bank ulgamynyň işjeňleriniň üýtgemegine baglylykda üýtgeýär. Pul твеklipleriniň ululygyna pul binýadynyň artmagy (azalmagy), nagt pullaryň massasynyň we talap edilýänçä goýumlaryň arasyndaky gatnaşyk, şeýle-de banklar üçin ätiýaçlyk pullaryň kadalarynyň

150.0 x 225.0 mm

ugrukdyryjylary täsir edýär. Pul tekliplerini çaklamak trendi ýüze çykarmagy, pul binýadyny çaklamagy we ätiýaçlyk kadalaryň çaklanylýan bahalaryny almagy göz öňünde tutýar.

Sap daşky işjeňleriň möçberiniň çaklanylyşy töleg balansynyň geljekki ýagdaýy bilen hem-de daşarky maliýeleşdirmegiň barlygy bilen gös-göni baglanyşykly bolup durýar.

Sap içki karzyň ululygy galyndy görnüşinde hasaplanyp bilner, ýagny şu aşakdaky deňlikden (toždestwodan) gelip çykýar:

$$M_6 = A_{ad} + K_{ai}, \quad (24)$$

bu ýerde $M_6$ – bank ulgamynyň massiwi; $A_{ad}$ – bank ulgamynyň sap daşary ýurt işjeňleri, şol sanda döwlet ulgamynyň sap halkara ätiýaçlyklary; $K_{ai}$ – bank ulgamynyň hödürleýän sap içki karzy.

Sap içki karzyň hasaplanylýan ululygy ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň ýagdaýynyň üýtgemegine laýyk gelmelidir. Meselem, karzyň ýokarlanmagy önümçilik möçberiniň meýilnamalaşdyrylan artyşyna laýyk gelmeli.

Hökümetiň, döwlet kärhanalarynyň, ilatyň arasynda karzyň paýlanylyşy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan serişdeleri hasaba alnyp amala aşyrylmalydyr.

Pul balansynyň beýleki bölümleriniň hereketi boýunça öňünden aýtmak kyn bolýar. Bu üýtgeýän ululyga täsir edýän ýagdaýlar banklaryň paýdar maýasynyň artmagyny, sap daşky işjeňleriň bahalarynyň üýtgemegini, şeýle-de bank ulgamynyň girdejilerini we ýitgilerini öz içine alýar.

### *Töleg balansyny we walýuta kursuny çaklama*

Töleg balansy daşky dünýä bilen döwletiň ykdysady gatnaşyklaryny häsiýetlendirýär. Onuň içinde bellibir wagtyň dowamynda başga ýurtlar bilen ýurduň daşary ykdysady amallary barada maglumatlar bolýar, import, eksport, daşary ýurt hyzmatdaşlaryndan alnan karzlar we hödürlenen karzlar, maýa goýumlar, daşary ýurt geçirimleri hökümetiň tölegleri boýunça amallar görkezilýär.

150.0 x 225.0 mm

Töleg balansynyň hasaplama esasyny söwda netijeleriň we karz akymlaryň arasyndaky gatnaşyklar emele getirýär.

Töleg balansynyň hasaplary dünýäniň we ýurduň arasyndaky hakyky we maliýe akymlaryny görkezýändigi bilen tapawutlanýarlar.

Töleg balansynyň umumy gurluşy 7-nji tablisada görkezilýär.

*7-nji tablisa*

**Töleg balansynyň gurluşy**

| | |
|---|---|
| 1. Deslapky hasap | 2. Maýa goýumlar we maliýe hasaby |
| Söwda balansy: | Maýa goýumlar hasaby |
| – eksport | Maliýe hasaby |
| – import | Göni maýa goýumlar (saldo) |
| Hyzmatlar: | Beýleki maýa goýumlar (saldo) |
| – ýerine ýetirilen | 3. Umumy balans |
| – alnan | 4. Maliýeleşdiriş |
| Girdeji, saldo | Sap ätiýaçlyk aktiwi |
| Deslapky geçirimler, saldo | Aýratyn maliýeleşdiriş |

Mundan başga-da, töleg balansy çaklanylanda beýleki makroykdysady görkezijiler bilen baglanyşyk üpjün edilmelidir.

Çaklamada deslapky hasap boýunça çaklanylýan netijäniň ýetmezçiligini ýapmak üçin maýalaryň gelşiniň ýol berilýän ähmiýetleriniň utgaşdyrylyşy hasaba alynmalydyr.

Islendik ýurduň eksportynyň möçberi şol ýurtdan daşary ýurtlaryň harytlaryny satyn almaga bolan islegine (eksporta isleg), şeýle-de daşary ýurtdan harytlary getirmäge raýatlaryň ukyplylygyna we höweslendirilişine (eksporty teklip etmek) baglydyr.

Hyzmatlaryň çaklamasynyň bellibir aýratynlyklary bolýar, sebäbi olar amallaryň birmeňzeş bolmadyk toparyny emele getirýärler. Meselem, agyr ýük we ätiýaçlandyryş düşewüntler we tölegler degişlilikde eksport we import hereketi bilen baglanyşykly bolup durýar. Syýahatçylyk bilen baglanyşykly düşewüntler we tölegler nyrhlar pudagynda girdejä we bäsdeşlige bagly bolýar.

150.0 x 225.0 mm

Harytlaryň we hyzmatlaryň eksportynyň we importynyň çaklanylýan hasaplamalarynyň esasynda saldo kesgitlenilýär. Töleg balansy işlenip düzülende ilkinji tapgyrdaky hasabyň saldosyny *JIÖ* bilen baglanyşdyryp kesgitläp bolýar.

Göni we beýleki maýa goýumlaryň netijesinde maýa goýumlardan gelýän girdejileri çäklendirmek zerur. Göni maýa goýumlardan alynýan girdeji öň daşary ýurt maýa goýumlaryndan toplanan serişdelere baglydyr we serişdeleriň yzyna dolandyrylmagyna hukuk çäklendirmeler sebäpli uzak möhletden soňra amala aşyrylyp bilner. Beýleki maýa goýumlardan girdejileriň ýagdaýynda göterimleriň tölenişi we düşewüntler öň we häzir hödürlenen we alnan daşary ýurt karzlaryň jemini we gymmatyny, şeýle-de halkara ätiýaçlyklaryň derejesini görkezýärler.

Maliýe hasaby çaklanylanda üç esasy derejäni tapawutlandyrmak zerurdyr, ýagny göni maýa goýumlary, orta we uzak möhletleýin maýa goýumlary, gysga möhletleýin maýa geçirimleri geçirmek.

Göni maýa goýumlaryň möçberi maýa goýum mümkinçilikleriniň we tiz ykdysady ösüşiň geljeginiň barlygy bilen baglanyşyklydyr. Anyk kabul edilen düzgünleriň we düzgünnamalaryň barlygy edil şolar ýaly makroykdysady görkezijileriň durnuklylygyna ýetmäge gönükdirilen ynamy bolan hökümetiň syýasaty maýa goýumlar üçin amatlydyr.

Döwletiň orta we gysga möhletleýin maýalarynyň akymyny meýilnamalaşdyrmak üçin býujetiň we ösüş meýilnamalaryň taslamalarynda bar bolan, şeýle-de maýadar ýurtlardan gelýän maglumatlary ulanyp bolýar.

Maýa goýumlary geçirmäge çäklendirmeleriň ýok bolan şertlerinde milli (içerki) we daşary ýurt gymmatly kagyzlaryň özara çalşygy geçirilýär, şunda göterim derejeleriniň tapawutlary wajyp orny eýeleýär.

Maýa goýumlaryň gysga möhletleýin geçirilişi dürli ýurtlarda maliýe bazarlaryň dürli şertlerine örän tiz täsir edip bilýär.

Şeýlelikde, *walýuta kursy* – bu başga ýurtlaryň pul birliginde görkezilen bir ýurduň pul birliginiň nyrhydyr. Şular ýaly nyrh erkin

10. Sargyt № 1985

150.0 x 225.0 mm

bazar şertlerinde bellibir walýuta islegiň we teklibiň gatnaşygyndan ýa hökümetiň, ýa-da onuň baş maliýe-karz edarasynyň (merkezi bankynyň) çözgüdi bilen kesgitlenip bilner.

Walýuta bolan isleg we teklip eksporta hem importa baglydyr.

Eksportyň artmagy şol ýurduň walýutasynyň gymmatynyň ösmegine getirer. Import azalanda hem walýutanyň gymmaty ýokarlanýar. Şonuň bilen walýutanyň alyş-çalyş kursunyň ululygyna eksportyň we importynyň täsiri uludyr. Walýutanyň alyş-çalyş kursuna artýan eksportyň täsir ediş derejesi şol kursa importyň edýän täsirine baglydyr we tersine.

Nyrhyň üýtgemegine eksportyň we importyň elýeterliligi baglydyr. Eger-de köp ýurtlar harytlaryň we hyzmatlaryň eksportynda bäsleşýän bolsalar, onda eksportyň ululygy walýutanyň alyş-çalyş kursunyň az üýtgemelerine-de örän duýgur bolar. Eger-de ýurtda import harytlaryny çalşyp biljek öz milli harytlary we hyzmatlary bar bolsa, onda import harytlarynyň nyrhlarynyň biraz ýokarlanmagy şol harytlaryň we hyzmatlaryň importynyň ululygyna täsir eder.

Halkara karzlaryň akymlary walýutanyň halkara söwdanyň alyş-çalyş kursuna edýän täsiriniň doly öwezini dolduryp bilýärler. Importyň artmagy eksport edýän ýurtdan karzlaryň üsti bilen maliýeleşdirilip bilner. Munuň özi walýutanyň alyş-çalyş kursuny üýtgetmeýär.

Walýuta kursy çaklanylanda bilermenleriň berýän bahalar usuly we statistiki usullar ulanylýar. Dünýä tejribesinde köp faktorly modeller giňden ýaýrandyr. Walýutanyň kursuny çaklamak üçin deňleme onuň emeli gelşine täsir edýän sebäpleri hasaba almak arkaly düzülýär.

150.0 x 225.0 mm

# IV BAP ZÄHMET SERIŞDELERINI, DURMUŞ TAÝDAN ÖSÜŞI ÇAKLAMAK WE MEÝILNAMALAŞDYRMAK

## 4.1. Zähmet serişdelerini we ilatyň iş bilen üpjünçiligini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

### *Zähmet serişdeleri, olaryň düzümi we döredilişi*

*Zähmet serişdeleri* – bu fiziki ukyplylygyň jemi, ýörite bilimleriň we tejribäniň üsti bilen maddy eşretleri döretmäge gatnaşyp hem-de hyzmatlar ulgamynda zähmet çekip bilýän ilatyň bir bölegidir. 2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda «Türkmenistanyň Zähmet kodeksine üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Ilatyň umumy sanyndan zähmet serişdelerini tapawutlandyrmagyň ölçegleri bolup zähmete ukyply ýaşyň çäkleri çykyş edýär, olar döwlet tarapyndan bellenilip, jemgyýetçilik gurluşyna, adamlaryň ömrüniň dowamlylygyna, beýleki durmuş-ykdysady ýagdaýlara we şunuň bilen baglanyşykly kabul edilen döwlet resminamalaryna baglydyr. Meselem, Türkmenistanda erkek adamlar üçin zähmete ukyply ýaş 16 – 62, aýallar üçin 16 – 57 ýaş aralygy hasaplanylýar, üç çagaly aýal maşgalalar üçin 56 ýaş, dört çagaly aýal maşgalalar üçin 55 ýaş, bäş we ondan köp çagany ýa-da çagalygyndan maýyp çagany dogran we sekiz ýaşa çenli terbiýeläp ýetişdiren aýal maşgalalar üçin 54 ýaş hasaplanylýar. *ABŞ*-da ýaşlar üçin zähmete ukyply ýaşynyň aşaky çägi 14 ýaş, erkek adamlar üçin ýokarky çägi – 65 ýaş, aýallar üçin – 63 ýaş hasaplanýar. Belarusiýa Respublikasynda erkek adamlar üçin zähmete ukyply ýaş 16 – 60, zenanlar üçin 16 – 55 ýaş aralygy hasaplanylýar.

Zähmet serişdeleriniň düzümine şu aşakdakylar degişli:

– zähmete ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilat;

– işleýän ýetginjekler (16 ýaşa çenli);

– jemgyýetçilik önümçiligine gatnaşýan zähmete ukyply ýaşdan uly ilat.

Zähmete ukyply ilata I we II toparlaryň işlemeýän maýyplardan, şeýle-de umumy tertipde kesgitlenen zähmete ukyply ýaşdan öň ýeňillikli şertlerde pensiýa çykan adamlardan başga işe ukyply ýaşdaky adamlar degişlidir.

Zähmet işine bolan gatnaşygyna baglylykda zähmet serişdeleriniň düzüminde şu aşakdaky derejeler tapawutlandyrylýar:

– jemgyýetçilik önümçiliginde işleýänler;
– şahsy zähmet işi bilen meşgullanýanlar;
– önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýanlar;
– öý we şahsy kömekçi hojalykda işleýänler;
– harby gullukçylar.

Zähmet serişdeleriniň mukdar we hil häsiýetleri bolýar. Birinji topara san we düzüm görkezijileri (ýaşy, jynsy, jemgyýetçilik toparlar we beýlekiler), ikinji topara – bilim derejesiniň, kär-hünär görkezijileri we beýlekiler degişlidir.

Zähmet serişdeleri ýaşy boýunça şeýle esasy ýaş toparlary tapawutlandyrmagy göz öňünde tutýar: 16–29 ýaşly ýaşlar, 30–49 ýaşly adamlar, pensiýa ýaşyna golaýlan adamlar (50–61 ýaş aralygyndaky erkek adamlar, 50–56 ýaş aralygyndaky aýallar), pensiýa ýaşyndaky adamlar (62 we ondan uly ýaşdaky erkek adamlar, 57 we ondan uly ýaşdaky aýallar). Käwagt 10 ýyllyk ýaş aralyklar ulanylýar. Haçanda ilatyň düzüminde zähmete ukyply 20–49 ýaşly adamlar uly paýy we erkek adamlaryň köp bölegi tutsa, zähmet işjeňligi şonça ýokary hasaplanylýar.

Zähmet serişdeleriniň jynsy boýunça gurluşy olaryň düzüminde erkekleriň we aýallaryň sanynyň gatnaşygy bilen häsiýetlendirilýär. Düzgün bolşy ýaly, zähmet serişdeleriniň esasy çeşmesi bolan zähmete ukyply ýaşly ilat boýunça kesgitlenilýär.

Bilim derejesi boýunça zähmet serişdelerini häsiýetlendirmek üçin şeýle wajyp görkezijiler ulanylýar:

– umumy, ýörite we ýokary bilimiň derejesi;
– durmuş toparlar boýunça bilim derejesi.

Bilim derejesi boýunça ýokary, ýörite orta, orta we doly däl orta bilimli zähmet serişdeleriniň mukdarynyň arasyndaky gatnaşyk ýerine ýetirýän işine ýa-da eýeleýän wezipesine bagly bolmazdan kesgitlenilýär.

150.0 x 225.0 mm

Işiň görnüşi we hünär derejesi boýunça işgärleriň gatnaşygy zähmet serişdeleriniň kär-hünär gurluşyny häsiýetlendirýär. Hünärler zähmetiň häsiýeti we mazmuny ykdysadyýetiň aýratyn pudaklarynyň işleýşiniň özboluşlylygy we şertleri bilen kesgitlenilýär. Umumy kärleriň çäklerinde hünärler tapawutlandyrylýar. Zähmetiň çylşyrymlylygyna baglylykda:

a) ýokary hünärli;

b) hünärli;

ç) hünärsiz işgärler tapawutlandyrylýar.

Işgärleriň derejeleri boýunça zähmet serişdeleriniň gatnaşygy kesgitlenilende işçiler we gullukçylar, şol sanda ýolbaşçylar, hünärmenler we beýlekiler hasaba alynýar.

Zähmet serişdeleriň gurluşyny, olary netijeli ulanmagyň ugurlaryny kesgitlemek üçin bilmek zerurdyr.

Ilatyň köpelmegi zähmet serişdelerini döretmegiň esasyny düzýär, ol nesilleriň çalyşmagy arkaly adamlaryň dünýä inmeginiň we aradan çykmagynyň netijesinde amala aşyrylýar, ýagny dogluşyň derejesiniň we ömrüniň dowamlylygynyň ýokarlanmagy bilen ilatyň, diýmek, zähmet serişdeleriniň sany artar. Türkmenistan boýunça dogluşyň artandygy (bir müň adama) 2-nji diagrammada görkezilen.




**2-nji diagramma. Türkmenistan boýunça dogluşyň artandygy (bir müň adama).**

(«Нейтральный Туркменистан» gazeti, 21.07.2015 ý.).

Zähmet serişdeleri döredilende ilatyň migrasiýasy wajyp ähmiýete eýe bolýar, ol çäkleriň, halk hojalygynyň pudaklarynyň we işiň görnüşleriniň arasynda täzeden paýlanyşyga getirýär. Emma

ykdysady ösüş üçin ilatyň çäk hereketiniň bahalandyrylyşy, ozaly bilen, haçanda onuň ululygy we ugurlary halk hojalygynyň zerurlyklaryna laýyk gelmedik ýagdaýynda birmeňzeş bolmaýar. Munuň özi zähmet serişdeleriniň bir ilatly nokatlarda artykmaçlyk etmegine, beýleki ilatly nokatlarda ýetmezçiligine getirip biler, bu bolsa iki ýagdaýda-da ýaramaz hasaplanylýar.

Migrasiýa baradaky ähli maglumatlar ýurtda we sebitlerde ilatyň anyk sanyny kesgitlemek üçin, ilat we zähmet serişdeleri bilen baglanyşykly görkezijileri hasaplamak üçin ulanylýar. Şeýlelikde, zähmet serişdeleriniň ululygy we düzümi demografiki ýagdaýlar (ilatyň sany, jynsy we ýaşy boýunça gurluşy we beýlekiler) hem-de migrasiýa hadysalary bilen kesgitlenilýär. 2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda ««Migrasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaçalar we üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Zähmet serişdeleriniň paýlanylyşy, esasan sebitlerde, bar bolan ykdysady mümkinçiliklerden ugur alnyp amala aşyrylýar. Işleriň möçberiniň, halk hojalygynyň gurluşynyň üýtgemeginiň barşynda zähmet serişdelerine bolan zerurlyk hem üýtgeýär.

Ähli zähmet serişdeleriniň doly ulanylmagy jemgyýet üçin amatly hasaplanylýar. Emma bazar ykdysadyýetinde bu şert işçi güýjüne ýokary zerurlyk bolan ýurtlarda-da seýrek berjaý edilýär. Munuň sebäpleri köp. Ilki bilen bu önümçilik gurluşy kämilleşdirilende işçileriň we gullukçylaryň sanynyň azaldylmagy, zähmet şertlerinden kanagatlanmaýandygy bilen baglylykda işgärleriň işden gitmegi, täze iş orunlarynyň gözlenmegi, ykdysady ösüşiň tapgyrlaýynlygy, möwsümliligiň täsiri we beýlekiler. Ykdysady ösüş meýilnamalaşdyrylanda wajyp mesele işçi güýjüniň artykmaç ululygyna ýol bermezlikden hem-de şol bir wagtda zähmet serişdelerini has netijeli ulanmak maksady bilen, zähmet serişdeleriniň bazarynyň işlemegini üpjün etmekden ybaratdyr. Jemgyýetçilik zähmeti bilen meşgullanýan zähmete ukyply ilatyň paýynyň ýokarlandyrylmagy, pensiýa ýaşyndaky adamlara we ýetginjeklere şeýle mümkinçilikleriň döredilmegi durmuş-ykdyasady ýagdaýy gowulandyrýar.

150.0 x 225.0 mm

Häzirki zaman şertlerinde işsizlik meselesi wajyp bolup durýar. Işsizlik (iňl. *unemploument*) – durmuş-ykdysady hadysa bolup, onda zähmete ukyply ilatyň bellibir bölegi özüniň zähmet mümkinçiligini durmuşa geçirip bilmeýär.

Ýurdumyzda Aşgabat şäheriniň ilatynyň zähmet we iş bilen üpjünçiligi boýunça dolandyryjy edarasy Köpetdag etraby bilen bilelikde yzygiderli iş wakansiýalarynyň ýarmarkalaryny geçirip, ähli guramalara, kärhanalara we telekeçilere iş wakansiýalarynyň barlygy barada maglumat bermegi hem-de şol çärä gatnaşmagy barada habar ýetirýär. Bu babatda bildirişler ýurdumyzyň «Нейтральный Туркменистан» gazetinde ýerleşdirilýär.

### *Zähmet serişdelerini we olaryň ulanylyşyny çaklamak*

Zähmet serişdelerini çaklamak demografiki çaklamalary işläp taýýarlamaklygyň düzüm bölegi bolup, şu aşakdaky meseleleriň çözülmegine hyzmat edýärler:

– ilatyň geljekki sanyny we onuň ýaşy hem-de jynsy boýunça gurluşyny kesgitlemek;

– zähmet serişdeleriniň esasy çeşmesi bolan zähmete ukyply ýaşdaky ilatyň sanyna baha bermek;

– durmuş-ykdysady ösüşiň geljegini esaslandyrmak;

– durmuş-ykdysady we ylmy-tehniki ösüşiň konsepsiýasy bilen ylalaşylan demografiki ösüşiň konsepsiýasyny işläp taýýarlamak;

– demografiki ösüşiň mümkin bolan meselelerine baha bermek;

– demografiki syýasaty işläp taýýarlamak üçin esaslary döretmek.

Çaklama hasaplamalarda ilatyň sany, onuň ýaşy we jynsy boýunça gurluşy, zähmet serişdeleriniň mukdar we hil häsiýetlerini kesgitlemek bilen bilelikde ilatyň tebigy we mehaniki hereketi, ömrüň ortaça dowamlylygy, ilatyň migrasiýasy hem-de maşgalalaryň sany we gurluşy ýaly wajyp ölçeglere häsiýetnama berilýär. Halk hojalygynyň pudaklarynyň işçi güýjüne bolan zerurlyklary emele getirilýär we

zähmetiň mümkin bolan serişdeleri bilen onuň deňagramlaşdyrylan derejesi kesgitlenilýär.

Çaklama hadysasyna şu tapgyrlar girýär:

– zähmet serişdeleriniň düzümini, olary ulanmagyň derejesini, doldurmagyň mümkinçiliklerini we çeşmelerini, işe ýerleşdirilmegini seljermek, zähmet serişdeleriniň ululygyna we düzümine täsir edýän ýagdaýlary ýüze çykarmak;

– ilatyň geljekki sanyny we gurluşyny hasaplamak;

– zähmet serişdelerini emele getirmegiň görkezijilerini hasaplamak;

– maddy önümçilik pudaklarynda we önümçilik däl ulgamynda işleýän işgärleriň sanyny hasaplamak.

Demografiki çaklamalar ilatyň tebigy we mehaniki hereketiniň görkezijilerine esaslanýarlar.

Tebigy herekete esaslanan ilatyň geljekki sanynyň $S_t$ çaklamasyny umumy görnüşde şu formula bilen görkezip bolar:

$$S_t = S_b + K_{dg} \cdot S_b - K_{ög} \cdot S_b, \tag{25}$$

bu ýerde: $S_b$ – binýatlyk döwürde ilatyň sany; $K_{dg}$ – dogluşyň garaşylýan koeffisiýenti; $K_{ög}$ – ölüm derejesiniň garaşylýan koeffisiýenti.

*Zähmete ukyply ýaşda zähmete ukyply ilatyň sany* zähmete ukyply ýaşda ilatyň çaklanýan sanyndan zähmete ukyply ýaşdaky işleýän I we II toparlaryň maýyplaryň garaşylýan sany hem-de ýeňillikli şertlerde pensiýa alýan zähmete ukyply ýaşdaky işlemeýän adamlaryň sany aýrylyp hasaplanylýar.

*Işlemeýän I we II toparlaryň maýyplarynyň we ýeňillikli şertlerde pensiýa alýan zähmete ukyply ýaşdaky adamlaryň sany* olaryň binýatlyk döwürdäki zähmete ukyply ýaşdaky ilatyň düzümindäki paýyndan hem-de çaklanylýan döwürde onuň çak edilýän üýtgemesinden kesgitlenilip bilner.

Zähmet serişdelerini çaklamak bilen bilelikde, olary ulanmagyň çaklamasyny düzmek wajyp ähmiýetlidir. Bu çaklamalaryň esasy wezipesi, ykdysadyýetiň işçi güýji bilen üpjünçilik, onuň ýetmezçilik ýa-da artykmaçlyk derejesini kesgitlemekden ybaratdyr. Çaklama hasaplamalaryň esasynda zähmet serişdelerini netijeli ulanmak

150.0 x 225.0 mm

we mümkin bolan zähmet serişdeleriniň deňagramlylygyny hem-de olarda halk hojalygynyň zerurlyklaryny üpjün etmek boýunça çäreler işlenip taýýarlanylýar.

Şeýle hem maddy önümçiligiň pudaklarynda, önümçilik däl ulgamda we işiň beýleki ugurlary (önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýanlar, öý we şahsy kömekçi hojalyklarda işleýänler) boýunça işleýän adamlaryň sanynyň çaklama hasaplamalary geçirilýär.

*Maddy önümçiligiň pudaklarynda işleýänleriň sany* önümçiligiň çaklanylýan möçberinden we zähmet öndürijiliginiň çaklanylýan derejesinden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Oba hojalygynda işçi güýjüne bolan zerurlygy kesgitlemek üçin esasy maglumat hökmünde medeni ösümlikleriň görnüşleri boýunça ekin meýdanlaryndan (ekerançylykda), mallaryň we guşlaryň baş sanyndan (maldarçylykda) hem-de işleriň görnüşleri boýunça zähmet çykdajylarynyň geljek üçin çaklanylýan kadalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýän işleriň möçberi ulanylýar. Bu maglumatlar hasaba alnyp, oba hojalyk önümçiliginiň jemi kadaly zähmet talap edijiligi kesgitlenilýär. Iş bilen üpjün adamlaryň sany jemi kadaly zähmet talap edijiligini (adam/sagat) çaklanylýan döwürde iş wagtynyň kadaly gaznasyna bölmek arkaly hasaplanylýar.

Işçi güýjüne bolan zerurlyk onuň netijeli ulanylyşyny hasaba almak bilen kesgitlemelidir. Munuň üçin zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň we ylmy-tehniki hem-de guramaçylyk çäreleriniň ornaşdyrylmagy, ykdysadyýetdäki ösen gurluş ilerlemeleri bilen baglanyşykly işden boşadylan işçi güýjüniň hasaplamalaryny geçirmek zerurdyr.

*Önümçilik däl ulgamda iş bilen meşgullanýanlaryň sany* düzgün bolşy ýaly, hyzmat ediş kadalary boýunça kesgitlenilýär. Bu usul saglygy goraýyşda, bilim ulgamynda we ilata hyzmat edýän beýleki ulgamlarda giňden ýaýrandyr. Ekstrapolýasiýa we bilermenleriň baha beriş usullary hem ulanylyp bilner.

Ulgamlar we pudaklar boýunça işleýänleriň sany halk hojalygynda iş bilen meşgullanýanlaryň umumy sany bilen gabat gelmelidir.

150.0 x 225.0 mm

*Önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýanlaryň sany* okuw jaýlaryň sanyny hem-de dürli ugurlar boýunça hünärmenleri taýýarlamagyň zerurlygyny hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

*Öý we şahsy kömekçi hojalyklarda* iş bilen meşgullanýanlaryň sany hasaplananda ekstrapolýasiýa usullary ulanyp bilner. Mundan başga-da, bu ulgamda iş bilen meşgulanýanlaryň artmagyna ýa-da azalmagyna ýardam berýän döwlet syýasaty hem nazara alynmalydyr.

Işgärleriň we bar bolan zähmet serişdeleriniň zerur bolan sanynyň arasyndaky laýyklygy kesgitlemek maksady bilen, halk hojalygynyň ähli pudaklarynda we ähli derejelerinde balans usuly ulanylýar. Çaklama balanslarynyň ulgamy işlenip taýýarlanylýar, ol bütin ýurt we sebitler boýunça zähmet serişdeleriniň jemleýji balanslaryny, işçi güýjüne bolan goşmaça zerurlygyň we ony üpjün etmegiň çeşmeleriniň balanslaryny, hünärli işgärleri taýýarlamakda, ýaşlary işe çekmegiň zerurlygynyň balans hasaplamalaryny we beýlekileri öz içine alýar.

### *Iş bilen üpjünçiligi meýilnamalaşdyrmak. Zähmet serişdeleriniň jemleýji balansy*

Zähmet balanslarynyň ulgamynda zähmet serişdeleriniň jemleýji balansy merkezi orny eýeleýär, ol zähmet bazaryny kadalaşdyrmagyň wajyp guraly bolup durýar. Onuň esasynda iş bilen üpjünçilik çygryndaky döwlet syýasaty kemala getirilýär.

Zähmet serişdeleriniň jemleýji balansy zähmet serişdeleriniň barlygyny, olaryň ulanylyşyny we migrasiýa hadysalaryny häsiýetlendirýär. Ol bütin ýurt we sebitler boýunça çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň ähli tapgyrlarynda işlenip taýýarlanylýar.

Balans iki bölümden ybarat bolup durýar. Birinji bölüminde zähmet serişdeleri we olaryň düzümi, ikinjisinde – iş bilen üpjünçiligiň görnüşleri, halk hojalygynyň ulgamlary we pudaklary, eýeçiligiň görnüşleri boýunça zähmet serişdeleriniň paýlanylyşy görkezilýär. Onuň esasynda işsizleriň sany we işsizligiň derejesi kesgitlenilýär. Zähmet serişdeleriniň jemleýji balansynyň görnüşi 8-nji tablisada görkezilýär.

150.0 x 225.0 mm

*8-nji tablisa*

**Zähmet serişdeleriniň jemleýji balansy**

| Görkezijiler | Hasabat ýyly | Meýilnama ýyly |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| I. Zähmet serişdeleri, jemi | | |
| Şol sanda: | | |
| a) zähmete ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilat; | | |
| b) zähmete ukyply ýaşdan uly ýaşdaky işleýän adamlar we 16 ýaşa çenli ýetginjekler. | | |
| II. Zähmet serişdeleriniň paýlanylyşy | | |
| 1. Işiň görnüşleri boýunça: | | |
| a) 16 we ondan uly ýaşdaky okaýanlar, önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýanlar; | | |
| b) öý hojalygynda iş bilen meşgullanýanlar; | | |
| ç) jemgyýetçilik önümçiliginde iş bilen meşgullanýanlar. | | |
| 2. Önümçilik ulgamlary we halk hojalygynyň pudaklary boýunça | | |
| a) maddy önümçilik pudaklary: | | |
| – senagat; | | |
| – gurluşyk we beýlekiler. | | |
| b) önümçilik däl ulgamyň pudaklary: | | |
| – bilim, medeniýet we sungat; | | |
| – saglygy goraýyş, bedenterbiýe we beýlekiler. | | |

*8-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 3. Eýeçiligiň görnüşleri boýunça: | | |
| – döwlet kärhanalary; | | |
| – paýdarlar jemgyýetleri; | | |
| – kooperatiwler; | | |
| – daýhan birleşikleri; | | |
| – eýeçiligiň beýleki görnüşleriniň kärhanalary; | | |
| – şahsy we hususy telekeçilik ulgamlarynda işleýänler. | | |
| Işlemeýänleriň sany | | |
| Işsizligiň derejesi | | |

Zähmet serişdeleriniň çaklanylýan jemleýji balansyny işläp taýýarlamaklyk birnäçe çaklama hasaplamalaryň geçirilmegini göz öňünde tutýar.

Balansyň düzülişi zähmet serişdelerini kesgitlemekden başlanýar. Çaklanylýan döwürde zähmete ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sany hasaplanylýar (I we II toparlaryň maýyplary we ýeňillikli şertlerde pensiýa alýan, işlemeýän adamlar hasaba alynmaýar). Hasaplamany şu formula boýunça geçirip bolar:

$$S_{zt} = S_{il.t} \cdot K_{zt}\,, \qquad (26)$$

bu ýerde: $S_{zt}$ – $t$ çaklanylýan döwürde zähmete ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sany; $S_{il.t}$ – $t$ çaklanylýan döwürde ilatyň sany; $K_{zt}$ – $t$ çaklanylýan döwürde ilatyň umumy sanynda zähmete ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň paýyny häsiýetlendirýän koeffisiýent.

Şeýle-de hasaplamalary şu formula boýunça hem geçirip bolýar:

$$S_{iş.t} = S_{iş.b} \cdot K_{t}\,, \qquad (27)$$

bu ýerde: $S_{iş.t}$, $S_{iş.b}$ – $t$ çaklanylýan we binýatlyk döwürlerde zähmete ukyply ýaşdan uly ýaşdaky işleýän adamlaryň we 16 ýaşa çenli

ýetginjekleriň sany; $K_t$ – $t$ çaklanylýan döwürde şu derejäniň sanynyň ösüş (peseliş) koeffisiýenti.

$t$ çaklanylýan döwürde $S_t$ zähmet serişdeleri şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$S_t = S_{zt} + S_{it}. \quad (28)$$

Senagatyň $j$-nji pudagynda $t$ çaklanylýan döwürde işleýänleriň sany şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$S_t = S_{zt} + J_{qjt} / J_{zöjt}, \quad (29)$$

bu ýerde: $S_{jt}$, $S_{jb}$ – $t$ çaklanylýan we binýatlyk döwürlerde $j$-nji pudakda işleýänleriň sany; $J_{qjt}$, $J_{zö j t}$ – degişlilikde $t$ çaklanylýan döwürde $j$-nji pudakda önümçilik möçberiniň we zähmet öndürijiliginiň ösüş (peseliş) indeksleri.

Käbir pudaklarda (söwda, ulag we aragatnaşyk, maddy önümçiligiň beýleki pudaklary) ilatyň sany şu formula boýunça hasaplanylyp bilner:

$$S_{jt} = S_{jb} \cdot K_{jt}. \quad (30)$$

bu ýerde $K_{jt}$ – binýatlyk döwür bilen deňeşdirilende $t$ döwürde $j$-nji pudakda işleýänleriň sanynyň üýtgeýşini häsiýetlendirýän koeffisiýent.

Maddy önümçilik ulgamynda işleýänleriň sany $S_{mt\,t}$ çaklanylýan döwürde şu ulgamyň pudaklary boýunça işleýänleri jemlemek arkaly kesgitlenilýär:

$$S_{mt} = \sum_{j=1}^{n} S_{jt}. \quad (31)$$

Önümçilik däl ulgamda işleýänleriň sanyny $S_{ödt}$ şu formula boýunça hasaplap bolýar:

$$S_{ödt} = S_{ödb} \cdot K_{ödt} \cdot J_{it}, \quad (32)$$

bu ýerde: $S_{ödt}$, $S_{ödb}$ – $t$ çaklanylýan we binýatlyk döwürlerde önümçilik däl ulgamda işleýänleriň sany; $K_{ödt}$ – $t$ döwürde önümçilik däl ulgam-

150.0 x 225.0 mm

da işleýänleriň sanynyň üýtgemegini häsiýetlendirýän koeffisiýent; $J_{it}$ – $t$ döwürde ilatyň sanynyň üýtgeýşiniň indeksi.

Görkezilen formulalar boýunça zähmet serişdeleriniň çaklanylýan jemleýji balansyny işläp taýýarlamagyň ilkinji tapgyrlarynda iş bilen meşgullanýanlaryň sanynyň iri hasaplamalary geçirilýär. Jemleýji tapgyrda önümçilik däl ulgamda işleýänler ilata hyzmat etmegiň kadalarynyň esasynda olaryň sanynyň üýtgemeginiň esaslandyrylyşy hasaba alnyp, maddy önümçilikde bolsa – öndürilýän önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) zähmeti talap edijiliginden ugur alnyp hasaplanylýar.

Halk hojalygynda işleýänleriň sany $S_{hht}$ şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$S_{hht} = S_{mt} + S_{ödt}. \tag{33}$$

Eýeçiligiň görnüşleri boýunça iş bilen meşgullanýanlaryň sanyny hususylaşdyrmak boýunça çäreler hem-de eýeçiligiň dürli görnüşleriniň ösüşi hasaba alnyp, binýatlyk döwrüň maglumatlaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Zähmet serişdeleriniň jemleýji balansynyň maglumatlarynyň esasynda çaklanylýan döwürde işsizleriň sany we işsizligiň derejesi hasaplanylýar.

Bellibir döwürde işsizleriň sany $S_{işst}$ şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$S_{işst} = S_t - S_{hht} - S_{ot} - S_{öh\,t}, \tag{34}$$

bu ýerde $S_{ot}$ – $t$ döwürde 16 ýaş we ondan ýokary ýaşly, önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýanlaryň sany; $S_{öht}$ – $t$ döwürde öý hojalygynda işleýänleriň sany.

Işsizligiň derejesi zähmete ukyply ýaşda zähmete ukyply ilata ýa-da ykdysady taýdan işjeň ilata işsizleriň sanynyň gatnaşygy ýaly kesgitlenilip bilner. Ykdysady taýdan işjeň ilata halk hojalygynda işleýänler we işsizler degişli.

Bazar gatnaşyklaryna geçilende eýeçiligiň dürli görnüşleri bilen şertlenen täze zähmet gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly täze meseleleri goşmak arkaly, iş bilen üpjünçiligiň meselelerini ýitileşdirýär.

Halk hojalygynda çözülýän meselelerden ugur alnyp, iş bilen üpjünçilik meýilnamalaşdyrylýar we şu esasy ýörelgelere esaslanylýar:

– teniniň reňkine (rasa), jynsyna, dine garaýşyna, ýaşyna, syýasy ynam ygtykadyna, milletine we durmuş ýagdaýyna garamazdan, ähli zähmete ukyply raýatlara deň mümkinçiliklerini üpjün etmek;

– işsizlere durmuş kepilliklerini we öwez töleglerini hödürlemek;

– raýatlaryň zähmet başlangyçlaryny goldamak, olara öndürijilikli, döredijilikli zähmete bolan ukyplaryny ösdürmekde ýardam bermek we höweslendirmek.

## 4.2. Durmuş taýdan ösüşi we ilatyň ýaşaýyş derejesini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

### *Durmuş syýasaty. Ilatyň ýaşaýyş derejesini häsiýetlendirýän görkezijiler*

*Döwletiň durmuş syýasaty* – bu ilatyň maddy ýagdaýyny, ruhy we beden taýdan ösüşini gowulandyrmak, maýyplara we kem üpjünçilikli raýatlara goldaw bermek boýunça guramaçylyk, ykdysady we beýleki çäreleriň toplumydyr. 2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Durmuş syýasatynyň kesgitlemesiniň toplumlaýyn we köp meýilnamaly häsiýetinden ugur alnyp, ol, adatça, şu aşakdaky düzüm böleklere bölünýär:

1) ilatyň girdejiler syýasaty;

2) raýatlary durmuş taýdan goramak;

3) saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, harytlar, hyzmatlar, ýaşaýyş şertleri bilen üpjün ediş ulgamyny ösdürmek;

4) ýaşlar babatdaky syýasat.

Döwletiň durmuş syýasatynda ilatyň girdejilerini emele getirmegiň has netijeli guralyny işläp taýýarlamak we ulanmak wajyp orny eýeleýär. Onuň esasy mazmuny ilatyň ykdysady taýdan

işjeň bölegine pul gazanmaga mümkinçilik berýän amatly şertleri döretmekden ybarat bolup, pul serişdeleriniň möçberi alýan zähmet haklarynyň jeminden, eýeçilikden gelýän düşewüntlerden, sarp ediş jemgyýetçilik gaznalarynyň töleglerinden we beýlekilerden durýar. Işçileriň we iş berijileriň arasyndaky şertnamalaýyn gatnaşyklary, salgyt salmak ulgamy, zähmet haklarynyň ösüşi üçin şertleri döretmek we beýlekiler arkaly girdejileriň derejesine täsir edilýär.

*Raýatlary durmuş taýdan goramak* ilatyň durmuş taýdan gowşak toparlaryna (pensionerlere, maýyplara, işsizlere, köp çagaly maşgalalara we beýlekilere) maddy we beýleki goldawy bermegi öz içine alýar. Raýatlary durmuş taýdan goramagyň ulgamynda ilatyň iş bilen üpjünçiligine wajyp orun berilýär.

Saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, harytlar, hyzmatlar, ýaşaýyş şertleri bilen üpjün etmek babatda durmuş syýasaty olaryň geljekki ösüşi, iň ýokary derejede elýeterliligi we ilatyň gurşalyp alnyşy boýunça dürli çäreleriň sanawyny öz içine alýar, şol sanda:

– *saglygy goraýyş* – saglygy goraýşyň döwlet edaralarynda bellenen möçberde lukmançylyk kömegini kepillendirip üpjün etmek, ilkinji lukmançylyk kömeginiň ykdysady taýdan ösüşi boýunça maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmelerini ulanmak, lukmançylyk guramalarynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, derman serişdeleriniň üpjünçiligini gowulandyrmak;

– *bilim* – ykdysadyýetiň, ylmyň we medeniýetiň ösüşine işjeň täsir etmäge ukyply milletiň intellektual mümkinçiliklerini emele getirmek, okuw-terbiýeçilik guramalarynyň rejeli toruny döretmek, maddy-tehniki binýadyny täzelemek we giňeltmek, hünär biliminiň köp görnüşli ulgamyny ösdürmek we beýlekiler;

– *medeniýet* – medeniýet we sungat guramalarynyň hödürleýän hyzmatlarynyň derejesini we hilini ýokarlandyrmak, ilatyň giň köpçüligi üçin olaryň elýeterliligini üpjün etmek, maddy-tehniki binýadyny berkitmek hem-de täzelemek we beýlekiler.

Şulara meňzeş çäreler söwda, ýaşaýyş jaý gurluşyk, ulag, aragatnaşyk, durmuş taýdan hyzmat etmek, ekologiýa ulgamlarynda

150.0 x 225.0 mm

hem-de ilatyň ýaşaýyş şertleri bilen baglanyşykly beýleki ugurlarda göz öňünde tutulýar.

Ýaşlar babatdaky syýasat bilim, hünär taýýarlygy, terbiýe, iş bilen üpjünçilik, ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak, okuwçylary we talyplary, zehinli ýaşlary goldamak, 30 ýaşa çenli oglanlary we gyzlary zähmet işine girişmäge uýgunlaşdyrmak ýaly meseleleri öz içine alýar.

Girdejileriň beýleki eşretleriniň we hyzmatlarynyň möçberi, olaryň ilatyň toparlary boýunça paýlanylyşy köp babatda durmuş derejesini kesgitleýär. *Durmuş derejesi* – bu ilatyň ýaşaýyş üçin zerur bolan maddy we ruhy eşretler bilen üpjünçilik derejesidir. Ol mukdar we hil görkezijileriniň ulgamy: sarp edilýän eşretleriň we hyzmatlaryň umumy möçberi, hakyky girdejiler, zähmet haklarynyň möçberi, durmuş tölegleri, toplanan emläk, ýygnalan pullar, zähmet şertleri, boş wagtyň dowamlylygy we beýlekiler bilen häsiýetlendirilýär.

Türkmenistan boýunça ömrüň ortaça dowamlylygynyň ýokarlanandygy 3-nji diagrammada görkezilen.




**3-nji diagramma. Türkmenistan boýunça ömrüň ortaça dowamlylygynyň ýokarlanmagy.**
(«Нейтральный Туркменистан» gazeti, 21.07.2015 ý.).

Ilatyň durmuş derejesine baha bermegiň umumy görkezijisi hökmünde *BMG* tarapyndan *adamzat ösüşiniň indeksi* maslahat berilýär, ol şu bölekleri nazara alýar: pul birliginiň satyn alyjylyk ukybyny hasaba almak bilen ilatyň jan başyna düşýän *JIÖ*-niň möçberi, ýaşaýşyň dowamlylygy we raýatlaryň bilim derejesi.

11. Sargyt № 1985

150.0 x 225.0 mm

### *Durmuş kadalary.*
### *Iň az sarp ediş býujeti we iň az zähmet haky*

Ilatyň durmuş derejesini goldamaga we has mätäç raýatlaryň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilen işjeň durmuş syýasatynyň geçirilmeginiň zerurlygy onuň durmuş kadalaryny çaklamakda we meýilnamalaşdyrmakda giňden ulanylmagyny şertlendirýär. Olaryň kömegi bilen adamlaryň zerurlyklarynyň has doly kanagatlandyrylmagyny, şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösüşi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýän durmuş taýdan wajyp meseleleri oýlanyşykly çözmegiň netijeleri kesgitlenilýär. Kadalar sarp ediş serişdelerini netijeli paýlamagyň ölçegleri, girdejileriň, nyrhlar, sarp ediş babatda we ilatyň girdejileri indeksirlenende durmuş kepillikleri bolup durýar. Olar durmuş derejesini ýokarlandyrmak we ony çäk taýdan deňlemek, önümçilik häsiýetli bolmadyk gurluşyga zerur serişdeleri bölüp bermek, dürli harytlaryň we hyzmatlaryň önümçilik möçberlerini kesgitlemek boýunça çäreler esaslandyrylanda binýat hökmünde giňden ulanylýar.

Durmuş kadalary ylmy taýdan esaslandyrylan çelgileri göz öňünde tutup, etalon bolup çykyş etmelidir, durmuş-ykdysady ösüşiň meseleleri çözülende şol ösüşe ýetmäge ymtylmalydyr.

Mukdar we hil talaplardan ugur alnyp durmuş kadalarynyň üç görnüşi işlenip taýýarlanylýar: iň azyndan zerur, rejeli (amatly) zähmetiň we daşky gurşawyň ýagdaýynyň aýratyn şertleri üçin iň ýokary derejede ýol berilýän kadalar.

Sarp edişiň aýratynlyklaryna baglylykda durmuş kadalary şahsy we toparlaýyn görnüşlerde bolup bilýär. Şahsy kadalarda bir adam göz öňünde tutulýar. Bu kadalar harytlaryň we hyzmatlaryň sarp edilişiniň kadalarydyr. Toparlaýyn kadalar bilelikdäki ulanylýan durmuşy eşretler - medeni-durmuş we hojalyk maksaly predmetler babatda ulanylýar. Durmuş kadalary öndüriji güýçleriň ösüşiniň, umumy durmuş derejesiniň üýtgemeginiň, ilatyň zerurlyklarynyň, nyrhlaryň we beýleki ýagdaýlaryň täsirinde üýtgeýärler.

Durmuş kadalarynyň dürli görnüşliligi, özboluşlylygy olary kesgitlemegiň özbaşdak usulyýetlerini ulanmagyň zerurlygyny şertlendirýär. Şonuň bilen birlikde maksatlaýyn çemeleşmäniň

150.0 x 225.0 mm

ulanylyşy, gatnaşýan ölçegleriň kesgitlenilişi, kadalara täsir edýän ýagdaýlaryň ýüze çykarylyşy, mukdar taýdan baha berlişi, bilermenleriň baha berşi, ilatdan sorag-jogaplaryň zerur ýagdaýda geçirilişi ýaly birnäçe umumy talaplar hasaba alynýar.

Ulanylyşynyň aýratynlyklaryna baglylykda durmuş kadalaryny şu toparlara bölüp bolýar:

1) ilatyň girdejilerini we çykdajylaryny emele getirmek;

2) durmuş taýdan üpjün etmek;

3) durmuş demografiýasy;

4) ilatyň maddy eşretleri we tölegli hyzmatlaryň sarp edilişi;

5) ilatyň durmuşynyň ýaşaýyş-jemagat şertleri;

6) söwdanyň, jemgyýetçilik iýmitiniň we durmuş taýdan hyzmat etmegiň ösüşi;

7) ulag we aragatnaşyk;

8) ilatyň saglygyny goramak;

9) iş, iş görnüşli däl we boş wagt;

10) zähmetiň guralyşy we şertleri;

11) daşky gurşawyň ýagdaýy we goralyşy.

Her bir topar adamlaryň ýaşaýşynyň aýratyn jähetlerini häsiýetlendirýän takyk görkezijileriň we kadalaryň toplumyndan ybarat:

– *ilatyň girdejilerini we çykdajylaryny emele getirmek* – iň az sarp ediş býujeti, iň az zähmet haky, zähmet hakynyň möçberi, sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalaryndan geçirilýän tölegler we beýlekiler;

– *durmuş taýdan üpjün etmek* – pensiýalaryň, kömek pullarynyň, saglygy goraýyş hyzmatlaryna, ýaşaýyş-jemagat üpjünçiligine berilýän ýeňillikleriň möçberi hem-de şertleri we beýlekiler;

– *durmuş demografiýasy* – ilatyň umumy sanynda zähmete ukyply ilatyň, ýaşlaryň, pensionerleriň udel agramy, çaga doguluşy, adamlaryň ölüm derejesi, çagalaryň ortaça sany we beýlekiler;

– *ilatyň maddy eşretleri we tölegli hyzmatlary sarp edişi* – azyk harytlarynyň sarp edilişi, uzak wagtlap ulanylýan harytlar (sowadyjylar, ýeňil awtoulaglar, telewizorlar we beýlekiler), aragatnaşygyň radioelektron serişdeleri bilen üpjün edilişi we beýlekiler;

– *durmuşyň ýaşaýyş-jemagat şertleri* – bir ýaşaýja düşýän ýaşaýyş we umumy meýdanyň möçberi, gyzgyn we sowuk suw, ýyladyş ulgamy bilen üpjünçiligi we beýlekiler;

– *söwdanyň, jemgyýetçilik iýmitiniň we durmuş taýdan hyzmat etmegiň ösüşi* – naharhanalar, dellekhanalar we beýlekiler bilen üpjün edilişi;

– *ulag we aragatnaşyk* – ilatyň ulag hereketi, bir ýolagçynyň ýolunyň ortaça dowamlylygy we uzaklygy, 1000 sany ýaşaýja çekilen telefon enjamlarynyň sany we beýlekiler;

– *ilatyň saglygyny goramak* – ömrüň ortaça dowamlylygy, bejeriş edaralary bilen üpjünçiligi we beýlekiler;

– *iş, iş görnüşli däl we boş wagt* – iş günüň dowamlylygy, ýaşaýşa ukyplylygy dikeltmek bilen baglanyşykly wagt we beýlekiler;

– *zähmetiň guralyşy we şertleri* – zähmet bilen üpjünçilik koeffisiýenti, önümçilik jaýlarynda howanyň hapalanyş derejesi, ionlaşdyrýan şöhleleriň barlygy, el we agyr fiziki zähmetiň enjamlaşdyrylan derejesi we ş.m.;

– *daşky gurşawyň ýagdaýy we goraglylygy* – howa giňişliligine zyýanly maddalaryň taşlanylyşy, agyz suw bilen üpjün edilişi we beýlekiler.

Durmuş kadalary ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň we ilatyň durmuş derejesiniň çaklama we meýilnama hasaplamalaryny geçirmek üçin esas döredýär.

Wajyp durmuş kadalarynyň biri bolup iň az sarp ediş býujeti hasaplanylýar.

*Iň az sarp ediş býujeti* – bu ylmy taýdan esaslandyrylan kadalar boýunça adamyň durmuşyny iýmit önümler, esasy azyk däl harytlar we tölegli hyzmatlar bilen maddy taýdan üpjün etmegiň gymmatydyr. Iň az sarp ediş býujeti iň az fiziologik kadalaryň derejesinde iýmite bolan zerurlygy kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän girdejileriň ululygyny häsiýetlendirýär. Iň az fiziologik kadalar uly adamyň ýaşaýyş üçin, çagalaryň ösüşi üçin, gartaşan ýaşda saglygy goramak üçin, egin-eşik, arassaçylyk medeni zerurlyklar, ýeterlik energetiki çykdajylaryň öwezini doldurýar.

150.0 x 225.0 mm

Býujetde ýeke ýaşaýanlar we maşgalalylar üçin olaryň san we ýaş düzümi hasaba alynýar. Ilatyň dürli durmuş toparlary – işçiler, gullukçylar, pensionerler, fiziki we akyl zähmetiniň işgärleri hem hasaplanylýar. Bu tapawutly çemeleşme girdejileri, çykdajylary we sarp edişi kemala getirmegiň ähli ýagdaýlaryny hasaba almaga, şeýlelikde, zähmet hakynyň, pensiýalaryň, kömek pullarynyň, talyp haklarynyň iň pes möçberini has esaslandyryp kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Tejribede iň az sarp ediş býujetini işläp taýýarlamagyň iki usuly ulanylýar – statistiki we kadalar usuly. Statistiki usul maşgalalaryň býujetlerini derňemek esasynda ilatyň sarp ediş çykdajylaryny kesgitlemek üçin ulanylýar. Adatça bu usula azyk däl harytlaryna we hyzmatlara çykdajylar hasaplanylanda ýüzlenilýär. Kadalar usuly azyk harytlaryna zerurlyklar kesgitlenilende ulanylýar.

Döwletiň ykdysady mümkinçilikleri hasaba alnyp, käwagt beýleki durmuş kadasy – *iň pes oňalga derejesi* hem girizilýär, ol iň az sarp ediş býujetinden iýmit önümleriň, harytlaryň we hyzmatlaryň hakyky sarp edilişine bildirilýän has berk talaplar bilen tapawutlanýar.

*Iň az zähmet hakyny bellemek* – bu iň pes oňalga derejesinden ýa-da iň az sarp ediş býujetinden pes bolmadyk ilatyň durmuş taýdan gowşak toparlaryň öwezini doluş tölegleriň derejesini ýa-da işleýänleriň girdejisini üpjün etmekdir. Emma bu şert, köplenç, berjaý edilmeýär, ýagny iň az zähmet hakynyň ululygy iň az sarp ediş býujetiniň möçberinden pes bolýar.

### ***Zähmet tölegini çaklamak we kadalaşdyrmak***

Zähmete hak tölemegiň esasy maksady – işçi güýjüniň gymmatyna laýyklykda onuň obýektiw zerur öndürijiligini üpjün etmek hem-de netijeli zähmeti ýerine ýetirijileriň höweslilik derejesini ýokarlandyrmak.

Zähmet tölegini çaklamakda we kadalaşdyrmakda ýagdaýa baha berlişe dört adamdan ybarat bolan maşgalanyň ortaça zähmet hakynyň üýtgeýşini *JIÖ* (*JMÖ*) bilen deňeşdirilip geçirilýär. Onda gatnaşygyň şu aşakdaky görnüşleri bolup bilýär.

1. Ortaça zähmet hakynyň ösüşi *JIÖ* (*JMÖ*)-niň ösüşi bilen gabat gelýär ýa-da oňa ýakyndyr. Bu ýagdaýda islegiň we haryt teklibiniň arasyndaky ýetilen bazar deňagramlylygy saklanýar, haçan-da döwletde ykdysady ýagdaý gowulandyrylanda işgärleriň maddy bolçulygy ýokarlanýar.

2. Ortaça zähmet hakynyň ösüşini *JIÖ* (*JMÖ*)-niň ösüşi öňürtileýär. Bu ýagdaýda harytlara bolan isleg teklipden ýokary bolýar we şeýlelikde, hümmetsizlenme hadysalarynyň artmagyna, jemgyýetde durmuş durnuklylygynyň peselmegine şert döredýär.

3. Ortaça zähmet hakynyň ösüşi *JIÖ* (*JMÖ*)-niň ösüşi bilen deňeşdirilende pes bolup, bu ýagdaýda bazarda haryt köp bolýar.

Bazar ykdysadyýetinde döwlet ösüşiň makroykdysady görkezijileriniň esasynda hem halk hojalygy boýunça ortaça zähmet hakynyň möçberini hasaplaýar.

Dünýä döwletleriniň köpüsinde zähmete hak tölemek syýasatynda özüňi alyp barmagyň 2 sany nusgasy hereket edýär.

1. *Döwletiň kömekçi ornunyň* nusgasy, oňa şu aşakdakylar girýär:

– iň azyndan goraýjy kanunçylygyň kabul edilmegi (esasan, zähmet hakynyň iň az derejesi kesgitlenilende);

– zähmet jedelleri çözülende amatly şertleriň döredilmegi we döwlet institutlaryň (edaralaryň) gatnaşmagy;

– köpçülikleýin şertnamalar baglaşylanda milli bähbitlerden we milletiň umumy abadançylygyndan ugur alnyp zähmete hak tölemegiň möçberini kesgitlemegiň zerurlygynda taraplary ruhy taýdan ynandyrmak.

Şu nusga laýyklykda işçileriň we iş berijilere wekilçilik edýän edaralar köpçülikleýin şertnamalaryny (tarif ylalaşyklaryny) baglaşanda aýratyn kärhanalaryň, pudaklaryň we umuman halk hojalygynyň derejesinde erkin gepleşikler arkaly zähmete hak tölemegiň meselelerini çözýärler.

2. *Korporatizm (tripartizm) nusgasy* – zähmete hak töleme syýasaty emele getirilende döwlet aýratyn durmuş bähbitli toparlaryň (iş berijiler we kärdeşler arkalaşyklarynyň) öňdebaryjylaryny çekmegi olar üçtaraplaýyn (döwlet, iş berijiler, kärdeşler arkalaşyklary)

gepleşikleriň dowamynda ylalaşylan syýasaty üpjün etjekdikleri hakynda kepilligiň esasynda göz öňünde tutýar. Bu ylalaşylan syýasat zähmet haky babatdaky syýasat bolup, döwletiň we käbir funksional bähbitleri ýekeleýin görkezýän guramalaryň arasyndaky ylalaşygyň netijesidir. Şular ýaly çemeleşme jedellerde däl-de, ylalaşyga (konsensusa) ünsi jemleýär we köplenç, gepleşikleriň gatnaşyjylarynyň arasyndaky ynama daýanýar.

Önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň obýektiw zerurlygy we wajyp sebäbi bolup zähmete ukyply raýatlarda zähmete bolan ýokary höwesi döretmekden ybaratdyr. Ol, esasan, işgärleriň hünär derejesinden we önümçilige şahsy zähmet goşandyndan ugur alnyp, zähmet töleginiň giňden differensirlenmegi arkaly gazanylýar. Şular ýaly çylşyrymly meseläni çözmek üçin hojalyk subýektler zähmete hak tölemegiň görnüşlerini we ulgamlaryny degişli ýerine ýetirijileriň zähmet goşandyna baha bermegiň ölçeglerini özbaşdak işläp taýýarlap we kesgitläp bilýärler. Býujetden maliýeleşdirilýän kärhanalar, guramalar üçin bu wezipeleri döwlet dolandyryş edaralary çözmeli.

Zähmete hak tölemek kadalaşdyrylanda merkezi özeni bolup tarif ulgamy çykyş edýär. Ol Ýeke-täk tarif torundan we onuň esasynda kär-hünär toparlary boýunça hasaplanylýan işgärleriň tarif derejeleriniň we zähmet haklarynyň hem-de tarif-hünär maglumatnamalardan ybaratdyr. Birinji toparyň tarif derejesi hökümet tarapyndan kesgitlenip, kär-hünär toparlary boýunça işgärleriň zähmet tölegini differensirlemek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Ýeke-täk tarif torunyň esasynda şu aşakdaky ýagdaýlara baglylykda zähmet töleginiň differensiasiýasy üpjün edilýär:

– bir hünäriň, wezipäniň çäklerinde zähmetiň (hünäriň) çylşyrymlylygy (hünär-içre, wezipe-içre differensiasiýa);

– işçileriň, tehniki ýerine ýetirijileriň, dolandyryş-hojalyk hyzmat ediş bölümleriniň ýolbaşçylarynyň, hünärmenleriň, kärhanalaryň, guramalaryň, funksional we önümçilik bölümleriniň ýolbaşçylarynyň zähmetiniň mazmuny we häsiýeti;

– zähmetiň umumy şertleri, öndürilýän önümleriň (hyzmatlaryň) çylşyrymlylygy, durmuş-hojalyk şertleri, zähmetiň we dynç alyş düzgünleri we pudak (pudakça) işleriň görnüşleri we ş.m. üçin häsiýetli ýagdaýlar (pudagara differensiasiýasy).

150.0 x 225.0 mm

### *Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansy, onuň orny we ony işläp taýýarlamagyň usulyýeti*

Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansy durmuş-ykdysady ösüşi çaklamakda we meýilnamalaşdyrmakda ulanylýan wajyp balanslaryň hataryna degişli. Ol, bir tarapdan, ilatyň beýleki tarapdan, kärhanalaryň, guramalaryň arasyndaky pul aýlanyşygyny görkezýär. Balans meýilnama-çaklamalarda pul serişdeleriň ululygynyň, haryt serişdeleriniň, tölegli hyzmatlaryň möçberiniň, tygşytlanan serişdeleriň arasyndaky kadaly gatnaşyklary kesgitlemek üçin, pul dolanyşygynyň durnuklylygyny we dolandyryş edaralarynyň degişli kadalaşdyryş täsirini gazanmak üçin ulanylýar. Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansynyň düzümi 9-njy tablisada görkezilen.

*9-njy tablisa*

**Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansy**

| Girdejiler | Çykdajylar we tygşytlanan serişdeler |
|---|---|
| Işçileriň, gullukçylaryň, daýhanlaryň we beýleki derejedäki işgärleriň zähmet haky | Harytlaryň satyn alnyşy |
| Oba hojalyk önümlerini satmakdan alnan girdeji | Hyzmatlara tölegler we beýleki çykdajylar |
| Durmuş geçirimleri (transfertler) | Hökmany tölegler we meýletin gatançlar |
| Maliýe ulgamyndan gelýän düşewüntler | Ýaşaýyş jaýlary satyn almak |
| Eýeçilikden alnan girdejiler | Goýumlaryň artyşy, gymmatly kagyzlaryň satyn alnyşy, walýutanyň satyn alnyşy |
| Beýleki girdejiler | Jemi pul çykdajylar we tygşytlanan serişdeler |
| Jemi pul girdejileri | Çykdajylardan girdejileriň artmagy |
| Girdejilerden çykdajylaryň artmagy | |
| Balans | Balans |

150.0 x 225.0 mm

Balans, umuman, döwlet, welaýatlar, etraplar, şäherler, ilatyň durmuş toparlary boýunça işlenip taýýarlanylýar, munuň özi döwlet bilen ilatyň hem-de aýratyn durmuş toparlarynyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary görkezmäge mümkinçilik berýär.

Balansyň girdeji böleginde ilata gelýän ähli nominal nagt pul düşewüntleri kärhanalardan, guramalardan nagt däl geçirimleri arkaly görkezilýär.

*Zähmete hak tölemegiň paýyna* ilatyň ähli pul girdejileriniň uly bölegi düşýär. Ol ähli derejeli işgärleriň zähmetine hak tölemegiň hemme görnüşlerini öz içine alýar. Çaklanylýan döwre onuň ululygy makro, mezo we mikroderejelerde degişli hasaplamalaryň esasynda kesgitlenilýär.

*Oba hojalyk önümleriniň satuwyndan gelýän girdejiler* döwlet satyn almalarynyň, sarp ediş kooperasiýanyň tertibinde we dürli guramalara satmakdan, bazara hödürlemekden, mallary we oba hojalyk önümlerini daýhan birleşiklerine we ş.m. satmakdan ilatyň alan girdejilerini öz içine alýar.

*Pensiýalaryň, kömek pullarynyň we talyp haklarynyň* möçberi görkezilen tölegleri alýan ilatdan hem-de çaklanylýan döwürde pensiýalaryň, kömek pullaryň we talyp haklarynyň ortaça möçberinden ugur alnyp hasaplanylýar. Onda öňdäki döwürde tölegleriň şertlerine täzeden garamak boýunça kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy resminamalarda garaşylýan üýtgemeler hasaba alynýar.

*Maliýe ulgamyndan düşýän düşewüntlere* döwlet ätiýaçlandyryşy boýunça öwezini doluş tölegi, şahsy jaý gurluşygy üçin banklaryň ssudalary, hojalyk gurallaryny satyn almak, jaýlary bejermek we beýleki maksatlar, goýumlar boýunça göterimler, utuşlar we beýlekiler degişlidir.

*Diwidendler* we beýleki düşewüntler ekstrapolýasiýa we bilermenleriň baha beriş usullaryny ulanmak bilen kesgitlenilýär.

Balansyň çykdajy böleginde harytlary satyn almak, *hyzmatlara tölemek bilen baglanyşykly çykdajylar* we beýleki çykdajylar görkezilýär. Hyzmatlara tölemek we beýleki çykdajylara jaý tölegi, jemagat hyzmatlary üçin tölegler, durmuş hyzmatlarynyň tölegi, çagalar edaralaryna goşantlar, ýollama hatlaryna, tölegli saglyk öýlerinde bejeriş almaklyga, syýahatçylyga, kino, sporta edilýän çykdajylar,

150.0 x 225.0 mm

ulag we aragatnaşyk hyzmatlaryna tölegler we beýleki çykdajylar degişlidir. *Hökmany tölegler we meýletin gatançlar* salgyt tölegleri, howandarlyk kömegini etmek bilen baglanyşyklydyr. Hyzmatlaryň tölegleri, hökmany tölegler we meýletin gatançlar çaklanylanda ekstrapolýasiýa usullary bilermenleriň baha beriş usullary bilen, kadalar usuly giňden ulanylýar. Faktor modelleri hem ulanylyp bilner. Başlangyç tapgyrlarda iri hasaplamalar geçirilýär, meýilnama-çaklamalary anyklamagyň tapgyrynda her bir ugur boýunça çykdajylar hasaplanylýar. *Goýumlaryň artyşy, bergi borçnamalaryň we beýleki gymmatly kagyzlaryň satyn alnyşy, ýaşaýyş jaýlaryň walýuta bilen satyn alnyşy* empiriki kesgitlenilýär.

*Harytlary satyn almaga harçlanýan serişdeleriň möçberi* ilatyň pul girdejileriniň we hyzmatlara töleg üçin çykdajylarynyň hem-de balansyň çykdajy böleginiň ähli bölümleri boýunça beýleki çykdajylar ýaly kesgitlenilýär. Dolandyryş – çäk birlikleri boýunça pullaryň hereketiniň tapawudy (saldosy) hasaba alynýar.

Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň jemgyýetçilik toparlary boýunça balansy işlenip düzülende girdeji böleginde harytlaryň satuwyndan we ilatyň bir toparyndan beýleki topara hyzmat etmekden alnan düşewüntler, çykdajy böleginde şular ýaly harytlaryň we hyzmatlaryň töleg çykdajylary hasaba alynýar.

### *Sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalarynyň üýtgedilip gurulmagy we ilatyň hakyky girdejilerini çaklamak*

*Sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalary* – bu saglygy goraýyş, bilim, medeniýet edaralaryny häzirki wagtda saklamak üçin edilýän çykdajylar, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça tölegler, çagaly enelere berilýän kömek pullary, nobatdaky dynç alyşlara tölegler. Ilatyň dürli gatlaklarynyň girdejilerinde sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalaryndan göni we gytaklaýyn tölegleriň paýy 30-70% aralykda bolup, sarp ediş jemgyýetçilik gaznalaryna ilatyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmagyň esasy maliýe çeşmeleriniň biri hökmünde garamaga esas berýärdi. Sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalary jemgyýetçilik önümini paýlamagyň geljegi uly bolan usuly hasaplanylýardy. Bazar şertlerinde ähli maddy eşretleriň, şol sanda durmuş hyzmatlarynyň sarp edilişini üpjün edýän

esasy çeşme bolup, raýatlaryň girdejisi çykyş edýär. Onda diňe öz maddy ýaşaýşyny we durmuş taýdan ösüşini hususy serişdeleriň hasabyna mümkinçiligi bolmadyk raýatlar döwlet tarapyndan durmuş goldawyny almaly, onuň maliýe çeşmesi bolup sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalary çykyş edip biler. Şeýlelikde, bazar gatnaşyklary sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalaryny aýyrmaýar-da, diňe olaryň maksatly niýetlenilişini üýtgedýär. Sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalary diňe ilaty durmuş taýdan goramak maksatdy bilen ulanylmalydyr.

Sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalary sebitleriň arasynda olaryň howa, ekologik durmuş we ykdysady şertleri hasaba alyp, ilatyň jan başyna düşýän önümi kadalar boýunça paýlanylmalydyr.

Bilim ulgamynda sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalarynyň üýtgedip gurulmagy ýokary bilimi täzeden guramakdan başlanýar. Ýokary okuw jaýlarynda talyplaryň okuwyna doly ýa-da bölekleýin tölemek we olara talyp haklaryny bermek görnüşinde serişdeler goýberilýär. Olar döwlet tarapyndan berilýän durmuş kömegi bolup durýar.

Bilimi, medeniýeti we saglygy goraýşy maliýeleşdirmegiň nusgasy maksatly sertifikat ulgamynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýar, ol bilimiň döwlet standartyny üpjün etmek boýunça ähli çykdajylaryň jemini (pudagyň ösüşine goýberilýän maýa goýumlardan başga) görkezýär.

Ýaşaýyş jaý babatda syýasat amala aşyrylanda jaýlary paýlamak ýörelgesinden raýatlaryň we iş toparlarynyň işläp gazanmak ýörelgesine jaý gaznasynyň häzirki düzümini saklamagyň ilat tarapyndan doly tölegine geçilýär, ýaşaýyş jaýyny korporatiw we şahsy gurluşygyň paýyny düýpli artdyrmagyň hasabyna satyn almak mümkinçiligi ýokarlanýar.

Ilatyň durmuş taýdan ösüşiniň we ýaşaýyş derejesiniň wajyp jemleýji görkezijisi bolup hakyky girdejiler çykyş edýär.

*Hakyky girdejilere* ilatyň alýan we sarp ediş üçin ulanýan pul we natural görnüşindäki girdejileriniň ähli görnüşleri hem-de ilata tölegsiz hyzmatlary hödürleýän önümçilik däl ulgamynyň guramalarynyň maddy çykdajylary degişlidir.

150.0 x 225.0 mm

Ilatyň hakyky girdejileri kesgitlenilende girdejileriň dürli görnüşleri üç topara birleşýär: pul girdejileri, natural girdejiler, jemgyýetçilik hyzmat ediş ulgamynda sarp ediş.

Ilatyň girdejileriniň esasy bölegini düzýän pul girdejileri ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansynyň esasynda kesgitlenilýär.

Natural girdejiler maddy (zat) görnüşindäki ähli düşewüntleri öz içine alýar (mellekde we daça ýerlerinde ösdürilip ýetişdirilýän önümler, balyk tutulyp, awlanyp alynýan önümler, natural önümler bilen işgärlere iş berijileriň hasaplaşyklary we beýlekiler). Olaryň möçberi önümçiligiň we oba hojalyk önümleriniň satuwynyň balans hasaplamalarynyň hem-de býujet derňewleriniň maglumatlary esasynda kesgitlenilýär.

Jemgyýetçilik hyzmat ediş ulgamynda pul, natural girdejileriň we maddy sarp edişiň jemi ilatyň nominal girdejileri bolup durýar. Nyrhlaryň durnuksyzlygy bilen baglylykda we netijeleriň deňeşdirilmegini gazanmak, ilatyň ýaşaýyş derejesine baha bermek üçin hakyky girdejiler düşünjesi girizilendir. *Hakyky girdejiler* – çaklanylýan döwürde harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň üýtgeme indeksine hasaplanan hökmany tölegler, geçirimler aýrylan nominal girdejileriň ululygydyr. Nyrhlar ýokarlananda hakyky girdejiler peselýär, nyrhlar peselende olar ýokarlanýar.

Hakyky girdejiler tutuş ýurduň ilatyna hem-de şol ilatyň jan başyna hasaplanylýar. Şeýle-de hakyky girdejileriň ösüş (peseliş) depginleri hasaplanylýar.

Ilatyň jan başyna düşýän hakyky girdejileriniň üýtgeme indeksi $J_{hg}$ formula boýunça hasaplanylýar:

$$J_{ig} = \frac{HG_{ç}}{S_{iç}} : \frac{HG_{b}}{S_{ib}} * 100, \qquad (35)$$

bu ýerde: $HG_{ç}$, $HG_{b}$ – çaklanylýan we binýatlyk döwürlerde ilatyň hakyky girdejileriniň jemi; $S_{iç}$, $S_{ib}$ – çaklanylýan we binýatlyk döwürlerde ilatyň sany.

150.0 x 225.0 mm

# V BAP SARP EDIŞ BAZARYNY ÇAKLAMAK WE MEÝILNAMALAŞDYRMAK

## 5.1. Sarp ediş bazary, onuň düzümi we wajyp bölekleriniň häsiýetnamasy. Sarp ediş harytlaryna bolan islegi öwrenmek

Bazar haryt önümçiliginiň ykdysady düşünjesi hökmünde haryt-pul dolanyşyk ulgamyny göz öňünde tutýar we haryt öndürijileriň we sarp edijileriň arasyndaky esasy gatnaşyklaryň jemini gurşap alýar. Bu gatnaşyklar satyn almak-satmak namalarynyň görnüşinde bolup, manysy boýunça has çuň bolup durýar. Bazar gatnaşyklarynyň anyk görnüşleri bazaryň esasy bölekleriniň: islegiň, teklibiň we nyrhyň mukdar we hil gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Şu bölekleriň täsirinde önümçiligiň we sarp edişiň arasyndaky deň ölçeglilikler emele gelýär. Halkyň sarp edýän harytlarynyň bazar bölekleriniň özara baglanyşygy 1-nji suratda görkezilendir.




**1-nji surat. Halkyň sarp edýän harytlarynyň bazar bölekleriniň özara baglanyşygy**

Sarp ediş bazary, esasan, ilatyň şahsy sarp ediş ulgamyna hyzmat edýär. Ol çylşyrymly ulgam bolup durýar. Sarp ediş bazarynyň düzümini we gurluşyny şu aşakdakylar boýunça toparlara bölüp bolýar:

– sebitleýin alamaty;

– niýetlenilişi (azyk, azyk däl harytlarynyň, medeni-durmuş maksatly we gündelik hojalyk harytlarynyň bazary);

– harydyň satuw ýollary.

150.0 x 225.0 mm

Şular ýaly toparlara bölünişik bütin sarp ediş bazaryň düzüminde ýurt, sebitler, aýratyn harytlar boýunça islegiň we teklibiň deň ölçegliligini gazanmak, sebitleriň aýratyn haryt bazarlarynyň ösüşini seljermek üçin ýüze çykarmaga, şeýle-de ýurduň ilatynyň harytlary sarp edişiniň gurluşyny maksadalaýyk emele getirmäge mümkinçilik berýär.

Sarp ediş bazary, ozaly bilen, onuň düzüminde azyk we azyk däl harytlaryň paýy bilen häsiýetlendirilýär. Öz nobatynda, haryt dolanyşygynyň şu düzüjileriniň her biri aýratyn haryt toparlaryna bölünýär. Meselem, azyk harytlarynyň düzüminde çörek we çörek-bulka önümleri, et hem et önümleri, süýji-köke önümleri we beýlekiler tapawutlandyrylýar. Her toparyň jikme-jik gurluşy harytlaryň assortimentini görkezýär (meselem, Ahal ýagy, Türkmenabat ösümlik ýagy we beýlekiler).

Azyk harytlarynyň bazaryna şu aşakdaky özboluşly aýratynlyklar mahsusdyr:

– öz funksional niýetlenilişi boýunça harytlary giňden özara çalşyp bolmaklygy, munuň özi gaýra goýlan islegiň ýoklugyny şertlendirýär;

– käbir azyk harytlaryny öndürmegiň möwsümleýinligi, munuň özi amala aşyrylan islegiň möwsümleýin üýtgemegini döredýär;

– söwdanyň we önümçiligiň arasyndaky giň baglanyşyklar;

– harytlaryň öndüriliş möhletleriniň olaryň sarp edilişi bilen gabat gelmegi;

– käbir iýmit önümleriniň saklanyş möhletiniň çäkliligi.

Azyk däl harytlaryň bazary azyk harytlarynyň bazaryndan has giň assortimenti, onuň täzelenişiniň ýokary derejesi, modanyň (ýörgünliliginň) täsirinde islegiň düýpli üýtgemegi, funksional niýetlenilişi boýunça harytlaryň anyk çäklendirilmegi, ilatyň harytlaryň assortimentine we hiline bildirýän ýokary talaplary bilen tapawutlanýar.

Medeni-durmuş maksatly we gündelik hojalyk harytlaryň bazary üçin şu aşakdakylar mahsusdyr:

– sarp edişiň uzak möhletiligi;

– aýratyn önümlere ilatyň gaýra goýlan islegi;

– ylmy-tehniki ösüşiň we ilatyň ýaşaýyş şertleriniň aýdyň täsiri;

– köp harytlaryň ulanylyşynyň jemgyýetçilik häsiýeti;

– käbir önümleriň ulanmak boýunça goşmaça hyzmatlary, ätiýaçlyk şaýlaryň söwdasy (awtoulaglar).

Bu aýratynlyklar islegi çaklamaga we haryt dolanyşygynyň gurluşyny döretmäge çemeleşmegiň özboluşlylygyny şertlendirýär. Meselem, ilatda uzak wagtlap ulanylýan harytlaryň barlygy baradaky maglumatlar bolmazdan, islegiň ösüşiniň geljegini dogry kesgitläp bolmaýar.

Geçiş döwründe sarp ediş bazary dürli görnüşde bolup bilýär, harytlary ilatyň arasynda ýerlemegiň täze ýollary ýüze çykýar.

Harytlaryň ýerlenilmeginiň ýollary boýunça sarp ediş bazaryny guramaçylykly we guramaçylyksyz görnüşlere bölüp bolýar.

*Guramaçylykly bazar* resmi taýdan bellige alnan dükanlaryň, palatkalaryň, kiosklaryň, eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň söwda tory arkaly harytlaryň ýerlenilmegini öz içine alýar. Muňa gönüden-göni öndüriji-kärhanalaryň we guramalaryň ilata harytlary ýerlemegi-de, şeýle-de alyş-çalyş amallary we söwda geleşikleri boýunça alnan, gönüden-göni hususy hojalyklardan daýhan hojalyklarynyň harytlary ýerlemegi hem degişli edilýär.

Şäherleriň bazarlarynda oba hojalyk önümleriniň söwdasy onuň daýhanlar, fermerler we aýratyn raýatlar tarapyndan amala aşyrylmagyny öz içine alýar.

*Guramaçylyksyz* bazar telekeçilik işi bilen meşgullanýan hususy taraplaryň öz ýurdunda öndürilen we ýakyn hem uzak daşary ýurtlardan getirilen harytlaryň ýörite bellenen ýerlerde (stadionlarda, zat/maddy we garyşyk bazarlarda we ş.m.) ýa-da köçelerde, meýdanlarda we beýleki ýerlerde erkin söwdanyň tertibinde amala aşyrylmagyny öz içine alýar.

Bazaryň wajyp bölegi isleg bolup durýar. Isleg (iňl. *demand*) – öz bähbitlerini amala aşyrmak üçin bazarda alyjylaryň tölege ukyply zerurlygydyr. Isleg hemişe anykdyr, mukdar we hil taýdan kesgitlenendir. Şol bir wagtda isleg hereketli bolýar we üýtgäp durýar. Bellibir şertlerde ol bir harytdan beýleki harytlara geçip bilýär.

Islegiň görnüşleri: mümkin bolan we hakyky, ilkinji isleg we harydy çalyşmaga bolan isleg, ilkinji satyn alşa we gaýtadan satyn alşa bolan isleg, önüme bolan isleg we aýry haryt markasyna bolan isleg.

Ähli harytlara ýa-da anyk haryda mümkin bolan islegiň göwrümi *hakyky isleg* diýip atlandyrmak kabul edilendir. Ol bellenen nyrhlaryň derejesinde ähli harytlary ýa-da anyk harydy satyn almak üçin alyjynyň çykaryp biljek pul serişdeleriniň möçberi bilen ölçenilýär. Emma harytlary satyn almaga niýetlenýän ähli pul serişdeler bazarda harçlanylmaýar. Olaryň bir bölegi dürli sebäpler boýunça alyjylarda galýar, hakyky islegiň bir bölegi bolsa kanagatlandyrylmaýar. Şunuň bilen baglylykda isleg – tölege ukyply zerurlyk bolmak bilen, dürli görnüşlerde bolup bilýär.

Islegiň amala aşyrylan, kanagatlandyrylmadyk, emele gelýän we gyzgalaňly görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

*Amala aşyrylan isleg* – harydyň satyn alynmagy bilen tamamlanýan isleg. Ol hakyky islegiň esasy bölegini düzýär we harytlary satyn almaga sarp edilen pul serişdeleriniň jemi ýa-da bazarda satylan harytlaryň möçberi bilen ölçenilýär. Amala aşyrylan islegiň görkezijisi bolup bölek-satuw söwdanyň haryt dolanyşygy hyzmat edýär. Ol harytlara nähili zerurlyklaryň bardygyny we bellibir wagtyň dowamynda onuň haýsy böleginiň jemgyýetde kanagatlandyrylandygyny görkezýär. Şonuň bilen birlikde zerurlyklaryň bir bölegi islegiň görnüşinde bolman, sarp edişiň jemgyýetçilik gaznalarynyň we şahsy sarp etmek üçin şahsy kömekçi hojalykdan düşewüntleriň hasabyna kanagatlandyrylýar. Şeýlelikde, isleg zerurlyga görä has dar manyda bolýar.

*Kanagatlandyrylmadyk isleg* – ilat tarapyndan hakykatdan bildirilýän islegiň bir bölegi bolup, ol ýa-da beýleki pursatda harydyň pes hilliligi, ýokary nyrhy ýa-da satuwda ýoklugy bilen baglylykda amala aşyrylmadyk islegdir.

Kanagatlandyrylmadyk islege baha bermek harytlara bolan islegiň möçberini we gurluşyny dogry hasaplamak üçin zerurdyr. Onuň kesgitlenmeginiň esasy bolup ýörite barlag maglumatlary çykyş edýär.

150.0 x 225.0 mm

*Emele gelýän isleg* – önümçiligi we söwda assortimenti düýpli üýtgedip gurmak zerurlygyny döretmäge ukyply harytlaryň sarp edilişine, hiline we daşky bezelişine alyjylaryň bildirýän täze talaplarynyň jemidir. Emele gelýän islegiň ululygyna ýörite barlaglaryň, alyjylary soraşdyrmagyň we beýleki usullaryň kömegi bilen baha berilýär.

*Gyzgalaňly isleg* – gyt haryt toparlary üçin häsiýetlidir.

Isleg köp sebäpleriň täsirinde emele gelýär, olary şu aşakdaky toparlara birleşdirip bolýar:

– *durmuşy sebapler* – jemgyýetiň sosial gurluşy, medeniýetiň ösüş derejesi, moda, ilatyň kär düzümi we beýlekiler;

– *ykdysady sebapler* – haryt önümçiliginiň ösüş derejesi, ilatyň pul girdejileri, bölek-satuw söwda nyrhlaryň derejesi we olaryň gatnaşygy, sarp edişiň haryt hem haryt görnüşli däl gatnaşygy, ilatyň uzak möhletleýin ulanýan harytlary bilen ilatyň üpjünçilik derejesi, söwda hyzmat etmekligiň ýagdaýy we beýlekiler;

– *demografik sebapler* – ilatyň sany, şäher we oba ilatynyň gatnaşygy, onuň jyns we ýaş düzümi, maşgalanyň ululygy we düzümi, ilatyň migrasiýasy;

– tebigy sebapler, howa şertleri, däp-dessurlar, meňzeş harytlaryň öndürilmegine, harytlaryň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyna ýardam berýän ylmy-tehniki ösüş;

– syýasy sebäpler, garaşylmadyk adatdan daşary ýagdaýlar.

Islegiň emele gelmeginde görkezilen sebäpleriň toparlarynyň täsiri birmeňzeş bolmaýar. Harytlara bolan islegi kesgitleýän has ähmiýetli sebäpler 2-nji suratda görkezilen.




**2-nji surat. Harytlara bolan islegi kesgitleýän sebäpler**

12. Sargyt № 1985

Islegi öwrenmek, emele getirmek, çaklamak maksady bilen makro we mikroisleg tapawutlandyrylýar.

*Makroislege* şu aşakdakylar degişli:

– bütin ýurt ýa-da sebit möçberinde bildirilýän jemi isleg;

– ilatyň dürli gatlaklarynyň islegi – işçileriň, gullukçylaryň, daýhanlaryň, umuman, şäher we oba ilatynyň islegi;

– harytlaryň aýratyn toparlaryna ýa-da görnüşlerine isleg (azyk we azyk däl harytlar, onuň içinde bolsa iri toparlara matalara, aýakgaplara, radioharytlaryna we beýleki harytlara bolan isleg).

*Mikroislegiň* düzümine şu aşakdakylar degişli:

– uly bolmadyk çäk birlikleri boýunça ilatyň islegi;

– ilatyň dürli durmuş toparlarynyň islegi (meselem, girdejiniň derejesi, ilatyň ýaşy, bilimi boýunça we beýlekiler);

– haryt toparlaryň içinde harytlaryň aýratyn we dürli görnüşlerine bolan isleg.

Alyjylyk islegiň tapawutlandyryjy aýratynlygy bolup, ony bildirmegiň döwürleýinligi ýa-da ýygylygy çykyş edýär. Şonuň bilen baglylykda isleg: *gündelik* (azyk harytlaryna), *döwürleýin* (azyk däl harytlaryna), *seýrek* (uzak möhletleýin ulanylýan harytlara), *göçgünli* (impulsiw) *isleg* – harytlary teklip etmegiň ýa-da modanyň täsirinde döredýär.

Islegi kanagatlandyrmagyň iki görnüşi bar: şahsy we toparlaýyn görnüşi. Şahsy görnüşde her bir sarp edijiniň öz pul serişdeleriniň barlygyna baglylykda harytlary satyn almak barada çözgüt kabul edýär; toparlaýyn görnüşde – satyn alynjak harytlaryň görnüşleri we möçberi sarp edijileriň topary ýa-da merkezleşdirilen topar emele gelýär.

Islegiň üýtgemeginde şeýle kanunalaýyklyk ýüze çykýar. Girdejileriň artmagy bilen iýmit önümlerine bolan islegiň möçberi artýar we gurluşy üýtgeýär. Ilat, esasan, onuň gurply gatlaklary, maldarçylyk önümlerine, şekere, gök we miwe önümlerine uly isleg bildirýär. Zerurlyklaryň bellibir pes derejesiniň kanagatlandyrylyşyna görä girdejileriň artmagy bilen iýmitlik gymmaty ýokary bolan iýmit önümler pes önümleri gysyp çykarýar, haçan-da azyk önümlere bolan zerurlyklar kanagatlandyrylanda, girdejidäki her bir goşmaça goşundy azyk däl harytlara goýberilýär.

Alyjynyň girdejisiniň biraz ýokarlanmagy häzirki satyn alynýan harytlaryň möçberini artdyrmaga ukyplydyr. Şeýlelikde, harytlaryň iki topary tapawutlandyrylýar:

1) *kadaly harytlar* – alyjynyň girdejisi ýokarlananda harytlara bolan isleg artýar;

2) *pes derejeli harytlar* – alyjynyň girdejisi ýokarlananda harytlara bolan isleg peselip bilýär.

Sarp ediş harytlaryna bolan ilatyň islegi möçber we gurluş taýdan häsiýetlendirilýär. *Islegiň möçberi* – ilatyň harytlara çalyşýan pul serişdeleriniň jemini görkezýär. Ol ilatyň alyjylyk gaznalarynyň ululygy, doýgun däl bazaryň şertlerinde bolsa ilatyň kanagatlandyrylmadyk isleginiň möçberi bilen kesgitlenilýär. *Islegiň gurluşy* – ilatyň adalatly zerurlyklaryny kanagatlandyrmakda olaryň ähmiýetliligi, harytlar satylanda we sarp edilende olaryň biri-biriniň ornuny dolduryjylyk we çalşyjylyk derejesi bilen baglanyşykly bölek-satuw söwda haryt dolanyşygynda aýratyn haryt toparlaryň gatnaşygyny häsiýetlendirýär.

Bazaryň wajyp bölegi bolup teklip durýar.

*Haryt teklibi* diýip bazarda bar bolan ýa-da oňa çykarylyp bilinjek harydyň mukdaryna we hiline düşünilýär. Bazarda harydyň belli-bir möçberini hödürleýän öndürijiler öz çykdajylarynyň öwezini doldurmak we iň ýokary girdeji almak üçin zähmet önümini ýerlemäge ymtylýarlar.

Haryt teklibiniň möçberi we düzümi gös-göni önümçilige baglydyr. Emma teklip we jemgyýetde öndürilen önüm her bir anyk pursatda möçberi boýunça-da, düzümi boýunça-da gabat gelmeýär. Bu birnäçe sebäplere baglydyr. Meselem, öndürilen oba hojalyk önüminiň bir bölegi haryt teklibiniň görnüşini kabul etmeýär, ol haryt öndürijiniň şahsy sarp ediş zerurlyklary hem-de tohum, iým we beýleki gaznalaryny döretmek üçin ulanylýar. Harytlaryň eksporty we importy hem uly täsirini ýetirýär. Hususan-da, eksport önümçilik bilen deňeşdirilende içerki bazarda haryt teklibini peseldýär, import bolsa tersine artdyrýar.

Şeýlelikde, teklibe satuw üçin niýetlenen haryt massasy görnüşinde önümçilik işiň netijesi hökmünde seredip bolýar. Jemi teklibiň bölekleri bolup häzirki önümçilik, haryt gorlary we import çykyş edýär.

*Jemi teklibiň sebäplerine* içerki serişdeleriň barlygyny, önümçilik harajatlaryny, nyrhlaryň derejesini, import we import harytlarynyň nyrhlaryny, salgytlary, ylmy-barlaglaryň we tehnologiýalaryň derejesini degişli etmek gerek.

Önümçiligiň ösüşi, ylmy-tehniki ösüşiň depgini bazarda haryt teklibiniň artmagyna, içerki we daşarky söwdanyň giňelmegine ýardam berýär.

Isleg we teklip – iki sany özara şertlendirilen düşünjelerdir. Teklip ilatyň isleginiň täsirinde we ony hasaba almak bilen emele gelýär, isleg bolsa teklibiň üsti bilen emele gelýär we amala aşyrylýar. Öndürilmeýän we bazarda hödürlenilmeýän harytlary satyn alyp bolmaýar hem-de alyjylaryň ykrar etmeýän harytlaryny öndürmek netijesizdir. Öndürilen önüm diňe sarp ediş häsiýetleri we möçberi boýunça ilatyň islegine laýyk gelen halatynda ýerlenip bilner.

Islegiň we teklibiň arasyndaky gatnaşyk bazaryň deňagramlylyk ýagdaýyny häsiýetlendirýär.

Bazaryň deňagramlylygy möçberi we gurluşy boýunça, umuman, ýurt hem aýratyn sebitler boýunça, gymmatlyk we natural görkezijiler arkaly tapawutlandyrylýar. Bazar deň agramlylygy ykdysadyýetiň ösüşinde deň ölçegliligiň ýüze çykmasydyr.

Ol ýa-da beýleki sebäbiň täsirinde islegiň we teklibiň üýtgeýän derejesi olaryň çeýeligini häsiýetlendirýär.

*Islegiň çeýeligi* – harydyň satyn alynýan möçberiniň onuň bazar nyrhynyň ilatyň girdejileriniň üýtgeýşine täsir ediş derejesini häsiýetlendirýän düşünjedir. *Teklibiň çeýeligi* – haryt önümçiliginiň möçberiniň we onuň teklibiniň harydyň bazardaky nyrhynyň hereketi bilen baglylykda otnositel üýtgeýşini häsiýetlendirýär.

Nyrh harydyň gymmatyny aňlatmagyň görnüşi bolup, islegiň we teklibiň täsirinde üýtgäp biler. Şol bir wagtda hem olaryň gatnaşygyna görnetin täsir edýär. Harydyň nyrhy ýokarlananda oňa bolan isleg,

150.0 x 225.0 mm

düzgün bolşy ýaly, peselýär, nyrh peselen bolsa isleg artýar. Teklip gös-göni nyrha baglylykda üýtgeýär. Teklibiň artmagy bilen nyrh köplenç peselýär, islegiň artmagy bilen bolsa ýokarlanýar.

Islegiň we teklibiň nyrha baglylygynyň adaty görnüşleri 3-nji we 4-nji suratlarda görkezilen.




*Harydyň satuw möçberi*

**3-nji surat. Islegiň egri çyzykly görnüşi**




*Haryt teklibiniň möçberi*

**4-nji surat. Teklibiň egri çyzykly görnüşi**

Haçanda harydyň nyrhy $P_1$-den $P_2$-ä çenli ýokarlansa, onda onuň satuwynyň möçberi (isleg) $Q_2$-den $Q_1$-e çenli peselýär *(3-nji surat)*, satuwa hödürlenilýän harydyň möçberi (teklip) artýar *(4-nji surat)*. Nyrh peselende ters meýil ýüze çykýar.

Teklibiň nyrha baglylygy bilen deňeşdirilende islegiň nyrha baglylygy has işjeňdir, sebäbi isleg has çeýe bolýar.

Isleg, teklip we nyrh bazaryň esasy bölekleri bolup, hemişelik dialektiki gatnaşykda bolýarlar, ol islegiň we teklibiň ykdysady kanunynyň hereketini görkezýär. Emma islegiň we teklibiň gatnaşygy diňe bir şu kanunyň täsirinde emele gelmeýär. Islegiň we teklibiň kanuny öz hereketiniň barşynda ykdysady kanunlaryň ulgamyny özünde birleşdirýär. Onuň hereketine dolanyşykda puluň mukdaryny kadalaşdyrýan kanun düýpli täsir edýär. Haçanda dolanyşykda puluň artykmaç mukdary bolan halatynda, islegiň we teklibiň gatnaşygy-da üýtgeýär. Bazar guralynyň bölekleriniň arasyndaky özara gatnaşygy aşakdaky görnüşde görkezip bolar *(5-nji surat)*.

150.0 x 225.0 mm

*Isleg* → ← ... *Nyrh* → ← ... *Teklip*

**5-nji surat. Bazar guralynyň bölekleriniň özara gatnaşygy**

Üznüksiz çyzyklar bazar bölekleriniň ululyklarynyň üýtgemeleriniň arasyndaky göni baglylygy, punktir (nokatly) çyzyklar bolsa ters baglylygy görkezýär.

Islegiň we teklibiň arasyndaky deňölçegliligi üpjün etmegiň wajyp şerti islegi öwrenmegiň we çaklamagyň tejribesini hem-de söwdanyň senagat we oba hojalyk bilen özara gatnaşygyny kämilleşdirmekden ybaratdyr.

Sarp ediş harytlarynyň bazarynyň ösüşi bazaryň göwrümini häsiýetlendirýär. Munuň özi bazaryň esasy ölçegidir.

Bazaryň göwrümi diýip bellibir wagtyň dowamynda harytlaryň satuwynyň bolup biljek möçberine düşünilýär. Bazaryň göwrümini isleg kesgitleýär, ýagny nyrhlaryň häzirki derejesinde ilatyň töleg serişdelerine çalşyp boljak haryt teklibiniň bölegini, önümçiligiň möçberini we natural-maddy gurluşyny hem-de harytlaryň sarp edilişini kesgitleýär. Bazaryň göwrümini şu formula boýunça kesgitläp bolýar:

$$G_b = Q_m + G_k + I - E + A_s - K_s - E_g + I_g, \qquad (36)$$

bu ýerde: $G_b$ – bazaryň göwrümi; $Q_m$ – ýurtda degişli harydyň milli önümçiligi; $G_k$ – öndüriji kärhanalaryň ammarlarynda haryt gorlarynyň galyndylary; $I$, $E$ – import, eksport; $I_g$, $E_g$ – degişlilikde gytaklaýyn import we eksport (haryt başga önümde ulanylýar); $A_s$, $K_s$ – degişlilikde sarp edijilerde (satyjylarda) haryt gorlaryň azalmagy, köpelmegi.

Bazaryň göwrümi hem pul, hem natural görnüşlerde hasaplanylýar.

Bazaryň göwrümi we onuň üýtgeýiş meýillerini bilip, öndüriji özi üçin ol ýa-da beýleki bazaryň geljegine baha bermäge mümkinçilik alýar. Bazaryň göwrümi tölege ukyply islegiň, haryt teklibiniň we bölek-satuw söwda nyrhlarynyň üýtgemegine baglylykda üýtgeýär. Bu haryt dolanyşygynyň ululygyna, zerur haryt serişdeleriniň ululygyna, harytlaryň nyrhlarynyň derejesine we gatnaşygyna baha

bermek üçin wajyp görkezijidir. Ilatyň pul girdejileri artanda tölege ukyply islegi we onuň bilen kesgitlenilýän bazaryň göwrümi ýokarlanýar.

Bazary dolandyrmak boýunça çözgütleri kabul etmek maksady bilen, onuň konýukturasyny öwrenmek zerurdyr.

*Bazaryň konýukturasy* (lat. *conjungo* – birleşdirýärin, baglanyşdyrýaryn) – anyk ykdysady, durmuş, syýasy, guramaçylyk we beýleki şertleriň jemi bolup, olar häzirki pursatda islegiň we teklibiň gatnaşygyny kesgitleýärler. Ykdysady manyda konýuktura hereket edýän prosesleriň we hadysalaryň täsirinde bazardaky hojalyk ýagdaýy häsiýetlendirýär.

Bazaryň konýukturasy öwrenilende ol ýa-da beýleki pursatda diňe onuň ýagdaýyny kesgitlemek däl-de, eýsem, onuň mundan beýläk-de nähili ösjekdigini çaklamak wezipesi goýulýar. Bazaryň konýukturasyny çaklamak oňyn meýilleri ösdürmek boýunça çäreleri öz wagtynda işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

Sarp ediş bazary önümçilik bilen sarp edişiň arasyndaky göni we gaýdymlaýyn baglanyşyklaryň çeýe ulgamy bolup durýar. Onuň meseleleri önümçilik gurşawynda döreýän gatnaşyklar bilen baglanyşykly we aýlanyşyk sferasynda ýüze çykýar. Bazaryň netijeli işlemeginiň wajyp häsiýetnamasy bolup gurluş-göwrümli we hil-assortimentli isleg bilen teklibiň deňagramlylyk derejesi çykyş edýär.

1940-njy ýyllaryň ikinji ýarymy we 1980-nji ýyllaryň ahyry üçin haryt dolanyşygynyň möçberinde azyk harytlarynyň paýynyň azalmagynyň we azyk däl harytlaryň paýynyň artmagynyň häsiýetli meýiller bolandygyny bellemek gerek. Şuňa meňzeş meýiller ösen daşary ýurtlarda bolup geçýär. Emma 1990-njy ýyllaryň başyndan *GDA* ýurtlarynda haryt dolanyşygynyň möçberinde azyk harytlarynyň paýy duýdansyz artdy.

Ykdysadyýetiň beýleki ulgamlary ýaly, geçiş döwründe sarp ediş bazarynyň işlemegi döwletiň täsirinde amala aşyrylýar. Isleg bilen teklibi dolandyrmak köp görnüşli çaklama işlerini geçirmegi talap edýär.

Sarp ediş harytlaryna islegi öwrenmeklige «Bazary derňemek» (Aşgabat, TDNG, 2011 ý.) we «Jandarlardan öndürilýän önümleriň ekspertizasy we marketingi» (Aşgabat, TDNG, 2014 ý.) atly okuw kitaplarynda garalýar.

150.0 x 225.0 mm

## 5.2. Sarp ediş harytlaryna bolan islegi çaklamak

Islegi ylmy taýdan çaklamak – önümleri öndürmek we sarp ediş harytlaryny satmak babatda uzak möhletleýin ykdysady syýasaty işläp taýýarlamak we taktiki dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin zerurdyr.

Isleg ykdysadyýeti dolandyrmagyň ähli derejelerinde çaklanylmalydyr.

*Makroderejede* sarp ediş harytlaryna bolan islegi çaklamagyň esasynda islegiň we teklibiň deň agramlylygyny üpjün etmek, şeýle-de häzirki döwürde we geljekde ilatyň harytlara bolan zerurlyklaryny has doly kanagatlandyrmak maksady bilen, sarp ediş bazaryna döwlet tarapyndan täsir etmegiň guraly işlenip taýýarlanylýar. Şunuň ýaly meseleler sebit derejede hem çözülýär.

*Mikroderejede* islegiň çaklamasy hem söwda guramalary, hem sarp ediji-kärhanalary we öndürijiler tarapyndan işlenip taýýarlanylýar.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde söwda guramalary öndüriji kärhanalardan ilata zerur bolan harytlary üpjün etmekligi talap edip bilýärler.

Öndüriji kärhanalar islegiň çaklama hasaplamalarynyň netijeleriniň esasynda önümleri üpjün etmegiň şertnamalaryny baglaşýarlar we önümçilik maksatnamalaryny düzýärler.

Islegiň uzak, orta we gysga möhletleýin çaklamalary işlenip taýýarlanylýar. Wagt taýdan çaklamalaryň aýry-aýry görnüşleriniň maksatlarynyň dürlüligi olaryň her birine özboluşly aýratynlyklary berýär. Meselem, *gysga möhletleýin çaklamalar* islegiň we önümi öndürmekligiň mümkinçilikleriniň ýola goýlan gurluşygynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Çaklamalaryň netijeleri sarp ediş harytlaryna edilen sargytlary we ýüztutmalary bölek-satuw söwda haryt dolanyşygynyň haryt üpjünçiliginiň hasaplamalaryny esaslandyrmak üçin şeýle-de dolandyryş täjirçilik çözgütlerini kabul etmek üçin ulanylýar. Gysga möhletleýin çaklamalar aýlyk, çärýeklik we ýyllyk işlenip taýýarlanylýar. Olar takyklygyň has ýokary derejesi bilen tapawutlanmalydyr. Gysga möhletleýin çaklamada görkezijileriň giň

gurşawy kesgitlenilýär (jemi isleg, haryt toparlaryna bolan isleg, assortiment gurluşy we beýlekiler).

*Orta möhletleýin çaklamalar* işlenilip taýýarlanylanda ýola goýlan gurluş, önümçiligiň mümkinçilikleri we önümçilik işiniň ösüşine goýulýan maýa goýumlaryň täsiri hasaba alynýar. 3-5 ýylyň dowamynda ýurtdaky harytlaryň assortimenti täzelenýär we islegiň gurluşy görnetin üýtgeýär. Bu şertlerde islegiň çaklamasyny harytlaryň markalaryna we nusgalaryna çenli jikme-jik kesgitlemegiň zerurlygy ýok. Esasy haryt toparlaryny tapawutlandyryp, jemi islegi kesgitlemek hem ýeterlikdir.

*Uzak möhletleýin çaklamalar* (bäş ýyldan köp) harytlary öndürmekligiň we söwdanyň strategiýalaryny işläp taýýarlamaklygyň serişdesi bolup hyzmat edýär. Islegi uzak möhletleýin çaklamagyň aýratynlygy onuň çaklama bahalaryny ýola goýlan önümçilik gurluşy bilen baglaşdyrmak zerurlygyny şertlendirmeýändiginde jemlenýär. Tersine, islegiň uzak möhletleýin çaklamasy haryt önümçiligini we söwdany ösdürmegiň geljekki ugurlaryny işläp taýýarlamagyň esasy bolup hyzmat edýär.

Öňünden bilmegiň möhletleri boýunça dürli çaklamalar çaklama usullary bilen hem tapawutlanýar.

Çaklamagyň takyklygyny ýokarlandyrmak üçin çaklamalaryň birnäçe görnüşlerini almak we amatly görnüşini saýlamak maksady bilen, çaklama usullarynyň toplumyny ulanmak zerurdyr.

Önümiň ol ýa-da beýleki görnüşini öndürmek ýa-da import etmek barada çözgütler kabul edilende isleg kesgitleýji şert bolup çykyş edýär, şonuň üçin islegi hem ýurduň içinde sebitler boýunça, hem dünýä bazarynda öwrenilmelidir.

Islegi çaklama hadysasy birnäçe tapgyrlary öz içine alýar:

– bazary, bäsdeşlik gurşawy toplumlaýyn derňemek, bazaryň böleklerini (segmentlerini) tapawutlandyrmak;

– islegiň we teklibiň ýagdaýyny seljermek, ilatyň anyk harytlara bolan isleginiň kanagatlanma derejesini, jemi islegi kesgitlemek; islege täsir edýän sebäpleri seljermek we görkezijileriň özara baglanyşygyny kesgitlemek;

150.0 x 225.0 mm

– çaklama usullaryny saýlamak;

– islegiň çaklamasyny amala aşyrmak;

– çaklamanyň ygtybarlylygyna baha bermek;

– ilatyň isleg taýdan ösüşiniň geljegini kesgitlemek;

– ilatyň islegini doly kanagatlandyrmak boýunça anyk çäreleri işläp taýýarlamak.

Tölege ukyply islegiň çaklamasy geçmişe gönükdirilen (retrospektiw) statistika we islegi kesgitleýän birnäçe sebäpleriň çaklamasyna esaslanýar.

Çaklama hasaplamalaryny amala aşyrmak üçin şu aşakdaky deslapky maglumatlar zerur bolup durýar:

– çaklanylýan döwürde ilatyň sany, ýaşy we jynsy boýunça düzümi, şäherde we obada ýaşaýanlaryň sany barada maglumatlar;

– islegiň we teklibiň ösüşi;

– oba hojalyk önümçiliginiň ösüşi we sarp ediş harytlarynyň öndürilişi barada maglumatlar;

– ilatyň pul girdejileriniň we çykdaýjylarynyň balanslary;

– girdejiniň ululygy boýunça ilatyň paýlanylyşy;

– işçileriň, gullukçylaryň, daýhan maşgalalarynyň býujetleri;

– ilatda uzak möhletleýin ulanylýan harytlaryň gorlarynyň, girdejileriniň we çykdajylarynyň ýörite birwagtlaýyn saýlama derňewleriniň maglumatlary;

– sarp ediş nyrhlaryň indeksleri (umumy we şahsy – belli-belli harytlar boýunça), içerki we dünýä nyrhlarynyň gatnaşygy barada maglumatlar;

– bellibir harytlar satyn alnanda alyjylaryň isleglerini ýüze çykarmak maksady bilen, olary sorag-jogap alma netijesinde alnan maglumatlary;

– ilatyň jan başyna düşýän zerur iýmit önümleriniň we harytlarynyň maslahat berilýän kadalary we hakyky sarp edilişi;

– geçen we çaklanylýan döwürlerde ilatyň pul girdejileriniň üýtgeýşi;

– geçen döwürde azyk, azyk däl harytlaryna we harytlaryň aýratyn toparlaryna bolan ilatyň çykdajylarynyň paýy.

Çaklamagyň ilkinji tapgyrynda islegiň üýtgemeginiň meýilleri ýüze çykarylýar.

Islegiň üýtgeýiş meýillerini seljermek üçin çyzgylary we dürli görnüşli diagrammalary we kartogrammalary ulanmak maksadalaýykdyr.

Ýüze çykarylan meýilleriň esasynda gysga möhletleýin döwre degişli islegi ekstrapolýasiýa usullarynyň kömegi bilen kesgitlemek, ýagny funksiýany saýlama usuly, kadalaşdyrylýan trendli eksponensial düzlemegi we beýleki usullary ulanmak maksadalaýykdyr.

Islegiň üýtgemeginiň durnukly meýilleriniň ýagdaýynda çaklama hasaplamalary dinamiki hatarlaryň deňlemek we funksiýalaryny saýlamak: ($y = ax + b$ – çyzykly, $y = ax^2 + bx + c$ – parabolaly we beýlekiler) arkaly geçirip bolýar.

Üýtgeýän şertlerde kadalaşdyrylýan trendli eksponensial düzlemegiň usulyny ulanmaklyk maksadalaýykdyr. Islegiň ösüşi möwsümleýin üýtgemelere sezewar bolýar, olary çärýek, aý üçin gysga möhletleýin çaklamalarda hasaba almak zerurdyr. Satuwyň (islegiň) möwsümleýin üýtgemeleriniň täsiriniň hasabyny möwsümleýin hasaplama indeksleriniň kömegi bilen geçirmek maksadalaýykdyr.

Tejribede islegi öwrenmek üçin synlamak, soraşdyrmak (anketaly soraşdyrma, interwýu almak), ýarmarkalar, sergiler, teklipler kitaplar, testirleme, mahabat giňden ulanylýar.

*Makroderejede islegi çaklamak üçin kadalar usuly* has giňden ýaýrandyr, ol ilatyň jan başyna düşýän önümleriň (harytlaryň) sarp ediş kadalarynyň ulanylyşyny görkezýär. Onda çaklanylýan döwre baglylykda şu aşakdaky çemeleşmeleri ulanmak zerurdyr.

*Uzak geljege* isleg kesgitlenilende sarp edişiň maslahat berilýän kadalaryny ulanmak maksadalaýykdyr. Meselem, ilatyň jan başyna düşýän et we et önümleriniň kadasy – bir ýylda 82 *kg*. Şu kadanyň ýurtda (sebitde) ilatyň sanynyň esasynda çaklanylýan döwre et we et önümlerine bolan zerurlyk hasaplanylýar. Zerurlyklar sarp edişiň

anyk kadalaryny gazanmak maksady bilen, önümçiligi ösdürmek we çäreleri işläp taýýarlamak üçin çelgi hökmünde çykyş edýär.

Käbir iýmit önümlerini sarp etmegiň kadalary (bir ýylda):

– iýmit ýaglary – 36 *kg*,
– süýt – 392 *l*,
– ýumurtga – 292 sany,
– balyk we balyk önümleri – 25-110 *kg*,
– gök we bakja önümleri – 139 *kg*.

*10-njy tablisa*

**Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan maslahat berilýän käbir iýmit önümleriniň sarp ediliş kadalary**

| Iýmit önümleri | Bir ýylda, *kg* | Bir gije-gündizde, *g* |
|---|---|---|
| Çörek we çörek önümleri (un görnüşinde hasaplananda) | 117 | 320,5 |
| Et we et önümleri (et görnüşinde hasaplananda) | 78 | 213,7 |
| Süýt we süýt önümleri (süýt görnüşinde hasaplananda) | 405 | 1109,6 |
| Ýümurtga, san | 291 | 0,8 |
| Balyk önümleri | 18,2 | 49,8 |
| Şeker we konditer önümleri | 47 | 128,7 |
| Ösümlik ýagy | 9,1 | 24,9 |
| Ýeralma | 117 | 320,5 |
| Gök we bakja önümleri | 139 | 380,8 |

*Islegiň gysga möhletleýin çaklamalary* sarp ediş kadalaryny hasaba almak bilen düzülmelidir. Munuň üçin ilatyň jan başyna düşýän önümiň hakyky sarp edilişi döwürler boýunça seljerilýär we maslahat berilýän kadalar bilen deňeşdirilýär. Önümleri sarp etmegiň meýilleri, islegiň pese gaçmagynyň ýa-da artmagynyň depginleri, onuň üýtgeýşiniň sebäpleri ýüze çykarylýar. Soňra dürli sebäpleriň täsirini ozaly bilen, ilatyň girdejileriniň we sarp ediş nyrhlarynyň üýtgeýşini

150.0 x 225.0 mm

hasaba alyp, çaklanylýan döwürde ilatyň jan başyna düşýän önümiň hakyky sarp edilişi kesgitlenilýär.

Wajyp harytlar boýunça islegiň çaklamasy haryt bazarlarynyň ýagdaýyny seljermek we çaklamak üçin hem-de bu bazarlara döwlet tarapyndan täsir etmegiň çäreleri hakynda maslahatlary işläp taýýarlamak üçin, şeýle-de islegiň ösüşi barada maglumatlar bilen gyzyklanýan guramalary üpjün etmek üçin işlenip taýýarlanylýar.

Bazar ykdysadyýetinde ilatyň sarp ediş harytlaryna bolan islegi dürli sebäpleriň täsirinde emele gelýär, şonuň üçin çaklama hasaplamalaryny amala aşyrmak üçin köp faktorly çyzykly ýa-da çyzykly däl modelleri ulanmak maslahat berilýär:

$$y_1 = a_1 x_{1t} + a_2 x_{2t} + ... + a_n x_{nt} + b, \qquad (37)$$

$$y_1 = b\, x_{1t}^{a1} \cdot x_{2t}^{a2} \cdot ... \cdot x_{nt}^{an}, \qquad (38)$$

bu ýerde: $y$ – haryda bolan islegiň görkezijisi; $x_1$, $x_2$,...., $x_n$ – islege täsir edýän sebäpler.

Korrelýasion-regression seljerişiň kömegi bilen islegiň we faktorlaryň arasyndaky gatnaşyk, onuň görnüşi (çyzykly, çyzykly däl) we gatnaşygyň ysnyşyklylygy kesgitlenilýär.

Sarp ediş harytlaryna bolan islegiň çaklamasynyň birnäçe görnüşlerini işläp taýýarlamak maksadalaýykdyr, olar kesgitleýji sebäpleriň ähmiýeti bilen tapawutlanýarlar. Dürli görnüşleriň deňeşdirilmegi aýry-aýry harytlara bolan ilatyň zerurlyklarynyň has doly kanagatlandyrylmagyny üpjün edýän görnüşini saýlamaga mümkinçilik berýär.

Isleg çaklamasyny bir faktorly modelleriň esasynda hem amala aşyryp bolýar. Olary islege wajyp faktoryň täsirini hasaba almak zerur bolan ýagdaýynda ulanmak maksadalaýykdyr. Meselem, nyrhlaryň durnukly derejesinde harytlara bolan islegiň ilatyň girdejileriniň üýtgemegine baglylygyny kesgitläp bolýar.

Sarp ediş harytlaryna bolan islegi çeýelik koeffisiýentiniň kömegi bilen hem kesgitläp bolýar.

150.0 x 225.0 mm

Islegiň ony emele getirýän faktordan çeýelik koeffisiýenti $K_ç$ şu aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$K_ç = \frac{\Delta Y}{Y} : \frac{\Delta X}{X}, \qquad (39)$$

bu ýerde: $Y$ – bellibir döwre islegiň derejesi; $\Delta Y$ – bellibir döwre islegiň ösüşi; $X$ – faktoryň ähmiýeti; $\Delta X$ – bellibir döwre faktoryň üýtgemegi.

Isleg, esasan, girdejileriň we nyrhlaryň üýtgemeginiň täsiri bilen emele gelýär. $K_ç$ bu faktorlaryň üýtgemegi bilen islegiň nähili üýtgeýändigini göterimde görkezýär.

Geçiş döwründe ilatyň girdejileriniň tapawutlylygy güýçlenende islegi çaklamak üçin haryt toparlar boýunça ilatyň girdejileriniň we çykdaýjylarynyň tapawutlylygy barada maglumatlaryň esasynda düzülen regression modelini ulanmak maksadalaýykdyr, onuň manysy şu aşakdakylardan ybarat. Ilat bir adama düşýän girdejä laýyklykda göterim toparlara bölünýär, ýagny ilatyň 10%-i iň pes girdejili topar, soňra indiki 10% we ş.m. görnüşde tapawutlandyryp, ilatyň 10%-ni ýokary girdejiden ybarat bolan toparlara bölünişigi tamamlaýarlar. Islegiň geljekki gurluşyny emele getirmegiň ýeke-täk şerti hökmünde ilatyň girdejileri hasaplanýar. Haryt toparlary boýunça ilatyň girdejileri we çykdajylary baradaky maglumatlar tablisa görnüşinde toplanýar. Onda girdejiler boýunça ilatyň toparlary, ýylda (aýda) bir adama düşýän girdejileriň aratapawudy, girdejileriň aralyklary boýunça ilatyň paýy göterimde, bir adama düşýän ortaça girdeji, ýylda (aýda) bir adama haryt toparlary boýunça çykdaýjylar görkezilýär.

Her bir haryt topara bildirilýän islegiň çaklamasy ilatyň jan başyna düşýän girdejileriň üýtgemeginiň täsiri astynda emele gelýär.

Harytlara bolan islegi çaklamak üçin haryt-pul gatnaşyklar şertlerinde sarp edijileriň özlerini alyp barşynyň nusgasyny ulanyp bolýar, ol sarp edijileriň toparlary boýunça zerurlyklary amatly kanagatlandyrmagyň ýörelgelerine esaslanýar. Nusga şeýle görnüşe eýedir:

150.0 x 225.0 mm

$$\sum_{j=1}^{n} Y_j \to \max, \tag{40}$$

$$\sum_{j=1}^{n} P_j * Y_j \le D, \tag{41}$$

$$\underline{Q}_j \le Y_j \le \overline{Q}_j, \tag{42}$$

bu ýerde: $Y_j$ – $j$ harydyna bolan islegi; $P_j$ – $j$ harydynyň nyrhy; $D$ – sarp edijileriň girdejileri; $\underline{Q}_j$, $\overline{Q}_j$ – $j$ teklibi hasaba alyp, $j$ haryda bolan islegiň ýokary we aşaky çäkleri.

Sarp edijileri deslapdan durmuş-demografik alamatlar boýunça birmeňzeş toparlara bölýärler. Her bir toparyň içinde köp harytlara we hyzmatlara ileri tutmalar meňzeş diýlip hasaplanylýar.

Harytlaryň aýratynlyklary hasaba alnyp isleg çaklanylanda dürli çemeleşmeler ulanylyp bilner. Meselem, ýeňil senagatynyň harytlaryna bolan isleg olaryň giň assortimentiniň şertlerinde kesgitlenilýär. Şular ýaly nukdaýnazarlaryň giň gurşawy boýunça çaklamany işläp taýýarlamak kyn bolýar, şonuň üçin aýry-aýry nukdaýnazarlary jemlemek zerurdyr. Meselem, tikin önümleriniň toparynda moda geýimleri, işçi geýimlerini we beýleki toparçalary görkezip bolýar. Şeýle-de önümleriň könelmeginiň möhletlerini we geýimleriň täzelenmegini nazara almak, sarp edijileriň jyns we ýaş alamatlaryny hasaba alyp harytlary toparlara (meselem, ýaşlar, çagalar, gartaşan ýaşdaky adamlar üçin harytlara) bölmek hem gerek.

Medeni-durmuş maksatly harytlara bolan islegiň çaklamalary maşgalalaryň sanyna, olaryň şol harytlar bilen üpjünçiligine, olary satyn almaga alyjylyk meýillerine, pul süýşürintgileriniň barlygyna, ýaşaýyş şertlerine we ş.m. esaslanmalydyr.

Uzak möhletleýin harytlara bolan islegiň umumy möçberi iki bölekden ybarat: çalyşmaga bolan isleg we şol önümler toplumynyň giňelmegine bolan islegdir. Çalyşmaga bolan islegi geçen ýyllarda şol harytlaryň satylyşy barada we olaryň maşgalalarda ulanylyşynyň ortaça möhletleri hakynda maglumatlardan ugur alyp kesgitläp bolýar. Statistiki maglumatlara görä, telewizorlaryň, elektro-tozan sorujylaryň, ähli görnüşli sagatlaryň ortaça işleýşiniň kepillik möhleti

150.0 x 225.0 mm

10 ýyldan, sowadyjylaryňky – 20, kir ýuwujy maşynlaryňky – 15 ýyldan ybaratdyr.

Harytlaryň anyk görnüşlerine bolan islegiň çaklamasyny haryt dolanyşygynyň umumy möçberinde aýratyn harytlaryň paýynyň üýtgemegi barada maglumatlary hasaba alyp ýerine ýetirmek zerur.

Islegiň çaklama hasaplamalaryndan ugur alnyp, ilatyň tölege ukyply isleginiň gurluşy kesgitlenilýär we meýilnamalaşdyrylan döwre wajyp sarp ediş harytlarynyň önümçiligine söwdanyň jemleýji sargydy işlenip taýýarlanylýar.

Öndüriji kärhanalarda öndürilýän önümlere bolan islegiň çaklamasy şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– umumy bazarda kärhananyň paýynyň üýtgeme meýilleriniň seljerilmesini;

– bäsdeşleriň bazar strategiýasyna we önümleriň täze görnüşlerini özleşdirmegiň geljegine baha berilmegi;

– kärhananyň bazar strategiýasynyň we önümiň hiliniň seljermesini;

– kärhananyň önümlerine islegiň çaklamasyny.

Lomaý kärhanalar islegi öwrenmegiň we çaklamagyň şu aşakdaky usullaryny ulanýarlar:

– bellibir döwürde harytlaryň satylyşynyň we haryt gorlarynyň hereketini tiz-tizden hasaba almak;

– bölek-satuw söwda kärhanalarynyň sargytlaryny öwrenmek we umumylaşdyrmak;

– lomaý alyjylaryň kanagatlandyrylmadyk islegini hasaba almak, seljermek we başgalar.

Kärhana üçin esasy zat sarp edijileriň önümlere bolan ynamyny eýelemekden ybarat bolup durýar. Alyjylaryň geljekki zerurlyklaryny çaklamak üçin bazarda düýbünden täze önümleriň çykarylmagynyň sarp edijilere nähili täsir edýändigini seljermek zerurdyr.

Daşary ýurt barlagçylary önümleri öndürmek boýunça kärhananyň strategiýalarynyň bolup biläýjek ugurlaryndan şu aşakdakylary tapawutlandyrýarlar:

– alyjylarda bäsdeşleriň harytlaryndan harydyň daşky görnüşiniň tapawutlanmagy;

150.0 x 225.0 mm

– täze haryt bilen bazara çykmak;

– bäsdeşlerden üstün çykmagy üpjün edýän ýakyn ýyllarda öňdebaryjy orunlary eýelejek täze harydy işläp taýýarlamak.

Şu ugurlary amala aşyrmak üçin täze harydy döretmek boýunça pikirler toplanylýar we pikirleri öňe sürmegiň hem-de harydyň synag söwdasynyň arasyndaky möhletler iň pes derejä çenli gysgaldylýar. Pikirleri gözlemek maksady bilen, bilermenleriň baha beriş usullary, ýagny pikirleri köpçülikleýin toplamagyň usuly, «635» usuly, «Delfi» usuly giňden ulanylýar.

*Ýaponiýa* kärhananyň strategiýasyny işläp taýýarlamakda öňdebaryjy döwlet hasaplanylýar. Ýapon kärhanalarynyň işgärleri pikirleriniň ägirt köp mukdaryny hödürleýärler, olardan tejribe ähmiýetli 7–10 sanysy saýlanylýar.

Täze harytlary öndürmek barada çözgüdi kabul etmekden ozal islegiň çaklamasy bilen bilelikde önümçilik harajatlaryny, nyrhy we peýdany çaklamak zerurdyr.

Sarp edijileriň garaýşyny ýüze çykarmak üçin mahabaty we synag söwdasyny ulanmak maksadalaýykdyr. Täze harytlara bolan islegi öwrenmek sergi-satuwlarda, ýarmarkalarda hem amala aşyrylyp bilner. Alyjylaryň isleglerine önümleriň laýyklyk derejesi, olaryň başga meňzeş harytlara ileri tutmalary we ilatyň täze harytlara (nyrh, bezelişine we beýlekilere) artykmaçlyk berýän şertleri kesgitlenilýär.

Kärhananyň täjirçilik üstünligi üçin bazar täzeçilliginiň harytlary esasy şert bolup durýar. Şular ýaly harytlary öndürýän kärhanalaryň monopol nyrhlary bellemäge we has ýokary peýdany almaga mümkinçilikleri bar.

Her bir harydyň öz ýaşaýyş döwri (*HÝD*) bar. Harydyň ýaşaýyş döwrüniň konsepsiýasy harydyň bazar durnuklylygynyň kesgitli döwrüniň barlygyndan ugur alýar. Harydyň ýaşaýyş döwrüni ýa-da ony *«peýda-wagt»* ölçeglerde görkezýän egri çyzygy ornaşdyryş, ösüş, ýetişiş, doýgunlylyk we pese düşüş tapgyrlaryna bölüp bolýar. Bir tapgyrdan beýleki tapgyra batly inişler bolmazdan geçilýär, şonuň bilen baglylykda tapgyrlaryň çäklerini aňmak we haryda ýa-da önümçilik maksatnamasyna üýtgetmeleri girizmek üçin satuwyň ýa-da peýdanyň depginleriniň üýtgeýşine gözegçilik etmek zerurdyr.

13. Sargyt № 1985

150.0 x 225.0 mm

Haryt bazarlarynyň çaklama barlaglarynda toplumlaýyn seljeriş bilen bilelikde nyrh emele getirişiň işlenip taýýarlanylýan strategiýasy uly orny eýeleýär, çünki nyrh harydy bazarda söwdany herekete getirmegiň wajyp guraly we satuwyň hem-de peýdanyň göwrüminiň kesgitleýji şerti bolup çykyş edýär.

## 5.3. Alyjylyk gaznalaryny we haryt çeşmelerini çaklamak

Çaklanylýan (meýilnamalaşdyrylýan) döwre bölek-satuw söwda haryt dolanyşygynyň möçberiniň esaslandyrylyşy, bir tarapdan, alyjylyk gaznalaryny, beýleki tarapdan, haryt çeşmelerini kesgitlemekligi göz öňünde tutýar. Alyjylyk gaznalary sarp ediş harytlaryna bolan ilatyň jemi islegini häsiýetlendirýär. Olar harytlary satyn almaga harçlanylýan ilatyň pul girdejileriniň jemi bolup durýar. Alyjylyk gaznalary ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň deňagramlylygynyň esasynda hasaplanylýar, ol girdejileriň emele gelmeginiň esasy çeşmeleri we olary ulanmagyň ugurlary boýunça pul massasynyň hereketini häsiýetlendirýär.

Umuman, ýurt boýunça alyjylyk gaznasy ilatyň pul girdejileriniň jeminden hyzmatlaryň tölegini, hökmany tölegleri, geçirimleri, goýumlaryň artyşyny we gymmatly kagyzlaryň, walýutanyň satyn alnyşyny, ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaga çykdajylary aýryp hasaplanylýar. Alyjylyk gaznasynyň hasaplanylyşy 6-njy suratda görkezilen.

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Alyjylyk gaznasy | = | Pul girdejileri | – | Haryt görnüşli däl çykdajylar | ± | Bankda ilatyň toplanan pullarynyň üýtgemegi, gymmatly kagyzlaryň, walýutanyň satyn alynmagy |

**6-njy surat. Alyjylyk gaznasynyň hasaplanylyşy**

Şeýle görnüşde hasaplanan alyjylyk gaznasy ilata pul görnüşinde harytlary satmagyň zerur möçberini kesgitleýär. Bu ululyga ownuk-lomaý söwda tertibinde edaralara we guramalara harytlaryň satuwy boýunça dolanyşyk goşulýar we netijede haryt dolanyşygynyň zerur möçberi kesgitlenilýär.

*Ilatyň pul girdejilerini we çykdajylaryny* iki görnüşe bölüp bolýar:

1) ilatyň hem-de döwlet, kooperatiw, täjirçilik, jemgyýetçilik guramalarynyň we kärhanalarynyň arasyndaky pul dolanyşygy;

2) ilatyň aýratyn toparlarynyň arasyndaky pul dolanyşygy.

Dolanyşygyň birinji görnüşinde girdejileriň çykdajylardan artmagy ýa-da çykdajylaryň girdejilerden artmagy, ilatyň pul galyndylarynyň artmagyny ýa-da azalmagyny aňladýar, ikinji görnüşinde puluň ilatyň bir toparyndan beýleki toparyna geçirilmegini aňladýar, munuň özi olaryň dolanyşykda bar bolan massasyny üýtgetmeýär. Umuman, ýurt boýunça bu hereketi ilatyň alyjylyk gaznasynyň umumy möçberine täsir etmeýär. Aýratyn sebitler boýunça alyjylyk gaznasy hasaplanylanda ilatyň toparlary we aýratyn dolandyryş birlikleri boýunça puluň hereketini hasaba almasaň bolmaýar.

*Haryt görnüşli däl çykdajylar* ilata hyzmat ediş ulgamynyň pudaklarynyň ösüşiniň çaklama maglumatlarynyň, maliýe guramalarynyň çaklamalarynyň esasynda hasaplanylýar. Meselem, ýaşaýyş-jemagat hyzmatlaryna tölegiň möçberi ýaşaýyş meýdanyndan, jemagat hyzmatlarynyň möçberinden, jaý töleginiň ortaça derejeleriniň hem-de jemagat hyzmatlary boýunça çaklanylýan tarifleriň esasynda kesgitlenilýär. Medeni-durmuş hyzmatlaryna bolan çykdajylar käbir kärhanalaryň ýaýran torundan, olaryň jemi ýygnalan serişdelerinden, durmuş hyzmatlarynyň möçberinden ugur alnyp hasaplanylýar.

Ähli sarp ediş harytlary haryt çeşmelerine degişli edilýär. Haryt resurslarynyň çeşmeleri bolup ýeňil, iýmit we beýleki senagat pudaklarynyň, oba hojalyk pudaklarynyň, import boýunça harytlaryň getirilmegi çykyş edýär.

Haryt resurslarynyň möçberi haryda bolan zerurlyklardan we olary kanagatlandyrmagyň mümkinçiliklerinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Haryda bolan zerurlyk olaryň önümçiligine sargyt düzülende esas bolup hyzmat edýär.

Harytlaryň umumy zerurlygy şu aşakdaky bölekleriň esasynda hasaplanylýar:

– harytlaryň satuwynyň zerur möçberi (alyjylyk gaznasynyň esasynda kesgitlenilen bölek-satuw haryt dolanyşygynyň zerur möçberi);

– edaralara we guramalara harytlaryň çaklanylýan satuwy;

150.0 x 225.0 mm

– tebigy ýitgileriň çäklerinde harytlaryň ýitgileriniň öweziniň dolunyşy.

Sanalyp geçilen bölekleriň jemi bazaryň göwrümini mukdar taýdan görkezýär hem-de çaklanylýan döwürde söwdany üpjün etmek üçin zerur bolan harytlaryň möçberini görkezýär. Onda harytlaryň bellibir bölegi jemgyýetçilik iýmiti tory arkaly ýerlenilýär, harytlaryň nyrhlary artdyrylýar, şonuň üçin harytlaryň zerur möçberi hasaplanylanda şol artdyrylan möçberiň ähli jemi hasaba alynmalydyr.

Haryt resurslaryna bolan zerurlyk hasaplanylanda çaklanylýan döwrüň başynda haryt gorlarynyň ýagdaýy, olary kadalara çenli doldurma zerurlygy hasaba alynýar.

Sarp ediş harytlarynyň balanslary aýratyn harytlar we haryt toparlary boýunça işlenip taýýarlanylýar. Olaryň esasynda harytlaryň aglabasy boýunça haryt gaznalary kesgitlenilýär *(11-nji tablisa)*. Oba hojalyk önümleri boýunça onuň öndürilişi diňe bir döwlet kärhanalarynda we daýhan birleşiklerinde hasaba alynman, eýsem, şahsy kömekçi, fermer, daýhan we beýleki hojalyklarynda hem hasaba alynýar.

*11-nji tablisa*

**Sarp ediş harytlarynyň balansy**

| Resurslar | Paýlanylyşy |
|---|---|
| 1. Önümçilik<br>2. Import<br>3. Beýleki çeşmeler<br>4. Döwrüň başyndaky gorlar | 1. Bazar gaznasy<br>2. Bazardan daşary gazna:<br>- senagat taýdan gaýtadan işlemek;<br>- senagat taýdan sarp etmek;<br>- döwlet býujetiniň garamagyndaky kärhanalaryň sarp edişi,<br>beýleki sarp edişler.<br>3. Eksport<br>4. Döwlet ätiýaçlyklarynyň doldurylyşy<br>5. Döwrüň ahyry üçin gorlar |
| Jemi: | Jemi: |

150.0 x 225.0 mm

Harytlaryň ulanylyşynyň esasy bölegi bolup bazar gaznasy çykyş edýär, ýagny ilata satmak üçin bölek-satuw söwdasynda haryt gorlary doldurmak üçin, nyrhlaryň peselmeginden ýa-da tebigy ýitgilerden öwezini doldurmak üçin iberilýän haryt resurslarynyň bölegi çykyş edýär. Bazar gaznasy harytlaryň önümçilik möçberine we importa laýyklykda kesgitlenilýär.

Harytlaryň çaklanylýan balanslary işlenip taýýarlanylanda bazar we bazardan daşary gaznalaryň arasynda haryt gaznalarynyň amatly paýlanylyşy, tölege ukyply islegiň harytlar bilen üpjünçiligi wajyp wezipe bolup durýar.

Bazar gaznalary çaklanylanda şu aşakdakylary hasaba almak zerurdyr:

– ilatyň tölege bolan ukyply islegini;
– sarp ediş nyrhlarynyň ösüşini;
– haryt gorlarynyň ýagdaýyny we beýlekiler.

Azyk we azyk däl harytlaryň balanslarynyň esasynda bölek-satuw haryt dolanyşygyň jemleýji haryt üpjünçiligi hasaplanylýar. Onda haryt resurslary ähli gelýän çeşmeler boýunça şeýle-de olaryň ulanylyşynyň ugurlary boýunça görkezilýär. Hasaplar pul görnüşinde amala aşyrylýar, wajyp harytlar boýunça bolsa natural we pul görnüşlerde amala aşyrylýar. Haryt resurslary ilata satmak üçin harytlaryň meýilnamalaşdyrylýan möçberini häsiýetlendirýär, ol ilatyň pul girdejileri we çykdajylary bilen ylalaşylmalydyr.

Sarp ediş harytlaryň bazarynda haryt resurslarynyň hereketi olaryň hemişelik satuwynyň we öweziniň dolma görnüşinde görkezilýär, munuň özi umumy möçberi, şeýle-de olaryň gurluşyny çaklamagy talap edýär.

## 5.4. Haryt dolanyşygyny emele getirmek

Bütin haryt massasy boýunça jemi islegiň, umuman, haryt resurslary bilen deňeşdirilmesi toparlaýyn assortimentde we toparyň içindäki assortimentde harytlara bolan islegiň doly kanagatlandyryl-

150.0 x 225.0 mm

magy barada netije çykarmaga mümkinçilik bermeýär. Isleg bilen teklibiň gatnaşygynda ýüze çykýan deň ölçegsizlik harytlaryň assortimenti we hili boýunça alyjylyk islegine haryt resurslarynyň laýyk däldigi bilen şertlendirilendir. Şonuň bilen baglylykda harytlaryň aýry-aýry toparlaryna islegi kesgitlemeli, şol harytlaryň resurslary bilen deňeşdirmeli we ahyrynda bölek-satuw söwda haryt dolanyşygynyň umumy möçberinde haryt toparlaryň we aýratyn harytlaryň gatnaşygyny häsiýetlendirýän haryt dolanyşygynyň gurluşyny emele getirmeli. Aýry-aýry haryt toparlarynyň we harytlaryň gatnaşygy birinjiden, olaryň ähmiýetliligi, ikinjiden, harytlar satylanda we sarp edilende olaryň biri-birini doldurmak we özara çalyşmak derejesi bilen baglydyr. Mesge we margarin – biri-birini çalyşýan ýa-da substitut – harytlar (iňl. *substitut goods*). Haçanda mesgäniň nyrhy ýokarlandyrylanda, sarp edijiler ony az möçberde satyn alýarlar, munuň özi margarine bolan islegi ýokarlandyrýar we tersine. Biri-birini dolduryan harytlaryň ýönekeý mysaly bolup benzin we motor ýagy çykyş edýär, olar biri-birine ýakyn harytlar bolup durýarlar, ýagny olara bolan isleg bir wagtda ýüze çykýar. Haçanda benziniň nyrhy peselende, ulag serişdeleri köp ulanylýar, şeýlelikde, motor ýagyna bolan isleg ýokarlanýar we tersine. Biri-birini dolduryan harytlaryň mysallary – okuw sapaklar we kitaplar, fotoapparat (kamera) we fotoplýonka, kompýuter we maksatnama üpjünçiligi we başgalar.

Haryt dolanyşygynyň emele gelşi tapgyrlar boýunça amala aşyrylýar.

*Birinji tapgyrda* islegiň çaklamalarynyň esasynda haryt dolanyşygynyň gurluşy kesgitlenilýär. Çaklamalar işlenip taýýarlanylanda islegi çaklamagyň ýokarda seredilen usullary ulanylýar we oňa täsir edýän wajyp sebäpler hasaba alynýar, söwda guramalarynyň, statistikanyň maglumatlary, sarp edişiň ylmy taýdan esaslandyrylan kadalary we beýleki zerur maglumatlar ulanylýar. Islegiň gurluşy emele getirilende bellibir assortimenti we harytlaryň hiliniň anyk zerurlygy, sarp ediş nyrhlarynyň derejesi hasaba alynmalydyr.

150.0 x 225.0 mm

Haryt dolanyşygynyň gurluşynyň üýtgemegi esaslandyrylanda statistiki maglumatlaryň we maşgala býujetiniň seljerilişi wajyp ähmiýetlidir. Girdejisi dürli derejeli bolan maşgalalara harytlara we hyzmatlara bolan islegiň öz gurluşy laýykdyr, şeýlelikde, bu maglumatlaryň hem-de çaklanylýan döwürde ilatyň jan başyna düşýän pul girdejileriniň derejesiniň üýtgemegi barada maglumatlaryň esasynda tölege ukyply islegiň üýtgemeginiň esasy ugurlaryny hem-de şonuň bilen birlikde haryt dolanyşygynyň gurluşynda zerur üýtgemeleri kesgitläp bolýar.

*Ikinji tapgyrda* haryt teklibiniň gurluşynyň çaklamasyny amala aşyrmaly.

Sarp ediş bazarynda haryt teklibi ýurtda (sebitde), ýurduň daşynda öndürilen harytlardan (harytlaryň importy) we haryt gorlardan kemala gelýär. Haryt teklibiniň ululygy sarp ediş harytlaryň balansynyň esasynda kesgitlenilýär.

Geçiş döwürde önümleri öndürmegiň we satuwyň möçberi iki usul arkaly amala aşyrylýar:

– harytlary üpjün etmäge öndüriji kärhanalaryň göni şertnamalary baglaşmaklary arkaly;

– döwlet zerurlyklary üçin harytlary üpjün etmek, sargytlary kärhanalara ýetirmek arkaly emele gelýär.

Şonuň bilen birlikde döwlet sargydynyň we göni şertnamalaryň daşyndan kärhanalar öndürilen önümleri erkin bazarda satyp bilýärler.

Satuwyň görkezijileri üpjün edijileriň arasynda ylalaşylan sarp ediş nyrhlary boýunça önümleri üpjün etmegiň möçberini görkezmelidir.

*Üçünji tapgyrda* islegiň we teklibiň laýyklyk derejesini kesgitlemek hem-de haryt dolanyşygynyň ahyrky gurluşyny emele getirmek üçin islegiň we teklibiň balanslaryny işläp taýýarlamaly *(12-nji tablisa)*.

*12-nji tablisa*

**Islegiň we teklibiň çaklama balansy**

| Görkezijiler | Azyk harytlary | | | | | | | | | Azyk däl harytlary | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | et we et önümleri | | | harytlar boýunça | | | Jemi | | | matalar | | | harytlar boýunça | | | Jemi | | |
| | natural görnüşde | nyrhy | gymmaty | natural görnüşde | nyrhy | gymmaty | natural görnüşde | nyrhy | gymmaty | natural görnüşde | nyrhy | gymmaty | natural görnüşde | nyrhy | gymmaty | natural görnüşde | nyrhy | gymmaty |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 |
| I. ISLEG | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| 1. Ilat, guramalar, kärhanalar tarapyndan mümkin bolan satyn almalar | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| 2. Döwrüň ahyryndaky gorlar | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| 3. Tebigy ýitgi | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| 4. Eksport. | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| Şol sanda: | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| - ýakyndaky daşary ýurt döwletleri; | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| - uzakdaky daşary ýurt döwletleri | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| Jemi: | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

*12-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| II. TEKLIP | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| 1. Döwrüň başyndaky gorlar | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| 2. Önümçilik | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| 3. Import. | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| Şol sanda: | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| ýakyndaky daşary ýurt döwletleri; | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| uzakdaky daşary ýurt döwletleri | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| Jemi | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| Teklipden islegiň artmagy. | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| Islegden teklibiň artmagy | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

150.0 x 225.0 mm

Kesgitlenen nomenklatura laýyklykda Islegiň we teklibiň balanslary wajyp harytlar boýunça işlenip taýýarlanylýar. Çaklama balanslary işlenip taýýarlanylanda öň ýanyndaky döwürleriň maglumatlary seljerilmelidir.

Doly kanagatlandyrylmaýan islegli harytlaryň satuw möçberi olaryň teklibi bilen kesgitlenilýär, gyt bolmadyk harytlar boýunça harytlaryň özara çalyşmagy we biri-birine baglanyşygy hasaba alnyp isleg bilen kesgitlenilýär. Umumy möçberiniň çäklerinde harytlaryň anyk assortimentini söwda kärhanalary senagat kärhanalary bilen göni şertnamalar arkaly ylalaşýarlar.

Islegiň, teklibiň hakyky we çaklanylýan görkezijileriniň önüminiň natural görnüşde, nyrhlar we gymmatynyň arasyndaky esasy tapawutlar sarp ediş bazaryna döwlet tarapyndan täsir etmegiň çäreleri baradaky teklipleri düzmäge esas bolup durýar. Şu aşakda görkezilen maslahatlar işlenip taýýarlanylyp bilner:

– harytlaryň goşmaça önümçiligi, olaryň importynyň artdyrylmagy ýa-da eksportynyň azaldylmagy boýunça;

– bazardan daşary sarp edişiň üýtgemegi, şeýle-de bir harydy beýleki bir haryda çalşyp bolmagy boýunça;

– harytlara ykdysady taýdan esaslandyrylan bölek-satuw söwda nyrhlaryň bellenilmegi boýunça maslahatlar.

Islege we teklibe döwlet tarapyndan täsir etmegiň çärelerini işläp taýýarlamak üçin haryt bazarynyň dürli pudaklary boýunça önüm birligini satyn almagyň ykdysady şertleri seljerilmelidir. Içerki bazarda ilki bilen we çaklanylýan döwürlerde islegiň we teklibiň nyrhlarynyň gatnaşygynyň, içerki we bütin dünýä nyrhlarynyň gatnaşygynyň, ýakyn we uzak ýerlerde ýerleşýän daşary ýurtlar boýunça gümrük paçlaryň, ulag çykdajylarynyň, salgytlaryň, söwda dellallaryň goýumlarynyň, walýutanyň kursunyň we ş.m. seljerilişine aýratyn ähmiýet berilmelidir. Daşary ýurtdan harytlar getiriler ýaly içerki bazaryň göwrümine, ýerli önümler üçin daşarky bazaryň göwrümine baha berilmelidir. Bazarda bar bolan ýagdaý, isleg we teklip, azyk we azyk däl harytlaryň söwdasynda ykdysadyýetiň döwlet we döwlete degişli däl pudaklaryň gatnaşygy, wajyp harytlaryň sarp edilişi we beýleki meseleleri seljerilmelidir.

Seljerişiň netijeleriniň esasynda harytlaryň eksportynyň ýa-da importynyň ykdysady maksadalaýyklygy barada netije çykarylmaly we ýurtda hem-de sebitlerde sarp ediş harytlaryň önümçiliginiň möçberi barada çözgüt kabul edilmelidir.

Ýurtda haryt bazaryny ösdürmäge we isleg bilen teklibiň deňagramlylygyny üpjün etmäge ýardam berýän çäreleriň toplumy şu aşakdakylary öz içine alyp bilýär:

– salgyt kadalaşdyryjylary, karzlary ulanmak, sarp ediş harytlary, azyk önümleri öndürmek boýunça taslamalara maýa goýmak arkaly ýerli önümçiligi höweslendirmek;

– nyrhlary kadalaşdyrmak;

– durmuş taýdan ähmiýetli harytlara döwlet sargydyny kesgitlemek;

– daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek;

– harytlaryň esasy görnüşleri boýunça lomaý bazarynyň infrastrukturasyny kämilleşdirmek;

– eksporty we importy kadalaşdyrmak;

– ilatyň gurpsyz gatlaklarynyň durmuş taýdan goragyna dotasiýa bermek;

– sarp ediş kooperasiýanyň işini giňeltmek we söwda kärhanalarynyň öndüriji kärhanalar bilen gatnaşyklaryny kämilleşdirmek;

Içerki sarp ediş bazarynyň göwrüminiň giňeldilmegi ýerli harytlara tölemäge ukyply islegi artdyrmak hem-de olaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak arkaly mümkindir. Oňa harytlaryň hilini ýokarlandyrmak we olaryň nyrhlaryny peseltmek arkaly ýetip bolýar.

Sarp ediş harytlarynyň bazaryna ykdysady we guramaçylyk taýdan täsir etmegiň ulgamy döwlet tarapyndan göni we gytaklaýyn kadalaşdyrmagyň usullaryny öz içine almaly, önümçilik sarp ediş toplumynyň ähli bölekleriniň özbaşdak önümçilik-täjirçilik işiniň mümkinçiliklerini harytlary täzelemek boýunça olaryň işjeňliginiň ýokarlanmagyny üpjün etmeli *(7-nji surat)*.

150.0 x 225.0 mm




**7-nji surat. Bazary ykdysady we guramaçylyk taýdan kadalaşdyryş ulgamynyň umumy çyzgysy**

Bazary sarp ediş harytlary bilen doldurmagyň we isleg bilen teklibiň arasyndaky deňagramlylygyň makro we mikroderejeleriniň özara hereketiniň gowy işlenilen guralynda mümkindigini bellemek gerek.

# VI BAP
# MADDY-TEHNIKI ÜPJÜNÇILIGI, MAÝA GOÝUMLARY, INNOWASIÝA IŞINI, DAŞARY YKDYSADY GATNAŞYKLARY WE ÖNÜMÇILIK PUDAKLARYNYŇ ÖSÜŞINI ÇAKLAMAK WE MEÝILNAMALAŞDYRMAK

## 6.1. Maddy-tehniki üpjünçilik

### *Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe maddy-tehniki serişdeler bilen üpjün etmegiň görnüşleri*

Maddy-tehniki serişdeler bilen üpjün etmegiň guramaçylyk–ykdysady manysy öndüriji güýçleriň, önümçilik gatnaşyklarynyň we ykdysadyýeti dolandyrmagyň hereket edýän guralynyň ösüşiniň belli--bir tapgyryna laýyk gelýän önümçilik serişdeleriniň dürli görnüşlerde ýaýradylyşyny we aýlanyşyny göz öňünde tutýar.

Direktiw meýilnamalaşdyrmagyň şertlerinde kärhanalary we guramalary önümçilik serişdeleri bilen üpjün etmek merkezleşdirilen görnüşde gazna döretmek ýoly bilen amala aşyrylýardy. Kärhanalara we guramalara ýüztutmalaryň esasynda önümleri öndürmek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary etmek üçin zerur maddy-tehniki serişdeleriň gaznalary bölünip berilýärdi, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamasynyň düzüminde maddy-tehniki üpjünçiligiň meýilnamasy düzülýärdi.

1990-njy ýyllardan başlap bazar infrastrukturasynyň düzüm bölegi hökmünde täjirçilik taýdan işjeň özbaşdak söwda halkasy, şeýle-de önümçilik serişdelerine isleg we teklip babatda garaşsyz maglumat tory tapgyrlaýyn emele gelip başlady. Maddy-tehniki serişdeleriň beýleki görnüşlerinde önümçilik we düýpli gurluşyga bolan zerurlyklary kanagatlandyrmagy olary haryt bazarynda gös-göni hojalyk subýektleriniň satyn almagy arkaly amala aşyrmak göz öňünde tutulýardy.

Ýerlerde maddy-tehniki üpjünçiligiň şu aşakdaky ýaly görnüşleri döredilip we ösdürilip başlandy:

150.0 x 225.0 mm

– lomaý ýarmarka toplumlary we önümi auksion usulda satyş merkezleri;

– haryt biržalary, olar sebitara üpjünçilikde we harytlary alyş-çalyş etmekde baglanyşdyryjy halka bolup durýar;

– durmuş ulgamynyň ownuk lomaý sarp edijileriniň, daýhan hojalyklarynyň, kärendeçileriň, kiçi kärhanalaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin kärhana söwdasy we söwda tory;

– serwis merkezleri, ownuk-lomaý we komission dükanlar, tehnikany kireýine berýän nokatlar;

– döwlete degişli däl araçyllyk lomaý we bölek-satuw kärhanalary we eýeçiligiň dürli görnüşlerine esaslanýan maddy-tehniki üpjünçilik guramalary.

Önümçilik serişdeleriniň lomaý söwdasy giňden ýaýrady. Onda sarp edijileriň maddy-tehniki serişdeler bilen üpjünçiligi gaznasyz we çäksiz uzak möhletleýin şertnamalaryň we sargytlaryň esasynda amala aşyrylýar.

Häzirki zaman şertlerinde maddy-tehniki üpjünçiligi meýilnamalaşdyrmagyň we dolandyrmagyň esasy iki görnüşini tapawutlandyrmak gerek. Olaryň biri – önümçiligiň we önümleri ýaýratmagyň *merkezleşdirilen meýilnamalaşdyrylyşy* (döwlet sargydynyň çäklerinde), ikinjisi – önümleri *bazar gatnaşyklarynyň esasynda* ýaýratmak. Ol önümçilik-tehniki maksatly önümleriň lomaý söwdasy bilen deň hasaplanylýar.

Serişde üpjünçiligini meýilnamalaşdyrmagyň wajyp tapgyry kärhanalaryň, guramalaryň, pudaklaryň we umuman, halk hojalygynyň önümçilik serişdelerine bolan zerurlyklaryny çaklamakdan ybarat bolup durýar.

### *Maddy-tehniki serişdelerine bolan zerurlyklary çaklamak*

Maddy-tehniki serişdelerine bolan zerurlyklar olaryň ulanylyşynyň ähli ugurlary boýunça:

– esasy önümçilik;

– düýpli gurluşyk;

– bejeriş-ulanylyş zerurlyklary;

– ylmy-barlag işleri;

150.0 x 225.0 mm

– eksport;

– önümçilik gorlaryny we ätiýaçlyklary döretmek üçin maddy-tehniki serişdelerine bolan zerurlyk kesgitlenilmelidir.

Ilkinji tapgyrlarda gysga möhletleýin çaklamalar işlenip taýýarlanylanda ekstrapolýasiýa usullaryny ulanmak maksadalaýykdyr. Olaryň arasynda funksiýalary saýlamak usulyny tapawutlandyrmak gerek.

*A* materiala bolan zerurlygy çaklamak üçin bir we köp faktorly modelleri ulanyp bolýar. Bir faktorly modeliň kömegi bilen maddy serişdeleriň sarp edilişiniň önüm öndürilişiniň möçberine baglylygyny kesgitläp bolýar:

$$A_t = a \cdot x_t + b, \tag{43}$$

bu ýerde: *a, b* – koeffisiýentler; $x_t$ – önümçiligiň çaklanylýan möçberi.

Çaklamanyň takyklygyny anyklamak maksady bilen, modele *t* wagtyň faktoryny girizip bolar:

$$A_t = a x_t + a_2 t + b. \tag{44}$$

Şular ýaly iki faktorly model çaklama döwründe maddy-tehniki serişdelere bolan zerurlygyň üýtgeýşini has anyk görkezip bilýär, sebäbi ol diňe serişdeleri öndürmek üçin talap edilýän möçbere gös-göni täsir edýän önümçiligiň möçberini däl-de, eýsem, wagt meýillerini nazara alýan wagt faktoryny hem hasaba alýar.

Häzirki tejribede maddy-tehniki serişdelere bolan zerurlygy kesgitlemek üçin kadalar usuly has giňden ýaýrandyr. Ol ykdysadyýeti dolandyrmagyň ähli derejelerinde – makro, mezo we mikroderejelerinde ulanylýar.

Makroderejede kadalar usuly ulanylýar, ol *y* sarp ediji pudagyň önüm birligine *i* öndüriji pudagyň önümlerini $a_{ij}$ sarp etmegiň orta pudaklaýyn kadalary ulanmagy çak edýär. Olaryň esasynda pudagara balans işlenip taýýarlanylanda her pudagyň beýleki pudaklaryň önümlerine bolan zerurlyklary we pudagara haryt üpjünçiligi kesgitlenilýär ($A_i$):

150.0 x 225.0 mm

$$A_i = a_{ij} \cdot x_j, \tag{45}$$

bu ýerde $x_{j-j}$ sarp-ediji pudagyň önümçilik möçberi.

Mezoderejede (sebit we pudak) maddy serişdeleri sarp edilişiniň toparlaýyn kadalary ulanylýar, meselem, 1 tonna süýji-köke önümlerine şekeriň sarp edilişiniň kadasy. Toparlaýyn assortimentde önümi öndürmegiň çaklanylýan möçberiniň we sarp edilişiniň toparlaýyn kadalaryny bilip, kesgitli döwürde anyk serişdä bolan zerurlygy hasaplap bolýar.

*Mikroderejede* resurslara bolan zerurlygy kesgitlemegiň kadalar usuly «göni hasaplama usuly» diýip atlandyrylýar. Ol önümiň (işleriň) birligine önümi öndürmegiň (ýerine ýetirilýän işleriň) möçberini we maddy serişdeleriniň sarp edilişiniň kadasyny ulanmaga esaslanandyr. Anyk maddy serişdä bolan $A_i$ zerurlyk şu formula boýunça kesgitlenilýär:

$$A_i = \sum_{j=1}^{n} K_{ij} * q_j, \quad i = \overline{1,m}, \tag{46}$$

bu ýerde: $n$ – degişli material ulanylýan önümleriň ýa-da işleriň görnüşleriniň mukdary; $K_{ij}$ – $j$ görnüşli önümiň ýa-da işleriň birligine $i$ materialynyň sarp edilişiniň kadasy; $q_j$ – $j$ görnüşli önümiň önümçiliginiň çaklanylýan möçberi.

Önüme we iş birligine materiallaryň sarp edilýän kadalary kesgitlenilende kadalary emele getirýän birlikler boýunça kadalaryň düzüminden we gurluşyndan ugur alynýar. Düzgün bolşy ýaly, kada üç sany birligi öz içine alýar:

– *sap sarp ediş* – önüm birligine materiallaryň, energiýanyň gös-göni peýdaly sarp edilişi;

– *tehnologiiki galyndylar we ýitgiler* – önümçilik tehnologiýasynyň aýratynlyklaryna bagly bolan çykdajylar (gyryndy, galyndy erginler, beýleki galyndylar);

– *beýleki tehniki galyndylar we ýitgiler* – olary ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň häzirki derejesinden we hojalygy alyp barmagyň ulanylýan usullaryndan aýryp bolmaýar.

Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň tejribesinde göni hasaplama usulynyň modifikasiýalary ulanylýar. Hususanda, maddy serişdelere bolan zerurlyklar analog (görnüş boýunça) kesgitlenilip bilner.

Analog usuly boýunça materiallaryň zerur möçberiniň hasaplanylyşy meýilnamalaşdyrylan täze önümiň öndürilmegine sarp ediş kadalary bolmadyk halatynda geçirilýär. Bu ýagdaýda şol önüm meňzeş (analogiki) önüme, ýagny sarp ediş kadalary tassyklanan önüme deňeşdirilýär. Şonda täze önüm öndürilende materiallary sarp etmegiň aýratynlyklary, şeýle-de meňzeş önüm bilen deňeşdirilende onuň aýratynlyklary düzediş koeffisiýentini girizmek arkaly hasaba alynýar. $i$ serişdä bolan $A_i$ zerurlyk hasaplanylanda şu aşakdaky formula ulanylýar:

$$A_i = K_{ai} \cdot q_j \cdot K_j, \tag{47}$$

bu ýerde: $K_{ai}$ – meňzeş önümiň öndürilişi $i$ materialy sarp ediş kadasy; $q_j$ – $i$ materiala bolan zerurlyk hasaplanylýan $j$ önümiň önümçilik meýilnamasy; $K_j$ – düzediş koeffisiýenti.

Köp sanly dürli-dürli önümler bolanda önümçilik maksatnamasy, umuman, önümleriň topary boýunça kesgitlenilip bilner. Aýry-aýry önümleriň material talap edijiligi düýpli tapawutlanan ýagdaýynda önümler toparynyň dürli görnüşi ulanylýar, onuň materiallarynyň sarp ediliş kadasy ortaça ölçege has ýakyn bolýar.

Görnüş usuly radiotehnika, elektrotehnika, gural we ýeňil senagatyň käbir pudaklarynda ýaýrandyr. Bu usul boýunça anyk materiala bolan zerurlyk görnüş materialynyň sarp ediliş kadasyny ähli önümleriň öndürilişiniň umumy maksatnamasyna köpeldilip kesgitlenilýär:

$$A_i = K_{iT} \cdot Q, \tag{48}$$

bu ýerde: $K_{iT}$ – önümleriň degişli toparynyň görnüş birligine $i$ materialy sarp ediş kadasy; $Q$ – önümleriň degişli toparynyň önümçilik meýilnamasy.

150.0 x 225.0 mm

Bu usul boýunça binýatlyk döwri bilen deňeşdirilende meýilnama döwründe önümçiligiň gurluşy (aýry-aýry görnüş-ölçegleriniň gatnaşygy) üýtgände hasaplaşyklaryň takyklygynyň peselýändigini bellemek zerur.

Ykdysadyýeti dolandyrmagyň ähli derejelerinde maddy-tehniki serişdelere bolan zerurlygy kesgitlemegiň indeks usuly ulanylyp bilner. Hasaplaşyk şu aşakdaky formula boýunça geçirilýär:

$$A_{it} = A_{ib} \cdot J_Q \cdot J_{ki}, \tag{49}$$

bu ýerde: $A_{it}$, $A_{ib}$ – çaklama döwründe *i* materiala bolan zerurlyk we onuň binýatlyk döwründe hakyky sarp edilişi; $J_Q$ – çaklama döwründe önüm öndürmegiň möçberiniň üýtgeýiş indeksi; $J_{ki}$ – çaklama döwründe *i* materialyň sarp ediliş kadasynyň üýtgeýiş indeksi.

Indeks usuly maddy serişdelere bolan zerurlygy hasaplamagyň ýönekeýligi we çaltlygy bilen häsiýetlendirilýär. Ol gysga möhletlerde dolandyryş çözgütlerini tiz kabul etmek maksady bilen, ol ýa-da beýleki serişdä bolan zerurlyk hakynda hem kärhananyň (guramanyň) derejesinde, hem beýleki derejelerde zerur maglumatlary almaga mümkinçilik berýär. Bu usulyň ýetmezçiligi onuň ulanylmagy bilen meýilnamalaşdyrylýan döwürde maddy serişdeleriň sarp edilşiniň ähli aýratynlyklaryny hasaba alyp bolmaýandygyndadyr. Şonuň bilen baglylykda, binýatlyk döwründäki materiallar ulanylanda ähli ýetmezçilikler meýilnama döwrüne geçýär.

Azyk senagatynyň, metallurgiýanyň, gurluşyk materiallary senagatynyň käbir pudaklarynda maddy serişdelere bolan zerurlygy kesgitlemek üçin *reseptura düzümi diýilýän usuly* ulanylýar, ýagny önümiň her bir görnüşine önümi taýýarlamagyň kesgitlenilen resepturasyna we önümçilik meýilnamasyna laýyklykda anyk materialyň talap edilýän möçberi hasaplanylýar. Meselem, 1 *t* çörege we çörek-bulka önümlerine reseptura boýunça unuň sarp edilişi *a kg* deň. Bu önümler öndürilende *Q* meýilnama döwründe *A* una bolan zerurlyk şeýle hasaplanar:

$$A = a * Q/K_ç, \tag{50}$$

bu ýerde $K_ç$ – önüm çykymynyň koeffisiýenti.

150.0 x 225.0 mm

Häzirki zaman şertlerinde çig mala, materiallara we ýangyç-energetika serişdelerine bolan zerurlygy kesgitlemek üçin *amatly usullary* ulanmak maksadalaýykdyr. Olar serişdeleriň rejeli ulanylmagyny nazara alyp, önümleriň assortimentli goýberilişiniň gurluşyny emele getirmäge mümkinçilik berýär. Olaryň ulanylyşy ykdysady – matematika modelininiň döredilmegini çak edýär. Ol aýratyn wajyp, gyt serişdeler boýunça çäklendirmeleri hökmany suratda özünde birleşdirmelidir. $i$ materiala bolan zerurlyk $x_j$ meýilnamasynyň amatly görnüşinde $a_{ij}$ sarp edilişiniň kadasynyň hem-de önümiň gözlenilýän möçberiniň esasynda kesgitlenilýär.

Materiallara bolan zerurlyk çaklanylanda gorlary kesgitlemek meselelerine aýratyn orun berilmelidir. Gorlary emele getirmegiň zerurlygynyň esasy sebäbi, önümçilik hadysalarynyň we maddy serişdeleriň sarp edilişiniň giňişlikde we wagt boýunça gabat gelmeýändiginden ybaratdyr. Gorlar maddy gymmatlyklaryň işjeň ulanylyş ulgamyndan iň az derejede aýrylmagynda önümçiligiň durnuklylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Gorlaryň möçberiniň azalmagyna: serişdeleriň sarp ediliş ýerine eltip bermegiň ygtybarlylygy, yzygiderliligi we tizligi, maliýe hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilişi we beýleki ýagdaýlar (işleriň möwsümliligi, ykdysady ýagdaýyň durnuklylygy we beýlekiler) täsir edýär.

Gorlary kadaly ulanmak $K_g$ gorlaryň kadasyny onuň düzüm böleklerine – häzirki $K_h$, ätiýaçlandyryş $K_ä$ we taýýarlaýyş $K_t$ kadalaryna bölmeklige esaslanandyr, ýagny:

$$K_g = K_h + K_ä + K_t. \tag{51}$$

Häzirki gorlar serişdeleriň arakesmeli geliş şertlerinde durnukly önümçiligi kepillendirmäge niýetlenendir. Ätiýaçlandyryş gorlary fors-mažor we beýleki garaşylmadyk ýagdaýlaryň täsirinde serişdeleri üpjün etmegiň hakyky şertleriň üýtgeýän ýagdaýynda önümçiligiň üpjünçiligini gazanmak üçin zerurdyr. Taýýarlaýyş gorlary önümçiligiň sarp edilişine çig maly we materiallary taýýarlamak üçin talap edilýär.

Kärhanalaryň, guramalaryň, pudaklaryň derejesinde hem-de makroderejede çaklama hasaplamalarynyň esasynda halk hojalygynyň möçberinde serişdelere bolan jemleýji zerurlyk emele gelýär, ol zerurlyklaryň serişdeler bilen baglanyşygynda balans hasaplaşyklaryň dowamynda anyklanylyp bilner.

150.0 x 225.0 mm

## 6.2. Maýa goýumlary çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

### *Maýa goýumlar, olaryň mazmuny we görnüşleri*

Maýa goýumlar diýip girdeji almak ýa-da durmuş netijesini gazanmak maksady bilen, telekeçilik we işiň beýleki görnüşleriniň obýektlerine goýulýan maliýe, emläk hem-de intellektual gymmatlyklara düşünilýär. Maýa goýumlaryň düzümi 8-nji suratda görkezilendir.

1992-nji ýylyň 19-njy maýynda «Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu Kanun Türkmenistanyň çäginde alnyp barylýan maýa goýum işiniň hukuk, ykdysady we durmuş şertlerini kesgitleýär.




**8-nji surat. Maýa goýumlaryň görnüşleri**

Serişdeler goýlan pursadyndan girdeji (peýda) ýa-da durmuş netijesi alynýança maýa goýumlaryň bir aýlanyşygyna *maýa goýum tapgyry* diýip atlandyrylýar. Maýa goýumlary amala aşyrmak boýunça ýuridiki şahslaryň, raýatlaryň we döwlet işleriniň jemi *maýa goýum işi* hökmünde häsiýetlendirilýär.

Maýa goýum işiniň obýektleri bolup, täze döredilýän we döwrebaplaşdyrylýan esasy gaznalar, dolanyşyk serişdeleri, gymmatly kagyzlar, intellektual gymmatlyklar, ylmy-tehniki önümler çykyş edýär. Maýa goýum işiniň obýekti hökmünde ýer hem ulanylyp bilner.

*Maýa goýum gurşawy* – bu ykdysadyýetiň pudaklarynyň jemi bolup, olaryň önümleri maýa goýumlar görnüşinde çykyş edýärler. Maýa goýum gurşawynyň düzümine şu aşakdakylar girýär:

– düýpli gurluşygyň gurşawy, ol sargytçylaryň, potratçylaryň, enjamlary üpjün edijileriň, raýatlaryň işini birleşdirýär;

– innowasiýa gurşawy, onda ylmy-tehniki önümler we intellektual gymmatlyklar amala aşyrylýar (innowasiýalara maýa goýumlar);

– maliýe maýasynyň dolanyşygynyň gurşawy;

– subýektleriň emläk hukuklarynyň amala aşyrylýan gurşawy.

*Maýa goýum işiniň subýektleri* bolup maýadarlar (sargytçylar), potratçylar we obýektleri ulanyjylar, haryt-maddy gymmatlyklary üpjün edijileri, banklar, maýa goýum kompaniýalary, ýurduň we daşary ýurtlaryň raýatlary bolup biler.

Maýa goýum işiniň subýektine baglylykda şu aşakdakylar tapawutlandyrylýar:

– döwlet maýa goýumlary (býujetiň, býujetden daşary gaznalaryň serişdeleri, karz serişdeleri, şeýle-de döwlet kärhanalarynyň serişdeleri: hususy we karz alnan serişdeler);

– raýatlaryň maýa goýumlary;

– döwlete dahylly bolmadyk kärhanalaryň maýa goýumlary;

– daşary ýurt maýa goýumlary;

– bilelikdäki maýa goýumlar.

Ulanylýan gymmatlyklara baglylykda maýa goýumlaryň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

– hakyky;

– maliýe;

– intellektual.

150.0 x 225.0 mm

*Hakyky maýa goýumlar* maddy aktiwlere (zat maýasy: binalar, enjamlar, haryt-maddy gorlar we beýlekiler) hem-de maddy däl aktiwlere (patentler, ygtyýarnamalar, nou-hau we beýlekiler) serişdeleriň goýulmagyny öz içine alýar.

Maliýe maýa goýumlary diýip gymmatly kagyzlara (paýnama, wekseller, (obligasiýalar we beýlekiler), maksatly bank goýumlaryna, depozitlere we beýlekilere goýlan goýumlara düşünilýär.

*Intellektual maýa goýumlary* – bu jemgyýetiň döredijilik mümkinçiliklerine, awtorlyk, oýlap tapyjylyk we patent hukugyndan gelip çykýan intellektual eýeçiligiň obýektlerine goýlan serişdelerdir.

Maýa goýumlaryň maýa goýum taslamalarynyň esasynda amala aşyrylýar, durmuşa geçirilýär. Maýa goýum taslamasy – çäreleriň toplumlaýyn meýilnamasy bolup, ol düýpli gurluşygy, tehnologiýalaryň, enjamlaryň satyn alnyşyny, işgärleriň taýýarlanylyşyny we beýlekileri öz içine alýar, olar ykdysady ýa-da durmuş netijesini almak maksady bilen, harytlaryň we hyzmatlaryň täze önümçiligini döretmäge ýa-da hereket edýän önümçiligini giňeltmäge (döwrebaplaşdyrmaga) gönükdirilendir.

Maýa goýmaga gatnaşmagyň häsiýeti boýunça göni, göni däl hem-de portfel maýa goýumlary tapawutlandyrylýar.

*Göni maýa goýumlar* diýip maýa goýulýan obýekti saýlanylanda maýadaryň gös-göni gatnaşmagyna we serişdeleriň dellalsyz goýulmagyna düşünilýär. *Göni däl maýa goýumlar* – bu dellallaryň üsti bilen maýa goýmakdyr. Meselem, şahslar tarapyndan maýa goýum gaznasynyň maýa goýum sertifikatlarynyň satyn alnyşy, ol alnan serişdeleri maýa goýum obýektlerine öz garamagynda ýerleşdirýär, olaryň dolandyrylyşyna gatnaşýar we müşderileriň arasynda girdejiniň bellibir bölegini paýlaýar. *Portfel maýa goýumlary* – bu dürli gymmatly kagyzlara maýa goýmakdyr.

Esasy serişdeleriň üznüksiz öndürilmegine maýa goýmak düýpli goýumlar görnüşinde amala aşyrylýar, ýagny «düýpli goýumlar» düşünjesi has dar düşünje bolup durýar. Munuň özi maýa goýum serişdeleriniň bir görnüşi bolup, täze serişdeleri döretmäge, tehniki taýdan täzeden üpjün edilmäge, önümçilik we önümçilik däl görnüşli maksatly hereket edýän esasy gaznalaryň (binalar, desgalar, enjam-

150.0 x 225.0 mm

lar, ulag serişdeleri, kommunikasiýalar we beýlekiler) täzeden gurulmaga we giňeltmäge gönükdirilendir. Esasy gaznalardan başga maýa goýumlar dolanyşyk gaznalara, dürli maliýe aktiwlere we maddy däl görnüşli aktiwleriň aýratyn görnüşlerine goýlup bilner.

Düýpli goýumlar niýetlenilişi, pudaklaýyn we çäk ugry, üznüksiz öndürilişiniň häsiýeti, tehnologiki gurluşy we maliýeleşdirmegiň çeşmeleri boýunça tapawutlanýar.

*Niýetlenilişine görä* önümçilik we önümçilik däl görnüşli obýektlere gönükdirilýän düýpli goýumlar tapawutlandyrylýar.

*Pudaklaýyn gurluş* ýurduň halk hojalygynyň pudaklarynyň arasynda düýpli goýumlaryň paýlanylyşy bilen häsiýetlendirilýär. Ol bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe ykdysadyýetiň gurluşynyň kämilleşdirilýän şertlerinde aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

*Çäk gurluşy* ýurduň sebitleri boýunça düýpli goýumlaryň gatnaşygyny häsiýetlendirýär.

*Tehnologiki gurluş* – bu gurluşyk-gurnama işlerine, enjamlara, gurallara, abzallara, taslama-gözleg we beýleki işlere, çykdajylara düýpli goýumlaryň gatnaşygydyr.

*Üznüksiz önümçilik gurluşy* – esasy önümçilik gaznalarynyň üznüksiz öndürilmeginiň dürli görnüşleriniň arasynda hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzelemäge, giňeltmäge tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmaga, täze gurluşyga düýpli goýumlaryň paýlanylyşyny häsiýetlendirýär.

Direktiw meýilnamalaşdyryşda maýa goýumlaryň möçberi we gurluşy merkezleşdirilen görnüşde emele getirildi.

Bazar şertlerinde düýpli goýumlaryň möçberiniň we gurluşynyň esasy kadalaşdyryjysy bolup bazar çykyş edýär. Ondan başga ykdysadyýetiň we durmuş ulgamynyň (infrastruktura, ylym, ekologiýa we beýlekiler) aýratyn pudaklaryna maýa goýumlar döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Düýpli goýumlaryň, diýmek, maýa goýum işjeňliginiň çeşmeleri bolup *JIÖ* (toplamaga maýa goýumlaryň ulanylýan bölegi), daşary ýurt karzlary we maýa goýumlar çykyş edýär. Bu çeşmeler ilkin-

ji çeşmeler bolup durýar. Maliýe-karz ulgamy arkaly serişdeler şu aşakdaky görnüşde paýlanylýar, täzeden paýlanylýar we çykyş edýär:

– hususy maliýe serişdeleri we maýadar hojalygynyň içindäki ätiýaçlyklar (girdeji, amortizasiýa, ýygnalan pullar, süýşürintgiler, ätiýaçlyk pullarynyň öwezini doldurmak we beýlekiler);

– maýadarlaryň karz-maliýe serişdeleri (obligasiýa karzlary, bank we býujet karzlary);

– maýadaryň çeken maliýe serişdeleri (paýnamalaryň satuwyndan alnan serişdeler, zähmet toparlarynyň agzalarynyň, fiziki, ýuridiki şahslaryň paý we beýleki gatançlary);

– býujet serişdeleri;

– ministrlikleriň we pudak edaralarynyň merkezleşdirilen serişdeleri;

– haýyr-sahawat çärelerinden gelen serişdeler;

– ilatyň pul serişdeleri.

### *Maýa goýum syýasaty*

*Maýa goýum syýasaty* ykdysady syýasatyň düzüm bölegi bolup durýar. Ol halk hojalyk çözgütleriniň toplumy bolup, ykdysadyýetiň gurşawlarynda we pudaklarynda maýa goýumlaryň möçberini, gurluşyny we ulanylyş ugurlaryny kesgitleýär.

Türkmenistanda maýadarlar üçin amatly maýa goýum gurşawynyň döredilendigini bellemek gerek. Milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň binýadynda maýa goýum – täzeçil gatnaşyklar ulgamynyň artýan kuwwaty bäsdeşlige ukyply eksport ugrunyň ösdürilmegine, kärhanalaryň tehnologiýa taýdan döwrebaplaşdyrylmagyna hem-de döwrebap önümçilikleriň döredilmegine esaslanýar. Bu ulgamyň geljekki ugurlary bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak babatdaky iri çäreleriň hatarynda 2016-njy ýylyň noýabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň Kongresler merkezinde geçirilen VIII Halkara maýa goýum forumyny görkezmek gerek.

«Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Maliýe we Ykdysadyýet ministrligi

150.0 x 225.0 mm

döwlet emlägini satmak boýunça maýa goýum bäsleşiklerini yzygiderli geçirýär.

Satuwa hödürlenýän obýektler ýurdumyzyň «Нейтральный Туркменистан», «Türkmenistan» we «Ahal durmuşy» gazetlerinde çap edilýär. Olarda, hususan-da, satuwa çykarylan obýektiň ady, ýerleşýän ýeri, işiniň görnüşi, satuw nyrhy (manatda), satuwyň şertleri görkezilýär. Şeýle hem maýa goýum bäsleşiginiň netijeleri. Obýektiň ady, ýerleşýän ýeri, berlen sargytlaryň sany, başlangyç nyrhy (manatda), satuw nyrhy (manatda), ýeňiji-de şol gazetlerde berilýär.

### *Maýa goýumlary çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usullary*

Bazar gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň ösmegi, maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň alternatiw çeşmeleriniň ýüze çykmagy, amortizasiýa, maýa goýum we gurluş syýasatynyň düýpli üýtgemegi esasy gaznalary üznüksiz öndürmegiň we maýa goýumlary kesgitlemek meseleleriniň çözülmegine täze çemeleşmeleri ulanmak zerurlygyny talap edýär.

Maýa goýumlary çaklamak – geljekde ykdysadyýetiň ol ýa-da beýleki ulgamyna maýa goýmak ähtimal taraplaryny öwrenmegiň çylşyrymly, köpbasgançakly hadysasydyr.

Köp görnüşli çaklama hasaplamalarynyň esasynda maýa goýum ulgamynyň ösüşiniň hakykatdan amala aşyryp boljak depginleri, maýa goýumlaryň meýilnamalaýyn görkezijileri kesgitlenilýär, olaryň gurluşy meýilnamalaşdyrylan döwürde amala aşyrylmaga degişli maksatly maksatnamalaryň hem-de maýa goýum taslamalarynyň sanawy emele getirilýär.

Maýa goýumlary çaklamak şu aşakadakylary göz öňünde tutýar:

– maýa goýmagyň mümkin bolan obýektleri hökmünde halk hojalyk pudaklarynyň geljekki ösüşini bäsdeşlik taýdan öňünden kesgitlemek;

– ykdysadyýetiň ol ýa-da beýleki ulgamyna serişdeleri goýmagyň mümkinçiliklerine we netijelerine baha bermek.

Gysga, orta we uzak möhletleýin çaklamalar işlenip taýýarlanylýar.

*Gysga möhletleýin çaklama* gysga möhletleýin maliýe gurallaryna maýa goýmagyň ýoluny işläp taýýarlamak üçin we mümkin bolan maýa goýumlaryna baha bermek üçin hyzmat edýär. Ol maýa goýumlaryň bazarynda gysga möhletleýin üýtgemeler seljerilende ýüze çykarylan gysga möhletleýin ýagdaýlaryň täsiri hasaba alnyp işlenip düzülýär.

*Orta möhletleýin çaklama* maýa goýum işiniň strategiýasyny düzetmek üçin hem-de hakyky maýa goýmagyň maýalary talap edijiligi boýunça otnositel kiçiräk obýektleri we uzak möhletleýin maliýe gurallaryna maýa goýmagy esaslandyrmak üçin niýetlenendir.

*Uzak möhletleýin çaklama* ozaly bilen maýa goýum işiniň strategiýasyny işläp taýýarlamak hem-de hakyky maýa goýmagyň maýany talap edýän iri obýektlerine serişdeleri goýmak bilen baglanyşyklydyr.

Maýa goýum çaklamasy, umuman, ýurduň derejesinde (makrodereje), pudaklaryň we kiçi pudaklaryň, sebitleriň (mezodereje), aýratyn kärhanalaryň (mikrodereje) derejesinde amala aşyrylmalydyr.

*Maýa goýumlar meýilnamalaşdyrylanda* maksatlylyk we ileri tutma ýörelgeleri berjaý edilmelidir. Olar jemgyýetçilik zerurlyklarynyň köp basgançaklylygyny gurmagy hem-de maýa goýum syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny emele getirmegi talap edýärler.

Maýa goýumlary çaklamagy şertli üç tapgyra bölüp bolýar:

1) mümkin bolan maýa goýum akymlaryny çaklamak;

2) maýa goýumlara bolan zerurlygy çaklamak;

3) maýa goýum töwekgelçiliginiň sebäplerini hasaba alyp, maýa goýumlary ulanmagyň ykdysady netijeliligine baha bermek.

Milli hasaplaryň halkara ulgamyny ulanmaga geçilmegi bilen baglylykda, maýa goýum gurşawynyň görkezijileriniň makroykdysady görkezijiler bilen özara baglanyşygyny öwrenmek we seljermek zerurdyr. Görkezijileriň özara baglanyşykly nazaryýetiniň esasy keýnsian deňlemesinde görkezilýär:

150.0 x 225.0 mm

$$Y = C + G + I + (E - M).$$

Mümkin bolan maýa goýum akymlary (serişdeleri) *JMÖ*-de maýa goýumlaryň paýy boýunça kesgitläp bolýar. *JMÖ*-de maýa goýumlaryň kadalaşdyryjy paýyny *JMÖ*-niň çaklanylýan möçberine köpeldip, maýa goýumlaryň kadalaşdyryjy ululygy kesgitlenilýär.

Ýönekeý üznüksiz önümçiligi üpjün etmek üçin maýa goýumlaryň paýy 20%-den az bolmaly däl, giňeldilen üçin – 30 – 40%.

Mümkin bolan maýa goýum akymlarynyň wajyp bölegi bolup daşary ýurt maýa goýumlary çykyş edýär. Ýurduň maýa goýumlara bolan umumy zerurlygynyň çaklama hasaplamalaryndan hem-de olaryň kärhanalaryň we guramalaryň hususy serişdeleriniň, býujetiň, innowasiýa hem-de beýleki gaznalaryň, içerki karzlaryň hasabyna mümkin boldugyndan ugur alnyp, daşary ýurt maýa goýumlaryna bolan zerurlyk kesgitlenilýär.

Daşary ýurt maýa goýumlaryna bolan zerurlyk seljerilende ýurduň karz howpsuzlygynyň şertleri hasaba alynmalydyr. Bütin dünýä bankynyň usulyýetine laýyklykda karz howpsuzlygyny häsiýetlendirýän görkezijiler bolup, şu aşakdakylar çykyş edýär:

– *JMÖ*-ne berginiň umumy jeminiň gatnaşygy (kadalaşdyryjy – 50%);

– eksportyň birýyllyk möçberine berginiň umumy jeminiň gatnaşygy (aňryçäk ähmiýeti – 273 %);

– ýylyň dowamynda eksportdan alnan girdejä bergi boýunça tölegleriň gatnaşygy (aňryçäk ähmiýeti – 30 %).

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň mümkin bolan möçberi bilermenleriň baha beriş usullaryny ulanmak arkaly kesgitlenilýär.

Şeýlelikde, halk hojalygy boýunça hakyky maýa goýumlaryň mümkin bolan möçberini $I_o$ şeýle görnüşde görkezip bolar:

$$I_o = K_i \cdot JMÖ + I_d, \tag{52}$$

bu ýerde: $K_i$ – *JMÖ*-de maýa goýumlaryň paýyny häsiýetlendirýän koeffisiýent; $I_d$ – daşary ýurt maýa goýumlarynyň mümkin bolan möçberi.

150.0 x 225.0 mm

Maliýeleşdirmegiň dürli çeşmelerinden (hususy, karz) serişdeleri çekmegiň ähtimallygyny meýilnamalaşdyrmak arkaly kärhanalarda, kompaniýalarda we aýratyn maýa goýum taslamalary boýunça maýa goýumlaryň mümkin bolan möçberi kesgitlenilýär.

Çaklamagyň ilkinji tapgyrynda maýa goýumlara bolan zerurlyk kesgitlenilende ekstrapolýasiýa usullaryny ulanmaklyk maksadalaýyk hasaplanylýar, olary bilermenleriň baha beriş usullary we ykdysady alymlaryň anketa derňewleriniň usullary bilen utgaşdyrmak gerek. Hereket edýän aýratyn ykdysady agentleriň köpçülikleýin özlerini alyp barşyny öwrenmegiň esasynda anketa derňewleriniň (sorag-jogaplaryň) usuly arkaly maýa goýum harytlarynyň bazarlarynda geljekki üýtgetmeler kesgitlenilýär. Meselem, *ABŞ*-da sorag-jogaplaryň üç görnüşini tapawutlandyrýarlar. Ilkinji iki usul maýa goýumlary amala aşyrmak babatda kärhanalaryň meýilleri hem-de maýa goýumlara geljekde goýberiljek serişdeleriň meýilnamalary hakynda alyjylar tarapyndan maglumatlary ýygnaýarlar. Maýa goýumlara goýberilýän serişdeler – bu gurluşygyň we täze enjamlary satyn almagyň kärhananyň meýilnamalaşdyryş edaralary tarapyndan resmi kabul edilen meýilnamalarydyr. Olar üýtgedilip ýa-da ret edilip bilinýändigi sebäpli, anyk däl bolsalar-da, geljekki maýa goýumlara baha bermek üçin ulanylýar. Sorag-jogaplaryň üçünji görnüşi maýa goýum harytlarynyň öndürijileri (satyjylar) tarapyndan geljekki maýa goýumlaryň meýilnamalaryny ýüze çykarýar. Bu maksat üçin garaşylýan sargytlaryň, ýagny şertnamalaryň bahalary ulanylýar, olary öndüriji kärhanalar geljek ýylyň dowamynda baglaşmagy çak edýär.

Pudagara balansyň usuly geljek üçin çaklamada has netijeli usul bolup durýar. Pudagara balansyň ösüş nusgasy bolup, nusganyň beýleki bölekleri bilen ysnyşykly özara baglanyşygyny, ykdysadyýetiň ösüşiniň doly şekilini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Bu nusganyň merkezi bölegi «Maýa goýumlar» bolup durýar.

Şeýle-de maýa goýumlara bolan geljekki zerurlygy hasaplamagyň nusgasy ulanylyp bilner. Bu nusga maýa goýumlaryň we olaryň ululygyna täsir edýän sebäpleriň gurluşyny derňemegiň netijelerini hasaba almak arkaly gurulýar. Ol maýa goýumlaryň pudaklaýyn,

150.0 x 225.0 mm

önümçilik hem-de tehnologiki gurluşyny baglanyşdyrmagyň çyzgysyny amala aşyrýar *(9-njy surat)*.

Pudaklaýyn gurluş ykdysadyýetde we durmuş ulgamyndaky ösüş depginleri, ýagny önümçilik böleginiň ölçegleri hem-de aýratyn pudaklaryň gazna talap edijiliginiň derejeleri bilen kesgitlenilýär.




**9-njy surat. Maýa goýumlara bolan zerurlygy kesgitlemegiň çyzgysy**

Ulgamlaýyn çemeleşmäniň nukdaýnazaryndan, esasy gaznalary üznüksiz *öndürmegiň deň ölçegliligi* aýratyn wajyp bolup durýar. Ilki bilen, esasy gaznalary giňeltmäge we olaryň könelişen bölegini çalyşmaga gönükdirilen täze zähmet serişdeleriniň arasyndaky gatnaşygy kesgitlemek gerek. Bu *birinjiden*, üznüksiz öndürmegiň deň ölçegliligi bolup, ol gaznalary güýçli depginde täzelemegiň wa-

150.0 x 225.0 mm

jyp çelgisini kesgitleýär. *Ikinjiden*, ondan gelip çykýan deň ölçeglilik bolup, bir tarapdan, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmaga we üznüksiz öndürmäge beýleki tarapdan, önümçiligi giňeltmäge we täze gurluşyga gönükdirilen maýa goýumlar bilen gatnaşykda, esasy gaznalary täzelemegiň usullaryny häsiýetlendirýär. *Üçünjiden*, üznüksiz öndürmegiň deňölçegliliginiň mazmuny – maýa goýumlaryň dürli çeşmeleriniň arasyndaky gatnaşyk.

*Üznüksiz önümçiligiň gurluşy* her bir pudagyň maýa goýumlara bolan umumy zerurlygyny şu aşakdaky ugurlar boýunça kesgitleýär:

– pudaklaryň ösüş depginlerine, täze önümçilikleriň döredilmegine bagly bolan esasy gaznalaryň artyşyna;

– tamamlanmadyk gurluşykda talap edilýän dowam ediji geçiş işini döretmäge;

– hasapdan çykarylýan esasy gaznalaryň öwezini dolmak üçin.

Birinji bölek boýunça esasy gaznalaryň artyşyna maýa goýumlaryň pudaklar boýunça zerur möçberini $MG_{ajt}$ aşakdaky formula boýunça kesgitläp bolýar:

$$MG_{ajt} = K_{jt} \cdot Q_{jt} - F_{jb}, \qquad (53)$$

bu ýerde: $K_{jt}$ – $t$ ýylda $j$ pudagynyň gazna talap edijilik koeffisiýenti; $Q_{jt}$ – $t$ ýylda $j$ pudagyň önümçilik möçberi; $F_{jb}$ – binýatlyk ýylda $j$ pudagyň esasy gaznalarynyň möçberi.

Şeýlelikde, gazna talap edijilik koeffisiýentleriniň hem-de her bir pudagyň önüminiň artyşy boýunça maglumatlaryň esasynda ykdysadyýetiň maýa goýumlara bolan zerurlygy barada netije çykaryp bolar.

Maýa goýumlaryň umumy ululygyna girýän ikinji bölek hasapdan çykarylan esasy gaznalaryň öwezini doldurmaga maýa goýumlar $MG_{uajt}$ bolup durýar. Bu ugur boýunça maýa goýumlar aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$MG_{uajt} = K_{aajt} \cdot F_{jb}, \qquad (54)$$

bu ýerde $K_{aajt}$ – $t$ ýylda $j$ pudagyň esasy gaznalarynyň hasapdan çykarylmagyň öwezini doluş koeffisiýenti.

Esasy gaznalaryň hasapdan çykarylmagynyň öwezini doluş kadalary esasy gaznalaryň gulluk ediş möhletiniň dowamlylygyna, öndürilen ýylyna we ösüşine baglylykda kesgitlenilýär. Enjamlaryň hasapdan çykarylmagynyň ýönekeý kabul ederlikli kadalary – bu enjamlaryň degişli görnüşleriniň amortizasiýa kadalarydyr. Enjamlaryň hasapdan çykarylmagynyň kadasynyň aşaky çägi bilermenleriň baha beriş usuly bilen kesgitlenilýär, ol aýratyn pudaklaryň gaznalarynyň düzümi, enjamlary ykdysadyýetiň pudaklary boýunça paýlamagyň gurluşyny hem-de enjamlaryň görnüşleri boýunça tapawutlandyrylan täze kadalary seljermäge, şeýle-de esasy gaznalaryň işjeň böleginiň hasapdan çykarylmagynyň öwezini doluş pudaklaýyn kadalaryna esaslanýar.

Her pudagyň maýa goýumlara bolan umumy zerurlygynyň üçünji düzüm bölegi bolup tamamlanmadyk gurluşygyň dowam edilmeli işiň möçberi $KG_{gjt}$ çykyş edýär, ony şu aşakdaky formula boýunça hasaplap bolýar:

$$KG_{gjt} = (K_{jt} \cdot Q_{jt} - F_{jb} + K_{ujt} \cdot F_{jb}) \cdot K_{tgjt}\,, \qquad (55)$$

bu ýerde $K_{tgjt}$ – $t$ ýylda $j$ pudagy tamamlanmadyk gurluşygynyň koeffisiýenti.

Zerur tamamlanmadyk gurluşyklar kesgitlenilende tamamlanmadyk gurluşygyň möçberiniň esasy gaznalarynyň ösüş depginleri we gurluşygyň dowamlylygy bilen özara ysnyşykly baglanyşygyndan we özara şertleşiginden ugur almak gerek.

Ähli düzüm bölekleri hasaba alyp, $t$ ýylda $j$ pudagyň maýa goýumlara bolan zerurlygynyň hasaplanylyşyny şeýle görnüşde görkezip bolýar:

$$KG_{jt} = (K_{jt} \cdot Q_{jt} - F_{jb} + K_{uajt} \cdot F_{jb}) \cdot (1 + K_{tgjt}). \qquad (56)$$

Görkezilen nusga boýunça hasaplamalar hem öňki, hem geljekki döwür üçin uly maglumatlary talap edýändigini bellemek gerek, şonuň üçin bu nusgany amala aşyrmak üçin maglumat üpjünçiliginiň meselesini çözmek talap edilýär.

*GDA* ýurtlarynda emele gelen ykdysady ýagdaýyň şertlerinde bu nusgany ulanmak kynlaşýar, sebäbi soňky ýyllarda gazna talap edijilik koeffisiýentleriniň artmagy durnukly meýillere eýe bolýar. Munuň

150.0 x 225.0 mm

özi önümçiligiň peselmeginiň hem-de esasy gaznalaryň gymmatynyň birden artmagy bilen şertlenendir. Gazna talap edijiligiň şular ýaly derejelerinde hasaplanan maýa goýumlaryň möçberi hakykata laýyk gelmeýär. Mundan başga-da, pudagyň maýa goýumlarynyň umumy möçberinde hasapdan çykýan esasy gaznalary çalyşmaga gönükdirilen maýa goýumlaryň paýy ep-esli derejede tehniki taýdan kesgitlenilýär.

Maýa goýumlara bolan zerurlygy esaslandyrmak tehniki syýasatda esasy orny eýeleýär, şunda ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň maksatlary we wezipeleri bilen kesgitlenýän ykdysadyýetiň pudaklarynda esasy gaznalary täzelemegi bellenen depgininden ugur alynýar. Esasy gaznalary täzelemegiň görkezijileri çaklanylanda pudaklarda esasy gaznalaryň fiziki we ruhy taýdan könelmeginiň derejesi, olaryň gulluk ediş möhleti hasaba alynmalydyr.

Häzirki zaman şertlerinde bellibir döwre maýa goýumlara bolan zerurlygy şu aşakdaky formula boýunça kesgitlemek maksadalaýyk hasaplanylýar:

$$I(KG) = k \cdot \Delta K_a + I_{täz} + I_g - TG\,, \qquad (57)$$

bu ýerde: $k$ – kuwwatyň (önümleriň, hyzmatlaryň) artyş birligine hakyky udel maýa goýumlary; $\Delta K_a$ – täze önümçilikleriň we hyzmatlar ulgamynyň ösdürilmegine gönükdirilen maýa goýumlaryň hasabyna kuwwatlygyň (önümleriň, hyzmatlaryň) meýilnamalaşdyrylyp artyşy; $I_{täz}$ – esasy gaznalaryň täzelenmegine gönükdirilen maýa goýumlar; $I_g$ – tamamlanmadyk gurluşygy döretmäge gönükdirilen maýa goýumlar, $TG$ – meýilnamalaşdyrylan döwrüň başyndaky gymmatda aňladylan tamamlanmadyk gurluşyk.

Ykdysadyýetiň käbir pudaklarynda maýa goýumlara bolan zerurlyk faktor usuly bilen, ýagny köpfaktorly modeliň esasynda kesgitlenilip bilner:

$$I = f\,(x_1, x_2, x_3, \ldots, x_n).$$

Maýa goýumlaryň möçberine täsir edýän wajyp ýagdaýlaryň arasynda aşakdakylary tapawutlandyrmak gerek:

150.0 x 225.0 mm

– täze önümçilikleriň ösdürilmegine gönükdirilen maýa goýumlaryň hasabyna önümleriň, hyzmatlaryň (kuwwatlyklaryň) önümçilik möçberini artdyrmak;

– esasy gaznalaryň köneliş derejesi (köneliş koeffisiýenti);

– ýerli önümleriň bäsdeşlige ukyplylygynyň derejesini (eksportyň möçberini) ýokarlandyrmak.

Eger-de çaklama döwründe ýagdaýlaryň üýtgemegi dogry hasaba alnan bolsa, onda faktor modellerini maýa goýumlaryň gysga, orta we uzak möhletleýin çaklamasy üçin ulanyp bolar.

Mikroderejede maýa goýumlara bolan zerurlyk enjamlara çykdajylaryň hem-de beýleki çykdajylaryň esasynda işewürlik-meýilnamalary döredilende kesgitlenilýär.

Maýa goýum serişdelerine bolan umumy zerurlyk maýa goýumlaryň mümkin bolan möçberi bilen deňeşdirilmelidir. Düzgün bolşy ýaly, maýa goýumlara bolan zerurlyk olaryň mümkin bolan möçberinden ýokary bolýar, şonuň üçin önümçilik we önümçilik däl görnüşli esasy gaznalaryň işe girizilmegi meýilnamalaşdyrylanda şu aşakdakylar zerurdyr:

– gaznalaryň ulanylyşyny gowulandyrmagyň ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmak;

– eger-de hereket edýän esasy gaznalar zerurlyklary kanagatlandyrmadyk halatynda, olaryň giňeldilmegini we täzelerini gurmagy meýilnamalaşdyrmak;

– gurluşyk möhletlerini gysgaltmak;

– maýa goýum serişdeleriniň maksatlaýyn we netijeli ulanylyşyny üpjün etmek, munuň özi ileri tutulýan we has netijeli taslamalary saýlamagy çak edýär.

Makroderejede hakyky maýa goýumlaryň çaklanylyşy we meýilnamalaşdyrylyşy ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň strategiýasyny kesgitlemäge, gurluş syýasatyna, şeýle-de umumy döwlet, pudaklaýyn we sebit maksatnamalarynyň işlenip taýýarlanylyşyna hem-de amala aşyrylyşyna, mikroderejede bolsa işewürlik meýilnamalarda işlenip taýýarlanylan strategiýa esaslanýar.

Maýa goýumlar meýilnamalaşdyrylanda olaryň önümçilik, tehnologiki, pudaklaýyn we çäk gurluşy emele gelýär. Munuň üçin makro

15. Sargyt № 1985

derejede ulaldylan hasaplamalar geçirilýär, wajyp taslamalaryna maýa goýmak üçin merkezleşdirilen döwlet maýa goýumlarynyň çäkleri kesgitlenilýär.

## 6.3. Ylmy-tehniki ösüşi hem-de innowasiýa işini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

### *Ylmy-tehniki ösüş we innowasiýa syýasaty*

Jemgyýetçilik önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň, ykdysadyýetiň gurluşyny kämilleşdirmegiň, ykdysady ösüşi üpjün etmegiň hem-de durmuş meselelerini çözmegiň esasy serişdesi bolup ylmy-tehniki ösüş (*YTÖ*) çykyş edýär.

*Ylmy-tehniki ösüş* – bu daşymyzy gurşap alýan dünýä baradaky ylmy bilimleri almagyň we toplamagyň hem-de olaryň esasynda hereket edýänleri kämilleşdirmegiň üznüksiz hadysasydyr, öňdebaryjy zähmet serişdelerini we predmetlerini, tehnologik hadysalary hem-de önümçiligi guramagyň görnüşlerini döretmek, ornaşdyrmak.

*YTÖ*-e «ylym-önümçilik» döwri hökmünde garalýar, ol birnäçe tapgyrlary öz içine alýar.

*Düýpli barlaglar.* Bu tapgyryň maksady – tebigatyň we jemgyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklygy barada täze bilimleri almakdan we olaryň esasynda tehnikanyň, ykdysadyýetiň, önümçiligi guramagyň ösüşiniň täze ýollaryny ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Düýpli barlaglaryň netijesinde çaklamalar, nazaryýetler ýüze çykýar. Düýpli barlaglary geçirijileriň, iş toparlaryň we barlagçylaryň zähmetiniň önümleri açyşlara, oýlap tapyşlara berilýän awtorlyk şahadatnamalarynda, monografiýalarynda, makalalarynda, okuw kitaplarynda, okuw gollanmalarynda, hasabatlarda, tekliplerde görkezilýär, ylmy has-da ösdürmek üçin ýokary hünärli hünärmenleri (ylymlaryň kandidatlaryny we doktorlaryny) taýýarlamak üçin amaly meýilnamada alnan netijeleri durmuşa geçirmegiň mümkinçiliklerini kesgitlemek maksady bilen, amaly barlaglaryň tapgyrynda taglymlary we teklipleri mundan beýläk-de ösdürmek üçin ulanylýar. Düýpli barlaglar ýurduň Ylymlar akademiýasynyň, institutlarynyň, döwlet uniwersitetleriniň, pudak-

laýyn ylmy-barlag institutlarynyň, ýokary okuw jaýlarynyň kömegi we serişdeleri bilen geçirilýär.

*Gözleg barlaglary.* Bu jemgyýet üçin onuň ösüşiniň häzirki zaman tapgyrynda bähbitli taglymlary saýlamak boýunça, ýagny ykdysadyýetiň degişli pudaklarynda tehniki-ykdysady mümkinçilikleri we önümi öndürmegiň täze usullaryny we serişdelerini tejribede ulanmagyň anyk ýollaryny ýüze çykarmak boýunça geçirilýän barlaglardyr. Bu işleriň ahyrky netijeleri tutuşlygyna anyk häsiýetli bolup, hasabatlar, tehniki resminamalar, synag we tejribe nusgalary görnüşinde berilýär.

*Amaly barlaglar.* Bu tapgyrda nazary we synag barlaglary geçirilýär, täze tehnikany, tehnologiýany ýa-da önümi döretmegiň mümkinçilikleri barada maglumatlar ýüze çykarylýar, önümiň anyk nusgasynyň çyzgysy döredilýär.

*Tejribe-konstruktorçylyk işleri.* Tejribe nusgasy ýa-da täze önümi öndürmek üçin desga döredilýär, degişli resminamalar taýýarlanylýar.

*Önümçilige ornaşdyrmak.* Täze önümi öndürmegiň tehnologiýasy kärhananyň şertlerine uýgunlaşdyrylýar. Taslama, gurluşyk-gurnama we goýberiş işleri geçirilýär.

Her tapgyr özboluşly wezipeler, olary çözmeklige aýratyn çemeleşmeler, gatnaşyjylaryň kesgitli düzümi we hünär derejesi, bellibir zähmet serişdeleriniň we predmetleriniň saýlanylyşy, maddy we maliýe serişdeler, ýerine ýetirijileriň birleşmeginiň hem-de olaryň işini dolandyrmagyň dürli görnüşleri bilen häsiýetlendirilýär.

*YTÖ*-niň düşünjesi ylmy-tehniki mümkinçiligiň düşünjesi bilen berk baglanyşyklydyr.

*Ylmy-tehniki mümkinçilik* halk hojalygyna *YTÖ*-niň gazananlaryny döretmek we durmuşa geçirmek üçin zerur bolan ylmy-tehniki işgärleriň, maddy, maliýe, maglumat we beýleki serişdeleriň jemi bolup durýar. Ol döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň, şeýlelikde, çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň obýektleriniň biri bolup durýar. Döwlet onuň ösüşini maliýeleşdirýän, guraýan we dolandyrýan institut hökmünde çykyş edýär.

Materiallary we energiýany talap edýän önümçilikleriň tersine intellektual serişdeleri ulanmaga we ýokary tehnologik önümçilikleri ösdürmäge gönükdirilen ykdysadyýetiň gurluş taýdan üýtgedilip gu-

150.0 x 225.0 mm

rulmagy täzeçil ylmy bilimlere esaslanan tehnologiýalary we önümleri üznüksiz täzelemek, ilatyň bilim derejesini ösdürmek we innowasiýalar arkaly dolandyryşy kämilleşdirmek üçin şertleri döretmegi göz öňünde tutýar. Önümiň, kärhananyň, umuman ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň ösüşi ahyrky netije bolup durýar.

Giň manyda *innowasiýalar* diýip täze tehnologiýalara, hyzmatlaryň, önümleriň täze görnüşlerine, önümçilik, administratiw, maliýe we beýleki häsiýetli täze guramaçylyk-tehniki çözgütlere düşünilýär.

Hakykatda tutuş ykdysady özgertmeleriň manysy ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny ulanmagyň hasabyna ykdysadyýetiň innowasiýalary kabul edijiligini ýokarlandyrmak, innowasiýa telekeçiligini ösdürmek we ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin şertleri döretmekden ybaratdyr. Munuň özi innowasiýa işini işjeňleşdirmegiň zerurlygyny şertlendirýär.

*Innowasiýa işi* – bu anyk hadysalary amala aşyrmagyň usullarynyň we serişdeleriniň, şol sanda täze önümleriň önümçiliginiň we tehnologiýalaryň özleşdirmeginiň netijeliligini ýokarlandyrýan barlaglaryň netijelerini işläp taýýarlamak we özleşdirmek boýunça işdir. 2014-nji ýylyň 16-njy awgustynda «Innowasiýa işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu Kanun innowasiýa işiniň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

*Innowasiýa gurşawy* – birinjiden, gös-göni innowasiýalaryň obýektini, ikinjiden, onuň subýektlerini – telekeçileri, şeýle hem innowasiýalary amala aşyrmagyň tapgyryna çenli olaryň hereketini üpjün edýän ulgamy (dolandyryş, infrastruktura, maliýe we maýa goýum goldawy) gurşap alýar.

Innowasiýa işini işjeňleşdirmek maksady bilen, *innowasiýa syýasaty* işlenip taýýarlanylýar, ol ýurtda amatly innowasiýa ýagdaýynyň döredilmegini üpjün edýän ýörelgeleriň we çäreleriň jemi bolup durýar. Innowasiýa syýasaty durmuş-ykdysady syýasatynyň düzüm bölegi bolup durýar. Ol umumy wezipeler bilen ylmy, tehnikany, önümçiligi, sarp edişi, maliýe ulgamyny, bilimi birleşdirmelidir we intellektual serişdelerini ulanmaga, ýokary tehnologiki önümçilikleri ösdürmäge we ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlaryna gönükdirilen bolmalydyr.

150.0 x 225.0 mm

Innowasiýa işi şu aşakdaky wajyp ýörelgelere esaslanýar:

– ýurduň ykdysadyýetiniň innowasiýa ösüşiniň nusgasyny ileri tutulýan nusga hökmünde ykrar etmek;

– döwletiň innowasiýalaryň ykdysady ösüşiň wajyp şertine öwrülmegini üpjün edýän ykdysady-hukuk şertleri hem-de ykdysady gurallary döretmegi;

– innowasiýa işiniň we telekeçiligiň işjeňliginiň bazar gurallaryny iň ýokary derejede ulanmak, eýeçiligiň görnüşine garamazdan hojalygy alyp barmagyň ähli subýektleri üçin deň höweslendirmeleri döretmek;

– şahsy ylmy-tehniki mümkinçilikleri netijeli ösdürmek we ulanmak hem-de ykdysady syýasatyň maksatlaryna laýyklykda özgertmek;

– oýlap tapyjylary, önümleri öndürijileri we maýadarlaryň bähbitlerini amatly ýagdaýda utgaşdyrmak, intellektual eýeçiligiň obýektlerini girdejiniň çeşmesi hökmünde ykrar etmek.

2017-nji ýylyň 4-nji noýabrynda «Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda» we «Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi. Şu Kanunlar oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň hukuk goragy we ulanylmagy (peýdalanylmagy) bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýärler.

Bu ýörelgeleriň amala aşyrylmagy innowasiýa işini has netijeli höweslendirmek hem-de senagatyň, oba hojalygyň we durmuş toplumynyň esasy ulgamlarynda innowasiýa işiniň ösüşini üpjün etmek nukdaýnazaryndan ekspertizanyň geçirilmegini hem-de kanunçylygyň döredilmegini talap edýär.

Netijeli innowasiýanyň ösüşi innowasiýa taglymlaryň we taslamalarynyň giň gurşawyny göz öňünde tutýar.

Taglymlaryň çeşmesi bolup ýurtda geçirilýän barlaglar we işläp taýýarlamalar, tehnologik enjamlaryň (maşynlaryň, abzallaryň, binalaryň uzak möhletleýin kärendesine almak ýa-da abzallary kireýine bermek) lizingini ýa-da olary edinmegi, ygtyýarnamalary satyn almak arkaly çekilýän dünýä ylmynyň we tehnologiýalaryň gazanan-

150.0 x 225.0 mm

lary, nou-hau bolup biler. Olaryň geçirilişi ygtyýarnama-şertnamalary we beýleki ylalaşyklar baglaşylanda şertleşilýär.

Taglymlar amala aşyrylanda anyk şertlerde pes çykdajylar bilen gowy netijäniň gazanylmagyny üpjün edýän taglymlara artykmaçlyk berilmelidir. Şunda täzelikleriň infrastrukturasyny emele getirmek wajyp bolup durýar, ol innowasiýalaryň bazara çykarylmagyny çaltlaşdyrmaga ýardam berýär.

Kiçi ylmy-innowasiýa telekeçiliginiň şu aşakdaky ugurlar boýunça ösdürilmegi birinji derejeli ähmiýete eýedir:

– işewürlik-innowasiýa merkezleri, täjirçilik-inkubatorlary, tehnoparklar ýaly kiçi we ylmy-innowasiýa kärhanalaryny birleşdirýän gurluşlary döretmek;

– maliýeleşdirmegiň, karzlaşdyrmagyň, ätiýaçlandyrmagyň institutlarynyň toruny (maýa goýum, innowasiýa we wençur täjirçilik gaznalaryny, ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny) emele getirmek;

– maddy-tehniki üpjünçilik guramalaryny ösdürmek (lizing, üpjünçilik kärhanalary, ylmy-barlaglary we tejribe-konstruktorçylyk işlerini (*YBTKI*) geçirmek üçin enjamlary we abzallary köpçülikleýin ulanyş merkezleri) ýola goýmak;

– taslamalar, maýadarlar, satuw bazarlary boýunça maglumatlar binýadyna elýeterliligiň esasynda bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak üçin, taslamalary alyş-çalyş etmegiň maglumat ulgamlaryny, tehnologiýalary ibermek we hyzmatdaşlary gözlemek boýunça merkezleri döretmek;

– täze önümleri we tehnologiýalary oýlap tapyjylary, öndürijileri we sarp edijileriň özara gatnaşygyny üpjün edýän söwda öýlerini, ýarmarkalary, biržalary we beýleki gurluşlary açmak;

– dürli hyzmatlary (marketing, mahabat, auditor, sertifikasiýa, konsalting, hukuk) edýän gurluşlary döretmek.

Innowasiýa ugurlaryny amala aşyrmagyň guraly ylym ulgamynda ýeňillikli salgyt salmak, subsidiýalar, ylmy-tehniki önümleriň oýlap tapyjylaryny we sarp edijilerini ýeňillikli uzak möhletleýin esasda karzlaşdyrmak, ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin harajatlary artdyrmak, ylmy işgärleriň zähmetini höweslendirmek,

işgärleri taýýarlamak ýaly dürli görnüşli kadalaşdyryjylary ulanmak hem göz öňünde tutulýar.

Innowasiýa işini dolandyrmak üçin, innowasiýa işine monitoring geçirmek, baha bermek, *YTÖ*-ni çaklamak, döwlet, pudaklaýyn, sebit we döwletara ylmy-tehniki maksatnamalaryny we olary amala aşyrmagyň gurallaryny işläp taýýarlamak zerurdyr.

### *YTÖ-ni we innowasiýa işini çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usullary*

Ylmy-tehniki ulgamynda dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň esasy *YTÖ*-niň we innowasiýa işiniň ugurlaryny çaklamakdan we meýilnamalaşdyrmakdan ybarat bolup durýar.

*Ylmyň we tehnikanyň ösüşini çaklamak* – *YTÖ*-niň wajyp ugurlary boýunça hususy çaklamalaryň ulgamyny hem-de ylmy-tehniki ösüşiň toplumlaýyn çaklamasyny işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýar.

*Hususy çaklamalaryň* ulgamyna düýpli barlaglaryň, ylmy açyşlaryň, ykdysadyýetiň pudaklary boýunça amaly barlaglaryň çaklamalaryny, *YTÖ*-niň toplumlaýyn ugurlary boýunça ylmy-tehniki çaklamalary we beýlekileriň birnäçesini öz içine alýar.

*Toplumlaýyn çaklama* şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– *YTÖ*-ni toplumlaýyn seljermek, ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň dünýä meýilleriniň, ýurduň ylmy we bilim kuwwatynyň ösüşini, gurluşyny we ulanylyşyny seljermek;

– gurluş we ylmy-tehniki syýasatyň esasy ugurlary boýunça teklipleri işläp taýýarlamak we saýlanan ugurlarda *YTÖ*-ni çaltlandyrmak üçin şertleri döretmek;

– ylmy-tehniki maksatnamalary düzmek boýunça maslahatlary işläp taýýarlamak, ylmy-tehniki maksatnamalary maddy we guramaçylyk üpjünçiligi boýunça maslahatlaryň, garaşylýan durmuş-ykdysady netijäniň, harajatlaryň we ylmy-tehniki meseleleriň çözgüdiniň ähmiýetliligini esaslandyrmak.

Eger-de *YTÖ*-ni amaly barlaglar, konstruktorçylyk, taslama we guramaçylyk taýdan işläp taýýarlamalary, önümçilikde ulanmak ýaly yzygiderli ösýän tapgyrlar görnüşde göz öňüne getirsek, onda

çaklamanyň wezipelerini we çaklamanyň usullaryny saýlamak her tapgyryň özboluşlylygy bilen kesgitlenilýär.

Düýpli barlaglaryň çaklamalary işlenip taýýarlanylanda ylmyň ösüşiniň häzirki ýagdaýynyň seljerilişi geçirilýär, derwaýys meseleler ýüze çykarylýar, döwrebap ylmy meseleleri çözmegiň ýollary anyklanylýar we çözgüdi talap edýän täze meseleler goýulýar.

Amaly barlaglar iki maksada eýe bolýar. Bir tarapdan, olar zähmetiň täze serişdelerini we predmetlerini döretmek üçin (tehnika, tehnologiýa, materiallar we ş.m.) olary ösdürmegiň we tejribede ulanmagyň mümkinçiligine baha bermek maksady bilen, düýpli barlaglaryň çuň seljerilmesini we dowam etdirilmegini, beýleki tarapdan – önümçiligiň ýagdaýynyň seljerilişi, umuman, bar bolan tehnikanyň döwrebaplaşdyrylmagy we täze tehnikanyň döredilmegini, şeýle-de halk hojalygyny we ony düzýän bölekleri guramagyň we dolandyrmagyň meseleleri boýunça teklipleri işläp taýýarlamaklygy üpjün edýär. Geljekki işläp taýýarlamalaryň aýratyn bölekleriniň nusgalary amaly barlaglaryň netijeleri bolup biler. Önümleriň görnüşleri, ölçegleri, material we energiýa talap edijiliginiň peseldilmegi, ylmy işgärleriň hünärleriniň ýokarlandyrylmagy we beýleki görkezijiler çaklanylýar.

*Işläp taýýarlamalar* (konstruktorçylyk, tehnologiki, taslama we guramaçylyk) täze tehnikany, tehnologiýany, önümleri döretmegiň mümkinçiliklerini synag, tejribe taýdan barlamak üçin, şeýle-de tapgyrlaýyn öndürilýän zähmet predmetleriniň we serişdeleriniň döwrebaplaşdyrylmagy üçin niýetlenilýär. Işläp taýýarlama tapgyrynda zähmetiň önümleri bolup oýlap tapyşa bolýan sargytlar, täze tehnikany öndürmek üçin iş çyzgylary, tejribe nusgalary, olaryň barlagy, täze önümi öndürmäge önümçiligiň taýýarlygy, tehnologiýanyň üýtgemegi barada hasabatlar, dolandyryşyň täze ulgamlarynyň çyzgylary, täze sehleri, kärhanalary döretmegiň, maşynlaryň görnüşlerini ösdürmegiň taslamalary we ş.m. çykyş edýär. Işläp taýýarlama tapgyrynda ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň çaklamalary amala aşyrylanda, zähmet öndürijiliginiň ösüşine täsir edýän geljegi has uly bolan işläp taýýarlamalary saýlamak, önüm birligine materiallaryň sarp edilişini peseltmek, tebigy serişdeleri rejeli ulanmak, daşky gurşawy goramak wajyp bolup durýar, ýagny ykdysady we tehniki görkezijiler boýunça

150.0 x 225.0 mm

gowy görnüşi saýlanylýar. Işläp taýýarlamalar çaklanylanda hil, nyrh, netijelilik, täze tehnikany döretmek üçin zähmet, maliýe, maddy serişdelerine zerurlyk çaklamanyň esasy obýektleri bolup durýar.

Amaly barlaglar we dürli görnüşli işläp taýýarlamalar çaklananda ekstrapolýasiýa, bilermenleriň baha beriş, modelirleme, amatlaşdyrmak usullary, şeýle-de patent resminamalarynyň hem-de ylmy-tehniki maglumatlaryň seljerişine esaslanan usullar ulanylýar.

Önümçiligi taýýarlamak tapgyry täze zähmet serişdelerini we predmetlerini öndürmek boýunça kärhanalaryň gurluşygy önümçiligi bölekleýin ýa-da doly döwrebaplaşdyrmagyň hasabyna täze tehnikany öndürmek üçin hereket edýän kärhanalary taýýarlamak, tejribe we tejribe-senagat desgalaryny gurmak üçin niýetlenilýär.

Bu tapgyrda çaklamagyň esasy wezipeleri kärhanalary has tiz gurmagyň we hereket edýän kärhanalary dikeltmegiň ýollaryny saýlamakdan, esaslandyrmakdan we kesgitlemekden ybarat bolup durýar.

Önümçiligi taýýarlamak tapgyry ykdysadyýetiň käbir pudaklarynda işläp taýýarlama tapgyry bilen birleşip biler. Tejribe nusgasy, önümleriň tapgyrlary görkezilende önümçiligi taýýarlamak boýunça çäreleri girizmegiň hasabyna önümçiligiň taýýarlanyşyny wagt taýdan gysgaldyp bolýar.

Tapgyrlaýyn önümçilik täze zähmet serişdelerini we predmetlerini, önümleri öndürmek üçin niýetlenilýär. *YTÖ*-niň bu tapgyrynda ozalky tapgyrlarda öňe sürlen taglymlar gutarnykly amala aşyrylýar. Tapgyrlaýyn önümçiligiň böleginde *YTÖ*-niň esasy wezipeleri materiallary, energiýany tygşytlamagyň, zähmeti guramagyň, esasy gaznalary ulanmagyň, öndürilýän önümleriň hilini ýokarlandyrmagyň hasabyna ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda zähmet öndürijiligini we jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliligini düýpli ýokarlandyrýan täze tehnikany, materiallary, tehnologiýany ornaşdyrmakdan ybarat.

Ulanylyş tapgyrynda täze tehnika önümçilige we şahsy sarp edişe iberilýär. Ruhy we fiziki taýdan könelen önümler tapgyrlaýyn önümçilikden we ulanylyşdan çykarylýar, ýagny tehnikanyň bellibir görnüşiniň ýaşaýyş döwri tamamlanýar.

Täze tehnikanyň önümçiliginiň hem-de ulanylyşynyň çaklama hasaplamalarynda bilermenleriň baha beriş, ekstrapolýasiýa,

amatlaşdyrmak usullary, faktor we meňzetme nusgalary, ulaldylan balans hasaplamalaryň ulgamy ulanylýar. Çaklamanyň usullary saýlanylanda çaklamany öňünden görmek wajyp bolup durýar. Eger-de çaklanylýan hadysany üýtgewsiz ösüş görnüşde göz öňüne getirsek, onda üýtgemäni we onuň amala aşyrylýan wagtyna berilýän bahany kesgitlemek üçin resmileşdirilen usullar ulanylyp bilner, egerde üýtgemeleriň ýüze çykmagy mümkin bolsa, onda bilermenleriň baha beriş usullaryny ulanmak, ösüş hadysasynyň ülüşlerinde bolsa resmileşdirilen usullary ulanmak zerurdyr.

*Bilermenleriň baha beriş usullary* bir ýa-da birnäçe hünärmenleriň (bilermenleriň) ylmyň we tehnikanyň geljekki ösüşi hakyndaky pikirlerine esaslanýar. Ylmyň we tehnikanyň käbir pudaklarynda çaklamagyň başga usullaryny ulanyp bolmaýandygyny hem-de obýektiň ýagdaýy barada öňki döwürdäki maglumatlaryň ýokdugyny ýa-da ylmy-tehniki ösüşiniň köp babatda önümçiligiň tehniki mümkinçiliklerine garanyňda kabul edilýän çözgütlere baglydygyny bellemek zerur.

*YTÖ* we innowasiýalar babatda çaklama meseleleri bilen meşgullanýan alymlaryň aglabasy tehnologiki çaklamada nobatdaky amaly nusgalary işläp taýýarlamakdan ybarat bolmalydyr diýip hasaplaýarlar. Meselem, 1970-nji ýyllarda Martino «sada» nusgalaryň ýetmezçiliklerini ýeňip geçmegiň ýolundan gidip, tehnologiki ulgamlaryň özlerini alyp barşynyň içerki gurallaryna aralaşmaga mümkinçilik berjek usullary we nusgalary işläp taýýarlamagy teklip etdi. Bu usullar tehnologiki ulgamlaryň içinde özara gatnaşyklar, sebäpler we netijeler baradaky bilimleri ulanmagy göz öňünde tutýar.

«Sada» nusgalary hem ulanmak, olary anyklap we ösdürip, sebäp-netijeleýin nusgalary hem ugurdaş ulanmak maksadalaýykdyr. Nusgalarda alymlaryň we inženerleriň sanyny, ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işlerine edilýän çykdajylary, ylmy-barlag we tejribe-önümçilik enjamlaryň häzirki zaman derejesiniň bahalandyrylyşyny we beýleki ýagdaýlary hasaba almak zerurdyr. Olar çaklanylýan ol ýa-da beýleki tehnologik ulgamyň öndürijilikli ösüşine täsir edýärler we onuň geljekki ösüşini öňünden kesgitlemäge mümkinçilik berýärler.

Bellibir meseläni çözmek üçin şol bir wagtda birnäçe usullary ulanyp bolýan bolsa, şeýle hem birnäçe özara hereket edýän tehnologiki ulgamlar çaklanylýan bolsa, çaklamagyň utgaşdyrylan usullaryny ulanmagyň zerurlygy ýüze çykýar. Özara hereketiň ulgamlaýyn seljerişinde birnäçe çaklamanyň arasynda wakalaryň özara hereketiniň matrisalary ulanylýar. Matrisa başga usullar bilen alnan çaklamalaryň netijelerini işläp taýýarlamak üçin hem ulanylyp bilner.

Esasan «gözleg» barlag çaklamasynda ulanylýan, ýokarda görkezilen, usullardan başga *kadalar usuly* hem ulanylýar. Olaryň kömegi bilen çaklanylýan tehnologiki ulgamlaryň ýa-da hadysalaryň ähli böleklerine, olaryň özgerişine garalýar, şol bölekleriň arasyndaky özara gatnaşyklar seljerilýär, çykdajylar derňelýär.

*Önümçiligiň ylmy-tehniki derejesiniň görkezijilerini seljermegiň we çaklamagyň ykdysady-matematiki nusgasy* önümçiligiň tehniki we tehnologiki görkezijileriniň ylmy-tehniki derejesiniň integral we differensial görkezijilerine esaslanýar. Önümçilik toplumynyň ylmy-tehniki derejesiniň integral görkezijisi şu aşakdaky görnüşe eýedir:

$$K = \frac{(K_ö + K_t)}{2}, \qquad (58)$$

bu ýerde $K$, $K_ö$, $K_t$ – degişlilikde, önümçiligiň, önümleriň, tehnologiýanyň ylmy-tehniki derejesiniň integral görkezijileri.

$K_ö$ we $K_t$ hasaplamak üçin şeýle usulyýetden peýdalanylýar. Hem önüm, hem tehnologiýa dürli görnüşli görkezijileriň toplumy bilen häsiýetlendirilýär. Önüm üçin, ilki bilen, onuň sarp edijilik alamatlary we hili çykyş edýär. Meselem, awtoulag üçin şular ýaly görkezijiler bolup:

1) hereketlendirijiniň kuwwaty, at güýji, (*kWt*);

2) 100 kilometre ýangyjyň sarp edilişi, *l*;

3) ýangyç guýulýança geçýän ýoly, *km*;

4) iň ýokary tizlik, *km / sag*;

5) ýük göterijiligi, *t*, adam;

6) agramy, *kg* we beýlekiler çykyş edýär.

150.0 x 225.0 mm

Şu aşakdakylar ähli önümçilikleriň tehnologiki hadysalary üçin umumy görkezijiler bolup durýar:

1) öndürijiligi, san, *t*;

2) energiýa talap edijiligi, *kWt* / *sag*;

3) ýangyç talap edijiligi, müň şertli ýangyç;

4) material talap edijiligi, *t*;

5) zähmeti talap edijiligi, *kada* / *sagat*.

Käbir görkezijiler umumy görkezijileriň esasynda, olardan alnan görkeziji hökmünde hasaplanýar, meselem, zähmetiň energiýa bilen üpjünçiligi we beýlekiler.

Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe ylmyň we tehnikanyň ösüşini meýilnamalaşdyrmaga we dolandyrmaga ulanýan çemeleşmeler düýpli üýtgeýär. *YTÖ*-ni we innowasiýa işini meýilnamalaşdyrmagyň usulyýeti bazaryň barlygyndan hem-de ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny esaslandyrmagyň we amala aşyrmagyň zerurlygyndan ugur almalydyr.

Täze çemeleşmäniň ýörelgeleýin pursatlary şu aşakdakylardan ybarat:

– «ylmy barlaglar, işläp taýýarlamalar, önümçilik, satuw-hyzmat» innowasiýa döwrüne gatnaşyjylarynyň işini utgaşdyrmagyň netijeli guraly hökmünde bazary işjeň ulanmak;

– ylym, önümçilik we dolanyşyk ulgamlarynda telekeçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmek üçin şertleri döretmek;

– *YTÖ*-ni we innowasiýa işini kadalaşdyrmagyň merkezleşdirmek we bazar gurallaryny çeýe utgaşdyrmak;

– *YTÖ*-niň ileri tutulýan ugurlaryny durmuşa geçirmegiň gurallaryny işläp taýýarlamak, ol döwlet sargytlarynyň, maksatly subsidiýalaryň, grantlaryň, ýeňillikli karzlaryň ulgamy arkaly hojalyk subýektlerine göni täsir etmegi, şeýle-de salgyt we nyrh ýeňillikleriniň, tizleşdirilen amortizasiýanyň we ş.m. esasynda önümçiligiň tehniki ösüşini gytaklaýyn höweslendirilmegi öz içine alýar;

– netijeli döwlet innowasiýa syýasatyny alyp barmak üçin hukuk esasyny emele getirmek.

Ylmy-tehniki ösüşiň toplumlaýyn çaklamasynyň esasynda *YTÖ*-niň we innowasiýa işiniň strategiýasy emele gelýär.

*YTÖ*-niň ileri tutulýan ugurlary boýunça maksatlar, garaşylýan ykdysady hem-de durmuş netijeleri, ony durmuşa ornaşdyrmagyň netijesinde önümçilikdäki gurluş üýtgemeleri görkezilip, her bir ugruň konsepsiýasy işlenip taýýarlanylmalydyr.

Ileri tutulýan ugurlaryň çäklerinde şu aşakdakylar babatda ylmy-tehniki maksatnamalar işlenip taýýarlanylýar:

– ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça düýpli barlaglaryň maksatnamalary, olar adam we daşky gurşaw barada bilim derejesini ýokarlandyrmagy hem-de geljek üçin dowam edilmeli işleri döretmegi göz öňünde tutýar;

– döwlet ylmy-tehniki maksatnamalary, olar *YTÖ*-niň ileri tutulýan ugurlary boýunça ylmy-tehniki we tehnologiki öňegidişlikleri, düýpli we gözleg barlaglaryň öňe gidýän ösüşiniň binýadynda zerur ylmy-tehniki işleriň döredilmegini, tehnikanyň we tehnologiýanyň düýbünden täze görnüşlerini işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýar;

– halkara derejesinde amala aşyrylýan döwletara ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň maksatnamalary;

– halk hojalyk toplumlarynyň, pudaklaryň we sebitleriň tehnikasynyň we tehnologiýasynyň täze görnüşlerini döretmek we özleşdirmek boýunça maksatnamalary.

Meýilnamalaşdyrmagyň maksatnamalaýyn – maksatly tehnologiýasynda döwlet sargydy täze mazmuna eýe bolýar. Ol häzirki jemgyýetçilik sarp edilişini täze tehnologiki mümkinçilikleri bilen birleşdirýän özboluşly köpriniň, şeýle-de düýpgöter özgerýän tehnologik üýtgemeleriň başyny başlaýjy tizleşdirijiniň wezipesini ýerine ýetirmelidir. Döwlet sargytlary eýeçiligiň görnüşine garamazdan, kärhanalar üçin ykdysady taýdan düşewüntli bolmalydyr.

Geljekde döwlet sargydy innowasiýa işine merkezleşdirilen görnüşde täsir etmegiň esasy guraly bolmagyny bes eder. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, ylmy-tehniki taýdan ileri tutulýan ugurlary döwlet tarapyndan ykdysady taýdan goldanylmalydyr.

Maksatlara ýetmek üçin ylmyň we önümçiligiň bitewüligini üpjün etmäge, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny halk hojalygyň wajyp zerurlygyna öwürmäge gönükdirilen netijeli innowasiýa guraly işlenip taýýarlanylmalydyr.

Bu guralyň wajyp bölekleriniň arasynda şu aşakdakylary tapawutlandyrmak gerek:

– eýeçiligiň ähli görnüşleriniň netijeli işlemegi üçin hem-de telekeçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmek üçin ygtybarly hukuk kepilliklerini döretmek;

– kärhanalaryň girdejileriniň olaryň *YTÖ*-niň ulgamyndaky işiniň ahyrky netijeleri bilen ysnyşykly gatnaşygyny üpjün edýän netijeli salgyt syýasatyny alyp barmak.

– degişli halkara guramalarynda hünär synagyndan geçirilen, Güwänama merkezi tarapyndan berlen, güwänamasy bar bolan, önümler öndürilende we ýerlenende;

– dünýä derejesindäki nyrhlardan pes nyrhlar boýunça eksportda önümleri ýerlemekde;

– başyny başlaýjylyk töwekgelçilikli ylmy-barlaglar we işläp taýýarlamalar geçirilende ýeňillikleri bermegi aňladýar.

Şeýle hem netijeli innowasiýa guralynyň döredilmegi maliýe-karz ulgamynda, nyrhy emele getiriş pudagynda täze çemeleşmeleriň ulanylmagyny, ylmy guramalaryň hojalyk işiniň guralynyň kämilleşdirilmegini, guramaçylyk gurluşlaryň täzeden gurulmagyny, düýpli barlaglaryň döwlet tarapyndan goldanylmagyny, ylmy-tehniki kuwwatyň berkidilmegini, *YTÖ*-niň sebitleýin dolandyrylyşynyň gowulandyrylmagyny, halkara ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýar.

Ylmyň we tehnikanyň ösüş meýilnamasy ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamalaýyn resminamalarynyň özeni bolmalydyr. Ol bütin ylmy-tehniki döwri gurşap almalydyr. Meýilnamalarda ylmyň we tehnikanyň ösüş tizliginiň derejesini häsiýetlendirýän esasy görkezijiler (täze tehnikany döretmegiň we ornaşdyrmagyň möhletleriniň gysgaldylmagy, önümçiligi awtomatlaşdyrmagyň derejesiniň ýokarlanmagy, esasy gaznalaryň täzelenmegi we beýleki-

ler) görkezilmelidir. Ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň meýilnamalaşdyrylyşy ykdysadyýeti dolandyrmagyň ähli derejelerinde amala aşyrylmalydyr.

Dünýä tejribesinde *YTÖ* we innowasiýa işi meýilnamalaşdyrylanda ulanylýan esasy usul maksatnamalaýyn – maksatly usuldyr. Ol ylmy-tehniki maksatnamalary işläp taýýarlamak arkaly amala aşyrylýar, olaryň arasynda iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) maksatlaýyn, toplumlaýyn ylmy-tehniki maksatnamalar, olaryň amala aşyrylyşy ýakyn wagtlarda uly netijäni berip biler;

2) wajyp ylmy-tehniki meseleleri çözmek boýunça maksatnamalar.

Wajyp ylmy-tehniki maksatnamalary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak boýunça ýumuş döwlet sargydynyň düzümine girýär. Ony amala aşyrmak üçin serişdeleriň möçberi kesgitlenilýär.

*YTÖ* kadalaşdyrylanda daşary ýurtlarda ulanylýan çemeleşmelere üns bermek gerek.

*YTÖ*-niň döwlet kadalaşdyrylyşy bazar ykdysadyýetli ähli ýurtlarda ulanylýar, ol ylmy we tehniki meselelere toplumlaýyn çemeleşmegiň zerurlygy hem-de ylmy-tehniki taslamalaryň sany bilen baglanyşyklydyr, muňa bolsa hususy maýanyň güýji ýetmeýär ýa-da ol bu mesele bilen gyzyklanmaýar. Şeýlelikde, döwlet *YTÖ*-ni gurnaýan, dolandyrýan we köplenç, maliýeleşdirýän institut bolup çykyş edýär.

Daşary ýurtlarda *YTÖ*-niň döwlet kadalaşdyrylyşy döwletiň göni goşulyşmagy ýa-da gytaklaýyn kadalaşdyrmak arkaly amala aşyrylýar. *Birinji* ylmyň we tehnikanyň ösüşi bilen baglanyşykly uzak möhletleýin meseleleri çözmek maksady bilen ulanylýar, ikinji bolsa salgyt, karz we amortizasiýa ýeňillikleriniň jemi arkaly amala aşyrylýar.

Belli bolşy ýaly, *YTÖ*-de *ABŞ* we Ýaponiýa has uly üstünlikleri gazandylar, şonuň üçin ylym we tehnika babatda hut olaryň kadalaşdyryş tejribesine garamak maksadalaýykdyr. Bu ýurtlarda *YTÖ*-niň döwlet kadalaşdyrylyşy iki özara baglanyşykly ulgamlarda bolup geçýär: ykdysadyýetde täzelikleri döretmek hadysasynda we ylmy barlaglarda.

150.0 x 225.0 mm

***YTÖ-niň çaltlandyrylmagyna gönükdirilen çäreleriň netijeliligine toplumlaýyn baha bermek***

Hasaplaşyk döwrüniň ilkinji ýyly hökmünde *YTÖ*-niň çäresini amala aşyrmak, şol sanda ylmy-barlaglary geçirmek boýunça işleri meýilnamalaşdyrmagyň başlanýan ýyly kabul edilýär. Hasaplaşyk döwrüniň soňky ýyly *YTÖ*-niň çäresiniň ýaşaýyş döwrüniň tamamlanan pursady bilen kesgitlenilip, işläp taýýarlaýşy, özleşdirişi, tapgyrlaýyn önümçiligi, şeýle-de halk hojalygynda *YTÖ*-niň çäreleriniň amala aşyrylyşynyň netijeleriniň ulanylyşyny öz içine alýar. Soňky ýyl önüm öndürmegiň we ulanmagyň şertleri boýunça olary täzelemegiň meýilnamalaýyn (kadalaşdyryjy) möhletleri ýa-da zähmet serişdeleriniň gulluk ediş taýdan könelmesini hasaba almak bilen kesgitlenilip bilner. Şular ýaly kadalaşdyryjylar bolmadyk ýagdaýynda hasaplaşyk döwrüniň soňy pudagyň özboluşlylygy hasaba alnyp kesgitlenilýär.

## 6.4. Daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

***Daşary ykdysady gatnaşyklar we olaryň görnüşleri. Daşary ykdysady syýasat***

Daşary ykdysady gatnaşyklar (*DYG*) ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň, milli üznüksiz önümçilik hadysasynyň tapgyrlarynyň özara gatnaşygyny göz öňünde tutýar, bellibir derejede onuň deňagramlylygyny we netijeliligini üpjün edýär, şol bir wagtda dünýä hojalygynyň kiçi ulgamy bolup durýar. Munuň özi ýurtlaryň arasynda maddy, maliýe we intellektual serişdeleriň dürli ugurlarynyň, görnüşleriniň, usullarynyň we geçiriş serişdeleriniň tutuş toplumydyr. *DYG* islendik ýurduň ykdysadyýetiniň has çylşyrymly ulgamlarynyň biri bolup, onuň dünýä ylmyna we tehnikasyna, senagatyna we medeniýetine uýgunlaşmagyny üpjün edýär.

*DYG*-iň wajyp görnüşleriniň arasynda şu aşakdakylary tapawutlandyrmak bolar:

– daşary söwdany;
– karz aragatnaşyklaryny;
– daşary ýurt döwletleri bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy;
– hyzmatlaryň ulgamynda döwletara gatnaşyklary;
– walýuta-maliýe amallary.

Soňky wagtda bütin dünýäde integrasiýa hereketleriniň ösýändigini görmek bolýar. Olar obýektiw, kanunalaýyk häsiýetli bolup, bellibir şertnamalaýyn hukuk esasyna eýedir.

Döwletara ykdysady integrasiýa – dürli derejelerde we dürli görnüşlerde çuň, durnukly özara gatnaşyklaryň we zähmet bölünişiginiň ösüşini, olaryň üznüksiz önümçilik gurluşlarynyň özara gatnaşygynyň esasynda aýratyn milli hojalyklaryň ýakynlaşma we özara uýgunlaşma hadysalaryny göz öňünde tutýar.

Dünýä ykdysadyýetine integrirlenmegiň iki sany wajyp ugry emele geldi:
– halkara söwdasy;
– önümçiligiň halkaralaşmagy (daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi bilen).

Bir ýurduň hojalyk subýektleriniň beýleki ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklarynyň amala aşyrylmagy daşary ykdysady iş (*DYI*) hökmünde häsiýetlendirilýär.

*DYI*-niň esasy ugry daşary söwda bolup durýar. Ol başga ýurtlara harytlaryň satylmagyny we şol ýurtlarda zerur harytlaryň satyn alynmagyny öz içine alýar. Daşary söwda harytlary satyn almagyň, satmagyň daşary söwda geleşiklerini amala aşyrmak bilen baglanyşykly tölegli hyzmatlar hem degişlidir.

*Ýurduň daşary söwdasynyň möçberi* eksport (reeksport) we import (reimport) boýunça dolanyşyklaryň jemini göz öňünde tutýar.

*Eksport* – daşary ýurt kontragentiň eýeçiligine geçirmek üçin daşary ýurda harytlary satmak we ýurtdan harytlary çykarmakdyr.

*Reeksport* – öň daşary ýurtdan getirilen harytlary gaýtadan işlenilmän ýurduň daşyna çykarmagy aňladýar.

*Import* – import ediji ýurduň içerki bazarynda satuw üçin daşary ýurt harytlary satyn almak we getirmekdir.

150.0 x 225.0 mm

*Reimport* – gaýtadan işlenilmedik, auksionda satylmadyk, ýaramsyz hasaplanan we ş.m.ýerli harytlary daşary ýurtdan getirmek.

Daşarky bazar üçin bäsdeşlige ukyply harytlaryň bellibir möçberini öndürmäge ýurduň eksport kuwwaty diýilýär. Ol özleşdirilen tebigy serişdelerine, ykdysady we önümçilik mümkinçiliklerine, degişli infrastrukturasynyň barlygyna baglydyr.

Eksportyň ösmeginiň kesgitleýji maksady önümiň assortimentini giňeltmek we hilini gowulandyrmak, geografik gurluşyny kämilleşdirmek we halkara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynyň öňdebaryjy görnüşlerini ösdürmek arkaly onuň gurluşyny kämilleşdirmekden ybarat.

Häzirki zaman şertlerinde bu maksatlara ýetmek döwletiň işjeň gatnaşan halatynda mümkindir, sebäbi eksporty ösdürmek üçin döwlet amatly ykdysady, guramaçylyk, hukuk we beýleki şertleri emele getirýär, şeýle hem, ýerli eksport edijilere dürli görnüşli goldawlary berýär.

Daşary ykdysady gatnaşyklary kadalaşdyrmak üçin döwlet daşary ykdysady syýasaty işläp taýýarlaýar.

*Daşary ykdysady syýasat* halkara zähmet bölünişiginiň artykmaçlyklaryny doly ulanmak maksady bilen, ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça guramaçylyk, ykdysady we syýasy çäreleriň toplumyny göz öňünde tutýar. Şeýlelikde, daşary ykdysady syýasat – daşary ykdysady gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň tertibini kesgitlemek boýunça döwletiň maksada gönükdirilen işidir.

Her bir ýurduň daşary ykdysady syýasatynda milli bähbitleri we beýleki ýurtlaryň bähbitlerini görkezýän dürli ugurlar bolýar.

Daşary ykdysady syýasaty emele getirmegiň ilkinji nobatdaky meseleleriniň arasynda daşary ykdysady işiniň kanunçylyk binýadyny döretmekligi hem-de ony amala aşyrmagyň amaly usullaryny işläp taýýarlamaklygy tapawutlandyrmak gerek.

Daşary ykdysady syýasatyň esasy düzüm bölekleri bolup şu aşakdakylar çykyş edýär:

– daşary söwda syýasaty, oňa eksport we import syýasaty girýär;
– daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň syýasaty;
– walýuta syýasaty.

150.0 x 225.0 mm

*Eksport syýasaty* uzak möhletleýin we hyzmatdaşlaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen bolmalydyr. Daşarky bazarlarda ösen döwletlere aýratyn orun bermek gerek, sebäbi olar zerurlyklaryň we girdejileriň görkezijileri boýunça has göwrümli bazarlara eýe bolup durýarlar.

Eksportyň gurluşyny hemişe täzelemek hem-de ýönekeý önümden has çylşyrymly, zähmeti we ylmy talap edýän önüme geçmek maksadalaýykdyr.

*Import syýasaty* ýurtda öndürmek mümkinçiligi bolmadyk we maksada laýyk däl harytlara bolan zerurlygy kanagatlandyrmaga gönükdirmelidir.

Daşary söwda syýasatynyň gurallary bolup tarif we tarif däl kadalaşdyryş çykyş edýär.

Eksporty höweslendirmegiň syýasaty şu aşakdakylara gönükdirilendir:

– ýurduň artykmaç harytlaryny daşarky bazarlara çykarmak;

– ýerli kärhanalaryň daşary ýurt kärhanalary bilen bäsdeşligini höweslendirmek;

– bäsdeşlige ukyply ýerli önümçiligiň möçberini artdyrmak.

Senagat taýdan ösen ähli döwletler eksporty höweslendirýärler. Döwletler telekeçilere we eksport işinde ýardam bermegiň uzak möhletleýin, toplumlaýyn we maksatly maksatnamalaryny işläp taýýarlaýarlar we amala aşyrýarlar.

Daşary ykdysady işini höweslendirmeklik onuň gatnaşyjylaryny daşary ykdysady maglumatlara, şol sanda dünýä bazarlarynyň konýukturasyna elýeterliligini üpjün etmek arkaly hem amala aşyrýarlar. Mümkin bolan eksport edijileriň we import edijileriň bähbitlerine täsir edip bilýän ähli resminamalary çap edilmäge degişlidir.

*Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek syýasaty* şu aşakdaky meseleleri çözmäge niýetlenendir:

– ýurtda bazar hojalygynyň öňdebaryjy tehnologiýasyny we tejribesini ulanmak;

– milli önümçiligi, şol sanda eksport üçin önümleriň öndürilişini artdyrmak;

150.0 x 225.0 mm

– ykdysadyýeti gurluş taýdan täzeden gurmaga, şol sanda göwnejaý importyň ornunyň çalşylmagyna ýardam bermek;

– maýanyň ýerli toplanylyşynyň möçberlerini giňeltmek.

*Walýuta syýasatynyň maksady* – walýuta kursuna we walýutany çalyşmak boýunça amallaryna täsir etmek arkaly halkara ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin şertleri döretmekdir. Walýuta syýasaty dürli usullar we gurallar bilen amala aşyrylyp bilner.

Administratiw usullaryň arasynda şu aşakdakylar tapawutlandyrylýar:

– walýuta amallaryna döwlet gözegçiligi;

– amallary ygtyýarly banklara bermek;

– import edijiler üçin walýuta çäklendirmeleri;

– maýalaryň ýurtdan çykarylmagyny we ýurda getirilmegini çäklendirmek;

– walýutanyň çalşylmagyny çäklendirmek.

Daşary ykdysady gatnaşyklaryň giňelmegi bilen ýurduň halkara ýöriteleşmesine gatnaşmagynyň amatlylygyny üpjün etmek, dünýä hojalygynda milli ykdysadyýeti ýaramaz hadysalaryň täsirinden goramak, dünýä bazarynda ýerli öndürijileriň orunlaryny berkitmäge ýardam bermek üçin täze gurallara bolan zerurlyk ýüze çykýar.

Ýurduň halkara guramalara girmegi onuň üçin möhümdir.

Öňdebaryjy ýurtlardan yza galmazlyk üçin daşary ykdysady gatnaşyklary ulanmagyň dünýä tejribesi daşary ykdysady syýasatynyň iki sany binýatlyk nusgalaryny görkezýär. Birinji nusgasy eksporta, ikinjisi bolsa importa gönükdirlendir.

XIX asyryň ahyrynda ABŞ, Ikinji Jahan urşundan soňra – Günbatar ýurtlary, Ýaponiýa, olardan soňra bolsa täze senagatlaşan döwletler birinji nusga eýeripdirler.

Ikinji nusgany soňky ýigrimi ýylda käbir latyn-amerikan ýurtlary saýladylar.

Häzirki zaman şertlerinde ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasatynyň nusgasynyň häsiýetli aýratynlygy eksporta gönükdirilip, importy çäklendirmekden ybarat bolup durýar.

Daşary ykdysady gatnaşyklar ylmy taýdan esaslandyrylan çaklamasy we meýilnamalaşdyrylyşy üpjün edilende has doly amala aşyrylýar.

### *Daşary ykdysady gatnaşyklary çaklamak*

*Daşary ykdysady gatnaşyklary çaklamagyň usulyýet jähetleri.* Bazar gatnaşyklaryna barabar daşary ykdysady strategiýasyny emele getirmek üçin daşary ykdysady gatnaşyklary çaklamak, meýilnamalaşdyrmak we kadalaşdyrmak boýunça daşary ýurt tejribesiniň pugta seljerilmegi zerurdyr.

Daşary ykdysady gatnaşyklary çaklamagyň maksady – halkara zähmet bölünişigine we daşary ykdysady gatnaşyklaryň ykdysady netijelerine baha berme gatnaşygynyň mümkin bolan görnüşlerini we işjeňligini kesgitlemekden ybarat.

Daşary ykdysady gatnaşyklaryň çaklamasy eksporty we importy döwletara ýöriteleşdirişi we birleşdirilişi, daşary ýurtlar bilen karz we ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy ösdürmegiň has netijeli görnüşlerini saýlamaga mümkinçilik berýär.

Daşary ykdysady çaklama ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ähli görnüşleriniň geljekki ösüşini gurşap alýar:

– daşary söwdany;
– karz gatnaşyklaryny;
– daşary ýurt döwletleri bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy;
– hyzmatlar ulgamyndaky döwletara gatnaşyklary;
– walýuta-maliýe amallaryny.

Daşary söwdanyň çaklamasy merkezi orny eýeleýär, onuň dowamynda şu aşakdakylar kesgitlenilýär:

– daşary söwda dolanyşygynyň jemi möçberi;
– ýurtlaryň ählisi hem-de aýratyn ýurtlar boýunça eksportyň we importyň möçberi we haryt gurluşy;
– kesgitli bazarlarda aýratyn harytlara we haryt toparlaryna isleg we teklip;
– çaklama üçin kabul edilen haryt nomenklaturasynyň çäklerinde dünýä bazarynyň nyrhlarynyň ösüşi we derejesi;
– daşary söwda dolanyşygyň ulgamyna çekilýän harytlaryň içerki harajatlary.

Çaklama hasaplamalarynyň netijeleri daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek boýunça delillendirilen çözgütleri kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edýär. Olaryň esasynda geljekki eksport kuwwaty kesgitlenilýär, import önümlerine bolan zerurlyklardaky üýtgemeler ýüze çykarylýar we ýurduň ykdysadyýetiniň geljekki ösüşi barada pikir emele gelýär. Çaklama hasaplamalary içerki we daşarky bazarlaryň göwrümini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Daşary ykdysady gatnaşyklaryny döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň has netijeli guralyny emele getirmek üçin çaklamalar ulanylýar.

Çaklamagyň dowamynda önümçiligi we daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň birnäçe mümkin bolan görnüşleri işlenip taýýarlanylýar. Meýilnama emele getirilende ýurduň öňünde duran meselelere gabat gelýän görnüşi saýlanylýar.

Daşary ykdysady gatnaşyklaryň çaklamasy passiw (inersiýa) we işjeň (maksatly) görnüşlerde bolup biler. Passiw çaklama tutuşlygyna geçmişde emele gelen ösüşiň kanunalaýyklygyna daýanýar hem-de olaryň esasynda önümçiligi we daşary söwdany, karz hyzmatdaşlygyny we daşary ykdysady gatnaşyklaryň beýleki görnüşlerini emele getirmegiň geljekki meýilleri we deňölçegliligi kesgitlenilýär. Passiw çaklamada ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmegiň meýillerini kesgitleýän ykdysady, durmuş we syýasy ýagdaýlar geljekde hem öz ähmiýetini saklar diýip çaklanylýar.

*Işjeň (maksatly) çaklama* emele gelen meýillerden (ýagdaýlardan) täzelerine geçmegiň bäsdeşlik ýollaryny esaslandyrmagy aňladýar. Ol, umuman, daşary ykdysady gatnaşyklary we ykdysadyýeti ösdürmegiň anyk maksatlaryndan, dünýä hojalygyna goşulyşmagyň obýektiw zerurlygyndan ugur alýar. Işjeň çaklama ylmy-tehniki ösüşiň, dünýä hojalygyndaky durmuş-ykdysady özgertmeleriň täsiri bilen daşary ykdysady gatnaşyklaryň gurluşynda mümkin bolan üýtgemeleriň hasaba alynmagyna gönükdirilendir hem-de islenilmeýän ykdysady hadysalary ýok etmek, oňyn hadysalary we meýilleri güýçlendirmek boýunça çäreleri işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýar. Passiw çaklamadan tapawutlylykda işjeň çaklama ykdysady syýasatda mümkin bolan özgertmeleri hasaba alýar we ol ýa-da beýleki ykdysady çözgütleri kabul etmegiň netijelerine baha bermäge mümkinçilik berýär.

150.0 x 225.0 mm

*Daşary ykdysady gatnaşyklary çaklamagyň tapgyrlary.* Daşary ykdysady gatnaşyklaryň çaklamasy iteraktiw hasaplamalaryň esasynda amala aşyrylmalydyr. Her bir tapgyrda halk hojalygyň pudaklarynyň ösüşini we olaryň dünýä ykdysadyýeti bilen gatnaşyklaryny häsiýetlendirýän goşmaça maglumatlary düzetmegiň hem-de almagyň esasynda çaklanylýan görkezijileri anyklamak gerek.

Çaklama hasaplamalary geçirmek üçin şu aşakdakylary öwrenmek zerurdyr:

– önümleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça daşarky bazarlaryň göwrümini;

– eksportyň we importyň obýekti bolup biljek harytlaryň teklibini we önümlere bolan islegini;

– eksport we import önümleriniň nyrhlaryny.

Çaklama hadysasy birnäçe tapgyrlary öz içine alýar, olaryň her birinde bellibir meseleler çözülýär.

*Birinji tapgyrda* daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň maksatlary emele gelýär, maksatlaryň biri-birine tabynlygy, ýokarky we aşaky derejeleriň maksatlary kesgitlenilýär.

*Ikinji tapgyrda* geljege ekstrapolirlenen ösüşiň meýillerini we deň ölçegliligini ýüze çykarmak, şeýle-de seljeriş maglumatlaryny almak hem-de daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösüşinde goýlan maksatlaryň hakykylygyna baha bermek üçin passiw (hereketsizlik) çaklama işlenip taýýarlanylýar.

*Üçünji tapgyr* maksatly çaklamany düzmegi göz öňünde tutýar, onuň wezipesi içerki we daşarky şertleriň hereket etmeginde jemgyýetçilik önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyny üpjün edýän daşary ykdysady gatnaşyklaryň geljekki ösüşiniň birnäçe görnüşini işläp taýýarlamakdan ybaratdyr.

*Daşary ykdysady gatnaşyklary çaklamagyň usullary.* Daşary ykdysady gatnaşyklar çaklanylanda intuitiw we resmi usullaryň sintezini ulanmak maksadalaýykdyr.

Resmi däl seljerişiň we çaklamanyň usullary bilermenleriň bahalaryna esaslanýar. Daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösüşiniň mümkin bolan görnüşlerine baha bermegiň hem-de çaklamanyň has dogry görnüşini saýlamagyň jemleýji tapgyrynda olaryň orny ýokarlanýar.

Bar bolan maglumatlaryň häsiýetine we talap edilýän netijelere baglylykda, bilermenleriň baha beriş usullary ulanylyp bilner – seljeriş, «Iş toparlar», «Delfi», «Maslahatlar». Olaryň ulanylmagy bilen daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge degişli ylmy çaklamalar (gipotezalar) emele getirilende goýlan meseleleriň çözgüdinde täze taglymlar we çemeleşmeler işlenip taýýarlanylýar.

Halkara ykdysady gatnaşyklary ösdürmek matematiki taýdan teswirlenende kynçylyklaryň ýüze çykýandygyny bellemek gerek. Munuň özi daşary ykdysady gatnaşyklaryň çylşyrymly ulgamy bolup, onuň ösüşine ykdysady we durmuş-syýasy häsiýetli özara-baglanyşykly köpsanly ýagdaýlaryň täsir edýändigi bilen baglanyşyklydyr:

– zähmet serişdeleriniň möçberi we hili;

– ýangyç-energetika we çig mal serişdeleriniň, önümçilik kuwwatlyklarynyň we maýa goýumlaryň barlygy;

– ylmy-tehniki mümkinçilikler;

– halk hojalyk zerurlyklarynyň gurluşy;

– içerki milli zähmet bölünişiginiň ösüş derejesi;

– daşarky söwda bazarlaryň ýagdaýy;

– dünýä bazarynyň nyrhlarynyň derejesi we deňölçegliligi;

– daşarky bazarlarda islegiň we teklibiň gatnaşygy.

Şol bir wagtda köp ýurtlarda ykdysady-matematiki modelleri gurmaga we EHM-i ulanmaga esaslanan usullar giňden ýaýrandyr.

Matematiki usullar çaklamanyň haýsy hem bolsa bir görnüşi düzülende has ähmiýetli bolup durýar.

*Ykdysady-matematiki modeller.* Dünýä tejribesinde eksporty we importy çaklamak üçin trend modelleri; eksportyň we importyň funksiýalary (köpfaktorly modeller); toplumlaýyn ekonometrik modeller; pudagara balansynyň modelleri; halkara söwdanyň matrisa modelleri; amatlaşdyrma modelleri giňden ulanylýar.

Trend modelleri ($y = at + b$ we beýlekiler) geçmişde we häzirki wagtda ýüze çykarylan görkezijileriň üýtgemeginiň meýillerini geljege ekstrapolirleýär. Bu modeller passiw (hereketsizlik) çaklamany düzmegiň tapgyrynda ulanylýar.

Trendiň ekstrapolýasiýasy, köplenç, daşary ykdysady görkezijileri çaklamagyň ýeke-täk matematiki usuly bolýar. Munuň özi iki ýagdaý bilen – çaklanylýan görkezijileriň we olaryň ösüşini kesgitleýän ýagdaýlaryň arasyndaky sebäp-netijeleýin baglanyşyklarynyň häsiýetini bilmezlik, derňelýän görkezijiniň «özüni alyp barşyny» kesgitleýän garaşsyz üýtgeýän görkezijileriň çaklamasyny düzmäge ýardam berýän maglumatlaryň ýoklugy bilen şertlendirilendir. Haçan-da trendde bellenen meýliň geljekde saklanjakdygyna ynam bolan halatynda, görkezijileri ekstrapolirläp bolýar.

Bir garaşsyz üýtgeýän görkeziji $t$ (wagt) bilen funksional deňlemeleri ulanmak arkaly wagt setirleriniň ekstrapolýasiýa usuly daşary söwda görkezijilerini gysga we orta möhletleýin çaklama üçin ýaramlydyr. Bu usul jemlenen görkezijiler çaklanylanda has gowy netijeleri berýär. Ykdysatçylar ulaldylan görkezijileriň çaklamasynyň ygtybarlylygyny, adatça, jemde görkezijiniň umumy ösüşini kesgitleýän dürli meýilleriň deňleşdirilýändigi (üýtgemeleriň özara ýapylýandygy) bilen baglanyşdyrýarlar.

Gysga möhletleýin eksporty we importy çaklamak üçin has ýerliklisi *kadalaşdyrylýan trendli eksponensial düzleme usuly* hasaplanýar.

*Eksportyň we importyň funksiýalary (köpfaktorly modeller).* Bu modeller daşary ýurtlarda eksporty we importy çaklamak üçin giňden ulanylýar. Olar synag we amaly barlaglardan geçirildi. Şeýle hem, Funksional eksportyň (importyň) ösüşiniň we ýurduň maddy önümçiliginiň, dünýä söwdasynyň, dünýä nyrhlarynyň we beýlekileriň görkezijileriniň arasyndaky baglanyşygyny teswirleýärler.

Ekspotyň (importyň) funksiýasyny umumy görnüşde birnäçe üýtgeýän görkezijileriň funksiýasy hökmünde görkezip bolýar:

$$E(i) = f(x_1, x_2, x_3, \ldots, x_n),$$

bu ýerde: $E(i)$ – harytlaryň eksportynyň (importynyň) möçberi; $x_1, x_2, x_3, \ldots, x_n$ – eksportyň (importyň) ululygyny kesgitleýän faktorlar (garaşsyz üýtgeýän görkezijiler), ýagny seredilýän funksiýanyň ähmiýeti.

Eksportyň (importyň) modelleriniň anyk görnüşleri dürli görnüşli matematiki funksiýalar bolup, umumy alnanda, eksporty (importy) çaklamak, şeýle-de haryt toparlarynyň we aýratyn harytlaryň daşary söwdasynyň ösüş depginini öňünden kesgitlemek üçin ulanylyp bilner. Funksiýalaryň kömegi bilen daşary söwda önümini öndürmegiň möçberine, maýa goýumlaryň möçberine, eksportyň (importyň) netijeliligine, daşarky bazarda islegiň we teklibiň gatnaşygyna we beýleki sebäplere baglylygynyň mukdar taýdan häsiýetnamasyny alyp bolýar.

Şular ýaly modelleriň kömegi bilen daşary söwda görkezijileriniň çaklama hasaplamalarynyň geçirilişi şu aşakdaky tapgyrlary öz içine alýar:

1. Daşary söwda görkezijileriniň haryt-geografiki nomenklaturasyny kesgitlemek.

2. Görkezijileriň dinamiki hatarlaryny düzmek we seljermek.

3. Derňelýän görkezijilere täsir edýän ýagdaýlary saýlamak we ykdysady taýdan seljermek.

4. Funksional baglanyşygyň görnüşi hakynda ylmy çaklamalary işläp taýýarlamak, regressiýa deňlemesiniň görkezijilerini hasaplamak, alnan netijeleriň ykdysady-statistiki seljerilişini geçirmek.

5. Görkezijileriň çaklama ähmiýetlerini hasaplamak.

Daşary söwdanyň haryt nomenklaturasy çaklamanyň maksatlaryna baglylykda dürli görkezijiler bilen görkezilip bilner:

– eksportyň (importyň) jemleýji görkezijileri;

– pudak derejesindäki daşary söwdanyň görkezijileri;

– harydyň haýsydyr bir görnüşine degişli bolan görkezijiler.

Modeli emele getirmegiň wajyp tapgyry derňelýän görkezijiniň ösüşini doly düşündirmeli ýagdaýlary saýlamakdan ybaratdyr. Aýry-aýry ýurtlaryň arasynda söwda üçin eksportyň funksiýasy gurlanda şu aşakdakylar has meňzeş ýagdaýlaryň toplumy bolup çykyş edýär:

– eksport ediji ýurduň eksport mümkinçilikleri (eger-de ýurduň jemi eksportynyň möçberi modelirlenýän bolsa – JIÖ, eger-de aýratyn haryt toparynyň ýa-da aýratyn harydyň eksporty modelirlenýän bolsa – aýratyn pudaklaryň jemi önüminiň möçberi ýa-da aýratyn önümiň öndürilişiniň möçberi);

150.0 x 225.0 mm

– dünýä bazarynda eksport edilýän önüme bolan isleg, ýagny import ediji ýurtlaryň zerurlyklary. Şunda import ediji ýurtda eksport edilýän önümlere meňzeş harytlaryň önümçilik möçberi hem-de halkara bazarynda şol harytlaryň satuwynyň möçberi hasaba alynmalydyr;

– önümiň bäsdeşlige ukyplylygy (harydyň hiliniň derejesi, meselem, ballarda baha berlişi, nyrhy, harytlaryň toparynda şol harydyň paýynyň ösüşi);

– eksport edilýän harytlaryň netijeliligi (islendik bazardaky söwdada şol harydyň ýa-da haryt toparynyň nyrhlary hem-de eksport ediji ýurt üçin harydy satmaga, import ediji ýurt üçin harydy satyn almaga peýdalydygyny ýa-da peýdasyzdygyny kesgitleýän harajatlar);

– walýuta kursy.

Eksportyň ygtybarly çaklama hasaplamalaryny almak üçin ýagdaýlaryň (harytlara bolan daşary ýurt islegi, eksport nyrhlaryny, teklipleri we beýlekileri) çaklamak zerurdyr. Eksporta bolan daşarky isleg daşarky girdejilere we degişli bahalara bagly bolup durýar. Eksport nyrhlary daşarky bazarlaryň nyrhlarynyň ösüşine, içerki nyrhlar önümçilik harajatlaryna esaslanýarlar. Eksportyň mümkin bolan möçberleri içerki teklibi seljermegiň esasynda kesgitlenilip bilner. Çaklama hasaplamalary iki tapgyry öz içine alýar: içerki önümçiligi çaklamagyň hem-de önümi satuwa goýbermegiň eksport ediljek bölegini kesgitlemek. Nyrh höweslendirmeleri iki tapgyrda-da wajyp orny eýeleýär.

Importyň funksiýasy başgaça ýöriteleşdirilýär. Milli önümçilik hadysasynyň çäklerinde importyň orny halk hojalygynyň islendik bir önüme bolan zerurlygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Munuň özi onuň milli önümçiligiň we onuň netijeliliginiň ösüşini görkezýän ýagdaýlara baglylykda modelirlenmegini şertlendirýär. Importyň funksiýasy gurlanda hasaba alynmaly wajyp ýagdaýlara şu aşakdakylar degişli edilýär:

– ýurduň import edilýän önümlere bolan zerurlygy;

– importyň netijeliliginiň ösüşini kesgitleýän import edilýän önümleriň daşarky söwda nyrhlary. Şunda daşarky söwda nyrh-

150.0 x 225.0 mm

larynyň ähmiýetini däl-de, eýsem, olaryň getirilýän harytlaryň içerki nyrhlary bilen olaryň gatnaşygyny hasaba almak maksadalaýykdyr. Munuň özi olaryň haryt akymlarynyň emele gelmegine edýän täsirini hasaba almagyň däl-de, eýsem, importy artdyrmagyň ýa-da importyň ornuny tutýan önümleri artdyrmagyň maksadalaýyklygyna baha bermegiň zerurlygy bilen şertlenendir. Importyň nyrhlary (daşary ýurt walýutasynda) dünýä bazarynyň seljerilmeginiň hem-de bäsdeş söwda hyzmatdaşlary bolup durýan ýurtlardaky meýilleriň esasynda kesgitlenilmelidir;

– walýuta kursy.

Importyň derejesine beýleki ýagdaýlar hem täsir edip biler:

– karzyň elýeterliligi;

– mukdar taýdan çäklendirmeler;

– import edilýän harytlaryň nyrhlaryna täsir edýän tarifler;

– daşary ýurt walýutanyň barlygy.

Çaklama hasaplamalaryň wajyp pursady eksportyň (importyň) we modele girizilen ýagdaýlaryň arasyndaky gatnaşygyň matematiki görnüşini saýlamakdan ybaratdyr.

Regressiw deňlemeler makro we mikroderjelerde çaklama hasaplamalaryny amala aşyrmak üçin ulanylyp bilner. Makrodereje-de eksportyň we importyň jemleýji görkezijileri, pudaklaryň, haryt toparlarynyň ýa-da ýurtlaryň derejesinde jemlenen görkezijiler çaklanylýar. Mikroderejede aýratyn harytlaryň eksporty (importy) çaklanylýar.

Ykdysady seljerişde we çaklamada ulanylýan daşary söwda funksiýalaryň anyk görnüşlerine seredip geçeliň.

Golland ykdysatçysy Ýa.Tinbergeniň hödürlän modeli giňden belli bolup, ol ýurtlaryň haryt dolanyşygynyň mümkin bolan möçberini kesgitlemek üçin ulanylypdyr. Daşarky söwdanyň mümkin bolan möçberi hasaplanylanda derejeli funksiýa ulanylypdyr, onda bir ýurtdan beýleki ýurda edilen eksport üç sany ýagdaýa bagly bolupdyr:

1) eksport edýän ýurduň jemi milli önümine;

2) import edýän ýurduň jemi milli önümine;

3) ýurtlaryň arasyndaky uzaklyga.

*Toplumlaýyn ekonometrik modeller*. Bu modeller önümçiligiň makroykdysady görkezijileriniň (JIÖ-niň, maýa goýumlaryň) üýtgemeginiň we daşary söwda dolanyşygynyň arasyndaky baglanyşygy görkezýärler. Olar içerki milli makroykdysady görkezijileriň üýtgemegi bilen daşarky söwdanyň ösüşini öňünden görmäge mümkinçilik berýärler. Bu modeller jemlenen görnüşde maksatly çaklamalary düzmek üçin ulanylyp bilner.

*Pudagara balans modelleri.* Bu modeller daşary ykdysady gatnaşyklaryň möçberinde we gurluşynda üýtgemeleriň hem-de milli önümçiligiň aýratyn pudaklarynyň ösüşiniň arasyndaky gatnaşygy hasaba almaga mümkinçilik berýärler. Pudagara modeller daşary ykdysady gatnaşyklaryň çaklamasyny pudaklaýyn çaklamalar bilen utgaşdyrmaga, daşary söwdanyň ösüş taslamalarynyň, döwletara pudaklaýyn ýöriteleşdirişiň, karz hyzmatdaşlygynyň serişdeler bilen üpjünçiligini, şeýle-de ykdysadyýetiň pudaklarynyň import önümlerine bolan zerurlygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýärler.

*Halkara söwdanyň matrisa modelleri.* Ýokarda seredilen usullaryň kömegi bilen alnan çaklama görkezijileri utgaşdyrmak üçin goşa deň ölçeglilik ýörelgesi ulanylýar (RAS usuly). Eksportyň we importyň möçberini we gurluşyny çaklamagyň netijeleri ýörite matrisalarda toplanandyr. Soňky ýyllarda giňden ýaýran halkara haryt akymlarynyň matrisa modelleri, adatça, birnäçe söwda hyzmatdaş ýurtlaryň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmegiň özara baglanyşykly çaklamalaryny işläp düzmek üçin ulanylýar.

Matrisanyň setirlerinde import edýän ýurtlar, sütünlerinde bolsa, harytlaryň çaklanylýan toparlary görkezilýär. Şeýlelikde, matrisanyň her setirinde ýurda her bir haryt toparlary boýunça eksporty paýlamagyň görkezijileri saklanýar, her sütünde bolsa, ýurtlar boýunça bellibir toparyň harytlarynyň eksportynyň paýlanylyşy görkezilýär. Daşy bellenen wektorlar (sütün we setir), degişlilikde, jemi eksporty hem-de ähli ýurtlara kesgitli haryt toparynyň jemi eksportyny häsiýetlendirýärler. Importyň matrisasy hem şuňa meňzeş gurulýar.

Jemi eksportyň we importyň matrisasy 13-nji tablisada görkezilen çyzgy boýunça emele getirilýär.

150.0 x 225.0 mm

*13-nji tablisa*

**Jemi eksportyň we importyň matrisasy**

| Eksport edýän ýurt / Import edýän ýurt | 1, 2, ..., $j$, ...., $m$ | Jemi eksport |
|---|---|---|
| 1<br>2<br>.<br>.<br>.<br>$i$<br>.<br>.<br>.<br>$n$ | $E_{ijt}$ | $E_{it}$ |
| Jemi import | $M_{jt}$ | |

$t$ döwürde $i$ ýurduň jemi eksporty $E_{it}$ we $j$ ýurduň jemi importy $M_{jt}$ şu aşakdaky formulalar boýunça kesgitlenilýär:

$$E_{it} = \sum_{j=1}^{m} E_{ijt}, \qquad i = \overline{1,n}, \tag{59}$$

$$M_{jt} = \sum_{j=1}^{n} E_{ijt}, \qquad j = \overline{1,m}, \tag{60}$$

bu ýerde $E_{ijt}$ – $t$ ýylda import edýän $j$ ýurda $i$ ýurduň eksporty.

Eksportyň we importyň çaklamasynyň matrisalary birnäçe tapgyrlarda işlenip taýýarlanylýar.

Her tapgyrda netijeler hasaplanylanda we seljerilende ykdysady-matematiki usullar bilen bilelikde bilermenleriň baha beriş usuly hem ulanylýar.

Birinji tapgyrda, ilki bilen eksportyň we importyň matrisasynyň daşy bellenen wektorlary (sütün we setir), soňra bolsa matrisanyň

bölekleri çaklanylýar, olaryň her biri ýurtlaryň arasyndaky harytlaryň akymyny göz öňünde tutýar.

Wektorlaryň we matrisanyň içki bölekleriniň çaklamasy biri-birinden özbaşdak amala aşyrylýandygy bilen baglylykda, anyk haryt akymlaryny jemi eksport (import) bilen utgaşdyrmagyň zerurlygy çykýar. Bu ýörelge goşa deň ölçeglilik usuly bilen utgaşdyrmagyň matematiki algoritmi arkaly (islegiň we teklibiň täsirinde jemi eksporty we importy bir wagtda üýtgetmegiň üsti bilen) amala aşyrylýar.

Haçan-da matrisada seredilýän ýurtlaryň ýola goýlan durnukly söwda gatnaşyklary bar bolsa hem-de seredilýän döwürde çynlakaý ykdysady we syýasy üýtgemeler (täze söwda-ykdysady toparlaryň döremegi we ş.m.) görünmese, bu usulyň çaklaýyşda has gowy netijeleri berip biljekdigini bellemek gerek. Durnuksyz ykdysady ýagdaýda halkara söwdanyň matrisa modellerini gysga möhletleýin çaklamada ulanmak maksadalaýykdyr.

Dünýä söwdasynyň jemlenen görkezijilerini almak hem-de ýurtlaryň eksportynyň we importynyň ulaldylan geografik gurluşyny deslapdan kesgitlemek maksady bilen, çaklaýşyň başlangyç tapgyrlarynda matrisa modelleri ulanylyp bilner.

*Amatlaşdyrma modelleri.* Daşarky ykdysady gatnaşyklaryny dolandyrmagyň, çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň dowamynda dürli görkezijileri, bellibir çäklendiriji şertleri hasaba alyp, iň peýdaly çözgüdiň kabul edilmeli ýagdaýlaryna duş gelinýär. Bu meseleler amatlaşdyrma modellerini ulanmak bilen çözülýär. Olaryň esasynda serişdeleri boýunça çäklendirmeleriň üýtgemegi, milli önümçiligiň we dünýä bazarynyň ösüşiniň deň ölçegliligindäki üýtgemeler, ösüş maksatlarynyň we ylmy çaklamalaryň üýtgemegi bilen baglylykda dürli görnüşli hasaplamalary geçirmäge mümkinçilik döreýär.

Amatlaşdyrma ölçegleri hökmünde şu aşakdakylar ulanylyp bilner:

– iň ýokary walýuta peýdasy;
– iň ýokary import zerurlygynyň ýapylyşy;
– iň az çykdajylar.

Amatlaşdyrma modelleri şu aşakdakylary çaklamak üçin ulanylyp bilner:

– daşary söwdanyň rejeli gurluşyny;

– düşewüntliligi ýokarlandyrmaga ýardam edýän daşary söwda kärhanalarynyň dolanyşygynyň haryt we sebitleýin gurluşyny;

– aýry-aýry harytlaryň önümçiliginiň eksportyň we importyň arasyndaky amatly gatnaşygyny.

Halkara gatnaşyklarda, köp ýagdaýlarda, daşary söwdanyň harytlary we sebitleýin gurluşy barada gürrüň gidip biler, ýagny haýsy önümleriň nähili möçberde haýsy ýurda eksport ýa-da import edilmelidigi barada soraga jogap alynmalydyr. Munuň esasynda modeliň üýtgeýän ululyklary emele gelýär. Ýagdaýa baglylykda maksatly funksiýa ýaly emele gelýän esasy görkeziji kesgitlenilýär. Çäklendiriji şertler hökmünde önümçilik kuwwatlyklary, satuwyň we önümi satyn almagyň mümkinçilikleri we beýlekiler ulanylýar. Amatlaşdyrma modelleriň kömegi bilen çäkleýin jähetde eksporty ýerlemegiň hem-de import harytlaryny satyn almagyň has peýdaly bazarlaryny kesgitlemegiň meselesi çözülýär.

Amatlaşdyrma modellerinde käbir görkezijiler (islegiň we teklibiň ýagdaýy, bütin dünýä haryt bazarlarynyň nyrhlary we beýlekiler) beýleki modelleriň, meselem, daşary söwdanyň funksiýalarynyň kömegi bilen çaklanylmalydyr.

Ýokarda eksportyň we importyň geografik bölünişigini amatlaşdyrmagyň statistiki modeline garaldy.

Daşary ykdysady gatnaşyklaryň görkezijileri uzak möhletleýin çaklananda ösüşi amatlaşdyrma modelleri ulanylyp bilner, oňa $t$ döwri hem-de serişdeler boýunça goşmaça çäklendirmeler girizilýär.

Ykdysady-matematiki modelleriň kömegi bilen alynýan görkezijileriň jemlenmeginiň derejesi çaklamanyň işlenip düzülýän döwrüniň dowamlylygyna baglydyr. Çaklamanyň döwri näçe uzak bolsa, şonça-da modeller boýunça hasaplaşyklardan jemlenen görkezijiler alnyp biler.

*Daşary ykdysady işi mikroderejede çaklamak.* Bazar şertlerinde kärhanalaryň daşary söwda işini özbaşdak amala aşyrmaga, halkara

150.0 x 225.0 mm

ykdysady we ylmy-tehniki gatnaşyklaryna gatnaşmaga mümkinçiligi bolýar. Çaklama hasaplamalary olaryň ösüş maksatlaryna ýetmegiň netijeli görnüşlerini işläp düzmäge mümkinçilik berýär.

Çaklamanyň netijesi bolup daşary ykdysady, tehniki görkezijileriň hem-de kärhana işiniň netijelilik görkezijileriniň jemi çykyş edýär.

Kärhananyň daşary söwda işini ösdürmegiň ylmy taýdan esaslandyrylan çaklamalarynyň we maksatnamalarynyň barlygy, konýukturany, halkara bazarlaryň ösüşiniň talaplaryny we geljegini bilmek, onuň kärhananyň önümçilik-satuw işinde hasaba alynmagy serişdeleri başarnykly peýdalanmak arkaly öz önümlerini eksport edende bazara çykmaga has gowy şertleri hem-de zerur harytlaryň importynyň iň ýokary netijeliligini üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Esasy mesele – kärhananyň dünýä bazaryna nämäni we nähili möçberde çykaryp biljekdigini kesgitlemekdir.

Çaklama hasaplamalarynyň esasynda satuwyň kwotalary meýilnamalaşdyrylýar, öz çäkleriniň mümkinçiliklerine baha berilýär, işçi güýjüne bolan zerurlyk kesgitlenilýär, mahabatyň, işgärleriň we harytlaryň söwdasynyň usullarynyň arasyndaky býujeti paýlanylýar, maddy serişdeleri satyn almagyň möçberi kesgiitlenilýär hem-de beýleki meseleler çözülýär.

Daşary ýurtlarda kärhananyň daşary ykdysady işiniň çaklamasynyň görnüşleri bilermenleriň baha beriş usullarynyň hem-de resmileşdirilen usullaryň kömegi bilen emele getirilýär. Çaklamanyň has netijeli görnüşiniň netijeliligini hasaplamagyň esasynda saýlanylýar.

Ygtybarly çaklamalaryň işlenip taýýarlanylyşy degişli maglumat üpjünçiligini talap edýär. Ol maglumat toplumlarynda döredilen çözgütleri seljermek we işläp taýýarlamak üçin zerur bolan deslapky maglumatlaryň toplumyny öz içine almalydyr. Daşary ýurtlarda maglumat maglumatlaryň statistiki we maliýe-ykdysady banklarynda saklanylýar. Düzüminde marketing derňewler barada hasabatlar, haryt bazarlaryň, aýratyn ýurtlaryň we kärhanalaryň konýukturasynyň derňewleriniň netijeleri we çaklamalary bolan doly ýazgyly maglumatlar banky giňden ýaýrandyr.

17. Sargyt № 1985

### *Daşary ykdysady gatnaşyklaryň netijeliligini kesgitlemek, olary meýilnamalaşdyrmak we döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak*

Çaklama ýurduň ykdysady meseleleriniň has netijeli çözülmegini üpjün edýän, daşary ykdysady gatnaşyklaryň ylmy taýdan esaslandyrylan meýilnamasyny düzmek üçin şertleri döredýär. Köp görnüşli çaklama hasaplamalarynyň esasynda amatly görnüşi saýlanylmalydyr. Eksport önümi öndürjileriň netijesi $Ö_e$ formula boýunça hasaplanylýar: $Ö_e = W_e – Ç_e$, bu ýerde: $W_e$ – önümiň eksportyndan alnan walýuta, $Ç_e$ – eksport önümini öndürmek we satmak üçin edilen çykdajylar.

Önümleriň eksportynyň netijeliligi $N_e$ walýutada düşen serişdäniň eksporta edilen çykdajylara gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär:

$$N_b = \frac{P_b}{Ç_b}. \tag{61}$$

Eger-de netijäniň görkezijisi položitel ululyk bolsa, $N_e > 1$ bolsa, onda önümiň eksporty ykdysady taýdan peýdalydyr.

Import harytlaryny sarp edijileriň netijesi $S_i$ şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$S_i = O_i – W_i, \tag{62}$$

bu ýerde: $O_i$ – importyň ornuny tutýan harytlaryň önümçilik çykdajylary; $W_i$ – import harytlaryny satyn almak üçin walýuta çykdajylary.

Önümiň importynyň netijeliligi $N_i$ şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$N_i = \frac{O_i}{W_i}. \tag{63}$$

Eger-de netije položitel bolsa we $N_i > 1$ bolsa, onda import harytlaryny ulanmak peýdalydyr.

## 6.5. Önümçilik pudaklarynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

### *Senagatyň ähmiýeti we onuň düzümini üýtgetmegiň zerurlygy*

Senagat ykdysadyýetiň öňdebaryjy pudagy bolup durýar. Senagatyň önümleri dürli-dürli bolýar. Olara maşynlar we enjamlar, çig

mallar we materiallar, ýangyç-energetika serişdeleri, halkyň sarp ediş harytlary degişlidir.

Halk hojalygynda ösen gurluş özgertmelerini üpjün etmekde, ösüş depginlerini çaltlandyrmakda we önümçiligiň tehniki derejesini ýokarlandyrmakda bu pudaga aýgytly orun degişlidir. Senagat iş bilen üpjünçilik hem-de hyzmatlar ulgamynda, ilatyň öý hojalygynda çuň özgertmeleriň durmuş-ykdysady şertlerini döredýär.

Senagatyň ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bilen gatnaşygy köptaraplydyr. Meselem, senagat oba hojalyk toplumyny dürli maşynlar we gurallar, elektroenergiýa, mineral döküneler, zäherli himikatlar, önümçiligiň dürli serişdeleri bilen üpjün edýär. Şunuň bilen birlikde, onuň ösüşi oba hojalyk çig mallarynyň üpjün edilişine baglydyr. Senagat ulag serişdelerini hem-de ulag üçin ýangyç-çalgy materiallaryny öndürýär. Şol bir wagtda hem ýükleri daşamagyň möçberi öndürilen senagat önümleriniň möçberine baglydyr.

Senagatyň ösüşiniň möçberi haryt dolanyşygynyň möçberini hem-de onuň gurluşyny kesgitleýär. Söwda, öz nobatynda, halkyň sarp ediş harytlaryna bolan sargytlary taýýarlap, senagatyň ösmegine täsir edýär.

Gatnaşyklaryň köptaraplylygy, senagat toplumlarynyň aýratynlyklary we iş şertleriniň üýtgemegi senagat önümlerini öndürmegiň çaklama we meýilnama hasaplaşyklary geçirilende olary hasaba almagyň zerurlygyny şertlendirýär.

Senagat pudaklarynyň üstünlikli işlemegi üçin isleg we peýdalylyk ölçeglerine laýyklykda öz işini gurnaýan, bazar üýtgemelerine ussatlyk bilen çemeleşýän kärhanalary döretmek zerurdyr.

Kärhanalary bazar şertlerine uýgunlaşdyrmagyň has wajyp usuly kärhanalaryň döwletiň garamagyndan aýrylmagyndan we hususylaşdyrylmagyndan we olaryň ugry üýtgedilýänçä gaýtadan guramaçylyk, maliýe we fiziki taýdan düzüminiň üýtgedilmeginden ybaratdyr.

Senagatda önümçilik serişdeleri netijeli ulanylanda ilatyň, kärhanalaryň we daşary söwdanyň zerurlyklarynyň ýokary derejede kanagatlandyrylmagyny üpjün edýän amatly gurluşyny döretmek onuň wajyp meselesi bolup çykyş edýär.

Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda senagat önümçiliginiň anyk kesgitlenilen amatly gurluşynyň ýokdugyny daşary ýurt tejribesi gör-

150.0 x 225.0 mm

kezýär. Amatlaşdyrma usullaryny ulanmak bilen, ol *mikroderejede* emele gelýär, ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlaryndan ugur alnyp makroderejede emele gelýär hem-de ykdysady kadalaşdyryjylary ulanmak arkaly goldanylýar. Köp ýurtlarda eksport üçin önümleri öndürýän pudaklar hem-de importyň ornuny tutýan önümçilikler ileri tutulyp ösdürilýär.

Häzirki zaman şertlerinde tölege ukyply isleg, taýýar önümleriň artykmaç gorlary, güýçlenýän bäsdeşlik ýaly düşünjeler ýerli senagat üçin has uly ähmiýete eýe bolýar. Senagat pudaklarynyň ählisi diýen ýaly hemişelik sarp edijileriň isleginiň peselme meselesi bilen duş gelýär. Kärhanalar islegi öwrenmeli, harydy mahabatlandyrmaly, sarp edijilere hyzmat etmegiň dürli görnüşlerini ulanmaly (satuwdan soňky hyzmatlar, kärhananyň öndürýän önümlerini ulanmak boýunça maslahatlar we ş.m.). Aýratyn hem uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlar üçin gulluk ediş kepillik möhletiniň kesgitlenilmegi, ätiýaçlyk bölekleriniň berilmegi wajyp ähmiýete eýedir.

### ***Senagat önümçiliginiň möçberini we gurluşyny çaklamak we meýilnamalaşdyrmak***

Senagat önümçiliginiň möçberi we gurluşy tapgyrlar boýunça emele gelýär.

*Birinji tapgyrda* içerki we daşarky bazarlar toplumlaýyn derňelýär, senagat önümlerine isleg çaklanylýar, islegden ugur alnyp, senagat önümçiliginiň möçberi we gurluşy emele getirilýär.

*Ikinji tapgyrda* önümçilik kuwwatlyklarynyň çaklama hasaplamalarynyň esasynda önümi öndürmegiň mümkinçilikleri kesgitlenilýär.

*Üçünji tapgyr* isleg bildirilýän önümleri öndürmek üçin işçi güýjüne, çig mallara, ýangyç-energetika serişdelerine, çaklama döwründe hereket etjek önümçilik kuwwatlyklaryna bolan zerurlygyň köp görnüşli hasaplaşyklaryny geçirmek bilen baglanyşyklydyr.

*Jemleýji tapgyrda* islegi, önümçiligiň mümkinçiliklerini we önümçilik serişdeleri (çig mal, ýangyç-energetika we zähmet) bilen üpjün edilişini hasaba alyp, senagat önümlerini öndürmegiň meýilnamalaşdyrylýan möçberi we gurluşy emele gelýär. Döwlet ze-

150.0 x 225.0 mm

rurlyklary üçin önümleriň wajyp görnüşleriniň üpün edilişine sargyt esaslandyrylýar we kesgitlenilýär.

Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe senagat önümlerine bolan islegi kesgitlemäge we ileri tutulýan ugurlary esaslandyrmaga aýratyn ähmiýet berilmelidir. Şonda önümleriň aýry-aýry görnüşleriniň aýratynlyklaryny hasaba almak zerurdyr.

Ähli senagat önümlerini üç sany uly topara şertli bölüp bolýar:

1) zähmet predmetleri (çig mallar, materiallar, ýangyç, elektrik energiýa);

2) zähmet serişdeleri (enjamlar, maşynlar, gurallar);

3) halkyň sarp ediş harytlary (azyk we azyk däl harytlar, uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlar).

Bazar şertlerinde senagat önümlerini öndürmekligiň jemgyýetiň hakyky zerurlyklaryna laýyk gelmegini üpjün etmek wajyp mesele bolup durýar. Bu meseläni üstünlikli çözmek üçin islegi hem-de aýry-aýry kärhanalarda we pudak, umuman, ýurt derejesinde önümleri öndürmegiň möçberini çaklamak zerurdyr.

Senagat önümlerine bolan islegi çaklamagyň has giňden ýaýran usullaryndan *bilermenleriň baha beriş, ekstrapolýasiýa we modelirleme* usullary – köpfaktorly modeller ($y = f(x_1, x_2, x_3, \ldots, x_n)$) usullaryny tapawutlandyrmak gerek.

Önümleriň bellibir görnüşlerini öndürmäge bildirilýän islegi we önümçiligiň möçberi çaklanylanda «Delfi» usuly gowy netijeleri berýär. Şol mesele boýunça alymlardan we hünärmelerden anketa arkaly soraglary alyşmak, ýyllar boýunça önümleriň her bir görnüşini öndürmek boýunça maglumat emele gelýär.

Ekstrapolýasiýa usullaryndan funksiýalary saýlamak usulyny hem-de wagt boýunça üýtgemeleriň durnuksyz meýilli häsiýetli bolan görkezijileri çaklamaga mümkinçilik berýän usullaryny (kadalaşdyrylýan trendli eksponensial düzlemek usulyny we beýekileri) ulanmak maksadalaýykdyr.

Zähmet predmetlerine bolan isleg (zerurlyk) çaklanylanda pudaklaryň köptaraplaýyn özara gatnaşygy hem-de önümçilige zerur bolan çig mal we ýangyç-energetika serişdeleri ulanmagyň ugruny, eksport, ätiýaçlyklaryň döredilmegi we beýleki zerurlyklar hasaba

150.0 x 225.0 mm

alynmalydyr. Bu mesele kadalar usulynyň hem-de natural görnüşde *pudagara (önümara)* balansyny işläp taýýarlamak arkaly çözülip bilner. Çaklama hasaplamalary geçirilende kadalar giňden ulanylýar. Olar önümçiligiň amatly gurluşyny, ösen tehnologiýalaryň ornaşdyrylyşyny nazara alyp kesgitlenilmelidir. Önümara balans aýry-aýry maddy balanslaryň sintezi bolup durýar. Pudagara sarp edişiň önümleriniň has köpçülikleýin görnüşleri önümara balansyň nomenklaturasynyň sanawyna girýär. Balansda görkezilýän önümçilik sarp edişini, çig maly, materiallary, toplaýjy önümleri we ş.m. ulanmagyň kadalaryny degişli pudakda önüm öndürilişiniň möçberine köpeltmegiň netijesinde alnan jem görnüşinde göz öňüne getirmek bolar.

*Önümçilik däl sarp ediş* (önümçilik görnüşli däl ulgamyň pudaklarynyň zerurlyklary we şahsy sarp ediş) kadalar usuly ýa-da empiriki görnüşde kesgitlenilip bilner.

Önümara balanslar pudagynyň önümleri, pudaklaryň jemi we, umuman, halk hojalygy boýunça işlenip taýýarlanylyp bilner. Önümleriň bellibir görnüşleri önümçiligi deňagramlaşdyrmaga mümkinçilik berýär, şol önümleri öndürmek üçin başga önümleriň uly möçberi ulanylýar.

Zähmet predmetlerine bolan zerurlygy kesgitlemegiň has ösen usullary amatlaşdyrma usullary hasaplanylýar. Amatlaşdyrma usullaryny ulanmak bilen amatly meýilnamalaşdyrmagyň modelleri arkaly önümi öndürmegiň amatly gurluşyny kesgitlemek üçin mümkinçilik ýüze çykýar. Çig mal, maddy we ýangyç-energetika serişdelerine bolan zerurlyklar olaryň rejeli ulanylmagyny hasaba alyp, önümleriň amatly önümçiliginden ugur alnyp hasaplanylýar.

*Zähmet serişdelerine* (enjamlara, maşynlara, gurallara) bolan zerurlyklary ulanmaklyk şu aşakdaky ugurlar boýunça kesgitlenilýär:

– täze girizilýän we durky täzelenýän obýektler üçin;
– könelişen enjamlary çalyşmak üçin;
– bejeriş we ylmy-barlag işleri üçin;
– maşyngurluşygyň önümlerini toplamak üçin;
– ilata haryt satmak we beýleki zerurlyklar üçin kesgitlenilýär.

150.0 x 225.0 mm

Enjamlara, maşynlara we gurallara bolan zerurlygy kesgitlemäge taslama-smeta resminamasy esas bolup durýar, onda önümçiligiň taslamalaşdyrylýan möçberi, degişli tehnologiýa boýunça zerur bolan enjamlar we onuň öndürijilik kadalary görkezilýär. Köneleşen enjamlary çalyşmaga bolan zerurlyklar onuň hasapdan çykmagynyň möçberi boýunça kesgitlenilýär: bejeriş we ylmy-barlag işlerine işleriň möçberinden hem-de enjamlaryň talap edilýän görnüşlerinden ugur alnyp, maşyngurluşygyň önümlerini toplamak üçin maşynlaryň öndürilişiniň çaklanylýan möçberiniň esasynda ilata satmak we beýleki zerurlyklar üçin empiriki görnüşde kesgitlenilýär.

Ulanylyşda senagat önüminiň bir bölegi *sarp edişiň predmetleri* hökmünde çykyş edýär, olara bolan zerurlyk çaklananda kadalar usuly giňden ulanylýar. Azyk harytlary boýunça wajyp iýmit önümlerini sarp etmegiň ilatyň jan başyna düşýän kadalary esas edilip alynýar.

Azyk däl harytlar we uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlar boýunça zerurlyklary çaklamak üçin köpfaktorly modeller ($y = f(x_1, x_2, x_3, \ldots, x_n)$) has ýerlikli hasaplanylýar. Wajyp ýagdaýlaryň arasynda ilatyň pul girdejileriniň we sarp ediş nyrhlarynyň üýtgeýşini tapawutlandyryp bolar. Uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlar boýunça görkezilen ýagdaýlardan başga, ilatyň bu harytlar bilen doýgunlygyny, olaryň gulluk ediş möhletini we ş.m. hasaba almak zerurdyr.

Senagat önümlerini öndürmegiň gurluşyna we möçberine islegden başga çig malyň, materiallaryň, ýangyç-energetika serişdeleriniň, taýýar önümleriň nyrhlary, önümçilik kuwwatlyklaryň barlygy, serişdeler bilen üpjünçiligi, *YTÖ*-niň ösüşi uly täsir edýär.

Senagat önümçiliginiň gurluşynyň we möçberiniň makroderejede meýilnamalaşdyrylmagy ileri tutulýan ugurlaryň esaslandyrylmagyna, pudagara deňölçeglilikleriň emele gelmegine, her pudagyň ösüş depginleriniň bar bolan serişdeler bilen baglanyşdyrylmagyna we önümleri üpjün etmäge sargydyň kesgitlenilmegine getirilýär.

Aýry-aýry pudaklar boýunça önümçiligiň üýtgeýiş depginlerini pudagyň önümlerine bolan islegiň üýtgeýşine hem-de önümçilik serişdelerine (esasy zähmet serişdelerine, çig mala, energiýa we ş.m.) baglylykda kesgitläp bolýar.

*Mikroderejede* önümçiligiň möçberi we gurluşy isleg, döwlet zerurlyklary üçin önümleri üpjün etmäge sargytlar hem-de önümçilik mümkinçilikler hasaba alnyp emele gelýär.

Bazar şertlerinde her bir senagat kärhanasy önümçilik harajatlaryny azaltmaga hem-de has ýokary sarp edijilik häsiýetli täze önümleri, ýagny bäsdeşlige ukyply önümleri döretmäge ymtylmalydyr.

*Bäsdeşlige ukyplylyk* – harydyň deňeşdirilýän häsiýetnamasy bolup, bazaryň talaplaryna ýa-da beýleki harydyň häsiýetlerine degişlilikde, harydyň hil we ykdysady häsiýetleriniň jemine berilýän toplumlaýyn bahany özünde saklaýar. Bazar şertlerinde harytlaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň 70-80%-i olaryň hiline baglydyr. Şol bir wagtda nyrh hem uly täsir edýär. Sarp ediji hemişe has ýokary hilli we arzan täze harydy almak isleýär.

Halkara tejribesinde «täze önüm» düşünjesi sarp ediji üçin ähmiýetli bolan önümiň daşky görnüşindäki, düzümindäki ýa-da gabyndaky üýtgemeleri öz içine alýar. Şunuň bilen baglylykda, her bir kärhananyň täze harytlary işläp taýýarlamakda özüniň maksatnamasy bolmaly. Ýokarda görkezilenler harydyň ýaşaýyş döwrüniň, onuň bazara çykyş, ösüş, ýetişiş we pese düşüş ýaly tapgyrlarynyň aýratynlyklaryny hasaba alyp, önümlere bolan islegi çaklamagyň zerurlygyny şertlendirýär.

*Harydy bazara çykarmak tapgyry* haryt bazara çykaryldygyça, satuwyň haýal ösüşi bilen häsiýetlendirilýär. Bu tapgyrda kärhanalar köp çykdajylary etmeli bolýarlar, sebäbi harydyň satuwynyň möçberi az hem-de satuwy guramak we höweslendirmek boýunça çykdajylar köp bolýar.

*Ösüş tapgyry* – bu täze harydyň satuw möçberiniň artýan döwri. Eger-de täze haryt bazaryň talaplaryny kanagatlandyrýan bolsa, onda onuň satuwy artýar. Bazaryň paýynyň tiz ösüşini üpjün etmek we onda özüniň basdeşlik ýagdaýyny berkitmek üçin kärhana şu aşakdaky çäreleri amala aşyryp bilýär:

– täze harydyň hilini ýokarlandyrmak;

– oňa goşmaça häsiýetleri bermek;

– onuň täze üýtgedilen görnüşlerini (modifikasiýalaryny) taýýarlamak;

– haryt barada habar bermäge hem-de onuň söwdasyny höweslendirmäge gönükdirilen mahabaty ulanmak;

– harydy ýaýratmagyň täze ýollaryny ulanmak;

– sarp edijileriň sanyny artdyrmak hem-de bazaryň täze böleklerine (segmentlerine) aralaşmak maksady bilen nyrhlary öz wagtynda peseltmek.

*Ýetişiş tapgyry* – bu wagtyň geçmegi bilen harydyň satuwynyň ösüş depginleriniň haýallaýan döwrüdir. Öndürijilerde satylmadyk önümleriň gorlary toplanýar. Bu şertlerde kärhana hemişe harydyň we marketing toplumynyň modifikasiýasy boýunça iş geçirmelidir. Ol bar bolan harydyň sarp edilişini artdyrmaga, täze sarp edijileri gözlemäge ymtylmalydyr.

*Pese düşüş tapgyry* – bazara çykyş, ösüş we ýetişiş tapgyrlaryny geçenden soňra harydyň satuwynyň pese gaçmagy bilen häsiýetlendirilýär. Satuwyň pese gaçmagy bäsdeşligiň ýitileşmeginiň, täze harytlaryň ýüze çykmagynyň, zerurlyklaryň üýtgemeginiň netijesinde bolup geçýär.

Harydyň satuwynyň görkezijilerini, bazardaky paýyny, harajatlaryň we girdejililigiň derejesini öz wagtynda seljermek arkaly kärhanalar pese düşüş tapgyryna geçýän harytlary ýüze çykarmalydyr. Seljeriş netijeleriniň esasynda harydy öndürmekligi dowam etdirmek, azaltmak ýa-da bes etmek barada çözgüt kabul edilmelidir.

Pudaklar we kärhanalar boýunça senagat önümlerini öndürmegiň möçberi we gurluşy boýunça çözgüt kabul edilende önümçilik mümkinçiliklerini (kuwwatlyklaryny) kesgitlemeklik wajyp ähmiýete eýedir.

*Önümçilik kuwwaty* diýip enjamyň kesgitlenilen iş tertibinde, hereket edýän tehnologiýada hem-de önümçiligiň we zähmetiň rejeli gurnalyşynda önümiň mümkin bolan öndürilişine düşünilýär.

Önümçilik kuwwaty $K_ö$ esasy enjam boýunça şu formula arkaly hasaplanylýar:

$$K_ö = N \cdot g \cdot T, \qquad (64)$$

bu ýerde: $N$ – biratly esasy enjamyň mukdary; $g$ – wagt birliginde, sagatda, çalşykda, gije-gündizde enjamyň öndürijilik kadasy; $T$ – meýilnama döwrüniň, sagadyň, çalşygyň, gije-gündiziň dowamynda enjamyň iş wagty.

150.0 x 225.0 mm

Esasy enjama, meselem, metal önümçiliginde – metal eredýän peçler, çörek önümçiliginde – çöregi bişirýän peçler, piwo-alkogolsyz senagatynda – guýujy liniýalar we ş.m. degişlidir.

Önümçilik kuwwatlyklary bilen önümiň öndürilmegini esaslandyrmak üçin 14-nji tablisada görkezilen balanslar işlenip taýýarlanylýar.

*14-nji tablisa*

**Önümçilik kuwwatynyň balans çyzgysy (ölçeg birligi)**

| Görkezijiler | Hasabat döwri | Meýilnama döwri |
|---|---|---|
| Kuwwatlyk, meýilnama döwrüniň başyna | | |
| Kuwwatlygyň jemi artyşy | | |
| şol sanda: | | |
| – tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmagyň hem-de guramaçylyk-tehniki çäreleriň hasabyna, | | |
| – hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzelemegiň hasabyna, | | |
| – täze kärhanalary gurmagyň we hereket edýän kärhanalary giňeltmegiň hasabyna. | | |
| Kuwwatlygyň hasapdan çykmagy | | |
| Kuwwatlyk, ýylyň ahyryna | | |
| Ortaça ýyllyk kuwwatlyk | | |
| Önümiň öndürilişi | | |
| Ortaça ýyllyk kuwwatlygy ulanmagyň koeffisiýenti, % | | |

Önümçilik kuwwatlygynyň balansy degişli döwürde üznüksiz önümçilige we önümçilik kuwwatlygynyň ulanylyşyna toplumlaýyn häsiýetnama berýär.

150.0 x 225.0 mm

Meýilnama döwründe hereket edýän kuwwatlyklarda önümiň öndürilişi ortaça ýyllyk kuwwatlygynyň hasaplaşygyndan hem-de ony ulanmagyň meýilnamalaşdyrylýan koeffisiýentinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Hasabat döwründe kuwwatlygy ulanmagyň koeffisiýenti önümi öndürmegiň möçberiniň ortaça ýyllyk kuwwatlygyna bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

*Ortaça ýyllyk kuwwatlygy* döwrüň başynda kuwwatlygy we ortaça ýyllyk girizilýän kuwwatlygy goşup, onuň jeminden ortaça ýyllyk çykarylýan kuwwatlygy aýyrmak arkaly kesgitlenilýär. *Kuwwatlygyň ortaça ýyllyk girizilmegi (çykarylmagy)* ýylyň dowamynda girizilýän (çykarylýan) kuwwatlygyň ululygyny 12-ä bölüp, alnan netijäni kuwwatlygyň girizilen (çykarylan) pursadyndan ýylyň ahyryna çenli galýan doly aýlaryň sanyna köpeltmek arkaly kesgitlenilýär:

$$K_{\text{ort.}g.(ç)} = \frac{K_{g(ç)}}{12} * n, \qquad (65)$$

bu ýerde: $K_{\text{ort.}g.(ç)}$ – kuwwatlygyň ortaça ýyllyk girizilmegi (çykarylmagy); $K_{g(ç)}$ – ýylyň dowamynda girizilýän (çykarylýan) kuwwatlylyk; $n$ – kuwwatlygyň girizilen (çykarylan) pursadyndan başlap, tä ýylyň ahyryna çenli aýlaryň sany.

Geljek üçin önümçilik kuwwatlygynyň herekete girizilmegi hasaplanylanda kuwwatlygyň ortaça ýyllyk girizilmegi (çykarylmagy) bir ýylda bellenen kuwwatlygyň girizilmeginiň (çykarylmagynyň) 35%-den az bolmadyk möçberinde kabul edilýär.

Eger-de hereket edýän kuwwatlyklar önümiň öndürilişiniň meýilnamalaşdyrylýan möçberini üpjün etmese, onda goşmaça kuwwatlyklary işe girizmegiň zerurlygy kesgitlenilýär. Hasaplaşyk şu formula boýunça geçirilýär:

$$\Delta K = \frac{Q_m - Q_b}{K_{öz} - K_{g.m}} * n, \qquad (66)$$

bu ýerde: $\Delta K$ – goşmaça önümçilik kuwwatlyklaryň işe girizilmegi; $Q_{im}$ – islegi hasaba almak bilen, önümi öndürmegiň meýilnamalaşdyrylýan möçberi; $Q_b$ – önümleriň meýilnama döwründe hereket etjek önümçilik kuwwatlyklarynda öndürilişiniň mümkin bolan

150.0 x 225.0 mm

möçberi; $K_{öz}$ – kuwwatlygy özleşdiriş koeffisiýenti; $K_{g.m.}$ – önümçilik kuwwatlyklaryň işe girizilmeginiň möhletini häsiýetlendirýän koeffisiýent.

Çig mal we ýangyç-energetika serişdeleri bilen önümçiligiň möçberini esaslandyrmagyň barşynda maddy balanslar düzülýär. Olaryň kömegi bilen zerurlyklaryň serişdeler bilen baglanyşygy amala aşyrylýar, laýyk gelmeýän ýagdaýynda serişdeleri artdyrmagyň çeşmeleri derňelýär, olaryň importy anyklanylýar, önümçilik meýilnamalaryna düzedişler girizilýär, serişdeleriň ulanylyşyny azaltmak boýunça çäreler işlenip taýýarlanýar.

Häzirki zaman şertlerinde ýangyjyň balanslaryny işläp taýýarlamaga aýratyn ähmiýet berilýär. Olar şertli ýangyçda we natural görnüşde ýangyjyň aýry-aýry görnüşleri boýunça işlenip taýýarlanylýar. Ýangyç-energetika serişdelerine bolan zerurlyklar şertli ýangyçda olary ulanmagyň ähli ugurlary boýunça, düzgün bolşy ýaly, kadalar usuly bilen kesgitlenilýär. Şertli ýangyç natural görnüşe koeffisiýentler boýunça geçirilýär.

Ýangyjyň jemleýji balansy şu çyzgy boýunça işlenip düzülýär *(15-nji tablisa).*

*15-nji tablisa*

**Ýangyjyň jemleýji balansy**

| *Balansyň maddalary* | Jemi şertli ýangyç, m.ş.ýa. | *Natural görnüşde ýangyjyň görnüşleri* | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Kömür, *t* | Nebit-önümleri, *t* | Gaz, $m^3$ | Torfuň briketleri, *t* | Odun, $m^3$ |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1. Serişdeler<br>Önümçilik<br>Import<br>Döwrüň başyndaky gorlar<br>Jemi | | | | | | |

150.0 x 225.0 mm

*15-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 2. Zerurlyklar (isleg)<br>Pudaklaryň we ilatyň zerurlyklary<br>Eksport<br>Beýleki zerurlyklar<br>Döwrüň soňundaky gorlar | | | | | | |
| Jemi | | | | | | |

Önümçiligiň möçberini kesgitlemek maksady bilen, senagat önümçiliginiň zähmet serişdeleri bilen üpjünçiliginiň hasaplamalary hem geçirilýär. Önümçiligiň möçberi we zähmeti öndürijiligi hasaba alnyp, çaklama döwründe işçi güýjüne bolan zerurlyk kesgitlenilýär. Işçi güýjüne bolan umumy zerurlygy onuň hakyky barlygy bilen deňeşdirmek arkaly onuň artykmajy ýa-da oňa bolan goşmaça zerurlyk ýüze çykarylýar.

### *Obasenagat toplumy, onuň düzümi we aýratynlyklary. Obasenagat babatdaky syýasat*

Obasenagat toplumy wajyp pudagara toplum bolup durýar. Ol ilaty azyk önümleri bilen, halk hojalygyny bolsa çig mal bilen üpjün etmek üçin döredilendir. Obasenagat toplumy çylşyrymly bioykdysady önümçilik ulgamydyr. Onuň merkezi bölegi oba hojalyk önümçiligidir, esasy serişdeleri bolup zähmet gurallary we zähmet serişdeleri bilen birlikde jemlenip, bioklimat mümkinçiligi düzýän ýer, howa çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, obasenagat toplumynyň ösüşi çaklanylanda we meýilnamalaşdyrylanda ykdysady we tebigy-biologiki hadysalaryň özara hereketinden ugur almak gerek. 2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda «Oba hojalygyny ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Obasenagat toplumynyň emele gelmegi obasenagat goşulyşmasyna esaslanýar. Obasenagat toplumy üç sany ulgamy öz içine alýar:

1) oba hojalygyny önümçilik serişdeleri bilen üpjün edýän, şeýle hem oba hojalygyna önümçilik-tehniki taýdan hyzmat edýän senagat pudaklary;

2) oba we tokaý hojalygy;

3) oba hojalyk önümlerini sarp edijä çenli ýetirmek bilen meşgullanýan pudaklar (taýýarlaýan, gaýtadan işleýän, saklaýan, daşaýan, ýerleýän).

*Obasenagat toplumynyň maksady* serişdelerden netijeli peýdalanylanda azyk önümlerine hem-de oba hojalyk çig malyna bolan jemgyýetçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Obasenagat toplumynyň oba hojalyk önümçiliginiň aýratynlyklary bilen şertlenen birnäçe aýratynlyklary bar.

Oba hojalygynda üznüksiz önümçilik gaznalary öz önümleriniň (tohum, ot-iým, mal we ş.m.) hasabyna emele gelýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet zerurlyklary üçin önümleri öndürmegiň we üpjün etmegiň möçberi kesgitlenilende önümçiligiň indiki tapgyry üçin zerur gaznalaryň döredilmegi nazara alynmalydyr.

Ýer – esasy önümçilik serişdesi hökmünde ählitaraplaýyn häsiýete eýedir. Şol bir ýerde önümiň dürli görnüşlerini öndürip bolýar. Şunda önümleriň aýry-aýry görnüşleriniň özüne düşýän gymmatynda we düşewüntliliginde uly tapawutlyklaryň bardygy sebäpli, oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurduň çägi boýunça önümi ýerleşdirmek we ýöriteleşdirişiň rejeli zolaklaryny kesgitlemek wajyp ähmiýete eýedir. Önümleriň üpjün edilişi ýöriteleşdirişiň etraplaryny nazara almak bilen kesgitlenilmelidir.

Wajyp aýratynlyklaryň arasynda oba hojalyk önümçiliginiň möwsümliligini we tebigy-howa şertleriniň täsirini görkezmek gerek. Maddy-tehniki we zähmet serişdelerine bolan zerurlyklar oba hojalyk işleriniň ýokary derejede ýaýraýşynyň döwri boýunça kesgitlenilýär. Tebigy-howa ýagdaýlarynyň täsiriniň netijesinde oba hojalyk üçin ýyllar boýunça durnuksyz önümçilik häsiýetlidir. Şol sebäpli deňeşdirmek üçin birnäçe ýyllaryň ortaça ýyllyk görkezijileri ulanylýar.

Obasenagat toplumyny ösdürmekde esaslandyrylan obasenagat babatdaky syýasat uly orny eýeleýär, ol ýaramaz meýilleri ýeňip geçmäge hem-de obasenagat toplumynyň durnukly ösüşini üpjün etmäge, iýmit önümleri bilen öz-özüňi üpjün etmegiň derejesini ýokarlandyrmaga, oba hojalyk önümleriniň eksportyny artdyrmaga we ýurduň azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmaga gönükdirilen agrar

özgertmeleri geçirmegi göz öňünde tutýar. Eýeçilik gatnaşyklaryny ulgamlaýyn özgertmek hem-de obasenagat toplumynyň ähli ulgamlarynda özgertmeleri toplumlaýyn geçirmek arkaly goýlan maksatlara ýetmek mümkindir.

Obasenagat toplumynda nyrhy emele getiriş syýasaty oba hojalyk öndürijilerine önümçilik harajatlarynyň öwezini dolmagy hem-de üznüksiz önümçilik hadysasyny amala aşyrmak üçin girdejileri almagy üpjün etmek ýörelgesinde gurulmalydyr.

Ilatyň iýmit önümlerine bolan zerurlyklaryny kanagatlandyrmak, ýörite sarp edijileri azyk önümleri bilen we gaýtadan işleýän kärhanalaryň durnukly işini üpjün etmek üçin döwletiň zerurlyklary üçin oba hojalyk önümleriniň wajyp görnüşlerini üpjün etmäge sargytlar ulgamy ulanylýar we oba hojalyk öndürijileri döwlet tarapyndan goldanylýar.

Harytlaryň aýry-aýry görnüşlerine hümmetsizlenmäniň möwsümleýin üýtgemeleriniň öňüni almak maksady bilen, oba hojalyk önümleriniň (etiň, ýagyň, gury süýdüň, azyklyk bugdaýyň) döwlet gorlary döredilmelidir, munuň özi görkezilen harytlaryň bazar nyrhlarynyň derejesine täsir etmäge mümkinçilik berer.

### *Döwlet zerurlyklary üçin oba hojalyk önümleriniň üpjün edilişini we obasenagat toplumynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak*

Obasenagat toplumynyň ösüşini çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň esasy meselesi obasenagat toplumynyň ahyrky önümleriniň möçberini artdyrmakdan hem-de önümiň öndürilişiniň möçberini we gurluşyny oňa bolan zerurlyklaryň möçberine hem-de gurluşyna ýakynlaşdyrmakdan ybaratdyr. Obasenagat toplumynyň ahyrky önümleriniň düzümine ilatyň şahsy sarp edişi üçin ulanýan önümler, obasenagat toplumyna girmeýän pudaklardaky önümçilik sarp ediş, gorlaryň ätiýaçlyklarynyň artyşy, eksport girýär. Önümler sarp edijilere, esasan, aýlanyşyk ulgamynyň: döwlet we kooperatiw söwdasynyň, jemgyýetçilik iýmiti ulgamynyň, bazarlaryň üsti bilen ýetirilýär. Önümleriň bir bölegi dolanyşyk ulgamyndan geçmän, şahsy kömekçi hojalygy alyp barýan maşgalalar tarapyndan gös-göni sarp edilýär.

150.0 x 225.0 mm

Obasenagat toplumynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak ahyrky önümleri öndürmegiň tehnologiki arabaglanyşygyndan ugur alnyp kesgitlenilýän toplumlar boýunça amala aşyrylýar. Däne önümleri, ýeralma önümleri, et, süýt we beýlekiler ýaly toplumlar tapawutlandyrylýar.

Obasenagat toplumynyň ösüşini çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň häzirki tejribesinde *ekstrapolýasiýa*, kadalar, balans we maksatnama maksatly usullar giňden ulanylýar.

Her toplum boýunça oba hojalyk önümleriniň esasy görnüşleriniň balanslary işlenip düzülýär. Meselem, däne önümleri boýunça däne balansy, süýt boýunça süýt balansy we ş.m. işlenip düzülýär. Balanslaryň çyzgysy önümleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça biraz tapawutlanýar, emma olary taýýarlamagyň ýörelgesi umumydyr. Mysal hökmünde däne balansyna seredip geçeliň *(16-njy tablisa)*.

*16-njy tablisa*

**Bir ýylda öndürilýän dänäniň balansy, müň *t***

| Serişdeler | Möçberi | Paýlanylyşy | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 1. Ýylyň başyndaky galyndylar<br>2. Önümçilik<br>şol sanda:<br>oba hojalyk kärhanalary,<br>ilatyň hojalyklary (fermer hojalyklary bilen birlikde)<br>3. Import<br>4. Öňünden bellenilen ätiýaçlyklaryň ulanylmagy | | 1. Unuň, ýarmanyň bazar gaznasy<br>2. Tohum<br>3. Iým<br>4. Senagat taýdan gaýtadan işlemek<br>5. Eksport<br>6. Beýleki zerurlyklar<br>7. Galyndylar we ýitgiler<br>8. Döwlet ätiýaçlyklarynyň doldurylyşy<br>9. Ýylyň ahyryndaky galyndylar | |
| Jemi | | Jemi | |

150.0 x 225.0 mm

Balanslar işlenip taýýarlananda, zerurlyklar kesgitlenilende kadalar usuly ulanylýar. Hususanda, unuň we ýarmanyň (azyk önümleriň) bazar gaznasy ilatyň jan başyna düşýän sarp edişiň çaklanylýan kadalarynyň hem-de ilatyň çaklanylýan ortaça ýyllyk sanynyň esasynda kesgitlenilýär. Tohumlara, senagat taýdan gaýtadan işlenilişine bolan zerurlyk, degişlilikde, çaklanylýan ekin meýdanlarynyň 1 gektaryna ekilmeli önümleriň önüm birligine we önümçiligiň möçberine edilýän çykdajylaryň kadalarynyň esasynda hasaplanylýar.

Döwlet ätiýaçlyklary we gorlary önümleriň aýry-aýry görnüşlerine bolan zerurlyklar boýunça göterimde kesgitlenilýän hem-de saklanyş şertlerine we önümiň ähmiýetliligine bagly bolan kadalaryň esasynda kesgitlenilýär.

Eksport üçin üpjün edilmeli harytlar baglaşylan halkara söwda şertnamalaryndan ugur alnyp emele gelýär. Beýleki zerurlyklar, galyndylar we ýitgiler empiriki kesgitlenilýär.

Oba hojalyk önümlerine bolan zerurlygyň uly bölegi onuň önümçiliginiň hasabyna ýapylýar, şonuň üçin olary kanagatlandyrmagyň zerurlyklaryny we mümkinçiliklerini ylalaşmakda esasy orun, önümiň bellibir görnüşini öndürmegiň mümkin bolan iň köp möçberini kesgitlemeklige berilýär.

Oba hojalygynda göwrüm görkezijileriniň çaklaýyş we meýilnamalaşdyryş hasaplaşyklary ekerançylyk we maldarçylyk pudaklary boýunça amala aşyrylýar. *Ekerançylygyň önümlerini* öndürmegiň çaklanylýan möçberi kesgitlenilende ekin meýdanlarynyň ululygyny hem-de hasyllylygy kesgitlemäge aýratyn ähmiýet berilýär. Oba hojalyk ekinleriniň hasyllylyk derejesi öňki döwürdäki hasyllylykdan hem-de ony artdyrmak boýunça göz öňünde tutulýan çärelerden ugur alnyp kesgitlenilýär. Dökünleri ulanmak kadalarynyň üýtgedilmegi, ekinleri ýetişdirmegiň ösen tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy, tohumlaryň täze ýokary hasylly sortlarynyň ulanylmagy, ýitgilere garşy göreşmek boýunça çäreleriň, meliorasiýa işleriniň geçirilmegi nazara alynýar.

*Ekin meýdanlary* şu aşakdaky çyzgy boýunça işlenip taýýarlanylýan meýdanlaryň balansy esasynda kesgitlenilýär *(17-nji tablisa).*

150.0 x 225.0 mm

*17-nji tablisa*

**Bir ýylda peýdalynylýan meýdanlaryň balans düzümi, müň *ga***

| Peýdalanylýan meýdanlaryň görnüşi | Ýylyň başyna | Jemi | Hasapdan çykmagy, şol sanda | | | Özleşdirmegiň hasabyna üýtgemeler | | | Ýylyň ahyryna |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | sena-gat üçin | ýol-lar üçin | beýleki-ler | ot ýatyr-mak üçin meýdan-lar | öri meý-danlar | boz ýerler, batga-lyklar | |
| Sürlen ýer | | | | | | | | | |
| Köpýyllyk miweli agaçlar | | | | | | | | | |
| Köpýyllyk gorag agaçlary | | | | | | | | | |
| Ot ýatyrmak üçin meýdanlar | | | | | | | | | |
| Öri meýdanlar | | | | | | | | | |
| Boz we tarp ýerler | | | | | | | | | |
| Beýleki ýerler | | | | | | | | | |
| Jemi | | | | | | | | | |

150.0 x 225.0 mm

Ekiş üçin sürlen ýerleriň ululygy döwrüň başyndaky sürlen ýerleriň barlygyndan, onuň azaldylmagyndan (senagatyň zerurlyklary, ýollaryň gurulmagy we ş.m.) we mümkin boldugyça, giňeldilmeginden ugur alnyp hasaplanylýar. Oba hojalyk ekinleriniň düzümi we olaryň ekin meýdany aýry-aýry ekinleriň deňeşdirme netijeliligine we önümleriň şol görnüşlerine bolan zerurlyklara berlen bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär. Ekerançylygyň pudaklarynda önümçiligiň netijeliligi, hasyllylygyň derejesi, önüm birliginiň özüne düşýän gymmaty we ekiniň bir gektaryndan alnyýan sap girdejiniň möçberi, ot-iýmlik ekinler boýunça – ot-iým birlikleriniň we ekiniň bir gektaryndan alnyýan proteiniň çykyşy, ot-iým birliginiň hem-de alnyýan proteiniň bir kilogramynyň özüne düşýän gymmaty boýunça baha berilýär.

*Maldarçylyk* önümlerini öndürmegiň çaklanylýan möçberi malyň baş sanyna we onuň öndürijiligine baglydyr.

*Malyň we guşuň öndürijiligi* birnäçe görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– et üçin satylýan malyň piriniň ortaça janly agramy;

– bakylanda we ösdürilip ýetişdirilende malyň ortaça ýyllyk agramynyň artyşy;

– bir sygyrdan alnyýan süýdüň ortaça ýyllyk mukdary;

– bir goýundan alnyýan ýüňüň ortaça agramy;

– ýumurtga berýän bir towugyň ortaça ýyllyk berýän ýumurtgasynyň sany.

Malyň we guşuň öndürijiligi iýmitlendirme derejesine, iýmiň düzümine (görnüşler boýunça ot-iýmiň düzümine), malyň tohumyna, saklanyş şertlerine, süriniň köpeliş ulgamyna baglydyr. Malyň saklanyş şertleri öndürijiligiň şerti hökmünde maldarçylykda aýry-aýry hadysalary mehanizmleşdirmegiň derejesini kesgitleýär. Toplumlaýyn mehanizmleşdirme öndürijiligiň kesgitli ösüşi bilen ugurdaş bolmalydyr. Sürini köpeltmek boýunça geçirilýän işiň derejesine iki sany mukdar görkezijisi boýunça baha berip bolýar: 100 sany ene malyna ýaş malyň düşüşi hem-de her ýylky ýaramsyz diýip kesgitlenilen bölegi, göterimde.

Amatlaşdyrma usullaryny ulanmak maksada laýyk hasaplanylýan ot-iýmiň düzümi malyň we guşuň öndürijiligine täsir edýän wajyp ýagdaý bolup durýar. Ölçeg hökmünde «ot-iýmiň özüne düşýän gymmatynyň iň az derejesini» ulanmak gerek.

Çäklendirmeler ulgamy şu şertleri hasaba almalydyr: ot-iýmde iýmitlik maddalaryň kadadan az bolmadyk möçberiniň bolmagy, biologiki taýdan şertlendirilen çäklerde ot-iýmde ot-iýmiň aýry-aýry görnüşleriniň barlygy we ş.m.

Çaklamagyň başlangyç tapgyrlarynda *malyň we guşuň baş sany* ekstrapolýasiýa we kadalar usullaryny ulanmak bilen (oba hojalyk meýdanlarynyň we sürlen ýerleriň 100 gektaryna düşýän malyň baş sanyndan ugur alnyp) hasaplanylýar. Çaklama-meýilnamany işläp taýýarlamagyň indiki tapgyrlarynda mallaryň baş sany hojalyklaryň taslamalarynyň esasynda kesgitlenilýär, olar mallaryň baş sanynyň we maldarçylyk önümleriniň balans hasaplaşyklaryny geçirýärler.

Maldarçylyk önümleriniň önümçiligini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak – pudagyň has netijeli ýöriteleşdirilmegini we güýçlendirilmegini, mallaryň we guşlaryň saklanylyşynyň we iýmitlendirilişiniň öňdebaryjy tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyny nazara alyp amala aşyrylýar. Etiň öndürilişi malyň janly we soýlan agramynda hasaba alynýar.

Maldarçylyk önümlerini öndürmek üçin ot-iýmlik binýadynyň bolmagy wajyp ähmiýete eýedir, şonuň bilen baglylykda, ot-iýmiň çaklama meýilnamalary işlenip düzülýär, maldarçylyk pudaklary ekerançylyk pudaklary bilen baglanyşdyrylýar, ot-iýmleriň düzümine laýyklykda, olara bolan zerurlyk hasaplanylýar. Hasaplaşyklaryň esasynda maldarçylyk önümlerini öndürmegiň möçberi we önüm birligine düşýän ot-iým birliklerinde ot-iými harçlamagyň kadalary durýar. *Ot-iým birligi* – ähli ot-iýmleri umumylaşdyryjy mukdar görkezijisidir.

Ot-iým birliklerinde hasaplanan ot-iýme bolan umumy zerurlyk ot-iýmiň her bir görnüşi üçin kesgitlenilýän ýokumlylyk koeffisiýentleri boýunça natural görkezijilere geçirilýär. Ot-iýme hasaplanan jemi zerurlyk amatsyz howa şertlerinde iýmitlendirmegiň kadaly

150.0 x 225.0 mm

şertlerini üpjün etmek üçin zerur bolup, bellenen kadalaşdyryjylaryň esasynda kesgitlenilýär.

Ot-iýme zerurlyk hasaplanylandan soňra olary ulanmagyň çeşmeleri kesgitlenilýär we ot-iým balansy natural görnüşde, ot-iým birliklerinde we işlenilýän protein boýunça baglanyşdyrylýar *(18-nji tablisa)*.

*18-nji tablisa*

**Ot-iýmleriň balans hasaplaşygynyň görnüşi**

| Ot-iýmleriň görnüşleri | Natural birliklerde ot-iýmleriň öndürilişi | Talap edilýär | | Ýakyn 2 ýylyň hasyly göz öňünde tutulýar | | | Üpjünçilik göterimi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Natural birliklerinde | Ot-iým birliklerinde | Natural birliklerde | Ot-iým birliklerinde | Işlenilýän proteinde | |
| Jemi konsentrirlenen ot-iýmler<br>Şol sanda:<br>utgaşdyrylan ot-iým,<br>witamin ot uny,<br>däne we ş.m.<br>Jemi ter ot-iýmler<br>Şol sanda:<br>silos we beýlekiler<br>jemi irimçik ot-iýmleri<br>Şol sanda:<br>bede, senaž, sypal we ş.m. | | | | | | | |

Eger-de ot-iým bilen üpjünçilik 100%-den pes bolsa, onda ot-iým önümçiligini artdyrmak boýunça çäreler işlenip taýýarlanylýar ýa-da maldarçylyk önümlerini öndürmegiň möçberi we gurluşy anyklanylýar.

Çaklama-meýilnama emele getirilende döwlet zerurlyklary üçin oba hojalyk önümleriniň satyn alnyşyny (üpjün edilişini) kes-

150.0 x 225.0 mm

gitlemek wajyp tapgyr bolup durýar. Döwlet zerurlyklary üçin oba hojalyk önümleriniň wajyp görnüşlerini üpjün etmegiň möçberi we assortimenti ýurduň ilatynyň kepillendirilen azyk üpjünçiliginiň zerurlygyndan ugur alnyp hasaplanylýar. Önümlere bolan zerurlyk ony ulanmagyň ähli ugurlary boýunça kesgitlenilýär.

Döwlet zerurlyklary üçin harytlary üpjün etmäge (satyn almaga) sargytlaryň ýerleşdirilişi harytlary satyn almak üçin bäsleşikleri (tenderleri) taýýarlamak we geçirmek baradaky düzgünnama laýyklykda, ministrlikler we beýleki döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Eger-de döwletiň zerurlyklary döwlet satyn alyşlary arkaly üpjün edilmeýän bolsa, onda olary import etmek göz öňünde tutulýar.

Obasenagat toplumynyň ösüşi çaklanylanda obasenagat toplumynyň *maddy-tehniki binýadyny* ösdürmegiň çaklama hasaplamalary şu ugurlar boýunça geçirilýär:

– oba hojalyk önümleriniň toplumlaýyn mehanizmleşdirmek;

– elektrifikasiýalaşdyrmak;

– himizasiýalaşdyrmak;

Toplumlaýyn mehanizmleşdirmegi amala aşyrmak üçin ol ýa-da beýleki tehnika bilen ýerine ýetirilmeli oba hojalyk işleriniň möçberinden (olaryň has dartgynly döwri boýunça ýa-da has uly möçberi boýunça) we ony ulanmagyň görkezijilerinden (bir ulaga hasaplananda işläp çykarmagyň möwsümleýin kadalaryndan) ugur alnyp, traktorlara, oba hojalyk ulaglaryna, gurallara bolan zerurlyk kesgitlenilýär. Ulaglaryň talap edilýän parkyny we bar bolan parklary (hasapdan çykan ulaglary hasaba almak bilen) deňeşdirmek arkaly oba hojalygyny tehnika bilen üpjün etmegiň möçberi kesgitlenilýär, şonda onuň amatly düzümi göz öňünde tutulmalydyr. Bu meseläni ulag-traktor parkyny emele getirmegiň ykdysady-matematik modeliniň esasynda amatlaşdyrmak usullaryny ulanmak bilen çaklama hasaplamalary geçirilende çözüp bolýar. Amatlaşdyrma hasaplamalarynyň netijesinde amatly agrotehniki möhletlerde ähli mehanizmleşdirilen işleriň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän ulaglaryň we traktorlaryň düzümi kesgitlenilýär hem-de traktorlary we ulaglary satyn almaga, ulanmaga edilýän çykdajylary azaltmaga mümkinçilik berýär.

Maldarçylyk we guşçulyk fermalary, maldarçylyk we guş toplumlary üçin maşynlara we tehnologiki enjamlara bolan zerurlyk hasaplanylýar. Täze girizilýän desgalar, jaýlaryň we fermalaryň durkuny täzelemek, giňeltmek hem-de könelişen enjamlary çalyşmak üçin maşynlara we enjamlara bolan zerurlyklaryň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Fermalar üçin ýörite maşynlara we enjamlara (owradyjylara, sypal kesijilere, daşaýjylara we beýlekilere) bolan zerurlyk işleriň möçberiniň, maşynlaryň, enjamlaryň öndürijiliginiň esasynda hasaplanylýar.

Ulag serişdelerine bolan zerurlyk ulag meselesini çözmek arkaly ýükleri daşamagyň möçberinden hem-de daşamagyň ortaça uzaklygyndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Ýükleri daşamagyň möçberi önümi öndürmegiň möçberiniň, dökünleri, gurluşyk materiallaryny daşamagyň möçberiniň we beýlekileriň esasynda hasaplanylýar.

Elektrifikasiýalaşdyryşyň çaklama-meýilnamasy oba hojalygynyň önümçilik we önümçilik däl hajatlaryna elektrik energiýasynyň zerurlyklary hasaba alnyp düzülýär. Oba hojalyk önümçiliginiň hajatlary üçin elektrik energiýa bolan zerurlyk jemi önümiň bir manadyna elektrik energiýanyň çykdajylarynyň esasynda kesgitlenilýär. Önümçilik däl hajatlara zerurlyk bolsa, elektroenergiýadan peýdalanýan oba ýaşaýjylarynyň sanyny bir ýaşaýjynyň elektroenergiýany sarp edişiniň birýyllyk kadasyna köpeltmek arkaly hasaplanylýar.

Oba hojalygynyň himiýalaşdyrylyşyny çaklamak we meýilnamalaşdyrmak himiýa serişdeleriniň (mineral dökünleriň, kesellerden we zyýan berijilerden ösümlikleri we haýwanlary goramagyň himiki serişdeleri we ş.m.) her tonnasy ulanmakdan alnan iň ýokary netijäni hasaba alyp amala aşyrylmalydyr.

Mineral dökünlere bolan zerurlyk ekinleriň görnüşleri boýunça ekin meýdanlaryň ululygyndan we mineral dökünleri ulanmagyň ylmy kadalaryndan ugur alnyp hasaplanylýar. Zäherli himikatlara bolan zerurlyk olaryň ekin meýdanynyň 1 gektaryna harçlanylyşynyň hem-de oba hojalyk ekinleriniň görnüşleri, ekin meýdanlarynyň ululygy boýunça kesgitlenilýär.

Ýerleriň meliorasiýasy oba hojalyk önümçiligini güýçlendirmegiň wajyp ýagdaýy bolup durýar, ol topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, oba hojalyk önümçiliginiň kepillendirilen önümini almak üçin şertleri döredýär. Oba hojalyk meýdanlarynyň meliorasiýasy ýerleri

150.0 x 225.0 mm

suwarmak we guratmak boýunça işleri geçirmegi, suw çeşmelerini işe girizmegi, öri meýdanlary suwlulandyrmagy, suw akabalaryny gurmak we beýlekileri göz öňünde tutýar. 2018-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda «Ýerleriň meliorasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Oba hojalyk önümçiliginiň ösüşini üpjün etmek üçin önümçilik kuwwatlyklaryny we obýektlerini (maldarçylyk ýataklaryny, oba hojalyk önümlerini, ot-iýmleri, mineral dökünleri we beýlekileri saklamak üçin ammarlary) işe girizmegiň çaklama-meýilnamalary işlenip düzülýär.

Gaýtadan işleýän senagatyň maddy-tehniki binýadynyň ösüş çaklama meýilnamasy oba hojalyk önümlerini has çuň gaýtadan işlenilmegi, oba hojalyk çig malynyň toplumlaýyn ulanylmagy we hereket edýän önümçilik kuwwatlyklarynyň netijeli ulanylmagy hasaba alnyp, işlenip taýýarlanýar. Şunda şu aşakdaky aýratynlyklar nazara alynýar: çig mal oba hojalyk önümleri bolup, onuň öndürilişi ýyllar boýunça üýtgeýär, iýmit senagatynyň önümlerine bolan isleg deň bolmaýar, uzak wagtlap saklanan ýagdaýynda onuň hili peselýär (meselem, gantşugundyrynda süýjüligiň peselmegi). Munuň ählisi kuwwatlygyň ätiýaçlyklaryny döretmek, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemegiň amatly möhletlerinden ugur alyp, önümçilik kuwwatynyň ululygyny kesgitlemek, önümçilik kuwwatynyň rejeli ulanylyşyny hasaba almak bilen, amatly assortimenti emele getirmek zerurlygyny şertlendirýär.

### *Gurluşyk toplumynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak*

Gurluşyk toplumy esasy gaznalaryň üznüksiz öndürilmegini üpjün edýär. Gurluşyk – gurluşyk toplumynyň esasy bolup, gös-göni ahyrky gurluşyk önümini döredýän pudakdyr.

Ykdysady we durmuş meseleleri çözülende gurluşyga wajyp orun berilýär. Ol halk hojalygynda tehniki ösüşi amala aşyrmaga, ýurduň öndüriji güýçleriniň rejeli ýerleşdirilmegine ýardam berýär, ykdysadyýetiň ösüş depginleriniň, jemgyýetçilik önümçiliginiň pudak we çäk deňeçerliginiň üýtgemegine täsir edýär, maddy önümçiligiň we önümçilik däl ulgamyň ähli pudaklarynyň ösüşini üpjün etmegiň,

ýaşaýyş jaý babatda meseleleri çözmegiň wajyp serişdeleriniň biri bolup durýar.

*Düýpli gurluşyk* – dürli maksatly täze kärhanalary we desgalary gurmak, hereket edýän kärhanalaryň we desgalaryň durkuny täzelemek, giňeltmek we tehniki taýdan enjamlaşdyrmak arkaly esasy serişdäni täzeden gurmagy göz öňünde tutýar. Ol önümçilik kuwwatlyklarynyň we obýektleriniň işe girizilmegini üpjün edýän taslama-gözleg hem-de gurluş-gurnama işlerini geçirmegi öz içine alýar.

Gurluşyk toplumy birnäçe aýratynlyklar bilen häsiýetlendirilýär, olary çaklama we meýilnama hasaplamalary geçirilende hasaba almak zerurdyr.

Önümçilik hem-de önümçilik däl maksatly desgalar (önümçilik kärhanalary, ýaşaýyş jaýlar, saglygy goraýyş we medeni-durmuş maksatly desgalar) gurluşyk önümleri bolup durýar. Bu aýratynlyk gurluşygyň toplumlaýyn meýilnamaşdyrylyşyny maddy önümçiligiň we önümçilik däl ulgamynyň ösüş meýilnamalary bilen baglanyşdyrmak zerurlygyny şertlendirýär.

Gurluşygyň aýratynlyklarynyň biri-de önümi öndürme döwrüniň uzaklygynda hem-de zähmet, maddy we maliýe serişdeleriniň uly çykdajylarynyň köplügindedir. Häzirki aýlanyşykdan köp serişdeler alnyp, olar, düzgün bolşy ýaly, dessine däl-de, bellibir döwürden yzyna gaýdyp gelýär. Munuň özi köp görnüşli hasaplamalary amala aşyrmaga hem-de goýlan serişdelerden gaýtargynyň gelmeginiň tizleşdirilmegini üpjün edýän gurluşygyň görnüşlerini saýlamagy talap edýär.

Gurluşyk döwrüniň dowamlylygy tamamlanmadyk gurluşygyň uly möçberiniň bir döwründen beýleki döwrüne geçirmek zerurlygyny ýüze çykarýar, munuň özi maýa goýumlaryň ululygyna uly täsir edýär. Meýilnama döwründe olaryň ululygy esasy gaznalary işe girizmek üçin zerur serişdeleri we tamamlanmadyk gurluşygyň kadalaşdyrylýan ululygy hasaba alnyp kesgitlenilmelidir. Tamamlanmadyk gurluşygy döretmek – gurluşygy deň ýaýbaňlandyrmak we bellenen möhletlerde esasy gaznalary işe girizmek üçin zerurdyr.

Gurluşyk toplumynyň esasy maksatlary ilatyň we halk hojalygynyň gurluşyk önümlerine bolan zerurlyklaryny has doly

üpjün etmekden, materiallaryň talap edijiligini peseltmekden, senagatlaşmagyň we gurluşygyň netijelilik derejesini ýokarlandyrmakdan, eksport mümkinçiliklerini giňeltmekden, binalary we desgalary gurmagyň möhletlerini azaltmakdan ybaratdyr.

Düýpli gurluşyk ýöriteleşdirilen pudak tarapyndan amala aşyrylýar, ol gurluşyk we gurnama guramalaryny öz içine alýar. Gurluşyk-gurnama işleri potratçy we hojalyk usullary bilen alnyp barylýar. Olaryň esasysy potratçy usuly bolup, onda gurluşyk öňdebaryjy tehnika bilen üpjün edilen hem-de gurluşykçy hünärmenleri bolan guramalar tarapyndan amala aşyrylýar.

Gurluşyk işleriň umumy möçberi maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň (döwlet merkezleşdirilen maýa goýumlaryň, kärhanalaryň, jemgyýetçilik guramalaryň, karzlaryň we beýlekileriň) hasabyna potratçy, şeýle hem hojalyk usullary bilen ýerine ýetirilýän işleri öz içine alýar.

Gurluşyk toplumynyň çaklanylyşy we meýilnamalaşdyrylyşy maddy önümçiligiň we önümçilik däl ulgamyň pudaklary boýunça gurluşygyň möçberiniň çaklama hasaplamalaryny geçirmekligi, gurluşyk materiallaryna, enjamlara, işçi güýjüne, olaryň serişdeler bilen baglanyşdyrylmagyna bolan zerurlygy kesgitlemekligi hem-de gurluşyk-gurnama guramalarynyň kuwwatlyklaryny esaslandyrmaklygy göz öňünde tutýar.

Gurluşyk toplumynyň çaklama-meýilnama görkezijiler ulgamy şu aşakdakylary öz içine alýar:

– önümçilik kuwwatlyklaryny hem-de önümçilik we önümçilik däl maksatly esasy gaznalary işe girizilmegini;

– hereket edýän kärhanalary tehniki taýdan enjamlaşdyrmagyň, durkuny täzelemegiň, giňeltmegiň we täze gurluşygyň hasabyna önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmagy, tamamlanmadyk gurluşygyň möçberini;

– maýa goýumlar hem-de ähli desgalar boýunça gurluşyk-gurnama işlerini;

– döwlet tarapyndan merkezleşdirilen maýa goýumlaryň çäklerini;

– maliýeleşdirmegiň çeşmelerini, etraplar boýunça maýa goýumlaryny we beýlekiler.

150.0 x 225.0 mm

Gurluşyk toplumynyň esasy görkezijisi önümçilik kuwwatlyklary we desgalary işe girizmek bolup durýar. Bu görkeziji maýa goýumlaryň we gurluşyk önümçiliginiň ahyrky netijelerini häsiýetlendirýär.

Wajyp obýektler boýunça olary işe girizmegiň döwlet sargydy kesgitlenilýär, ony ýerine ýetirmek üçin maýa goýumlaryň umumy möçberi kesgitlenilýär hem-de döwlet merkezleşdirilen maýa goýumlaryň çäkleri tassyklanylýar, gurluşyk guramalary bilen potratçylyk şertnamalaryny baglaşmak üçin esas bolup durýan potratçy gurluşyk-gurnama işleriniň möçberi hasaplanylýar.

Başlangyç tapgyrda çaklamalary işläp taýýarlamagyň barşynda netijeli maýa goýum taslamalarynyň maliýe serişdeleri bilen üpjünçiligini hasaba almak bilen, olary saýlamagyň esasynda emele gelýän sargytlardan ugur alnyp, gurluşyk hyzmatlaryna bolan isleg kesgitlenilýär. Sargytlar potratçylyk söwdalaryny (tenderleri) geçirmek arkaly ýerleşdirilýär. Gurluşyga bolan sargytlary ýerleşdirmegiň şular ýaly görnüşi bäsdeşligiň esasynda hyzmatlary etmek boýunça işleri ýerine ýetirmek üçin potratçyny saýlamagy göz öňünde tutýar. Söwdalaryň predmeti bolup jaýlaryň, binalaryň, beýleki desgalaryň gurluşygy ýa-da söwdalar geçirilýän işleriň we hyzmatlaryň anyk görnüşleri çykyş edýär. Sargytçy hökmünde gurluşyk obýekti gurulýan, durky täzelenýän ýa enjamlaşdyrylýan, ýa-da söwdalaryň predmetini düzýän işler ýerine ýetirilýän we hyzmatlary edýän şahs çykyş edýär. Potratçylyk söwdalarynyň esasy görnüşleri açyk (jemagat), ýapyk we garyşyk söwdalardan ybaratdyr.

Indiki tapgyrda gurluşygyň möçberi maddy-tehniki (gurluşyk materiallary we enjamlar) we zähmet serişdeleri bilen esaslandyrylýar. Bu tapgyr gurluşyk materiallarynyň, enjamlaryň, işçi güýjüniň balanslaryny işläp taýýarlamak bilen baglanyşyklydyr.

Gurluşyk materiallaryna – sement, şifer, ýumşak üçek (jaýyň üsti), plitka, kerpiç, hek, gips, çagyl, diwar materiallary, öýjükli dolduryjylar we beýlekiler degişlidir. Gurluşyk materiallarynyň balansynyň düzülişi 19-njy tablisada görkezilendir.

150.0 x 225.0 mm

*19-njy tablisa*

**Gurluşyk materiallarynyň balansy**

| Serişdeler | Paýlanylyşy |
|---|---|
| 1. Ýylyň başyndaky galyndylar | 1. Gurluşyk işlerini geçirmek üçin gurluşyk materiallaryna bolan zerurlyk |
| 2. Ýerli çig maldan bolan materiallar | 2. Gurluşyk materiallaryndan alynýan önümleriň öndürilmegine edilýän çykdajy |
| 3. Import | 3. Ilata satylyşy |
| | 4. Ýylyň ahyryndaky galyndylar |
| Jemi | Jemi |

Balansyň işlenip taýýarlanylyşy gurluşyk materiallaryny ulanmagyň ähli ugurlary boýunça zerurlyklary kesgitlemekden başlanýar. Zerurlyklaryň çaklama we meýilnama hasaplamalarynda kadalar usuly, ekstrapolýasiýa we bilermenleriň baha beriş usullary giňden ýaýrandyr.

Kadalar usuly çaklama döwründe gurluşyk-gurnama işleriniň (*GGI*) 1 *mln* manada sarp edilişiniň we *GGI*-niň möçberiniň esasynda gurluşyk işlerini geçirmek üçin gurluşyk materiallaryna bolan zerurlygy kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Sarp ediliş gurluşyk-gurnama işleriniň gurluşyndan ugur alnyp kesgitenilýär.

Anyk desgalar boýunça gurluşyk materiallaryna bolan zerurlyk olaryň ýerine ýetirýän iş birligine (binalaryň daşynyň 1 $m^3$, bezeg işleriň 1 $m^2$, düýbüni tutmagyň 1 $m^3$) sarp edilmeginiň hem-de işleriň fiziki möçberiniň bellenen kadalarynyň esasynda kesgitlenilýär.

Önümleri, gurluşyk önümlerini öndürmek üçin gurluşyk materiallaryna bolan zerurlyk önüm birligine anyk materiallaryň sarp edilişiniň we önümleri öndürmegiň çaklanylýan möçberiniň kadalaryndan ugur alnyp hasaplanylýar.

Ilata satmak üçin gurluşyk materiallaryna bolan zerurlyklar empiriki kesgitlenilýär.

Döwrüň ahyryndaky materiallaryň galyndylary kadalar usuly bilen hasaplanylýar.

Gurluşyk materiallaryna bolan zerurlyklar hasaplanylandan soňra serişdeler kesgitlenilýär we olary öndürmegiň möçberi esaslandyrylýar.

Enjamlara bolan zerurlyk desgalarynyň taslama edilýan kuwwatlyklarynyň hem-de enjamlary ulanmagyň ösen kadalarynyň esasynda emele gelýär. Enjamlaryň esasy nomenklaturasy boýunça enjamlaryň balanslary düzülýär *(20-nji tablisa)*.

*20-nji tablisa*

**Enjamlaryň balans düzümi**

| Serişdeler | Paýlanylyşy |
|---|---|
| 1. Döwrüň başynda üpjün edijilerdäki galyndylar<br>2. Önümçilik<br>3. Import<br>4. Beýleki çeşmeler | 1. Öndürilýän önümleri toplamak üçin<br>2. Könelişen enjamlary çalyşmak üçin<br>3. Düýpli gurluşyga, şol sanda işe girizilýän desgalar üçin<br>4. Eksport<br>5. Beýleki zerurlyklar<br>6. Döwrüň soňunda üpjün edijilerdäki galyndylar |
| Jemi | Jemi |

Zerurlyklaryň esasynda enjamyň tehniki-ykdysady häsiýetleriniň ýokarlandyrylmagyny nazara alyp, onuň öndürilmegine sargyt edilýär.

Gurluşyk önümçiliginiň çaklama meýilnamalaryny zähmet resurslary bilen esaslandyrmak işçi güýjüniň balans hasaplamalaryny geçirmek arkaly amala aşyrylýar. Işçi güýjüne bolan zerurlyklar çaklama hasaplamalarynyň dowamynda ulaldylan kadalar usuly (gurluşyk-gurnama işleriň 1 *mln* manadyna gurluşyk işgärleriniň san görkezijisi esasynda) bilen kesgitlenilip bilner. Çaklama döwründe zähmet öndürijiliginiň çaklanylýan derejesinden hem-de gurluşyk-gurnama

işleriň möçberinden ugur alyp, işçi güýjüne bolan zerurlyk baradaky has anyk maglumatlary almak bolýar. Anyk desgalar boýunça işgärleriň sany ýerine ýetirilýän iş birligine wagtyň sarp edilişiniň we işleriň fiziki möçberiniň kadalary boýunça kesgitlenilýär.

Gurluşygyň möçberi gurluşyk guramalarynyň kuwwatlyklary bilen esaslandyrylanda meýilnama döwründe ýerine ýetirmekligi bellenilen işleriň möçberinden, häsiýetinden we gurluşyndan ugur alnyp, zerur önümçilik kuwwatlylygy hasaplanylýar. Ol bar bolan önümçilik kuwwaty bilen deňeşdirilýär. Zerur we bar bolan kuwwatlyklaryň arasyndaky tapawut meýilnama döwründe kuwwatlygyň ýetmezçilik edýändigini ýa-da doly ulanylmaýandygyny subut edýär. Maşynlaryň we enjamlaryň degişli görnüşleriniň balansy işlenip düzülýär, onuň esasynda gurluşyk-gurnama guramalarynyň bu görnüşler bilen üpjünçiligi kesgitlenilýär.

Bellenilen işleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan maşynlaryň mukdary şu formula boýunça kesgitlenilýär:

$$N = \frac{Q_{um} * d}{100 * q_{\acute{Y}u}}, \qquad (67)$$

bu ýerde: $N$ – anyk maşynlara, gurallara bolan zerurlyk; $Q_{um}$ – fiziki ölçeýjilerde ($m^3$, $t$ we beýlekiler) işleriň bellibir görnüşiniň umumy möçberi; $d$ – maşynlaryň degişli görnüşi bilen ýerine ýetirilýän işleriň möçberiniň udel agramy, %; $q_{\acute{y}u}$ – maşynlaryň ýyllyk ulanylyş öndürijiligi.

Işleriň bellibir görnüşiniň umumy möçberi gurluşyk-gurnama işleriň 1 *mln* manadyna ýa-da taslamalar we smetalar boýunça hasaplanylyp bilner.

Maşynlaryň ýyllyk ulanylyş öndürijiligi iş wagtynyň 1 sagadyna, ulanylyş öndürijiligini maşynyň bir ýyldaky iş sagatlarynyň sanyna köpeltmek bilen kesgitlenilýär.

Maşynlara bolan zerurlyk gurluşyk-gurnama işleriň 1 *mln* manadyna maşynlara bolan zerurlygyň kadalary hem-de meýilnama döwründe gurluşyk-gurnama işleriniň möçberiniň kadalary boýunça hem kesgitlenip bilner.

150.0 x 225.0 mm

Esasy gurluşyk gurallaryna bolan zerurlygy hasaplamak bilen bir wagtda ýol maşynlaryna, gurallara, ulag serişdelerine we gurluşyk gurallaryna bolan zerurlyk hasaplanylýar.

Gurluşyk-gurnama guramalarynyň kuwwatlygyny artdyrmak boýunça hasaplaşyklaryň esasynda maýa goýumlaryň möçberi kesgitlenilýär, gurluşyk-gurnama işleriniň toplumlaýyn mehanizmleşdirilmeginiň gurluşyk önümçiliginiň ýöriteleşdirilmeginiň meýilnamasy işlenip düzülýär.

# VII BAP ÖNÜMÇILIK INFRASTRUKTURASYNYŇ WE ILATA HYZMAT EDIŞ ULGAMYNYŇ ÖSÜŞINI ÇAKLAMAK WE MEÝILNAMALAŞDYRMAK

## 7.1. Önümçilik infrastrukturasynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

### *Ulag ulgamynyň hereketini çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň meseleleri*

*Infrastruktura* bütin ykdysadyýet üçin, düýpli desgalar, raýatlar we kärhanalar tarapyndan ulanylýan we olaryň ulanylyşy döwlet tarapyndan üpjün edilýän – awtomagistrallar, köprüler, şäher ulag ulgamlary, suwy arassalaýjy desgalar, munisipal ulgamlary, suw üpjünçiligi, howa menzilleri, kärhana üçin, önüm öndürmek üçin zerur gulluklar we desgalardyr. Olar kärhananyň öz serişdeleri bilen döredilmäge gymmat düşýär, şonuň üçin ol döwlet ýa-da beýleki kärhanalar tarapyndan üpjün edilýär. Oňa suw üpjünçiligi, elektrik energiýasy, önümçilik galyndylaryny äkitmek, ýükleri daşamak, ylmy-barlag we taslama-konstruktorçylyk işleri, maliýe we bank hyzmatlary hem degişli edilýär.

Ulag ulgamy (*lat. transporto* – daşaýaryn, geçirýärin) – ýükleri daşamak we ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmat etmegiň we maddy önümçiligiň pudagy diýen manyda ulanylýar. 2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda «Türkmenistanyň ulag syýasatynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Ulag ulgamynyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. *Kärhanalaryň içinde* daşama işini amala aşyrýan senagat (önümçiligiň içindäki) *ulag ulgamy*;

2. *Dolanyşyk ulgamyna hyzmat edýän ulag ulgamy.*

*Umumy ulanylýan ulag* zähmet predmetlerini bir kärhanadan beýleki kärhana, taýýar önümleri önümçilik nokatlaryndan onuň sarp

edijilerine geçirýär, ýolagçylary gatnadýar we dolanyşyk ulgamynda önümçilik hadysasynyň dowamy bolup durýar.

Daşama serişdeleriniň, gatnaw ýollarynyň, dolandyryş we aragatnaşyk serişdeleriniň, şeýle hem olaryň işini üpjün edýän dürli tehniki we energetiki gurluşlaryň, gurallaryň hem enjamlaryň jemi Ýeke-täk ulag toplumyny (*ÝUT*), Ýeke-täk ulag ulgamyny (*ÝUU*) düzýär.

Ýeke-täk ulag toplumynyň düzümine ulagyň ähli görnüşleri – demir ýol, awtomobil, deňiz-derýa, howa, magistral nebit, gaz we önüm geçirijiler, şeýle-de ulagyň ýöriteleşdirilen görnüşleri (konweýer, gidrawliki, pnewmatiki, asma tanap ýoly we beýlekiler) girýär.

*21-nji tablisa*

**Türkmenistanda 2015–2016-njy ýyllaryň ýanwar-awgust aýlary boýunça geçirilen üstaşyr ýükleriň möçberi, *müň t.***

| Ulagyň görnüşleri | 2015 | 2016 |
|---|---|---|
| Suw ýollary | 17,8 | 61,9 (3,5%) |
| Howa ýollary | 5,1 | 16,3 (0,94%) |
| Demir ýollar | 1178,8 | 1062,9 (61,5%) |
| Gara ýollar | 584,2 | 586,8 (33,9%) |

● «Нейтральный Туркменистан» gazeti, 26.10.2016 ý.

Ýükleri daşamakdan we ýolagçylary gatnatmakdan başga-da ýeke-täk ulag toplumy ulag häsiýetli bolmadyk köpsanly beýleki wezipeleri hem ýerine ýetirýär, meselem, otly düzümini, önümçilik gaznalarynyň beýleki görnüşlerini düýpli abatlamak, uçar serişdeleriniň kömegi bilen mineral dökünleri dökmek, ýollary gurmak we ş.m.

Ulag ulgamy – gaznalary has köp talap edýän pudaklaryň biridir. Ulag ulgamynyň esasy önümçilik gaznalary (pudaklaýyn gaznany hasaba almazdan) halk hojalygy boýunça olaryň ululygyndan 15%-den gowragyny düzýärler. Onuň zerurlyklaryna ýurduň ýangyç-energetika serişdeleriniň uly paýy düşýär.

19. Sargyt № 1985

Ulag ulgamy önümçiligi giň jemgyýetçilik çäk taýdan bölmek we bileleşdirmek üçin mümkinçilikleri döredýär, şäheriň we obanyň ýakynlaşmagyna, zähmet serişdeleriniň has doly ulanylmagyna ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda, dünýäniň ähli ýurtlary ýeke-täk ulag toplumyny döretmegi we ony hemişe işe ukyply ýagdaýda saklamagy ösüşiň ileri tutulýan meselesi hökmünde kesgitleýärler, bu maksatlar üçin uly möçberde maýalar goýberilýär. 2018-nji ýylyň 5-nji ýanwarynda «Ulag howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Şu Kanun ulag howpsuzlygyny üpjün etmek çygrynda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklary düzgünleşdirýär, ulag howpsuzlygyny üpjün etmegiň hukuk, guramaçylyk we ykdysady esaslaryny kesgitleýär.

Ulag ulgamynyň önümi gös-göni önümçilik hadysasynda sarp edilýär. Ulag ulgamynyň önümini sarp etmegiň özboluşlylygy önümi ýygnamak we saklamak, ulagda äkidilýän we geçirilýän ukyp ätiýaçlyklary göz öňünde tutýar. Ýük we ýolagçylar köp bolanda ulag serişdelerine bolan zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin ulag ulgamynyň äkidýän we geçirýän ukyp gorlary (ätiýaçlyklary) bolmalydyr.

Harytlary daşamagyň gymmaty olaryň önümçilik gymmatyna goşulýar, bu bolsa ulag kärhanalarynyň we tutuş jemgyýetiň bähbitleriniň arasyndaky bellibir gapma-garşylyklary döredýär.

Ulag kärhanalary ýolagçylary gatnadýanlygy, ýygy-ýygydan ýükleri daşaýanlygy üçin tölegi öňünden töletdirýärler. Ulaglaryň käbir görnüşlerinde (demir ýol, derýa, howa we beýlekiler) daşamak (gatnatmak) üçin ulagyň degişli görnüşine ýa-da hatda ulagyň birnäçe görnüşlerine degişli kärhanalaryň gatnaşýandygyna garamazdan, ýükleriň we ýolagçylaryň ugradylýan nokadynda ýerleşýän kärhana tutuş gidýän ugry üçin tölegi töletdirýär. Munuň özi ulaglarda özara hasaplaşyklary geçirmegiň aýratynlyklaryny döredýär (daşamak hadysasyna gatnaşyjylaryň arasynda düşen serişdäni gaýtadan paýlamagyň meseleleri ýüze çykýar).

Ulag ulgamy – maddy önümçiligiň özbaşdak pudagy bolup, şol bir wagtda jemgyýetiň durmuşynyň syýasy-durmuş we medeni ugurlarynda aýratyn orny eýeleýär.

150.0 x 225.0 mm

Ulag ulgamynyň ösüşi çaklanylanda we meýilnamaladyrylanda görkezilen aýratynlyklary hasaba almak zerurdyr.

Ulaglaryň ähli görnüşleriniň hereket etmegini meýilnamalaşdyrmagyň esasy meselesi, halk hojalygynyň we ilatyň daşamakdaky zerurlyklarynyň öz wagtynda, ýokary hilli, has az çykdajylar bilen kanagatlandyrylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr. Onuň çözgüdi birnäçe ýerli meseleleri öz içine alyp, olaryň arasynda, adatça, şu aşakdakylar tapawutlandyrylýar:

– ulagyň aýratyn görnüşlerini köpeltmekde ileri tutulýan ugurlary esaslandyrmak;

– ulanylyş işiniň guralyşyny gowulandyrmagyň, kadalaşdyrmagyň, işgärleriň bilimini we hünär derejesini, zähmetkeşler köpçüliginiň durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň esasynda ulag ulgamynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak;

– daşamagyň (gatnatmagyň) dünýä bazarynda döwletiň ulag ulgamynyň bäsdeşlige ukyplylyk derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, *YTÖ*-niň iň täze gazananlarynyň esasynda ulag infrastrukturasyny, düzümini hemişelik täzelemek.

Ulagyň her bir görnüşiniň öz bellibir artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri bar. Ulag ulgamynyň sarp edijileriniň talaplaryny hasaba almak bilen tutuş pudagyň we onuň her pudakçasynyň önümçilik işiniň möçberi kesgitlenilýär.

### ***Ýükleri daşamagyň we ýolagçylary gatnatmagyň möçberini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak***

Ulag pudagyna onuň işini häsiýetlendirýän görkezijileriň toplumy mahsusdyr. Olaryň esasylary şu aşakdakylardyr:

1) *daşamagyň (ibermegiň) möçberi* – ýükler degişlilikde tonnalarda ölçenilýär. Olaryň düzümini has doly häsiýetlendirmek üçin, adatça, ýükleriň nomenklaturasyna baglylykda (nebit, kömür, agaç, mineral dökünler we ş.m.) hemmetaraplaýyn we ýöriteleşdirilen konteýnerlerde we gaplanan görnüşde daşamagyň möçberi kesgitlenilýär. Ulag hadysasynyň aýratynlyklary hasaba alnyp, kub metr, san we beýleki ölçeg birlikleri hem ulanylýar;

2) *ýük we ýolagçy dolanyşygy* – ýük dolanyşygy tonna/kilometrde ölçenilýär. Bir tonna/kilometr – bu 1 *t* ýük 1 *km* aralyga daşalanda ýerine ýetirilýän ulag işiniň möçberidir, ony *t*/*km* görnüşinde belgilemek kabul edilendir. Ýolagçy dolanyşygy – ýolagçylaryň sanyny olary gatnatma aralygyna köpeldip alynýar we ýolagçy/kilometrde (*ýol*/*km*) ölçenilýär,

3) *umumy ýük dolanyşygy we umumy daşama* – ýolagçylaryň gatnadylmagy geçiriji koeffisiýentleri ulanmak arkaly kesgitlenilýär;

4) *ýükleri daşamagyň we ýolagçylary gatnatmagyň ortaça uzaklygy* (kilometrde), *ulag serişdeleriniň ulanylyşynyň tehniki-ykdysady görkezijileri* (wagonyň bir gezek ýüklenileninden indiki gezek ýüklenilenine çenli sarp edilýän ortaça wagt birligi bilen ölçenilýän bir gije-gündizde ýük wagonynyň dolanyşygynyň ortaça wagty, ulag serişdeleriniň öndürijiligi; bir tonna/kilometriň bir ýolagçy/kilometriň özüne düşýän gymmaty we ş.m.), *menzilleriň, ýükläp-düşürýän toplumlaryň, ulag ýollaryň* (demir we awtomobil ýollaryň, turbageçirijileriň, howa ýollarynyň we ş.m.) geçiriji ukyplylygy.

Görkezilen görkezijilerden başga pudagyň önümçilik maliýe işiniň dürli taraplaryny häsiýetlendirýän beýleki görkezijiler hem ulanylýar (girdeji, peýda, düşewüntlilik, serişdeleri ulanmagyň netijeliligi we ş.m.)

Çaklama we meýilnama hasaplamalarynyň barşynda daşamaklyga bolan zerurlyklary we olary ýerine ýetirmek boýunça ulag ulgamynyň mümkinçiliklerini kesgitlemek esasy ugurlar bolup durýar. Adatça, olary kesgitlemegiň hadysasy toplumlaýyn häsiýetli bolup birnäçe tapgyrda amala aşyrylýar.

*Tapgyrlylyk* – hasaplamalaryň birnäçe görnüşini ýerine ýetirmekden ybarat bolup, düzgün bolşy ýaly, umumy makroykdysady çaklamalardan başlanýar we indikatiw meýilnamalar hem-de ýerli çaklamalar bilen tamamlanýar. Görkezijileriň gös-göni kesgitlenilişi, adatça, aşakdaky tehnologik yzygiderlilikde geçirilýär:

1. Ýük daşamagyň we ýolagçylary gatnatmagyň umumy möçberiniň çaklamasy.

150.0 x 225.0 mm

2. Ýükleri daşamagyň, şol sanda nomenklatura, sebitler, pudak edaralary boýunça çaklamasy.

3. Ýolagçylary gatnatmagyň, şol sanda sebitler we niýetlenilişi boýunça çaklamasy.

4. Ulagyň we gatnadyjylaryň görnüşleri boýunça ýük daşamagyň möçberiniň kesgitlenilişi.

Ýükleri daşamagyň we ýolagçylary gatnatmagyň umumy möçberiniň çaklamasy halk hojalygynyň ýükleri daşamak we ýolagçylary gatnatmak boýunça aýratynlykda, köplenç ýagdaýda, aşakdaky şu görkezijiler boýunça işlenip düzülýär: ýükleri ibermek, ýük we ýolagçy dolanyşygy.

Çaklamagyň intuitiw, resmileşdirilen, şeýle hem utgaşdyrylan usullary giňden ýaýrandyr, olar has anyk hasaplamalary almaga mümkinçilik berýär. Umumy görnüşde mesele daşamaga bolan islegiň oňa kesgitli täsiri ýetirýän ýagdaýlara baglylygyny tapmakdan ybarat bolup durýar. Şular ýaly ýagdaýlar esasy makroykdysady görkezijilerdir. Ýük daşamalary üçin bu görkezijilere, ozaly bilen, jemi içerki önüm, ykdysadyýetiň pudaklary boýunça önüm öndürmegiň möçberi, ýurda getirilýän we ýurtdan äkidilýän harytlaryň möçberi degişlidir. Ýolagçylaryň gatnadylyşy çaklanylanda esasy ýagdaýlar hökmünde – ilatyň sany, hereketliligi, girdejiler we ulag hyzmatlaryna tarifler hasaba alynýar. Ähmiýetli görkeziji hökmünde wagt tapawutlandyrylýar, onda, umuman, ähli geçýän ykdysady we durmuş hadysalary we olara täsir edýän ýagdaýlar jemlenýär.

Kabul edilen görkezijiler boýunça bellibir döwür üçin degişli statistiki saýlama geçirilýär. Eger-de geçen döwürlerde durmuş-ykdysady ýagdaýyň düýpli üýtgemeleri bolup geçen bolsa (nyrhlaryň we tarifleriň derejesiniň, öndürilýän önümleriň möçberiniň, ilatyň durmuş derejesiniň duýdansyz üýtgemegi, garaşylmadyk ýagdaýlaryň düýpli täsiri we ş.m.), onda goşmaça ýagdaýlar girizilýär.

Intuitiw usullaryň arasynda toparlaýyn bilermenleriň baha beriş usullary giňden ýaýrandyr. Ýükleri daşamagyň möçberini kesgitlemek üçin ulag göwrümliligini we daşama koeffisiýentlerini ulanmak bilen kadalar hem-de balans usuly ulanylýar.

Ýük daşama onuň möçberinden we aralyk ugurlaryndan alnyp kesgitlenilýär, ony ulag meselesini çözmek arkaly kesgitlemek maksadalaýykdyr.

Nomenklatura, sebitler, pudak edaralary boýunça ýükleri daşamagyň möçberi önümleri öndürmegiň we sarp etmegiň, eksportyň we importyň hasaplamalarynyň esasynda ýükleriň nomenklaturasynyň (ýerler boýunça) ugradylyşynyň möçberini kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Adatça, çaklama önümiň ulaldylan nomenklaturasy – daşkömür, koks, nebit we nebit önümleri, gaz, magdan, gara metallar, tokaý, gurluşyk materiallary, mineral dökünler, däne, un, ýarma we ýükleriň beýleki (ýa-da gaýry) toparlary boýunça geçirilýär. Nomenklatura pugta berkidilen däldir, ol daşalmagy üçin aýratyn şertleriň ýerine ýetirilmegini talap edýän önümleriň täze görnüşleriniň önümçiligi özleşdirilende takyklanyp bilner.

Daşamagyň umumy möçberinden konteýnerlerde daşalýan ýükler tapawutlandyrylýar. Konteýnerlerde daşamagyň möçberinde ýöriteleşdirilen konteýnerlerde, şeýle hem iri-tonnaž konteýnerlerde (brutto 10 *t* we ondan köp) daşamalar tapawutlandyrylýar.

Daşamagyň möçberi, umuman, ýurt boýunça, şeýle-de sebitler, ministrlikler, pudak edaralary, hojalyk subýektler we aýry-aýry halk hojalyk meseleleri boýunça hasaplanylýar. Bu maksatlar üçin önüm öndürmegiň we sarp etmegiň balanslary düzülýär, olaryň esasynda ýurda getirilmäge we ýurtdan äkidilmäge degişli ýükleriň umumy möçberini häsiýetlendirýän jemleýji ulag balanslary işlenip taýýarlanylýar. Olaryň esasynda daşamagyň üpjün edilişi boýunça çäreler işlenip taýýarlanylýar.

Ýolagçylary gatnatmagyň çaklamasy şäheriň daşyndaky we içindäki geçirmeler üçin aýratynlykda işlenip düzülýär.

Ulaglaryň ähli görnüşlerinde hem-de onuň aýry-aýry görnüşleri boýunça şäheriň daşyndaky gatnawlarda ýolagçy dolanyşygynyň görkezijisi ilatyň sany, onuň hereketliligi, hakyky girdejileriň derejesi hakyndaky maglumatlaryň esasynda kesgitlenilýär.

Ilatyň ulag hereketliligi bir ýaşaýja ýolagçy / kilometriň mukdary bilen ölçenilýär. Onuň ösüşi köp ýagdaýlara, ilki bilen, ilatyň hakyky

150.0 x 225.0 mm

girdejileriniň, tarifleriniň ululygyna, ulag ulgamynyň ösüş derejesine, ykdysadyýetiň «açyklyk» derejesine baglydyr. Adatça, bu maksatlar üçin birinji tapgyrda ilatyň hakyky girdejileriniň we onuň ulag hereketliliginiň arasyndaky korrelýasion gatnaşyk tapylýar, ikinji tapgyrda bolsa binýatlyk döwründen tapawutlylykda çaklama döwründe onuň ululygy ýagdaýlaryň täsirini hasaba almak bilen düzedilýär. Düzgün bolşy ýaly, çaklamak we meýilnamalaşdyrmak hadysasynda ikinji tapgyr has çylşyrymly bolup durýar. Çünki binýatlyk döwründen tapawutly ýagdaýlar köp babatda ähtimallyk häsiýetine eýe bolup, onuň düzedilişi çaklamagyň intuitiw usullaryny ulanmak arkaly amala aşyrylýar. Bu maksatlar üçin binýatlyk maglumat hökmünde bilermenler tarapyndan ýurduň, sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň, *YTÖ*-niň gazananlarynyň ornaşdyrylmagynyň, daşary ykdysady gatnaşyklaryň, syýahatçylygyň ösüş çaklamalary, harytlaryň we adamlaryň hereketiniň mümkin bolan çäklendirmeleriniň we gadaganlyklarynyň garaşylýan ýatyrylmalary we beýlekiler ulanylýar.

Hasaplamalaryň has anyk bolmagyny gazanmak üçin ýolagçy/dolanyşygynyň ululygy çaklamagyň beýleki usullarynyň kömegi bilen ugurdaş kesgitlenilýär, olardan ýolagçy dolanyşygynyň we jemi içerki önümiň arasyndaky korrelýasion gatnaşyklaryň, şeýle-de ol *YTÖ*-niň daşamagyň möçberiniň üýtgemegine edýän täsiriniň derejesini öwrenmegiň, daşamalara bolan islegiň we ony doly kanagatlandyrmagyň mümkinçilikleriniň esasynda düzülen usullar has giňden ýaýrandyr.

Ýolagçylaryň gatnadylmagyny, şol sanda olaryň ugradylmagyny, geçirmegiň uzaklygyny häsiýetlendirýän beýleki görkezijiler hem çaklanylýar. Ilatyň sanyndan, onuň hakyky girdejileriniň derejesinden, şäher ilatynyň toplanma derejesinden köpçülikleýin dynç alyş zolaklarynyň geçiriş ukyplylygyndan, ulag ulgamynyň kuwwatlylygyndan we ş.m. başga daşamagyň möçberine we uzaklygyna täsir edýän ýagdaý hökmünde onuň niýetlenilişi, ýagny gurluşy çykyş edýär. Adatça, bu adalganyň düzümine raýatlaryň saparda bolan wagtlaryndaky maksatlary girizilýär, olar dürli-dürli bolandygy sebäpli, olary toparlara bölýärler, şol sanda:

150.0 x 225.0 mm

– iş saparlary boýunça;

– syýahatçylyk boýunça;

– dynç alşyň geçiriljek ýerleri boýunça;

– hemişelik ýaşaýan ýerinden çäk taýdan uzakda ýerleşen senagat obýektlerine (nebit çykaryjy, agaç taýýarlaýjy we beýlekiler) işçi güýjüni toparlaýyn gatnatmaklary boýunça;

– harby gullukçylary köpçülikleýin gatnatmak boýunça;

– ilaty ekologiýa taýdan howply sebitlerden göçürmek we beýlekiler.

Şäheriň içindäki gatnawlarda şäherleriň ýolagçy awtoulaglary arkaly ýolagçylary gatnatmaga bolan zerurlyk hasaplanylanda awtobuslarda daşamagyň zerurlygy tapawutlandyrylýar. Soňky ýagdaýda şäheriň bir ýaşaýjysyna hasaplanylanda ilatyň taksiniň tölegli hyzmatlaryna bolan isleginiň hakyky girdejileriň derejesine baglylygy hasaba alynýar. Şäherleriň jemgyýetçilik ýolagçy ulagynyň ýolagçylary gatnatmagynyň kuwwatlyklarynyň zerur ösüşi kesgitlenilende ilatyň şahsy ulanylyşdaky awtoulag serişdeleriniň hem-de gulluk we pudak edaralaryň awtoulaglarynyň serişdeleriniň, ýolagçylary gatnatma mümkinçilikleri-de hasaba alynýar.

Ulagyň we daşaýjylaryň görnüşleri boýunça daşamagyň möçberi binýatlyk döwründe ýetilen derejäni hem-de geljekde garaşylýan üýtgemeler hasaba alnyp kesgitlenilýär. Mundan başga-da ulagyň her bir görnüşiniň tehniki-ykdysady we ulanylyş aýratynlyklary, şeýle-de ýüküň görnüşi, daşamagyň uzaklygy we tizligi, daşamagyň harajatlary we tarifleri, ulag birliginiň ýük göterijiligi, daşamagyň üznüksizligi we ulagyň başarnykly peýdalanylyşy hasaba alynýar. Tehniki-ykdysady mümkinçilikler, ýagny ulag infrastrukturasynyň hem-de ulag serişdeleriniň önümçilik kuwwaty hasaplanylýar, onuň esasynda daşamagyň çäk möçberi (geçiriji ukyplylygy boýunça) ýerleşýär. Şol bir wagtda sargytçy tarapyndan ulagyň degişli görnüşinde hödürlenip bilinjek daşamagyň çaklanylýan ululygy hem kesgitlenilýär.

Ýükleriň daşalmagy we ýolagçylaryň gatnadylmagy çaklanylanda ulagyň her bir görnüşi ulanylanda emele gelen ulgamlar hasaba alynýar, meselem:

– gysga aralykda (100 kilometre çenli) ýolagçylary köpçülikleýin gatnatmak üçin, köplenç, demir ýol ulagy, ýaýradylan ýolagçy akymlarynda bolsa awtomobil ulagy ulanylýar;

– ortaça aralykda (100 kilometrden 500 kilometre çenli), köplenç, demir ýol ulagy ulanylýar. Awtobuslar kiçiräk şäherleriň arasynda gatnaw üçin, şeýle-de demir ýollardan uzakda ýerleşýän ilatly nokatlar bilen aragatnaşyk saklamak üçin ulanylyp bilner. Howa ulaglary bu zolakda, köplenç, ulagyň beýleki görnüşleri bilen gowşak üpjün edilen ýerlerinde ulanylyp bilner;

– uzak aralykda (500 kilometrden köp), esasan, demir ýol we howa ulaglary ulanylýar, daşamagyň uzaklygy artdygyça, howa ulaglarynyň orny ýokarlanýar;

– derýa we deňiz ulagy, esasan, gatnawlaryň beýleki görnüşleri bolmadyk ýerlerde ýolagçylary gatnatmak üçin, şeýle hem dynç alyş we syýahatçylyk üçin ulanylýar.

### *Taslama boýunça daşamaklygy zerur serişdeler bilen üpjün etmek*

Daşamagyň meýilnamalaşdyrylýan möçberiniň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin ulag kärhanalarynda ulag serişdeleriniň zerur möçberi, ýangyç, beýleki maddy serişdeler, aragatnaşyk, beketler, menziller, portlar, pristanlar bolmaly. Ulagyň düzümine bolan zerurlygy we olary kanagatlandyrmagyň mümkinçiligini ýüze çykarmak aýratyn wajyp ähmiýete eýedir.

Talap edilýän düzümiň möçberi ýükleri daşamagyň we ýolagçylary gatnatmagyň meýilnamalaşdyrylýan möçberine, ulanylýan ulag serişdeleriniň tehniki-ykdysady görkezijilerine we ýylyň dowamynda daşamagyň gyradeň bolmazlygynyň derejesine baglydyr. Daşamagyň häsiýetinde bar bolan tapawutlyklary ulanylyş şertleri we emele gelen taryhy aýratynlyklary hasaba alyp, hasaplamalar ulagyň her bir görnüşi boýunça geçirilýär.

*Demir ýol ulagy.* Ýükleri daşamak üçin teplowozlara (elektrowozlara) bolan zerurlyk $N_{t.g.}$ ýük dolanyşygynyň birýyllyk çaklanylýan möçberini ýylda 365 güne hem-de olaryň ortaça gije-gündizdäki öndürijiligine bölüp, ätiýaçlyk koeffisiýentine köpeltmek arkaly kesgitlenilýär, ýagny:

150.0 x 225.0 mm

$$N_{t.g.} = \frac{Q_t}{365 * q_{t.g}} * K_{t.g.}, \qquad (68)$$

bu ýerde: $Q_{t.}$ – teplowozlarda (elektrowozlarda) ýük dolanyşygynyň çaklanylýan möçberi, $t/km$; $q_{t.g.}$ – teplowozyň (elektrowozyň) ortaça gije-gündizdäki öndürijiligi, $t/km/gije\text{-}g.$; $K_{t.g.}$ – teplowozlaryň, (elektrowozlaryň) ätiýaçlyk koeffisiýenti ($K = 1 + a / 100$, bu ýerde $a$ – ätiýaçlyk göterimi).

Ýolagçy hereketi üçin teplowozlaryň (elektrowozlaryň) mukdary $N_{t.ýo.}$ ýolagçy dolanyşygynyň çaklanylýan birýyllyk möçberini 365-e we ortaça gije-gündizdäki öndürijiligine bölüp, ätiýaçlyk koeffisiýentine köpeltmek arkaly kesgitlenilýär:

$$N_{ýo} = \frac{Q_{ýo}}{365 * q_{t.ýo}} * K_{t.g.}, \qquad (69)$$

bu ýerde: $Q_{ýo.}$ – teplowozlarda (elektrowozlarda) daşalanda ýolagçy dolanyşygynyň çaklanylýan möçberi, $ýo/km$; $q_{t.ýo}$ – teplowozyň (elektrowozyň) ortaça gije-gündizdäki öndürijiligi, $ýo/km/g.g.$; $K_{t.ýo}$ – teplowozlaryň (elektrowozlaryň) parkynyň ätiýaçlyk koeffisiýenti.

Ýük wagonlaryna bolan umumy zerurlyk $N_{ýu.w.}$ şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$N_{ýu.w} = \frac{Q_{ýu}}{365 * Ý_s} * K_{ýu.w}, \qquad (70)$$

bu ýerde: $Q_{ýü}$ – ýylda iberilmeli ýükleriň çaklanylýan möçberi, $t$; $t_w$ – wagonyň aýlanyşygynyň ortaça wagty, gije – $g.$; $Ý_{üs}$ – wagonyň statik ýüki, $t$; $K_{ýü.w.}$ – wagonlaryň ätiýaçlyk koeffisiýenti.

Ätiýaçlyk koeffisiýenti ýükleri daşamagyň möwsümleýin gyradeň bolmazlygyny, düýpli abatlaýyş işlerini geçirmegiň zerurlygyny, wagonlara tehniki taýdan hyzmat etmekligi we beýleki garaşylmadyk ýagdaýlary hasaba alýar. Wagonyň ortaça statik ýüki – ýükleriň gurluşyna, wagonlaryň görnüşine we ýükleýiş görkezijilerine baglylykda

150.0 x 225.0 mm

ýüklemegiň paýlanylyşyna baglydyr. Wagonlaryň aýlanyşygynyň ortaça wagty bir ýerden başga ýere geçmegiň dowamynda, tehniki we ýük stansiýalarynda bolan wagt bilen kesgitlenilýär.

Ýolagçy wagonlaryň zerur möçberi $N_{ýo.w.}$ şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$N_{t.ýo} = \frac{Q_{ç.ýd}}{365 * S * Ýü_{w}} * K_{ýo.w}, \qquad (71)$$

bu ýerde: $Q_{ç.ýd}$ – bir ýyla ýolagçy dolanyşygynyň çaklanylýan möçberi, *ýo/km.*; $S$ – ýolagçy wagonynyň gije-gündizde ortaça geçen ýoly, *km*; $Ýü_{w}$ – wagonyň ýolagçylar bilen ortaça doluşy, adam; $K_{ýo.w.}$ – wagonlaryň ätiýaçlyk koeffisiýenti.

Ýük we ýolagçy wagonlaryň tirkelen sanyna ýörite wagonlar – poçta, goş, restoran – wagonlary we beýleki zerurlyklar üçin wagonlar goşulýar.

*Awtomobil ulagy.* Awtomobillere bolan zerurlygy ýüze çykarmak üçin ilkibaşda bir awtomobil/tonnanyň (awtobus/ýeriniň) mümkin bolan birýyllyk öndürijiligi ($g_{awt}$) şu formula boýunça anyklanylýar:

$$g_{awt} = 365 \cdot \alpha \cdot T_{n.i} \cdot V_{n.ul} \cdot \beta \cdot \gamma \cdot Hc,\ t/km\,/\,ýyl\ (ýol/km\,/\,ýyl), \qquad (72)$$

bu ýerde: $\alpha$ – awtomobilleri ýola goýbermegiň koeffisiýenti; $T_{n.i}$ – bir gije-gündizde awtomobiliň işde ortaça bolýan wagty, sagat; $V_{n.ul}$ – awtomobilleriň ortaça ulanylyş tizligi, *km/sag*; $\beta$ – gatnawy ulanmagyň koeffisiýenti; $\gamma$ – ýük göterijiligi (sygymy) ulanmagyň koeffisiýenti; $H_{c}$ – awtomobiliň ýük göterijiligi (sygymy).

Görkezilen görkezijileri esaslandyrmak üçin deslapky maglumatlar bolup geçen döwür üçin işiň hasabat maglumatlary, çaklama hasaplamalarynyň netijeleri hem-de awtomobil (awtobus) parkyny has netijeli ulanmak boýunça ýerine ýetirilmegi meýilnamalaşdyrylýan çäreler we çaklanylýan hasaplamalaryň netijeleri çykyş edýär.

Ýük dolanyşygynyň (ýolagçy dolanyşygynyň) umumy çaklanylýan möçberini bir awtomobil/tonnanyň (awtobus/ýeriniň) mümkin bolan birýyllyk öndürijiliginiň anyklanylan sanyna bölüp, awtomobil/-

150.0 x 225.0 mm

-/tonnanyň (awtobus/ýeriniň) zerur möçberi tapylýar, soňra dürli maksatly awtomobillere (awtobuslara) paýlanylýar.

*Suw ulagy (deňiz we derýa).* Bu ulaga bolan zerurlygy kesgitlemek üçin deslapky maglumatlar bolup ýük dolanyşygynyň meýilnamalaşdyrylýan möçberi, deňiz flotunyň ýük göterijiliginiň bir tonnasynyň öndürijiligi we gäminiň ulanylyş döwrüniň dowamlylygy çykyş edýär. Ýük göterijiliginiň bir tonnasynyň öndürijiligi deňiz portlaryndaky ýük işleriniň güýçlendirilmegine, ýük göterijiliginiň ulanylyş koeffisiýentine, gäminiň tizligine we daşamagyň ortaça uzaklygyna baglydyr. Gäminiň ulanylyş döwrüniň dowamlylygy (daşalanda, kärendede, ekspedisiýalarda, ätiýaçlykda) abatlaýyş işleriniň ýerine ýetirilmegi, tehniki taýdan hyzmat edilmegi, gämileriň gyşa we ýörite işlere goýulmagy sebäpli işsiz durmagyny aýyrmak wagtyň birýyllyk balansyny öz içine alýar.

Şonuň ýaly yzygiderlikde ýük floty bilen deňeşdirilende bar bolan aýratynlyklar hasaba alnyp, ýolagçylary gatnatmak boýunça gämilere bolan zerurlyk hasaplanylýar.

*Howa ulagy.* Howa gämileriniň mukdary ýolagçy dolanyşygynyň (ýük dolanyşygynyň) umumy möçberini bir uçaryň ýa-da dikuçaryň uçuşlarynyň ortaça birýyllyk öndürijiligine bölmek arkaly hasaplanylýar. Uçaryň ýa-da dikuçaryň uçuşlarynyň öndürijiligi ulanylyş tizligini ýüküň çaklanylýan ululygyna hem-de sagatlaryň ortaça birýyllyk uçuşyna köpeldilip tapylýar. Şunuň ýaly usul halk hojalygynda işleri ýerine ýetirmek (oba hojalyk ýerlerini işlemek, tokaýlara gözegçilik etmek, geologik gözlegler we ş.m.) üçin uçarlara we dikuçarlara bolan zerurlyk hasaplanylanda ulanylýar.

Ýangyja we beýleki maddy serişdelere bolan zerurlyk olaryň sarp ediş kadalaryny ulag işiniň möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär.

Konteýnerleriň parkyna bolan zerurlyk konteýnere ýaramly ýükleri ibermegiň çaklanylýan ýyllyk möçberiniň hem-de degişli görnüşdäki şertli konteýneriň tonnalarda ýyllyk öndürijiliginiň ätiýaçlyk gaznasynyň barlyk koeffisiýentine düzetmegiň esasynda kesgitlenilýär.

150.0 x 225.0 mm

Zerur serişdelere hasaplanylan zerurlyklar olary kanagatlandyrmagyň maliýe hem-de beýleki mümkinçilikleri bilen baglanyşdyrylýar. Şeýle barabarlyk bolmadyk halatynda zerur balansa ýetmek üçin çäreler görülýär.

### *Aragatnaşygyň we informatikanyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak*

Aragatnaşyk we informatika adamlaryň işewür toparlaýyn we şahsy aragatnaşygyny üpjün edýär. Olaryň esasy meselesi gysga wagtyň dowamynda ýokary hilli we doly möçberde sarp edijä zerur maglumatlary bermekden we almakdan ybaratdyr. Mundan başga-da bu hyzmatlar gymmaty boýunça elýeter we käbir ýagdaýlarda gizlin häsiýetli bolmalydyr. 2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda «Aragatnaşyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Häzirki zaman şertlerinde halk hojalygynyň üstünlikli hereket etmegini we durmuş-ykdysady hadysasynyň zerur şertlerini üpjün edýän wajyp bölek hökmünde aragatnaşygyň we informatikanyň orny hemişe artýar.

Önümçilik infrastrukturasynyň bu böleginiň hereket edişini we ösüşini çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň esasy meselesi halk hojalygynyň ilatyň we onuň hyzmatlaryna bolan zeruryklaryny iň az maliýe, ekologik şeýle hem ony amala aşyrmak üçin beýleki harajatlary has doly kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Görkezilen mesele çözülende aragatnaşyk we informatika hyzmatlarynyň her görnüşiniň özboluşlylygy we ösüş derejesi hasaba alynýar.

Aragatnaşygyň we informatikanyň ösüşini çaklamagyň esasy görkezijileri – gymmatlyk ölçeginde önümleriň möçberi, şäherara we halkara geçirijilerinde telefon ulgamlaryň uzaklygy, şäher we oba beketleriniň maglumatlary ibermegiň kanallarynyň we telegraf torunyň kommunikasiýa düwünleriniň sygymy 1 *kWt* we ondan ýokary kuwwatlygy bolan telewizion beketleriniň, aragatnaşygyň toplumlaýyn mehanizmleşdirilen kärhanalarynyň, müşderilerde tele-

fon enjamlarynyň möçberi. Aragatnaşygyň we informatikanyň önümleriniň möçberi – habarlary (telefon, telegraf, poçta, radiotelefon) teleýaýlym we radiogepleşikleri bermek boýunça, şeýle-de sarp edijilere ulanmaga hereket edýän tehnologik serişdeleri hödürlemek boýunça halk hojalygyna we ilata edilýän hyzmatlaryň toplumyny öz içine alýar. Ol natural görnüşde hyzmatlaryň hasaplanylan möçberleriniň we olara laýyk gelýän pudagyň içindäki nyrhlaryň esasynda kesgitlenilýär. Çaklama hasaplamalaryň barşynda ilatyň sanynyň, hakyky girdejileriniň üýtgeýşi we beýleki ýagdaýlaryň täsiri hasaba alynýar.

Aragatnaşyk we informatika hyzmatlarynyň hasaplanylan möçberi pudagyň ösüş mümkinçilikleri hem-de ozaly bilen ähli görnüşdäki aragatnaşyk geçirijileri radiogepleşikleri we telewizion beketleri, şäher we oba *ATB*-si, poçta aragatnaşygynyň kärhanalary boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň ýagdaýy bilen deňeşdirilýär.

## 7.2. Ilata hyzmat ediş ulgamynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

### *Ilata hyzmat ediş ulgamynyň pudaklar boýunça işiniň häsiýetnamasy we aýratynlyklary*

Adamzat öz ýaşaýşynyň dowamynda maddy gymmatlyklary döretmekden başga iýmite, egin-eşige bolan zerurlyklaryny kanagatlandyrmak, bilim derejesini ýokarlandyrmak, saglygyny berkitmek we beýlekiler boýunça köpsanly dürli işleri ýerine ýetirýär. Şahsyýetiň maddy we ruhy zerurlyklaryny üpjün etmekden ybarat bolan peýdaly netijäni berýän işleriň görnüşlerini sarp ediş hyzmatlary hökmünde toparlara bölmek, hasaba almak kabul edilendir. Olaryň köp bölegi ilatyň ilkinji nobatdaky, ýaşaýyş zerurlyklaryny kanagatlandyrýar we ahyrky netijede işçi güýjüni üznüksiz öndürmäge ýardam berýär.

Ilata hyzmat ediş ulgamynyň şu pudaklary aşakdaky hyzmatlary ýerine ýetirýär: milli bilim, medeniýet we köpçülikleýin habar

beriş serişdeleri, saglygy goraýyş, bedenterbiýe we durmuş üpjünçiligi, ýaşaýyş-jemagat hojalygy we ilata durmuş taýdan hyzmat ediş ulgamy. Mundan başga-da ilata hyzmat ediş ulgamyna maddy önümçilik ulgamyna degişli işleriň käbir görnüşleri girizilýär: söwda we jemgyýetçilik iýmiti, durmuş hyzmatlarynyň önümçilik görnüşleri – durmuş tehnikasyny, enjamlary abatlamak, mebel taýýarlamak we abatlamak, egin-eşikleri we aýakgaplary sargyt boýunça tikmek, himiki arassalaýyş we boýag işleri.

*Hyzmatlaryň özboluşlylygy* – olaryň öndürilişiniň we sarp edilişiniň wagt taýdan gabat gelýändiginde, şonuň bilen baglylykda, olary toplap bolmaýandygynda, olaryň sarp edijileriň bar ýerinde döredilmelidiginde hem jemlenýär. Şonuň üçin sarp ediş hyzmatlaryny döredýän pudaklaryň ösüşini döwlet tarapyndan kadalaşdyryş, çaklaýyş we meýilnamalaşdyryş ulgamy merkezleşdirilmelidir, ýagny, esasan, welaýat, şäher, etrap dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar, iň ýokary derejede sarp edijilere ýakynlaşan we ýerli şertleri nazara alýar.

Hyzmatlar ulgamynyň aýratynlygy onuň, esasan, ekstensiw ýol bilen ösýändiginden hem ybaratdyr. Eger-de maddy önümçilikde önümiň artyşy, köplenç, zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň, ýagny intensiw ýagdaýlaryň hasabyna amala aşyrylýan bolsa, onda hyzmat ediş ulgamynda hyzmatlaryň möçberiniň artyşy, esasan, işleýänleriň sanynyň artmagynyň hasabyna bolup geçýär. Tölegli hyzmatlary döredýän pudaklarda zähmetiň netijeliliginiň ýokarlanyşy, ilki bilen, ilata edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmakda hem-de hödürlenilýän hyzmatlaryň sanawyny artdyrmakda öz beýanyny tapýar. Şunuň bilen baglylykda, geljekde hem hyzmatlar ulgamynyň ösüşi şol pudaklara goşmaça işçi güýjüni çekmäge esaslanar. Bu, aýratyn hem bilim, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi ýaly pudaklara degişlidir.

Ilata hyzmat ediş ulgamynyň hereket edişini we ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak pudaklaryň aýratynlyklaryny hasaba alyp geçirilýär.

150.0 x 225.0 mm

### *Bilimi we hünärmenleriň taýýarlanylyşyny çaklamak hem-de meýilnamalaşdyrmak*

Bilimi we hünärmenleriň taýýarlanylyşyny çaklamak hem-de meýilnamalaşdyrmak pudagyň öňünde goýlan maksatlary hem-de meseleleri, olary amala aşyrmak boýunça jemgyýetiň maliýe, maddy we beýleki mümkinçiliklerini hasaba almak bilen amala aşyrylýar. 2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaça girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň ösüşi çaklananda we meýilnamalaşdyrylanda şeýle görkezijiler: okuwçylaryň birlikleri, kabul edilişi we goýberilişi, synplaryň sany, bir synpda okuwçylaryň ortaça sany, sapaklaryň çalşyklaýynlygy, mekdepleriň tory we onuň ösüşi we ş.m. hasaba alynmaly. Olaryň esasysy okuwçylaryň kontingenti bolup, onuň esasynda beýleki görkezijileriň ählisi, ýagny okuw otaglaryna bolan zerurlyk, mekdepleriň tory, onuň maddy binýady, zerur mugallym – işgärler kesgitlenilýär. Şol görkeziji umumy orta we hünär bilimini alýan şu toparlary tapawutlandyryp, okaýanlaryň umumy sanyny häsiýetlendirýär: başlangyç synp (1–4 synplar), doly däl orta mekdep (5–9 synplar), umumy orta bilim berýän mekdebiň 10–11-nji synplary, kollejler, orta hünär-tehniki mekdepleri, ýörite orta okuw mekdepleri.

Okuwçylaryň birligi, synplaryň dolulygy we sapaklaryň çalşyklaýynlygy synplara we synp ýolbaşçylaryna bolan zerurlygy hasaplamak üçin esas bolup durýar. Şunda laýyk mümkinçilikler bar bolan ýagdaýynda sapaklaryň çalşyklaýynlygyny gysgaltmagyň zerurlygyndan ugur alynýar. Aýry-aýry sapaklar boýunça mugallymlara bolan zerurlyk hasaplanylýar, ol synplarda okuwçylaryň sanyna, okuw meýilnamasyna laýyklykda, şol sapak boýunça sagat sanyna hem-de bir mugallyma düşýän ýüküň kadasyna (sagatda) baglylykda kesgitlenilýär.

Görkezijileriň ulgamy maddy, zähmet we maliýe serişdelerine bolan zerurlyklary kesgitlemek boýunça kadalar bilen esaslandyrylýar. Umumy orta bilim berýän mekdebiň üstünlikli hereket etmeginiň wajyp şerti – bu onuň maddy-tehniki binýadyny degişli ýagdaý-

da saklamakdyr. Umumy orta bilim berýän mekdepler häzirki zaman tehniki serişdeler bilen üpjün edilen, okuw kitaplary hem-de görkezme esbaplary bilen üsti ýetirilen bolmalydyr. Çaklama we meýilnama hasaplamalarynyň esasynda jaýlaryň we binalaryň, okuw serişdeleriniň talap edilýän tehniki we ulanylyş ýagdaýyny üpjün etmek, bilim işgärleriniň derejesini ýokarlandyrmak, mekdep-internatlaryň we ýetimler öýleriniň çagalarynyň, okuwçylaryň, mugallymlaryň durmuş taýdan goraglylygyny güýçlendirmek, mekdepden öňki çagalar edaralarynyň toruny saklamak we mekdepden öňki bilimiň milli ulgamyny ösdürmek boýunça amaly çäreler işlenip taýýarlanylýar.

Köplenç, şuňa meňzeş meseleler hünär bilimine degişlilikde-de çözülýär. Bu ozaly bilen, köp derejeli we köp görnüşli ulgamly okuw mekdepleriň rejeli toruny döretmekdir, ol maliýeleşdirmegiň dürli çeşmelerini, şol sanda okaýanlaryň serişdelerini çekmekligi utgaşdyrýar.

Ýokary we ýörite orta bilim çaklanylanda, meýilnamalaşdyrylanda, düzgün bolşy ýaly, şu aşakdakylar göz öňünde tutulýar:

– jemgyýetiň, döwletiň we şahsyýetiň talaplaryna laýyk gelýän hem-de hünär taýýarlygynyň hiliniň ýokarlanmagyny, şahsy çemeleşmäniň güýçlenmegini, döredijilik ukybynyň ösmegini, geljekki hünärmenleriň durnukly durmuş ornunyň emele getirilmegini, önümçilik bilen gatnaşygyň berkidilmegini üpjün edýän gurluş-düzüm özgertmelerini amala aşyrmak;

– bilim ulgamynyň kadalaşdyryjy, okuw-usulyýet we ylmy üpjünçiligini kämilleşdirmek;

– pudagyň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak.

Adatça, bilim derejesi, olaryň ösüş depgini, bölekler hem-de toparlar boýunça derejeli hünärmenleri taýýarlamak bilen baglanyşykly meseleleriň toplumy kesgitlenilýär. Ýokary we orta ýörite bilimli hünärmenleriň taýýarlanylyşy çaklanylanda şu görkezijiler işlenip taýýarlanylýar:

– ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerine kabul etmek;

– hünär toparlary, okuwyň görnüşleri we ýokary okuw mekdepler boýunça hünärmenleri goýbermek.

150.0 x 225.0 mm

Meýilnama okuw ýylynyň başynda okuwçylaryň sanynyň görkezijisi hem-de okuwyň görnüşleri boýunça umumylykda hasaplanylýar.

Hünärmenlere bolan zerurlyk häzirki hem-de geljekki döwürlere kesgitlenilýär. Geljekki döwre bolan zerurlyk degişli pudaklaryň, iş ulgamlaryň ösüş görkezijilerinden ugur alnyp hasaplanylýar. Geljek üçin hünärmenleri taýýarlamagyň çaklamasynyň esasynda işiň we pudaklaryň her bir ulgamynda ylmy taýdan esaslandyrylan goşmaça zerurlygy olaryň ösüşini, şeýle hem tebigy hasapdan çykmagyň öwezini dolmagy, tejribeçileri diplom alan hünärmenler bilen bölekleýin çalşylmagy we beýlekileri nazara almak bilen kesgitlemek ýatandyr.

Ýokary we ýörite orta bilimli hünärmenleri taýýarlamagyň toplumlaýyn çaklamasy işlenip taýýarlanylanda jemgyýetde umumy durmuş-ykdysady ýagdaý bilen baglanyşykly sebäpleri, kadalaşdyryjy kanunçylyk binýadyň çak edilýän üýtgemeleri, dünýä jemgyýetçiligi bilen gatnaşyklaryň ösüşi bilen baglanyşykly sebäpleri we alnan netijelere täsir edip biljek birnäçe beýleki şertleri hem hasaba almak zerurdyr. Şular ýaly işläp taýýarlamalar, köplenç, çaklamagyň intuitiw usullaryny ulanmagyň esasynda ýerine ýetirilýär, haçanda dogry maglumatlaryň ýeterlik möçberi bolanda, resmileşdirilen usullar bilen üsti ýetirilýär.

Hünärmenleri taýýarlamak boýunça hasaplamalar okuw mekdepleriniň maddy binýadynyň (okuw we ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy, zerur enjamlaryň satyn alynmagy) ösüşiniň geljegi hem-de professor-mugallymlar düzümi bilen üpjünçiligi bilen baglanyşmalydyr.

Bilimli hünärmenleri taýýarlamagyň meýilnama-çaklamalary işlenip taýýarlanylanda pudagy maliýeleşdirmegiň meseleleri kesgitleýji bolup çykyş edýär. *JIÖ*-niň ýokary derejesi bolan dünýäniň aglaba döwletlerinde umumy orta we başlangyç hünär bilimi almak üçin çykdajylaryň öwezi döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna dolunýar. Ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerinde hünärmenler taýýarlanylanda maliýeleşdirmek garyşyk häsiýetli bolýar, ýagny hem döwletiň býujetinden, hem dürli ýuridik şahslardan we gös-göni dalaşgärlerden amala aşyrylýar.




**4-nji diagramma. Bilim ulgamy boýunça esasy görkezijiler.**
(«Нейтральный Туркменистан» gazeti, 18.05.2017 ý.)

### *Saglygy goraýşyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak*

Saglygy goraýşy çaklamak we meýilnamalaşdyrmak aşakdaky ýaly meseleleriň çözülmegine gönükdirilendir:

– saglygy goraýşyň döwlet edaralarynda lukmançylyk kömeginiň bellenen möçberini kepillikli üpjün etmek;

– lukmançylyk hyzmatlarynyň bazaryny emele getirmek, maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmelerini ulanmak;

– ilkinji lukmançylyk kömeginiň ileri tutulýan ösüşini üpjün etmek;

– ilkinji nobatda hereket edýän edaralaryň durkuny täzelemek;

150.0 x 225.0 mm

– ýerli derman senagatyna girýän, daşary ýurt kärhanalary bilen bilelikdäki kärhanalary (önümçilikleri) ösdürmek;

– lukmançylyk işgärlerine, şol sanda ýokary töwekgelçilikli etraplarda, önümçiliklerde zähmet we ýaşaýyş üçin amatly şertleri döretmek;

– saglygy goraýyş babatda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek we ösdürmek.

Lukmançylyk edaralarynyň ösüş çaklamasy ilatyň bejeriş-öňüni alyş kömegine zerurlygynyň maksatly kadalaşdyryjylaryny, serişdelere zerurlyk hem-de olary kanagatlandyrmagyň hakyky mümkin bolan möhletler barada maglumatlary ulanmaga esaslanýar.

Saglygy goraýşy ösdürmegiň meýilnama-çaklamasy ilata edilýän lukmançylyk hyzmatynyň ösüşini häsiýetlendirýän esasy görkezijileri öz içine alýar – hassahana orunlarynyň, lukmançylyk wezipeleriniň, ilatyň saglyk öýlerine, ambulatoriýalara barşynyň, şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde orunlaryň sany we ş.m.

10 müň adama niýetlenen görkezijileriň her biri lukmançylyk kömegi we öňüni alyş hyzmatlar bilen üpjünçiligi häsiýetlendirýär. Mundan başga-da bu görkezijiler hyzmat edýän işgärleriň sanyny, derman serişdeleriniň önümçiligini, maddy-tehniki üpjünçiligiň derejesini we saglygy goraýyş edaralaryny maliýeleşdimegiň möçberini meýilnamalaşdyrmak üçin ulanylýar.

Geljekki döwür üçin hassahana orunlarynyň zerur möçberi 10 müň adama keselleriň görnüşleri boýunça tapawutlandyrylyp bellenilen kadalaşdyryjydan hem-de ilatyň çaklanylýan sanyndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Hassahana orunlarynyň gaznasyna zerurlyk $N_{o.g.}$ şu formula boýunça kesgitlenilýär:

$$N_{o.g.} = \frac{S_i * B_h * G_o}{G_ý * 100}, \tag{73}$$

bu ýerde: $S_i$ – ilatyň sany; $B_h$ – hassahana ýerleşdirmegiň göterimi; $G_o$ – bir näsaga orunlaryň sany, günleriň ortaça sany; $G_ý$ – bir ýylda ornuň ulanylýan günleriniň sany.

150.0 x 225.0 mm

Hassahanalarda we şypahanalarda lukmançylyk wezipeleriniň zerur sany bu edaralarda orunlaryň sany we bir lukmana düşýän kadalar (orunlar) hasaba alnyp, saglyk öýlerinde – gelip-gidýän näsaglar hem-de bir lukmanyň iş ýüküniň kadalary (barýanlaryň sany) baradaky maglumatlaryň esasynda kesgitlenilýär.

Çaklama we meýilnama hasaplamalarynyň barşynda derman serişdelerine, lukmançylyk önümlerine bolan zerurlyk kesgitlenilýär, dermanhanalaryň, dermanhana ammarlaryň we lukmançylyk tehnikasynyň tapawutlandyrylan dükanlarynyň tory çaklanylýar. Dermanhanalaryň tory çaklanylanda ilatyň sanyna baglylykda şäherler boýunça tapawutlandyrylan (iri şäher, orta, kiçi) bir dermanhana düşýän ýaşaýjylaryň sanynyň kadalary ulanylýar. Ortaça kada bir dermanhana 15 müň adamdan 9 müň adama çenli çäklerde tapylýar.

Ilata lukmançylyk hyzmatyny etmegiň has köpçülikleýin görnüşi ambulatoriýa-saglyk öýüniň kömegi bolup durýar. Onuň üpjünçiliginiň esasy görkezijisi bir çalşykda gelip-gidilmeleriň sanydyr. Ambulatoriýa-saglyk öýleri edaralarynyň geçiriji ukyplylygy olaryň çalşyk kuwwatlygy hyzmat edilýän ýaşaýjylaryň sanyna ýaşaýjylaryň 1 müňüsiniň ýa-da 10 müňüsiniň düşýän bölegine köpeldilip kesgitlenilýär.

Sagaldyş merkezleriniň ösüş çaklamasy olaryň geçirijilik ukybyny şypahanalar we dynç alyş öýleri boýunça aýratynlykda kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Geçirijilik ukyby bir çalşykda dynç alýanlaryň sanyny bir ýylda şeýle çalşyklaryň sanyna köpeltmek arkaly hasaplanylýar.

Saglygy goraýyş babatda has wajyp meseleleriň hataryna öňüni alyş işine aýratyn ähmiýet bermek meselesi degişlidir. Şunuň bilen baglylykda meýilnama-çaklamalarda degişli bölümleriň durnukly işini emele getirmek we gazanmak boýunça aýratyn çäreleri we toplumlaýyn maksatnamalary göz öňünde tutmak zerurdyr.

Geljekde-de edil şu günki ýaly lukmançylyk hem bazar, hem döwlet kadalaşdyryjylarynyň täsirinde bolar. Birinji orna saglygy goraýşyň býujet-ätiýaçlandyryşyň täze nusgasyny döretmek meselesi öňe

sürülýär, onuň esasy aýratynlygy döwlet we ýerli maliýeleşdirmegiň rejeli utgaşdyrylmagyndadyr (döwlet býujetiniň, kärhanalaryň we ilatyň hasabyna gatançlar).

Daşary ýurtlarda kabul edilen saglygy goraýyş ulgamlary ony guramagyň we maliýeleşdirmegiň dürli görnüşlerini utgaşdyrýarlar (salgytlaryň, durmuş we şahsy ätiýaçlandyryş ulgamyna gatançlaryň, hususy tejribäniň hasabyna).

Saglygy goraýyş ulgamyny özgertmegiň mümkin bolan görnüşleri, adatça, çaklamalaryň, ýurduň aýry-aýry sebitleriniň durmuş-ykdysady ösüşi maksatnamalarynyň we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň esasynda kesgitlenilýär, olaryň üsti ýerine ýetirmegiň anyk emele gelýän şertlerini hasaba almak bilen ýetirilýär we üýtgedilýär.

### *Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyny çaklamak we meýilnamalaşdyrmak*

Şunda ýaşaýyş jaý hojalygy esasy orny eýeleýär. Onuň çaklanylyşy we meýilnamalaşdyrylyşy iki ugur boýunça alnyp barylýar – ýaşaýyş jaýlary gurmak we bar bolan ýaşaýyş gaznasynyň ulanylmagyny üpjün etmek.

Ýaşaýyş jaýlaryny gurmagyň möçberi kesgitlenilende esasy kynçylyk görkezilen maksatlara we olaryň çeşmelerine maliýe serişdeleriniň möçberini kesgitlemekden ybaratdyr.

Ýaşaýyş jaýlaryny gurmagyň döwlet karzyny ulanmak bilen ilatyň şahsy serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän görnüşler has güýçli depgin bilen ösdürilýär. Bu şahsy we kooperatiw ýaşaýyş jaýlaryny gurmagyň dürli görnüşleridir.

Mundan başga-da ýaşaýyş jaýa eýelik etmek, peýdalanmak, miras goýmak hukukly eýeçiligiň obýekti bolmalydyr. Ýaşaýyş jaý bazarynyň döredilmegi we hereket etmegi ýaşaýyş jaý gurluşygyny guramak we ony göwnejaý saklamak üçin serişdeleri has giňden özüňe çekmäge ýardam berýär.

Ýaşaýyş jaý hojalygynyň ösüşi seredilýän döwürde bir ýaşaýja hasaplanylanda ilatyň geljekde mümkin bolan sanyndan we ony ýaşaýyş jaý bilen üpjün etmegiň kadalaryndan ugur alnyp çaklanylýar.

150.0 x 225.0 mm




**5-nji diagramma. Ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyna we jemagat hojalygyna goýulýan esasy maliýe serişdeleri, *mlrd. man.***
(«Нейтральный Туркменистан» gazeti, 18.05.2017 ý.)

Ýaşaýyş jaý meýdanyna goşmaça zerurlyk umumy zerurlygyň we hasapdan çykmagy hasaba almak bilen, bar bolan ýaşaýyş jaý gaznasynyň aratapawudyndan kesgitlenilýär. Ol ýaşaýyş jaýlary gurmaga we zolaklar, etraplar, şäherler boýunça tapawutlandyrylan 1 $m^2$ ýaşaýyş jaý meýdanynyň ortaça gymmaty hasaba alnyp, ýaşaýyş jaý gurluşygyna maýa goýumlary çaklamak üçin esas bolup hyzmat edýär.

Ýaşaýyş jaý meýdanynyň jan başyna düşýän kadasynyň iki görnüşi bar – durmuş we arassaçylyk. *Durmuş kadasy* halkyň durmuşynyň medeni derejesiniň ösüşi bilen şertlenen ýaşaýyş jaýa bolan rejeli zerurlyklar hasaba alnyp kesgitlenilýär. *Arassaçylyk kadasy* durmuşyň kadaly arassaçylyk şertlerini üpjün edýär. Kadalaryň iki görnüşi-de döwlet tarapyndan kesgitlenilip, ýaşaýyş jaýa bolan zerurlyklaryň çaklama hasaplamalarynda ulanylýar.

Bütin ýaşaýyş jaý gaznasy inedördül metrde ($m^2$) hem-de öýlerde ölçenilýär.

Bar bolan ýaşaýyş jaý gaznasyny ulanmaga edilýän çykdajylar çaklama ekstrapolýasiýa, modelirleme we bilermenleriň baha beriş usullaryny ulanmak bilen hasaplanylýar. Ýaşaýyş jaý

gaznasynyň artdyrylmagy jemagat hojalygynyň ösüşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Jemagat hojalygyna – suw geçiriji we lagym ulgamlary, şäher ulagy, energetika hojalygy (elektrotorlar, ýyladyş we gaz geçiriş tory), beýleki pudaklar (bagçylyk, arassaçylyk we beýlekiler) degişli.

Jemagat hojalygynyň kärhanalarynyň işini çaklamagyň esasy meselesi şäherleriň, şäher görnüşli obalaryň, oba ilatly nokatlaryň ilatyna jemagat hyzmatlaryny etmegiň hilini gowulandyrmakdan we derejesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Hyzmat edişiň hilini ýokarlandyrmak – ýaşaýşyň arassaçylyk şertleriniň gowulandyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Jemagat hojalygyny ösdürmegiň çaklamasy işlenip taýýarlanylanda hyzmatlaryň görnüşleri boýunça tapawutlanýan köpsanly görkezijileri ulanylýar. Dürli serişdeleriň – suwuň, elektrik energiýasynyň, ýylylygyň we ş.m. sarp edilişiniň (berlişiniň) möçberi kesgitlenilýär. Kuwwatlyklaryň hasaplamalary geçirilýär, bir gije-gündiziň, paslyň ýa-da ýylyň dowamynda çendenaşa agram salnanda ätiýaçlyk kuwwatlyklar göz öňünde tutulýar. Täze kuwwatlyklaryň girizilmegi hereket edýän suw geçirijisiniň, lagym ulgamynyň, ýylylyk we gaz torlarynyň kuwwatlyklarynyň durkunyň täzelenmegi we giňeldilmegi meýilleşdirilýär.

Jemagat kärhanalarynyň işiniň esasy görkezijisi – önümleriň ýa-da hyzmatlaryň möçberidir. Ol pul we natural görnüşde kesgitlenilýär.

Suw üpjünçilik torunyň işiniň esasy görkezijisi bolup, sarp edijilere suwuň goýberilişi çykyş edýär. Mundan başga-da bir şäher ýaşaýjysyna düşýän suwuň ortaça sarp edilişi, ýaşaýyş jaý gaznasynyň suw geçiriji bilen üpjünçiligi, suw geçiriji toruň uzynlygy hasaba alynýar. Suwa bolan zerurlyk senagat kärhanalary üçin (önüm birligine, sarp ediş kadasyndan we önümçilik maksatnamasyndan ugur alnyp) we ilat üçin (onuň sanynyň we jan başyna düşýän sarp ediş kadasynyň esasynda) aýratynlykda kesgitlenilýär.

Lagym ulgamynyň hyzmatlarynyň möçberi esasy zeýsuw akabalary arkaly akdyrylýan hapa suwlaryň geçirilişi we arassalanylyşy, olaryň arassalaýjy desgalarda gaýtadan işlenilişi ýaly görkezijiler bi-

150.0 x 225.0 mm

len häsiýetlendirilýär. Zeýsuw akabalary we arassalaýjy desgalar arkaly akdyrylýan hapa suwlaryň möçberi suwuň berilýän çeşmesine bagly bolmazdan, her sarp ediji üçin onuň sarp edýän suwunyň möçberine barabarlykda kabul edilýär. Ilatly nokatlaryň lagym ulgamynyň ösüş görkezijileri bolup, ýaşaýyş jaý gaznasynyň lagym ulgamy bilen üpjünçiligi, toruň we esasy zeýsuw akabalarynyň uzynlygy, akdyrylýan hapa suwlar boýunça geçiriş ukyplylygy, suw sowmagyň göterimi hyzmat edýär.

Gaz geçiriş boýunça gaz geçirilen otaglaryň sany, bir ýaşaýjynyň ortaça sarp edýän gazynyň möçberi, gaz geçirilen otaglaryň sanynyň umumy sanyna gatnaşygy çaklanylýar.

Ýaşaýyş-jemagat hojalygy ýerli hojalyga degişli bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda onuň önümçilik-ulanylyş işiniň meýilnamalaşdyrylyşy, esasan, ýerli dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

### *Ilata durmuş taýdan hyzmat edilişiniň ösüşini çaklamak*

Ilata durmuş taýdan hyzmat edilişiniň meýilnama-çaklamasy çäkleýin ýörelge boýunça işlenip taýýarlanylýar.

Ilata durmuş taýdan hyzmat edilişi boýunça şeýle görkezijiler hasaplanylýar – nyrh görnüşinde ilata, şol sanda oba ýerlerinde, durmuş taýdan hyzmatlary etmegiň möçberi:

– ilata edilýän tölegli hyzmatlaryň möhüm görnüşleriniň möçberi;

– bölek satuw haryt dolanyşygynyň düzüminde hasaba alynýan sargytçynyň materiallaryndan şahsy tikinçilik, durmuş abatlaýyş işleri we ilata beýleki durmuş hyzmatlary üçin düşen serişdeler;

– öňdebaryjy tehnologiýany ornaşdyrmak, önümçilik hadysalaryny mehanizmleşdirmek we awtomatlaşdyrmak;

– hususy serişdeleriň we býujetden goýberilen puluň hasabyna esasy gaznalary we önümçilik kuwwatlyklary işe girizmek.

Ilata durmuş taýdan hyzmat edilişiniň meýilnama-çaklamasynyň esaslandyrylmagy ilatyň hyzmatlara bolan zerurlyklaryny kesgitlemekden başlanýar. Ol şu sebäplere baglydyr: ilatyň sany hem-de onuň şäher we oba ilatyna bölünişigi, umuman, durmuş toparlary boýunça ilatyň pul girdejileriniň derejesi, harytlara we hyzmatla-

ra bölek-satuw nyrhlaryň gatnaşygy, ilatyň uzak möhletli ulanýan medeni-durmuş harytlary bilen üpjünçiligi we beýlekiler. Çaklama döwründe durmuş hyzmatlaryny etmegiň möçberini indeks usuly bilen kesgitläp bolýar.

Ilatyň durmuş hyzmatlaryndaky zerurlyklaryny kanagatlandyrmagyň mümkinçilikleri durmuş hyzmatlarynyň kärhanalarynyň tory we olaryň önümçilik kuwwatlygy bilen kesgitlenilýär. Hyzmatlary ýöriteleşdirilen kärhanalar, kombinatlar, kabul ediş nokatlary ýerine ýetirýärler, olar ýöriteleşdirilen ýa-da utgaşdyrylan durmuş hyzmatlary kärhanalaryna degişlidir. Oba ýerlerinde durmuş hyzmatlary etrap-durmuş-kombinatlarynyň, durmuş öýleriniň we toplumlaýyn kabul ediş nokatlarynyň ulgamy bilen görkezilen.

Edilýän hyzmatlaryň häsiýeti we kärhanalaryň görnüşleri ilata durmuş hyzmatlaryny edýän kärhanalaryň önümçilik kuwwatlygyny hasaplamagyň özboluşlylygyna uly täsir edýärler.

Ýöriteleşdirilen kärhanalaryň önümçilik kuwwatlygy natural ölçeýjilerde: himiki arassalaýyş, geýimleri ýuwmak – tonnalarda; aýakgaplary tikmek we abatlamak – aýakgap jübütlerinde; kombinatlarda, düzgün bolşy ýaly – pulda hasaplanylýar. Ony enjamlaryň möçberi, düzümi, iş wagtynyň gaznasy we enjamlaryň işiniň çalşyk koeffisiýenti baradaky maglumatlaryň esasynda öňdebaryjy sehiň öndürijiligi boýunça kesgitleýärler.

Beýleki durmuş hyzmatlary kärhanalarda önümçilik kuwwatlygy enjamlaryň işiniň çalşyklylygy hasaba alnyp, iş orunlarynyň sanynyň, önümçilik meýdanlarynyň (bir iş ornuna önümçilik meýdanynyň kadalaryň esasynda kesgitlenilýän) hem-de ösen kadalar boýunça hasaplanan şahsy sargytlar boýunça taýýarlanylýan ýa-da abatlanylýan bir birligiň önümçiliginiň zähmeti talap edijiliginiň esasynda kesgitlenilýär.

Önümçilik däl hyzmatlary edýän kärhanalarda kuwwatlygyň özboluşly görkezijisi bolup olaryň geçirijilik ukyplylygy hyzmat edýär. Meselem, hammamlaryň geçirijilik ukyplylygy bir wagtdaky sygymyndan, bir gezek ýuwunmagyň wagt dowamlylygyndan, meýilnama döwründe hammamlaryň iş günleriniň sanyndan, bir günde iş sagatlaryň sanyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Geçiş döwründe durmuş hyzmatlarynyň ulgamyny ösdürmekde aýratyn işjeň orunlary ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk bölegi eýeläp, düzgün bolşy ýaly, sarp edijileriň talaplaryna has çalt we doly täsir edýär.

### *Medeniýet edaralarynyň ösüşini çaklamak*

Medeniýet edaralarynyň sanawyna, adatça, klublar, kitaphanalar, medeniýet öýleri teatrlar, sirkler, kinoteatrlar, konsert zallary degişli edilýär.

Medeniýet ulgamyndaky esasy meseleler şu aşakdakylardan ybarat:

– pudak edaralarynyň hereket edýän toruny aýawly saklamak;

– hünärli we çeper höwesjeň toparlaryň döredijilik mümkinçiliklerini artdyrmak;

– halk çeper döredijiligini, halk senetçiligini, däp-dessur medeniýetini aýawly saklamak we ösdürmek;

– sergi-ekspozisiýa işlerini we pudagyň ylym-aň bilim binýadyny giňeltmek, medeniýet we sungat edaralarynyň hödürleýän hyzmatlarynyň derejesini, hilini ýokarlandyrmak, ýurduň ilaty üçin olaryň elýeterliligini üpjün etmek.

Medeniýet edaralarynyň hereket etmegini we ösmegini çaklamakda, meýilnamalaşdyrmakda aşakdaky görkezijiler ulanylýar:

– teatr-tomaşaçylyk edaralaryna gatnaşygyň möçberi;

– ilatyň 1000 adamyna hasaplanylanda kitaphanalaryň okyjylarynyň sany;

– köpçülikleýin kitaphanalaryň we klublaryň tory;

– kitaplaryň, gazet we žurnallaryň neşir edilişi;

– radio we telegepleşikleriň möçberi;

– kino enjamlarynyň we olardaky orunlaryň sany;

– teatrlaryň, konsert zallarynyň, muzeýleriň, medeniýet we dynç alyş seýilgählериniň sany we beýlekiler.

150.0 x 225.0 mm




**6-njy diagramma. Jemgyýetçilik kitaphanalary**
(«Нейтральный Туркменистан» gazeti, 18.05.2017 ý.)

2018-nji ýylyň 5-nji ýanwarynda «Telewideniýe we radiogepleşikler hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Şu Kanun Türkmenistanda telewideniýe we radionyň işlemeginiň hukuk, guramaçylyk, ykdysady, durmuş esaslaryny kesgitleýär, Türkmenistanyň çäginde telewideniýe hem-de radiogepleşikler babatda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Gysgamöhletleýin döwür üçin çaklama hasaplamalary ekstrapolýasiýa usullaryny bilermenleriň baha beriş usullary bilen utgaşdyryp ulanmak bilen amala aşyrylýar. Geljek üçin çaklamaga köpfaktorly modeller ulanylyp bilner.

Medeniýet hem sungat edaralarynyň ösüşi dürli çeşmeleriň, esasan, hususy we býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär. Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwrüniň şertlerinde býujetiň mümkinçilikleri çäklendirilendir. Maýa goýumlaryň wajyp çeşmeleri hususy süýşürintgiler, ilata medeni we durmuş hyzmatlaryny etmäge gönükdirilen kärdeşler arkalaşyklarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň serişdeleri, şeýle-de haýyr-sahawat gaznalary we howandarlyk bolup biler.

Şunuň ýaly çemeleşmeler hyzmatlaryň beýleki görnüşleri (syýahatçylyk we ş.m.) çaklanylanda we meýilnamalaşdyrylanda ulanylýar.

# VIII BAP SEBITLERIŇ, TEBIGATY GORAÝYŞ WE TELEKEÇILIK IŞLERINIŇ ÖSÜŞINI ÇAKLAMAK WE MEÝILNAMALAŞDYRMAK

## 8.1. Sebitleýin çaklama we meýilnamalaşdyrma

### *Sebitleýin syýasat*

Ykdysady sebit diýip öz ýöriteleşdirilişi, önümçilik gurluşy we içerki gatnaşyklary bolan ýurduň bitewi çägine düşünilýär. Sebitleriň bir görnüşi bolup erkin ykdysady zolaklar ýaly çäk gurluşlary çykyş edýär.

*Sebitleýin syýasat* – bu maksatlaryň, meseleleriň, ýörelgeleriň we usullaryň jemi bolup, olar sebitleriň ösüşini dolandyrmakda ulanylýar. Sebitleýin syýasatyň esasy maksatlary hökmünde döwlet we sebitleýin bähbitleriň deňagramlylygyny üpjün etmekligi, tutuş ilat üçin deň mümkinçilikleri döretmekligi, durmuş derejesinde tapawutlyklary azaltmaklygy görkezip bolar.

2015-nji ýylyň 20-nji fewralynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalarynyň, şäherçeleriniň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» milli Maksatnamasynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi ýurdumyzy meýilnama esasynda toplumlaýyn ösdürmekde nobatdaky wajyp ädim boldy. Bu Maksatnama Türkmenistanyň sebitlerini ösdürmegiň täze ugurlaryny we talaplaryny kesgitleýär. Maksatnama laýyklykda maýa goýumlaryň özleşdirilişi (*mln man*) ýyllar boýunça şu aşakdakylara deň boldy:

2008-nji ý. – 1004,7,
2009-njy ý. – 2329,1,
2010-njy ý. – 2480,7,

150.0 x 225.0 mm

2011-nji ý. – 2912,4,
2012-nji ý. – 4924,1,
2013-nji ý. – 5854,7,
2014-nji ý. – 7259,2.

2014-nji ýylda 12 sany hassahana, 25 sany saglyk öýi, 75 sany çagalar bagy, 71 sany orta mekdep, şol sanda 6 sany mekdep-internaty, 25 sany medeniýet öýi, 21 sany sport mekdebi, 1,5 *mln* $m^2$ ýaşaýyş jaý meýdany ulanylmaga berildi («Нейтральный Туркменистан» gazeti, 24.02.2015 ý.).

Sebitleýin syýasaty geçirmegiň esasy subýektleri – merkezi we ýerli çäk dolandyryş edaralarydyr.

Sebitleýin syýasatyň meseleleriniň biri ýerli öz-özüňi dolandyryşy emele getirmek bolup durýar. Şonuň bilen birlikde döwletiň ykdysadyýetiniň bitewüligini, ykdysady ulgamyň ýeke-täkligini üpjün etmek zerurdyr.

Döwlet her bir sebitde ykdysady, durmuş we syýasy durnuklylygy saklamaga, olaryň özara netijeli gatnaşygyny üpjün etmäge, bütin çäkde bazaryň hereket etmegi umumy ýörelgeler bilen bilelikde aýratyn sebitleriň meselelerini çözmekde anyk çemeleşmeleri utgaşdyrmaga ýardam bermelidir. Sebitleýin ösüşiň esasy görkezijileri kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalar görnüşinde merkez tarapyndan berilýär. Bu hususylaşdyrmagyň, nyrhy emele getirmegiň, salgyt syýasatynyň we beýlekileriň tertibine we guralyna degişlidir. Merkez ýeke-täk ylmy-tehniki syýasaty işläp taýýarlaýar, ol bolsa sebitlerde ykdysadyýeti durnuklylaşdyrmakda esasy şert bolup, intellektual we işgärler mümkinçiliklerini, has hem, binýatlyk ylmynda, emele getirmäge ýardam bermelidir.

Döwlet derejesinde sebitara zähmet bölünişiginiň gurluşyna laýyk öndüriji güýçleriň ösüşiniň we ýerleşdirilişiniň umumymilli ýeke-täk konsepsiýasy emele getirilýär, aýry-aýry sebitleriň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlary kesgitlenilýär.

Häkimiýetiň ýerli edaralary tebigy serişdeleri saklamak, üznüksiz öndürmek we rejeli ulanmak, daşky gurşawy goramak boýunça jogapkärçilik çekýärler we öz çägindäki tebigy şertleriň aýratynlyk-

150.0 x 225.0 mm

laryndan ugur alyp, tebigatdan peýdalanmagyň ýerli syýasatyny işläp taýýarlaýarlar we amala aşyrýarlar.

Demografik hadysalary, ilatyň iş bilen üpjünçiligini, zähmet bazarynyň emele gelmegini kadalaşdyrmak örän wajyp ähmiýetli bolup durýar.

Ýerli edaralaryň wezipeleriniň biri-de – durmuş meseleleriniň ileri tutulyp çözülmegidir. Durmuş ulgamynda sebitleýin syýasatyň maksady – kanagatlanarly durmuş derejesini üpjün etmekden, şäherlerde we oba ýerlerinde ilatyň dürli toparlarynyň ýaşaýyş aýratynlygyndaky aratapawudy azaltmakdan, durmuş dawalaryna ýol bermezlikden, durmuş dartgynlylygyny peseltmekden ybarat bolup durýar. Her bir sebit özüniň özboluşlylygyny we mümkinçiliklerini nazara alyp, ilatyň az üpjün edilen toparlaryny durmuş taýdan goldamak üçin goşmaça çäreleri işläp taýýarlaýar. Şunda dürli görnüşli usullar – pensiýalara, kömek pullaryna pul görnüşindäki goşmaça tölegler, ýeňillikli karzlar, harytlaryň aýratyn görnüşlerini satyn almaga, ýaşaýyş jaýynyň we jemagat hyzmatlarynyň muzduny tölemäge, derman serişdelerini satyn almaga pul kömekleri, ýol kireýinde ýeňillikler, ilkinji nobatdaky zerur sarp edijilik harytlaryna nyrhlaryň kadalaşdyrylmagy we beýlekiler ulanylýar.

Sebitleýin syýasatyň wajyp meselesi, sebitleýin infrastruktura ulgamlarynyň toplumlaýyn ösüşini üpjün etmekden ybaratdyr.

Häkimiýetiň ýerli edaralaryna bazar guralyny guramaçylyk-hukuk taýdan resmileşdirmekde wajyp orun berilýär. Olaryň çäginde we eýeçiliginde bar bolan desgalary hususylaşdyrmagyň maksatnamalaryny işläp taýýarlaýarlar, täze kärhanalaryň açylmagyny bellige alýarlar, kiçi telekeçiligiň ösüşini kadalaşdyrýarlar we höweslendirýärler. Telekeçiligi goldamagyň gaznalary döredilýär, işewürligi ösdürmek boýunça degişli maksatnamalar işlenip taýýarlanylýar.

1960-njy ýyllardan başlap Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynda utgaşykly sebitleýin syýasat alnyp baryldy. Bu guramanyň çäklerinde sebitleýin ösüşiň Ýewropa gaznasy, Ýewropa maýa goýum gaznasy ýaly gurluşlar döredildi.

### *Sebitleriň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak*

*Sebitleýin çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň maksady* – sebitiň toplumlaýyn we has netijeli durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmekdir. Ol sebitiň ösüş ugurlaryny, geljegini esaslandyrmaga, ykdysady we durmuş syýasatyny işläp taýýarlamak hem-de degişli dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin maglumatlary bermäge niýetlenendir.

Sebitleýin meýilnamalaşdyryş ýurduň ykdysady we durmuş taýdan ösüşiniň meýilnama-çaklamasynyň çäkler boýunça bölümlerini hem-de welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň we beýlekileriň durmuş-ykdysady ösüşiniň toplumlaýyn meýilnama-çaklamalaryny öz içine alýar.

Çäkleýin meýilnama-çaklamalaryň merkezi bölümi sebitiň ösüşiniň esasy görkezijilerini, hususanda, pudaklar boýunça önümleri öndürmegiň möçberini, tölegli hyzmatlary etmegiň möçberini we beýlekileri häsiýetlendirýän görkezijileri öz içine alýar. Emma sebitiň işiniň netijelerine baha bermek üçin diňe bir pudaklaýyn däl-de, eýsem, umumylaşdyryjy görkezijiler, hususanda, jemi sebit önümi (*JSÖ*) ulanylmalydyr. Ol hem maddy önümçiligiň pudaklarynyň, hem-de hyzmat ediş ulgamynyň ykdysady işiniň ahyrky netijelerini häsiýetlendirýär. Sebitiň çäginde döredilen *JSÖ* ulgamlaryň ikisinde-de alnan ähli kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň girdejilerini, şeýle-de amortizasiýa tutumlaryny öz içine alýar.

*JSÖ* işleriň ähli ulgamlarda, pudaklarda we işiň görnüşlerinde goşulan gymmatyň jemi hökmünde hasaplanylyp bilner:

$$JSÖ = \sum_{j=1}^{n} GG_j, \tag{74}$$

bu ýerde: $j$ – iş pudagynyň indeksi (kärhananyň indeksi); $n$ – iş pudaklarynyň sany (kärhanalaryň sany); $GG_j$ – işiň $j$ pudagynda goşulan gymmatyň möçberi ($j$ kärhanasynda).

Ahyrky ulanyş boýunça *JSÖ*-niň hasaplanylyşy getirmegiň-äkitmegiň (eksportyň-importyň) saldosyna düzetmek bilen, çäkdäki

býujetleriň ähli görnüşleriniň çykdajylarynyň, sebitde ilatyň jemi çykdajylarynyň, hususy maýa goýumlaryň goşulmagy bilen geçirilýär.

Düzgün bolşy ýaly, sebitleýin meýilnama-çaklamasy iki bölekden ybarat:

a) çaklanylýan bölek;

b) hökmany häsiýetli görkezijileri toplaýan bölek.

Ilki bilen munuň özi önümi üpjün etmäge infrastrukturanyň (durmuş ulgamynyň) desgalaryny we wajyp önümçilik kuwwatlyklaryny işe girizmäge döwlet sargydy bolup durýar. Bazar gatnaşyklarynyň ösüş şertlerinde meýilnamalaşdyrmagyň maglumat beriş häsiýeti güýçlenýär, bu bolsa, ilkinji orna, meýilnamanyň çaklanylýan bölegini öňe çykarýar, ol halk hojalygynyň gurluşynda üýtgemeleri, esasy deňölçeglikleri we aragatnaşyklary, önümçiligiň netijeliliginde üýtgemeleri kegitlemek üçin niýetlenendir.

Bazar böleginiň görkezijileri çaklama häsiýetli bolup, olarda gymmatly kagyzlaryň hereketi eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy, hususylaşdyrmak we eýeçiligiň görnüşleri, karz serişdeleriniň möçberi we olaryň ulanylyşy, nyrhlaryň indeksleriniň ösüşi, ilatyň iş bilen üpjünçiligi barada çaklanylýan bahalar (pikirler) görkezilýär.

Çäk derejede çözülýän meseleleriň köpelmegi, öz-özüňi dolandyryş we öz-özüňi maliýeleşdiriş ýörelgelerinde sebitleriň hereket etmeginiň zerurlygy olaryň maliýe işini gurnamaga, ýerli býujetleri emele getirmäge we olaryň döwlet býujeti bilen özara gatnaşygyna aýratyn talaplary bildirýärler.

Maliýe gatnaşygynda gowşak ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryny goldamak üçin *maliýe deňlemesiniň ulgamy* ulanylýar. Dikligine we keseligine deňlemek (deňagramlylyk) düşünjeleri tapawutlandyrylýar. *Dikligine deňlemek* sebitleýin býujetleriň çykdajy funksiýalarynyň we şol býujet derejesine berkidilen, gelip gowuşýan serişdeleriň arasyndaky näsazlyklary aýyrmagy göz öňünde tutýar. Eger-de aşakda duran girdeji bölegi üpjün etmek boýunça mümkinçilikler bellenen funksiýalaryň ýerine ýetirilmegini maliýeleşdirmek üçin

150.0 x 225.0 mm

ýeterlik bolmasa, onda ýokarda duran dereje ýa-da merkezi hökümet ýetmezçilik edýän býujet serişdelerini bermäge borçludyr.

*Keseleýin deňleme* dürli çäkleriň salgyt mümkinçiliklerinde deňsizligi aýyrmak ýa-da azaltmak üçin býujet derejeleriň arasynda salgytlaryň deň paýlanylmagyny aňladýar. Sebitleriň deňsizlikleriniň şular ýaly ýüze çykmasy býujet federalizminiň nazaryýetinde çäk şerti bilen döredilýän durmuş deňsizliginiň görnüşi hökmünde garalýar. Deňlemek hadysasy döwlet tarapyndan her birine kepillendirilen eşretleri we hyzmatlary üpjün etmek meselesiniň çözülmegine gönükdirilendir.

Bir derejäniň býujetinden beýleki derejäniň býujetine maliýe serişdeleriniň gelşi ýa-da geçirimler (transferler) dürli görnüşdäki meseleleri çözmäge kömek edýär. Ilata bellibir standartly döwlet hyzmatlaryny hödürlemek boýunça sebitleriň maliýe mümkinçilkleriniň deňlenilmegi umumy (hemmetaraplaýyn) transferleriň ulgamy tarapyndan amala aşyrylýar. Ileri tutulýan ugurlary kabul edilen dürli durmuş-ykdysady maksatnamalara (bilim, saglygy goraýyş, infrastruktura, daşky gurşawy goramak we beýlekiler) laýyklykda amala aşyrmak üçin maksatly ýörite transferler ulanylýar.

Sebitleriň ösüşi çaklanylanda we meýilnamalaşdyrylanda, esasan, döwlet derejesinde ulanylýan usullar peýdalanylýar. Bellenilen ileri tutulýan ugurlary, gurluş üýtgemeleri amala aşyrmak, durmuş-ykdysady meseleleri toplumlaýyn çözmek üçin, ilki bilen, maksatly-maksatnama usuly ulanylýar, maksatly maksatnamalar işlenip taýýarlanylýar. Sebitleýin ykdysadyýetiň deňölçegliligini, deňagramlylygyny üpjün etmekde balans usuly wajyp orny eýeleýär, ol çäk balanslaryň ulgamyna esaslanandyr. Olara zähmet serişdeleriniň, maliýe serişdeleriniň, ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň, maddy serişdeleriň esasy görnüşleriniň balanslary degişlidir.

Häzirki zaman şertlerinde gözleg çaklamalary has kabul ederlikli hasaplanylýar, olar üýtgeýän şertlerde bellibir möhlete görkezijileriň ähmiýetini kesgitleýärler. Bilermenleriň baha beriş, logiki modelirleme usullary giňden ulanylýar, olar çaklanylýan hadysanyň ösüşini ýokary hilli häsiýetlendirýärler we ykdysady ösüşiň umumy kanunalaýyklaryndan ugur alýarlar. Bu usullaryň ulanylyşy ykdysady ösüşiň

ssenarisini ýazmak hem-de onuň netijelerini hasaba almak zerurlygy bilen baglanyşyklydyr.

Çaklama hasaplamalary çeýelik koeffisiýentleriniň esasynda hem ýerine ýetirilip bilner.

Çäk meýilnama-çaklamalarda şu aşakdakylar tapawutlandyrylýar:

a) eýeçiligiň umumydöwlet we hususy görnüşleriniň hojalyk subýektleriniň görkezijileriniň jemi;

b) munisipal eýeçiliginiň kärhanalarynyň we guramalarynyň meýilnama-çaklamalary.

Ozal eýeçiligiň döwlet görnüşiniň hojalyk subýektlerine ministrlikler berk meýilnama tabşyryklary, soňra ykdysady kadalar, gözegçilik sanlar we ş.m. görnüşinde deslapky maglumatlary belleýärdi. Soňky wagtlarda olaryň esasynda çig malyň, karz serişdeleriniň, öndürilýän önümleriň bazarynda emele gelýän ýagdaýa bagly meýiller durýar. Şunuň bilen baglylykda, çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, bellenen ykdysady kadalaşdyryjylaryň hereket edýän şertlerinde bazaryň ähtimal ýagdaýy hasaba alnyp önümleri öndürmek boýunça kärhanalaryň, birleşikleriň, konsernleriň we beýleki öndürijileriň meýilleri baradaky maglumat akymlaryny guramak juda wajyp bolup durýar.

Öz nobatynda kärhanalar we guramalar durmuş we önümçilik infrastrukturasyny ösdürmäge gatnaşmak boýunça ýerli edaralara öz tekliplerini hödürleýärler. Şunda sebitiň önümçilik mümkinçiligini has doly ulanmak maksady bilen, çäk dolandyryş edaralarynyň kärhanalary bilen seljeriş işi wajyp ähmiýete eýe bolup durýar.

Sebitleýin meýilnama-çaklamalar işlenip taýýarlanylanda şu aşakdakylar hasaba alynýar:

– senagat we oba hojalyk önümleriniň zerur görnüşlerini üpjün etmäge döwlet sargydy, umumydöwlet ähmiýetli kuwwatlyklaryň we desgalaryň işe girizilmegi, şeýle hem döwlet maksatnamalarynyň amala aşyrylmagy;

– umumydöwlet maksatly maksatnamalary amala aşyrmak üçin merkezleşdirilen maýa goýumlara degişli çäkler;

– ýerli býujetleri we gelip gowuşýan walýutalaryň ýerli gaznalaryny emele getirmek üçin kadalaşdyrýan ykdysady kadalar;

– ykdysadyýetiň durnukly işlemegini üpjün etmek, adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda zerur kömegi etmek üçin maddy, azyk we maliýe serişdeleriniň ätiýaçlandyryş gorlarynyň kadalary;

– aýry-aýry sebitleriň durmuş-ykdysady şertleriniň deňlenilmegini, degişli önümçilikleri ýerleşdirmekde we giňeltmekde olaryň gyzyklanmagyny üpjün etmäge niýetlenen ykdysady höweslendirmeleriň, ýeňillikleriň we subsidiýalaryň ulgamy.

Eýeçiligiň munisipal görnüşiniň kärhanalarynyň we guramalarynyň meýilnama çaklamalary wajyp sebitleýin meseleleri amala aşyrmak boýunça maksatnamalary we çäreleri öz içine alýarlar. Şonda, ilki bilen, bar bolan maliýe serişdelerinden ugur alynýar.

### *Erkin ykdysady zolaklar. Olaryň hereket etme ýörelgeleri*

*Erkin ykdysady zolaklar (EYZ)* özboluşly çäk-hojalyk guramasy bolup durýar. Olaryň wezipeleriniň dürlüligi köpsanly adalgalar bilen görkezilýär – «erkin», «aýratyn», «eksport», ykdysady zolak, «ýörite etrap», «erkin telekeçilik zolagy» (*ETZ*) we beýlekiler. «*EYZ*» adalgasynyň 30-a golaý modifikasiýasy bar.

Erkin ykdysady zolaklar hojalyk işini guramagyň täze görnüşidir. Häzirki wagtda *EYZ* dünýäniň 80-den gowrak ýurdunda hereket edýär we olaryň paýyna bütin dünýäniň haryt dolanyşygynyň 10%-i degişli bolup, eksportyň we importyň möçberiniň ösüş depgini örän ýokary («Нейтральный Туркменистан» gazeti, 09.05.2017ý.). 2017-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda «Erkin ykdysady zolaklar» hakynda Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Şu Kanun Türkmenistanyň çäginde erkin ykdysady zolaklaryň döredilmeginiň, hereket etmeginiň we ýatyrylmagynyň hukuk, ykdysady hem-de guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

Soňky wagtlarda has ýaýran «nusgawy» erkin ykdysady zolaklaryň arasynda şu aşakdakylary tapawutlandyryp bolar:

150.0 x 225.0 mm

– paçsyz zolaklar, olar halkara ulag ulgamlarynyň esasy çatryklarynda ýerleşýär;

– eksport senagat zolaklary, olar, esasan, daşary söwda ugrukdyrylandyr;

– import-senagat zolaklary hem-de importyň ornuny tutmak boýunça zolaklar, olar kabul edýän ýurtlary häzirki zaman harytlar bilen, ýerli kärhanalary bolsa öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün etmäge niýetlenendir;

– tehnologik ösüş parklary, olar kabul edýän ýurtda bar bolan ylmy-tehniki mümkinçiligiň esasynda, ýöne daşary ýurt maýa goýumlarynyň gatnaşmagy hem-de ösen enjamlary, nou-hau, şeýle-de daşary ýurt dolandyryjy, täjirçilik ýa-da marketing tejribäniň ulanylmagy bilen döredilýär;

– ätiýaçlandyryş we bank hyzmatlarynyň zolaklary.

Görkezilen ykdysady zolaklar tejribede arassa görnüşde seýrek duş gelýärler. Adatça, olaryň her birine dürli *EYZ*-niň häsiýetli alamatlarynyň utgaşdyrylmagy mahsusdyr.

Ähli *EYZ*-ni harytlary ýurda getirmegiň we ýurtdan çykarmagyň paçsyz ýa-da ýeňillikli tertibi, hojalyk, söwda, walýuta-maliýe gatnaşyklarynda bellibir aýratynlyk, daşary ýurt maýasy bilen işjeň özara gatnaşyk, şeýle hem dünýä bazary bilen ysnyşykly gatnaşyk birleşdirýär.

Islendik ýurtda *EYZ*-niň döredilmegi ozaly bilen, ol ýa-da beýleki çägiň tizleşdirilen ösüşini göz öňünde tutýar. Şular ýaly zolaklaryň ösüşi milli ykdysadyýetde çökgünlik ýagdaýlaryny ýumşatmaga we sebitiň ykdysadyýetine maýa goýmakda kynçylyklary ýeňip geçmäge ýardam edýär.

Erkin ykdysady zolak tehnologiýalary döwrebaplaşdyrmaga, nou-hau tejribesini almaga, zähmeti guramagyň täze görnüşlerini hünärmenlere we işçilere öwretmäge, hem eksport önümlerini öndürmek üçin hususy çig mal serişdelerini ulanmaga we işçi güýjüni iş bilen has doly üpjün etmäge ýardam berýär.

*BMG*-niň bilermenleriniň kömegi bilen erkin zolaklaryň hereket etmeginiň dünýä tejribesini we *GDA* ýurtlarynyň ösüş aýratynlyk-

150.0 x 225.0 mm

laryny hasaba alýan ýörite konsepsiýa işlenip taýýarlanyldy. Ösüş konsepsiýasyna laýyklykda, *EYZ* maksadalaýyk çäklerde eksport çelgisini saklamak bilen şol bir wagtda içerki bazarda hem işlemäge niýetlenendir we ony öňdebaryjy tehnologiýa we ýokary hilli harytlar bilen doldurmaga ýardam bermelidir. Mundan başga-da *EYZ* işewür işjeňliginiň güýçlenmegine ýardam bermelidir, daşary ýurt tejribesini özleşdirmegiň we ýaýratmagyň merkezleri, hojalygy alyp barmagyň täze görnüşlerini barlamak üçin ýöriteleşdirilen meýdançalar bolmalydyr.

Funksional ykdysady zolaklar täze tehnikany özleşdirmek we öndürmek üçin tehnoparklary, tehnopolisleri we inkubatorlary döretmegi göz öňünde tutýar.

*Tehnopark* – ýokary hünärli hünärmenleriň toplanmagy, enjamlaşdyrylan önümçilik, tejribe, maglumatlar binýadynyň peýdalanylmagy netijesinde ylmy-tehniki we tehnologiýa taýdan gazanylanlaryň işlenip taýýarlanylmagyny çaltlandyrmak we ulanmak maksady bilen, döredilen ylmy guramalaryň, taslama-konstruktorçylyk býurolarynyň, okuw mekdepleriniň, önümçilik kärhanalarynyň ýa-da olaryň düzüm bölekleriniň birleşigi.

*Tehnopolis* – innowasiýa proseslerini işjeňleşdirmek, çaltlandyrmak, tehniki-tehnologik täzelikleriň çalt we netijeli peýdalanylmagyna ýardam bermek üçin önümçiligiň, ylmyň we bilimiň birleşmeginiň binýadynda döredilýän ýokary tehniki derejeli önümleri işläp taýýarlamak we önümçilik taýdan özleşdirmek boýunça sebit merkezi.

*Işewürlik inkubatory* – bu täjirçilik gurluş bolup, ol özboluşly ylmy-tehniki taglymlary amala aşyrýan kiçi innowasion kärhanalaryň ýüze çykmagy üçin amatly şertleri döretmäge ýöriteleşendir.

*EYZ*-ni döretmek we onuň üstünlikli hereket etmegi üçin bellibir şertler zerurdyr. Düzgün bolşy ýaly, ykdysady zolak üçin saýlanylýan çäk ýeterlik derejede giň bolmalydyr, peýdaly ykdysady-geografik ýagdaýda göwrümli bazar, uly ylmy-tehniki mümkinçiligi bolan haýsy hem bolsa bir uly şäheriň golaýynda ýerleşmelidir. Iň bolmanda ortaça dünýä standartlaryna laýyk gelýän infrastruktura bilen üpjünçilik wajyp ähmiýete eýedir.

150.0 x 225.0 mm

Beýleki ýurtlara garanyňda has arzan hünärli işçi güýjüniň, şeýle hem çig mal serişdeleriniň, gurluşyk materiallarynyň bolmagy şertleriň biri hökmünde çykyş edýär, ýagny *EYZ* daşary ýurt maýadarlary üçin özüne çekiji bolmaly, sebäbi erkin ykdysady zolaklary, ozaly bilen, daşary ýurt maýa goýumlary çekmek bilen baglanyşdyrýarlar.

*EYZ*-ni emele getirmegiň we onuň hereket etmeginiň esasy ýörelgeleri ýurduň bütin çäginde ýeke-täk bolmalydyr we ýörite kanunçylykda görkezilmelidir. Diňe hojalyk we durmuş meseleleri boýunça dürli çemeleşmeler bolup biler, onuň özi anyk ykdysady zolagy döretmek hakyndaky hökümetiň kararynda bellenilýär.

Kanunçylyk esaslary bilen bilelikde *EYZ*-ni kadalaşdyrmakda ykdysady usullar we höweslendirijiler wajyp ähmiýete eýedirler.

Erkin ykdysady zolaklaryň konsepsiýasyna laýyklykda *GDA* ýurtlarynda hem daşary ýurt, hem ýerli maýadarlar üçin ýeňillikler göz öňünde tutulýar. Şeýle ýeňilliklere şu aşakdakylar degişlidir:

– erkin zolagyň importyny we eksportyny gümrük töleginden boşatmak;

– salgytlardan we kärende töleginden tölenýän ýeňillikler;

– infrastruktura hyzmatlary üçin ýeňillik;

– önüm ýerlenilende erkin nyrhlary ulanmakdan ýeňillik;

– ykdysady zolagy dolandyrmakda ýerli we daşary ýurt maýadarlarynyň gatnaşmagyna bolan hukuk.

Maýa goýumlary çekmegi höweslendirmek maksady bilen, daşary ýurt maýadarlary erkin zolakda alan girdejisini daşary ýurda geçirenlerinde salgytlardan boşadylýar, olaryň maýa goýumlaryny goramak boýunça döwlet goşmaça kepillikleri hem-de eýeçiligi goramak boýunça çäreleri hödürleýär. Daşary ýurt maýadarlarynyň *EYZ* maýa goýumlary geçirmäge, girew goýmaga, eksport etmäge we bes etmäge hukugy bardyr.

Ykdysady zolaklarda daşary ýurt raýatlarynyň gelmeginiň we ýaşamagynyň tertibi ýeňilleşdirilendir. Mundan başga-da daşary ýurt hyzmatdaşlara döwlet sargydynyň hasabyna öndürilen önümleri içerki bazarda satmaga kepillikler şeýle-de erkin zolakda amallary maliýeleşdirmegiň çeşmelerini dünýä maliýe bazarynyň serişdelerini

çekmek bilen saýlamaga erkinlik berilýär. Olary daşary ýurt banklaryndan, kärhanalardan we guramalardan karzlary çäklendirilmezden almaga hem-de ähli görnüşli ätiýaçlandyrma geleşiklerini baglaşmak üçin daşary ýurt ätiýaçlandyryş kärhanalaryny çekmäge hukugy bardyr.

Şonuň bilen birlikde erkin zolaklaryň hereket etmeginiň walýuta guraly diňe bir daşary ýurt maýalarynyň akymyny däl-de, eýsem, olaryň hem milli ykdysadyýet, hem dünýä bazary bilen kadaly hereket etmegini we aragatnaşygyny üpjün etmäge niýetlenendir.

Zolaklarda hojalygyň içindäki dolanyşyk, köplenç, ýurduň çäginde hereket edýän walýutada amala aşyrylýar. Emma *EYZ*-niň öz walýutasy ýa-da bir döwletiň birnäçe zolagy üçin ýeke-täk walýutasy bolup biler.

Ähli ýeňillikler we höweslendiriji çäreler erkin zolagyň görnüşine baglylykda ol ýa-da beýleki görnüşde utgaşdyrylyp ulanylyp bilner.

*EYZ*-niň ösüşini dolandyrma görnüşleriniň biri-de toplumlaýyn maksatnamalar bolup durýar.

Hytaý Halk Respublikasynyň tejribesi gyzyklanma döredýär, onda birnäçe dürli zolaklar şol bir wagtda hereket edýärler.

Bu ýerde anyk görkezijiler işlenip taýýarlanylyp, olar *EYZ*-ni ýurduň galan çäginden tapawutlandyrýarlar. *EYZ*-niň kärhanalarynyň önümleri eksporta gönükdirilip, döwlet olara daşary ykdysady işi alyp barmaga uly özbaşdaklygy berýär, wizalary we rugsatnamalary almak düzgünini aňsatlaşdyrýar, maýa goýumlary çekmek, işewür gepleşikleri geçirmek üçin iň amatly şertler döredilýär.

Tehnologik taýdan öňdebaryjy hem-de eksport üçin önümleri öndürýän kärhanalara uly ýeňillikler berilýär. Şunlukda, Hytaýda ýörite ykdysady zolaklaryň tiz ösmegine ýokary tehnologiýalary çekýän, daşary ýurt maýalary gatnaşýan kärhanalara eksportdan alnan walýutany üç ýylyň dowamynda özünde galdyrmaga hukugyň berilmegi ýardam etdi. Dördünji ýyldan başlap walýuta ýerli hökümetiň we kärhanalaryň arasynda 2 : 3 gatnaşykda paýlanylýardy.

*EYZ* diňe bir ykdysadyýetiň däl, eýsem, durmuş ulgamynyň hem ösmegine ýardam berýär. Şunlukda, çetde ýerleşýän Şençžen şäherçesi

häzirki zaman şäherine öwrülip, ykdysady we medeni merkez boldy. Medeniýete, bilime, ylma we saglygy goraýşa çykdajylaryň her ýylky ösüşi, takmynan, 50% bolýardy, *HHR*-iň galan çäginde şuňa meňzeşi ýokdy. *EYZ* Hytaýda millionlarça iş orunlaryny döretdi.

## 8.2. Tebigaty goraýyş işini we tebigy serişdeleriň rejeli peýdalanylyşyny çaklamak we meýilnamalaşdyrmak

### *Ekologik-ykdysady taýdan çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň ulgamyny emele getirmek*

Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak ulgamynda tebigaty goraýyş işini we tebigy serişdeleriň rejeli ulanylyşyny çaklamaga we meýilnamaşdyrmaga wajyp orun berilmelidir. Tebigatdan peýdalanmagyň meýilnama-çaklamasyny işläp taýýarlamagyň wajyp aýratynlyklarynyň biri meýilnamalaşdyrmagyň obýekti bolup diňe bir durmuş-ykdysady hadysalaryň däl-de, eýsem, tebigy hadysalaryň hem çykyş edýändiginden ybaratdyr. Belli bolşy ýaly, tebigat hereketsiz, konserwatiw bolup, onda jemgyýetçilik durmuşyndaka görä üýtgemeler has haýal bolup geçýär. Şonuň bilen baglylykda, daşky gurşawa antropogen täsiriň mümkin bolan netijelerini öňünden bilmäge, hojalyk ösüşiniň ekologik strategiýasyny kesgitleýän uzakmöhletli maksatnamalary we çaklamalary düzmäge uly ähmiýet berilýär. Şular ýaly çaklama, ozaly bilen, hojalyk işiniň daşky gurşawyň hiline edýän täsiriniň esasy ugurlaryny we möçberlerini kesgitlemegi göz öňünde tutýar, oňa adamlaryň durmuşy we durnukly ykdysady ösüşiniň wajyp şerti hökmünde garalýar.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe sürýän tebigaty goramak boýunça syýasaty tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmaga we ähli ýerlerde ekologik ýagdaýy sagdynlaşdyrmaga gönükdirilendir. Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi bu babatda öz işini «Tebigaty goramak hakynda» hem-de «Ekologiýa seljerme-

150.0 x 225.0 mm

si hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrýar. Bu ugurda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň işi uly ähmiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasaty bilen, Türkmenistan birnäçe anyk başlangyçlaryň awtory bolup durýar. Bu başlangyçlar *BMG*-niň Baş Assambleýasynyň belent münberinden hem-de iri halkara forumlarynda, ýagny «Rio-20» Bütindünýä sammiti (Rio-de-Žaneýro, Braziliýa), Tebigy betbagtlygyň töwekgelçiliklerini peseltmek boýunça *BMG*-niň III Bütindünýä Konferensiýasy (Sendaý, Ýaponiýa), VII Bütindünýä Suw Forumy (Tagu, Koreýa Respublikasy) aýdylyp geçildi.

2014-nji ýylda kabul edilen «Ekologiýa seljermesi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde amala aşyrylýan, meýilleşdirilýän, hojalyk we beýleki işleriň obýektlerini durmuşa geçirmäge başlamazdan öň meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işleriň obýektleriniň döwlet ekologiýa seljerilmesiniň geçirilmegi hökmany talap bolup durýar. Onuň esasy maksatlary meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işleriň amala aşyrylmagynyň mümkin bolan ýaramaz netijeleriniň, olaryň daşky gurşawyň ýagdaýyna hem-de ilatyň saglygyna oňaýsyz täsiriniň öňüni almakdan we azaltmakdan, meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işleriň amala aşyrylmagy hakyndaky çözgüdiň kabul edilmeginiň öň ýanyndaky döwürlerde, şeýle hem onuň amala aşyrylmagynyň barşynda ekologiýanyň talaplaryna laýyklygyna baha bermekden we ş.m. ybaratdyr. Senagat önümçiliginiň ösüş depginleriniň artmagy, durmuş ulgamynda sarp edişiň ösmegi bilen, senagat we durmuş galyndylaryny azaltmak kynlaşýar, bu bolsa daşky gurşawyň ekologik deňagramlylygyny saklamak üçin zerurdyr. Şonuň bilen baglylykda, ýurdumyzda 2015-nji ýylda «Galyndylar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. 2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda «Ekologiýa seljermesi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Daşky gurşawy goramak boýunça amala aşyrylýan çäreleriň sanawy döwlet we beýleki maksatnamalary hem-de tebigaty goramak boýunça kanunçylygyň talaplaryny nazara almak bilen, ýurduň

150.0 x 225.0 mm

durmuş-ykdysady ösüşiniň çaklanylýan görkezijileriniň düzüminde görkezilýär. Olaryň esasy bölümleri we işläp taýýarlamagyň yzygiderliligi 10-njy suratda görkezilendir.




**10-njy surat. Tebigaty goraýyş işini we tebigatdan peýdalanmagy çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň guralyşynyň çyzgysy**

Durnukly ösüşiň milli strategiýasy tebigy serişdelere baha berýär, olary goramagyň we rejeli peýdalanmagyň ýollaryny kesgitleýär, şolar ýaly ösüşe geçiş guralyny amala aşyrmak boýunça hökümete ylmy taýdan esaslandyrylan maslahatlary özünde saklaýar.

150.0 x 225.0 mm

Umuman, ekologik-ykdysady çaklama we meýilnamalaşdyryş daşky gurşawy goramak babatda döwlet syýasatynyň esasynda düzülýär. Onuň esasy ugurlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– tebigy serişdeleriň ähli görnüşlerine döwlet eýeçiliginiň ilerlemegi;

– goralýan tebigy çäkleriň ulgamyny döretmek bilen utgaşyklylykda ýurduň bütin çäginde daşky gurşawy, janly we jansyz tebigatyň obýektlerini goramak;

– daşky gurşawyň ýagdaýyna, tebigy serişdeleriň goralyşyna we ulanylyşyna döwlet gözegçiligi;

– taslama edilýän, gurulýan hem-de ulanylmaga berilýän hojalyk desgalaryna döwlet ekologiýa seljerilmesi;

– daşky gurşawyň goralmagyny üpjün edýän ykdysady gural, ol tebigatdan peýdalanmagyň töleglilini, tebigaty goraýyş işiniň ýeňillikli karzlaşdyrylmagyny we salgyt salynmagyny, tebigy serişdeleri tygşytlamagyň höweslendirilmegini, energiýany aýawly saklamagy, önümçiligiň we sarp edişiň galyndylaryny gaýtadan işlemegi we ýok etmegi öz içine alýar;

– tebigaty goramak babatda kanunçylygyň bozulmagy üçin jogapkärçilik çäreleriniň ulgamy, onuň kämilleşdirilmegi.

Tebigaty goraýyş işini ösdürmegiň maksatlary we wezipeleri tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagyň we daşky gurşawy goramagyň milli Maksatnamasynda aýdyňlaşdyrylýar.

Tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagyň we daşky gurşawy goramagyň milli Maksatnamasy, adatça, birnäçe esasy maksatly bölümlerden durýar: tebigaty goramak babatda kanunçylyk, kadalar üpjünçiligi (hil standartlary, ekologik kadalar), maglumat üpjünçiligi (ekologik monitoring, kadastr), tebigatdan peýdalanmagyň ykdysady kadalaşdyrylyşy, eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmakda we hususylaşdyrmakda ekologik çäreler, ekologik howpsuzlyk we beýlekiler. Ýurduň ykdysadyýetiniň aýry-aýry pudaklarynyň - energetikanyň, ulag ulgamynyň, oba hojalygynyň ekologik jähtleri tapawutlandyrylýar. Maksatnamanyň çäreleriniň maliýeleşdirilmegi, esasan, kärhanalaryň serişdeleriniň, bank karzlarynyň, tebigaty

150.0 x 225.0 mm

goramagyň býujetden daşary gaznalarynyň, daşary ýurt maýa goýumlarynyň hem-de býujetiň hasabyna göz öňünde tutulýar.

Ekologik meseleleriň çözgüdi çuň we hemmetaraplaýyn toplumlaýyn ylmy-barlaglaryň geçirilmegini talap edýär. Munuň üçin tebigatdan rejeli peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça Döwlet ylmy-tehniki maksatnamasyny işläp taýýarlamak gerek. Maksatnamanyň baş maksady daşky gurşawy netijeli goramaga gönükdirilen öz tebigy serişdeleri bilen ýurduň öz-özüni üpjün etmeginiň derejesiniň ýokarlanmagyny, ekologiýa taýdan howpsuz we serişdeleri tygşytlaýjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny we tebigy ekologik ulgamlara antropogen täsiriň azaldylmagyny üpjün edýän ylmy we tehniki çözgütleri esaslandyrmakdan ybarat.

Maksatnamalar işlenip taýýarlanylanda maksatnama – maksatly usul beýleki usullar (kadalar, balans we beýlekiler) bilen utgaşyklylykda giňden ulanylýar, çaklama hasaplamalary bilermenleriň baha beriş, modelirleme we beýleki usullaryny ulanmak bilen amala aşyrylýar.

### *Tebigy serişdeleriň aýry-aýry görnüşlerinden rejeli peýdalanmak we daşky gurşawy goramak çaklamak hem-de meýilnamalaşdyrmak*

Tebigy serişdeleriň aýry-aýry görnüşlerinden rejeli peýdalanmagyň we daşky gurşawy goramagyň çaklanylyşy we meýilnamalaşdyrylyşy serişdäniň her görnüşiniň: suw, tokaý, mineral çig mal we beýlekileriň aýratynlyklary, ähmiýeti, möçberiniň we hiliniň üýtgemegi hasaba alnyp amala aşyrylýar. Şeýle-de tebigy serişdeler bilen üpjünçilige baha berilýär, olary goramak we rejeli peýdalanmak boýunça anyk çäreler bellenilýär. Çaklamagyň we meýinamalaşdyrmagyň obýektleri bolup, köplenç, tebigy serişdeleriň şu aşakdaky görnüşleri we tebigy düzüm bölekler çykyş edýär.

*Atmosfera howasy.* Atmosferany goramak stasionar çeşmelerden we hereket edýän ulag serişdeleriniň ähli görnüşlerinden bölünip çykýan gazlar bilen atmosfera düşýän (zyňylýan) zyýanly maddalaryň möçberini azaltmaga gönükdirilen birnäçe çäreleriň geçiril-

150.0 x 225.0 mm

megini göz öňünde tutýar. Atmosfera howasynyň hapalanmagynyň iri çeşmelerine senagat kärhanalary, aýratyn hem, elektroenergetika, himiýa we nebit-himiýa, gurluşyk materiallarynyň önümçiligi, maşyngurluşygyň aýry-aýry görnüşleri degişlidir.

Howa gurşawynyň hiline baha bermek üçin hapalaýjy maddalaryň çäkli ýol berilýän konsentrasiýasynyň we biosferanyň düzüm böleklerine, şol sanda adamyň zyýanly täsir edişiniň ekologik kadalary ulanylýar.

2016-njy ýylyň 26-njy martynda «Atmosfera howasyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu Kanun atmosfera howasyny hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryndan goramagyň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge hojalyk we beýleki işleriň, daşky gurşawa hem-de ilatyň saglygyna ýetirýän zyýanly täsiriniň öňüni almaga gönükdirilendir.

Atmosfera howasyny goramak boýunça tebigaty goraýyş çäreler meýilnamalaşdyrylanda, şäherleriň we beýleki ilatly nokatlaryň howa gurşawy kadalaşdyrylanda hapalaýjy maddalaryň çäkli ýol berilýän zyňyndylaryň ekologik kadalary hem ulanylýar. Awtomobil ulagynyň we beýleki ulag serişdeleriniň işlenilen gazlarynda saklanýan zyýanly maddalaryň atmosfera zyňylmagy ulanylýan awtoulaglaryň sany (şäherde, sebitde, ýurtda) hem-de işlenilen gazlarda zäherli maddalaryň konsentrasiýasy bilen kesgitlenilýär. Ulanylýan awtoulaglaryň sanynyň çaklanylýan ösüşi içinden ýandyrylýan hereketlendirijileriň ekologik görkezijileriniň gowulandyrylmagyny talap edýär.

Geljekde zyýanly maddalaryň howa giňişligine udel zyňyndylarynyň artmagyna ýol bermezlik we olaryň azaldylmagyny üpjün etmeklik wajypdyr. Şunuň bilen baglylykda, atmosfera howasyny goramak babatda çäkler, ýagny hapalanmagyň stasionar we hereket edýän çeşmeleri tarapyndan atmosfera howasyna zyňylýan hapalaýjy maddalaryň mukdar çäklendirmesi hem-de şol zyňyndylaryň umumy möçberiniň azaldylmagy; atmosferada zäherli maddalary saklaýan we

zyýansyzlandyrýan desgalary işe girizmek we şol maksatlar üçin zerur maýa goýumlar kesgitlenilýär.

*Suw serişdeleri.* Suw serişdeleriniň peýdalanylyşyny çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň deslapky binýady suw kadastrynyň hem-de suw hojalyk balansynyň, suwy toplumlaýyn peýdalanmagyň we goramagyň çäk çyzgylarynyň ulgamy boýunça suwuň harçlanylyşynyň hasap maglumatlaryndan, şeýle-de derýalaryň howuzlary boýunça suwuň sarp edijileriniň arasyndaky suwuň gaýtadan paýlanylyşynyň taslamalaryndan durýar. *Suw kadastry* – bu suw serişdeleri we suwlaryň hili, suwy ulanyjylary we sarp edijileri, olaryň sarp edýän suwlarynyň möçberi baradaky maglumatlaryň ulgamlaýyn ýygnalyşydyr. 2016-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Suw kodeksi kabul edildi. Bu Kodeks ýuridiki we fiziki şahslaryň suw serişdelerine bolan zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksady bilen, suwlary durnukly hem-de rejeli peýdalanmak babatda gatnaşyklary düzgünleşdirýär we suw serişdeleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmaga, suwlary hapalamakdan we egsilmekden goramagy üpjün etmäge, suwlaryň ýaramaz täsiriniň öňüni almaga we ýok etmäge, suw obýektleriniň ýagdaýyny dikeltmäge we gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Suw serişdelerinden peýdalanmagyň çaklamasy suw-hojalyk balansynyň hasaplanylyşyna esaslanýar, onuň düzümine serişde we çykdajy bölümler girýär. Suw hojalyk balansynyň serişde (girdeji) bölüminde sarp edilip bilinjek suwlaryň ähli görnüşleri (tebigy akym, suwu saklanýan ýerlerinden gelşi, ýerasty we yzyna gelýän suwlar) hasaba alynýar. Balansyň çykdajy bölüminde ekologik talaplary, suw howdanlarynyň zerur arassaçylyk ýagdaýyny üpjün etmek üçin derýalarda geçiriji akymynyň saklanylmagyny nazara alyp, halk hojalygynyň pudaklary boýunça suwa bolan zerurlyk kesgitlenilýär. Balans hasaplamalarynyň netijeleri akymyň garaşylýan ätiýaçlygyny ýa-da ýetmezçiligini (defisitini) kesgitlemekden ybarat bolup, onuň esasynda çaklamak döwründe halk hojalygyny suw bilen üpjün etmek boýunça çäreler işlenip taýýarlanylýar. Şunda suwsuz tehnologik prosesleri kämilleşdirmegiň we ornaşdyrmagyň, suwy gaýtadan yzygi-

derli peýdalanma ulgamlarynyň ösüşi, suw üpjünçiik çyzgylaryny kämilleşdirmegiň we beýleki şoňa meňzeş çäreleriň hasabyna ýerüsti we ýerasty suw çeşmelerinden arassa suwuň alynmagynyň azalmagyny häsiýetlendirýän görkezijiler göz öňünde tutulýar.

Geljekki döwür üçin suwuň sarp edilişini çaklamak ilaty, senagaty, oba hojalygyny we ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryny suw bilen üpjün etmegiň hasaplamalaryna esaslanýar. Hojalyk-içimlik hem-de jemagat zerurlyklary üçin suwy sarp etmegiň möçberi şäher ilatynyň sany we bir ýaşaýja hojalyk-içimlik suwuň sarp edilişiniň kadalary bilen kesgitlenilýär. Senagatyň zerurlyklary önümçiligiň möçberiniň hem-de suwy sarp etmegiň kadalarynyň hasaplamalarynyň esasynda kesgitlenilýär. Aýry-aýry kärhanalaryň (guramalaryň) suwa bolan zerurlygyny kesgitlemek, suwy goýbermegiň çäklerini kesgitlemek üçin şahsy kadalar ulanylýar. Oba hojalygynyň suw üpjünçiliginiň zerurlyklaryna suwy sarp etmegiň çaklanylýan möçberine oba ilatynyň, maldarçylygyň suwa bolan zerurlygy, oba hojalyk çig malyny gaýtadan işlemek boýunça oba hojalyk kärhanalarynyň we önümçilikleriniň hojalyk zerurlyklary girizilýär. Uzak möhletleýin çaklamalarda suwy sarp etmegiň möçberi geljekki kadalar boýunça hasaplanylýar, olar suwsuz tehnologk prosesleriň, täze enjamlaryň kämilleşdirilmegini we işe girizilmegini, suw bilen üpjünçiligiň aýlanyşyk we akdyrylmaýan ulgamlaryň ösüşini, tebigy serişdeleri peýdalanmakda ylmy-tehniki ösüşiň beýleki gazananlaryny hasaba alýarlar.

Suw serişdelerini rejeli peýdalanmagyň meýilnamalaşdyrylyşy akdyrylýan hapa suwlar bilen suw desgalarynyň hapalanyşynyň öňüni almaga gönükdirilen çäreler ulgamyny hem öz içine alýar. Akdyrylýan hapa suwlar - adamyň hojalyk we önümçilik işinde peýdalanylandan soňra emele gelýän suwlardyr.

Sebitlere ýa-da aýratyn ministrliklere, pudak edaralaryna we kärhanalara suw serişdelerini peýdalanmak we goramak boýunça tabşyryklar berilýär, olar aýlanyşyk hem-de yzygiderli ulanylýan suwuň peýdalanylyşynyň, ýerüsti suw howdanlaryna akdyrylýan hapa suwlaryň (hapalanan, kadaly-arassalanan, kadaly-arassa akdyrylýan hapa suwlary görkezmek bilen), süzüji meýdanlara, ýygnaýjylara,

150.0 x 225.0 mm

çukurlara ýygnalýan ýerlere akdyrylýan hapa suwlaryň möçberlerini, akdyrylýan hapa suwlary arassalamak üçin desgalaryň hem-de dolanyşyk suw üpjünçlik ulgamlaryň işe girizilmegini öz içine alýar.

*Ýer serişdeleri.* Ýerleri goramak we rejeli peýdalanmak boýunça çäreler meýilnamalaşdyrylanda maglumat esas hökmünde döwlet ýer kadastrynyň ýerleriň tebigy, hojalyk we hukuk ýagdaýy baradaky ulgamlaşdyrylan maglumatlarynyň jemi ulanylýar. Ýer kadastrynyň düzümine ýer eýeleri, ýer ulanyjylary, meýdanlaryň derejeleri, ýerleriň hil häsiýetnamasy we halk hojalyk gymmaty hakyndaky maglumatlar girýär. 2017-nji ýylyň 25-nji noýabrynda «Döwlet ýer kadastry hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Şu Kanun Döwlet ýer kadastry babatda işiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny belleýär.

Ýeri peýdalanmagyň netijeliliginiň ýokarlanmagy halk hojalygynyň ulgamlary we pudaklary boýunça ýerleriň amatly paýlanylyşy bilen baglanyşyklydyr. Ýer serişdeleriniň goralyşy «ýerleriň peýdalanylyşyny ýaramly ýagdaýa getirmek» hem-de «ýer serişdelerini goramaga we rejeli peýdalanmaga degişli maýa goýumlar» ýaly görkezijiler bilen ulanylýar.

*Tokaý we beýleki biologik serişdeleri.* Halk hojalyk ähmiýetine laýyklykda, tokaýlar iki topara bölünýär. Birinji topary, esasan, suwy goraýan, gorag, arassaçylyk hem-de sagaldyş wezipelerini ýerine ýetirýän tokaýlar, ikinji topary hem suwy goraýan, gorag hem-de howany kadalaşdyrýan wezipeleri ýerine ýetirýän ulanyşdaky tokaýlar düzýär. Ýaş toparlary boýunça agaçlar: ýaş, orta ýaşly, ýetişýän, ýetişen hem-de köp durup zaýalanan görnüşlere bölünýär.

Önümçilik serişdesi we tebigy toplum hökmünde tokaýyň ekologik-ykdysady ähmiýeti, ýagdaýy we özboluşlylygy tokaýlary goramagyň we tokaý agaçlaryny rejeli peýdalanmagyň çaklama we meýilnamalaşdyrma özboluşlylygyny şertlendirýär.

Tokaýy peýdalanmagyň düzgüni, ilkinji nobatda, çapylan agaç meýdanlarynyň möçberi bilen kesgitlenilýär. Hasaplanan (çapylan) agaç meýdanlary - bu her ýylda çapylýan tokaý möçberiniň kadasy ýa-da tokaý materiallaryny taýýarlamak üçin soňky üznüksiz önümçilikden alnyp bilinjek taýýar önümiň mukdary. Ol ýetişen agaçlaryň

150.0 x 225.0 mm

barlygyndan, oňa bolan zerurlykdan, üznüksiz önümçiligiň häsiýetinden hem-de tokaýy üznüksiz we tükeniksiz peýdalanmagyň ýörelgesini berjaý etmekden ugur alnyp hasaplanylýar. Hasaplanýan (çapylýan) agaç meýdanlarynyň çäklerinde tokaýyň ulanylyşy tokaý serişdelerini netijeli ulanmagyň zerur şerti bolup durýar.

Tokaýy rejeli peýdalanmak tokaýlaryň çapylmagyny hem, dikeldilmegini hem göz öňünde tutýar. Tokaý serişdeleriniň häzirki zaman üznüksiz önümçiligi agaçlary oturtmak boýunça tokaý hojalyk çäreleriniň zerur möçberlerde geçirilmegi, tebigy täzelenmegine ýardam berilmegi, ýaş nahallara ideg edilmegi, nahalhanalaryň döredilmegi we giňeldilmegi bilen üpjün edilýär.

Tokaý serişdelerini ýangyndan goramak meselesi ýiti mesele bolup durýar. Ony çözmek maksady bilen döwlet maksatnamalary işlenip taýýarlanylýar. Has netijelisi tokaýlary awiasiýa bilen ýangyndan goramak hasaplanylýar, ol ilki bilen köp tokaýly we az ilatly etraplarda ulanylýar. Mundan başga-da, beýleki tebigaty goraýyş çäreleri hem ulanylýar, meselem, tokaýy zyýan berijilerden we kesellerden goramagyň biologik usuly.

Tokaý serişdeleriniň goralmagy tokaýlary zyýan berijilerden we kesellerden biologik usullar hem-de awiasiýa bilen ýangyndan goralmagyny öz içine alýar.

Çaklama we meýilnamalaşdyryş biologik serişdeleriň beýleki görnüşlerine hem ýaýraýar. Esasy maksat – ýurduň haýwanat dünýäsiniň biologik köpdürlüligini saklamakdan, biologik serişdeleri rejeli peýdalanmakdan, awlanylýan haýwanlaryň amatly sanyny gazanmakdan ybarat.

Biologik serişdeleri goramagyň çaklanylýan we meýilnamalaşdyrylýan görkezijileriniň ulgamynda ýabany haýwanlary goramagyň we köpeltmegiň görkezijileri esas bolup durýar, olar ýabany haýwanlaryň esasy görnüşleriniň mukdaryny hem-de amatly sany bilen olaryň göterim gatnaşygyny görkezýärler. Amatly san meýdanlaryň iýmlik binýadynyň göwrüminden, öňki ýyllarda sanyň ösüşinden, howa şertlerinden we beýleki ýagdaýlardan ugur alnyp 10 ýyla hasaplanylýar.

Ýabany haýwanlary goramak we köpeltmek boýunça biotehnik çäreler göz öňünde tutulýar. Biologik köpdürlüligi goramakda aýratyn goralýan tebigy ýerlere esasy orun degişli.

Biologik serişdeleriň goralyşy awlanylýan haýwanlaryň esasy görnüşleriniň amatly sanyny gazanmagyň derejesi hem-de döwlet goraghanalaryny we milli seýilgähleri guramak boýunça maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär.

*Mineral-çig mal serişdeleri* – bu serişdeler mineral gelip çykyşly bolan tebigy maddalar bolup, energiýany, çig maly we materiallary öndürmek üçin ulanylýar. Mineral-çig mal serişdeleriniň birlik obýekti bolup, adatça, peýdaly magdanlaryň ýataklary çykyş edýär.

Tebigaty rejeli peýdalanmagyň çaklanylyşy we meýilnamalaşdyrylyşy mineral çig malyň barlag hem-de gazyp alnyşynyň ýagdaýyna baha bermek bilen berk baglanyşyklydyr. Ýataklaryň netijeliligi kesgitlenilende olara mukdar we hil taýdan baha berilýär. *Mineral serişdelerine mukdar taýdan baha bermek* ýüze çykarylan we barlanylan peýdaly magdanlaryň gorlary bilen amala aşyrylýar. Onuň esasynda gazylyp alynýan senagatyň kärhanalarynyň ululygy we olaryň hereket ediş möhleti kesgitlenilýär. Ýataklara hil taýdan baha bermek ýataklaryň çuňlugyny, peýdaly düzüm bölekleriň düzümini, gazyp almagyň öňdebaryjy tehnologiýasyny ornaşdyrmagyň mümkinçiligini we ş.m. häsiýetlendiýän görkezijileri deňeşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

Peýdaly magdanlaryň gorlary olaryň halk hojalygynda ulanmak üçin ýaramlylygy boýunça balans we balansdan daşary görnüşlere bölünýär. Balans görnüşine tehnikanyň we ykdysadyýetiň häzirki zaman derejesinde işläp taýýarlanylmagy maksadalaýyk gorlar, *balansdan daşary görnüşlerine* – bar bolan tehnikada netijeli ulanyp bolmaýan gorlar degişlidir. Şeýle-de çaklanylýan geologik gorlaryň topary bolýar, olara, takmynan, mümkin bolan görnüşde baha berilýär.

Ýerasty baýlyklary goramagyň we mineral serişdeleri rejeli peýdalanmagyň çaklanylyşy we meýilnamalaşdyrylyşy gazylyp alynýan we gaýtadan işleýän pudaklaryň geologiýa-barlag işleriniň

ösüşiniň geljegi, bütin ýurt boýunça tebigaty goraýyş çäreleriniň geçirilmegi bilen gös-göni baglanyşyklydyr.

Geljekki meýilnamalar we çaklamalar mineral çig maly gazyp almagyň, gaýtadan işlemegiň we peýdalanmagyň ekologiýa taýdan howspuz we ykdysady taýdan netijeli tehnologiýalaryny işläp taýýarlamagy, ulanylýan ýataklardan peýdaly magdanlary gazyp almagyň koeffisiýentini ýokarlandyrmagy öz içine alýar.

### *Tebigaty goramak işiniň we tebigatdan peýdalanmagyň çäk we pudaklaýyn çaklamasy we meýilnamalaşdyrylyşy*

Tebigaty goramagyň çaklamasy we meýilnamalaşdyrylyşy çäk we pudaklaýyn derejelerde hem amala aşyrylýar. Döwlet derejesindäki çäk çaklamasy we meýilnamalaşdyrylyşy çägiň ekologik göwrümini hasaba alyp, ýurduň öndüriji güýçleriniň ekologik taýdan esaslandyrylan ösüşini we ýerleşişini üpjün etmäge gönükdirilendir. Ýerlerde daşky gurşawy goramagyň meýilnama-çaklamalary jemgyýetçilik ekologik guramalaryň gatnaşmagynda degişli çäk ýerine ýetiriji dolandyryş edaralary tarapyndan işlenip taýýarlanylýar. Işlenip taýýarlanylýan «Ekologiýa» çäk maksatnamalary we olarda göz öňünde tutulýan çäreler Tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmagyň we daşky gurşawy goramagyň milli Maksatnamasynyň esasy düzgünleri bilen baglanyşýarlar. Senagat we oba hojalyk çäkler, şäheriň etegindäki zolaklar, şypahanalar, köpçülikleýin dynç alyş we syýahatçylyk etraplary üçin ýerine ýetirilýän taslama-meýilnamalaşdyryş işleri hökmany tertipde tebigaty goraýyş çäreleriň toplumyny öz içine alýar.

Tebigaty goramagyň pudaklaýyn meýilnamalaşdyrylyşy ministrlikler, pudak edaralary, birleşikler we kärhanalar tarapyndan geçirilýär, çäk meýilnamalarynyň esasy görkezijileri bilen ylalaşdyrylýar we köplenç, tebigy serişdeleriň aýry-aýry görnüşlerini rejeli peýdalanmagyň meseleleri bilen utgaşdyrylýar.

Kärhanalarda, ilki bilen daşky gurşawa güýçli ýaramaz täsirini ýetirýän kärhanalarda tebigaty goramagyň maksatnamalary özbaşdak işlenip taýýarlanylýar.

Tebigaty goramagyň çaklamasynyň we meýilnamalaşdyrylyşyny obýektleri bolup hem aýry-aýry tebigy toplumlar, hem ekologik ulgamlar çykyş edýär.

Tebigaty goramagyň işjeň syýasatynyň geçirilmegi, ekologik ýagdaýyň düýpli sagdynlaşdyrylmagy uly maliýe we maddy serişdeleri talap edýär. Dünýäniň dürli ýurtlarynda geçirilen hasaplamalar ekologik ýagdaýy durnuklylaşdyrmak üçin her ýyl JIÖ-niň 3,0%-e çenli bölünip berilmeginiň talap edilýändigini görkezýär.

Tebigaty gorama çäreleriniň saýlanylyşy çykdajylaryň hemmetaraplaýyn ykdysady taýdan esaslandyrylmagyny talap edýär.

Ykdysady netijeliligiň $Y_n$ hasaplanylyşy şu formula boýunça amala aşyrylýar:

$$Y_n = \frac{Ý_i + \Delta A - Ç}{MG}, \tag{75}$$

bu ýerde: $Ý_i$ – tebigaty gorama çärelerini geçirmegiň netijesinde öň alnan (aradan aýrylan) birýyllyk çekilen ykdysady zyýan; $\Delta A$ – akdyrylýan hapa suwlar, işlenilen gazlar arassalananda maddalary peýdalanmakdan gelýän birýyllyk girdejiniň artyşy; $Ç$ – tebigaty goramagyň obýektiniň ulanylyşyna edilýän häzirki çykdajylar; $MG$ – gurulýan desganyň smeta boýunça gymmaty (tebigaty goramagyň çäresini amala aşyrmaga edilýän maýa goýum çykdajylary).

## 8.3. Telekeçilik işiniň ösüşini meýilnamalaşdyrmak we monopoliýa garşy syýasaty esaslandyrmak

### *Telekeçilik işiniň ösüşini meýilnamalaşdyrmak*

*Telekeçilik* – işewürligi guramagyň we ony dolandyrmagyň hadysasy. Telekeçilik işiniň ösüşi diňe bir halk hojalygynyň aýry-aýry pudaklarynyň däl-de, eýsem, ýurduň tutuş ykdysadyýetiniň ykdysady geljegine täsir etmäge we hat-da ony doly üýtgetmäge-de ukyplydyr. Munuň özi önümleri öndürmegiň, işleri ýerine ýetirmegiň we hyzmatlary etmegiň ösüşiniň we kämilleşdirilişiniň güýçli höweslendirijisidir. Telekeçilik – pul serişdelerini, enjamlary, materiallary we

işçi güýjüni täze önüm, iş we hyzmat görnüşdäki netijäni almak, bar bolan önümçilik hadysasyny kämilleşdirmek, önümçiligi, zähmeti we dolandyryşy guramagy gowulandyrmak üçin bir ýere birleşdirmäge mümkinçilik berýän adamzat işiniň aýratyn görnüşidir. Telekeçilik işi döwlete degişli bolmadyk kärhanalary döretmek we işletmek, ýuridik şahsy döretmezden hususyýetçi – telekeçileriň işi bilen berk we gös-göni baglanyşyklydyr. Täze kärhanany döretmek hyjuwlylygy, dogumlylygy, düşgürligi, başlangyçlary, döredijilikli çemeleşmäni, işiň üstünlilkliligine ynamy talap edýär.

Ýurtlaryň köpüsi telekeçiligi, şol sanda kiçi telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň ýolundan barýarlar. Bu maksatlar üçin telekeçiligi ösdürmegiň döwlet maksatnamalary işlenip taýýarlanylýar, olarda *kiçi* (kiçi kärhanalar we hususyýetçi-telekeçiler), *orta* (çäklendirilen we goşmaça jogapkärçilikli jemgyýetler, ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri) we *iri* (açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri, iri döwlet kärhanalaryny özleşdirmek arkaly döredilýän birleşikler) işewürlikleri goldamak boýunça bölümler görkezilýär. Bu maksatnamalar işlenip taýýarlanylanda çendenaşa düzgünleşdirmä ýol berilmeli däldir. Telekeçilik ýörelgelerinde hojalygyň täze subýektlerini döretmek boýunça meýilnama-tabşyryklary kesgitlemegiň ýerine täze telekeçilik gurluşlaryny işe girizmek üçin şertleri döretmek zerurdyr.

2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Kanunda kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň esasy ýörelgeleri we görnüşleri, kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri, kiçi we orta telekeçilik çygrynda döwlet tarapyndan düzgünleşdirnek, kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň esasy ugurlary, döwlet we welaýat maksatnamalary, kiçi we orta telekeçiligiň maliýeleşdirilişi, gümrük ýeňillikleri, kiçi hem-de orta telekeçiligiň subýektleriniň harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) döwlet tarapyndan satyn alynmagyna gatnaşmagy, bäsdeşligiň ösdürilmegi we monopoliýa garşy iş, kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň işiniň hukuk goragynyň kepillikleri kesgitlenilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» diýen işinde şeýle bellenilýär: «Döwlete degişli bol-

madyk ulgamyň jemi içerki önüme goşandyny 2020-nji ýylda 70%-e çenli artdyrmak (ÝET hasaba alynmanda) wezipe edilip goýuldy. Bu wezipäni durmuşa geçirmek üçin diňe döwlet tarapyndan hususy kompaniýalar bilen baglaşylýan şertnamalar esasynda döräm hyzmatdaşlygy giňeltmek bilen çäklenmän, eýsem, bu hyzmatdaşlyk ýurdy ösdürmäge niýetlenen maksatnamalary durmuşa geçirmekde kanunçylyk we guramaçylyk babatda hem ysnyşykly bolmalydyr. Bu ugurda eýýäm öňegidişlik gazanyldy».

### *Monopoliýa garşy syýasatyň esaslandyrylyşy*

Bazar ykdysadyýetinde hojalyk subýektleri alyş-çalyş arkaly özara gatnaşýarlar, onuň dowamynda islendik öndürilen harydyň, ýerine ýetirilen işiň, edilen hyzmatyň hakyky gymmaty ýüze çykarylýar. Emma bu diňe bäsdeşlik gurşawynyň şertlerinde bolup geçýär. Bäsdeşligiň ýok şertlerinde önümleriň hakyky gymmaty ýoýulýar, monopolistiň nähak artykmaçlyklary almagyna getirýär. Bazar ykdysadyýeti öz-özüni doly we ynsaply bäsdeşligi kepillendirmeýär. Sarp edijiniň utup biljek bazarlardaky bädeşliginiň üpjünçiligi barada döwlet alada etmelidir. Bazaryň bäsdeşlik gatnaşyklary döwletiň ykdysady we syýasy çäreleri bilen kesgitlenilmelidir hem-de goldanylmalydyr.

Monopoliýa garşy düzgünleşdiriş öndürijileriň erkin bäsdeşliginiň ösüşine, bazardaky monopol ýagdaýyň hasabyna hyýanat edilmegine ýol berilmezligine ýardam berýär. Monopoliýa ol ýa-da beýleki harydyň bir satyjysy we köp alyjysy (arassa monopoliýa) ýa-da bir alyjy we köp satyjylar (monopsoniýa) bolan bazar ýagdaýydyr. Şolar ýaly ýagdaý monopolist satyjy ýa-da alyjy üçin çynlakaý artykmaçlyklary döredýär, sebäbi ol önüm taýýarlamaga edilen çykdajylary birnäçe esse ýokarlandyrýan nyrhlary belläp bilýär. Netijede, sarp edijiler ýa-da öndürijiler zyýan çekýärler, çünki harytlary ýokary nyrhlardan satyn almaly ýa-da önümleri örän pes nyrhlar boýunça satmaly bolýarlar. Bazardaky ähli mümkin bolan ýagdaýlardan diňe erkin bäsdeşlik diýip atlandyrylýan, ýagny öndüriji hem, sarp ediji hem öz monopol ýagdaýyndan peýdalanyp bilmeýän ýagdaýlara isleg bildirýär.

150.0 x 225.0 mm

Bazaryň monopollaşmak derejesiniň esasy görkezijisi bolup bazardaky iň iri kärhanalaryň umumy paýy $CR_k$ *(concentration ratio)* çykyş edýär:

$$CR_k = \frac{\sum_{i=1}^{k} Q_i}{\sum_{i=1}^{n} Q_i}, \qquad (76)$$

bu ýerde: $Q_i$ – $i$ kärhananyň önümleriniň ýerlenilişiniň gymmat ýa-da natural görnüşdäki möçberi; $k$ – şol bazarda önümleri ýerleýän iň iri kärhanalaryň umumy sany.

*ABŞ*-da $CR_k$ 0,75-den ýokary bolan ýagdaýynda bazaryň monopollaşmagy sebäpli kärhanalaryň birleşmegine hem-de siňmegine çäklendirmeler girizilýär.

$CR_k$ koeffisiýentleri köp ýurtlaryň monopoliýa garşy düzgünleşdirmegiň tejribesinde ulanylýar. *ABŞ*-da we Fransiýada 4, 8, 20, 50 we 100, Germaniýada, Angliýada, Kanadada – 3, 6, 10 sany öňdebaryjy kärhanalar üçin hasap ýöredilýär.

Agdyklyk edýän ýagdaýy ykrar etmek üçin hojalyk subýektiniň paýynyň bellibir harydyň degişli bazaryndaky çäkli ululykdan ýokary ýeterlik şert hasaplanylýar *(22-nji tablisa)*.

*22-nji tablisa*

**Bazarda öndürijileriň agdyklyk edýän ýagdaýyny ykrar etmegiň şertleri**

| Bazarda iri hojalyk subýektleriniň sany | Bazarda iň az çäkli paýy | |
|---|---|---|
| | Önümçilik-tehniki maksatly önümlerden başga önümleri öndürijileriň paýy | Önümçilik-tehniki maksatly önümleri öndürijileriň paýy |
| 1 | 0,30 | 0,45 |
| 2 | 0,54 | 0,67 |
| 3 | 0,78 | 0,86 |
| 4 | 0,95 | 1,00 |

Bu sepgitlere ýetilmegi ylaýta-da onuň artdyrylmagy hojalyk subýekti ýa-da olaryň toparlaryny Monopolistleriň Döwlet sa-

150.0 x 225.0 mm

nawyna girizmek üçin esas bolup durýar. Haryt bazarynda hojalyk subýektleriniň biriniň ýa-da toparynyň paýy peselse we ýokarda görkezilen çäkli ähmiýetlerden az bolan ýagdaýy olary Döwlet sanawyndan çykarmak üçin esas bolar.

Bazara geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda (öňki sosialistik ýurtlar) monopoliýa garşy syýasat uly ähmiýetlidir, sebäbi bu ýurtlarda bäsdeşlik düýbünden ýokdy, kärhanalaryň hemmesi umumydöwlet ýa-da ýerli bazarlarda monopolistler bolup durýardylar.

150.0 x 225.0 mm

# IX BAP
# HARYTLARA BOLAN ISLEGI ÖWRENMEK WE ÇAKLAMAK BOÝUNÇA MESELELER

## 9.1. Harytlara bolan islegi öwrenmek we çaklamak boýunça ýumuşlar

### Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýet we guramaçylyk esaslary. Ykdysady çaklamalaryň manysy, zerurlygy we toparlara bölünişi barada

**9.1-nji ýumuş.** Senagat önümleriniň maddy balansynyň düzümini çyzmaly.

| *Serişdeler* | *Paýlanylyşy* |
|---|---|
| | |

**9.2-nji ýumuş.** Ykdysady ulgamlaryň häsiýetnamasynyň we görnüşleriniň arasyndaky laýyklygy kesgitlemeli.

| Ykdysady ulgamlaryň häsiýetnamasy | Ykdysady ulgamlaryň görnüşleri |
|---|---|
| a) eýeçilik görnüşleriniň köplügi | 1) administratiw-buýruk görnüşli ykdysadyýet |
| b) önümçilige we paýlanyşyga döwlet tarapyndan gözegçilik | 2) bazar ykdysadyýeti |
| ç) isleg we teklip kanunynyň hereket etmegi | |
| d) merkezleşdirilen nyrhyň emele getirilişi | |
| e) haryt öndürijileriň ykdysady garaşsyzlygy | |

Görkezilen tablisa saýlanan sanlary ýazmaly.

| a | b | ç | d | e |
|---|---|---|---|---|

## Ykdysady ösüşi, ykdysadyýetiň gurluşyny, nyrhlary, hümmetsizlemäni we maliýäni çaklamak we meýilnamalaşdyrmak baradaky meseleleri çözmek

**9.3-nji ýumuş.** Hakyky, nominal *JIÖ* we çaklanylýan döwürde *JIÖ*-iň nyrhlarynyň indeksini (deflýatoryny) hasaplamaly. Binýatlyk döwürde *JIÖ* 33 *trln* manada barabar. Çaklanylýan döwürde onuň ösüşiniň depgini 110%. Sarp ediş nyrhlary 17% -e, lomaý nyrhlary – 14% -e, eksport (import) nyrhlary – 13% -e ýokarlanar. *JIÖ*-de soňky sarp edilişiniň paýy – 81%, maýa goýumlaryň paýy – 23%, eksport (import) saldosynyň paýy – 4% derejede çaklanylýar.

**9.4-nji ýumuş.** Çaklanylýan döwürde *JIÖ*-ni onuň ahyrky ulanylyşynyň bölekleri boýunça maglumatlaryň esasynda hasaplamaly. Öý hojalyklaryň sarp ediş çykdajylary 25,7 *trln* man, döwlet çykdajylary – 8,5 *trln* man, jemi ýygnama – 9,7 *trln* man, harytlaryň we hyzmatlaryň eksportynyň (importynyň) saldosy – (– 1,7 *trln* man).

**9.5-nji ýumuş.** Çaklanylýan döwürde hümmetsizlenmäniň garaşylýan depginini kesgitlemeli. Binýatlyk döwründe sarp ediş nyrhlaryň indeksi 115%, çaklanylýan döwürde 117 % göz öňünde tutulýar.

**9.6-njy ýumuş.** Çaklanylýan döwürde hümmetsizlenmäniň indeksini kesgitlemeli. Binýatlyk döwürde ilatyň pul girdejileri 24,3 *trln* man, bölek-satuw söwda haryt dolanyşygyň möçberi – 15,8 *trln* man boldy. Çaklanylýan döwürde: pul girdejileri – 31,6 *trln* man, haryt dolanyşygyň möçberi – 19,9 *trln* man göz öňünde tutulýar, sarp ediş nyrhlary 17% -e ýokarlanar.

**9.7-nji ýumuş.** Çaklanylýan döwürde hümmetsizlenmäniň derejesini monetar nazaryýetiniň deňlemesi esasynda hasaplamaly. Binýatlyk döwürde dolanyşykda 3190 *mlrd* man, pullaryň dolanyşyk tizligi ýylda 11 aýlaw boldy. Çaklanylýan döwürde pullaryň 4100 *mlrd* man möçberde hödürlenmegi çak edilýär, olaryň dolanyşyk tizligi üýtgemeýär, *JIÖ* 10% ýokarlanar.

150.0 x 225.0 mm

**9.8-nji ýumuş.** Pul balansynyň düzümini çyzmaly.

| *Aktiwler* | *Passiwler* |
|---|---|
| | |

**9.9-njy ýumuş.**

Töleg balansynyň düzümini çyzmaly.

**9.10-njy ýumuş.**

Her bir adalga üçin dogry ähmiýeti saýlamaly:

**9.10.1.**

1. Awans.
2. Birža.
3. Hümmetsizlenme.
4. Defisit.
5. Salgyt.

*a*) puluň köp möçberi bilen baglanyşykly nyrhlaryň ýokarlanmagy,

*b*) bazara hödürlenýän harytlardan köp harytlary alyjylar tarapyndan satyn almaga taýýar ýagdaý,

*ç*) harytlaryň söwdasy boýunça köpçülikleýin geleşikleriň ýeri,

*d*) iş tamamlanmazdan öň tölenýän aýlyk hakynyň bir bölegi,

*e*) döwlete geçirilýän girdejiniň bir bölegi.

**9.10.2.**

1. Bank.
2. Ssuda.
3. Önümiň özüne düşýän gymmaty.
4. Bäsdeşlik.
5. Telekeçi.
6. Girdeji.

*a*) öz işini gurnaýan adam;
*b*) haryt önümçiligine kärhananyň çykdajylarynyň ululygy;
*ç*) töleg üçin puly karzyna berýän gurama;
*d*) täjirçilik kärhanalaryň göreşi;
*e*) wagtlaýyn alnan pullar;
*ä*) telekeçiniň peýdasy.

**9.11-nji ýumuş.** Görkezilen sanawda bazar ykdysadyýetiniň häsiýetli alamatlaryny tapmaly:

1) döwlet tarapyndan önümçilige edilýän gözegçilik;
2) erkin nyrhy emele getiriş;
3) öndürijileriň ykdysady erkinligi;
4) döwlet eýeçiligiň agdyklygy;
5) ykdysadyýetiň merkezleşdirilip meýilnamalaşdyrylyşy;
6) çykdajyly kärhanalaryň batyp galmagy.

## Zähmet serişdelerini, durmuş taýdan ösüşi çaklamak we meýilnamalaşdyrmak barada

**9.12-nji ýumuş.** Zähmet serişdeleriniň jemleýji balansynyň düzümini çyzmaly.

| *Görkezijiler* | *Hasaplaşyk ýyly* | *Meýilnamalaşdyrylýan ýyl* |
|---|---|---|
| | | |

**9.13-nji ýumuş.** Çaklanylýan döwürde zähmete ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sanyny, zähmete ukyply ýaşdan uly ýaşdaky işleýän adamlaryň we 16 ýaşa çenli ýetginjekleriň sanyny, zähmet serişdelerini kesgitlemeli. Çaklanylýan döwürde ilatyň sany 9820 müň adam. Ilatyň umumy sanynda zähmete ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň paýyny häsiýetlendirýän koeffisiýent - 0,61. Binýatlyk döwürde zähmete ukyply ýaşdan uly ýaşdaky işleýän adamlaryň we 16 ýaşa çenli ýetginjekleriň sany 274 müň adam, çaklanylýan döwürde onuň 4%-e çenli peselmegi göz öňünde tutulýar.

150.0 x 225.0 mm

**9.14-nji ýumuş.** Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balans düzümini çyzmaly.

| Girdejiler | Çykdajylar we tygşytlanan serişdeler |
|---|---|
| | |

**9.15-nji ýumuş.** Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň çaklama balansyny düzmeli. Çaklama hasaplamalary boýunça zähmete hak tölemäge bolan serişdeleriň jemi 18000 *mlrd* man, oba hojalyk önümlerini satmakdan alnan düşewüntler 380 *mlrd* man, durmuş transferler 6900 *mlrd* man, eýeçilikden alnan girdejiler 640 *mlrd* man, beýleki düşewüntler (resmi taýdan hasaba alynmadyk telekeçilik işinden, walýutanyň satuwyndan, geçirimler boýunça alnan pullar we beýleki girdejiler) 7790 *mlrd* man göz öňünde tutulýar. Harytlary satyn almaga 19443 *mlrd* man, hyzmatlara tölemäge 5598 *mlrd* man, sarp edişler, hökmany tölegler we meýletin gatançlar 2930 *mlrd* man bolar, karzlar boýunça bergileriň üýtgeýşi, depozitleriň artyşy, gymmatly kagyzlaryň, walýutanyň satyn alnyşy 5739 *mlrd* man bolar.

## Sarp ediş bazaryny çaklamak we meýilnamalaşdyrmak barada

**9.16-njy ýumuş.** Harytlara bolan islegi öwrenmek üçin marketing derňewi boýunça tejribe-amaly işi ýerine ýetirmeli.

Marketing derňewi boýunça tejribe-amaly işi ýerine ýetirmegiň meýilnamasy:

1. Marketing derňewiniň obýektini saýlamaly *(1-nji hepde)*.
2. Saýlanan derňew obýektiniň meselelerini we marketing derňewiniň maksatlaryny kesgitlemeli *(2-4-nji hepde)*.
3. Marketing derňewi üçin soragnamany (anketany) taýýarlamaly *(5-6-njy hepde)*.
4. Sorag-jogap geçirmeli *(7-8-nji hepde)*.

150.0 x 225.0 mm

5. Ýygnalan maglumatlary elektron görnüşine geçirmeli *(9-njy hepde)*.

6. Maglumatlary Excel ýa-da SPSS statistik maksatnamalaryny ulanyp işlemeli *(10-11-nji hepde)*.

7. Geçirilen marketing derňewiniň netijeleri boýunça maslahatlary taýýarlamaly, iş boýunça hasabaty resmileşdirmeli we ony goramaly *(12-nji hepde)*.

**9.17-nji ýumuş.** Harytlaryň bazaryny seljermek üçin zerur maglumatlary ýygnamak ýa-da şol harytlara bolan islegi kesgitlemek üçin soragnamany (anketany) düzmeli:

1. Awtoulaglary ýuwmak hyzmaty.
2. Aşhana kombaýnlary barada.
3. Erkek adamlar üçin işewürlik kostýumlar.
4. Çagalar üçin podguznikler.

**9.18-nji ýumuş.** Aşakda görkezilen anketadaky soraglar dogry goýlupmy? Ýalňyşlary tapmaly.

**9.18.1.**

1. Jemgyýetçilik iýmit kärhanasynda yzygiderli iýmitlenýärsiňizmi?
   – hawa,
   – ýok.
2. Gamburgeri we süýtli kokteýli sarp edýärsiňizmi?

   ______________________________
3. Siziň dadyp gören şöhlatyňyzda näme göwnüňize ýaramady?

   ______________________________
4. Siziň ýaşyňyz?
   – 20 ýaşa çenli,
   – 20-30,
   – 30-40,
   – 40-50,
   – 50 ýaşdan uly.

150.0 x 225.0 mm

**9.18.2.**

|  |
|---|
| 1. Siz şöhlat we şöhlat önümlerini harç edýärsiňizmi?<br>– hawa, her gün,<br>– käwagt,<br>– şöhlat iýmeýärin, sebäbi ____________________<br>2. Azyk önümlerine sarp edilýän maşgala býujetiniň näçe %-i şöhlat önümlerine degişli?<br>– 10%,<br>– 30%,<br>– 50%,<br>– 70%,<br>– 90%,<br>– jogap berip biljek däl.<br>3. Şöhlat we şöhlat önümlerini nireden satyn almagy halaýarsyňyz?<br>– bazarda,<br>– azyk önümlerine tygşytlamaga mümkinçilik berýän dükanda,<br>– ýokary nyrhly we ýokary hilli hyzmat edýän dükanda.<br>4. Siz üçin şöhlat önümler bu – ____________________<br>5. Häzirki wagtdaky şöhlat önümlerine bellenýän nyrhlar nähili?<br>– ýokary,<br>– elýeter,<br>– pes. |

**9.19-njy ýumuş.** Tejribeligi geçen ýa-da ýyllyk işiňizi ýerine ýetiren kärhanaňyzyň mysalynda haryt dolanyşygynyň *ABC* seljerişini we harytlaryň satuwynyň *XYZ* seljerişini geçirmeli. Wilfredo Pareto kanunyna ýa-da ýörelgesine häsiýetnama bermeli.

**9.20-nji ýumuş.** Süýt zawodynyň harytlarynyň esasy assortiment kategoriýalarynyň gurluşy tablisada görkezilen. *ABC* seljerişiniň esasynda her bir harydyň jemi netijä goşandyny kesgitlemeli. Kärhananyň assortimentiniň gurluşy barada netije çykarmaly.

| Önümiň görnüşi | Bir ýylda satuwyň möçberi, natural görnüşde, san | Bir ýylda satuwyň möçberi, pul görnüşde, müň man | Harajatlary ýapmak üçin edilen goşant, % |
|---|---|---|---|
| 1. Süýt | 144288 | 10539 | 100 |
| 2. Gatyk | 54165 | 3227 | 98 |
| 3. Uýadylan gaýmak | 46908 | 1281 | 117 |
| 4. Ýogurt | 3744 | 208 | 99 |
| 5. Rýaženka (goýy gatyk) | 37635 | 2105 | 105 |

**9.21-nji ýumuş.**

Satuwyň görnüşlerine baha bermeli.

| Görkezijiler | Göni satuw | Bölek-satuw söwda arkaly | Lomaý söwda arkaly |
|---|---|---|---|
| Satuwyň möçberi | | | |
| Çykdajylar | | | |
| Garaşylýan girdeji | | | |
| Harydyň hiline gözegçilik etmäge mümkinçilik | | | |
| Marketingi dolandyrma mümkinçiligi | | | |

**9.22-nji ýumuş.** Jan başyna düşýän fiziologik kadalary hasaba alyp, geljekki ýylda ýurt boýunça aşakda görkezilen azyk önümleriniň zerurlygyny kesgitlemeli:

1) iýmit ýaglarynyň;
2) süýt we süýt önümleriniň;
3) et we et önümleriniň, ýumurtganyň;
4) balyk we balyk önümleriniň;
5) galla-un önümleriniň;
6) konditer önümleriniň;
7) gök we bakja önümleriniň;
8) tagam beriş harytlarynyň.

23. Sargyt № 1985

**9.23-nji ýumuş.** Ýurduň bazar göwrümini çaklanylýan döwürde pul görnüşinde kesgitlemeli. Ýurtda sarp ediş harytlaryň önümçiligi 16 *trln* man bolar, öndüriji-kärhanalaryň ammarlarynda haryt gorlarynyň galyndylary 0,4 *trln* manada çenli azalar, lomaý we bölek-satuw söwdada haryt gorlary 0,5 *trln* manada çenli köpeler, eksport 2,5 *trln* man, import 5,7 *trln* man bolar.

**9.24-nji ýumuş.** Biri-birini dolduryan we biri-birini çalyşýan harytlaryň mysallaryny görkezmeli.

**9.25-nji ýumuş.** Ekstrapolýasiýanyň süýşýän orta baha usulyny ulanyp, 6-njy aýynda haryt satylyşynyň çaklamasyny geçirmeli. Kärhanada soňky 5 aýda harydyň satylyş möçberiniň dinamikasy aşakdakylardan ybarat:

1-nji aýda – 125 müň sany;

2-nji aýda – 123 müň sany;

3-nji aýda – 130 müň sany;

4-nji aýda – 119 müň sany;

5-nji aýda – 126 müň sany.

**9.26-njy ýumuş.** Her bir haryt üçin sarp ediş bazary böleklere bölmegiň (segmentlemegiň) ýörelgelerini kesgitläp, tablisany doldurmaly we jogabyňyzy esaslandyrmaly:

| Harytlar | Geografik ýörelge | Demografik ýörelge | Psihografik ýörelge | Häsiýet ýörelgesi |
|---|---|---|---|---|
| Jübi elektrik fonarigi | Şäheriň töweregi, oba | Ýaşy, jynsy | Ýaşaýyş stili | Harydy satyn almak üçin sebäp |

a) piwo gaýnadýan senagaty, doňdurma, diş pastasy, nusgalaýan tehnika, awtoulag reňkleriň, öýde geýilýän aýakgaplaryň, el sagatlaryny öndürijileri, suwy arassalaýan enjamlary öndürijileri;

150.0 x 225.0 mm

b) gök önümleri, durmuş tehnikasyny, çeper edebiýatlary, doňduryjy kameralary, kompakt-disklerini, zergär önümlerini, matalary, çaga egin-eşiklerini we aýakgaplary satýan kärhanalar,

ç) dermanhanalaryň tory, weterinar keselhanasy, gorag hyzmatlaryny hödürleýän hususy kärhana, lukmançylyk hyzmatlaryny hödürleýän kärhana,

**9.27-nji ýumuş.** Bazarda *D, E, Ä* kärhanalaryň orunlaryny hasaplamaly. Meselem, *A* kärhanasy özüniň *B* we *Ç* bäsdeşleriniň harytlaryny öwrenýär. 100 sany alyjydan sorag-jogap geçirip, 5 bally ulgam boýunça her bir kärhana harydyň her bir görkezijisi boýunça ball goýlup, şeýle orta bahalar alnypdyr.

| Kärhana | *A (D)* | *B (E)* | *Ç (Ä)* |
|---|---|---|---|
| Hil | 4,0 (2,0) | 3,0 (1,0) | 5,0 (2,5) |
| Nyrh | 5,0 (3,0) | 2,2 (4,0) | 1,1 (3,5) |
| Hyzmat | 1,5 (4,0) | 2,5 (5,0) | 3,0 (4,5) |

Mysalyň çözüliş nusgasy:

*A* – 4,0 + 5,0 + 1,5 = 10,5,

*B* – 3,0 + 2,2 + 2,5 = 7,7,

*Ç* – 5,0 +1,1 + 3,0 = 9,1.

***Jogap:*** seredilen görkezijiler boýunça *A* kärhananyň bazardaky orny gowy.

**9.28-nji ýumuş.** Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň çaklanylýan balansynyň esasynda alyjylyk gaznasyny kesgitlemeli. Ilatyň pul girdejileri çaklanylýan döwürde, şol sanda zähmet haky, oba hojalyk önüminiň satuwyndan gelýän pullar, durmuş transferler, eýeçilikden gelýän girdejiler we beýlekiler bilen birlikde 33710 *mlrd* man bolar. Hyzmatlara tölegler üçin çykdajylar 5598 *mlrd* man, hökmany tölegler hem-de meýletin gatançlar – 2930 *mlrd* man, karzlar boýunça bergileriň üýtgeýşi, depozitleriň artyşy, gymmatly kagyzlaryň, walýutanyň satyn alnyşy – 5739 *mlrd* man möçberinde göz öňünde tutulýar.

**9.29-njy ýumuş.** Sarp ediş harytlarynyň balans düzümini çyzmaly.

| *Serişdeler* | *Paýlanylyşy* |
|---|---|
| | |

**9.30-njy ýumuş.**

Dürli görnüşli harytlar işledilýär, özem funksional we fiziologik zerurlyklaryny kanagatlandyryp bilýär:

- sizi gyzyklandyrýan we siz üçin wajyp bolan bezeg harytlaryň sanawyndan 5 sany harydy ýa-da hyzmaty sanap geçmeli, meselem, awtoulag, egin-eşikler, kosmetika harytlary, sport bilen meşgullanmak üçin esbaplar we beýlekiler. Sizi gyzyklandyrmaýan, emma siziň ulanýan, ilkinji isleg bildirýän 5 sany harydyňyzy sanap geçmeli, meselem, kir ýuwujy serişdeler, benzin, ruçka we beýlekiler.
- Her bir görkezilen haryda ýa-da hyzmata siziň gatnaşygyňyzy görkezýän sözleriň sanawyny düzmeli. Bezeg harytlaryna we ilkinji isleg bildirilýän harytlara degişli sözler tapawutlanýarmy? Görkezilen harytlaryň kömegi bilen dürli psihologik zerurlyklaryň kanagatlanma nukdaýnazaryndan netijäni nähili häsiýetlendirip bolýar?

**9.31-nji ýumuş.** 8-13 ýaşly çagalar üçin egin-eşikleri öndürýän öndürijisi görkezilen harytlara bolan ilatyň isleginiň peselmegi bilen baglylykda harytlary ýaýratmak meseleleri bilen duş gelindi. Harytlary ýaýratmak syýasatynyň çäklerinde hereketleriň meýilnamasyny düzmeli.

**9.32-nji ýumuş.** Adalgalaryň laýyk gelýän kesgitlemelerini emele getirmeli (san-harp).

Adalgalar:

1) alyş-çalyş;

2) geleşik.

150.0 x 225.0 mm

**Kesgitlemeler:**

a) birinden islenilýän obýekti onuň ýerine başga zat hödürläp almakdyr;

b) iki tarapyň arasynda bazarda gymmatlyklary täjirçilik görnüşinde alyş-çalşygydyr.

* 1a, 2b;

* 2a, 2b;

* 1a, 1b;

* 1b, 2a.

**9.33-nji ýumuş.** Birnäçe söz goýberilen, aşakda görkezilen ýazgyny okamaly. Hödürlenýän sözleriň sanawyndan goýberilen ýerlerde goýulmaly sözleri saýlamaly.

«Häzirki zaman ykdysadyýetinde üç sany esasy ______________ (1) hereket edýär: ykdysady önümi öndürijiler, onuň sarp edijileri, ________________(2). Olaryň arasynda harytlaryň, hyzmatlaryň, pul serişdeleriniň, maglumatlaryň işjeň __________________(3) geçýär. Hökümet ykdysady hadysalaryň bellibir tertibini, olaryň hukuk taýdan __________________________________(4), ykdysady gatnaşyklaryň aýry-aýry gatnaşyjylarynyň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralyşyny üpjün edýär. Şol wagt hem döwlet harytlaryň, hyzmatlaryň, maglumatlaryň iri ____________________(5) bolup çykyş edýär. Şol wagt hem döwlet __________________(6) bolup durýar, ol öndürijilerden ýurdy goramak üçin harby tehnikany, döwlet gorlary üçin azyk önümlerini, döwlet guramalary üçin kompýuter tehnikasyny satyn alýar».

*a*) öndüriji;

*b*) alyş-çalyş;

*ç*) obýekt;

*d*) döwlet;

*e*) teklip;

*ä*) subýekt;

*f*) kadalaşdyrmak,

150.0 x 225.0 mm

*g*) isleg;

*h*) sarp ediji.

Aşakda görkezilen tablisada goýberilen sözleriň belgileri görkezilen. Her bir belginiň aşagynda saýlap alan sözüňize laýyk gelýän harpy ýazmaly.

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

**9.34-nji ýumuş.** Laýyk gelýän çärelere maksatlary san-harp görnüşde emele getirmeli.

**Çäreler:**

1) deňiz suwotularyndan iýmit önümleriniň ýarmarka-söwdasy;

2) gripp (dümew) keseline garşy köpçülikleýin sanjymynyň geçirilişi;

3) howpsuzlyk kemerini girizmek aýy.

*Ideýalar marketinginiň maksatlary*:

*a*) ilatyň bir wagtdaky hereketine çagyrmak;

*b*) özüňi alyp baryş endiklerini üýtgetmäge ymtylmak;

*ç*) harydyň gymmatyna düşünmekligi gazanmak.

* 1*a*, 2*b*, 3*ç*;

* 1*b*, 2*a*, 3*ç*;

* 1*ç*, 2*b*, 3*a*.

**9.35-nji ýumuş.** Kärhana marketing strategiýalaryň haýsy görnüşini (intensiw, integrasion, diwersifikasion ösüş) saýlajakdygyny kesgitlemeli we jogaby esaslandyrmaly. Et önümleri kärhanasy ösüş strategiýasynyň üç görnüşinden birini saýlaýar:

1) özüniň maldarçylyk fermalaryny ösdürmek;

2) şöhlat önümleriniň täze sortlaryny işläp taýýarlamak;

3) iki sany daşary ýurt bazaryny özleşdirmek. Häzirki wagtda kärhana içerki bazarda durnukly işleýär we wagtal-wagtal daşary ýurtdan sargytlary alýar.

150.0 x 225.0 mm

| № | Strategiýanyň görnüşi | Strategiýanyň görnüşiniň esaslandyrylyşy |
|---|---|---|
| | | |

**9.36-njy ýumuş.** Süýt önümleri kärhanasy iri sebit bazarynda hereket edýär. Bu kärhana üçin I.Ansoff boýunça bazara ornaşmagyň mümkin bolan ugurlaryny görkezmeli.

**9.37-nji ýumuş.** Islendik harydyň ýa-da hyzmatyň mysalynda marketingi dolandyrmak hadysasynyň dört sany esasy tapgyryny teswirlemeli.

**9.38-nji ýumuş.** Kärhananyň içki gurşawyna üç ugur boýunça baha berilýär. SNW-seljerişe häsiýetnama bermeli.

**9.39-njy ýumuş.** Makrogurşawyň çäklerinde hereket edýän PEST-seljerişe häsiýetnama bermeli.

**9.40-njy ýumuş.** Kärhanalaryň işine täsir edip bilýän marketing gurşawynyň ýagdaýlaryny görkezmeli.

**9.40.1.** Süýt önümleri kärhanasy öz işini diwersifisirleýär. Kärhananyň täze ugry miwe şirelerini öndürmekden ybarat. Bu maksat üçin maýa goýumy özüne çekmäge çak edilýär. Kärhananyň önümleri sebit derejesinde belli bolup, onuň satuwynyň durnukly ýollary bar.

| Makrogurşawyň ýagdaýlary | Mikrogurşawyň ýagdaýlary | Içerki gurşawyň ýagdaýlary |
|---|---|---|
| | | |
| | | |

**9.40.2.** Oba hojalyk kooperatiwi sebitleýin bazarynyň ýiti bäsdeşlik şertinde işleýär. Kooperatiwiň ýöriteleşdirilişi – ekerançylyk. Kooperatiwiň hojalygy daýhançylygyň töwekgelçilik zolagynda ýerleşýär. Önümiň sarp edijileri täjirçilik kärhanalary we döwlet guramalary bolup çykyş edýär. Kooperatiwiň ýerli hökümmet edaralaryndan goldawy bar.

150.0 x 225.0 mm

| Makrogurşawyň ýagdaýlary | Mikrogurşawyň ýagdaýlary | Içerki gurşawyň ýagdaýlary |
|---|---|---|
| | | |
| | | |

**9.40.3.** Kärhana oba hojalyk enjamlaryny öndürýär. Onuň köpýyllyk taryhy bar, kärhananyň söwda markasy onuň sebit çäkleriniň daşynda hem belli. Kärhananyň üpjün edijileri we sarp ediji-guramalary bilen durnukly gatnaşyklar ýola goýlan. Bäsdeşler az bolsa-da ahyrky sarp edijileriň pes alyjylyk ukyplylygy bolany üçin önümiň satuwy ýeterlik derejede işjeň däl.

| Makrogurşawyň ýagdaýlary | Mikrogurşawyň ýagdaýlary | Içerki gurşawyň ýagdaýlary |
|---|---|---|
| | | |

**9.40.4.** Iri kompaniýa polimer dykylary öndürýär, onuň bütin ýurt boýunça 7 sany kärhanasy bar. Kompaniýanyň esasy önümi – PET-gaplar (poli-etilen-teraftalat) üçin gapaklar. Önümi satyn alýan esasy alyjylary – içgileriň, iýmit önümleriň, kosmetika we parfýumeriýanyň, durmuş himiýasynyň, lak-reňk önümleriň, farmasewtikanyň öndürijileri bolup durýar. Polimer dyky önümleriň ýerli bazarynda kompaniýanyň paýy sarp edişiň umumy möçberinden 7–9%-den ybarat. Kompaniýa bazardaky öz paýyny artdyrmagy meýilnamalaşdyrýar.

| Makrogurşawyň ýagdaýlary | Mikrogurşawyň ýagdaýlary | Içerki gurşawyň ýagdaýlary |
|---|---|---|
| | | |

**9.41-nji ýumuş.** Kärhananyň marketing gurşawynyň gözegçilik edip bolýan we gözegçilik edip bolmaýan ýagdaýlaryny görkezmeli.

*Meselem*:

*23-nji tablisa*

| Gözegçilik edip bolýan ýagdaýlar | Gözegçilik edip bolmaýan ýagdaýlar |
|---|---|
| 1 | 2 |
| 1. Işgärleriň hünär derejesi | 1. Bütindünýä maliýe çökgünligi |
| 2. Önümçilik kuwwatlyklary | 2. Ilatyň alyjylyk ukyplylygy |

*23-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| 3. Häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanmak | 3. Walýuta kursunyň ýiti üýtgemegi |
| 4. Hödürlenýän hyzmatlaryň ýokary hilliligi | 4. Sebitiň ykdysady syýasaty |
| 5. Hyzmatdaşlar bilen ýola goýlan iş | 5. Bäsdeşleriň bazar işjeňligi |
| 6. Sarp edijileriň kanagatlanarlykly derejesi | 6. Tehnologik innowasiýalar |
| 7. Kärhananyň abraýy | 7. Syýasy durnuksyzlyk |

**9.41.1.** «Gallaönümleri» Birleşiginiň 10 sany çörek kärhanasy we kombinaty, 70 sany dükany, oba hojalyk çig malyny gaýtadan işleýän kärhanasy (et önümlerini öndürýär), konserwirlenen gök önümleri, miwe şirelerini, arassa agyz suwuny, alkogolsyz içgileri öndürýän kärhanasy, günebakar ýagyny öndürýän kärhanasy, süýji-köke sehleriniň tory bar.

| Gözegçilik edip bolýan ýagdaýlar | Gözegçilik edip bolmaýan ýagdaýlar |
|---|---|
| | |

**9.41.2.** Restoran şeýle hyzmatlaryň toplumyny hödürleýär: jemgyýetçilik iýmiti guramak, banketleri, prezentasiýalary geçirmek. Restoranyň menýusynda – günortanlyk önümler, gyzgyn, sowuk, desert nygmatlar, işdäaçarlar, içgiler, taýýar delikates önümler bar. Öz öndürýän önümlerinden başga restoran başga kärhanalardan taýýar görnüşde alýan harytlaryny, ýagny: çörek, käbir süýji-köke önümlerini, miweleri, ir-iýmişleri, şokolad, alkogolly içgileri hem hödürleýär. Restoranyň aşhana abzallary ýeterlik derejede bolmansoň çylşyrymly işdäaçarlar taýýarlanylmaýar. Esasy zalyndaky uly kinoekranynda goýlan wideoproýektordan suratlary görüp bolýar. Bu enjam dürli tomaşaçylyk, sport gepleşiklerini her gün görkezmäge mümkinçilik berýär.

150.0 x 225.0 mm

| Gözegçilik edip bolýan ýagdaýlar | Gözegçilik edip bolmaýan ýagdaýlar |
|---|---|
| | |

**9.42-nji ýumuş.** Tablisada görkezilen harytlar/hyzmatlar haýsy sarp edijilik mätäçlikleri kanagatlandyrýar?

| Haryt/hyzmat | Mätäçlik/zerurlyk |
|---|---|
| «Calicat» okuw kursy | Öz-özüňi ösdürmekde zerurlyk |
| «Altyn açar» kafesinde agşamlyk edinmek | |
| Katalog boýunça kosmetika harydyny sargyt etmek | |
| Nusgawy sazly disk | |
| Salgyt auditini geçirmek | |
| Göz linzalary | |
| Durmuşy ätiýaçlandyrmak | |
| «Merdem» pissasy | |
| Çap edilen mahabat materiallaryny taýýarlamak | |
| Noutbuk | |
| Massaž edýän otaglar | |
| Wideokamera | |

**9.43-nji ýumuş.** Görkezilen kärhanalaryň marketing toplumyna (5P) häsiýetnama bermeli.

*24-nji tablisa*

| 5 *P* | Häsiýetnamasy | | | |
|---|---|---|---|---|
| | Gorag hyzmatlaryny hödürleýän hususy kärhana (wideo arkaly syn etmek we başgalar) | Süýji-köke kärhanasy | Iýym (kombikorm) öndürýän kärhana | Süňk agyrysyna garşy lukmançylyk serişdelerini öndürýän kärhana |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1. Haryt | | | | |
| 2. Nyrh | | | | |

*24-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3. Ýaýratmak | | | | |
| 4. Söwdany herekete getirmek | | | | |
| 5. Işgärler | | | | |

**9.44-nji ýumuş.** *Outdoor* bazarynyň haryt assortimentine häsiýetnama bermeli.

**9.45-nji ýumuş.** Harydyň 3 derejeli gurluşyna laýyklykda aşakda görkezilen harytlara häsiýetnama bemeli.

*25-nji tablisa*

| Harydyň görnüşi | Harydyň gurluşy | | |
|---|---|---|---|
| | Hyýal etme boýunça öndürilen haryt | Hakyky öndürilen haryt | Berkidilen haryt |
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| 1. Agaç | | | |
| 2. Konserwler | | | |
| 3. Ädik | | | |
| 4. Kofe üweýji | | | |
| 5. Tigir | | | |
| 6. Ereýän kofe | | | |
| 7. Çörek | | | |
| 8. Däne | | | |
| 9. Nebit | | | |
| 10. Dikuçar | | | |
| 11. Şifer | | | |
| 12. Kemput | | | |
| 13. Fotoalbom | | | |
| 14. «Lego» konstruktory | | | |

*25-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 15. Gazete ýazylyşyk | | | |
| 16. Unaş önümleri | | | |
| 17. Myhmanhanada ýaşamak | | | |
| 18. Un | | | |

**9.46-njy ýumuş.** Aşakda görkezilen harytlaryň gaplarynyň dürli görnüşlerini işläp taýýarlamaly.

*26-njy tablisa*

| Haryt | Gabynyň şekili | Materialy | Reňki | Funksional häsiýeti | Maglumat |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. Zenanlar üçin hoşboý ysly suwlar | | | | | |
| 2. Erkekler üçin zergär önümleri | | | | | |
| 3. Şokolad | | | | | |
| 4. Pyçaklar toplumy | | | | | |
| 5. Çagalar üçin miwe şiresi | | | | | |
| 6. Göz üçin derman damjasy | | | | | |
| 7. Diş pastasy | | | | | |
| 8. Çagalar üçin konstruktor | | | | | |
| 9. Tikin tikmek üçin sapaklar toplumy | | | | | |

150.0 x 225.0 mm

**9.47-nji ýumuş.** Aşakda görkezilen dükanlaryň haryt nomenklaturasyny düzmeli we özüne çekiji adyny saýlamaly:

1. «Ertekiler planetasy» oýnawaçlar dükany;
2. Erkek adamlar üçin egin-eşikler dükany;
3. Zenanlar we gyzlar üçin aksessuarlar dükany;
4. Orta nyrh derejedäki bazar bölegine (segmentine) gönükdirilen azyk harytlary dükany.

**9.48-nji ýumuş.** Aşakda görkezilen harytlary berkitmek üçin serwis hyzmatlarynyň toplumyny hödürlemeli:

1) printer;
2) arterial basyşy ölçemek üçin elektron enjamy;
3) maksatnama üpjünçiligi;
4) gezelenç üçin kater;
5) wideokassetalary kireýine bermek.

**9.49-njy ýumuş.** Täze harytlar öndürilende kärhana *GAP* – seljerişi geçirýär. *GAP* – seljerişe häsiýetnama bermeli.

**9.50-nji ýumuş.** Aşakdaky tablisada görkezilen çykdajylary ýerleşdirmeli:

1) çig mal;
2) stanoklar üçin energiýa;
3) ýyladyş üçin elektrik energiýasy;
4) başlygyň iş haky;
5) söwda agentiniň iş haky;
6) söwda agentiniň komissiýasy;
7) çig mal we materiallara alnan karz üçin tölenýän göterim;
8) umumy abzallaryň amortizasiýasy;
9) üçegi (jaýyň üstüni) bejermek;
10) mahabat üçin edilýän çykdajylar;
11) önümçilikde işleýän işgärleriň iş haky;

150.0 x 225.0 mm

12) Internete elýeterlilik üçin kompaniýanyň tölegi;

13) sarp edijilere harytlary eltip bermek.

| *Çykdajylaryň görnüşleri* | |
|---|---|
| Hemişelik | Üýtgeýän |
| | |

**9.51-nji ýumuş.** Aşakdaky çyzgyda ýetmeýän sözi görkezmeli.

| *Döwlet ......* | | |
|---|---|---|
| Girdejiler | | Çykdajylar |

**9.52-nji ýumuş.** Zähmet haky aşakdaky ýaly kagyz banknotlar bilen berildi:

11 sany müňlük banknotlary;

11 sany ýuzlük banknotlary;

11 sany birlik bahknotlary.

Zähmet haky nämä deň boldy?

**9.53-nji ýumuş.** Eger-de harydyň nyrhy ilki bilen 20% gymmatlasa, soňra 20% arzanlasa, şondan soňra nyrh nähili üýtgär: ýokarlanarmy ýa-da peseler? Jogabyňyzy mysal bilen esaslandyrmaly.

**9.54-njy ýumuş.** Nyrh üýtgände isleg ululygynyň üýtgeýşiniň ölçegi nähili atlandyrylýar? Jogabyňyzy mysal bilen esaslandyrmaly.

**9.55-njy ýumuş.** Harydyň nyrhy we oňa bolan isleg nähili gatnaşykda bolýar? Jogabyňyzy mysal bilen esaslandyrmaly.

**9.56-njy ýumuş.** Işewürlige bolan salgyt peseldilende haryt teklibi artarmy ýa-da azalar? Jogabyňyzy mysal bilen esaslandyrmaly.

**9.57-nji ýumuş.** Harydyň nyrhy ýokarlandyrylanda jemi isleg nähili üýtgär? Jogabyňyzy mysal bilen esaslandyrmaly.

150.0 x 225.0 mm

**9.58-nji ýumuş.** Girdejiler artanda pes hilli harytlara bolan sarp ediş islegi artarmy ýa-da peseler? Jogabyňyzy mysal bilen esaslandyrmaly.

**9.59-njy ýumuş.** Aşakda görkezilen meseleleri çözmek üçin satuwy höweslendirmegiň usullaryny teklip etmeli.

| Mesele | Satuwy höweslendirmegiň usullary |
|---|---|
| 1. Çaýyň bellibir görnüşini, ikinji gezek satyn alnyşyny artdyrmak | |
| 2. Bellibir dükana alyjylaryň wepalylygyny ýokarlandyrmak | |
| 3. Harytlaryň möwsümleýin gorlarynyň satuwy | |

**9.60-njy ýumuş.** Aşakda görkezilen bazara gatnaşyjylar özleriniň mahabat ýüzlenmelerinde haýsy şygarlary ulanmaly:

1) awtomobil kompaniýa;
2) keselhana;
3) elektro-durmuş harytlarynyň öndürijisi;
4) energetik abzallaryň öndürijisi?

**9.61-nji ýumuş.** Personal kompýuterleriň satuwynda göni marketingi ulanýan kärhanalaryň birini saýlamaly (meselem, *Dell Computer*, www.dell.com). Ondan soňra şu aşakdaky soraglara jogap bermeli:

1) önümleri sargyt etmegiň hadysasyny kärhana nähili ýeňilleşdirip bildi?

2) kärhanany adaty bölek-satuw söwdagärlerden ýa-da öndürijilerden näme tapawutlandyrýar?

3) kähananyň wajyp marketing artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri haýsylar?

4) howpsuzlyk meselesi nähili çözülýär ( ýa-da çözülmeýär)?

Şol tejribä esaslanyp, interaktiw marketing boýunça hünärmenler baradaky öz pikiriňizi aýtmaly.

**9.62-nji ýumuş.** «Kärhananyň bäsdeşlik orny–kärhananyň paýy» diýen jümleleriň laýyklygyny kesgitlemeli.

*Bäsdeşlikde kärhananyň orny:*

1) bazarda öňdebaryjy,
2) öňdebaryjylyga dalaşgär,
ç) öňdebaryjynyň dowam ediji kärhanasy,
d) bazar böleginiň içindäki bölege (nişa) hyzmat edýän kärhana.

*Bazarda kärhananyň paýy:*

a) 20%,
b) 10%,
ç) 40%,
d) 30%.

* 1*ç*, 2*a*, 3*b*, 4*d*,
* 1*b*, 2*a*, 3*ç*, 4*d*,
* 1*ç*, 2*a*, 3*d*, 4*b*,
* 1*ç*, 2*d*, 3*a*, 4*b*.

**9.63-nji ýumuş.** Dünýä bazarlaryna häsiýetnama bermeli.

| Dünýä bazary | Häsiýetnamasy |
|---|---|
| 1. *Dow Jones* | |
| 2. *NASDAQ* | |
| 3. *NIKKEI* 225 | |
| 4. *Hang Seng* | |
| 5. *STI* | |
| 6. *KOSPI* | |
| 7. *TSX* | |

**9.64-nji ýumuş.** Ýewropa bazarlaryna häsiýetnama bermeli.

*27-nji tablisa*

| Ýewropa bazary | Häsiýetnamasy |
|---|---|
| 1. *FTSE* | |
| 2. *XETRADAX* | |
| 3. *CAC* 40 | |

*27-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| 4. *S&P/MIB* | |
| 5. *IBEX* | |
| 6. *SMI* | |
| 7. *RTSI* | |
| 8. *EUROSTOXX* – 50 | |

**9.65-nji ýumuş.** Aşakda görkezilen kärhanalar tarapyndan durmuş-etiki marketing konsepsiýasynyň amala aşyrylyşynyň mysallaryny, olaryň işiniň mümkin bolan wezipelerini we maksatlaryny görkezmeli.

*28-nji tablisa*

| Kärhana | Wezipesi | Işiniň maksatlary |
|---|---|---|
| Çaga oýnawaçlaryny öndürýän kärhana | «Öz çagalarymyz üçin bagtly durmuşy döredeliň» | 1) 6 aýdan uly ýaşly çagalara howpsuz we ösdürýän oýnawaçlary öndürmek we satmak.<br>2) ýetim galan çagalar üçin haýyr-sahawat gaznasyny döretmek. |
| 1 | 2 | 3 |
| Çaphana | | |
| Nebiti gaýtadan işleýän kärhana | | |
| Farmasewtika kompaniýasy | | |
| Awiagurluşyk kärhanasy | | |
| Wagon bejerýän kärhana | | |
| Oba hojalyk kooperatiwi | | |
| Çagalar iýmitini öndürýän kärhana | | |
| Kompýuter oýunlary bilen meşgullanýan kärhana | | |

24. Sargyt № 1985

*28-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Atom elektrostansiýasy | | |
| Gön-aýakgap kärhanasy | | |
| Ýangyç guýujy stansiýa | | |

**9.66-njy ýumuş.** Kärhananyň işewürlik-portfelini meýilnamalaşdyrmak boýunça dürli modellere häsiýetnama bermeli:

* *Shell/DPM*,
* *Arthur D.Little (ADL/LC)*,
* *PIMS-seljeriş*.

## Maddy-tehniki üpjünçiligi, maýa goýumlary, innowasiýa işini, daşary ykdysady gatnaşyklary we önümçilik pudaklaryň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak boýunça

**9.70-nji ýumuş.** Tablisanyň maglumatlary boýunça ulaldylan kadalar usuly arkaly ýurduň ykdysadyýetiniň pudaklaryna maşyngurluşyk we metaly gaýtadan işlemegiň önümleriniň üpjün edilişiniň möçberini kesgitlemeli.

*29-njy tablisa*

| Sarp ediji pudaklar | Göni maddy çykdajylar, man/man | Jemi, mlrd man |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Elektrik energetika we ýangyç senagaty | 0,016 | 10484 |
| Maşyn gurluşyk we metaly gaýtadan işlemek | 0,163 | 10679 |
| Ýeňil we iýmit senagaty | 0,005 | 13605 |
| Oba we tokaý hojalygy | 0,026 | 12498 |
| Gurluşyk | 0,031 | 3223 |
| Ulag we aragatnaşyk | 0,038 | 5184 |
| Söwda we jemgyýetçilik iýmiti | 0,011 | 4529 |

150.0 x 225.0 mm

*29-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Ýaşaýyş-jemagat hojalygy | 0,070 | 1919 |
| Bilim, saglygy goraýyş we medeniýet | 0,026 | 3727 |
| Beýleki pudaklar | 0,020 | 18973 |

**9.71-nji ýumuş.** Süýji-köke önümlerini öndürmek üçin şekere bolan zerurlygy çaklamaly. 1 *t* şokolad kemputlaryny öndürmek üçin şekeriň sarp edilişiniň ortaça kadasy 350 *kg*, irisler üçin – 400 *kg*, karamel üçin – 600 *kg*, köke üçin – 200 *kg*, wafli üçin – 300 *kg*. Görkezilen toparlar boýunça süýji-köke önümlerini öndürmegiň çaklanylýan möçberi, degişlilikde: 3600 *t*, 8300 *t*, 18300 *t*, 19500 *t*, 970 *t* bolar.

**9.72-nji ýumuş.** Çaklama döwründe indeks usuly bilen süýji-köke önümlerini öndürmek üçin şekere bolan zerurlygy kesgitlemeli. Binýatlyk döwründe 53337 *t* süýji-köke önümleri öndürildi, oňa 18763 *t* şeker sarp edildi. Süýji-köke önümlerine islegiň artmagy bilen baglylykda, çaklama döwründe önümçiligiň 6%-e çenli artmagy çaklanylýar. Gury maddalaryň ýitgileriniň azalmagynyň hasabyna 1 *t* süýji-köke önümlerine 1% şekeriň sarp edilişiniň kadasy peseler.

**9.73-nji ýumuş.** Çaklama döwründe ýokary sortly bugdaý unundan 0,7 *kg* agramly çöregi öndürmek üçin una bolan zerurlygy kesgitlemeli. Reseptura laýyklykda, 1 *t* çörege ýokary sortly bugdaý ununyň sarp ediş kadasy – 740 *kg*. Taýýar önümiň çykyş kadasy – 135,7%. Çöregiň bu görnüşiniň önümçiliginiň çaklanylýan möçberi 890 *t*.

**9.74-nji ýumuş.** Öndürijiler üçin önümiň netijesini we netijeliligini hasaplamaly hem-de çaklama döwründe eksportyň bellibir önümleri bilen üpjün edilmeginiň maksadalaýykdygy barada netije çykarmaly. Önümler boýunça çaklanylýan nyrhlar şertli birliklerde: *A* – 700 ş.b., *B* – 500 ş.b., *Ç* – 940 ş.b. Önüm birligini öndürmek we satmak üçin ediljek çykdajylar degişlilikde: 650 ş.b., 550 ş.b., 720 ş.b. bolar.

**9.75-nji ýumuş.** Çaklama döwründe import harytlaryny sarp edijileriniň netijesini we netijeliligini kesgitlemeli. Import harytlaryny satyn almak üçin walýuta çykdajylary önümler boýunça şertli birliklerde: *A* – 1200 ş.b., *B* – 800 ş.b., *Ç* – 900 ş.b. Ýurtda importyň ornuny tutýan harytlaryň önümçiligine, degişlilikde, önümler boýunça çykdajylar: 1400 ş.b., 650 ş.b., 1050 ş.b.

**9.76-njy ýumuş.** Çaklama ýylynda çörek önümçiligi boýunça önümçilik kuwwatyny kesgitlemeli. Çörek bişirýän peçleriň ortaça gije-gündizde öndürijiligi 17 *t* şertli çörek. Çaklama döwründe işlediljek çörek bişirýän peçleriň sany 160.

**9.77-nji ýumuş.** Çaklama döwründe döwlet zerurlyklary üçin ýurduň hojalyklaryndan dänäniň satyn alnyşynyň (üpjün edilişiniň) möçberini kesgitlemeli. Çaklama döwründe dänä bolan zerurlyk: tohuma – 970 müň *t*, azyk harytlara – 1530 müň *t*, iým – 3700 müň *t*, senagat taýdan işlemek – 470 müň *t*, beýleki zerurlyklar – 12 müň *t*. Dänäniň importy 1100 müň *t* möçberde çaklanylýar. *Maglumat*: çaklama döwründe dänäniň jemi ýygnalyşy 5800 müň *t* möçberde göz öňünde tutulýar.

## Önümçilik infrastrukturasynyň we ilata hyzmat ediş ulgamynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak boýunça

**9.78-nji ýumuş.** Senagat önümleriniň ýükleriniň daşalyş möçberini çaklamaly. Çaklama döwründe senagat önümleriniň öndürilişi 44560 *mlrd* man, ýükleriň daşalyşynyň kadasy 1 *mlrd* manada 4220 *t*.

**9.79-njy ýumuş.** Ýük wagonlaryna zerurlygy çaklamaly. Çaklama döwründe ýükleri daşamagyň möçberi 260 *mln t*, wagonyň ortaça ýük göterijiligi 40 *t*, wagonyň dolanyşyk wagty – 7 gije-gündizde, bir ýyldaky günleriň sany – 365, wagonlaryň zerur rezerwi – 4%.

**9.80-nji ýumuş.** Çaklama döwründe ýolagçy wagonlaryna bolan zerurlygy kesgitlemeli. Ýolagçy dolanyşygyň möçberi 47 *mlrd*

150.0 x 225.0 mm

ýol / *km*, wagonyň ýolagçylar bilen ortaça doluşy – 35 adam, wagonyň gije-gündizde ortaça geçen ýoly – 1100 *km*, wagonlaryň zerur ätiýaçlygy – 5%.

**9.81-nji ýumuş.** Hünär tejribeligiňizi geçen ýa-da ýyllyk işiňizi ýerine ýetiren kärhanaňyz üçin işewürlik meýilnamasyny işläp taýýarlamaly.

## 9.2. Harytlara bolan islegi öwrenmek we çaklamak boýunça testler

1. *«Ykdysadyýet» düşünjesi ilkibaşda nämäni aňladýardy*?

a) oba hojalygy dolandyrmak,

b) öý hojalygyny alyp barmagyň sungaty,

ç) natural alyş-çalyş,

d) pul aýlanyşygy.

2. *Ýurduň ykdysady ösüşi näme bilen kesgitlenilýär*?

a) onuň býujeti bilen,

b) jemi içerki önüm bilen,

ç) bilime edilýän çykdajylar bilen,

d) kärhanalaryň sany bilen.

3. *Bir ýylda ýurduň çäginde öndürilen ähli harytlaryň we hyzmatlaryň jemi gymmaty şeýle ykdysady görkezijini aňladýar*:

a) milli girdeji,

b) jemi milli önüm,

ç) zähmet etikasyny berjaý etmek,

d) hünäri ýokarlandyrmaga ymtylmak.

4. *Marketing* – bu:

a) sarp edijileriň isleglerini kanagatlandyrmaga esaslanan harytlary öndürmegiň we satmagyň hem-de hyzmatlary ýerine ýetirmegiň guramaçylyk ulgamy,

b) sosial we dolandyryjy proses bolup, ol harytlary öndürmek, teklip etmek we alyş-çalyş arkaly aýry-aýry şahsyýetleriň hem-de olaryň toparlarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilen iş,

ç) satuw bazaryň gurşawyndaky iş,

d) bazar baradaky ylym,

e) harydyň satuwy baradaky ylym.

5. *Marketing düşünjesini şu aşakdaky kesgitleme berýär*:

a) sarp edijilere tarap harytlaryň söwdasyny herekete getirmek maksady bilen, mahabat kompaniýalaryny gurnamak boýunça iş,

b) satuwyň möçberini artdyrmak maksady bilen, kärhananyň öndürýän harytlarynyň satuwyny gurnamak boýunça iş,

ç) sarp edijilere tarap harytlaryň söwdasyny herekete getirmek maksady bilen, *PR* gurnamak boýunça iş,

d) girdeji gazanmak maksady bilen, sarp edijileriň zerurlyklaryny kesgitlemäge we kanagatlandyrmaga gönükdirilen dolandyryş prosesi.

6. *Marketingiň kesgitlemesiniň esasy bolup şu aşakdakylar hasaplanylýar*:

a) kärhananyň işiniň mahabata ugrukdyrylyşy,

b) bellibir bazarda kärhananyň harydynyň söwdasy,

ç) kärhananyň önümçilik harajatlaryny peseltmek,

d) sarp edijileriň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we ýaşaýşyň hilini ýokarlandyrmak.

7. *Marketingiň esasy ýörelgesiniň kesgitlemesi*:

a) önüm öndürilse – satuwy bolar,

b) öndüren zadyňy satma-da, satyp biljek zadyňy öndür,

ç) täze sarp edijileri gözlemek – bäsdeşlik göreşiniň esasy usulydyr.

8. *Marketing ulgamynda esasy ölçeg birligi*:

a) geleşik,

b) alyş-çalyş,

ç) amerikan dollary,

d) zerurlyk.

9. *Marketingiň gurallary*:

a) syn etmek, sorag-jogap alyşmak, eksperiment geçirmek, taryhy maglumat,

b) poçta, telefon, şahsy galtaşma,

ç) sowalnama, mehaniki,

d) 5*P*.

10. *Sarp edijiniň islegi gös-göni şeýle kesgitlenilýär*:

a) onuň şahsy girdejileriniň derejesi bilen,

b) tebigy serişdeleriň çäkliligi bilen,

ç) haryt önümçiligine edilýän çykdajylar bilen,

d) zähmet serişdeleriň hili bilen.

150.0 x 225.0 mm

11. *Döwlet girdejileriniň onuň çykdajylaryndan artmagyna býujetiň nämesi diýip atlandyrylýar*?

a) saldosy,

b) balansy,

ç) profisiti,

d) peýdasy.

12. *Görkezilen kesgitlemeler dogrumy*? *Salgyt* – bu:

*A*. Döwlet emläginiň ulanylyşy üçin töleg.

*B*. Kärhanalar we raýatlar üçin döwlet tarapyndan kesgitlenilen hökmany töleg.

a) diňe *A* dogry,

b) diňe *B* dogry,

ç) *A* we *B* dogry,

d) *A* we *B* nädogry.

13. *Sarp ediş çykdajylarynyň artmagyna näme täsir edýär*?

a) girdejä salynýan salgydyň artmagy,

b) durmuş tölegleriň peselmegi,

ç) sarp ediş girdejileriniň artmagy,

d) zähmet öndürijiliginiň peselmegi.

14. *Meýilnamalaryň görnüşleri*:

a) direktiw, indikatiw, operatiw,

b) direktiw, indikatiw, strategiki,

ç) direktiw, indikatiw, intuitiw,

d) jogaplaryň hemmesi-de dogry.

15. *Wagt jähtde çaklamalaryň görnüşleri*:

a) uzak, ortaça, gysga möhletleýin, direktiw,

b) uzak, ortaça, gysga möhletleýin, formal,

ç) uzak, ortaça, gysga möhletleýin, operatiw,

d) jogaplaryň hemmesi-de dogry.

16. *Açyk hümmetsizlenmäniň görnüşleri*:

a) aram, galopirlenen, giper we superhümmetsizlenme,

b) aram, galopirlenen, giper we monohümmetsizlenme,

ç) aram, galopirlenen, giper we mikrohümmetsizlenme,

d) aram, galopirlenen, giper we makrohümmetsizlenme.

17. *Hümmetsizlenmä garşy göreşmek boýunça çäreler ulgamynyň toparlary*:

a) strategiki, logiki,

b) strategiki, taktiki,

ç) strategiki,matematiki,

d) strategiki, informatiki.

18. *Bazaryň esasy elementleri*:

a) isleg, teklip, haryt,

b) isleg, teklip, nyrh,

ç) isleg, teklip, ýaýratmak,

d) isleg, teklip, herekete getirmek.

19. *Eger-de haryda bolan isleg teklipden köp bolsa, onda harydyň nyrhy*:

a) üýtgemeýär,

b) ýokarlanar,

ç) peseler,

d) üýtgäp durar.

20. *Iýmit üçin ýaglary 1 ýylda sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 16 *kg*,

b) 26 *kg*,

ç) 36 *kg*,

d) 46 *kg*.

21. *Bir ýylda süýdi sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 362 *l*,

b) 372 *l*,

ç) 382 *l*,

d) 392 *l*.

22. *Bir ýylda peýniri sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 6,6 *kg*,

b) 7,6 *kg*,

ç) 8,6 *kg*,

d) 9,6 *kg*.

150.0 x 225.0 mm

23. *Bir ýylda eti sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 61 *kg*,

b) 71 *kg*,

ç) 81 *kg*,

d) 91 *kg*.

24. *Bir ýylda ýumurtgany sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 262 sany,

b) 272 sany,

ç) 282 sany,

d) 292 sany.

25. *Bir ýylda balyk we balyk önümlerini sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 15-100 *kg*,

b) 25-110 *kg*,

ç) 35-120 *kg*,

d) 45-130 *kg*.

26. *Bir ýylda ýeralmany, gök we bakja önümlerini, miwe we ir-iýmişleri sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 85-95 *kg*,

b) 105-150 *kg*,

ç) 205-250 *kg*,

d) 305-350 *kg*.

27. *Bir ýylda duzy sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 2,5-3,5 *kg*,

b) 3,5-4,5 *kg*,

ç) 4,5-5,5 *kg*,

d) 5,5-6,5 *kg*.

28. *Bir ýylda şekeri we konditer önümlerini sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 24-47 *kg*,

b) 34-57 *kg*,

ç) 44-67 *kg*,

d) 54-77 *kg*.

29. *Bir ýylda galla–un önümlerini sarp etmegiň fiziologik kadasy*:

a) 95-105 *kg*,

b) 105-115 *kg*,

ç) 125-135 *kg*,

d) 135-145 *kg*.

30. *Ulanylýan gymmatlyklara baglylykda maýa goýumlaryň görnüşleri*:

a) hakyky, maliýe, daşary ýurt,

b) hakyky, maliýe, bilelikdäki,

ç) hakyky, maliýe, intellektual,

d) hakyky, maliýe, indiwidual.

31. *Maýa goýumyna gatnaşmak boýunça goýumlaryň görnüşleri*:

a) göni, göni däl, portfel görnüşinde,

b) göni, göni däl, ygtyýarnama görnüşinde,

ç) göni, göni däl, patent görnüşinde,

d) göni, göni däl, sertifikat görnüşinde.

32. *Kärhananyň marketing gurşawy*:

a) syýasy, ykdysady, durmuş-demografiki, tehnologiki, ekologik ulgamlary öz içine alýan gurşaw,

b) kärhananyň çäkleriniň daşynda hereket edýän işjeň subýektleriň we güýçleriň jemi, ol onuň strategiýasyna täsir edýär we onuň menejmenti tarapyndan gös-göni täsir ediş ulgamy bolup durmaýar,

ç) kärhananyň bellibir galtaşma topary,

d) kärhananyň ýakyn daş-töweregi, oňa üpjün edijiler, bäsdeşler, müşderiler we dellallar girýär.

33. *Senagat niýetli harytlaryň bazary üçin häsiýetli däl*:

a) harytlar şahsy ulanmak üçin satyn alynýar,

b) lomaý satyn alyşlar,

ç) alyjylar-professionallar,

d) geografik taýdan jemleniş.

34. *Sarp ediş bazarynyň gurama bazaryndan esasy tapawudy*:

a) harytlar şahsy ulanmak üçin satyn alynýar,

b) harytlaryň dürlüligi,

150.0 x 225.0 mm

ç) nyrhlary pes,

d) isleg ýiti üýtgeýär.

35. *Araçy satyjylaryň bazary – guramalar bolup, olar harytlary we hyzmatlary şu maksatlar üçin satyn alýarlar*:

a) şahsy ulanmak üçin,

b) jemagat hyzmatlaryň ulgamynda soňra ulanmak üçin,

ç) önümçilik hadysasynda ulanmak üçin,

d) girdeji almak maksady bilen satuw üçin.

36. *Sarp ediş bazarynyň önümçilik niýetli harytlaryň bazaryndan esasy tapawudy*:

a) dürli harytlar satyn alynýar,

b) harytlar şahsy sarp etmek üçin ulanylýar,

ç) sarp ediş bazarynyň harytlaryna bolan isleg çeýe,

d) dogry jogap ýok.

37. *Öndürijiler bazary* – guramalar bolup, olar harytlary we hyzmatlary şu aşakdaky maksatlar üçin satyn alýarlar:

a) soňra satuw maksatlar üçin,

b) önümçilik hadysasynda ulanmak üçin,

ç) şol harytlary mätäçlik çekýänlere geçirmek üçin,

d) ähli jogaplar dogry.

38. *Marketing nämeden başlanýar*?

a) bazary we sarp edijileriň isleglerini öwrenmekden,

b) maglumat berýän mahabat kampaniýasyndan,

ç) harydyň taslamasyndan,

d) harydy işläp taýýarlamakdan we öndürmekden.

39. *Ilkinji maglumatlar*:

a) öň ýok maglumatlar bolup, olary täzeden ýygnamak,

b) birinji elden alynýan maglumatlar,

ç) söwda-senagat edarasyndan alnan maglumat,

d) köplenç köne bolup, siziň talaplaryňyza laýyk gelmeýän maglumat.

40. *Anketa soraglarynyň haýsy görnüşi has çylşyrymly, emma haýsy görnüşi maglumatlaryň köp mukdaryny almagy üpjün edýär*?

a) açyk,

b) ýapyk,

ç) soraglar deň ähmiýetli.

41. *Ekstrapolýasiýa, modelirleme we bilermenleriň baha beriş usullary haýsy usullara degişli*:

a) gözegçilik,

b) çaklamak,

ç) guramaçylyk,

d) meýilnamalaşdyrmak.

42. *Bazary eýelemegiň haýsy strategiýalaryny kärhana ulanyp bilýär*?

a) differensirlenmedik (köpçülikleýin) marketing,

b) differensirlenen marketing,

ç) konsentrirlenen (maksatly) marketing,

d) ähli jogaplar dogry.

43. *Bazaryň segmentasiýasy – bu*:

a) bazaryň çägini aýratyn segmentlere bölmek,

b) bazara saýlanan görnüşde ornaşmagyň strategiýasy,

ç) bellibir harytlar we hyzmatlar bilen gyzyklanýan sarp edijileri toparlara bölmek,

d) bazary sarp edijileriň anyk toparlaryna bölmek, olaryň her haýsysy üçin aýry-aýry harytlar ýa-da marketing toplumlary zerur bolup bilýär.

44. *Bazaryň segmentasiýasynyň obýekti*:

a) sarp edijiler,

b) bazaryň çägi,

ç) söwda otaglary,

d) dogry jogap ýok.

45. *Maşgalanyň düzümi boýunça segmenti emele getirmek segmentlemegiň haýsy ýörelgesine degişli*?

a) geografiki,

b) demografiki,

ç) psihografiki,

d) häsiýet.

150.0 x 225.0 mm

46. *Harydy bazarda pozisionirlemek* – bu:

a) meňzeş harytlaryň arasynda öz harydyň üçin orun kesgitlemek,

b) bazary segmentlemek,

ç) giň möçberli mahabat kompaniýasy.

47. *Bularyň haýsysy marketing toplumynyň elementleriniň biri hasaplanýar?*

a) ýagdaýa laýyk dolandyrmak,

b) haryt,

ç) islege täsir etmek,

d) köp görnüşlilik.

48. *Aşakda görkezilenleriň haýsysy marketing toplumyna girýär*:

a) «önümleriň we hyzmatlaryň» toplumy,

b) nyrh,

ç) höweslendirme usullary,

d) ähli jogaplar dogry.

49. *Haryt munuň özi*:

a) mätäçlikleri we zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin bellibir nyrh boýunça satyn alynmaga bazara hödürlenýän islendik zat,

b) zerur zada bolan adamyň duýýan mätäçligi,

ç) önümçilikde derňewleriň we oýlap tapyşlaryň netijeleri,

d) adam işiniň islendik önümi.

50. *Haryt munuň özi*:

a) çylşyrymly köp jähtli düşünje bolup, oňa köp häsiýetleriň jemi degişli, esasy häsiýeti sarp ediş häsiýetleri hasaplanylýar,

b) adamlaryň zerurlyklaryny we mätäçliklerini kanagatlandyrmak üçin hödürlenilýän islendik zat,

ç) adamlaryň pul üçin bellibir peýdany almagy üpjün edýän häsiýetleriniň toplumy,

d) kärhananyň işiniň netijeleri.

51. *Görkezilen harytlaryň haýsysy ilkinji isleg bildirilýän harytlara degişli*:

a) awtoulag,

b) telewizor,

ç) iýmit üçin duz,

150.0 x 225.0 mm

d) magnitofon.
e) gara galam.

52. *Kompýuterlere, öýjükli telefonlara, audio we wideoapparatura bolan islegiň artmagy haýsy bazarda emele gelen ýagdaýy görkezýär*?

a) gaznalar bazaryndaky,
b) maýa goýum bazaryndaky,
ç) zähmet bazaryndaky,
d) harytlar we hyzmatlar bazaryndaky.

53. *Gozgalmaýan emlägiň bazarynda isleg we teklip nämäni emele getirýär*?

a) ýaşaýyş jaýlara,
b) işgärleriň zähmetine,
ç) kärhanalaryň aksiýalaryna,
d) tehniki serişdelere.

54. *Ilatyň isleginiň peselmegi bilen baglanyşykly egin-eşikleri tikmek boýunça birnäçe atelýeleriň ýapylmagy haýsy bazardaky ýagdaýy häsiýetlendirýär*?

a) zähmet bazaryndaky,
b) hyzmatlar bazaryndaky,
ç) maýa goýum bazaryndaky,
d) maglumat bazaryndaky.

55. *Mebel ýaly haryt harytlaryň haýsy toparyna degişli*?

a) aýratyn islegli,
b) her günki islegli,
ç) passiw islegli,
d) öňünden saýlanyp alynýan haryt.

56. *Harydy çalşyp bilýän harytlar*:

a) kitaplar we depderler,
b) krossowkalar we futbolkalar,
ç) otluçöpler we zažigalkalar,
d) çaý we köke.

57. *Kärhananyň stilini, onuň elementlerini işläp taýýarlamak, bäsdeşlerden tapawutlandyrýan çalşyp bolmaýan, imidži emele getirmek, marketing işiniň şu görnüşini häsiýetlendirýär*:

a) jemgyýetçilik bilen gatnaşyklar,
b) harydyň bazarda ornuny tapdyrmak,

150.0 x 225.0 mm

ç) brifing,

d) brending.

58. *Dükanda satyn alnan sowadyjyny öýe eltilip berilmegi sargyt edilse, ol harydyň haýsy görnüşine degişli bolar*?

a) hyzmat,

b) berkidilen haryt,

ç) passiw islegli haryt,

d) her günki islegli haryt,

e) gysga möhletleýin haryt.

59. *Harydyň ýaşaýyş döwri*:

a) bazara haryt çykarylan wagtyndan onuň satylyşynyň has ýiti peselmegine çenli wagt aralygy,

b) satuwy ösdürmek we girdejini almak hadysasy,

ç) haryt satyn alnan wagtyndan ýok edilen pursadyna çenli wagt aralygy,

d) harydyň önümçilikden we satuwdan aýrylan wagtyna çenli.

60. *Harydyň ýaşaýyş döwrüniň tapgyrlarynyň arasynda görkezilýär*:

a) ösüş,

b) töwekgelçilik derejesi,

ç) töwekgelçiligi giňeltmek,

d) diwersifikasiýa.

61. *Harydyň ýaşaýyş döwrüniň dogry yzygiderliligi*:

a) ösüş, ýetişiş, bazara çykyş, pese düşüş,

b) bazara çykyş, ýetişiş, ösüş, pese düşüş,

ç) bazara çykyş, ösüş, ýetişiş, pese düşüş.

62. *Harydyň ýaşaýyş döwrüniň haýsy tapgyry has töwekgelçilikli we gymmat bolýar*?

a) bazara çykyş,

b) ýetişiş,

ç) ösüş,

d) pese düşüş.

63. *Harydyň ýaşaýyş döwrüniň haýsy tapgyry şeýle häsiýetlendirilýär*?: *satuw haýal gidýär, harydyň ýaýradylyşyny guramak üçin çykdajylar köp bolýar, girdeji pes ýa-da ol ýok, nyrhlar bolsa ýokary, öndürijiler az bolýar*.

a) bazara çykyş,

b) ösüş,

ç) ýetişiş,

d) pese düşüş.

64. *Harydyň ýaşaýyş döwrüniň haýsy tapgyry satuwyň ýiti artmagy bilen häsiýetlenýär*?

a) bazara çykyş,

b) ösüş,

ç) ýetişiş,

d) pese düşüş.

65. *Harydyň ýaşaýyş döwrüniň ösüş tapgyry nähili kesgitlenilýär*?

a) alyjylar tarapyndan harydyň ykrar edilmegi we oňa bolan islegiň tiz artmagy,

b) bazaryň doýgunlyk derejesiniň ýokarlanmagy we satuwyň ösüş depginiiň peselmegi,

ç) girdejililigiň biraz ösüşinde satuwyň ösüşiniň durmagy,

d) islegiň, satuwyň möçberiniň we girdejiniň durnukly peselmegi.

66. *Harydyň ýaşaýyş döwrüniň haýsy tapgyrynda alyjylaryň köpüsiniň haryda bolan zerurlyklary kanagatlandyrylýar, satuwyň ösüşi bolsa azalýar*?

a) bazara çykyş,

b) ýetişiş,

ç) ösüş,

d) pese düşüş.

67. *Kärhana, düzgün bolşy ýaly, harydyň ýaşaýyş döwrüniň haýsy tapgyrynda iň ýokary girdejini alýar*?

a) bazara çykyş,

b) ösüş,

ç) pese düşüş,

d) ýetişiş.

68. *Harydyň bazara çykyş tapgyrynda bäsdeşleriň sany*:

a) iň köp,

b) az,

ç) azalýar,

d) hemişe ösýär.

69. *Harydyň iň pes nyrhy aşakdaky ýagdaý bilen kesgitlenilýär*:

a) bazardaky harytlaryň göwrümi bilen,
b) islegiň çeýelik koeffisiýenti bilen,
ç) harajatlaryň derejesi bilen,
d) şol haryda bäsdeşleriň nyrhlary bilen.

70. *Köp möçberde harydy satyn alýan alyjylar üçin harydyň nyrhynyň peseldilmegi*:

a) satyn alynýan harydyň möçberi üçin ýeňillik,
b) satuwy höweslendirmek,
ç) funksional ýeňillik,
d) söwda ulgamyndaky ýeňillik,
e) harydyň alyş-çalşy üçin ýeňillik.

71. *Ýokary nyrhy tölemäge taýýar bazaryň ähli böleklerinden (segmentlerinden) ýokary girdejini almak üçin täze haryda ilkinji ýokary nyrhy bellemek*:

a) bazara ornaşmagyň nyrh strategiýasy,
b) ýokarlandyrylan nyrh strategiýasy,
ç) premial goýumlaryň nyrh strategiýasy,
d) ähmiýetiň ýokary gymmatynyň nyrh strategiýasy,
e) «gaýmagy syrmak» nyrh strategiýasy.

72. *Bazary eýelemek hem-de köp sanly alyjylary özüňe çekmek maksady bilen, täze haryda pes nyrhy bellemek*:

a) tygşytlamagyň nyrh strategiýasy,
b) bazarda nyrhyň ornuny tapdyrmagyň nyrh strategiýasy,
ç) bazara berk ornaşmagyň nyrh strategiýasy,
d) nyrhlary düzetmegiň strategiýasy,
e) ýeňillikli nyrhlary kesgitlemek.

73. *Arassa we monopolistik bäsdeşlik bazarlarynyň umumy häsiýeti*:

a) differensirlenen harytlar öndürilýär,
b) bazarda satyjylaryň we alyjylaryň sany köp,
ç) birmeňzeş harytlar öndürilýär,
d) her bir kärhananyň bazarda özüni alyp barşy onuň bäsdeşleriniň hereketine bagly.

150.0 x 225.0 mm

74. *Nyrhlaryň derejesi boýunça bölek-satuw söwda kärhanalary seljerilende dükanlaryň toparlary*:

a) ammar-dükanlar,

b) görkeziş zallary,

ç) peseldilen nyrhlaryň dükanlary,

d) uniwersamlar.

75. *Göni marketingiň ýoly hasaplanylmaýar*:

a) şahsy satuw,

b) posylka arkaly satuw,

ç) öndürijä degişli dükan arkaly satuw,

d) distribýutoryň ammaryndan satuw.

76. *Haýsy «dükanlar» bölek-satuw söwdasyna degişli däl hasaplanýar*?

a) söwda awtomatlary,

b) kataloglar boýunça söwda edýän dükanlar,

ç) uniwersamlar,

d) haryt biržasy.

77. *Marketing logistikasy*:

a) harydy araçysyz satmak boýunça iş,

b) harydy araçylar arkaly satmak boýunça iş,

ç) müşderä harydy muzdsuz geçirmek boýunça iş,

d) öndürijiden ulanylýan ýerine çenli harydyň fiziki taýdan geçirilmegini meýilnamalaşdyrmak, amala aşyrmak we gözegçilik etmek boýunça iş.

78. *Logistikanyň wezipelerine degişli däl*:

a) harytlary ammarlarda saklamak,

b) harytlary daşamak,

ç) ulanylýan ýerine çenli harytlaryň eltilip berilmegini meýilnamalaşdyrmak,

d) täze harydy öndürmek.

79. *Bir derejeli marketing ýolunyň çyzgysy*:

a) öndüriji – sarp ediji,

b) öndüriji – bölek-satuw söwdagär – sarp ediji,

ç) öndüriji – lomaý söwdagär, bölek-satuw söwdagär – sarp ediji,

d) öndüriji – lomaý söwdagär, ownuk lomaý sowdagär – bölek-satuw söwdagär – sarp ediji.

80. *Görkezilen haryt hereketiniň haýsy ýoly onuň göni ýoluna degişli*?

a) posylka söwdasy,
b) öndürijiniň dükany arkaly satuw,
ç) dileriň dükany arkaly satuw,
d) broker arkaly satuw,
e) bölek söwda dükany arkaly satuw.

81. *Wertikal marketing ulgamy* – bu:

a) birnäçe öndürijiniň birleşmegi,
b) lomaý söwdagärleriň birleşmegi,
ç) öndürijiniň we lomaý söwdagärleriň birleşmegi,
d) öndürijiniň lomaý we bölek-satuw söwdagärler bilen birleşmegi.

82. *Bir kärhana başga bir kärhana bellibir ýerde, bellibir hukuklar berjaý edilende anyk söwda marka bilen söwda işewürligini alyp barmaga hukugyny berýär*:

a) françaýzing,
b) merçendaýzing,
ç) faktoring,
d) direkt-meýl.

83. *Marketingde ýaýradyş ýolunyň uzynlygy nämäniň sany ýaly kesgitlenilýär*:

a) derejeleriň sany,
b) bölekleriň (zwenolaryň) sany,
ç) satuwyň bellibir ýolunda gatnaşyjylaryň sany,
d) satuw ýolunyň bellibir derejesinde bir görnüşli dellallaryň sany.

84. *Bölek-satuw söwdasy*:

a) şahsy ulanylýan harytlaryň söwdasy boýunça islendik iş,
b) gös-göni ahyrky sarp edijilere harytlaryň söwdasy boýunça islendik iş,
ç) harytlaryň söwdasy bilen baglanyşykly islendik iş,
d) peseldilen nyrhlar boýunça ýeňillikli harytlaryň söwdasy boýunça islendik iş.

85. *Söwda ýollary, dellallar, satyjylar, satuwyň görnüşleri we usullary öwrenilende marketing derňewleri haýsy ugur boýunça geçirilýär*?

a) haryt hereketi,
b) içki gurşaw,

150.0 x 225.0 mm

ç) sarp edijiler,
d) bäsdeşler.

86. *Marketing kommunikasiýanyň toplumyna girmeýär*:

a) mahabat,
b) wagyz etmek,
ç) satuwy höweslendirmek,
d) marketing strategiýasyny işläp taýýarlamak.

87. *Mahabatyň wagyz etmek usulyndan esasy tapawudy*:

a) harydy şahsy görkezmek,
b) harydy öndürýän kärhana barada maglumat,
ç) ýaýradýan serişdeler,
d) harydy görkezmegiň tölegli görnüşi.

88. *Sales promotion* – bu:

a) göni poçta arkaly mahabat,
b) jemgyýetçilik bilen gatnaşyklar,
ç) satuwy höweslendirmek,
d) göni marketing.

89. *Bäsleşikler, sowgatlar we ýeňillikler haýsy usulyň özboluşly gurallary bolýar*?

a) göni marketing,
b) jemgyýetçilik gatnaşyklar,
ç) mahabat,
d) satuwy höweslendirmek.

90. *Marketing gullugynyň işgäri bolup, mahabaty ýa-da PR-ýüzlenmelerini, şol sanda ssenariý, slogan, sözbaşyny işläp taýýarlamaklyk onuň borçlaryna degişli*:

a) dizaýner,
b) imidžmeýker,
ç) maslahatçy,
d) kopiraýter.

91. *Mahabat ýüzlenmesi taýýarlananda ulanylýan AIDA strategiki shemasynyň düzümi*:

a) advertising, interest, desire, attention,
b) attention, interest, desire, action,

ç) action, interest, desire, advertising,
d) ähli jogaplar dogry.

92. *Boston Consulting Group matrisasyna laýyklykda «ýyldyz»* – bu:
a) bazarda öňdebaryjy haryt,
b) ýetişiş tapgyryndaky haryt,
ç) meseleli haryt,
d) ýaşaýşa ukyply däl haryt.

93. *Boston Consulting Group matrisasyna laýyklykda «güjük»* – bu:
a) bazarda öňdebaryjy haryt,
b) ýetişiş tapgyryndaky haryt,
ç) meseleli haryt,
d) ýaşaýyşa ukyply däl haryt.

94. *Guramanyň wezipesinde näme görkezilýär*?
a) statusy (ýagdaýy),
b) niýetlenilişi,
ç) maksatlary,
d) meýilnamasy.

95. *PEST-seljerişi haýsy maksatlar üçin ulanylýar*?
a) gurşawy has düýpli öwrenmek üçin,
b) makrogurşawyň anyk jähtlerini has çuňňur öwrenmek üçin,
ç) orta bazar görkezijilerini kesgitlemek üçin,
d) gurşawyň çaklama ähmiýetlerine baha bermek üçin.

96. *Bizness-portfel* – bu:
a) kärhananyň önümçilik gurluşy,
b) kärhananyň bar bolan harytlary ýaýradyş ulgamy,
ç) kärhanany dolandyrmagyň gurluşy,
d) kärhananyň işleriniň we harytlarynyň toplumy.

97. *Haýsy ýagdaýlarda intensiw ösüşiň strategiýasy has maksadalaýyk hasaplanylýar*?

a) haçanda kärhana bar bolan bazarlarda mümkinçiliklerini doly ulanmadyk ýagdaýynda,

b) haçanda kärhana bar bolan bazarlarda mümkinçiliklerini doly ulananda,

150.0 x 225.0 mm

ç) haçanda bazarda alyjylaryň ileri tutmalary üýtgese,

d) haçanda üpjün edijiler müşderiler bilen birleşmäge zerurlyk ýüze çykanda.

98. *Ansoffyň matrisasyna laýyklykda häzirki bazarda satuw üçin täze harydy öndürmek kärhananyň haýsy strategiýasy bolýar*:

a) bazaryň serhedini giňeltmek,

b) bazary ösdürmek,

ç) diwersifikasiýa,

d) harydy ösdürmek.

99. *Maslouň sebäpler nazaryýetine laýyklykda şahsyýet haýsy zerurlygy ilki bilen kanagatlandyrasy gelýär*?

a) söýgä bolan zerurlyk,

b) howpsuzlyga bolan zerurlyk,

ç) fiziologiki zerurlyk,

d) öz-özüňi ösdürmäge bolan zerurlyk.

100. *Halkara marketingde daşarky bazary seljermegiň haýsy görnüşleri ulanylýar*?

a) bäsdeşligi seljermek,

b) gurşawy seljermek,

ç) dellallary seljermek,

d) islegi seljermek.

101. *Daşary söwdada köp duş gelýän söwda adalgalaryny düşündirmegiň halkara düzgünleri haýsy resminamalarda görkezilýär*?

a) bütin dünýä bankynyň hasabaty,

b) daşary söwda maglumatnamasy,

ç) gümrük kodeksi,

d) inkoterms.

150.0 x 225.0 mm

# SÖZLÜKLER

1. *Aksiz* – ikinji derejeli salgyt.

2. *Alternatiwa* – iki mümkinçiliklerden birini saýlamak.

3. *Amortizasiýa* – ulanylmak zerarly maşynlaryň, jaýlaryň we ş.m. gymmatynyň ýuwaş-ýuwaşdan peselmegi, ulanyş tutumy.

4. *Assortiment* – funksionirlemegiň ýörelgeleriniň, alyjylaryň birmeňzeş toparyna ýaýradylmagynyň, ýaýratmagyň birmeňzeş ýollaryndan satylmagynyň we nyrlaryň bir diapazonyna degişliligiň meňzeşligi bilen öz arasynda baglanyşykly harytlaryň topary.

5. *Atributlar* – bir predmete ýa-da hadysa mahsus bolan aýrylmaz häsiýet.

6. *Brutto* – önümiň gaby bilen agramy.

7. *Gipoteza* – ylmy çaklama.

8. *Demping* – eksport harydyna nyrhlary peseltmek.

9. *Depozit* – bellibir maksat bilen ýa-da saklatmak üçin karz edarasyna tabşyrylýan pul ýa-da gymmat bahaly kagyzlar.

10. *Dewalwasiýa* – gymmaty gaçan pullary ulanyşdan aýyrmak we olary durnukly hem-de doly gymmaty bolan karz biletleri bilen çalşyrmak.

11. *Deflýasiýa* – artykmaç kagyz pullary dolanyşykdan aýyrmak arkaly pul toplumynyň azaldylmagy, puluň hümmetsizlenmegi.

12. *Dialektika* –

1. Ösüş hadysasy.

2. Tebigatyň we adamzat jemgyýetiniň elmydama hereket edýän we üýtgäp durýan ählumumy kanunlary hakyndaky ylym, ol derňewleriň hem umumy hem özboluşly ylmy ugurlaryň we usullaryň ulanmaklygyň esasynda amala aşyrylýar.

13. *Diwersifikasiýa* – täze harytlary täze bazarlarda hödürlemegiň hasabyna köp ugurly ösüş.

14. *Diwidendler* – paýdarlaryň goýan goýumlary esasynda alýan girdejileri.

15. *Dotasiýa* – käbir çykdajylary ödemek üçin edaralara, kärhanalara döwlet tarapyndan goýberilýän pul kömegi.

16. *Ekspropriasiýa* – bir synpyň beýleki synp tarapyndan eýeçiligiň zor edilip alynmagy we öňki durmuş ýagdaýyndan mahrum edilmegi.

17. *Emissiýa* – gymmatly kagyzlary, kagyz pullary dolanyşyga çykarmak.

18. *Empiriki* – tejribä esaslanýan.

19. *Formalizm* – diňe forma ähmiýet berýän idealistik ugur, resmi taýdan, ýüzleý garamak.

150.0 x 225.0 mm

20. *Hronologiýa* – hadysalaryň, wakalaryň bolup geçen döwürleri boýunça yzygiderli beýany.

21. *Iterasiýa* – gaýtalanýan hereketi aňladýar.

22. *Inersiýa* – öz badyna, endik boýunça hereket etmek.

23. *Integrasiýa* – birleşme, goşulyşma.

25. *Kadastr* – ýer baradaky we suw bilen baglanyşykly maglumatlaryň jemi.

26. *Konýuktura* – bazaryň häzirki ýagdaý.

27. *Konsern* – kärhanalaryň birleşigi.

28. *Korrelýasiýa* – özara baglanyşyk.

29. *Kwota* – daşary ýurtdan getirilýän harydyň möçberiniň çäklendirilmesi, paý, bölek, göterim hasaby.

30. *Lizing* – maliýe kärendesi.

31. *Modifikasiýa* – täze ýa-da kämilleşdirilen görnüş.

32. *Monitoring* – syn etmek.

33. *Munisipalitet* – ýerli häkimiýet guramasy.

34. *Nişa (lat. nidus – höwürtge)* – kiçijik diýen manyny berýär, segmentiň, ýagny bazar böleginiň içindäki kiçijik bölek, boşluk, bazar ýagdaýynda zerur bolan entek üpjün edilmedik haryt, bazar gatnaşyjylary üçin döreýän mümkinçilik

35. *Nomenklatura* – öndürijiniň hödürleýän ähli haryt birlikleriniň jemi.

36. Nou – hau –

1. Iňl. *know* – *how* başarnyk, işi bilmeklik, önümçilik syrlary,

2. Tehniki bilimler, tejribe, resminamalar.

36. *Preferensiýa* – salgyt ýeňillikleri.

37. *Saldo* – hasabatdaky girdeji we çykdajynyň arasyndaky tapawut.

38. *Stohastik* – tötänlik bilen baglanyşykly, kesgitlenmedik.

39 *Subsidiýa* – pul kömegi.

40. *Statiki* – hereketsiz.

41. *Tarif* –

1. daşary ýurtdan getirilýän haryda goýulýan salgyt,

2. Hyzmatlar ulgamyndaky tölegler.

42. *Toždestwo* – meňzeşlik.

43. *Trend* – satuwyň ösüşiniň ýa-da peselişiniň uzak möhletleýin binýat meýli bolup, ol demografiki ýagdaýda, maýa goýumlarda we tehnologiýalarda çynlakaý üýtgemeler bilen şertlendirilen.

44. *Weksel* – bellibir mukdardaky puly bellenen möhletde tölemek üçin berilýän dil haty.

45. *Wençur* – innowasion, töwekgelçilikli.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I, II tomlar. Aşgabat, TDNG, 2010.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I – X tomlar. Aşgabat, 2008 – 2017.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, TDNG, 2007.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy. Aşgabat, 2007.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, TDNG, 2007.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. Aşgabat, TDNG, 2007.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. «Mugallymlar gazeti» gazeti. 12.05.2010 ý.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. Aşgabat, TDNG, 2018.

9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016.

10. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2010.

11. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2015 ý.

12. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, namalary. Aşgabat, 1991–2018.

13. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri. 2000–2018-nji ýyllar.

14. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň resminamalarynyň ýygyndysy. 2018-nji ýylyň 28-nji sentýabry. «Mugallymlar gazeti» gazeti.

15. «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny.12.11.1991.

16. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny.15.06.2000.

17. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 22.08.2009.

150.0 x 225.0 mm

18. «Innowasiýa işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Нейтральный Туркменистан» gazeti. 27.08.2014.

19. «Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Нейтральный Туркменистан» gazeti. 02.09.2015.

20. «Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 11.11.2017.

21. «Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 13.11.2017.

22. «Döwlet ýer kadastry hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 05.12.2017.

23. «Ulag howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 12.01.2018.

24. Telewideniýe we radiogepleşikler hakynda Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 13.01.2018.

25. *Басовский Л.Е.* Прогнозирование и планирование в условиях рынка. Учебное пособие. – М.: «ИНФРА-М», 2007.

26. *Беляевский И.К.* Маркетинговые исследования. М.: 2003.

27. *Божук С., Ковалик Л., Маслова Т., Розова Н., Тэор Т.* Маркетинг. Москва, Санкт-Петербург, «Питер», 2012.

28. «Во имя приумножения богатства природы родной земли». «Нейтральный Туркменистан» газета. 05.06.2014.

29. *Захарова И.В., Евстигнеева Т.В.* Маркетинг в вопросах и решениях». М: КНОРУС, 2011.

30. *Калинина А.В.* Современный экономический анализ и прогнозирование (микро- и макроуровень). Учебное пособие // А.В. Калинина и др. Межрегиональная Академия управления персоналом, 2-е изд.

31. *Котлер Ф.* Маркетинг менеджмент. Экспресс-курс. Пер. с англ. Под ред. *Ю.Н.Каптуревского* – СПБ.: Питер, 2002. (Часть 2. Анализ маркетинговых возможностей, раздел: Обзор методов прогнозирования и измерения спроса, стр. 117).

32. *Котлер Ф., Боуэн Д., Мейкенз Д.* Маркетинг. Гостеприимство и туризм. М.: 2007.

33. *Котлер Ф., Вонг В., Сондерс Дж., Армстронг Г.* Основы маркетинга. М.: 2009.

34. *Круминыш Н., Витолиныш К.* Логистика в Восточной Европе. Латвия, 2007.

35. *Кэмпбелл Р. Макконнелл, Стенли Л. Брю.* Экономикс. Таллин, 1993.

36. *Лиходед В.Н.* Маркетинг в области новых материалов. М: МИТХТ, 2011.

37. *Люкманов В.Б., Заколодина Т.В., Цой А.В.* Маркетинговые исследования ч. 1. М: МИТХТ, 2010.

38. *Люкманов В.Б., Ильиных Л.В., Прилепа В.В.* Маркетинговые исследования ч. 2. М: МИТХТ, 2010.

39. *Люкманов В.Б., Лапкина И.А.* Учебно-методическое пособие по курсу Маркетинг». М., 2004.

40. *Люкманов В.Б., Мандыч И.А.* Задачник по курсам Основы менеджмента и Маркетинг. М: МИТХТ, 2007.

41. *Люкманов В.Б., Мандыч И.А.* «Основы рекламной деятельности». М: МИТХТ, 2012.

42. *Люкманов В.Б., Мандыч И.А., Тарасенко Р.Ю.* Учебно-методическое пособие по курсу «Маркетинг» ч. 2. М: МИТХТ, 2012.

43. *Люкманов В.Б., Цой А.В.* Практикум по курсу «Маркетинг». М: МИТХТ, 2002.

44. *Минькова Н.П.* Практикум по маркетингу. Томск, Издательство ТГУ систем управления и радиоэлектроники, 2012.

45. *Михарева В.А.* Стратегический маркетинг. Минск, «Издательство Гревцова», 2009.

46. *Моисеева И.К.* Маркетинг и турбизнес. М: «Финансы и статистика», 2009.

47. *Омельченко Е.В., Солдатова И.Н.* 100 вопросов и ответов по маркетингу. М: АНОВПО Российская Академия предпринимательства, 2013.

48. «Прогнозирование и планирование экономики». Под общ. ред. *Г.А. Кандауровой, В.И. Борисевича.* Минск, «Современная школа», 2005 г.

49. *Рябушкин Б.Т.* «Применение статистических методов в экономическом анализе и прогнозировании». – М.: «Финансы и статистика», 1987.

50. *Слуцкин Л.Н.* Курс MBA (Master business administration) по прогнозированию в бизнесе. М.: Альпина Бизнес Букс, 2006.

51. Современный маркетинг. Под ред. *Хруцкого В.Е.* М.: «Финансы и статистика», 1991.

52. *Степанов Ю.В., Пикитин Г.Г., Моргачёв И.А., Пикитин А.Г.* Анализ и прогнозирование региональных экономических процессов. М.: «Деньги и кредит», № 12, 1996.

53. *Суханова Н.Г.* Маркетинг. Оренбург, ГОУ ВПО ОГУ, 2002.

54. *Терешков А.И.* Ситуационные задачи (кейсы) по курсу Маркетинг. Минск, БГУ, 2003.

55. *Фадеева Д.И.* Использование игровых технологий на уроках экономики. Полысаево, 2010.

56. *Хруцкий В.Е., Корнеева И.В.* Современный маркетинг. Настольная книга по исследованию рынка. – М.: «Финансы и статистика», 2000.

57. *Черняк В.З.* Бизнес-планирование. М.: 2002.

58. *Шайдурова Н.И., Бушуева Е.Г.* Изучение и прогнозирование спроса. Новосибирск, 2008.

150.0 x 225.0 mm

# MAZMUNY


Giriş.......................................................................................7

**I bap. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň nazary esaslary we ösüşi**

1.1. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň manysy..........................9
1.2. Meýilnamalaşdyrmagyň görnüşleri, olaryň ösüşi we ulanylyşy......13
1.3. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň ösüş taryhy....................18

**II bap. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýet we guramaçylyk esaslary. Ykdysady çaklamalaryň manysy, zerurlygy we toparlara bölünişi**

2.1. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň usulyýeti we ylmy esaslary ..................................................21
2.2. Çaklama we meýilnamalaşdyrma usullary ....................................49
2.3. Çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň guralyşy ........................77

**III bap. Ykdysady ösüşi, ykdysadyýetiň gurluşyny, nyrhlaryny, hümmetsizlenmäni, maliýäni çaklamak we meýilnamalaşdyrmak**

3.1. Ykdysady ösüşiň we ykdysadyýetiň gurluşyny, hilini çaklamak hem-de meýilnamalaşdyrmak ...............................89
3.2. Nyrhlary çaklama we döwlet tarapyndan kadalaşdyrma .................104
3.3. Hümmetsizlenmäni çaklama we hümmetsizlenme hadysalaryny dolandyrma .................................................123
3.4. Maliýäni çaklama we meýilnamalaşdyrma....................................135

**IV bap. Zähmet serişdelerini, durmuş taýdan ösüşi çaklamak we meýilnamalaşdyrmak**

4.1. Zähmet serişdelerini we ilatyň iş bilen üpjünçiligini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak...........................147
4.2. Durmuş taýdan ösüşi we ilatyň ýaşaýyş derejesini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak ...............................................159

**V bap. Sarp ediş bazaryny çaklamak we meýilnamalaşdyrmak**

5.1. Sarp ediş bazary, onuň düzümi we wajyp bölekleriniň häsiýetnamasy. Sarp ediş harytlaryna bolan islegi öwrenmek.........173

150.0 x 225.0 mm


5.2. Sarp ediş harytlaryna bolan islegi çaklamak......184
5.3. Alyjylyk gaznalaryny we haryt çeşmelerini çaklamak......194
5.4. Haryt dolanyşygyny emele getirmek......197

**VI bap. Maddy-tehniki üpjünçiligi, maýa goýumlary, innowasiýa işini, daşary ykdysady gatnaşyklary we önümçilik pudaklarynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak**

6.1. Maddy-tehniki üpjünçilik......205
6.2. Maýa goýumlary çaklamak we meýilnamalaşdyrmak......212
6.3. Ylmy-tehniki ösüşi hem-de innowasiýa işini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak......226
6.4. Daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak......240
6.5. Önümçilik pudaklarynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak......258

**VII bap. Önümçilik infrastrukturasynyň we ilata hyzmat ediş ulgamynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak**

7.1. Önümçilik infrastrukturasynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak......288
7.2. Ilata hyzmat ediş ulgamynyň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak......302

**VIII bap. Sebitleriň, tebigaty goraýyş we telekeçilik işleriniň ösüşini çaklamak we meýilnamalaşdyrmak**

8.1. Sebitleýin çaklama we meýilnamalaşdyrma......317
8.2. Tebigaty goraýyş işini we tebigy serişdeleriň rejeli peýdalanylyşyny çaklamak we meýilnamalaşdyrmak......329
8.3. Telekeçilik işiniň ösüşini meýilnamalaşdyrmak we monopoliýa garşy syýasaty esaslandyrmak......341

**IX bap. Harytlara bolan islegi öwrenmek we çaklamak boýunça meseleler**

9.1. Harytlara bolan islegi öwrenmek we çaklamak boýunça ýumuşlar......346
9.2. Harytlara bolan islegi öwrenmek we çaklamak boýunça testler......374
Sözlükler......392
Peýdalanylan edebiýatlar......394

150.0 x 225.0 mm

Gülbahar Kakalyýewa

# HARYTLARA BOLAN ISLEGI ÖWRENMEK WE ÇAKLAMAK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *M. Mullikowa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *S. Agaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 20.12.2018. Ölçegi 60x90$^1/_{16}$.
Edebi garniturasy. Çap listi 25,0. Şertli-reňkli ottiski 73,25.
Hasap-neşir listi 22,69. Şertli çap listi 25,0.
Sargyt № 1985. Sany 400.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.